LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

# ELIF ŞAFAK / YŞK



@ kitaphana

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

LINE:
https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

# ELIF ŞAFAK -Yşk(Roman)

KITAP ,, DÜNÝÄ EDEBIÝATY — ŽURNALYŇ 2011-2012 – NJI SANLARYNDAN ÇYKAN SANLARYNDAN ÝYGNALYNDY

## Terjimeçiden

XIX asyryň ikinji ýarymynda ýüzüni Ýewropa öwren türk edebiýaty şondan soň, örän uly özgerişligi başdan geçirdi. Türkiýäniň we Ýewropa ýurtlarynyň ýokary okuw mekdeplerinde okap ýetişen türk ýazyjyşahyrlary öz halkynyň durmuşyny, dünýägaraýşyny, türk medeniýetiniň ruhy gymmatlyklaryny, gelejegi nazarlaýan arzuw-islegini bütinleý täzeçe, täze eýýamyň talabyna görä beýan etmäge çalyşdylar.

XX asyryň başlarynda alty ýüz ýyllap dowam eden Osmanly soltanlygysynyp, Türkiýe Respublikasy (1923ý.) yglan edildi. Bu ägirt özgerişlik türk edebiýatyna-da uly täsir etdi. Türk ýazyjy-şahyrlary döwür bilen aýakdaş gopmagy başardylar, türk edebiýaty dünýä halklary tarapyndan söýlüp okalýan edebiýata öwrüldi. Ömer Seýfetdin, Ahmet Hamdy Tanpynar, Eziz Nesin, Kemal Tahyr... ýaly görnükli türk ýazyjylary, Mehmet Akif Ersoý, Nazym Hikmet, Nejip Fazyl Kysakürek, Arif Nihat Asýa... ýaly şahyrlar ýetişdi. 2006-

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

njy ýylda türk ýazyjysy Orhan Pamuk edebiýat ugry boýunça Nobel baýragyna mynasyp boldy.

Häzirki döwürde ýyldyzy parlaýan türk ýazyjylarynyň biri-de, Elif Şafakdyr. Bu ýazyjynyň 2009-njy ýylda neşir etdiren «Yşk» romany iň gysga wagtda iň köp satylan kitap hökmünde türk edebiýatynyň taryhyna girdi.

«Yşk» romany Amerikanyň Boston şäherinde ýaşaýan Ella Rubinşteýniň durmuşyndan söz açyp başlaýan hem bolsa, ol Gündogaryň beýik akyldary Jelaletdin Rumy hem onuň jan ýoldaşy, halypasy Töwrizli Şems baradadyr. Özünden soňa ägirt uly edebi miras goýan, eserleri Ystambuldan Deli aralykda iri ylym-bilim ojaklarynda öwrenilen Jelaletdin Rumy bilen Töwrizli Şemsiň dostlugyny soňky asyrlarda ýaşap geçen alymlar «iki ummanyň duşuşygyna» meňzedipdirler. Elif Şafagyň iňlis hem türk dilli okyjylar tarapyndan gyzgyn garşylanan «Yşk» romany türkmen çeper edebiýat muşdaklarynyň hem göwnünden turar diýip umyt edýäris.

***Türk dilinden terjime eden***

***Meretmämmet HANMÄMMEDOW.***

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana




1971-nji ýylda Fransiýanyň Strasburg şäherinde dünýä inen Elif Şafagyň çagalyk hem ýaşlyk ýyllary Ankarada, Madridde, Ammanda, Kölnde, Ystambulda, Bostonda, Miçiganda we Arizonada geçdi. Ol ýokary bilimi Ýakyn Gündogar Türk uniwersitetiniň halkara gatnaşyklar bölüminde aldy, ylmy işlerini-de şol uniwersitetde gorady. Elifiň ilkinji romany bolan ―Pynhan‖ 1998-nji ýylda Jelaletdin Rumynyň adyny göterýän Uly baýraga mynasyp boldy. Bu eserinden soň, ol ―Şäheriň aýnalary‖ we Türkiýäniň Ýazyjylar Birleşiginiň baýragyna mynasyp bolan ―Mährem‖ (2000 ý.) atly eserlerini ýazdy. Soňra ýazyjy iň köp satylan eserleriň sanawynda ilkinji orny eýelän ―Bit palas‖ (2002ý.) we iňlis dilinde ýazan ―Araf‖ (2004ý.) eserlerini neşir etdirdi. Elif Şafak

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

―Gaýtgyn‖ (2005ý.) eserinde aýallar, medeni bölünişik, dil we edebiýat barada ýazan eserlerini jemledi. Ol 2006-njy ýylda, ýylyň iň köp okalan eseri bolan ―Çöpdüýbi we onuň kakasy‖ romanyny okyjylara ýetirdi. Mundan soňra bolsa ençeme aýlap, iň köp satylan kitaplaryň sanawynda ilkinji orny eýelemegi başaran ―Gara süýt‖ atly terjimehal kitabyny ýazdy.

Eserleri iňlis, nemes, italýan, polýak dilleri ýaly ýigrimiden-de köp dile terjime edilen Elif Şafagyň romanlary ―Farrar‖, ―Straus and Giroux‖, ―Wiking‖ we ―Penguin‖ ýaly dünýäniň iň abraýly neşirýatlary tarapyndan neşir edilýär.

Elif Şafak eserlerini türk, iňlis dillerinde ýazýar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

# Giriş

bir daş derýa gaçaýanda-da täsiri o diýen bildirip durmaz. Sähel oýjuklanar-da, suwuň ýüzi çala tolkun atar. «Jülp» eden ýaly ses çyksa-da, şol ses akymyň güwwüldisinde onçakly eşidilip hem durmaz. Bar bolaýjagy, ana, şudur.

Ýöne ýaňky daş kölçä gaçybam bir görsün... Onuň täsiri has uzak saklanar hemem güýçli bolar. Ol daş, hut şol daş asuda suwy bulandyryp taşlar. Daşyň suwa düşen ýerinde birbada bir halkajyk peýda bolar, ol halka-da pyntyga dönüp, kem-kemden gül açar, pajarlar, halka-halka bolar barar. Göz açyp-ýumasy salymyň içinde kiçijik daş, gör, nähili işler aparar. Onuň täsiri tutuş suwuň ýüzüni tutar. Bir görseň, ol ähli ýeri gurşap alandyr, halkadan halka döräp, tä iň soňky aýlawy kenara urlup ýitip gidýänçä, ol şeýdip, ýaýrar barar.

Derýa welin, bulanyp, dolup-daşyp akmaga öwrendeklidir. Ýogsa-da, ol çyrpynyp akmak üçin bahana araýar ahyry. Ol okgunly ýaşar, tizem joşar. Özüne oklanan daşy goýnuna salar-da, ony özüniňki däldir öýtmez, «ýuwdar» goýberiberer, aňsatlyk bilenem ýadyndan çykarar. Herhal, şeýle bulambujarlyk onuň tebigatynda bardyr. Bir zat artdy nä, kemeldi nä onuň üçin?!

Kölçeli gürrüňe dolanyp gelsek, ol beýle duýdansyz tolkun atmalara taýýar däldir. Çaýkanyp, düýpteýkary

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

bilen bulanmagy üçin oňa ýekeje daş ýeterlik. Kölçä daş düşdümi, onsoň ol hiç haçan öňki durkuna gaýdyp gelmez, geleýin diýse-de başarmaz.

Özüni bileli bäri Ella Rubinşteýniň ýaşaýşy hem edil asuda kölçe ýalydy. Kyrk ýaşynyň bosagasynda durdy. Näme üçindir onuň endiklerinde, zerurlyklarydyr isleglerinde üýtgeýän zat ýokdy. Günleriniň gelipgeçip durşy üýtgewsizdi, juda birsydyrgyndy, tertiplidi hem adatydy. Ylaýta-da, soňky ýigrimi ýylda durmuşyna degişli zatlaryň ählisini maşgala ýagdaýyna görä laýyklapdy. Aňyndan geçen her bir isleg, tutunan her bir täze jorasy, hatda ähmiýeti bolmadyk etsempessemleri-de şonuň bilen baglydy. Durmuşda ýol görkezýän ýeketäk çelgisi — öýi hem maşgalasydy. Ýanýoldaşy Dewid tanymal diş lukmanydy. Ol işine ökdedi hem-de köp girdeji gazanmagy başarýan adamdy. Ýöne är-aýalyň arasyndaky baglany şyk o diýen mäkäm däldi. Ella bu ýagdaýdan habarlydy, dogrusy, maşgala bolmaklarynda (ylaýtada, olaryňky ýaly uzaga çeken maşgala durmuşynda) ileri tutulýan ýörelgeleriň üýtgeşik bolýandygyna ynanýardy. Maşgalada söýgüden hem hyjuwdan has möhüm zatlarda bolmalydy: ikitaraplaýyn hoşniýetlilik, mähribanlyk, düşünişmek, hormatsylagdyr sabyrlylyk ýaly... Onsoňam, elbetde, her bir maşgala üçin örän zerur bolan başga bir aýratynlyk hem gerekdi: bagyşlap bilmek! Eger eliňizden gelýän bolsa, hökman

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

geläýmelem, ýanýoldaşyňyz hata iş etdimi, edibem biler, her zat ediň welin, bagyşlaň!

Söýgi-pöýgi diýýäňizmi, owarrasyna! Nämesine derkarmyş? Söýgi, yşk diýýänleri Ellanyň öňe tutýan ýörelgeleriniň arasynda bireýýämden bäri soňky orunlarda durýar. Diňe filmlerde bolardy söýgi. Ýa-da hyýalbentligiň döreden romanlarynda. Diňe şolar ýaly ýerlerde baş gahrymanlar bolan gyz bilen ýigit biribirlerini ertekilerden alnan rowaýaty hyjuw bilen jandilden söýüp biler. Ýöne durmuş, hakyky durmuş welin, filmem däldi, romanam!

Ellanyň ileri tutýan zatlarynyň sanawynda çagalary ilkinji orundady. Owadan diýseň bärden gaýdýan gyzlary Janetuniwersitetde okaýardy, biri gyz, biri oglan ekizleri (gyzjagaz Orly, oglanjyk bolsa Ewi) ulalyp, ýetginjeklik ýaşyna ýetipdiler. Şeýle hem olaryň Kölege atly on iki ýaşly tohum aw itleri bardy. Bu öýe getirilende ol kiçijik güjüjekdi. Şodur-da şudur, ol Ella gezelenje çykdygy ýanyndan aýrylmaýan wepadar dostuna, ýoldaşyna öwrüldi. Dogrusy, häzir ol garrapdyr, ýarsypdyr; Gözdengulakdan galaňkyrlan
Kölegäniň ahyry golaýlap ýördi. Ýöne itiniň günlerde bir gün öljekdigi hakda oýlanmaga welin, Ellanyň bogny ysmaýardy. Her näme-de bolsa, Ella şeýle adamdy, her bir zadyň ahyrynyň bardygyny hiç haçan boýun alasy

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

gelmeýärdi, isle döwür bolsun, isle könelişen adat, halada, birmahal arasy üzülen gatnaşyk... Ol ölümi ykrar etmekden ejizdi. Görmezlige salýan şol «ahyrlary» alkymynyň aşagynda duran hem bolsa, olar bilen ýüzbeýüz bolmaga ýürek edip bilmeýärdi.

Rubinşteýnleriň maşgalasy Amerikanyň Norzemton diýen ýerinde, Wiktoriýa döwrüne degişli goňras reňkli kaşaň jaýda ýaşaýardy. Birneme bejerilip, täzelenmegine mätäçdigi görnüp duran-da bolsa, bu jaý henizem haýbatlydy. Tutuş bäş sany ýatyş otagy, üç ulaglyk awtogoýalgasy, iri-iri parketleri we fransuz usulynda ýasalan gapylary bardy. Üstesine, howlusynda üýtgeşik owadan howuzçasy hem bardy. Maşgala agzalarynyň başdan-aýak ählisi ätiýaçlandyrylandy. Durmuş ätiýaçlandyryşy, awtoulag ätiýaçlandyryşy, ogry-jümrülik boýunça ätiýaçlandyrma, ýangyn hem saglyk ätiýaçlandyrmasy, nepaga hasaplary, çagalaryň ýokary bilimi üçin süýşürintgileridir umumy bank hasaplary... Ýaşaýan jaýlaryndan başga-da, biri Bostonda, beýlekisi Rowd adasynda ýerleşýän iki sany aňrybaş oňaýly öýleri hem bardy. Bu zatlaryň ählisini edinmek üçin Ella-da, Dewid hem eslije der döküpdiler. Her gatynda çagalar hezil edip, ylgap-ýüwrüp oýnap biljek, howurpeçden zenjefilli-dalçynly külçeleriň ysy kükäp duran ullakan jaý edinmek käbir kişiler üçin lenç edilen arzuw bolup görünse-de, olaryň gözüne durmuşyň aňrybaş matlabydy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Olar maşgala durmuşlaryny şu umumy maksadyň üstünde gurupdylar we kem-kemden arzuwlarynyň ählisini bolmasa-da, birentegini durmuşa geçiripdiler.

Geçen ýyl Söýgüliler gününde ýanýoldaşy Ella ýürek şekilli almaz tokaly monjugy sowgat edipdi. Onuň ýanyna-da aýyjyk, şarjagaz hemem bir hatjagaz goşupdyr:

«Eziz Ellam!

Ümsüm, mylaýym, eli açyk hem-de welilere mahsus sabyrly zenan...

Meni bolşum ýaly kabul edýäniň hem-de aýalym bolanyň üçin senden hoşaldyryn.

Seni müdimilik söýgi bilen gurşajak ýanýoldaşyň

Dewid».

Ella hiç kimiň, onda-da äriniň ýanynda boýun almadygam bolsa, dogrusy, şu setirleri okan mahaly özüniň ölüm permanyny okan ýaly bolupdy. «Men ölenimde yzymdan şeýle sözler aýtjak ekenler» diýip, içini gürledipdi. Ýöne eger olar çyndanam dogrusyny aýtmaly bolsa, şulary-da üstüne goşmaly bolardylar:

«Ella janymyz ömürboýy ärinden hem çagalaryndan başga zady bilmedi. Takdyryň her jüre hupbaty bilen ýeke özi dikleşer ýaly, onuň bilýän zady-da, tejribeside ýokdy. Hiç wagt töwekgellige baş uran aýal däldir ol. Hemişe

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

ätiýaçlydy. Içýän kofesini üýtgetjek bolsada, uzak wagtlap kelle döwerdi. Ol örän çekinjeň, şeýle ýuwaş, ýygra maşgalady. Eger ýüz görmän aýtmaly bolsa, ol barypýatan gorkakdy».

Ynha, şu ýagdaýdan habarly bolandyklary sebäpli hiç kim, şol sanda onuň özi hem bir zada asla düşünip bilmedi. Tegelek ýigrimi ýyl maşgala bolup ýaşaşandan soň, Ella Rubinşteýn nähili boldy-da, bir gün irden ärine aýrylyşmak üçin kaza ýüz tutandygyny we özüni maşgala jogapkärçiliginden azat edip, ýeke özi soňy näbelli syýahata çykýandygyny... ***

Ýöne, elbetde, sebäbi-de bardy: Yşk!

Ella oslagsyz ýerden peýda bolan bir kişä göwün berdi. Olar bir şäherde-de ýaşamaýardylar, bir yklymda-da. Arada ýatan uzak-uzak menziller barada aýt manyňdada, olaryň häsiýetleri hem bolmanda, gije bilen gündiz ýaly parhlydy. Ýaşaýyşlaram büs-bütin başgaçady. Giden bir uçut ýatyrdy aralarynda. Adaty şertler bolanlygynda biri-birine tagapyl etmesi hyllalla boljak hallaryna, olaryň özüni yşkyň oduna atmagy garaşylmadyk waka boldy. Ýöne boljak işe çäre ýok. Onda-da ähli zat şeýle bir tiz bolup geçdi welin, Ella başyna nä söwdalaryň düşenini aňyp, özüni goramagada ýetişmedi. Ynsanyň özüni yşkdan gorap saklamagy mümkinbolsa, elbetde!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Yşk Ellanyň ömrüniň şol asuda kölçesine gaýypdan inen daş mysaly, şaglap indi-de, ony elendirip sarsdyrdy, siltedi, duw-dagyn etdi.

## Ella

### Boston, 2008-nji ýylyň 17-nji maýy

Bahar paslydy. Bu täsin waka mylaýym howaly asuda bir günde başlandy. Ençeme wagtdan soň, Ella yzyna gaňrylyp bakan mahaly, şol başlangyç pursady aňynda şeýle bir tekrarlar welin, ol göýä geçmişde bolup geçen waka baradaky ýatlama däl-de, oňa ähli zat hälihäzirem älemiň bir künjeginde dowam edýän teatr sahnasy ýaly bolup görner.

Wagty: maý aýynyň şenbe günleriniň biri, öýleden soň.

Ýeri: öýleriniň aşhanasy.

Maşgala bolup üýşüşip, naharlanyp otyrdylar. Äri iň gowy görýän nahary bolan gyzardylan towuk butlaryny tabagyna atyp otyrdy. Ekizleriň biri – Ewi pyçakdyr çarşagyny çakyşdyryp, hyýalynda deprek çalýan ýaly ses edýärdi, ekiz taýy gyz Orly bolsa, günde diňe 650 kilokaloriýalyk iýmitlenmäge ygtyýar berýän täze berhizine eýermek üçin jemi näçe lukma iýmelidigini hasaplap otyrdy. Uly gyzy Janetoýhyýallara gark bolup

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

oturyşyna, eline alan bir bölek çöregine peýnir erginini çalýardy.

Maşgala bilen birlikde stoluň başynda Ester daýza-da bardy. Taýýarlan kakaoly tortuny goýup gitmek üçin gelenem bolsa, ol ýanjalyp durlansoň, göwünlerini ýykmazlyk üçin nahara galypdy. Nahar iýlip bolnan dessine bitirmeli bir topar işiň garaşyp durandygyna garamazdan, Ellanyň saçagyň başyndan turasy gelenokdy. Soňky wagtlarda, şeýdip, maşgala bolup, göwnejaý jemlenişip oturybam bilmeýärdiler. Şeýle pursatda her kim birek-birege mähir paýlar diýip umyt edýärdi.

— Ester daýza, Ella saňa täzelig-ä buşlan däldir-dä? — diýip, Dewid birden dillendi. — Aýalym üýtgeşik bir iş tapyndy. Bilýäňmi nämedigini, onda-da şunça ýyldan soň.

Ella uniwersitetde iňlis dili we edebiýaty bölüminde okapdy. Edebiýaty her näçe gowy görýän hem bolsa, uçurym bolanlaryndan soň, belli bir işiň başyny tutup bilmändi. Diňe aýallar žurnallarynyň birnäçesine ownuk-uşak ýazgydyr makalaiberipdi, kitapsöýerler jemgyýetleriniň käbirlerine gatnapdy, käteýerli gazetlerde kitaplara syn ýazypdy. Bar bolany şudy. Birmahallar abraýly tankytçy bolmaga hyýal ýüwürden hem bolsa, indi o günler birçak yzda galypdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ol indi ýaşaýyş şemalynyň özüni bütinleý başga başdangeçirmelere ykdyryp äkidendigi baradaky hakykaty boýun alýardy. Görnükli edebiýat tankytçysy bolmag-a beýlede dursun, indi ol soňy görünmeýän hojalyk işleridir maşgala borçlaryny gerdeninde göterýän, üstesine-de, üç çaganyň aladasy bilen ýanyp-bişýän yhlasly hojalykçy aýala öwrülipdi.

Dogrusy, şu durmuşyndan hem beýle bir nadyl däldi. Ene, ýanýoldaş bolmak, itiňi idetmek, öýüň otur-tury, aşhana, howly, gündelik gerek-ýarak zatlary satyn almak, egin-eşikleri ýuwmak, ütük... Onsuzam durmuşynyň hysyrdysy ýeterlikdi. Şular ýaly aladalaryň bar mahaly elýetmez şaha eliňi uzatjak bolup durmagyň nä hajaty bar? Feministlerden ýaňa hyň berýän Smit uniwersitetinde bile okan synpdaş joralarynyň hiç biri Ellanyň saýlap tutan ýoluny unamasalar-da, ol muňa pitiwa etmändi. Öýüniň ody bilen girip, küli bilen çykýan ene, ýanýoldaş hem öý bikesi bolmakdan uzak ýyllaryň dowamynda özünde sähelçe-de ynjalyksyzlanma duýmandy. Maddy ýagdaýlarynyň guratlygy, elbetde, işlemek zerurýetini duýmazlygyny ýeňilleşdiripdi. Şonuň üçinem Ella durmuşyndan hoşaldy. Edebiýata bolan gyzyklanmasyny eýdip-beýdip öýde-de dowam etdirip bilerdi. Onsoňam okamaga bolan höwesi ölmändi ahyry, ol häzirem

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

kitaplaryň ölemen muşdagydy ýa-da özüniň şeýledigine ynanasy gelýärdi.

Ýöne wagty ýetip, çagalar ese-boýa galyp, adam çykdy. Has beterem, olar ejeleriniň häli-şindi üstlerini alyp, kökenek bolup ýörmesini halamaýandyklaryny açyk mälim etdiler. Geregiçe boş wagtynyň bardygyny görüp, Ella ahyrynda bir iş tapynsa kem bolmajakdygy barada oýlanyp başlady. Äriniň ony ýürekden höweslendirýändigine, hemişe öz aralarynda bu mesele barada gürleşip, amatly pursada garaşyp ýörendiklerine garamazdan, Ella üçin iş tapmak beýle bir aňsat düşjek däldi. Ýüz tutan ýerlerindäki iş berijilere bolsa, ýa-ha ýaş adam gerekdi, ýa-da olar has tejribeli birini agtarýardylar. Yzyna gaýtarylagaýtaryla göwni çöken Ella indi köpden bäri iş hem gözlänokdy. Meseläni goýbolsun edipdi.

Her hal, 2008-nji ýylyň maý aýynda şunça ýyllap iş tapmagyna päsgel beren böwetleriň ählisi garaşylmadyk ýagdaýda aradan aýryldy duruberdi. Kyrk ýaşyna gadam basmagyna birnäçe hepde galanda
Bostondaky neşirýatlaryň birinden amatly tekle geldi.
Aslynda işi äri tapyp beripdi. Müşderileriniň biri sebäp bolupdyr, belki-de, söýgülileriniň biridir...

— Bolýa-la, ulaldyp ýörer ýaly işmi, näme, bi — diýip, Ella muňa uly bir ähmiýet bermezlige çalyşdy. —

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Bolmalym bary-ýogy bir neşirýatyň redaktorynyň kömekçisiniň kömekçisi. Ýagny, çorbaň çorbasynyň çorbasy!

Ýöne Dewid aýalynyň täze işine göwnüýetmezçilik etmegine ýol berjege meňzänokdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ezizim, näme üçin beý diýýäň? – diýip, ol gaýtargy bermek bilen boldy. — Özüň bilýäň-ä onuň nähili abraýly neşirýatdygyny.

Dewid tirsegi bilen Ellany çalaja kakyp goýberdi, ýöne ondan ses çykmansoň, öz aýdanlaryny özi ilgezik baş atyp oňlady.

— Ol örän belli hem abraýly neşirýat, Ester daýza. Ýurtdaiň gowularyň biri! Beýleki kömekçileri bir görseň. Ählisi ýaş! Hemmesem iň abraýly uniwersitetleriň uçurymy! Olaryň arasynda Ella ýaly şunça ýyllap öý bikesi bolup, indi işe durýan ýeke adamam ýok. Gör, bu aýalyň dänjirän bolşuny?!

Ella çala gozganjyrap, eginlerini gobsundyrdy, dodaklarynda mejbury, ýasama ýylgyryş peýda boldy. Bir tarapdanam onda eýse äri näme üçin beýle ýanjap goýmaýarka diýen gyzyklanma döredi. Şunça ýyllap ony kär eýesi bolmakdan mahrum edip, indem şu ýitirilen ýyllaryň öwezini birbada doljak bolýarmyka? Ýa-da biwepalyk edenine puşman edip, şeýdip, arany ýumşatjak bolýarmyka? Eýse, bularyň haýsy birikä? Ýadyna başga hili pikir gelenokdy, dogrusy. Dewidiň şunça janygyp, süýjedip gürlemeginiň başgaça düşündirişi ýokdy.
— Gaýratly zenan diýibem şuňa diýäýseň. Hemmämiz Ella jana buýsanýarys — diýip, Dewid gürrüňini dabaralandyrdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ester daýza mylaýym gürläp söhbete goşuldy.

— Hawwa, Ella jan ýaly boljak ýokdur, hemişe-de şeýledi.

Hamala, ol Ella stoluň başyndan turup, ahyrky ýoluna ugraýany üçin ony çuň hasrat bilen ýatlaýan ýalydy.

Stol başyndakylaryň ählisi Ella mähir bilen seredişdiler. Ewi kakdyryp gürlemesini bes etdi, Orly bolsa şonda ilkinji gezek daşky keşpden başga-da bir zada ünsüni gönükdirmegi başardy.

Ella bu söýgüden doly pursadyň keýpini görmäge çalyşsa-da, başarmady. Ol özüni birhili oňaýsyz, bitakat duýýardy. Sebäbini-de bilenokdy. Käşgä, şu oňaýsyz gürrüňi biri üýtgedäýsedi. Ol özi hakynda gürrüň edilmegini halamaýardy.

Ynha, şol pursat uly gyzy Janet bu ümsüm dilegi eşiden ýaly, birden gürrüňe goşuldy:

— Meniň size aýtmaly zadym bar. Buşlugymy taýynlaberiň!

Hemmeler Janete tarap öwrüldi. Gyzyklanma bilen, gulaga öwrülip, gürrüňiň yzyna garaşdylar. — Skot ikimiz durmuş gurmagy ýüregimize düwdük! — diýip, Janet habaryny morta orta atdy oturyberdi.

— Bolýa-la, häzir näme diýjegiňizi bilýän: «Heniz okuwyňyzy tamamlaňzok, beýtmäň, näme beýle

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

alňasaýaňyz, heniz başyňyz ýaş ahyry, ýeneýeneler.....» Ýöne düşüniň, haýyş edýän, ikimizem indi bu uly ädimi ätmäge taýýar.

Aşhana geň bir ümsümlik aralaşdy. Ýaňyja, bir minut ozalam hemmeleri gurşap duran ýakymlylyk hem ýakynlyk bugaryp uçup gidene döndi. Orly bilen Ewi biri-birine bimany seredişdiler. Ester daýza elinde bir bulgur alma şerbedini saklap durşuna dälişge heýkeltaraşyň çeken gülkünç, çişik heýkeline meňzäp doňup galdy. Işdäsi kesilen bolsa gerek, Dewid çarşakdyr pyçagyny gyra süýşürdi-de, gözüni süzüp, Janete seretdi. Onuň açyk goňur gözlerinde birhili dartgynlylyk, ynjalyksyzlyk duýulýardy. Keşbinde bir çüýşe sirke suwuny içmäge mejbur bolanyňky ýaly turşulyk alamaty bardy...

Ýagdaýyň öwerlik däldigine düşünen Janet zeýrenmäge başlady:

— Owf, ýeri, başlaň hany! Men-ä hossarlarym begenjinden uçaýjak bolar öýdüp garaşdym, ýöne hany?! Öz bolşuňyza bir serediň-ä? Ýüz-gözüňizden gar ýagýar. Biri göräýse dagy size erbet habar aýdandyryn öýder.

— Gyzym, ýaňyja durmuş gurjakdygyňy aýtdyň — diýip, Dewid hamala näme aýdanyny bilmeýäni üçin Janet ony birinden hökman eşitmeli ýaly dillendi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Kaka jan, biraz duýdansyz bolanyny bilýän, ýöne düýn agşamlyk edinenimizde Skot: «Maňa durmuşa çykarmyň?» diýdi. Menem: «Bolýa» diýäýdim.

— Ýagşy-la welin, näme üçin?

Bu sowaly orta oklan Ellady. Söz agzyndan çykan dessine gyzynyň özüne seredişinden beýle soraga onuň geň galýandygyna düşündi. «Ýagşy-la welin, haçan?» diýip soran bolsa ýa-da «Ýagşy-la welin, nähili?» diýen bolsa, onda hiç hili mesele ýüze çykjak däldi. Soraglaryň ikiside Janeti bagtyýar hem hoşal etjekdi. «Ýeri, onda, toý taýýarlygyna başlabermelidä» diýen äheňde boljakdy. Ýöne «Ýagşy-la welin, näme üçin?» diýen sorag garaşylmadyk sowaldy. Oňa jogap bermäge Janetiň özem taýýar däldi.

— «Ýagşy-la welin, näme üçin» diýmäň näme? Skoty söýýänim üçin bolaýmasa... başga näme sebäbi bolsun, eje, hä?

Ella sözleri ýekän-ýekän saýlap alyp, aýdanyny düşündirmäge çalyşdy.

— Balam, diýmekçi bolan zadym... Nämä alňasaýaňyz? Ýa hamyla dagy bolduňmy?

Ester daýza oturan ýerinde birhili gozganjyrady, ýygryldy, yzly-yzyna ardynjyrady, alma şerbedini goýup,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

jübüsinden iýmit siňdiriji dermanyny çykardyda, agzyna atdy. Ewi bolsa, kikirdäp gülüp başlady.

— Weý, şu ýaşymda daýy boljak-da men onda!

Ella Janetiň elinden tutup, özüne tarap çekdi-de, ony çalaja gysdy.

— Hakyky ýagdaý nähili bolanda-da, çekinmän bize aýtgynyň, bolýarmy, gyzym? Her näme bolsa-da, hossarlaryň hökmünde biz hemişe seniň arkaňdadyrys.

Janetelini batly çekip aldy-da ýaryldy:

— Eje, goý şu gürrüňi, haýyş edýän. Men hamyla-da däl, zadam. Meni utandyrýaň.

— Saňa ýagşylyk üçin aýtdym — diýip, Ella özüni rahat hem durnukly tutmaga çalşyp pyşyrdady. Dogrusy, dymmalygyny, durnuklylygyny saklamak oňa soňky wagtlarda iň agyr düşýän zatlardy. — Meniň göwnüme degip ýagşylyk etjek bolýaň-da, şeýlemi, eje? Seniň üçin söýýän ýigidim bilen durmuş gurmak islemegimiň ýeke-täk düşündirişi — ol hem tötänden hamyla galmagym! Näme, sen meni şeýle sadadyr öýdýäňmi? Diňe Skoty ýürekden söýýänim üçin onuň bilen durmuş gurmak islemegimiň mümkindigi hakda oýlanmadyňmy? Biziň duşuşyp ýörenimize tutuş sekiz aý boldy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Çagalygyňy etme — diýip, Ella dillendi. — Bir ýigidiň hüý-häsiýetine belet bolmak üçin sekiz aý ýeterlikdir öýdýäňmi? Kakaň bilen ýigrimi ýyllap ýaşaşyp ýörüs, şonda-da biri-birimiz hakynda ähli zady bilýändiris diýip bilmeris. Muň ýaly iş üçin sekiz aý dagy nämejik? Deňizde damja ýaly zat!

Ewi içýakgyç gülüp gürrüňe goşuldy:

— Özüňiz bolsaňyz, Taňry tutuş dünýäni alty günde ýaradypdyr diýýäňiz! O-o-o, sekiz aýda, gör, nämeler bolmaýar.

Saçak başyndakylar alarylyşyp seredişensoň, Ewi agzyny ýumup, lal-jim oturdy.

Şol wagt gaşyny çytyp, oýlanyp oturan Dewid dartgynlylygyň güýjändigini duýan dessine ara goşuldy:

— Mähribanym, gulak as, ejeň neme diýjek boldy, bir ýigit bilen duşuşmak bir zat, durmuş gurmak bütinleý başga zat. — Ýöne, kaka jan, ölýänçäň söýşüp ýörmelimi onda? – diýip, Janetdillendi.

Ella uludan dem aldy-da, ýene tutluşyga girdi:
— Gowusy, gepi köpeldip oturman, bir gezekde aýdyp dynjak. Menem, kakaňam has mynasyp ýigit taparsyň öýdýärdik. Onsoňam ony çynlakaý gatnaşyk hasaplap bolmaz. Beýle zatlar üçin heniz seniň başyň ýaş.

Janet gyryljyk, düşnüksiz, ugur-utgusyz ses bilen dillendi:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Näme hakda oýlanýanymy bilýäňmi, eje? Öz wagtynda sen nämeden gorkan bolsaň, meniň başymada şol geler öýdýäň. Ýöne sen ýaş durmuşa çykyp, meň ýaşymdakaň çaga dogrupsyň diýip, menem şol bir ýalňyşlygy gaýtalasym gelenok!

Ýüzüne şarpyk çalnana dönen Ella çym gyzyl boldy. Hakydasynyň bir ýerlerinde hyýalyna geti-resi gelmeýän ýatlamalar janlandy: ilkinji çagasy Janete hamyla wagtyndaky ýagdaýy, çykgynsyz pursatlary, häli-şindi döken gözýaşlary, elewremeleri, başdan geçiren ruhy sarsgynlary... Ilkinji göwrelilik mahaly kynçylyk baryny çekipdi, saglyk bilen bagly meseleleri, ruhy sarsgynlary başdan geçiripdi, üstesine, çagany wagtyndan öň dünýä indirmeli bolupdy. Ýedi aýlykka doglan uly gyzy bäbek wagtam, çagalygynda-da onuň ähli güýjüni sorup alypdy. Şonuň üçinem hut şu zerarly Ella ýene çaga edinmek üçin tutuş on ýyl garaşmaly bolupdy. Şol arada Dewid başgaça ýoly synap görmegi ýüregine düwene meňzeýärdi, ol örän seresap görnüşde gürrüňe goşuldy.

— Gyzym, Skot bilen duşuşyp başlan mahalyňyz, eneataň hökmünde bizem begenipdik. Edepli oglan ol, elbetde... Juda salykatly görünýär. Şu döwürde şolar ýaly ýigidi tapmak aňsadam däl. Ýöne gyssanmajy ýok ahyry. Hany, entek okuwyňyzy bir tamamlaň, soň näme niýetlenjegiňiz

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

belli däl. Ynha, görseňiz, oňa çenli hyýalyňyz üýtgär gider.

Janet«mümkin» diýýän äheňde baş atdy. Ýöne bir zat bellidi, onuň kakasynyň aýdýanlaryny doly unamaýany mese-mälim aňdyryp durdy. Soňra ol garaşylmadyk sowaly orta oklady:

— Ýa bu aýak diräp durmaňyz Skotyň jöhit däldigi üçinmi?

Dewid gyzynyň gepi kesä çekmegine ynanmaýan ýaly, gözlerini tegeledi. Her hal, ol hemişe özüne «men açyk dünýägaraýyşly, medeniýetli, döwrebap, liberal, demokrat maşgalabaşydyryn» diýip buýsanýardy. Dogrusy, hut şonuň üçinem öýlerinde jynsparazlyk, din, aýal-erkeklik, sosial gatlak meseleleri barada gürrüň etmekden gaça durardy.
Gürrüňi Janete syrykdyrsak, ol hötjetdi, ünsüni kakasyndan sowup, hasap soraýan terzdäki nazaryny ejesine gönükdirdi:

— Eje, hany, göniňden gel, eger söýýän ýigidimiň ady Skot däl-de, Aron Pylankeşteýn bolanda onuň bilen durmuş gurmagyma-da şeýle garşylyk görkezermidiň?

Janetiň sesi üzlem-saplam hem igençli çykdy. Ellanyň ýüregi gysdy. Eýse gyzy oňa şeýle gaharly hem teýeneli

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

garaýarmyka? Ondan ara saklap, kinaýa hem şübhe bilen bakýarmyka?

— Mähribanym, gulak as, men seniň ejeň bolýan bolsam, ýarasa-da, ýaramasa-da, saňa käbir zatla ry aýtmaga borçly. Ýaşlyk, aşyk-magşuk bolmak, durmuş gurmak üçin edilýän teklip — bularyň juda gowy zatlardygyny menem bilýän... Ýaşlyk seriň şemally döwri bolýar... şu zatlar meňem başymdan geçdi. Ýöne durmuş gurmak agzalan ýerde ýagşy oýlanyşmak gerek! Özüňden bütinleý saýry adam bilen durmuş gurmak diýmek, gös-göni humarly oýna baş urmak diýmekdir. Biz ene-atañ hökmünde, elbetde, seniň iň dogrusyny saýlap almagyň tarapdary.

— Ýagşy, eýse, siziň iň dogrusy diýýäniňiz meniň üçin düýpden ýalňyş bolsa näme?

Beýle sowala garaşmaýan Ella howsalaly halda demini uludan alyp, maňlaýyny owkalady. Eger häzir çakyzasy tutan bolsa-da, kellesi beýle agyrmazdy.

— Men ol oglana aşyk boldum, eje. Düşünýäňmi? Heý, bir ýerden eşidipmidiň şu sözi? Yşk! Ýüregiň gürs-gürs urup, onsuz oňup bilmez güne düşersiň-ä! Ella biygtyýar ha-ha-haýlap gülüp goýberdi. Ýöne, elbetde, gyzynyň üstünden gülmek niýeti ýokdy. Birden gülüp goýberipdi. Gaty ýaňsyly çykdy gülküsi. Düşnüksiz halda tolgunyp, gahary gelipdi. Emma uly gyzy bilen ozal hem onlarça,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

belki, ýüzlerçe gezek gygyryşyp görüpdi. Hiç bir gezek şular ýaly tikeniň üstünde oturan kimin bolmandy. Bu gün bolsa, hamala öz perzendi bilen däl-de, iňňän hilegär hem çylşyrymly duşman bilen tutluşýana döndi.

— Eje, nämä gülýäň, sen asla aşyk bolup görmediňmi? – – diýip, Janetgepi kesä çekdi.

— Owf-f, bes et, halys bez boldum indi. Özüňe gel, guzym, haýyş edýän! Beýle sadalyk bolmaz ahyry, beýle-de bir... — Şo dem dili çolaşyp, Ella gözleýän sözüni tapmak üçin töweregine garandy. Ahyry sözüniň üstüni ýetirdi. — Beýle-de bir romantiklik bor oguşýa!

— Romantikligiň nämesi erbetmiş? — diýip, Janetöýkeli sorady.

Dogrudanam, romantik bolmagyň nämesi nädogrumyş? Ella oýa batdy. Ol öňler-ä beýle däldi. Ozallar ärini geregiçe romantik däldigi üçin tankyt eder derejede bu söze hossar çykardy. Eýse, haçandan bäri «romantik» adamlary halaman başladyka? Jogap tapmady. Ýene-de şol bir pert hem ýazgaryjy äheňde gürlemesini çaltlandyrdy.

— Balam, haýsy asyrda ýaşap ýöreniňi bilýäňmi? Bir zady berk belle, zenan söýýän erkek kişisi bilen durmuş gurýan däldir. Gördi-bakdy, iş jygba-jyga gelip, gelejegi üçin birini saýlap tutmaly boldumy, zenan diýeniň oňat

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

maşgalabaşy, adamkärçilikli är bolar öýdýän adamyny saýlar, arka diräp biljek kişisini tutar. Düşündiňmi? Seniň yşk-pyşk diýýäniň geldi-geçer, ýaldyr-ýuldur duýgudyr. Ella sözüni tamamlan badyna äriniň gözüne gözi düşdi. Dewid ellerini gowşuryp, gymyldaman, demini alman, oňa hereketsiz gözleri bilen seredip otyrdy. Ella onuň öňler beýle seredenini görmändi. Ýüregi jigläp gitdi.

— Maňa näme üçin azar berýäniňi bilýän, eje — diýip, Janet duýdansyz dillendi. — Sen meniň bagtymy görüp bileňok. Ýaşlygyma görübilmezçilik edýäň. Meniň hem edil özüň ýaly, göwnüçökgün, nalajedeýin, dünýeden doýgun öý bikesi bolarymy isleýäň!

Ellanyň içine ullakan daş gütläp düşen ýaly boldy. Diýmek, ony öz gyzy şeýle hasap edýän eken-dä? «Göwnüçökgün, nalajedeýin, dünýeden doýgun öý bikesi», şeýlemi? Ömrüniň ýaryny ýaşan, dargap ugran maşgala durmuşynda tussaga dönen, adaty aýal? Diýmek, göz öňüne getirişleri şeýle eken-dä? Ärem ony şeýle hasap edýärmikä? Eýse joralary, goňşular? Ellanyň serini bada-bat alada gurşap aldy, daştöweregindäkileriň ählisi assyrynlykda özüne nebsagyryjylyk bilen seredýändirler diýip şübhelendi. Bu içýakgyç şübhe ony şeýle bir awundyrdy welin, demi tutulyp, ümsüm oturdy. Dewid gyzyna tarap öwrüldi-de:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Dessine ejeňden ötünç sora — diýdi. Onuň gaşlary çytyk, ýüzi salygam bolsa, bu tutuklygy onçakly ynandyryjy-da däldi, tebigy hem görünmeýärdi.

— Hökman däl. Ötünje tamakinçiligim ýok — diýip, Ella adamsyna sowuk bakyş bilen seretdi.

Janetöz gözlerine ynanmaýan ýaly ejesine garady. Soňam hasyrdap, gahar bilen eteginde duran elsüpürgijini stoluň üstüne taşlady, oturgyjy itip, ýerinden turdy-da, aşhanadan atylyp çykyp gitdi. Bir minut geçip-geçmänkä, Orly bilen Ewi hem yzlyyzyna gozganyşyp, daraklygyna basyşyp çykdylar. Olar ýa-ha öz ýanlaryndan doganlaryna goldaw bermek isläpdiler, ýa-da ululary ýakymsyz gürrüňlerinden iripdiler. Olaryň yzysüre Ester daýzada turmak bilen boldy, iýmit siňdiriji dermanynyň ahyrkysyny kirt-kirt çeýnäp, suw içmek bahanasy bilen ýumlukdy.

Şeýdip, stoluň başynda diňe Dewid bilen Ella galdy. Howada geňsi bir dartgynlylyk bardy... Är-aýalyň arasyna sowuklygyň aralaşandygy mese-mälim görnüp durdy. Olaryň ikisi-de aslynda bu çykgynsyz ýagdaýyň sebäpkäriniň Janet hem, beýleki çagalaram däldigini gaty gowy bilýärdiler. Mesele olaryň özündedi, ody öňden bäri körükläp gelýän maşgala durmuşlaryndadyr!

Dewid ýaňyja goýan çarşagyny eline aldy, üýtgeşik bir zat tapan ýaly, ony eýlesine-beýlesine agdaryşdyryp synlady.

— Seniň ýaňky aýdanlaryňdan çen tutup, söýýän adamyň bilen durmuş gurmansyň diýen netijä gelmelidä, şeýlemi?

— Ýok, ezizim, elbetde, men beý diýmekçi bolmadym.

— Onda näme diýmekçi bolduň? -diýip, Dewid henizem çarşaga seredip oturyşyna dillendi. – Durmuş guran wagtymyz meni söýýänsiň öýdýärdim.

— Söýýärdim — diýen Ella, ýene dowam etmän durup bilmedi — Şol wagtlar söýýärdim.

— Onda meni söýmegi haçan bes etdiň?

Ella ärine haýran galyp seretdi. Ömründe bir gezegem öz keşbini görmedige aýna tutan mahalyňyz nähili aňk bolar öýdýän bolsaňyz, ol hem garaşmadyk hakykaty bilen ýüzbe-ýüz bolanyna şolar ýaly doňup galdy. Dogrudanam, ärini haçandan bäri halamaýarka? Haýsy bosagadan, haýsy dönüş nokadyndan, haýsy gaýtadan dogluşdan bäri? Bir zatlar diýjek ýaly etdi. Söz tapmady. Sägindi.

Aslynda är-aýalyň ikisi-de şu çaka çenli hemişe iň gowy başarýan zatlaryny edýärdiler: düşünmediksirän bolýardylar. Günler owarramçyllykda geçip gidýärdi. Olar üçin wagt özleriniň belet bolan şol tanyş, gutulgysyz akymynda, birsydyrgynlyga maýyl bolup, bir endigi,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

üýtgewsizligi, haýal-ýagal depgini bilen gopup, üznüksizlige tarap akyp ýatan ýalydy.

Ellanyň birdenkä agysy tutdy. Özüne erk edip bilmän aglady. Dewid bolsa bezigip ýüzüni öwürdi. Ol aýallary öte aglak hasap edýäni üçin, ylaýta-da, öz aýalyny gözi ýaşly halda görmegi ýigrenýärdi. Şonuň üçinem Ella äriniň ýanynda aňsat-aňsat şumjaryp aglamazdy. Ýöne, ynha, bu günki bolup geçen zatlaryň ählisinde birhili adaty dällik bardy.

Hernä jaý wagtynda jyňňyrdan telefon olaryň ikisini hem bu dartgynly pursadyň penjesinden halas etdi.  Telefony Dewid aldy:

— Alo... Hawa, özi bärde. Häzir, birje minut.   Ella uzadylan telefon tutawyny alan mahaly özüni rastlady, başardygyndan şähdaçyk gürlemäge çalyşdy.  — Alýo, diňleýän.

— Salam, Ella. Men Mişel. Neşirýatdan jaň edýän. Işler nähili? — diýip, bir ýaş zenan jedirdedi: — Beren romanymyzyň üstünde işläp başladyňmy diýip soraýaýyn diýdim. Redaktorymyz habar tutaý diýensoň, jaň edip durşum. Biziň Stiwimiz bu zatlarda gaty jürdür işine, bilip goýaýgyn.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Hä, jaň edeniň gowy boldy — diýse-de, Ella öz ýanyndan «owf» diýip içini çekdi.

Şu belli neşirýatda edebiýat boýunça redaktoryň kömekçisiniň kömekçisi hökmünde oňa berlen ilkinji tabşyryk ady-sory bilinmeýän bir ýazyjynyň romanyny okamakdy. Ilki bilen-ä kitaby okamaly, okanyňdan soňam ol hakda ýörite hasabatnama taýýarlamalydy. — Stiwe alada etmesin diý-de aýdaý, eýýäm işe-de girişendirin — diýip, Ella duran ýerinde ýalan sözläp goýberdi. Heniz ilkinji işinde Mişel ýaly edenli hem wezipä kowalaşýan gyz bilen kejeleşmek niýeti ýokdy. — Nätdiň-ä, ol-a hasam gowy! Onda romany nähili gördüň?

Ella sägindi, birbada näme diýjegini bilmedi. Berlen eser barada hiç zat bilenokdy ahyry. Bir bilýän zady onuň taryhy mistiki romandygydy; galyberse-de, gürrüňiň meşhur şahyr Rumy bilen sopy dosty Şems barada gidýänligi. Bar bilýäni şu.

— Neme... e-e-e.., dogrusy, gaty mistiki kitap eken — diýip, sypjyklyk etdi.

Ýöne Mişel gaty çyny bilen:

— Hüm-m-m — diýdi. — Eşidýäňmi, meniň pikirimçe, bu eseri oňatja iş edinmeli bolsaň gerek. Beýle uly romanyň hasabatnamasyny taýýarlamak çak edişiňden uzaga çekmegi ahmaldyr. Telefondan ses ýitirim boldy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Mişeliň sesi bir pursatlyk üzlem-saplam eşidilip, gitdigeldi durdy. Şol arada Ella telefonyň beýleki ujundaky ýaş zenanyň nämeler işleýändigini göz öňüne getirmäge çalyşdy. Bir ýandan birine tabşyryklar berip, beýleki bir tarapdan neşirýatyň ýazyjylarynyň biri hakynda «New Ýorkerde» çykan bir tankydy seljermä göz gezdirýän bolmagam, satuw maglumatlaryny derňäp otyrka, täze elektron hat geldimikä diýip, ekrana garaýan bolmagy-da, doň balykly sandwijini gyssanmaç iýýän mahaly çöregini buzly kofe bilen ýumşadýan bolmagam ahmaldy. Şu pursat ol birbada bäş-alty işiň hötdesinden gelýän bolmalydy.

— Ella... dursuň dälmi? — diýip, Mişel birhaýukdan soň dolanyp gelşine sorady.

— Hawa, durandyryn.

— Hä, bagyşlaweri, bärde şeýle bir iş köp welin, başym çaşara geldi. Telefony goýmaly boljak. Ýadyňdan çykaraýmagyn, işi tabşyrmagyňa üç hepde galandyr. Hany, göreli... Şun maýyň on ýedisi. Hää,..., gaty gijä galanyňda iýunyň onuna çenli hasabatnama elimde bolmalydyr. Gepleşdik gerek?

— Alada etme — diýip, Ella sesine mümkin boldugyça ynamly äheň bermäge çalyşdy. — Wagtynda tabşyryn.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ýöne, görnüşi ýaly, aýdan sözlerinden hem beter, Ellanyň esasy duýgularyny beýan eden zat ara düşen dymyşlyklardyr säginmeler boldy. Aslynda onuň özüne tabşyrylan romany okamak isleýänine-de ynamy ýokdy. Başda welin, bu işi höwes bilen boýnuna alypdy. Asla tanalmaýan bir ýazyjynyň heniz çap edilmedik romanynyň ilkinji okyjysy bolmak oňa tolgundyryjy bir oýun ýaly bolup görnüpdi, romanyň hem ýazyjynyň ykbalynda sähelçe-de bolsa orun eýeläp biljekdi.

Emma häzir welin, başgabir duýgy kalbyny gaplapdy, şeýle esere wagt sarp etmek isleýänine o diýen ynamy ýokdy. Roman öz durmuşy bilen baglanyşygygatnaşygy bolmadyk mowzukdady: Sopuçylykmyşyn! Mistiklikmiş! Onda-da XIII asyr ýaly uzakdaky döwrüň gürrüňi... Wakalaryň geçýän ýeri diýseň, hasam alysda: Kiçi Aziýada... O ýerini kartada görkezip bilmeýän halyna, nädip, ünsüni jemläp, onça sahypany okap çyksyn? Asla nätanyş mowzugy nädip akylyndan geçirsin?

Şol arada Ellanyň ikirjiňlenýänini duýan Mişel:

— Näme bolýar? Ýa bir mesele barmy? — diýip, ony gyssady. Wagtynda jogap berilmänsoňam, sözüniň üstüni ýetirdi: — Ella, maňa bil baglap bilersiň. Göwnüňden turmaýan zat bar bolsa, häzirden bilsem gowy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bir zady boýun alaýyn, soňky döwürde kelläm gaty garjaşyk. Taryhy romana ünsümi berip bilmezmikäm öýdýän. Ters düşünme, elbetde, Rumynyň durmuşy gyzyklandyrýar, ýöne bu mowzuklar maňa gaty nätanyş. Okamak üçin maňa başga bir roman berseň nähili borka diýýän. Ýagny, bahym girişip gider ýaly bir zat bolaýsa...

— Aý, sen bir beý diýme ahyry, o diýýäniň gaty ýalňyş gürrüň — diýip, Mişel ör-gökden geldi. — Ýöne, haýp, biziň kärimizde täze gelenleriň hemmesem şeýle ýalňyşlyk goýberýär. Sen adam özüne ýakyn mowzukdaky romany has aňsat okar öýdýärmiň? Beýle zat ýok! Beýdip redaktorlyk edip bolmaz ahyry! Biz häzir 2008-nji ýylda Amerikada, Massaçusetsde ýaşaýarys diýip, diňe şu töwerekde, şu döwürde bolup geçýän wakaly romanlary neşire taýýarlalymy onda?

— Men beý diýjek bolmadym — diýip, Ella özüni aklamaga çalyşdy. Şobada-da şu gün özüne yzygiderli ýalňyş düşünilýändigini duýdy-da, her gezegem özüni aklamaga mejbur bolandygyny aňynda aýlady, egni üstaşyry-da ärine gözüni aýlap goýberdi. Eýse, ol hem şeýle pikir edýärmikä? Ýöne Dewidiň ýüzi möhürlenen gapy ýaly, zat saýgardanokdy, şeýle bir syrlydy welin, many alyp bilmedi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Dogrusy, köplenç öz durmuşymyz bilen sähelçe-de baglanyşygy bolmadyk kitaplary okamaly bolýarys. Biziň kärimiz şeýle. Gulak as, meselem, şu hepde Tähranda bir bolgusyzhana işledýän mahaly ýurtdan gaçyp çykmaga mejbur bolan eýranly bir aýalyň kitabyny çapa taýýarladym. Başga nä alaç edeýin? Aýal eýranly diýip, gitsin-de şo ýerli bir redaktora bersin kitabyny diýeýinmi?

— Ýok-la, elbetde, beýle däl — diýip, akmagyň durumyna düşüp, özüni etmişiniň üstünde tutulan ýaly boýnuburuk duýan Ella sakawlady.

— Onsoňam edebiýat öz güýjüni biri-birinden uzakdaky ülkeleriň, üýtgeşik medeniýetleriň arasynda köpri gurmakdan almaýarmy? Edebiýat adamlary biribirine baglamaýarmy näme?

— Elbetde, şeýle, aýdanlarymy ýadyňdan çykaraweri, haýyş edýän. Hasabatnama gowşurmaly senämdenem öň stoluň üstünde bolar — diýip, Ella çürt-kesik gürledi.

Özüne aňsyz mahluk ýaly çemeleşeni üçin şol pursat ol Mişeli ýigrendi, ýöne aslynda welin, ol özüni ýigrenipdi; sebäbi bu ýaş zenana hamala alym däldirin öýdüp gürlemegi üçin gaýraty-da, mümkinçiligi-de onuň özi beripdi!

— Şeýlemi asyl?! Bäý-bä! Şu depginiňi dowam et onda — diýip, Mişel dillendi. — Ýalňyş düşünme welin, sen

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

ýene bir zady-da ýadyňdan çykarmagyn. Häzir goşmaça sanawymda seniň ornuňy eýeläp, işiňi eliňden alsam diýip ýören adam azyndan ýigrimi dagy bardyr. Köpüsem seniň ýarpy ýaşyňda. Beýniň bir ýerinde belle-de goýaý şuny, şonda görersiň işlemek höwesiniň nähili gelşini.

Ahyrynda telefony goýan mahaly Ellanyň äri bilen nazary çaknyşdy. Dewid wajyp keşbe giripdir. Onuň gürrüňi galan ýerden dowam etdirmäge garaşýandygy görnüp durdy. Ýöne indi Ellanyň oturyp uly gyzlarynyň gelejegine janyny ýakmak niýeti ýokdy — elbetde, eger turuwbaşdan är-aýaly gaýga goýýan esasy mesele şo bolsa... ***

Birnäçe minutdan soň ýeke özi dälizde galan Ella arkan-öňin gaýyşýan oturgyjyna ornaşdy. Norzemtonyň asmanyna gyzylymtyl-narynjy şapak çaýylypdy. Asman şeýle bir ýakyndy welin, elini uzatsa ýetäýjek ýalydy. Munça goh, munça majagaýlykdan halys bolansoň, beýnisi doňup durdy. Hasap kartlarynyň tölegi, Orlynyň işdäsiniň bozulmalardyr iýmitleniş kadalarynyň bitertipligi,

Ewiniň sapaklaryna ýetişiginiň barha pese gaçmasy,

Ester daýza we şol gurbany gitdigim bezegli torty, Köleganiň elden-aýakdan çykmasy, Janetiň durmuş gurmak baradaky garaşylmadyk meýilleri, äriniň ýyllar boýy aldadyp gelmesi... Adaty günlerde serini gaplap

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

alýan bu sowallaryň ählisiniň ýekänme-ýekän ýeňsesinden tutdy-da, idenekledip kiçijik gutulara dykyp, üstündenem gulp urdy.

Ynha, şeýle ruhy ahwalda Ella RBT neşirýaty tarapyndan özüne berlen eseri eline alyp ony , gözden geçirdi. Kagyzlar yhlas bilen çatylan eken, aňyrsy görnüp duran işbukja salnypdyr. Romanyň ady ilkinji sahypa nilreň syýa bilen ýazylypdyr:

**YŞK ŞERIGATY**

Ýazyjy hakynda hiç kimiň hiç zat bilmeýändigi barada Ella aýdylypdy. Gollandiýada ýaşaýan geň-taň adammyş. Ady A. Z. Zahara. Ýazarmanlyk hukuklary gulluklarynyň hiç biri tarapyndan wekilçilik edilmeýär eken. El bilen ýazan üç ýüz sahypalyk romany Amsterdamdan poçta arkaly ugradylypdyr. Ýanyna-da poçta otkrytkasy goşulypdyr.

Poçta otkrytkasynyň ýüz tarapynda sary, goňur reňkdäki çigildem çemenzarlygynyň suraty, arka ýüzünde bolsa, el bilen nepis ýazylan hat bar eken.

«Hormatly redaktor,

Bu setirleri size Amsterdamdan ýazyp ýollaýaryn. Dykgatyňyza hödürleýän bu hekaýatymda wakalar Anadoluda, Konýa şäherinde XIII asyrda bolup geçýär.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ýöne ýürekden ynanyşym boýunça, bu hekaýat wagtdan, giňişlikden we medeniýet taýdan tapawutlylyklardan halas eserdir. Ählumumydyr.

Yslam äleminiň beýik şahyry, iň meşhur mutasawwufy Rumy bilen dürli geň-taňlyklaryň sebäpkäri, gezende Galandar derwüşi Şems-i Töwriziniň arasyndaky deňsiz-taýsyz dostlugy özüne mowzuk edinen bu taryhy, mistiki romany okamaga wagt taparsyňyz diýip umyt edýärin. Şeýle arzuw bilen «Yşk şerigaty»-ny neşirýatyňyza ýollaýaryn.

Maksadyňyz yşk, yşkyňyz baky bolsun,

Hormat bilen

A.Z. Zahara».

Ella öz ýanyndan bu üýtgeşik, owadanja açyk hat redaktoryň ünsüni özüne çekendir diýip oýlandy. Emma Stiw işli adam. Höwesjeň ýazyjylaryň romanyny okap oturara wagty ýok. Şonuň üçinem gelen bukjany kömekçisi Mişele berendir. Ýöne elmydama başagaý Mişeliň hem wagty bäş beter gymmatly hem çäkli. Şonuň üçin ol hem assyrynlyk bilen romany täze gelen kömekçä tabşyran bolmaly. Şeýlelikde, «Yşk şerigaty» elden-ele geçip, iň ahyrynda Ellanyň boýnuna galypdyr. Kitaby okap, ol hakda giňişleýin hasabatnama ýazmak indi onuň borjudy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ella nireden bilsin onuň beýle-beýle romandygyny? Nireden bilsin bu kitabyň tutuş durmuşyny özgerdip taşlajagyny? «Yşk şerigatyny» okaýan mahaly öz durmuşynyň hem setirme-setir öçürilip, täzeden ýazyljagyny nä bilsin?

Ilkinji sahypany açdy. Bu ýerde ýazyjy baradaky käbir maglumatlara duşdy.

A. Z. Zahara dünýä syýahat etmedik wagtlary kitaplary, dostlary, pişikleri, pyşbagalary bilen bile Amsterdamda ýaşaýar. «Yşk şerigaty» onuň ilkinji hem megerem, iň soňky romanydyr. Romançy ýazyjy bolmak höwesini gursagynda götermeýän ýazar bu kitaby diňe Ruma we onuň söýgi Güni Şems-i Töwrizä bolan hormaty hemde söýgüsi sebäpli ýazdy.

Ellanyň nazary indiki setire gönükdi. Ana, şonda-da sahypada tanyş jümlesine gabat geldi.

Çünki käbir kişiler munuň tersine bolýandygyny her näçe ýanjasalar-da, yşk diýilýän geldi-geçer ýaldyrýuldur duýgy däldir.

Ella haýran galmakdan ýaňa agzyny açdy. Bu onuň ýaňyja aýdan jümlesine jogapdy ahyryn. Ýaňyja, birnäçe minut ozal aşhanada gyzyna aýdan sözleriniň edil özi onda-da!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ol az salymlygam bolsa, düşnüksiz bir ünjä berildi. Hamala, älemiň bir künjeginden pynhan bir göz ony sypdyrman synlap duran ýalydy. Içine wehim aralaşdy.

Aslynda ýigrimi birinji asyr on üçünji ýüzýyllykdan artyk bir tapawutly hem däl. Bu iki asyryň

seneýazgysy taryh kitaplaryna şeýle ýazylar: deňi-taýy bolmadyk dini gapma-garşylyklar, medeni çaknyşyklar, ters garaýyşlar we ýalňyş düşünjeler; ähli ýere ýaýran ygtybarsyzlyk, näbellilik, gaýgy-alada we ýowuzlyk, galyberse-de, başgalardan eşidilip döreýän basgadüşmeler. Howsalaly döwürler. Şeýle wagtlarda yşk ýöne bir nepis söz däl-de, özbaşyna bir ugur görkezijidir.

Hiç kimiň yşkyň nepisliklerine üns bermäge wagt tapmaýan dünýäsinde «Yşk şerigatynyň» ähmiýeti has artýar.

Ella tarap sowuk ýel öwsüp gitdi, dälizdäki gury ýapraklar howa uçup, töwerekde gaýmalaşdy. Gün günbatar tarapda sumat boldy. Asmanyň keýpi, gyzgalaňy egsildi.

Çünki yşk ýaşaýşyň asyl özeni, düýp manysydyr. Möwlananyň bize ýatladyşy ýaly, bir gün geler-de yşk hemmeleri, ondan ýeriň aýak ujuna çenli gaçanlary hem, hatda «romantik» sözüni ýazgaryjy söz ýaly ulananlary-da öz goýnuna dolap alar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ella gözleri sahypa çüýlenen, aşaky dodagy çala sallanan görnüşde, biraz eglip duran halda doňup galdy. Bu ýerde gürrüň onuň hut özi barada barýardy! Eger okan sahypasynda «Yşk hemmeleri öz goýnuna dolap alar, şol sanda Bostonyň ýakynlarynda ýaşaýan, Ella Rubinşteýn atly üç çaganyň enesi, öý hojalykçy aýalyda» diýlip ýazylan bolaýanlygynda-da, gaty gitse, şunça haýran galdyrardy. Içinden bir ses eseri bir gyra süýşürip, derhal içerik giräge-de, Mişele telefon edip, bu täsin kitaby okamajakdygyny aýtmalydygy barada pyşyrdady.

Şeýle-de bolsa, ol biraz ýaýdanyp duranyndan soň, uludan dem aldy-da, sahypany agdardy. Şeýdibem, mylaýym maý agşamynda heniz adyny-da eşitmedik ýazyjysynyň büs-bütin nätanyş bir dünýä barada gürrüň berýän romanyny okamaga başlady.

**A.Z. ZAHARA**

**YŞK ŞERIGATY**

**... Biz dile, söze bakmarys. Köňle, hala bakarys,**

**... Edep bilýänler başgadyr,**

**Jany, ruhy ýanan aşyklar başga.**

**Yşk şerigaty bütin dinlerden aýrydyr.**

**Aşyklaryň şerigaty-da Allahdyr, mezhebi-de.**

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

**Möwlana Jelaletdin Rumy.**

**«Mesnewi», II jilt, 133-nji sahypa.**

Mundan kän wagt ozalkalbyma roman ýazmak höwesi aralaşdy. Yşk şerigaty hakda. Ýazmaga gaýratym çatmady. Dilim lal boldy, galamymyň ujy kör. Entekler ençeme sanaç uny boşatmalydygyma düşündim. Ýola düşdüm. Dünýäni aýlandym. Adamlar bilen tanyş boldum, hekaýatlar ýygnadym. Soňra köp baharlar geçdi. Sanaçlarda un galmady; men welin, henizem çig, ham, häzirem yşk meselesinde çaga ýaly gögele...

— Möwlana özüne «Hamuş» diýer eken. Ýagny, Dymma. Heý, bir şahyryň, onda-da ady dünýä dolan şahyryň, ýagny bar işi-pişesi, barlygy, şahsyýeti, hatda dem alýan howasy-da sözlerden ybarat bolan, elli müňden-de agdyk ajaýyp setiri döreden adamyň nädip özüne dymma diýen ady alandygy barada oýlanyp gördüňmi?..

Älemiň hem edil biziňki ýaly näzik kalby we tertipli ýürek urgusy bar. Näçe ýyldyr nirä gitsem hem şol sesi eşidýärin. Her bir adamy Ýaradanyň amanaty gizlenen jöwher hasap edip, olaryň aýdýanlaryna gulak gerdim. Sözlemleri, sözleri, harplary... hezil edip diňledim. Şoňa garamazdan, maňa şu kitaby ýazdyran zat sessedasyz ümsümlik boldy.

«Mesnewiniň» manysyny ýorýanlaryň köpüsi bu ölmez-ýitmez eseriň «b» harpy bilen başlanýandygyna ünsi

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

çekýärler. Eseriň ilkinji sözi «Bişrewdir!», ýagny «Diňle!» Ady Dymma bolan şahyryň iň gymmatly eserini «Diňle!» diýip başlamagyna tötänlik diýip bolarmy? Dogrusy, ümsümligi diňläp bolýarmyka? Bu romanda her bölüm şol bir çekimsiz harp bilen başlanýar. «Näme üçin?» diýip sorama, ýalbarýan.

Jogabyny özüň tap. Onsoňam, ony öz ýanyňda aýap sakla.

Çünki şeýle bir hakykatlar bar welin, bu ýollarda düşündiren mahalyň hem syr bolup galmaly.

Z. Zahara, Amsterdam, 2007

## Giriş

Häkimiýet ugrundaky soňy gelmeýän göreşler, dini çaknyşyklar, mezhep dawalary, syýasy durnuksyzlyk... XIII asyrda Anadoly bu zatlaryň ählisine ýakyndan şaýat boldy. Günbatardan Küdus (Iýerusalim) diýip ýola düşen haç göterijiler Konstantinopoly basyp alyp talapdylar; şeýdibem, Wizantiýa imperiýasynyň bölünmegine sebäp bolupdylar. Gündogarda Çingiz hanyň harby paýhasy ýokary düzgün-nyzamly mongol goşunynyň täsiriniň tiz ýaýramagyna getiripdi. Wizantiýa elden gidiren topraklaryny, rowaçlygyny we agalygyny gaýdyp almaga dyrjaşýan mahaly, arada galan dürli türki beglikler hem öz aralarynda söweşýärdiler. Bu asyra ozal görlüp-eşidilmedik başbaşdaklyk we dawajenjeller öz hökümini ýöredýärdi. Hristianlar hristianlar bilen, hristianlar

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

musulmanlar bilen, musulmanlar hem öz aralarynda çaknyşýardy, garpyşýardy. Haýsy tarapa gitseň, gapma-garşylyk hem gaýduwsyzlyk, haýsy tarapa baksaň, ejir hem açgözlük, kime gabat gelseň, ertirki günüň ýene nähili weýrançylyklar getirjekdigine howsalaly, dartgynly garaşma...

Bu ahy-pyganyň içinde şu töwerekdäki şäherleriň biri bolan Konýada bir yslam alymy ýaşaýardy. Köp kişiler oňa Möwlana, ýagny «tagsyrymyz» diýip ýüzlenýärdi. Bu meşhur adamyň çar tarapdan gelen müňlerçe müridi, muşdagy bardy. Ol ähli musulmanlaryň ýoluny ýagtyldýan çyrag hasap edilýärdi. Onuň hakyky ady Jelaletdin Rumudy. 1244-nji ýylda Rumy Töwrizli Şems bilen tanyşdy. Şems gezende Galandariýe derwüşidi; ýüzgörmezek adamdy. Ýollarynyň gabatlaşmagy bilen başlanan wakalar bularyň ikisiniňem ýaşaýşyny düýp-teýkary bilen özgertdi. Ol şeýle bir mäkäm, üýtgeşik köňül bitewüliginiň başlangyjydy. Olaryň özara gatnaşygyny soňky asyrlarda ýaşap geçen tasawwuf alymlary — mutasawwuflar iki ummanyň biri-birine gowuşmagyna meňzetdiler. Şu deňsiz-taýsyz dostlugyň, ýaranlygyň kömegi bilen Rumy öňden höküm sürüp gelýän çäklere ýakyn durýan din alymy bolanlygyndan, werdiş bolnan ähli kadalardan çykmaga ýürek edip, özüni bagyşlan köňül ähline, yşkyň otlukly

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

penakärine, sema tanslaryny döreden we şoňa berlen şahyra öwrüldi. Ol «Yslam äleminiň Şekspiri» diýip ýatlanylmagyna sebäp bolan ägirt uly eserleri miras goýup gitdi. Adamlaryň aňyna kök uran köre-kör ynançlaryň, ýazgaryşlygyň döwründe ol ählumumy, giň gerimli we parahatlyksöýer ahlaky ruhy goldady; hiç kimi ala tutman, gapysyny her bir adam üçin giňden açyp goýdy. Hamala, şol döwürlerde bolşy ýaly, häzir hem ençeme adamlaryň «kapyrlara garşy göreş» atlandyrýan zahyry — daşky jyhada derek, adamyň öz içki dünýäsine gönügip, kämilleşmegini maksat edinýän batyny, ýagny ruhy dünýä bilen bagly jyhadyň üstünde durdy. Adamyň öz egosyna, menligine garşy ahyryna çenli göreşip, nebsini ädimme-ädim ýeňmegiň ýollaryny görkezdi.

Şeýle-de bolsa, ýüregindäki yşk tupanyna her

bir adamyň meýilli bolmaýşy ýaly, bu pikirleri hem hemmeler kabul edip bilmedi. Töwrizli Şems bilen Rumynyň arasyndaky şol kuwwatly ruhy baglylyk myş-myşlara, töhmetlere, sürünmelere sezewar boldy. Olaryň küpür sözler sözleýändigini aýdýanlar tapyldy. Düşünmediler. Jedele girdiler. Olary gabandylar. Ahyrynda-da, ähtimal, iň ýakyn adamlarynyň hyýanatçylygyna duçar boldular. Tanşanlaryna üç ýyl bolanda, olar pajygaly ýagdaýda biri-birinden aýra düşürildiler.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ýöne olaryň hekaýaty şu ýerde tamamlanmady.

Aslynda hijem soňlanmady bu hekaýat, dowam etdi. Şems bilen Möwlana Jelaletdin Rumynyň ruhlary, takmynan, sekiz asyr soň — häli-häzirem diri we mahal-mahal biz bilen bile sema edýärler... **Ganhor**

## Iskenderiýe, 1252-nji ýylyň noýabry

Häzir diri däl. Birmahal ölüp giden. Ýöne nirä gitsem hem, gözi mende; asmandan asylgy iki sany şumluk saçýan gap-gara ýyldyz daşy ýaly bolup ýiti şöhle saçyp, meni yzarlap ýör. Konýadan uzaklaşsam, daş ýerlere gaçyp gitsem, beýnimi burguç ýaly deşip barýan bu ýatlamadan halas bolaryn öýdüpdim. Henizhenizlerem beýnimde onuň perýady ýaňlanyp dur. Ýüzünden gany gidip, gözleri hanasyndan atylyp çykmanka, çala dem alyp, agzy ýumulmazdan öň çykaran şol sesi duzaga düşen gurduň uwlamasy ýaly, hanjar urlan adamyň ahyrky hoşlaşygydy.

Biriniň ganyna galan mahalyň ondan saňa hökman bir zatlar ýokuşýar: keşbimi, ysymy, demimi... Ahymy, näletimi, sesimi... Men muňa «öldürileniň gargyşy» diýýärin. Ol bedeniňe ýapyşyp galýar. Teniňi deşip geçjek bolýan ýaly, tä ýüregiň çuňluklaryna aralaşýança, ony oýýar otur ýar... Ol hut şol ýerde ornaşýar, sende täzeden ýaşaýyş tapýar. Düýşleriňe girýär, ukyňy para-para edip bölüp taşlaýar. Gündizlerine eýdip-beýdip mydar edýäň,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

ýöne garaňky düşüp ýeke galanyňda, düşegiňde seni sowuk der basyp başlaýar. Her bir öldürilen özüni öldüren ganhorda ýaşamagyny dowam edýär. Kabyl Habylyň ganyna galaly bäri, hiç bir ganhor öz gurbanynyň amanatyny gerdeninde götermekden halas bolup bilen däldir.

Köçede gabat gelýän adamlar muny asla aňşyrmaýan hem bolsa, şu güne çenli ganyna galan adamlarymyň her birinden üstümde nähilidir bir nyşan göterýärin. Göze görünmeýän monjuk ýaly bolup, olar berk gysylyşyp, agram berip, boýnumdan asylgy durlar. Bu ýük bilen ýaşamak aňsat düşmeýär. Käte demiňi almagam kynlaşýar. Şeýle bolýar eken ol.

Adam öldürmegiň ahmyry başga hiç bir zada meňzemeýär. Çekip-çydar ýaly zat dälem bolsa, indi öwrenişilip ýör öýdýän. Bu ýagdaýy ýaşaýşymyň bir parçasy hasaplaýaryn. Keýpimi bozup duranok. Ýa-da bir wagtlar şeýle pikir edýärdim. Ýöne, şu soňky eden jenaýatym nähili boldy-da, meni beýle elendirip siltedikä?

Bu gezek başdan öňkülerden üýtgeşik boldy. Mysal üçin, işi nähili tapyşym... ýa-da, işiň meni nähili tapyşy diýeýinmi? 1247-nji ýyldy, güýz paslynyň ahyrlarydy. Konýada bozukhana ýöredýän, ýowuzlygy bilen at alan hünsanyň — germafroditiň janpenasydym. Wezipäm bozuk aýallara gözegçilik etmek, hetdini tanamaýan

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

müşderileri akylyna aýlandyrmak, gödek güýç ulanyp onuň-munuň gözüniň oduny almakdy.

Şol gün dek düýn ýaly ýadyma düşýär. Bir gaçgagy, bozgakhanadan gaçan bir ýoldançykany yzarlap ýördüm. Saçykesilmiş, birden alaga-da, bu ýollara toba edip, özüni dine bagyşlamagy ýüregine düwenmiş. Ony bir döw-ä çalan bolmalydy! Haýp, owadan gyzdy.

Sähelçe-de bolsa, ýüregim awaýardy. Sebäbi tapaýsam, gaýdyp erkek göbekli oňa gabagyny galdyrmaz ýaly, ýüzüni erbet edip bozup taşlajakdym. Çöl Güli lakamly şol sölite gyzjagazy ele salmagyma az galanda birden bir syrly hat aldym. Ol hat ünsümi başga tarapa sowdyda, bar küýüm-köçäm şoňa gitdi...

Hatyň aşagynda: «Imanyň sakçylary...» diýip gol goýlupdyr.

«Biz seniň kimdigiňi gaty gowy bilýäris — diý-lip, hatda ýazylypdyr, — Ozallar Haşhaşynyň janpenasydyň. Hasan Sabbah öldürilip, tarykatyň öňbaşçylary tutulyp, zyndanlara taşlanandan soň, gaýdyp özüňizi dürsemegi başarmadyňyz, öňküler ýaly bolup bilmediňiz. Sen ele düşmejek bolup, Konýa gaçdyň. Şu ýerde gizlendiň, ýaşyryn gezdiň. Özüňe başga kär, bütinleý başga at tapyndyň. Häzir bir iş bar, özem tüýs seniň oňaraýjak işiň».

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Hatda iňňän möhüm meselede hyzmatyma zerurlyk duýulýandygy beýan edilýärdi. Sylag-serpaýynyň ýetiriljekdigine kepil geçilýärdi. Eger teklip meni gyzyklandyrsa, agşam azany okalandan soň, meşhur meýhanalaryň birine barmalydym. Duşuşmaly ýerimiz şol ýerdi. Penjiräniň golaýjagyndaky sypada, arkamy gapa tarap edip oturmalydym. Kellämi aşak egip, gözümi ýerden galdyrmaly däldim. Köp wagt geçmänkä, meni hakyna tutjak adam ýa-da adamlar gelmelidi. Gerekli maglumatlaryň ählisini maňa şolar bermelidi. Gelen mahallaram, giden wagtlaram ýa gürrüň edilip oturylan çagtam başymy galdyryp ýüzlerine seretmäge ygtyýar edilmeýärdi. Garaşylmadyk hat bolany üçin oňa ähmiýet berip durmadym. Müşderileriň her dürli häsiýetde bolýanyny göre-göre gelýärdim. Şunça ýylyň işi, näçe garlar basgylanypdy, her jüre adam meni hakyna tutup görüpdi. Ählisi diýen ýaly, öz atlarynyň gizlin saklanaryny isleýärdiler. Tejribäm bir zady görkezýär: müşderi özüni ýaşyrmak meselesinde näçe tutanýerlilik görkezýän bolsa, köplenç halatda ol kast edilýäne şonça-da ýakyn adam diýmekdi. Bu hatasyz kadadan habarym bardy. Ýöne o meni gyzyklandyryp durmaýardy. Meniň etmeli işim bellidi: öldürmeli. Üzümini iýsemem, bagyny soramaýardym. Alamut galasyndan çykalym bäri özüme saýlap alan durmuşym şeýle hörpdedi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Onsuzam men gaty seýrek sowal berýän adamdym. Näme soraýyn? Meniň bilýän zadym, bu dünýäde hemmeleriň biraýakdan ýoguna ýanmak isleýän bolmanda bir adam bardyr. Alaga-da jenaýata ýüz urmaýanlygy şeýle adamlaryň hiç haçan jana kast etmejekligini aňlatmaýardy. Amal depderlerine bu zäher-zakgun günäni ýazdyrmadyk bolmagy-da ahmaldyr, ony makullaýan. Ýöne beýle diýildigi şeýle haý-höwes olaryň hyýallaryna-da gelmeýär diýildigi däldir.

Aslyýetinde şeýle pursat ýüze çykyp, her bir adamyň kimdir birini öldürmegi ahmal. Ýöne muny köpler bilmez. Tä garaşylmadyk waka zerarly gazaba münüp, edenini-goýanyny bilmän, özüni ýitirýänçä, şeýle bolup biljegini boýun alasy gelmez. Elini asla gana bulamajagyna, hiç kimiň janyna kast etmejegine ynamlary uludyr. Ýöne hemme zat gabat gelmä baglydyr. Käte biriniň gözi-gaşy sähel oýnady diýip, başga biriniň gany depesine urar. Peşäni pile dönderer, bolgusyz zada yrsarap, ýok ýere goh turuzar. Dogrusy, sapýürekli, tämiz, mertebesini bilýän, asylzada adamlaryň içindäki murdar nägehanyň duýdansyz ýüze çykmagy üçin bimahal wagtda, ýalňyş ýerde bolmagyň özi hem ýeterlikdir. Islendik ynsan adam öldürip biler. Ýöne şu durmuşda asla tanamaýanbilmeýän birini sowukganlylyk bilen öldürmegi adamlaryň juda az sanlysy başarsa gerek. Ynha, şo ýerde-de işe men goşulýan-da, şeýle işiň hötdesinden özüm gelýän.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Men başgalaryň hapa işlerini edýärin. Bu durmuşda özüm ýalylaryň hem gerek ýeri bolýar. Allatagala hem mukaddes nyzamyny guran mahaly jan almak meselesinde Ezraýyly özüne oruntutar bellemänmidir? Şonuň üçinem adamlar başlaryna her ne apat gelse-de, ony Ezraýyldan görüpdirler. Ajal perişdesini näletläpdirler, ondan elheder edipdirler. Şonuň netijesinde-de Onuň adyna zeper ýetmändir. Eýse, bu
Ezraýyl babatda adalatlymydyr, eýse, muny dogry hasap edýäňizmi diýmegiňiz mümkin. Ýöne, bolmanda-da, bu dünýäni beýle bir adalatly ýer hasap edip boljak däl, şeýle dälmi?

Her näme bolsa-da, garaňky gatlyşansoň, hatda agzalan meýhana gitdim. Ýöne içerik giren mahalym penjiräniň golaýyndaky sypa boş däl eken. Ýüzi gamçy yzly bir adam sypada uklap galypdyr. Hepbesizi oýaryp, owarra bol bärden diýjekdim welin, soňky pursatda degmäýin diýdim. Serhoşlaryň haçan näme goparjagy belli däldi. Adamlaryň ünsüni özüme çekmegiň geregi ýokdy. Şonuň üçinem iň ýakyndaky boş sypa geçip oturdymda, penjirä garap, garaşyp başladym.
Köp wagt geçmänkä, iki adam geldi. Hersi bir tarapyma geçip oturdy, aralarynda galdym. Ýüzümiz görünmesin diýip, berk oranypdyrlar. Dogrusy, ikisiniň-de ýaş, aljyraňňy we tejribesizdigine, baş uran işlerine juda

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

taýýarlyksyzdygyna göz ýetirmek üçin ýüzlerine seredip oturmagyň hajaty-da ýokdy!

— Siz hakda köp eşitdik — diýip, biri sesinden seresaplylykdan beter açyk duýlup duran alada bilen dillendi. — Aýtmaklaryna görä, bu işde sizden ussat adam ýokmuş.

Ýaş ýigidiň gürrüňini gülkünç hasaplasam hem, ýylgyrmazlyga çalyşdym. Özümden heder edýändiklerini aňdym, bu gowulygyň alamatydy. Birneme gorksalar, buýtar-suýtar etmäge gaýratlary çatmaz. Şonuň üçinem şeýle diýdim:

— Dogry aýdypdyrlar. Bu babatda özümden zory ýokdur. Şonuň üçinem maňa Şagalkelle diýýärler. Etmeli işim näçe kynam bolsa, müşderimi ýüzügara edýän däldirin.

— Bize-de tüýs geregi şo-da — diýip, ýaş adam hemleli dillendi. — Sebäbi saňa buýurjak işimiziň hem ýelek üflän ýaly ýeňil düşmezligi ahmal.

Ynha, şol pursat beýleki ýaş ýigit gürrüňe goşuldy.

— Bir adam bar. Başymyza bela boldy, haramzada. Özüne bir topar duşman gazandy. Şu şähere düşeli bu ýere näletden başga zat getirmedi. Ýeke şaýylyk haýryny görmedik. Näçe gezekler duýdursagam, bir gulagyndan girip, beýlekisinden çykýar. Hatda akylyna aýlanmakdan

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

geçen, beterini çykarýa, azýar, azdyrýar. Bize başga alaç galmady.

Sesimi çykarmadym. Aslynda hemişe-de şeýle bolýar. Müşderiler meniň bilen el gysyşmazdan öň, näme üçindir alýarlar-da tükezzibana başlaýarlar. Öldürtmek isleýän adamlarynyň neneňsi bolgusyz, neneňsi bozgak adamdygyny ýanjaýarlar. Hamala, aýdanlaryny makullasam, etjek bolýan etmişimiz ýeňläýjek ýaly.

— Düşnükli. Eýse, ol adam kim bolmaly?

Bu sowalyma olar aljyradylar. Bimany takala tutdurdylar.

— Din bilen, iman bilen baglanyşygy bolmadyk kapyr! Ýagdaýy hormat-sarpasyzlyga, küpüre çenli ýetiren pitneçi. Tüpbozan derwüş. boldy. Serimden her jüre pikirler, alada-gaýgylar geçdi, keýpim gaçdy. Şol güne çenli her hili adam öldürip görüpdim; ýaşyny, garrysyny, erkegini, aýalyny, sagdynyny, şikeslisini... Emma olaryň arasynda derwüş, ýagny özüni dine-imana bagyşlan adam ýokdy. Meniň hem, dogrusy, özümçe ynanýan zatlarym bardy, Allanyň gazabyny üstüme çekesim gelenokdy. Sebäbi her hili etmiş etsem-de, Alladan gorkýardym.

— Gynansagam, ýigitler, teklibiňizi kabul edip biljek däl. Bir derwüşiň ganyna galmak niýetim ýok.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Özüňize başga birini tapyň.

Ýerimden turup gidermen boldum. Ýöne ýaş ýigitleriň biri golumdan asylyp, ýalbar-ýakar edip başlady:

— Haýyş edýän, birden çürt-kesik bir zat diýmäň. Elbetde, zähmetiňiziň sylagy ýetiriler. Agzyňyz gymyldasa bolýar, iki essesini tölemäge taýýar.

— Üç essesini diýsem?... — diýip, dilime gelen sözi duýdansyz aýdyp goýberdim. Beýle ýokary nyrhy töläp bilmejeklerine gaty ynanýardym.

Ýöne asla garaşmaýan zadym boldy. Sähel säginen ýaly etdiler-de, ikisi-de teklibimi kabul edýändiklerini aýtdylar. Gaýtadan ýerime geçdim. Keýpim göterildi. Dogrusy, agzalýan pul eslije bardy. Şu jenaýaty bir ýüzli edip bilsem, uzak ýyllap arkaýyn ýaşap boljakdy. Galyň ýygnajak bolup, hars urup ýörmäge zerurlyk galjak däldi. Şobada öýlenip biljekdim. Şundan soň, güzeran üçin gabagyňy galdyrmanyňdada, arkaýyn najrap ýörmeli boljakdy. Derwüşmi ýa başga biri, kim bolsa bolaýsyn, şeýle şertde islendik adamy janyndan jyda düşürmäge taýýardym.

Nireden bileýin şol pursat ömrümiň iň uly ýalňyşlygyna ýol berip, soň ökünip aňyrsyna çykyp bilmejegimi? Şol derwüşi öldürmegiň nähili kyn düşjegini, öldürenimden

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

soň hem hanjar ýaly ýiti nazaryny synamda göterip gezmeli boljagymy men şonda nireden bileýin?

Şemsi howluda öldürip, guýa atalyma bäş ýyl boldy. Jesediniň suwa düşen mahaly çykan sesi häli-häzirem eşidemok. Guýudan «çyt» edibem ses eşidilmedi. Hamala, derwüşiň jesedi guýynyň düýbüne düşmän, arşa göterilen ýaly. Şol öleli bäri, gara basdyrmadyk ýeke gijämem ýokdur. Häli-häzirem suw ýygnanan ýer gördügim tutuş endamymy sowuk gorky gaplap alýar, ellerim sandyrap, ýüregim bulanyp başlaýar.

Haçan şol gijäni ýatlasam, içimdäki zatlaryň baryny daşyma çykarasym gelýän ýaly, şeýdibem, özümi halas edesim gelýän ýaly, iki büklüm bolup gaýtarýan...

Ellerim-aýaklarym ýöne süňk bilen ham bolup gurap galdy.

Nähili geň ýagdaý! Ol ölse-de, häzirem diri! Men welin, her gün täzeden ölýärin.

## Birinji bölüm

## TOPRAK

### Ýaşaýyşdaky çuň, durnukly hem gaty zatlar...

### Şems

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

**Samarkandyň ýakynlaryndaky kerwensaraýlaryň biri, 1242-nji ýylyň marty** Agşam naharynda ýene gaýyp älemine syýahat etdim. Bu gezek gören zatlarym şeýle bir janly, şeýle bir hakyky, şeýle bir aýdyňdy welin...

Bagy tohuma duran sap-sary güller bilen bezelen ulurak öý. Howlynyň ortarasynda-da dünýäniň iň sowuk suwly guýusy... Güýzüň ahyry, asmanda bolsa dolan Aý, syrly gije... töwerekde garaňkylygy höwür tutunan haýwanlaryň ençemesi aýlanyşyp ýördi; baýguş, ýarganat, möjek.., kimisi saýraýar, kimisi uwlaýar... Biraz wagtdan soň, eginlek, sypaýy garaýyşly, ala gözleri uzaklary nazarlaýan, orta ýaşlaryndaky bir adam öýden çykdy. Ýüzi agyr aladalydy, gözleri uçgyraksyz hasratdan doludy...

— Şems, Şems, sen nirede? — diýip, ol saga-sola seslendi.

Telbe şemal öwüsdi, Aý bulutlary ýüzüne perde edindi, hamala boljak işlere şaýat bolmakdan tebigatam çekinýän ýalydy. Baýguşlar gygyrmaz, ýarganatlar ganat kakmaz, ojakdaky ot şatyrdamaz boldy. Tutuş dünýäni lal-jim sessizlik, ümsümlik gurşady.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ol adam agyr-agyr ädimler bilen guýa ýakyn gelip, egildi-de onuň hut düýbüne seretdi.

— Şems janym, janjagazym — diýip, pyşyrdady, — Ýa sen bärdemi?

Jogap bermek üçin agzymy açsam-da, dodaklarymdan ýeke sesem çykmady.

Ol adam öňküdenem beter egildi-de, guýynyň düýbüni üns bilen gözden geçirdi. Birbada gara suwdan başga hiç zat gözüne ilmedi. Soňra birden aşakda tupandan soň umman bilen bile çaýkanýan, çaýkandykça-da ummany tolkundyrýan sal ýaly bolup, suwuň ýüzünde manysyz gaýmalaýan elimi saýgardy. Soňra bolsa, ýokaryk garaýan jübüt göze nazary düşdi. Şonda şol gözler, meniň gözlerim hut guýynyň düýbünden asmanda galyň gara bulutlaryň aňyrsyndan peýda bolan dolan Aýa garaýardy.

Ganhorymyň hasabyny asmandan soraýan ýaly, oklanan ýerimde ýatyşyma Aýa bakýardym.

Ol adam çöküne düşdi-de, göwsüne urup, perýat etmäge başlady:

— Öldürdiler! Şemsiň janyna kast etdiler!

Ynha, şol pursat agaçlaryň düýbünden bir kölege süýrenip çykdy-da, wagşyýana pişik ýaly bolup assyrynlyk bilen, çalasyn hereket edip bagyň haýatyndan aşdy. Howludaky

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

adam ganhory görmedi.Ol çekýän ejiriniň astynda bükülýärdi, büküldigiçe-de ses edýärdi, ses etdigiçe-de syr saklap bilmedik aýna mysaly çatlaýardy, jaýrylyp döwülýärdi. Perýady ýiti aýna gyýçaklary ýaly çar tarapa syçrap, gijäni eleme deşik edýärdi.

— Ýuwaş-how! Dälirediň-mäý, how, adam? Näme dälirän göle ýaly bögürýäň?

— .......

— Kime diýilýär-how?! Bes et şu gohuňy! Bolmasa, seni daşaryk taşlaryn!

— ........

— A-how, sen aýdylany eşideňokmy? Bes et diýdigim, bes et!

Ýene biraz gaýyp äleminde galmak üçin gulagymyň düýbünde ýaňlanýan ýiti sesi eşitmedik boldum. Nähili ölendigimi bilsem diýýärdim. Ylaýta-da, gözleri hasratdan doly şol adamy ýene bir gaýta göresim gelýärdi. Allajanlarym, kimdikä? Meniň bilen näme baglanyşygy barka, güýz gijeleriniň birinde näme diýmekçi bolup, islegime bakman, meni gözledikä?

Emma gaýyp äleminiň gapysyndan girmäge mümkinçilik galmady, biri golumdan tutup, şeýle bir güýç bilen çekdi

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

welin, dişlerim dökülermikä öýtdüm. Şeýdip, kynlyk bilen bu dünýä golumdan çekip getirildigim boldy.

Zordan, özümem islemän gözlerimi açdym. Dawudyňky ýaly ýiti sesli bir kişi başujumda dik durdy. Uzyn boýly, semizräk adamdy; ak düşen sakgaly, ujy mumlangy çowlanyp duran murtlary bardy. Ony tanadym: ol kerwensaraýyň eýesidi. Şol pursat iki zada göz ýetirdim: ol gygyryp goh etmäge, zorluga, gözüniň oduny almaga endik eden adam bolmaly. Galyberse-de, häzir ol gahardan ýaňa özüni ýitiren haldady.

— Näme boldy? Näme habar? — diýip soradym. — Näme üçin golumdan çekýäň?

— Näme boldy diýýäňmi? — diýip, kerwensaraýyň eýesi — saraýman degişmä salyp seslendi. — Näme boldy diýip, özüňden soramaly! Şu arlamaňy bes edäýseň diýýän. Sen-how, müşderilerimi gorkuzyp gaçyrýaň.

Saraýmanyň gysaç ýaly ellerinden sypjak bolup dyzaşyma:

— Dogryňmy? Gygyrdymmy? — diýip, gyryljyk ses bilen soradym.

— Onda-da nähili! Penjesine tiken çümen boz aýy ýaly, ýaňyja-da arlap durduň, tamyň depesi başymyzdan iner öýdüp gara janym galmady. Saňa beýle näme boldy

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

birden? Nahar iýip otyrkaň uklap galdyň. Ýa ukuda gara dagy basdymy?

Saraýmanyň kellesine gelip biljek ýeke-täk düşündirişiň şudugyny bilýärdim. Günüme goýsa bolýar diýip, ugruna sürüp, aýdanlaryny tassyklap biljekdim, ýöne ýalan sözlemäge dilim barmady.

— Ýok, beýle zat bolanok. Uklabam galmadym, garada basmady — diýdim. — Galyberse-de, men hiç haçan düýş göremok.

—Ýeri, onda näme üçin arladyň beýle? — diýip, saraýman sözüniň üstüne goşdy.

— Sebäbi gaýyp älemine gidip geldim. Men şeýdip käte gaýyp älemine aýlanyp, syýahat edip gelýärin. Düýş bir başga, gaýyp älemine gitmek bir başga.

Saraýman agzyny öweldip durşuna maňa aňkaryp galdy. Gahar bilen murtlarynyň ujuny dişledi. Soňam şeýle diýdi:

— Siz derwüşler, ähliňiziňem aňkaňyz aşypdyr öýdýän, ýa ýalanmy? Ylaýta-da özüň ýaly gezende abdallar şeýle! Uzakly gün agyz bekläp, doga-dileg edip aýlanyp ýörşüňize gün depäňizden geçip gidýär. Seriňiz üýtgäp, salgym görýän bolaýmaň.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Güldüm. Ol mamlady. Onsuzam Allada özüňi ýitirmek bilen akylyňy ýitirmegiň arasynda gyl ýaljak tapawut bar diýmeýärlermi?
Şol pursat münderlenip doldurylan äpet uly mejimäni aralarynda göterip iki sany ýetginjek göründi. Üstünde ýaňy gyzardylan geçi etleri, duzlanan balyklar, hoşboý ysly zatlara ýatyrylan döwlen goýun etleri, guýruk ýagyna dürli-dümen zatlar goşulyp bişirilen myssyjak külçeler, merjimek hem içgaryndan bişirilen çorbalar... Ýetginjekler müşderilere nahar paýlaşdyryp ýörkäler soganyň, sarymsagyň we beýleki dürlidümen hoşboý zatlaryň ysy içerini tutdy. Meniň oturan saçagymyň ýanyna gelen mahallary bir okara çorba bilen bir kesemen gara çörek aldym.

Saraýman öňümde duran zatlara göz aýlady.

— Eşidýäňmi, bulara töläre puluň barmy? — diýip, üstüme abanyp sorady.

— Ýok – diýdim. — Ýöne eger isleseň, naharyň hem ýatymlyk ýeriň tölegine derek bir düýşüňi ýorup biljek.

—Ýaňyjada hiç haçan düýş göremok diýip durduň-la.

— Dogry. Men asla düýş görmeýän düýş ýorgutçysy.

— Aýtdym-a, baryňyzyň aňkaňyz aşgyn diýip — saraýman ýüzüni turşutdy. — Gowusy seni gapydan

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

daşaryk kowmalymyka diýýän. Seret, şu aýdanlarymy gulagyňa gulakhalka edip dakyn. Şol dakynan jöwherden derwüş halkaň bar-a, şonuň ýanyndan asaý. Näçe ýaşyňdadygyň-a bilemok welin, ýöne iki dünýä üçinem ýeter ýaly doga okan bolsaň gerek. Indi bu işleri taşla. Git-de owadan aýal tapyn, öýlen. Ogulgyzyň bolsun. Şonda kök urarsyň, aýaklaryň ýer tutar. Hemme ýerde şol bir ýetde-gütde durmuş höküm sürýärkä, älemi aýlanyp ýörmäniň näme manysy bar? Menden saňa nesihat! Täze bir zatlar tapa ryn öýdýäňmi? Gulak as, düşlemek üçin şu kerwensaraýa dünýäniň çar künjeginden ýolagçy gelýär. Birküç bada göterdigi, bary şobir hekaýaty gaýtalap oturandyr. Adam hemme ýerde-de şol bir adam. Aşy şobir aş, suwy şobir suw, nejasatam-a şeýle!

—Ýöne men üýtgeşik zat gözlämok ahyry. Haky gözleýärin diňe — diýdim. — Men Haktagalany tapmak üçin syýahat edýän.

— Beýle bolsa, Ony ýalňyş ýerden gözleýäň — diýip, sesi birden gödekleşen saraýman alpetimden aldy. — Haktagalaň gitdi, haçan gaýdyp geljeginem sen sorama, sebäbini bilemok.

Bu sözleri eşidip, ýüregimiň syzlap gidenini duýdum.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Allany ýamanlaýan aslynda özüni ýamanlaýandyr — diýdim. — Ýamanlaýan bilse-de, bilmese-de, bu şeýledir. Saraýman dodaklaryny çöwrüp diýen ýaly ýylgyrdy. Onuň ýüzi gaharlydy we öýkelän çaganyňka meňzeýärdi.

— «Biz size esasy gan damaryňyzdan hem ýakyndyrys» diýmeýärmi? — diýip soradym. — Alla gökde alysdan-alysdaky tagtda oturanok ahyry. Ol her pursatda hemme ýerde hem-de hemmämiziň içimizde. Şonuň üçin Ol bizi asla taşlap gitmeýär. Öz-özüni nädip taşlap gitsin?

— Ýöne bolmaz öýdýän zadyň boldy-da. Bizi taşlap gitdi — diýip, saraýman sowuk nazaryny dikip ýanjap-ýanjap aýtdy. — Onsoňam ynansaň, şeýdeni gowy. Eger Alla şu ýerde bolup-da, başymyza her jüre apat inen mahaly barmagynam gymyldatman otursa, o nähili Alla bolýar, hany, aýt-da?

— Kyrk kadanyň ilkinjisidir şu onda — diýdim pessaýja. — Birinji kada: Ýaradany haýsy sözler bilen beýan edýänligimiz özümizi nähili görýändigimizi görkezýär. Eger Taňry diýlende, ilki bilen gorkmaly, utanmaly bir barlyk ýadyňa düşýän bolsa, onda köplenç gorkup hem utanyp ýaşaýansyň. Ýok, eger Taňry diýlende ozaly bilen yşk, merhemet hem mähir ýadyňa düşýän bolsa, onda bu sende-de şeýle sypatlaryň köplügini aňladýar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Goýsan-aý — diýdi saraýman. – Bu aýdýanyň —Taňry‖ biziň serimize getirýän hyýalymyzyň önümidir diýmekden näme tapawudy bar? Meniň çaklaýşyma görä, sen...

Ýöne hut şol pursat ýeňse tarapda bir goh turansoň, gürrüň kesildi. Öwrülip şowhunyň eşidilýän tarapyna seredenimizde serhoş halda gohlaşyp gelýän iki sany daýaw adama gözümiz düşdi. Ikisi-de başyna giden haýasyzlyk bilen beýleki müşderilere yrsaraýardylar, olaryň tabaklaryndaky naharlaryny kakyp alyp, badalaryndan içýärdiler; arasynda garşylyk görkezen bolsa, has beter dikleşip, utançsyz çagalar ýaly, gabat gelen kişi bilen kejeleşýärdiler.

Saraýman bu bolýanlary synlap, gahar bilen dişini gyjyrdatdy.

— Sered-ä bi ýüzügaralara! Görýän welin, başyna bela satyn aljak bolýarlar öýdýän! Seret, derwüş, seret-de sapak al!

Saraýman sözüni tamamlap-tamamlamanka, otagyň beýleki çetinde gögerdi. Serhoş müşderilerden biriniň bokurdagyndan tutup, ýumrugyny galdyrdy-da ýüzüne gondurdy. Ol adam beýle ýagdaýa asla garaşmadyk bolarly, boş çuwal ýaly ýere ýazylyp gitdi. Dodaklaryndan haşşyldydan başga ses çykmady.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Hernä, beýleki müşderi birneme dogumlyrak çykdy. Bar güýji bilen garşylyk görkezse-de, saraýmanyň ýumruklaryna uzak daýanyp bilmedi, ol hem ýere ýazyldy. Saraýman ýerde ýatan adamyň gapyrgalaryna janyýangynlyk bilen erbet depdi. Soňra bolsa, agyr ädiginiň astyna alyp, onuň elini myjalap basdy. Döwlen barmaklaryň sesi eşidildi.

— Besdir! — diýip gygyrdym. — Ony öldürýäň. Bar islegiň şomy?

Men bir sopy, islendik bir jany öz janyma durýanam bolsa goramaga borçly; ähtim şeýle, garynja-da dözüp bilemok. Guş görsem, ýadyma Süleýman düşýär; balyk görsem Ýunus. Meniň wezipäm olary goldamak, ýaşatmak. Bir adamyň beýleki birine zeper ýetirjek bolýanyny görsem, ejizi goramak üçin elimden gelenini ederin. Onsoňam biziň edebimizde ýowuzlyk ýokdur. Elimden bar gelýäni, otagçy bilen ötegçiniň — saraýman bilen ýolagçynyň arasynda şu pany bedenimi jansyz perde kimin çekmekdir.

Saraýman maňa gahar bilen garady-da:

— Derwüş, sen goşulma bu işe, ýogsa senem edil it ýenjen ýaly ýenjerin — diýip haýbat atdy. Ýöne munuň gury haýbatdan başga zat däldigini ikimizem bilýärdik.

Köp wagt geçmänkä, ýetginjekler gelip, müşderileri äkitdiler. Görsem, biriniň barmagy döwlüpdir,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

beýlekisiniň burny. Ähli ýer gara gana boýalypdy. Öýüň içine gorkunç ümsümlik aralaşdy. Turuzan gohundan razy saraýman haýbatyndan gabarylyp, gözüniň gytagy bilen bärik seretdi. Onuň ýüzi maňa bakyp duranam bolsa, sözleri hemmelere gönükdirilendi. Uç-gyraksyz gözýetime höküm edýän awçy guş mysaly, sesi belentden ýaňlandy:

— Gördüňmi, derwüş beg, ýumruk ulanasym gelenokdy, ýöne şeýtmeli boldum. Eýse başga nä alaç edeýin? Ýa meýdany şu azgyn adamlara goýmalymydym? Alla aşakdaky gullaryny ýadyndan çykaranda, dişimizi gyjyrdadyp, adalaty ýola goýmak bize galýar. Indikile Onuň bilen gürleşseň aýt. Bilip goýsun, guzyny ýeke goýdugy, gurda dönýändir!

Başymy ýaýkadym.

— Ýalňyşýaň — diýip, pyşyrdadym-da, gapa tarap ýöneldim.

— Bir wagtlar guzudym, indi gurt çykdym diýseň ýalňyş bolýarmy, eýse?

— Ýok, ol aýdýanlaryň dogry. Hakykatdanam, gurda dönüpsiň. Ýöne şu etmişiňi adalatly hasaplaýaň-a, ana, şonda ýalňyş goýberýäň. Saraýman yzymdan gygyrdy:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Hany, aýak çek, dur, heniz senlik işim gutaranok. Maňa bergiň bar. Nahar bilen düşek hakyna derek düýşümi ýorup berersiň.

— Halasaň, ondanam gowusyny edeýin — diýip,

maslahat berdim. — Gel, aýaňa garap, pal atyp bereýin.

Saraýmana tarap ýöneldim, alaw ýaly ýanyp duran gözlerinden gözümi aýyrmadym. Ýaýdanyp, ynam etmän, tolgunanam bolsa, sag elini elime alyp, owujyny açanymda garşylyk bildirip durmady. Palçylar, gözbagçylar adamlaryň ellerinden gelejegi okaýandygyny aýdýandyrlar. Men bolsam, diňe geçmişi okaýan. Adamyň geçen, ýöne geçmişde goýup gaýdyp bilmedik ýollaryny...

Saraýmanyň aýasyndaky çyzyklary gözden geçirdim; olar çuňdy, jaýryk-jaýrykdy, bulam-bujardy. Gözlerimiň öňünde bölek-bölek lowurdap duran keşpler peýda boldy. Her adamyň daşynda dürli reňkli halka bolýar. Bu adamyňky goňra ýakyn öçügsi mawumtykdy. Ruhunyň jöwheri oýulyp, gyralary gädilipdir. Özüni daşky dünýäden gorara içki güýji galmadyk ýalydy. Aslynda saraýman içinden barha gurap barýan ösümlige çalym edýärdi. Elden gidiren ruhy güýjüni dikeltmek üçin beden güýjüni iki esse ösdüripdir. Onuň içindäki ejizlik daşyna ýowuzlyk bolup şöhlelenýärdi. Şonuň üçinem hemişe özgeleri tutluşyga çagyrýardy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ýüregim çalt urup başlady; sebäbi täze bir zatlar gözüme görnüp ugrapdy. Ilkibada peýda bolan keşpler kynlyk bilen saýgartdy, hamala hemme zady perdäniň aňyrsyndan synlaýan ýalydym. Soňra ondaky zatlaryň ählisi, tutuş aýdyňlygy bilen öňümde ör boýuna galdy. *Saçlary goňras, ýalaňaç aýaklaryna gargaň reňki ýaly syýa reňkde besse-besse surat çyzylan, eginlerine nepis nagyşlar çekilen gyzyl ýapynjaly ýaş aýal.*

— Eý görýän adamlaryň birini ýitiripsiň -diýdim. Soňra saraýmanyň çep aýasyny elime aldym.

*Aýalyň göwüsleri damar-damar bolup çişipdir; garny burnuna ýetip dur, göýä ýarylaýyn-ýarylaýyn diýýär. Ýanyp duran öýden çykyp bilmändir. Kümüş eýerli atlylar öýi gurşap alypdyrlar. Howada ýanýan samanyň we gaýry zatlaryň ysy porsap dur. Seňrikmen paşşyk burunly, gysgajykdan ýogyn boýunly, ýüregi daşa dönen* mongol *atlylary. Çingiz hanyň nökerleri...* — Bir däl, iki adamy ýitiripsiň — diýip düzeltdim. — Aýalyň ilkinji perzendiňize hamyla eken.

Saraýman gözlerini süzgekledip, nazaryny aýasyndaky çyzyklara dikdi. Ýüzi ýerdedi, dodaklaryny berk gysyp durşuna bürşen ýüzi düşnüksiz hata döndi. Birdenem, ol gözüme bolşundanam garry göründi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Teselli bermejegini bilsemem, hökman aýtmaly bir zadym bar — diýip ýuwaşja dillendim. — Aýalyňy öldüren ýangynam däl, tüsse-de. Tamyň depesindäki pürsleriň biri üstüne gaýdypdyr. Hut şol pursadam, asla ejir çekmezden jan beripdir. Sen bolsaň, hemişe elhenç ejir çekendir öýdüp, biderek gaýga galyp ýörüpsiň.

Ýöne beýle däl.

Saraýman gaşlaryny çytdy, ol çekip-çydardan agyr ýüküň aşagynda bükülýän ýalydy. Hasratdan ýaňa gyryljyran sesi bilen sowal berdi:

— Munça zady nireden bilýäň? Ýa sen jadygöými?

Sowaly eşitmedik boldum.

— Aýalyňy mynasyp derejede topraga duwlap bilmedim diýip, özüňi günäkär duýýan ekeniň. Hälihäzirem elhenç gara basyp, düýşüňde onuň çukurdan süýrenip çykyşyny görýäň. Ýöne hyýallaryň seniň başyňa oýun salýar. Aslynda aýalyňam, ogluňam üýtgeşik bir halda ekenler. Ebediýetde göýä yşyk zerrejigi ýaly gaýyşyp, erkana gezip ýörler.

Sözlerime agram berip aýdýanlarymy jemledim:

— Isleseň, ýene guza öwrülip bilersiň. Sebäbi häzirem ol seniň içiňde bar. Aslyňy ýitirmänsiň.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Bu sözi eşiden badyna gyzgyn tabany tutan ýaly, elini çekip aldy-da, yza süýşdi.

— Gulak as, derwüş, seni asla iýnim söýmedi — diýdi. — Şu gije şu ýerde galsaň gal. Ýöne ertir irden garaňy saýlarsyň bärden. Gaýdybam, şu jelegaýda görmäýin seni!

Baş atdym. Düşnüklidi.

Hemişe-de şeýle bolýar. Dogryňy aýtdygyň, gahargazaba münýärler. Ylaýta-da, yşkdan söz açjak bolup synanyşyp bir gör, gödek hereket edip, saňa ýigrenç bilen gararlar.

***Ella Boston, 2008-nji ýylyň 18-nji maýy***

Uly gyzydyr ýanýoldaşy bilen gohlaşanyndan soň, öýde şeýle bir dartgynly ýagdaý döredi welin, Ella esli wagtlap «Yşk şerigatyny» okamaga mümkinçilik tapmady. Hamala, aralarynda ençeme wagtdan bäri lasyr-lasyr gaýnap duran gazan bolup, onuň hem birdenkä gapagy galyp, bar bugy zogdurylyp daşyna çykan ýalydy. Öňki agzalalyklaryň üstüne täze öýkekineler goşulypdy. Gynansagam, şol şumluk getiren gapagy galdyran adam Elladan başga hiç kim däldi.

Üstesine, muny Skota jaň edip, gyzy bi len durmuş gurmak hakyndaky hyýaly barada gaýtadan oýlanyp görmegi aýtmak bilen berjaý edipdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Soň-soňlar ol şol gezek jaň edip aýdan zatlarynyň ökünip aňyrsyna çykyp bilmez. Ýöne häzir däl. Maý aýynyň on sekizinden bäri onuň özüne şeýle bir göwni ýetýärdi welin, arkasyny daglara dirän ýaly, ýokardan seredip gürleşip, başga biriniň durmuşyna goşulmakda sähelçe-de ýazyk görmeýärdi.

— Salam, Skot. Bu men — Ella, Janetiň ejesi! — diýip, gyzynyň halaşýan ýigidi bilen gürleşmek onuň üçin adaty bir zat ýaly, telefonda alçaklyk bilen, mümkin boldugyça parahat sözledi. —Wagtyň bar bolsa, biraz gürleşip bilermikäk?

— Hanym Rubinşteýn, bu nähili garaşylmadyk zat?! Elbetde, baş üstüne — diýip, Skot gaty aljyranlygyna garamazdan, sypaýyçylygy elden bermezlik üçin çynyny edip, dili tutulan ýaly peltekledi.

Ynha, şonda Ella hem sypaýyçylygy elden bermän, Skota ol barada erbet pikirde däldigini, şondan ötri-de häzirki eşitjek zatlaryna ýalňyş düşünmeli däldigini, ýöne gyzy bilen durmuş gurardan entek Skotuň ýaşdygyny, üstesine, heniz belli käriň başyny-da tutmandygyny, tejribesiniň-de ýokdugyny aýtdy.

Belki, şu telefon gürrüňçiliginiň Skotuň göwnüne degmegi ahmal, onuň gynanmagy hem mümkin. Emma gaty bahym Ellanyň näme diýmekçi bolýandygyna düşünip, onuň mamladygyna göz ýetirer; hatda şeýdip,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

wagtynda duýdurandygy üçin geljekde sagbolsun hem aýdar. Şu meseläni ümsüm goýbolsun etse, ylaýta-da, şu telefonly gürrüňi Janete ýetirmese, juda peýdaly bolardy. Ella şu zatlary birinbirin aýtdy.

Telefonda ýakymsyz, düşnüksiz ümsümlik höküm sürdi... Skot ahyry ýüregini bire baglap:

— Hanym Rubinşteýn, göwnüme bolmasa, siz bize düşünmediňiz öýdýän — diýdi. — Janetikimiz biribirimize aşyk.

Al gerek bolsa! Baş üstüne, ynha, ýene şo birmeňzeş sözler! Adamlar nädip beýle türkana hem mön bolup bilýärlerkä diýip, Ella haýran galdy. Hamala iki köňül birleşse, samanlyk seýrana dönäýjek ýaly! Yşk, söýgi diýýäniň mukaddes, jadyly bir taýajykmyş-da, galtaşan zady üp-üýtgeşik bolaýmalymyş.

Ýöne Ella aňyndan geçenleri aýtmady-da, başga hörpden gopdy:

— Ogul, nähili duýgulary başdan geçirýäniňize düşünýän. Emma siz heniz juda gögele. Kim bilýär, ertir görseň, başga birine aşyk bolarsyň.

— Hanym Rubinşteýn, haýyş edýän, gelşiksiz hasap etmäň welin, ýöne şeýle zat ähtimal bolsa, ol hemmelere, hatda size-de degişli dälmi? Kim bilýär, ertir görseň, özüňizem başga birine aşyk bolaýsaňyz.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ella gaharly güldi.

— Men maşgalaly-zatly aýal ahyry. Maşgalamy ömürboýy ýaşamak üçin saýlap aldym. Ýanýoldaşym hem şeýle. Saňa nekirtläp düşündirjek bolan zadym hem şu-da, Skot. Maşgala bolmak oýunlyga salar ýaly zat däldir, çynlakaý oýlanmaly, ölçerip-dökmeli.

— Ýagny, häzir siz maňa günlerde bir gün başga birine aşyk bolmagym ahmal diýip, şu gün telbe bolup söýýän gyzymy taşlamagymy maslahat berýäňiz-dä, şeýlemi? — diýip, Skot sorady.

Gürrüňiň şundan soňraky böleginiň ýapy aşak togarlanyp gaýdanyndan parhy ýokdy. Häli-şindi dymmalar, ýaňsylamalar, arzuwlaryň puja çykmagy, gep nokatlamalar, ... bary garym-gatym boldy. Ahyry telefony goýanynda, Ellanyň elleri gahardan ýaňa titirtitir edýärdi. Ol dessine aşhana geçdi-de, hemişe içi gysanda edýän işine başlady: nahar bişirdi!  * * *

Ýarym sagatdan soň, äri telefon etdi.

— Gulagyma ynanyp bilmedim, Ella. Gyzymyz bilen maşgala gurmasyn diýip, Skota jaň edipsiň. Heý, boljak işmidir şü? Haýyş edýän, men beýle samsyklyk eden däldirin diý.

Ellanyň bir pursat demi tutuldy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bäý-bä, habarlar gaty tiz ýaýraýar eken-ow. Ýagşy... Jaň edip dogry etdim. Ýöne rugsat etseň, ýagdaýy düşündireýin...

Emma Dewidiň bir zatlara ejaza edere ýagdaýy ýokdy.

Çydap durup bilmedi, ýene söze başlady.

— Aýdyp-düşündirer ýaly näme bar? Beýle işi nädip edip bilýäň? Skot Janete baryny aýdypdyr. Gyzyň ýagdaýy gowy däl. Birküç gün Laurada boljak diýýär. Seni göresi gelenok...

Biraz säginse-de, Dewid sözüni jemledi:

— Menden sorasaň, gyzyň dogry edýär. Näme üçin beýdip, göreniň durmuşyna burnuňy sokup ýörsüň?

Şol gije öýe gelmedik diňe Janetdäldi. Dewid hem el telefonyndan Ella habar iberip, gyssagly ýagdaýyň çykandygyny, öýe baryp bilmejekdigini duýdurdy. Bu gyssagly ýagdaýyň nämedigi barada welin, hiç hili düşündiriş ýokdy.

Ýöne mundan öň ol beýle etmändi. Onuň bu hereketi maşgala ýörelgesiniň ruhuna tersdi. Gülden güle gonýardy, şol-a mälim. Başga aýallar bilen ýatyp turýan bolsa gerek, hatda olara petde-petde pul hem döküýändir. Ella indi haýsy bolanda-da bu zatlaryň baryndan doýgundy. Ýöne şu güne çenli welin, äri her agşam öýüne gelip, nahar başynda öz ornunda tapylýardy. Aralaryna

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

her näçe sowuklyk düşse-de, Ella onuň üçin nahar bişirmekden, Dewid bolsa tabagyna guýlany ýylgyryp, minnetdarlyk bilen iýmekden kemdurmazdylar. Onsoňam her nahardan soň, Dewid hökman çyny bilen: «Eliň dert görmesin!» diýerdi. Ella şu jümläni eşidende, äriniň özünden göçme manyda ötünç soradygy diýip düşünerdi.

Onsoň ony bagyşlardy. Hemişe-de bagyşlapdy.

Häzir bolsa, äri ilkinji gezek şeýdip soňuny saýman hereket edýär. Ella şu ýagdaý sebäpli özüni günäkärledi. Emma özüni büs-bütin günäkär duýmak, özgeleriň hatasyny öz boýnuna çekmek onsuzam Ella Rubinşteýniň tebigatynyň aýrylmaz bölegidi. * * *

Ekizlerini nahar başyna geçiren mahaly Ellanyň ýazyklylyk duýgusy göwnüçökgünlige öwrüldi. Şonuň üçinem ol Ewiniň pissa sargyt etmek üçin aýak diremesine-de, Orlynyň hiç bir zat iýmek islemeýänligine-de üns bermedi. Ikisini-de noýbadan, gaýnadylan gök-sökden gerk-gäbe doýurdy. Göräýmäge, ol häzirem çagalarynyň ugrunda janserek, şolar diýip kökenek gerýän hemişeki enedi. Ýöne ol synasynda gün-günden ulalyp barýan bir boşlugy göterýärdi. Keýpsizdi, esli wagtdan bäri hoşy ýokdy. Ol göýä şol boşluga hamyla ýalydy. Şol boşluk bolsa, sagatsaýyn, minutsaýyn ulalýardy. Bir gün hökman ony dogurmaly boljakdy, şonda ol öz duýgulary bilen

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

ýüzleşmäge mejbur galar. Ynha, şol pursatda näme etjegini welin, ol bilenokdy.

Nahardan soň çagalar öz otagyna çekilensoňlar, Ella stoluň başynda ýeke galdy. Töweregini gurşap alan ümsümlik bir pursat oňa agyr düşdi. Şübheleriň agramyna ýüregi ezildi. Sagatlap zähmet siňdiren, jan edip bişiren nahary birden gözüne hem-ä içgysdyryjy, hemem tagamsyz göründi. Özi-de bilmezden özüne nebsi agyrdy. Kyrk ýaşyň bosagasynda durdy. Testegelek kyrk ýylyny geçiripdi bu dünýäde. Ömrümi ýele sowran bolaýmaýyn diýip heder etdi. Bagyş edere uç-gyraksyz söýgüsi baram bolsa, ondan söýgä garaşýan ýokdy.

Küýi-köçesi «Yşk şerigatyna» gitdi. Ünsi Şems-i Töwriziniň keşbinde eglendi.

«Käşgä, ýakynymda şeýle adam bolsady — diýip, oýunlyga salyp öz ýanyndan pyşyrdady. — Onuň durmuşyma reňk çaýjag-a belli!»

Hyýalynda näme üçindir gaýyş jalbarly, motosikletsöýerleriň geýýän keltekçesi ýaly keltekçeli, uzyn boýly, gara saçly, gara gözli, görmegeý bir adam peýda boldy. Onsoňam, ol adamyň eginlerine düşüp duran saçlary bolup, özi-de destinden dürli reňkdäki lentalar seçelenip duran, ýalkym saçýan gyzyl «Harleý Dewidsony» sürýän bolaýsa..., söz bilen beýan etmek kyn. Ella hyýalyndaky keşbe ýylgyrman durup bilmedi. Çola

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

giň şaýolda ýokary tizlikde barýan görmegeý, özüneçekiji, gelşikli motosikletçi sopy! Häzir ýola çykyp, elini galdyrsa, şeýle adam hem ony yzky oturgyjyna mündürip äkitse, nähili ajaýyp bolardy?

«Onsoň Töwrizli Şems aýama garap pal atyp berse, geçmişimden näme görerdikä?» diýip oýlandy.

Eýse, şeýdip, bütinleý duýdansyz pursatlarda akylynyň we menliginiň gap-gara alada bulutlarynyň basmary astynda näme üçin galandygyny ol

düşündirip bilermidikä? Şular ýaly uly maşga lalyzatly halyna, näme üçin özüni beýle ýalňyz hem hossarsyz duýýandygyny aýdyp bilermidi? Onuň ýene bir zadyda bilesi geldi, eýse, Ellanyň töwereginde-de ýalkym saçýan halka barmyka? Bar bolsa, nähili reňklerden emele geldikä? Reňkleri ýalkym saçýarmyka ýa solgunmyka? Dogrusy, soňky döwürde durmuşynda ýalkym saçýan näme boldy? Aslynda boldumyka beri şeýle zat?

Ynha, şol pursat şu ýerjagazda, ojakdan ýaýraýan öçügsi yşyklaryň ýagtysynda, aşhananyň stolunyň başynda ýeke özi oturan, üç çaganyň enesi Ella Rubinşteýn bir zada göz ýetirdi: her näçe aýak diräp, inkär etse-de, garşysyna her näçe o-bu sözleri aýtsa-

da, özüniň hol aşakda, çuňda bir ýerlerde haçaneýýamlardan bäri yşga mätäçdigini, yşga intizardygyny boýun aldy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

***Şems***

***Samarkandyň golaýlaryndaky kerwensaraýlaryň biri, 1242-nji ýylyň marty*** Kerwensaraýyň ikinji gatyndaky otag ýolagçydan doludy. Olaryň ähliside ýadaw, ýalňyzlygyň ýüküni degirmendaşy ýaly edip boýnundan asyp ýören, şonuň üçinem öz düýşlerine gaçyp atan adamlardy. Şolaryň arasyndan tozanyň, deriň hem zeňiň ysy küküp duran bir boş düşek tapdym. Şol ýerde arkan düşüp ýatyşyma, gündiz bolup geçen wakalary birin-birin serimden geçirdim, ölçerip dökdüm.

Eýse, aýasyna garanymda gözüme ilenem bolsa, gyssanmaçlykdan ýa-da bihabarlygymdan gadyryny bilmedik, üns bermekde ahmalyna galan ylahy yşaratym boldumyka? Geçen güni başdan aýaga şu nukdaýnazardan gözden geçirdim. Uzak wagtlap Haka şükür etdim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Çagalygymdan bäri gaýyp älemine sapar kylyp, syýahat edip gelýärin, gaýypdan sesler eşidýärin.

Rebbim bilen gürleşýärin. Ol hem maňa jogap berýär. Düşündirýär, beýan edýär. Kä günler göýä ýelek kimin ýeňläp, Arşyň ýedinji gatyna göterilýärin. Soňra agramym artyp, ýeriň iň çuňňur gatlaklaryna inýärin, meşe, kaştan, gaýyň agaçlarynyň astyndaky ýere sümlüp girýärin. Kä görseň gökde men, kä görseň hem ýerde. Mahal-mahal işdäm bütinleý kesilýär, näçe günläp ýeke lukma dadyp bilemok. Gürlemegi ýadymdan çykarýan. Sözler huşumdan ýitirim bolýar. Soňra olar göçegçi guşlar ýaly, bir pursatda yzyna dolanyp gelýärler. Bu zatlaryň hiç biri meni gorkuzanok. Ýöne adamlaryň geň-taň görýänlerini bilýärin. Wagtyň geçmegi bilen bir zada göz ýetirdim, o-da wejd hallary barada özgelere kän gürrüň bermeli däl eken. Adam ogly düşünmedik zadyna ýaman göz bilen bakmaga meýilli bolýar. Bu hatasyz kadany öz tejribämde nijema öwra başdan geçirdim.

Gaýyp älemine gidip gelmegimi unamaýan, syýahatlarymdan ätiýaç edýän we maňa şu meselede ýazgaryjy garaýyş bilen çemeleşen ilkinji adam öz kakam bolupdy. On ýaşlarymdadym. Şol wagtlar penakär perişdämi günde-günaşa görýärdim. Meniň görýänimi hemmeler hem görýändir diýip pikir eder derejede türkanadym. Kakam bolsa meniň özi ýaly agaç ussasy

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

bolmagymy isleýärdi. Bir gün maňa sedir (kedr) agajyndan sandyk ýasamagy öwredip otyrka, dilimi saklap bilmän, oňa penakär perişdäm barada gürrüň berdim.

— Gulak as, sen öte hyýalkeş bolupsyň — diýip, kakam gatyrgandy. — Bu bolgusyz gürrüňleriňi hiç kime aýtmasaň gowy bolar. Onsoň bir gün iliň gepine galaýmaly birden.

Birküç gün ozal birnäçe goňşymyz gelip, meniň üstümden ejem-kakama arz edipdirler. Geň-taň hereketlerim bilen çagalary gorkuzýarmyşym.

— Gulak as, oglum! Alma agajyndan daş düşýän däldir. Her bir çaga öz ene-atasyna görä bolýandyr, düşündiňmi? Senem şeýlesiň — diýip, kakam seslendi. — Biz ýaly adaty adamdygyňy näme üçin asla boýun alasyň gelenok?

Şol pursat ejem bilen kakamy her näçe gowy görýän, hatda özümi olaryň mährine teşne hem mätäç hasaplaýan-da bolsam, muňa garamazdan, olaryň ikisiniň hem maňa kesekidigine düşündim.

— Kaka jan, bilip goý, şu ogluň doganlaryndan üýtgeşik ýumurtgadan çykandyr. Isleseň, meni towuklaryň ösdürip-ulaldan ördek çagasy hasaplap bilersiň. Şu ömrümi towuk keteginde geçirer öýtme, ondan arkaýyn bol. Siziň öleris öýdüp, içine girmäge heder edýän suwuňyzdan men dirilik tapýaryn. Sebäbi siziň tersiňize,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

men ýüzüp bilýärin. Meniň mesgenim ummanlar. Meniň bilen bile bolsaňyz, sizem ummany boýlaň. Ýok, bolmasaňyz, işime goşulmaň, öz ketegiňizde galyň.

Kakamyň gözleri ilki pal daşy ýaly ulaldy; soňra kiçeldi-de, doňup galdy.

— Kakaň bilen şu gün şeýle gürleşýän bolsaň — diýip, ol gazaply ses bilen dillendi. — Kim bilýär, ulalaňsoň duşmanlaryň bilen nähili gürleşerkäň?!

Ene-atamyň garaşyşynyň tersine ösüp-ulaldygymça, gaýyp älemine bolýan syýahatym ýitip gidibermedi. Gaýta hasam ýygjamlaşdy, özüneçekiji boldy. Eneatamyň gahar edýänlerini bilýärdim. Olary gynandyrýandygym üçin özümi günäkär duýýardym. Emma gaýyp älemine edýän syýahatlarymy nädip bes etjegimi bilmeýärdim. Aslyýetinde, biläýenimde-de, duruzmak islegim ýokdy.

Köp wagt geçmänkä, öýden çykyp gaýtdym. Gaýdybam dolanyp barmadym. Hezreti Lutuň aýaly aýak çekip, çykyp gaýdan şäherine gaňrylyp garany üçin duzdan heýkele öwrülipdi. Men bolsam, gaýdyp bir gezegem garamadym Töwrize. Şodur-da şudur, dogduk mekanymyň ady ýüregimde turşuja söz ýaly bolup dur; şeýle nepis, şeýle duýgusal, edil gyraw dänejigi kimin aýdyp-aýtmankam, dilimde eräp gidýär. Heran-haçan Töwriziň adyny ýadyma salsam, üç sany hoşboý ys meni gurşap alýar: ýonuşganyň, ýüzüne haşhaşyň däneleri

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

sepilen ýasy çöregiň hemde täze ýagan ýumşajyk garyň ysy.

Ynha, şondan bärem men gezende abdal. Ýer ýüzünde ebedi sürgünde. Bir gezek ýassyk edinen daşyma ikinji gaýta baş goýmadym, şo bir gapdan yzly-yzyna ikinji ýola nahar iýmedim. Ýapynjamyň aşagyndan her gün üýtgeşik manzarlara syn etdim. Aç galanymda düýş ýorup, bäş-üç şaýy gazanyp, gazananymy-da mätäçlere paýlaýan, şeýdibem, gündogardan günbatara, demirgazykdan günorta, ýedi yklymy gezip, dagdadüzde, Hak üçin Haky gözleýän. Ýaşanyňa degýän ýaşaýşyň ugrunda; hemem bileniňe degýän bilimiň yzynda ýersiz-ýurtsuz men. Özümi oňa başbitin bagyş edenim, ölmezden öň ölelim bäri başlangyjymam ýok, ahyrym hem. Tijegsizem däl men, betbagtam, birine mätäçligimem ýok, hiç kime höküm hem ýöredemok. Ýöne meni diňe şemala ykjap ýören gury ýaprakdyr hem öýtmäň. Men agzy bar, dili ýok derwüşlerden däl. Men islän ýerine assadan öwüsýän gara ýeldirin.

Syýahatlarymda her dürli ýowuz ýollardan geçdim: bütin dünýä mälim söwda geçitlerinden hem ýöredim, ynsa-jynsa mälim bolmadyk, ady-sory unudylan ýodalardan hem. Gara deňziň kenarlaryndan Ajam diýarlaryna, Arabystanyň ulgam-ulgam gum depelerinden palta degmedik tokaýlara, çemenzarlyklardan sähra-düzlüklere

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

bardym. Müňlerçe kerwensaraýda, müňlerçe düşelgede düşledim. Kitaphanalarda alymlar bilen hemsöhbet boldum, aryflardan soradym, diwanalar bilen gürrüň etdim. Berip bilmedik jogaplaryny olaryň dymyşlaryndan tapdym. Ybadathanalarda, kümmetlerde, gonamçylyklarda, harabalyklarda aýlandym. Gowaklarda özüni ejire tutan terkidünýäler bilen pikir deryasyny boýladym. Derwüşler bilen, şeýhler bilen ziki çekdim. Dolan Aýyň aýdyňlygynda şaman-porhanlar bilen heşelle kakdym. Rawylardan her jüre hekaýatlar diňledim. Her dürli ynançdan bolan, her dürli kysymdaky adamlar bilen tanyşdym. Hiç kimi hiç kimden üstün tutmadym. Ýaradylany Ýaradan üçin söýdüm. Dert çekip ýörenleri-de gördüm, derman eçilip ýörenleri-de. Keramaty hem bilýändirin, mugjyzany-da. Ýoksullyk zerarly ýykylan obalary, ýanyp gara köýük bolan ekinzarlyklary, suw deregine gan akan derýalary, ýedi ýaşdan uly ýeke erkek göbekli galmaz ýaly edilip talanan hem weýran edilen şäherçeleri gördüm. Adamzadyň amal eden iň beýik işlerine-de, iň bet işlerine-de şaýat boldum. Niçe wagtdan bäri meni hiç bir zat geň galdyryp bilmeýär. Eşitdim hem boýun sundum.

Gören her jüre kynçylyklarymdan hem gazanan tejribelerimden soň, hiç bir kitapda ýazylmadyk, diňe jan depderine nagyş edilen ýörelgeleriň üstüne ýene birini goşdum. Olara şeýle at berdim: Sopuçylyk akymlaryna

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

eýerýän köňli giň we ruhy sergezdan kişileriň kyrk kadasy.Bu kadalar meniň üçin tebigat kanunlary derejesinde ählumumy, şolar ýaly düýplüdir.

Kadalaryň birbada kyrkysyny ýazyp tamamlamak uzak ýyllarymy aldy. Ençemesini bozup taşlap, gaýtadan ýazdym. Indi üstüne goşara ýekeje otur hem galmady, nokat-da, harp hem galmady, täze bir sözem. Kyrk kadanyň hem tamam bolanyndan çen tutsaň, ömür ýolumyň ahyrky bölegini ýaşaýan bolmalydym. Ençeme wagt bäri görýän ylahy alamatlarym hem şundan habar berýärdi. Ýöne meniň içimi gysdyrýan ölüm däldi, sebäbi ölümi ähli zadyň soňy hasaplamaýardym. Onsoňam her kimiň ölüminiň öz reňkiniň bolýandygyna ynanýardym.

Meni oýlandyrýan esasy zat mirassyz ötmekdi. Indi munça söz synama syganok. Içimde ençeme hekaýatlar, tymsallar gürrüň berlerine garaşyp dur. Tutuş ylmymy, bilen-öwrenen ähli zadymy hünji dänesi ýaly, owujymda göterip, bir kişä gowşurmak meniň bar arzuwym. Müridem, mürşidem agtaramok men. Meniň gözleýänim ruhumyň aýnasy. Janyma deňeýänim. Gamdaşym! Ruhdaşym!

Ikinji kada: Hak ýolunda ileri gitmek ýürek işidir, akyl işi däldir. Ýolbelediň eginleriň üstündäki kelläň dälde, hemişe ýüregiň bolsun. Nebsiňi tana, onuň yzyna düşýänlerden bolma!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

«Ýa, Reb — diýip, çygly garaňky otagda ýatyşyma pyşyrdadym. — Ömrüm şu äleme aýlanyp, Seniň aýak yzlaryňy yzarlamak bilen geçdi. Gabat gelen her bir adamy Seniň ýer ýüzünde oruntutaryň bolmaga mynasyp açyk duran kitap, dil biten Gurhan hasap etdim. Ylymdarlaryň köpçülikden üzňeleşen mesgenlerinde alymlara, medreselerde şeýhlere, makamynda şyhlara, tagtynda soltanlara däl-de, gaýry dinden çykarylanlara, göwnüne deglenlere, ýanalanlara ýaran boldum. Saňa hamd bolsun ki, şeýdip, kemkemden şeýtanymy musulman etdim. Şindi bolsa küpürsäp joşdum. Möwç urmagyma az galdy. Lütfikeremiň bilen nesip etdiren ylmyňy dürs bir adama gowşurmak isleýän. Ejaza ber, şony tapaýyn. Soňra men barada niçik höküm çykarsaň çykaryber, bilseň, ol hököme razydyryn. Sebäbi men tutuş barlygym, bar bolşum bilen Senden razydyryn!»

Şol pursat otagyň içine mylaýym suw ýaly solgun bir yşyk ýaýrady. Onuň düşeklerde ýatan ýolagçylaryň ýüzlerini mawy reňke boýandygyna öz gözüm bilen şaýat boldum. Indi otagda ter-tämizligiň hoşboý ysy bark urýardy, oňa dirilik çaýylypdy. Hamala, ähli penjireler ahyryna çenli açylyp, içerik duýdansyz dolan şemal uzakdaky baglardan leglek gülleriniň (siren), ýaseminleriň, erguwanlaryň ysyny getiren ýalydy.  Gulagyma ylahy owaz bolup bir nagma eşidildi, ol nagma baldan datly, ýelekdenem ýeňildi. Bir ses: «Töwrizli Şems, buşluk! Dogalaryň kabul

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

boldy! Taýýarlan, Bagdada gitmeli» diýdi. Ony tanadym. Ol – – çagalygymyň penakär perişdesi.

— Maňa Bagdatda näme garaşýar? — diýip soradym.

— «Ruhuma taý biri bolsa» diýip doga etdiň ahyry, saňa bir ýoldaş berler. Bagdada baranyňda seni dogry ugra ýöneltjek adama duşarsyň. Onuň ýanynda özüňi dürsäp, ýola düşmeli wagtyňa garaşarsyň, sabyr etmeli bolarsyň.

Gözlerime şükranalyk ýaşlary doldy. Indi gaýyp älemine syýahat eden mahalym gören şol adamymyň ruhdaşymdan başga biri däldigini bilýärdim.

Nesibämizde ir-u giç duşuşmak bardy. Ony tapan mahalym şol alyslary nazarlaýan ala gözleriň maňa näme üçin beýle gussaly garandygyny bilerin, onsoňam hazan möwsüminde bir gün gijäniň ýary nähili öldüriljegimi...
***Ella***

***Boston, 2008-nji ýylyň 19-njy maýy***

Bir gün soňra öýle çaglary Ella ýeten ýerine bellik edip, ―Yşk şerigatyny‖ bir gyra süýşürdi. Ol romandan okan ýerlerini halapdy, eseriň wakalary onuň göwnünden turdy, ýöne ol ýazyjynyň özi barada bilesi geldi.
Internete baglandy, ―Google‖ gözleg şahamçasyna ―A.Z.Zahara‖ diýip ýazdy. Her näçe bilesi gelýänem bolsa, ýazyjynyň özi hakynda suwytly zat taparyn

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

öýtmeýärdi. Belki, iň gowusy, jaň edip Mişelden soramakdy.

Ýöne asla garaşman durka, Zaharanyň öz şahsy websaýty çykdy duruberdi. Tutuş sahypa pöwrize we melewşe reňkde bezelendi. Ýokarsynda bir ada myň saldam bilen aýlanyp duran, aýlandykça-da ak syýlary tegelek halkany emele getirýän şekili bardy. Henize çenli asman tansyny edýän semazen diýilýän adam görmedik Ella oňa uzak wagtlap seredip oturdy.

Bu sahypanyň ady ―Jan ýumurtgasy‖ eken, ol ýerde şol at bilen bir goşgy hem ýerleşdirilipdir.

Bir täsin guş mysalydyr

Jan ýumurtgasy bir persiz. Gorkma-da döw

gabygyňy,

Bolmasa uçup bilmersiň.

Salamata uçarsyň sen!

Alys ýollar geçersiň sen.

Internet sahypasy dünýäniň çar künjeginde ýerleşýän şäherlerden, sebitlerden gelen hatlardan doludy. Her hatyň aşagynda şol ýer bilen bagly synlar bardy. Olary okan mahaly üç zat Ellanyň dykgatyny özüne çekdi: birinjisi,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

A. Z. Zahara diýildigi A. Aziz diýildigidi; ikinjisi, Aziz käri fotosuratçylyk bolan sopudy; üçünjisi-de, häzir ol Gwatemalada bir ýerlerde syýahat edip ýördi. Ahyrky gezek ol özüniň web-saýtynda düýn-öňňinlikde şol ýerlerden düşürilen bir surat, birem ýazgy ýerleşdiripdir.

Sahypadaky bir düwmejige ―basan‖ mahaly Aziziň düşüren fotosuratlaryna gabat geldi. Olaryň köpüsi her dürli reňke, ýaşa, medeniýete we gatlaga degişli adamlaryň portretleri eken. Bu adamlaryň ählisi aralarynda çuňňur tapawutlaryň bardygyna garamazdan, nähilidir bir tarapy bilen biri-birine meňzeýärdiler. Suratdaky adamlaryň hökman nähilidir bir kem tarapy bardy. Käbiriniň kemçiligi ýönekeýdi: ýa bir gulakhalkasy, ýa aýakgaplarynyň biriniň ökjesi, ýa-da bir iligi ýokdy. Beýlekileriniňki has mojukdy: kimsiniň barmagy ýokdy, kimsiniň bolsa aýagy ýa-da goly… Olaryň her birindäki nähilidir bir kemçilik bada-bat ünsüňi çekýärdi. Ellanyň bir zady bilesi geldi. Aziz näme üçin bu adamlary surata düşürýärkä? Ol gözleýän jogabyny fotosuratlaryň aşagyndaky ýazgylardan tapdy.

―*Kim bolsagam, dünýäniň haýsy künjeginde ýaşasak hem, ählimiz hol aşakda, çuňluklarda bir ýerlerde özümizde nähilidir ýetmezçiligiň bardygy baradaky duýgy bilen ýaşaýarys. Hamala, esasy bir zadymyzy ýitirip, ony*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*hem yzyna alyp bilmeris öýdüp gorkýan ýaly. Özümize nämäniň ýetmeýänine göz ýetirenimiz welin gaty az‖.*

Ella web-sahypany aşakdan ýokarylygyna, ýokardan aşaklygyna ençeme gaýta nazary bilen ―darady‖; hatlaryň her biriniň üstüne ―basyp‖, Aziziň olara beren düşündirişlerini okady. Sahypanyň ahyrynda onuň salgysynyň üstünden bardy. azizZzahara@gmail.com. Bu salgyny bir zada belläp aldy. Web-saýtyň aşak eteginde bir bent goşgy ýerleşdirilipdir. Monça sen, özüňi deňäp ummana, Bihabar sen, mazar saňa bedeniň, Nebsiň tanymaz sen, bilmez ederiň,

Nebsiň bolsa, taýýar seni gömmäge.

Bu şygry okan mahaly Ella sähel salymlygam bolsa, birhili geňsi duýga berildi. Hamala, Aziz Z. Zaharanyň şahsy blogundaky her bir zat, şu fotosuratlaram, düşündirişlerem, alyndylardyr goşgular-da… mahlasy, bu zatlaryň ählisi diňe özi üçin taýýarlanan ýalydy. Okan hem gören zatlarynyň ählisini ol özüne çekdi.

Adamy tisgindirýän, belki, belli bir derejede ulumsylyga eltýänem bolsa, ol şeýle duýgyny başdan geçirmän durup bilmedi. ***

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Agşamaralar ýadaw, argyn halda penjiräniň öňüne geçip oturdy. Ýaşyp barýan Günüň şöhlesi arkasyna düşen mahaly howurpeçde bişen şokaladly kökäniň ysy otaga ýaýrapdy. Öňünde açyk duran ―Yşk şerigaty‖ okalaryna garaşýan hem bolsa, pikiriniň öte garmagarjaşyklygy üçin romany eline almaga ýaýdandy. Serinden, gör, näçe zatlar geçýärdi. Hemişe ertirki gün, hepde, ýyl barada oýlanyp, meýilnamalar, maksatnamalar düzmekden, ýelimli reňkdar kagyzlara bellikler edişdirip, ondan-mundan asmakdan ýaňa özüni asla şu mahal ýaşaýan pursadyna berip bilmeýärdi. Ol: ―Belki, menem öz kadalarymy jemläp, bir kagyza geçirmelidirin‖ diýip pyşyrdady. Dört diwaryň arasynda galyp, durmuşyndan bez bolan maşgalaly aýallar üçin kyrk kada.

―Birinji kada — diýip, gyryljyk ses bilen dillendi. — Hemişe özüň bol, söýgi gözleme! Durmuşda yşkdan, söýgüdenem has möhüm zatlar bardyr‖.

Ýöne onuň degişme diýip aýdan sözleri şähdini açmaga derek, öňküdenem beter keýpiniň gaçmagyna sebäp boldy. Telefony eline aldy. Biraz ýaýdanyp duranyndan soň, ahyry ertirden bäri beýnisini gorjalaýan uly gyzyna jaň etmek hyýalyny amala aşyrmagy ýüregine düwdi. Jaň etdi. Telefony telekätip aldy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

―Janet, mähribanym, bu men ― ejeň. Skota jaň etmek bilen ýalňyşandygymy bilýän. Emma maňa ynanaý, erbet niýetim ýokdy. Men diňe…‖

Sözler bokurdagyna tegek boldy. Käşgä, diýjek sözlerini öňünden oýlanyşyp goýan bolsady. Telekätibiň aýdylany ýazyp, aýlanyp durşuna şygyrdap ses edýänini eşidýärdi. Ýa-da öz ýanyndan şeýle çak etdi. Her sekunt geçende telekätibiň wagtynyň azalýandygy barada oýlanyp, barha gahary geldi. Ahyry bir jümle bilen sözüni jemledi.

―Janet, bolan işlere gynanýan, ýöne bilseň, men şeýle… şeýle bir bagtsyz welin…‖ «Çat!» Ýazgy bes edildi. Ol aýdan sözlerine özi-de ynanyp bilmän aňalyp galdy. Birdenkä, ýok ýerden oňa näme bolduka?

Dogrudanam, bagtsyzmydy? Öň-ä ol beýle hasap etmeýärdi. Eýse adam özi-de bilmezden, bagtsyz durmuşy başyndan geçirip bilýärmikä?

Bu ýönekeý boýun alma bolsa, onda ol muny diline çolany üçin birahat bolup durmaýardy. Içki dünýäsi daşyndan has beterdi. Onda näçe wagtdyr ýagşydanýamandan hiç hili üýtgeşme ýokdy.
Biraz soňra Aziz Z. Zaharanyň elektron poçta salgysyny ýazan kagyz bölejigine gözi düşdi. Salgy ýönekeýjedi, bezegsizdi, özüneçekijidi. Köp pikirlenip oturmady-da, duýdansyz dörän höwes bilen oňa hat ýazmaga oturdy.

«*Gadyrly Aziz Z. Zahara,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Meniň adym Ella. RBT neşirýatynda edebiýat boýunça redaktoryň kömekçisiniň kömekçisi hökmünde Siziň ―Yşk şerigaty‖ romanyňyzy okaýaryn. Aslynda täzeräk başladym diýseňem boljak, ýöne ony okamagyörän uly höwes bilen dowam etdirýärin. Elbetde, bu pikir meniň diňe şahsy garaýşym. Ýazan zatlarymyň redaktorlaryň garaýyşlaryny görkezmeýändigini başdan belläýin. Romanyňyzy halap-halamazlygymyň eseriň çap edilmegine täsiri onçakly köp bolar öýdemok.*

*Yşkyň ýaşaýşyň özeni bolup durýandygyna ynanýandygyňyz görünýär. Siz üçin ondan möhüm zat ýok ýaly. Ýöne peýdasyz jedele girmek niýetimiň ýokdugyny bellemek bilen, özümiň beýle pikirde däldigimi aýdaýyn. Size ýazmak zerurlygyny duýdum, sebäbi romanyňyzyň elime düşmegi juda geň pursada gabat geldi. Men häzirki wagtda uly gyzymy gögele halyna durmuş gurjak bolmak pikirinden dändirmäge çalyşýan. Öňňin halaşýan ýigidine jaň edip, olaryň bu pikiri goýbolsun etmelidiklerini aýtdym. Häzir gyzym meni ýigrenýär. Ejesinden öýkeli, gürleşenok. Meger, siz gyzym bilen maňa görä has gowy düşünişerdiňiz, sebäbi ikiňiziňem yşka, söýgä garaýşyňyz deň gelýär.*

*Şahsy meselelerimi, şeýdip, morta orta oklanym üçin bagyşlaweriň. Beýtmek niýetim ýokdy. Bloguňyzdaky (e-poçta salgyňyzy şol ýerden aldym) ýazyşyňyzdan çen*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*tutsaň, siz häzir Gwatemalada bolmaly. Dünýäni gezmek örän hezil bolsa gerek. Günlerde bir gün Bostona gelermen bolsaňyz, elin tanşyp, bir bulgur kofäniň başynda gürrüňdeş bolsak oňat bolardy.*

*Iň gowy arzuwlar bilen  Ella*».

Ol söze mätäçdi. Diňe bir äri bilen däl, tutuş maşgalasy bilen gatnaşygy gowşan şu döwürde Ella ýyly sözüň zarydy. Rast, töweреginde gürleşere, içgin söhbet edere adam bolmasa, e-poçta usuly bilen hat alşara adam tapmak hernä ýokdan gowudy. Sözüň azalan ýerinde hat-ýazuwa ýüz tutmaly bolýar.  Ellanyň Azize ýazan şu ilkinji haty aslyýetinde bile köfe içmäge edilen ýönekeý teklipden beter, ümsüm nalady, janserek elewremäniň sessiz çagyryşydy. Dogrusy, ol aşhanasynda güň ýaly bolup oturyp, asla tanamaýan, hatda şu günem, ertirem tanşaryn öýtmeýän, ady-sory bilinmeýän ýazyja hat ýazan mahaly özüniň şeýle möhüm çagyryş edýändigini hem bilmeýärdi.

Näme edýänini bilen bolsa, onuň bu işe gaýraty çatarmydyka?  ***Pir***

***Bagdat, 1242-nji ýylyň apreli***

Bagdatdaky horaşaja tekgehanamyza Şems-i Töwriziniň gadam basan gününi hiç haçan ýadymdan çykarmaryn. Şol gün öýleden soňra derejeli adamlary myhman

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

alypdyk. Kazylar başy ýanhemralary bilen birlikde pahyrhanamyza gelipdi. Çak edişime görä, bu garaşylmadyk sapar diňe hormat-sylag üçin edilen çakylyga jogap däldi. Tasawwuf ähli̇ni halamaýany hemmelere mälim bolan kazy sebitdäki beýleki sopular babatda edişi ýaly, bizi-de ýakyndan görmek, synlamak isleýärdi. Onuň bizi nazaryndan sypdyrmaýanyny bildirmäge geldigidi.

Kazylar kazysy aslynda harsydünýä adamdy. Ýüzi agyrdy, ýasy hem gäbe garny sallanyp durdy. Keltejik barmaklarynyň her birine gymmat bahaly ýüzük dakyp gezýärdi. Beýle köp iýmese, saglygy üçin peýdaly boljakdy welin, hiç kim, hatda hekimleriňem oňa bu barada dil ýarmaga gaýraty çatmaýan bolarlydy. Atababalary öňden gelýän din alymlary bolany, onsoňam atly hem täsirli maşgaladan gelip çykany üçin şu sebitde sözi iň ýörgünli adamdy. Onuň agzyndan çykan ýeke söz üçin adamlar dar agajynda hallan atýardy. Ýene ýeke sözi-de iň ýowuz jenaýatkäri hem azat etdirip, garaňky zyndanlardan çekip çykaryp bilýärdi. Haçan görseň, sütükli donlar, gymmatbaha egin-eşikler geýýän kazy abraýynyň uludygyna sähelçe-de şübhe etmeýän adamlaryň tekepbirligi bilen öz göwresine haýbat bererdi. Nebsiniň näderejede öňüne düşenini bilýänim üçin tekgehananyň we derwüşlerimiň salamatlygynyň

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

hatyrasyna bu adam bilen dikleşmäge gaýratym çatanokdy.

— Dünýäniň iň şahana şäherinde ýaşaýarys — diýip, kazy agzyna bir injir salyp oturyşyna aýtdy. — Bu gün

Bagdat mongol leşgerinden gaçyp gelen bosgunlardan ýaňa dolup-daşýar. Biçäreler üçin sygnara gaçybatalga bolduk. Ýene bolarys, elbet.

Sebäbi bu ýer dünýäniň merkezidir. Bu barada sen näme diýersiň, Baba Zaman?

— Şäherimiziň gymmatbaha göwherdaşy ýalydygyna söz ýok — diýip, ätiýaçly gürledim. — Ýöne bir zadyda ýatdan çykarmaly däl, şäherlerem ynsanlara meňzeş bolýar. Dünýä inýär, ösüp-ulalýar; başda çaga bolsa, soňra kämil çykýar, soňra gojalýar, ahyrynda bolsa ölýär. Häzir Bagdat kämillik ýaşyny doldurdy. Biz häzir halyf Harun ar-Reşit zamanyndaky ýaly bolelin ýaşamzok. Dogrusy, häzirem bu ýer, köp şükür, söwdanyň, senetkärçiligiň, şygryň merkezi. Ýöne ýene müň ýyldan soň, kim bilýär, bu şäher nämä meňzärkä?
Şol wagt ähli zadyň bütinleý başgaça bolmagy hem ahmal.

— Bu nähili garamsallyk! — Kazylar kazysy şeý diýşine tabaga elini uzadyp ýene bir injiri aldy. — Apbasy hökümdarlygy müdimilikdir; şu giňişliklerdäki hökmürowanlygymyz, abadançylygymyz artar. Elbetde, aramyzdaky käbir gadyrbilmezler imisalalygymyzy

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

bozmasa. Özüni musulman atlandyrsa-da, tewsirleri kapyrlaryňkydan hem howply adamlar-da ýok däl aramyzda.

Dymanymy kem görmedim. Kazylarbaşynyň yslama batyny tewsir bilen çemeleşýän mutasawwuflara baş duşman hökmünde seredýändigi gizlin zat däldi. Bizi şerigata geregiçe eýermezlikde, ylaýta-da, ýokary derejeli emeldarlara, ýagny özi ýaly adamlara hormat goýmazlykda günertleýärdi. Oňa galsa, sopularyň baryny birmahal Bagdatdan çykaryp kowjakdy.

— Ýalňyş düşünme welin, siziň tekgäňiz bilen oňuşmaýan zadym ýok, Baba Zaman. Ýöne seniň pikiriňçe-de şu sopy halky jemgyýetçilik düzgünini bozmaýarmy? — diýip, kazy sakgalyny sypap durşuna sorady.

Näme diýjegimi bilmedim. Ýöne şol wagt çalaja gapy kakyldy. Gyzyl saçly şägirt rugsat sorap, otaga girdi. Girişi ýaly-da, göni maňa tarap gaýtdy; gulagyma pyşyrdap, garaşylmadyk bir myhmanyň gelendigini habar berdi. Howluda bir abdal garaşyp durmuş. Diňe meniň bilen duşuşmakçydygyny aýdyp, beýlekiler bilen gürleşmekden boýun gaçyrýarmyş.

Başga bir wagt bolanlygynda şägirde ugruny tapyp, şol Taňry myhmanynyň otaglaryň birine eltilmegini, öňüne gyzgyn nahar äberilip, kazydyr ýanhemralary gidýänçä,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

onuň şol ýerde garaşmalydygyny tabşyrardym. Ýöne häzir baş kazynyň gürrüňlerinden haýygyp ugrapdym. Gelen gezendäniň bärik getirilmegini buýursak, bize uzakdaky diýarlardan hekaýatlar aýdyp berer, şeýdibem, otagdaky dartgynlylyk gowşar diýip oýlandym. Şonuň üçinem şägirde —git-de, bärik çagyr, hany, ol derwüşi‖ diýdim.

Birsalymdan gapy açylyp, depesinden dabanyna çenli gara geýnen, sagdyn hem dim-dik, ýaşyny kesgitlemek aňsat düşmeýän bir adam içerik girdi. Ol uzyn boýly, inçemik ýasawly, maňlaýy giň, hereketleri çalasyn adamdy, burny gönüdi, gözleri gap-garady. Saçlary ösgündi. Tel-tel bolup dökülen alyn saçlary gözlerine düşüp durdy. Egninde giň hem uzyn ýapynja, ýüň çäkmen bardy, aýagy öküziň derisinden tikilen ädiklidi. Boýnundan birnäçe tumar asylgydy. Elinde bolsa agaç okara bardy. Ol dünýe malyndan uzakda bolmak üçin dilegçilik edip gezýän galandarlar ýa-da dünýewi atderejeleri eliniň tersi bilen itip goýberýän melamylar ýaly, jemgyýetiň däp bolan gurşawlaryna tagapyl etmeýän adam bolmalydy.

Bu garaşylmadyk myhmany gören badyma üýtgeşik bir adam bilen ýüzbe-ýüz bolandygymy aňdym. Garaýşy, hereketleri, göwresini tutuşy onuň bu görülýän adamlaryň hilinden däldigini apaçyk görkezip durdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Bilmeýän adam üçin meşe (dub) agajynyň gabygy göräýmäge ýönekeýje hem näzijek
ýalydyr. Ýöne ol gelejekde berdaşly hem äpet bir zada öwrüljek meşe agajynyň tohumyny özünde gizleýändir, şonuň buşlukçysydyr. Elbetde, görýän göz üçin şeýle ol!

Myhman başyny egip, ýuwaşlyk bilen salam berdi.

— Tekgämize hoş geldiň — diýdim-de, garşymdaky körpeçäniň üstüne geçmegini yşarat etdim.

Derwüş otagdakylaryň her birine ýekänme-ýekän salam berip, görkezilen ýere geçip ümsüm oturdy. Ol owunjak zatlaram gözden salmazlyga çalşyp, töweregini bir laý nazaryndan geçirdi. Ahyrynda onuň nazary kazylar kazysynda eglendi. Bu ikisi agyzlaryndan ýeke söz çykmasa-da, biri-birine uzak wagtlap seredip durdular. Bütinleý gapma-garşy görünýän bu iki adamyň biri-biri barada nämeler pikir edendiklerini bilesim geldi.

Gezende derwüşe ýyljajyk geçi süýdüni, injir balynydyr hurma hödür etsegem, sypaýyçylyk bilen ählisini yzyna gaýtardy. Adyny soradym.

— Töwrizli Şemsetdin — diýdi, Allahy gözläp, dagdadüzde gezip ýören abdaldygyny aýtdy.

— Agtarýanyňy tapyp bildiňmi onsoň? — diýdim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Derwüş özünden arkaýyn halda başyny atdy; gara gözlerinde kakabaş, kümüşsöw uçgunlar ýalpyldap görnüp gitdi:

— Hawa, tapdym, asyl ol hemişe meniň ýanymda ekeni.

Bu sözleri eşiden kazy gizlejegem bolup durmaýan gaharyny ganygyzgynlyk bilen daşyna pürkdi:

— A-how, siz derwüşler nähil-äý, durmuşy näme üçin kynlaşdyrýanyňyza asla düşünip bilemok. Rast, Alla ozaldan seniň bilen bile bolsa, onda näme üçin Ony tapjak bolup, çar tarapa gidip, dagy-daşy aýlanyp ýörsüň, hä?

Şems başyny aşak egdi. Onuň ýüzi üýtgäp gitdi, esli wagtlap sesini çykarman oturdy. Gaýtadan söze başlan mahaly welin, ol rahatdy hem arkaýyndy, howlukman gürledi:

— Möwlany gözläp tapyp bolýan däldir diýýäniňiz dogry, ýöne Ony diňe gözlänler tapýarlar.

— Bolgusyz gürrüň! — diýip, baş kazy dodagyny çommaltdy. — Ýagny, sen bize ömri billah şol bir duran ýeriňizde dursaňyz, Allahy tapyp bilmersiňiz diýjek bolýaňmy? Toba, toba! Allany tapmak üçin hemme kişi sen ýaly, gara esgä çolanyp ýola düşmelidä onda? Şeýle bolsa, jemgyýet diýen zadam bolmazdy, medeniýetem!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Otagdaky adamlar yz-yza ha-ha-haýlaşyp gülşüp, içi boş gülküleri bilen, kaza ýaranmak üçin ýaryşa girdiler. Dünýäm daraldy. Kazy bilen abdaly bir ýerde oturtmagyň gowy pikir däldigi görnüp durdy.

— Ýalňyş düşündirdim öýdýän. Adam dünýä inen öýünde galsa, Haky tapyp bilmez diýmändim. Elbetde, ol mümkindir — diýip, Şems dillendi. — Obasyndan çykyp görmedigem bolsa, dünýäden habarly adamlar öňem bolupdyr, ýene-de bolar.

— Menem şony diýýän — diýip, kazy jenaplary aýdylany tassyklap, ýeňen adamyň äheňinde gülümsiredi. Emma onuň ýylgyryşy derwüşiň yzysüre suňşuran sözleri gulagyna ilen badyna ýitirim boldy.

— Ýöne men başga bir zat diýmekçi boldum — diýip, Şems dowam etdi. — Eger bir adam pul, mertebe hem at-dereje ugrunda ýortýan bolsa, nepis ýüpek-parçalar geýip, hünjüdir merjen, atlas donlar içinde ýaşaýan bolsa, ýagny, kazy hezretleri, siziň ýaly edýän bolsa, Allany tapmag-a beýlede dursun, golaýyna-da barmaz!

Otagdakylar aňk bolup galdy. Hemmeleriň ýüzi erbet üýtgedi. Hiç kimden ýeke söz çykmady. Kazylarbaşynyň ýalynjaňlarynyň demini almaga gaýraty çatman, biri-biriniň ýüzüne seredişdiler. Olaryň käbiri bolsa, gylyjyna ýapyşdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Görýän welin, diliň bir derwüşe gereginden öte uzyn ýaly-la — diýip, kazy jenaplary käýinjiredi.
— Eger aýtmagym hökmany zat bar bolsa, tutuş dünýä birleşip ýakamdan ýapyşýan bolsa-da aýdaryn — diýip, Töwrizli Şems jogap berdi.

Baş kazy gaşlaryny çytsa-da, derwüşiň aýdanlaryna känbir pisint edip oturmaýanyny görkezmek üçin eginlerini silkişdirip üns bermedik boldy:

— Bolýa-la, kän eşitdik beýle boş gürrüňleri — diýdi. — Sen tüýs gözleýän adamymyz öýdýän. Bizem şäherimiziň görkanalygy barada gürrüň edip otyrdyk. Kim bilýär, sen her dürli ýerleri görensiň. Gezen ýerleriňde Bagdatdan gözel ýer gördüňmi, hany, bize şondan gürrüň berip otur?

Şems mylaýym garaýyş bilen birin-birin hemmeleri gözden geçirdi:

— Bagdadyň dillere dessan şäherdigi ikuçsuzdyr. Ýöne bu dünýäde hiç bir gözellik müdimi däldir. Şäherler ruhy sütünleriň üstünde durýandyr. Şäherler äpet aýna ýaly bir zat bolup, onda öz ýaşaýjylarynyň ýürekleri şöhlelenýär. Eger şol ýürekleriň öňi örtülse ýa-da olar garalsa, şäherler hem öz gözelligini ýitirer. Şeýdip, gör, nijeme şäherler solandyr, niçesi bolsa indi solar.   Özümden biygtyýar ýüzümi aşak saldym. Şems-i Töwrizi maňa tarap öwrüldi. Ol boýlan pikirlerinden az wagtlyk bolsa-da, uzaklaşan

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

ýaly görünýärdi; gözlerinde dostana bir ýalpyldy bardy. Telbe garaýyşlary ýüzüme düşende Güne ýüzümi sürten ýaly boldum, içim ot alyp lowlady. Ana, şonda bu adamyň ismi bilen jisminiň bir bitewüdigine göz ýetirdim. Ol adynyň ―Gün‖ diýmegi aňladyşy ýaly, özi-de güýç hem ýaşaýyş ýaýýardy, edil ot-ýalyndan düýrlenen ýumak ýaly, öz-özünden alawlap ýanýardy. Şems hakyky Gündi.

Kazy jenaplary baradaky gürrüňe gelsek, ol başgaça pikir edýärdi.

— Siz sopular onsuzam pelsepeçilerdir şahyrlar ýaly, bar zady garjaşdyrýaňyz. Barypýatan gep nokatlama! Munça sözüň nä hajaty bar? Şeýle bir gepler tapýaňyz welin, adamlaryň kellesi bulam-bujar bolýar. Emma halk diýeniň ýönekeý zatlara mätäç ýalta jandardyr.

Öňbaşçylaryň wezipesi halkyň ýalňyş zatlara isleg bildirmeginiň öňüni alyp, ýoldan çykmagyna päsgel bermekdir. Munuň üçin esasy etmeli zat şerigata harpma-harp uýmakdyr. Ony nähili etmelidigini bolsa, biz bilýäris.

— Şerigat ýanyp duran şem ýalydyr — diýip, Şems dillendi. — Ol şuglasy bilen töweregi ýagtyldýar. Ýöne bir zady-da ýatdan çykarmaly däldir, şem garaňkylykda ýörän mahalyň öňüňi görmäge kömek edýändir. Şerigatdan soňra tarykat gelýär. Tarykatdan soň magryfat. Magryfatdan soň bolsa, hakykat! Eger esasy ugur

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

unudylyp, adam şerigaty serişde däl-de, maksat edinse, ol şemiň näme peýdasy bolsun?

Ýüregime gorky aralaşdy. Şerigatyň açaryny öz elinde saklaýandygyna ynanýan, hondanbäri adama şerigatdan aňryk geçmelidigi barada bir zat diýmek howply suwlarda ýüzmekden enaýy däldi. Şems muny bilmeýärmidikä?

Derwüşi otagdan çykartmak üçin degerli bahana gözläp ugranymda Şems sözüni dowam etdi:

— Diýjek bolýan zadymy has gowy düşündirýän bir kadany ýatladyp bilerin.

— O nämäniň kadasy? — diýip, kazy şübheli sorady.

Şems-i Töwrizi dikeldi-de, göze görünmeýän kitapdan risala okaýan ýaly, labyzly ses bilen düşündirip başlady:

— Pygamber Serwerimiz Gurhany ýedi mertebede okap boljagyny aýdypdyr. Biz bu ýedini dörtde jemledik. Üçünji kada: ―Gurhany dört derejede okamak bolar. Ilkinji dereje onuň ýüzleýin, zahyry manysydyr. Ikinjisi batyny, içki manysy. Üçünji batynynyň batyny, ýagny içki manysynyň hem aňyrsyndaky manydyr. Dördünji dereje şeýle bir çuňdur welin, şol manyny bermäge sözleriň güýji ýetmez‖.

Şems gözleriniň jadyly ýalpyldysy bilen sözüni dowam etdi:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Şindi diňe şerigata garaýanlar we ondan aňyrsyny görmeýänler ýüzleýin manyny bilýändirler. Sopular taýpasy bolsa, batyny, içki manyny bilýärler. Öwliýä, ýagny weliler batynynyň batynysyny biler. Dördünji derejäni diňe Allanyň söýen dostlary we pygamberler bilýändirler.

— Ýagny sen häzir adaty bir mutasawwuf Gurhanyň hökümlerini men ýaly şerigat alymyndan has gowy bilýändir diýmekçi bolýaň-da, şeýlemi?

Derwüşiň dodaklarynda çalaja ýylgyryş peýda bolsada, hiç zat diýmedi.

— Diýmekçi bolýanym, näme gürleýäniňe üns ber — diýip, baş kazy dillendi. — Öte geçýäň. Tasdanam günä gazanypdyň. Duýdurmady diýme!

Baş kazynyň bu sözi örän haýbatly çyksa-da, Şems muny bilmeýän ýaly, sözüni arkaýynlyk bilen dowam etdi.

— Özgeleri beýle tiz hem çürt-kesik aýyplamak bolmaz. Alla Gurhanda ýanyma gul haky bilen gelmäň diýýär, ýa ýadyňyzdan çykardyňyzmy? Onsoňam inkär etmäge ýa-da günä diýen düşünjä nähili garaýaňyz? Ana, şol düşünjeleriňizi seljermek gerek — diýip, Şems aýtdy. — Rugsat etseňiz, bir hekaýat aýdyp bermekçi.

Onsoň ol bize şu hekaýaty gürrüň berdi:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Hezreti Musa bir gün ýeke özi dagda gezip ýörkä, uzakdan garyp hem ýalňyz bir çopana gözi düşýär. Çopan çöküne düşüp oturyşyna, ellerini asmana uzadyp doga-dileg edýär eken. Bu ýagdaý Musany juda begendiripdir, ýöne ýakynyna baryp çopanyň dogasyny eşiden mahaly ol özüni ýitiripdir.*

*— Gurbanyň boldugym Allahym, seni nähili gowy görýänimi bir bilsediň. Agzyň gymyldasa bolýar, Sen näme diýseň, şonam ederin. Sürimdäki iň semiz goýnumy kes diýseň, gözümi gyrpman, Seniň üçin keserin. Goýnuň gowurdagy gowy zatdyr, Allajan, guýruk ýagyny alyp palawyňa goşsaň, süýjüliginden ýaňa iýip doýup bilmersiňiz.*

*Musa dogany diňläp, çopana hasam ýakynlaşypdyr.*

*— Buýursaň bes, ýuw diýseň, aýaklaryňy ýuwaryn. Gulaklaryňy arassalaryn, bitleriňi çöpläp bererin. Men Seni şeýle ýürekden söýýän, Alla-jan. Men Saňa ýürekden aşykdyryn!*

*Eşiden zatlaryndan ýaňa Musanyň myrryhy atlanypdyr. Uly goh edip, çopanyň dogasyny bölüpdir:*

*— Sem bol, seniň bir nadan adam! Näme edýäniňi bilýäňmi? Heý-de, Alla palaw iýermi? Ýuwar ýaly Allanyň aýagy barmydyr? Heý-de, beýle doga edilermi?! Gaty agyr günä iş edýäň. Derhal toba et! Çopan*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Musadan beýle sözleri eşidip, gulagyna çenli çym gyzyl bolupdyr. Utanjyndan ýer ýarylsa girjekmiş. Ötünç üstüne ötünç sorapdyr, gaýdyp öz kellesine gelşine görä* doga-dileg *etmejegine äht edipdir. Şol gün Musa agşama çenli çopanyň ýanynda bolup, oňa nähili doga etmelidigini öwredipdir, ýat tutdurypdyr. Soň hem ―Alla menden razy bolar, ýagşy iş etdim‖ diýip oýlanyp, ýoluny* dowam *edipdir. Ýöne şol gije bir ses eşidipdir. Ol ses Haktagalanyň sesi eken.*

*―Eý, Musa, seniň şu günki eden işiň näme? Sen aýyrmaga geldiňmi ýa duşurmaga? Şol töwra çopana igendiň. Onuň Maňa nähili ýakyndygyna göz ýetirip bilmediň. Agzyndan çykýan sözüň nämedigini bilmeýänem bolsa, ol çopanyň ynanjy päkdi,* kalby *tämizdi, niýeti ýürekdendi. Biz söze seretmeýäris, niýete bakýarys. Söze bakjak bolsak, ýer ýüzünde adam ogly galmazdy! Biz çopandan razydyk. Başgalar üçin öwgi saýylýan söz seniň üçin käýinçdir. Onuň üçin bal bolan seniň üçin zäherdir. Sen eşidenleriňi inkär hem küpür gep saýdyň, ýöne bilseň, ýazygy bar hem bolsa,onuň hatasy süýji ýazykdy‖.*

*Musa ýalňyşyna düşünipdir. Ertesi Gün dogupdogmanka, çopany görmek üçin ýene daglara tarap ýola düşüpdir. Çopan ýene doga okap duranmyşyn. Emma düýnki yhlasyndan, päkliginden nyşan ýokmuş indi. Öwredilişi*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*ýaly doga-dileg etjek bolup, birden bir ýalňyş goýberäýmäýin diýip, säginipsakawlap, derläp ber-başagaý bolup dur eken. Musa eden işine ökünip, çopanyň arkasyny sypalap, şeýle diýipdir:*

*— Eý, dost, men ýalňyşypdyryn, ýalbarýan, bagyşla. Öz bilşiň ýaly doga-dileg ediber. Allanyň nazaryna has gymmatly doga şodur.*

*Çopan Musadan bu sözleri eşidip haýran galypdyr. Ýöne haýran galyşy ýaly-da, göwni ynjalyk tapypdyr. Emma ol indi has belent dereje göterileni üçin öňki bigünä etmişine, süýji ýazygyna gaýdyp dolanyp barmandyr, Musanyň öwredip ýat tutduranlary bilende oňmandyr, bularyň barynyň aňyrsyna geçipdir. Haka ýakyn, bagtyýar, mübärek durmuşda ýaşapdyr.*

— Ynha, şonuň üçin biriniň agzyndan bal bolup dökülen söz başga biriniň gulagyna zäher bolup guýlup biler — diýip Şems aýtdy. — Ýöne Alla söze däl-de, niýete bakýandyr. Edepli kişiler başgaça bolýar. Janyndan geçen aşyklaryň şerigaty ähli dinlerden başgadyr. Biz mez hep, din ýa-da dil aýrytçylygyny bilmeýäris. Tutuş adamzady bir bilip, ähliisini-de deň tutýarys. Başga biriniň agzyndan çykan söze —günä‖ diýmeýäris. Sebäbi kalplary Alla bilýändir, biz bilmeris. Şonuň üçin hem dymýarys, hiç kimi döşünden itip ynjytmaýarys. Biziň ýeke-täk mezhebimiz bar. O-da Allahdyr.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Şems dymansoň, gözümiň gytagy bilen kazy hezretlerine seretdim. Keşbine üýtgewsiz göwnüýetijilik we ynamlylyk çaýylan-da bolsa, onuň birneme dünýesiniň daralandygy görnüp durdy. Emma örän içimtap bolany üçin bir zady-da aňypdy: eger Şemsiň gürrüň beren hekaýatyna oňlamaýanyny aňladýan gaýtargy beräýse, ýene bir ädim ädip, öz hetdini bilmeýändigi üçin ony jezalandyrmaly boljakdy. Emma şeýtse, işler çynlakaýlaşyp, adaty bir derwüşiň äpet baş kazy bilen dikleşip bilendigi baradaky habar Bagdatda dilden-dile geçip ýaýrajakdy.
Beýle ýagdaýda iň gowusy alada galara zat ýok ýaly hereket edip, meselä şu ýerde nokat goýmakdy. Ol şeýle-de etdi.

Daşarda Gün ýaşyp barýardy, asman gyzyl hem narynç reňke boýalyp başlapdy. Arasynda gabat gelen goýy bulutlar her hili şekile girip, reňkleriň täsin bir sazlaşygyny emele getirýärdi. Birazdan kazy jenaplary gozganjyrap, ýerinden turdy-da möhüm bir meselä seretmelidigini aýdyp gitmek bilen boldy. Maňa ýeňiljek salam berip, Töwrizli Şemse buz ýaly nazaryny gönükdireninden soň, ol ýola düşdi. Ýanyndakylar biri-birini itekleşip, howsala bilen haýdaşlap, onuň yzyna düşdüler.

Hemmeler gidenden soň, derwüş bilen ikiçäk galdyk.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Gynansagam, baş kazy seni halamady öýdýän — diýdim.

Şems-i Töwrizi gözüne düşüp duran alyn saçlaryny gapdala darady-da, ýylgyrdy:

— Gaharlansa gaharlanybersin, meň-ä oňa gaharym gelenok. Onsoňam kazylar öňem meni halap baranoklar.

Tolgunmadym diýsem ýalan sözledigim bolar. Sebäbi bu tekgehana şeýle boýunegmezek, özdiýenli, edýän işine ynamly, Haka boýun we köňli rahat myhmanyň kyrk ýylda bir ýola düşleýänini biler derejede uzak wagtlap ýolbaşçylyk edýärdim.
— Hany, gürrüň ber — diýdim. — Nähili bolup ýoluň Bagdada düşdi? Bu ýerden näme agtarýaň?

Bir göwnüm gürrüň bersin diýip, tolgunma bilen garaşýan bolsa, beýleki bir göwnüm onuň gürrüň bermezligini isleýärdi. Näme üçindir ondan eşidesim gelip ölüp barýan jogabym şol bir wagtda ýüregime howsala salýardy. ***Ella***

***Boston, 2008-nji ýylyň 20-nji maýy***

Ella kellesini aşhananyň stoluna goýup, sahypalary açyk galan kitabyň ýanynda agzy açyk ýagdaýda uklap galypdy. Düýş gördi. Düýşünde ýoluň ýakasynda ýerleşýän bir kerwensaraýda durmuş. Içeri daýawdaýaw esgerlerden, näz-kereşmeli tansçy gyzlardan, syrly

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

derwüşlerden hyň berýärdi. Öňlerindäki tabaklarda öýde bişirilen dürli-dümen köke bardy.

Birden ol kerwensaraýdan çykdy, ýerler gaýyp gitdi, uzakdan özüni synlady. Ol ýat ýurtda, bir galanyň içinde arynyň öýjügi ýaly joş urýan bazar ýerinde alada bilen ýöräp barýardy, birini gözleýäni görnüp durdy. Töweregindäki adamlar haýal hereket edýärdiler. Olar hamala onuň eşitmeýän bir owazyna tans edýän ýalydylar. Salpy murtly äpet hokgabazdan bir zatlar sorajak boldy. Ýöne bir zat diýjek bolup agzyny açan mahaly gürläp bilmeýändigini bilip galdy. Ol adam oňa bimany seretdi-de, soň öz ýoly bilen boldy. Ella bu gezek satyjylardyr müşderiler bilen gürleşjek bolup çytraşdy, ýöne ýene şobir sahna gaýtalandy. Hiç kime derdini düşündirip bilmedi. Ilkibada bu adamlaryň dilinde gürläp bilmeýändigi üçin şeýle bolýandyr öýtdi. Ýöne elini agzyna ýetiren mahaly birden howpurgady: dili ýokdy. Dili guran dyrnak ýaly bolup, gaçan bolsa nätjek?! Dowla düşüp özüni görere aýna gözläp başlady. Ol henizem özüniň ozalkylar ýaly sagdyn adamdygyny bilesi gelýärdi. Emma ullakan bazarda ýekeje-de aýna ýokdy. Aglamaga durdy.

Ol çasly bir sesiň gulaklaryny gorjalamasy bilen ukudan oýandy. Gözüni açan badyna, ilkinji işi dilini barlamak boldy. Hernä, ýerinde eken. Ses eşidilýän tarapa seredeninde Kölegäniň däliräň ýaly, aşhananyň howla

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

tarap açylýan gapysyny dyrnaçaklap, çyňsap durandygyny gördi. Balahana del haýwan giren bolmalydy. It ony şo ýerden çykarjak bolup bolmajysy bolýardy. Kölege aýratynam alajagözen görse, jyny atlanýardy. Geçen gyş howluda biri gabat gelende bolan ýagdaý hiç kimiň ýadyndan çykanok. Şonda it alajagözene topulypdyr, alajagözenem erbet porsy ys goýberip, ondan ar alypdyr. Görgüli Kölegäni wannany dolduryp ýuwmaly bolupdylar. Şonda-da ýanan tekerdaşynyň ysyny ýadyňa salýan şol porsy ys hepdeläp onuň üstünden aýrylmandy.

Ella diwardaky sagada göz aýlady. Gije üç töweregidi. Dewid henizem gelmändir, asla gelmezligem ahmal. Janet-de onuň telefonyna jogap berip, jaň etmedi, belki, gaýdyp asyl jaň hem etmez. Dogrusy, şu pursat Ellanyň hiç bir zady haýra ýorarlygy ýokdy. Hem äriniň, hem gyzynyň özünden ýüz öwrendigi baradaky pikir onuň içini gysdyrdy. Şeýle halda ol ýerinden turdy-da, sowadyjyny açdy. Manysyz nazar bilen onuň içini gözden geçirdi. Buzdandaky klubnikaly buzgaýmagy alyp hezil edip iýesi gelse-de, öňem dolmuşlanyp barýanyny ýadyna salyp, sowadyjynyň gapysyny berk ýapdy.

Soňam ýekelikde içmek endigi bolmasa-da, bir çüýşe gyrmyzy çakyry açdy. Bulgury doldurdy. Şerap gaty gowudy, goýudy, rahatlyk berijidi. Üstesine-de, onda tüýs

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

halaýan zady, gaňşyrawugyňy gamaşdyrýan tagam bardy. Tokaýyň, kömelekleriň hem topragyň ysy kükäp durdy ol şerapdan. Ýöne ikinji bulgury dolduryp durka, serine Dewidiň gymmatbaha ―Bordo‖ çakyryny açan bolaýmaýyn diýen pikir geldi. Howsala düşüp, çüýşäň ýüzündäki ýazgyly kagyza seretdi. ―Chateau Margaux, 1996‖. Eý, Hudaý! Dewid bu şeraby ýörite agşam üçin aýap ýördi ahyry. Ol näme etjegini bilmän, gaşyny çytyp çüýşä seretdi. Ýöne soňra biparh keşpde eginlerini gysdy. Häzir hem üýtgeşik agşam dälmi näme?! Özüniň ýalňyzlygyny belleýär. Ella bir göterende bulgury başyna çekdi. Ol bu ajaýyp çakyry bir gyra süýşürse-de, çakyr onuň ýakasyny goýbererli däldi.

Ella gaýtadan stoluň başyna geçip, «Yşk şerigatyny» eline alyp agdaryşdyrdy, ýöne dessine okabermedi. Ýadawlykdyr ukusyzlyk zerarly ýeke setir okamagada mejaly ýokdy. Oňa derek internete baglandy-da, hat gutujygyna seretdi. Ol ýerde köp sanly hatyň arasynda, Mişeliň kitabyň habarnamasyny taýýarlamak işiniň nähili barýandygyny sorap ýazan gysgajyk hem sowuk ýazgysynyň aşakja ýüzünde garaşýan elektron hatyny tapdy.

Aziz Z. Zahara oňa bada-bat jogap ýazypdyr. «*Hormatly Ella,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Garaşylmadyk hatyň maňa Gwatemalada, Momostenango atly çet-gyrakda ýerleşýän obajykda gowuşdy. Bu oba henizem maýýalaryň senenamasyny ulanýan az sanly oturymly ýerleriň biri. Bolýan pansionymyň garşysynda dileg agajy bar. Şahalaryna her dürli reňkdäki, her dürli bezegli esgi bölejikleri daňlan bu agaja ýerli halk «Synan göwünleriň agajy» diýip at beripdir. Göwni ynjan kişiler atlaryny bir kagyza ýazyp, bu agajyň şahalaryndan asýarlar, dertlerine derman tapmak üçin doga edýärler.*

*Hernä, öz çenimi bilmän bir iş edäýen däldirin-dä, hatyňy okanymdan soň, dileg agajynyň ýanyna gitdim. Gyzyň bilen araňyzdaky düşünişmezligiň çözülmegini diledim. Adam eý görýänlerine gowulyk isleýändigi üçin olaryň durmuşyna goşulman durup bilmeýär, ýöne aslynda munuň üýtgeşik bir peýdasyny-da görüp baranok. Bilýäňmi, meniň özüm-ä başgalaryň durmuşyna goşulmamy goýbolsun edip, Haka bil baglap başlanymdan soň janym rahatlandy.*

*Adam5laryň köpüsi töwekgellik etmegi, ýagny Haka bil baglamagy passiw galmak diýip düşünýärler; ýöne bu bütinleý tersinedir. Töwekgelçilik kaýyllygyň hem takdyra ten bermegiň getirýän sap rahatlyk halydyr. Hereketsizlik däl-de, janlylykdyr, işjeňlikdir. Älemde biziň üýtgedip hem-de doly manysynda akyl ýetirip bilmejek*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*ýagdaýlarymyz ýüze çykyp durýar. Şeýle ýagdaýlary-da hasaba almak bilen tutuş barlyga yşk bilen çemeleşmek mümkindir. Iň bolmanda, muňa synanyşyp görüp bileris. Rumy yşkyň ýaşaýşyň dirilik suwudygyna ynanýardy. Eger şeýle bolýan bolsa, onuň ýekeje damjasy hem yrýa bolmaly däldir.*

*Maýýa senanamasyna görä, bu gün üýtgeşik bir gün. Bu gün uly özgerişlikleriň, ter-tämiz, bütinleý täzelenen akyl-paýhasyň buşlukçysydyr. Gün batyp, gündiz ahyrlamanka, güýji ýitmezi ýaly, men bu haty saňa hökman ugratmaly.*

*Seniň agajyň şahalaryndan sallanyp duran adyň reňbereň gül açmagyny dileýärin. Yşk asla ýadyňaoýuňa düşmän durkaň, oslagsyz ýerden öňüňden çykar duruberer.*

*Dostluk bilen, Aziz».*

Ella haty iki gaýta okady. Birhili töwra adamdy Aziz. Gör, nähili ýüreginden syzdyryp ýazypdyr! Bu aýal maňa hat ýazyp, näme, başga işi ýokmudyka diýäýmändir, çyny bilen sap ýürekden jogap beripdir. Eýse, ol nähili adamka? Ellanyň tanaýan adamlarynyň hiç biri oňa beýle hat ýazmazdy.

Dogrusy, dünýäniň beýleki ujunda bir ýerde asla tanamaýan daşary ýurtly biriniň özi üçin ýagşy dileg etmegi ony tolgundyrypdy. Gözlerini ýumdy, öz ady ýazylan kagyz bölegini göz öňüne getirdi, ol batbörek ýaly

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

şemala ýeňiljek galgap, özi han, özi soltan, erkin halda, galyberse-de, büs-bütin bigünä…

Ol az salymdan aşhananyň gapysyny açdy, howla çykdy. Giçki baharyň säher wagty öwsen şemaly burnuna urdy, ýüzüni ýalady. Şol wagt Kölege-de onuň ýanynda peýda boldy. Näme üçindir ol temegini göge tutup, howsala bilen howany ysgady. Hüşerilip durup, gözlerini süzdi, gulaklaryny dikgertdi.

Baharyň şu ahyrky nepesinde Amerikada aňrybaş oňaýly öýüň howlusynda — ýerde Ella bilen iti, asmanda bolsa, Aý bilen bulut ýan-ýana durdular. Dogrusy, gijäniň yns-jynssyz çolalygyna, durmuşyň näbellililiklerine garry item, onuň Saraýmany-da öwrenişmändi. Olaryň ikisi-de demini alman, ýarym gorky, ýarym howsala bilen garaňkylyga garap durdular.

***Şägirt  Bagdat, 1242-nji ýylyň apreli***

Baş kazydyr ýanhemralaryny gapa çenli ugradanymdan soň, gap-gaçlary ýygnaşdyrmak üçin otaga dolandym. Bir görsem, Baba Zaman bilen gezende abdal ikisiniň şol üýtgewsiz oturyşlary. Agyzlaryndan ýeke söz dagy çykaýsa nädersiň. Gözümiň gytagy bilen ikisini-de synladym. Eýse, gürleşmän söhbet etmek mümkinmikä? Bilesim gelip içim byjyklap duransoň, gyzyklanmam has hem artdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Gürrüň açmazlarmyka diýip, ýassyklary düzedişdirdim, otagyň içini ýygnaşdyrdym, halyň ýüzündäki çörek owuntyklaryny ýekänme-ýekän çöpleşdirdim. Ýöne esli wagtdan soň, ol ýerde eglenere bahana galmady. Olary şol ýerde galdyryp, otagdan çykmaly boldum.

Yraň-daraň edip aşhana bardym. Meni gören badyna zalym Aşçy ata goh baryny turuzyp, tabşyryk baryny berip başlasa nädersiň! ―Nirede bolduň, ýalta nadan! Bol çalt, tekjeleri tämizle, daşaryny süpür! Çyrçyrşaklary ýuw! Ojagy arassala! Diwardan düýt ýagyny gyrdap aýyr! Işiňi bolaňsoň, syçan gapanlara seretmegem ýadyňdan çykaraýmagynçykaraýmagyn! Ammarda düýe ýaly syçan gördüm! Git-de tut şol peläketi! Bolmasa, peýnir ýerine şo gapana özüňi goýaryn!‖

Şu tekgehana gelenime alty aý töweregi bolandyr welin, ilkinji günden bäri Aşçy atanyň iki eli ýakamda. Ynha, zol-zol gaşyma geçip: ―Tämizlik ybadatdyr, ybadat tämizlik!‖ diýip, takal okap durandyr. Birehim adam! Şonuň zoruna her gün eşek ýaly işleýän. Bu ezýete näme üçin ―ruhy terbiýe― diýýändiklerine hiç düşünip bilemok! Ýagly gapgaçlary ýuwmagyň, töweregi arassalamagyň nämesi magnawyýat bolsun diýsene?! Bir gün ýüregimi bire baglap, gaýtargy berermen boldum.

– Tämizlik ybadat bolýan bolsa, Bagdatdaky heleýleriň ählisi birçak pir çykardy– diýdim. Aşçy ata bir agaç

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

çemçäni kellämden dazyrdadyp zyňyp, bogazyna sygdygyndan gygyrdy:

– Bäriňi gara, derwüş bolmak niýetiň bar bolsa, şu agaç çemçe ýaly lal-jim bolmaly bolarsyň, ogul! Aýakgabyň petegi ýaly uzyn dil müritler kysmynyň häsiýetine gelişýän däldir. Az gürleseň, çalt bişersiň! Aşçy atany görsem jynym atlanýardy. Ýöne şonça-da ondan çekinýärdim. Şu gijä çenli ýeke gezegem aýdanyndan çykan ýerim ýokdy…

Bu gezek Aşçy ata maňa ýeňsesini görkezen badyna assyrynlyk bilen aşhanadan ökje göterdim; daraklygyma basyp myhmanyň bolýan otagyna ýakynlaşdym. Duýdansyz peýda bolan derwüşi tanajak bolup jan edýärdim. Kimkä? Niräň nämesikä? Galandarmydyka? Bärden näme gözleýärkä?

Tekgehanadaky derwüşlere-hä asla meňzeýän ýeri ýok. Gözlerinde bir hili dälişge, gedem, alawlap duran, bulagaý hem wehimsiz bakyş bardy.

Kiçigöwünlilik bilen başyny egende-de, gözünden şol alamatlar aýrylmaýardy. Seredişi bulagaý hem üýtgeşik bolany üçin, ony gören adam hem-ä onuň jadysyna berilýärdi, hem-de bolşundan birahat bolup çekinýärdi.

Otaga baranymda, gapy ýapyk eken. Bir deşikden içerini synlap başladym. Başda hiç zat görüp bilmedim, ýöne

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

gözüm öwrenişensoň, içerdäkileriň ýüzüni saýgarmak başartdy.
Birazwagtdan soň, Baba Zaman Şemse sorag bilen ýüzlendi:

– Hany, aýt, ýoluň nädip Bagdada düşdi? Ýa bu tekgehanany düýşüňde gördüňmi?

Derwüş başyny ýaýkady.

– Ýok, bärik gelmegime düýş sebäp bolmady. Onsoňam men hiç haçan düýş göremok.

– Hemmeler düýş görýär – diýip, Baba Zaman salykatlylyk bilen dillendi. – Ýadyňa düşmeýän bolsa başga gep, ol düýş görmeýäniňi aňlatmaýar.

– Ýöne men düýş göremok – diýip, Şems tekrarlady. – Alla bilen şertleşigimiz şeýle. Çaga mahalym älemiň syrlarynyň ençemesi maňa bir-bir aýan edildi. Eneatama gürrüň berenimde bu olara ýaramady, hyýalyňa gelýändir diýdiler. Syrymy ýoldaşlaryma aýdaýyn diýdim, olar hem ―sen ýa-ha barypýatan hyýalkeş, ýada ýalançy‖ diýdiler. Mugallymlaryma gürrüň berdim, olaryň jogaby hem şobir zat. Ahyrynda bir zada göz ýetirdim, adam täsin bir ýagdaý hakynda eşitse, oňa ―ýa hyýaldyr, ýa-da düýşdür‖ diýip geçer gidiberer eken.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Şu zatlary aýdan badyna derwüş bir ses eşiden ýaly, badabat dymdy. Soňra örän geň bir zat bolup geçdi. Ol dikeldi, eginlerini ýazdy, dogumly basyp, gapa ýöneldi-de, maňa tarap gaýtdy. Bu hereketleri edýän mahaly ol göni meniň duran nokadyma seredýärdi. Göýä birhili ýol bilen meniň şol ýerde duranymy, özlerini synlaýanymy bilýän ýalydy.

Ol göýä agaç gapynyň aňyrsyny görýän ýalydy.

Ýüregim dowla düşüp, gürsüldäp urup başlady. «Aşhana tarap gaçaýsammykam» diýip oýlandym, ýöne gollarym, aýaklarym, tutuş göwräm gurşan ýalydy. Şems-i Töwriziniň şol dogumly bakyşy gapyny böwsüp geçip, alyslara uzaýardy. Meni gorky gurşap aldy, ýöne şol bir wagtda bedenimiň öýjükleriniň her birine täsin gudrat gaplanýardy. Şems golaýa geldi, elini gapynyň tutawajyna goýdy. Gapyny açyp, meni etmişimiň üstünde tutaýmaly mahaly-da saklandy.
Gaty ýakyna geleni üçin deşikden seredeniň peýdasy ýokdy; ýüzüni görüp bilemokdym. Şeýle ýagdaýda garaşmak gabyr azabyna döndi. Demimi alyp bilmän doňup galdym. Hut şol pursat hem ol ýene hyrra yzyna öwrüldi; gapydan uzaklaşyp barşyna hekaýatyny dowam etdi.

– Ahyrsoňy Alladan gaýdyp düýş görmezligimi diledim. Şunlukda, heran-haçan bir alamat bilen ýüzbeýüz bolsam ýa-da beýleki äleme syýahata çyksam, onuň düýş

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

däldigini çürt-kesik bilip biljekdim. Alla razy boldy. Düýş görmek ukybyny menden sogrup aldy. Ynha, şonuň üçinem men hiç haçan düýş göremok.

Şems häzir otagyň aňry çetindedi. Açyk penjiräniň ýanynda aýak üstünde durdy. Daşarda ýagyş çisňeýärdi. Agyr oýa batyp, ýagşy synlap durşuna, ol şeýle diýdi:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

− Alla düýş görmek ukybymy almasyna aldy weli, bu ýetmezimiň öwezini dolmagym üçin, başgalaryň düýşüni ýormaga ygtyýar etdi.

Baba Zamanyň bu samahyllamalara ynanmajagy barada oýlandym. Özüme igenişi ýaly, derwüşe-de igener öýtdüm. Ýöne mürşit usullyk bilen başyny egdide:

− Täsin adam bolmaga çemeliň. Hany, aýt, saňa näme kömek edip bileris? − diýdi.

− Bilmedim. Aslynda bu sowalyň jogabyny özüňiziň aýtmagyňyza garaşýan.

− Näme diýmekçi bolýaň? – diýip, Baba Zaman sorady. Onuň pikiri garjaşyk göründi.

− Kyrk ýyl töweregi bäri abdallyk edýärin. Gurtguşuň, mör-möjekleriň ähli görnüşlerini tanaýaryn. Kyn günde galsam, wagşy haýwanlar ýaly döwüşýänem, ýöne men hiç kime ýersiz-ýere yrsaramaýaryn. Asmanda näçe burçuň, tokaýda näçe görnüşli kömelegiň, sährada näçe dürli otuň, derýada näçe tüýsli balygyň bardygyny ýekänme-ýekän sanap bilýän. Allahyň öz sypatlaryndan eçilip ýaradan ynsanyny açyk kitap mysaly okamagy başarýaryn…

Şems esli wagtlap dymdy, mürşidiň şemi otlaryna garaşdy. Soňra sözüni dowam etdi:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

– Çünki kyrk ýörelgäniň biridir bu. Dördünji kada: *Älemdäki her bir zerrejikden Allahyň sypatlaryny tapyp bilersiň, çünki Ol metjitde, kilisede, sinagogda däl, her pursatda hemme ýerdedir. Allahy görüp ýaşap ýöreniň bolmaýşy ýaly, Ony görüp ölüp gidýän hem ýokdur. Kim Ony tapsa, ebedilik Onda galar.*

Şol pelpelläp duran öçügsi yşykda Şems-i Töwriziniň boýy has hem uzan ýaly bolup görünýärdi. Saçlary buýra-buýra bolup, eginlerine düşüp durdy.

– Ýöne ylm-y ledun bir tarapa akmasa, güldanyň düýbündäki talh suw ýaly bolýandyr. Içimde jemlenen ylmy paýlaşara bir jan ýoldaşyna duşur diýip Alladan köp diledim. Ahyrynda Samarkandyň golaýyndaky düşelgeleriň birinde gulagyma gaýypdan bir owaz geldi. Takdyrymyň tejelli etmegi üçin, Bagdada gitmelidigim habar berildi. Mundan beýläk haýsy tarapa gitmelidigimi özüňiziň aýtjakdygyňyza ynanýaryn.

Daşarda garaňky düşüpdi, Aý ýarpydy, açyk penjireden ýagty düşýärdi. Wagtyň bir çene baranyny aňdym. Aşçy ata meni gözleýändir, ýöne gözlese gözläp geçsin. Birje gezegem bolsa, düzgüni bozup görmegiň lezzeti nähili üýtgeşik!

– Menden nähili jogaba garaşýanyňy bilemok – diýip, Baba Zaman mydyrdady. – Ýöne saňa ýetirmeli nähilidir

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

maglumat bar bolsa, wagty gelende, elbetde, aýdylar. Oňa çenli bizde galyp bilersiň. Myhmanymyz bol.

Şems hormat bilen başyny egdi-de, Baba Zamanyň elini öpdi. Ynha, şonda mürşidim şol täsin sowaly berdi:

– Özüňde bar ylmyň ählisini başga birine bagyş etmäge taýýardygyňy aýdýarsyň. Dür dänesi deý ýygnanyňy aýaňa alyp, bir adama gowşurmak isleýärsiň. Eýse, başga biriniň kalbyny manawyýat nuruna gark etmek muzdsuz işdir öýdýäňmi? Öwezine näme berip biljek?

Derwüşiň jogabyny ömrylla ýadymdan çykarman. Ol sägindi-de pessaý äheňde:

– Başymy – diýdi. – Öwezine başymy goýmaga taýýar.

Meni şagga der basdy, tisginip yza çekildim. Gözümi ýene gapydaky deşige gabatlanymda mürşidimiziň hem tolgunandygyny gördüm.

Baba Zaman uludan demini aldy:

– Bu günlükçe, şu aýdan zatlaryň ýeterlik. Argynsyň. Häzir Gyzyl Şägirdimizi çagyraýyn, size düşegiňizi görkezsin, arassa örtgi hem-de süýt getirsin.

Muny eşidip, Şems ýene gapa seretdi. Onuň nazary ýene hakyt süňňümden ötdi. Göýä diwarlary böwsüp geçip, diňe gapynyň aňyrsyny däl, ruhumyň düýpteýkarynda ýatan iň gizlin hallarymy öwrenip, özümede gizlin

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

syrlarymy özümden gowy bilýän ýalydy. Ýüregime gorky aralaşdy. Töwrizli Şemse, megerem, Gurhan-y Kerimiň şolardan ägä boluň diýip duýdurýan Babylyň iki meşhur perişdesi Harut bilen Marut sapak berendir. Ýa-da başga bir hünäri bardyrda, belki, ol diwaryň aňyrsyny görmegi başarýandyr. Her näme bolanda-da, ol meni eýmendirýärdi. – Gyzyl Şägirdi çagyrmagyň geregi ýok – diýip, Şems dillendi. – Göwnüme bolmasa, onsuzam onuň golaýdadygyny, gürrüňlerimizi eşidip durandygyny duýýan.

Agzymdan haýran galanymy bildirýän sesiň çykanynam duýman galdym. Dowla düşüp aýak üstüne galdym. Howla tarap ok bolup atyldym. Ýöne ol ýerdede asla çak etmeýän bir belam – Aşçy ata maňa garaşyp durdy!

– Häý, bihepbe, bärde ekeniň-ä! – diýip gygyryp, aşpez elindäki tikenli sübsesi bilen meni jyr raldyp kowalady. – Sen entek görersiň, ýeksurun. Elime bir düş! Gel bärik!

Soňky pursatda sübseden ujyz sypyp, howludan atylyp çykyp gaçdym.

Tekgehanany esasy ýola baglaýan ýoda bilen güýjümde baryny edip ylgap barýarkam hem, Şems-i Töwriziniň keşbi göz öňümden gitmeýärdi. Olary synlap duranymy nireden bildikä? Ol adam jadygöýmikä? Menher näçe uzaklaşsamam, durmag-a däl, badymam gowşatmadym. Ýüregim agzymdan çykyp barýardy, dilim gurap,

dodagym kepäpdi. Şonda-da dyzymyň ysgyny gaçyp, demim-demime ýetmän daljygýançam, şol ylgadym bardym, ylgadym bardym, ylgadym bardym.

***Ella Boston, 2008-nji ýylyň 21-nji maýy***

Başujunda çakyrdan boşan bulgur, gujagynda ―Yşk şerigaty‖, Ella düşeginde uklap galypdy. Ertesi irden Dewid öýe gelende ony şeýle ýagdaýda gördi. Bir pursatlyk düşege golaý gelip, aýalynyň üstüni örtjegem boldy-da, pikirini üýtgedip, dessine duşa tarap ýöneldi.

On-on bäş minutdan soň, Ella oýandy. Adamsynyň duşda ýuwunyp duranyny eşitmegi ony geň galdyrmady. Dewidiň başga aýallaryň öýüne giden, hatda olar bilen bolan bolmagy hem ahmaldy, ýöne şonsuzam ol her säher öz duşlarynda ýuwnardy. Şol ýatyşyna Ella şaglap akýan suwuň sesine diň saldy. Biraz wagtdan Dewidiň duşdan çykanyny eşitdi. Gaýtadan gözlerini ýumup, uklan bolup ýatdy. Şeýlelikde, düýn gije näme üçin öýe gelmäni barada ne-hä ol soramaly, ne-de äri jogap bermeli boldy.

Bir sagat töweregi soňra Dewiddir çagalar öýden çykyp gidende, Ella ýene aşhanada ýeke galdy.

Durmuş derýasy hemişekiler ýaly akmasyny dowam edýän ýalydy. Nahar bişirmegiň düzgünini öwredýän kitaplaryň iň gowusynyň gatyny açdy. Aňsat bişirmek usuly. Naharlaryň birnäçesiniň bişirilişini ünsli gözden

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

geçirip, ahyry özüne tutuş öýlän iş boljak bir çylşyrymly tagamy saýlap aldy:

*Zagpyran, hindi hozy, portugal deňiz otunyň çorbasy, kömelek sousynda ter otly, bäş dürli peýnirli aş, sirke bilen gyzardylan sarymsakly göle gapyrgasy, ergine ýatyrylan kelem.*

Soňra süýjülik taýýarlamagy-da ahmal etmedi: şokoladly sufle bişirdi.

Onuň nahar bişirmegi gowy görmeginiň bir topar sebäbi bardy. Tagam taýýarlamak onuň bir özüniň arkaýyn hötdesinden gelýän ýeke-täk işidi. Onsoňam bu pişe oňa rahatlyk berýärdi. Örän ýönekeý görünýän zatlardan lezzetli hem göze ýakymly nahar bişirip, dürli-dümenden doly saçagy bezemegiň ynsanyň ruhuna üýtgeşik täsiri bardy. Aşhanada nahar bilen başagaýka, ol bendisi boldugy gündelik durmuşyň çäklerinden we hysyrdylaryndan halas bolýardy. Aşhana onuň daşarky dünýäden gaçyp atyp biljek, wagty isleýşi ýaly gurap, duruzyp biljek ýeke-täk ýeridi. Käbir adamlaryň söýgi gatnaşygyndan alýan lezzetini Ella nahar bişirmekden alýan bolsa gerek. Üstesine-de, başga bir adam bilen baglanyşygy ýok.

Nahar bişirmek üçin ýeke-täk gerek zat biraz wagt, zähmet hem-de nahar bişiriljek zatlardy. Bolany.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Teleýaýlymdaky nahar bişirmegi öwredýän gepleşikleri yzygiderli görse-de, olaryň hiç birine ynanmazdy. Şeýle gepleşiklerde nahar bişirmekligi dyngysyz ―özboluşlylyk‖, ―döredijilik‖, hatda ―fantastika‖ hasaplamaklaryny geň görýärdi. Aşhana – – tejribehana däl ahyry! Goý, alymlar synag geçirsin, goý, sungat işgärleri üýtgeşik bolsun! Ýöne aşpezlik başga zatdy. Gowy aşpez bolmak üçin synag geçirmegem gerek däl, hyýalbent bolmak hem! Datly tagam bişirmek isleýän adam ilki bilen işiň elipbiýini öwrenmeli. Nahar bişirmek sungaty ýyllaryň, hatda asyrlaryň dowamynda gazanylan tejribe. Ynsan täze bir zatlary oýlap tapmagyň deregine, öňden bar zatlara hormat goýmagy başarmaly. Döwrabap eýýamda hiç kim köne adatlary ýa-da nusgawylaşan usullary nusgalyk hasap etmese-de, Ella Rubinşteýn aşhana gezek gelende, bütinleý köneçil aýaldy.

Aslynda Ella, umuman alanyňda, öz endiklerine eýermegi gowy görýän zenandy. Maşgala bolup her gün şol bir sagatda ertirlik edinýärdiler, her hepdäniň ahyrynda şol bir söwda dükanyna gidip, her aýyň ilkinji dynç güni goňşular bilen üýşüp nahar edinerdiler. Dewidiň işden sypynyp bilmeýäni üçin öýüň ähli işi Ellanyň boýnunady; öý çykdajylarynyň hasaplaryny onuň özi ýöredip, öý goşlaryny hem wagtal-wagtal şol täzeläp durýardy, näme gerek bolsa, ylgaýan şoldy; öýi bejertmeli bolsa, ussalara

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

ýüz tutmaly hem onuň özüdi, çagalary tansa, basketbola, tennise, doglan olaryň öý işlerine-de ýene özi kömek edýärdi, bu zatlaryň hiç biriniň ýatdan çykyp galmazlygy üçin her hili meýilnamadyr maksatnamalary düzmeli bolýardy. Her penşenbe agşamy Ella özi ýaly hojalykçy aýallaryň nahar taýýarlamagy öwredýän jemgyýetine-de gatnaýardy (jemgyýetiň agzalary dürli ýurtlaryň aşhanalaryny öwrenip, köne tagamnamalary täze tagamlar bilen baýlaşdyryp, nahar bişirmegiň syrlaryny öwrenýärdiler). Her annada organik önümler bazarynda sagatlap aýlanýardy; daýhanlar bilen alýan hasyllary barada gürleşip, düzüminde şekeri az mürepbeleri öwrenýärdi ýa-da özi ýaly nahar bişirmäge höwesek başga adamlara, mysal üçin, ownuk proteballa kömelegininiň nähili bişirilýändigini änigine-şänigine çenli düşündirerdi. Almaly zatlarynyň sanawynda ýetmeýän zat bar bolsa, bazardan soň öýe gaýdyşyn uly söwda merkezinden alyp geçerdi.

Şenbe günleri bolsa, Dewid Ellany restoranlara garbanmaga äkiderdi, köplenjem taýwan ýa-da ýapon restoranyna giderdiler. Gaýdyp gelýärkäler, ýadaw, serhoş ýa-da keýpsiz bolmasalar, öpüşerdiler, gujaklaşardylar. Çalaja öpüşler, howsalaly sypaňsermeňler, ýüzleý ogşaşmalar... Olar är-aýal hökmünde däl-de, hakykatdanam, biri-birini söýýändikleri üçin bile bolýardylar. Ýöne bir döwürler iň

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

hylwatly baglanyşyklary bolan är-aýal gatnaşygy bireýýäm özüneçekijiligini ýitiripdi. Indi seýrek halatda ýakynlyk edäýmeseler, başga wagt biribirlerine golaýlaşmazdylar. Käte bolsa hepdeläp, aýlap ýakynlyk etmeýän wagtlaram bolýardy. Ella muňa üns berip ýörenokdy. Dogrusy, birmahallar şeýle ähmiýetli hasaplan är-aýallyk gatnaşygyny küýsemeýänine häzir düşünip bilmeýärdi. Şonda-da uzaga çeken maşgala durmuşlarynda hyjuwyň azalmagyny ol tebigy zat hökmünde kabul edýärdi.

Ýöne ärine gezek gelende ýagdaý başgaça bolsa gerek. Görnüşine görä, Dewid aýaly bilen bolmakdan sowaşan bolsa-da, başga aýallar babatda äginmeýän bolmaga çemelidi. Şu güne çenli Ella ondan özüni aldadyp-aldatmaýandygy barada gönüläp sorap, şübhesini äşgär etmändi. Iň ýakyn joralarynyň hem ýagdaýdan bihabar bolmagy bu işi bilmän galmagyny ýeňilleşdiripdi. Şonuň üçin hiç kime gep düşündirmeli, masgaraçylykly jenjeller ýa-da myşmyşlar bilen meşgullanmaly bolmandy. Dewidiň nädip bu zatlaryň hötdesinden gelýänini bilmeýärdi; başga aýallar bilen, ylaýta-da, ýaşajyk kätip gyz bilen yzygider gatnaşýandygy barada oýlansaň, bukdyn işlerini assyrynlyk bilen ýöredýändigi görnüp durdy. Ýöne näçe ýaşyrsa-da, biwepalygyň özüne mahsus ysy bolýardy. Bu ysy Ella gaty gowy saýgarýardy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Dogrusy, häzir geçmişine nazar aýlanda ol sebäpnetije baglanyşygyny kesgitlemekde kynçylyk çekýärdi. Ilki haýsysy bolup geçdikä? Eýse, äri ony aldadany üçin Ella üst-başyny hem bedenini gözden salyp, jynsy höwesden sowap ugradymyka? Belki, başda ol üstbaşyna hem syratyna serenjam bermegi ahmal edendirde, soňra Dewid başga aýallara meýil bildirendir? Seljerip bilenokdy. Haýsy bolanda-da, netije meňzeşdi; ýigrimi ýyl ýaşaşyp, üç çagaly bolanlaryndan soň, maşgala ojagynyň şuglasy öçüpdi.

Oýlanyp geçiren üç sagadynyň içinde aňynda müň dürli pikirdir şübhe at salan Ella howlukmanalňasaman naharyny bişirdi. Pomidor dilimledi, sarymsak maýdalady, sogan gowurdy, narpyz dogrady, çorba gaýnatdy, pyrtykal gabygyny artdy, hamyr ýugurdy. Ol nikalaşan pursatlary Dewidiň ejesiniň beren altyn öwüdini ýadyndan çykarmandy.

– Erkek adamyýaňja bişen çörek ýaly ojagyna baglaýan zat ýokdur – diýip gaýynenesi aýdypdy. Hergiz dükandan çörek satyn almagyn. Öz çöregiňi özüň bişir.

Nähili gudrat görkezýänini görersiň!

Öýleden soň, gijara çenli işlän Ella ähli zady ýetik, gül ýaly saçak taýýarlady. Stola gelşip duran kagyz elsüpürgiçleri üçburç edip epleşdirip goýdy, hoşboý ysly şemler ýakyşdyrdy; ortarada akly-saryly güllerden

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

owadan edip çemen ýerleşdirdi. Soňra mata elsüpürgiçleri togarlap, owadan edip goýuşdyrdy. Ahyry işi tamamlananda saçak edil bezemen suratdaky ýaly bolup durdy. Ýadan hem bolsa, bu şoňa degýärdi.

Edere işi galmansoň, aşhanadaky telewizory açyp, ýerli habarlary diňläp başlady. Soňky ýigrimi dört sagadyň dowamynda Bostonda bir ýaş lukman öýünde pyçaklanypdyr, bir hassahanada elektrik galtaşmasy zerarly ýangyn ýüze çykypdyr; diwarlardyr heýkellere bolgusyz sözler ýazan dört sany liseý okuwçysy tutulypdyr. Her täze habary eşidende Ellanyň howsalasy barha artýardy. Amerikanyň iň howpsuz ýerleri hasaplanýan şäher eteklerinde hem ýaşaýşa ygtybar ýokka, Aziz A. Zahara ýaly adamlar nädip özlerinde dünýäniň yzagalak sebitlerine gider ýaly güýç-gaýrat tapýarkalar?
dünýäniň bolsa juda düşnüksiz hem ygtybarsyz bolmagy özi ýalylaryň alada bilen öýe gabalyp galmagyna sebäp bolýarka, şeýle ýagdaý Aziz ýaly adamlara bütinleý tersine täsir edýärdi, bu olary bir syýahatdan başga bir syýahata, bir başdangeçirmeden beýleki birine itekleýärdi. Ellany iň geň galdyran zat hem şudy. Nädip, şol bir sebäp şunuň ýaly, iki dürli netijäni ýüze çykaryp bilýärkä? * * *

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Rubinşteýnleriň maşgalasy agşam sagat 19:30-da ajaýyp fotosuraty ýadyňa salýan bezemen saçagyň başyna geçdi. Ýanyp duran şemler otaga kaşaňlyk çaýýardy. Häzir biri penjireden garaýsa, içerdäkilere hem şemiň yşygy ýaly nepis kämil bir maşgaladyr öýder. Janetiň ýoklugy hem bu çirksiz fotosurata zeper ýetirip durmaýardy. Orly bilen Ewi eňeklerine jaň dakylan ýaly mekdepde bolan zatlar barada gürrüň etdiler. Ella birje gezekligem bolsa, ekizleriniň alagowur bolup oturyşlaryndan hoşal boldy. Ol adamsy bilen aralaryndaky sowuklygy unutdyrýandyklary üçin çagalaryna minnetdardy.

Ella gözüniň gytagy bilen tabagyndaky keleme çarşagyny çümdürip, naharyny haýallyk bilen çeýnäp oturan Dewidi synlady. Özüne diýseň tanyş, ençeme ýola öpen, solgun, inçe dodaklarda, düzüm-düzüm proselin dişlerde nazary eglendi. Adamsynyň başga bir aýaly öpüp durşuny hyýalynda janlandyrdy. Ýöne hyýalynda janlanan aýalyň keşbi Dewidiň ýaş kätibi däldi-de, Holliwodyň ýyldyzlarynyň biri, galgyn göwüsli Juliýa Robertsiň keşbidi. Şol çypar zenan diýseň syratlydy, özüne göwni ýetýärdi, darajyk köýnegiň astyndan göwüslerini güjeňleýärdi; aýagynda gonjy dyzyna ýetip duran beýik ökjeli gyzyl gaýyşdan tikilen ädik bardy. Şeýle bir reňk çalnypdyr welin, ýüzi ýalkym saçyp ýanyp durdy. Ella Dewidiň bu zenany tolgunyp, hyjuw bilen, göýä emejen guzy ýaly öpüşini hyýalynda janlandyrdy. Şol mahal onuň

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

maşgalasynyň ýanynda perde edinýän salykatlylygyndan nam-nyşan ýokdy...

Ynha, şol pursatda hem-de hut şol ýerde «Aňsat bişirmek sungaty» kitabyndan nusga alyp taýýarlan naharyny iýip otyrka, äriniň başga bir aýaly öpüşini göz öňüne getirip oýa çümen Ellanyň aňynda ýyldyrym çakyp gitdi. Ol şonda sowukganlylyk bilen bir hakykata göz ýetirdi. Hawa, – Ellanyň çekinjeň, ýygra hem-de maşgalasyna artykmajy bilen bagly aýal bolmagy ahmal. Belki, ol ömründe her bir işde öz güýjüňe daýanmalydygyny öwrenen hem däldir, ýöne bir gün onuň alaga-da ähli zady we hemmeleri: aşhanasyny hem, itini-de, zenjefilli kökeleridir hoşboý ysly şemlerini hem, çagalaryny, kaşaň mülküni, goňşularydyr şowhunly agşamlary, ärini, tekjelerde düzüm-düzüm bolup duran tagamnama kitaplaryny... terk edip gitmegi-de ahmal. Ana, şonda ol baryny taşlap, şu gapydan ýeke çemedan bilen çykar-da, aňyrsy görünmeýän bulam-bujarlykdan we majagaýlykdan doly daşky dünýä özüni dik-başaşak oklar.

Hawa, Ella Rubinşteýn günlerde bir gün asla garaşylmadyk ýagdaýda gazaba atlanmagynyň ahmaldygyna şu agşam düşündi. Onsoň ol özüni ýyllar boýy ýarym bilesigelijilik, ýarym gaýgy hem-de düşnüksiz ýazgaryş bilen tomaşa eden habarlar

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

gepleşiklerinde görkezilýän wakalaryň bolup geçýän ýeri bolan şol ber-başagaý daşky dünýäde tapmagy mümkindi.

***Pir Bagdat, 1243-nji ýylyň 26-njy ýanwary***

Bize goşulaly bäri dokuz aý geçdi. Başda Şemse bir gün kellesine bir hyýal geler-de, goş-golamyny ýygnaşdyryp gider öýdýärdim. Tekge durmuşynyň berk düzgüniniň onuň içini gysdyrýandygy Aý dogan ýaly äşgärdi. Hemmeler ýaly, bellenen wagtda ýatypturmakdan, belli-belli sagatlarda nahar iýmekden, başgalaryň bellän düzgünine eýerjek bolmakdan öler ýaly bezigýäni gözüme ilýärdi. Ol ýalňyz guş deý, ýeke-täk hem erkana bolmaga öwrenişendi. Tekgehananyň durmuşy sabyr käsesini dolaňkyrladýardy. Dogrusy, haçan gaçyp giderkä diýip garaşýardym. Emma hiç ýere-de gitmedi. Onda ruhdaşyny tapmak arzuwy şeýle bir güýçlüdi welin, ähli zada garamazdan, sabyr bilen garaşdy. Günlerde bir gün onuň örän isleýän habaryny özüne aýtjakdygyma, nirä we kimiň ýanyna gitmelidigini salgy berjekdigime berk ynanýardy. Şol ynanjyň saýasynda-da, biziň ýanymyzda galdy.

Şol geçen dokuz aýyň dowamynda men ony synlap gezdim. Göýä wagt onuň üçin başgaça – has çalt hemde manyly akýan ýalydy. Beýleki derwüşlerimiň özleşdirmesi hepdelere, käte aýlara çekýän bir meselesini öwrenmek nobaty Şems-i Töwrizlä gelende sagatlar, günler ýeterlikdi. Ol täze hem adatdan daşary zatlaryň

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

ählisine üýtgeşik bilesigelijilik bilen çemeleşýärdi. Her säher daşarda gezelenç edip, uzak wagtlap tebigaty synlaýardy. Köplenç bagda möý kerebini ýa-da gije açylan güldäki çyg damjalaryny synlap durka, üstünden barmak bolýardy. Mör- möjekler, ösümlikler, kristallar, şepbik, tikenler we tutuş tebigat Şems üçin kitaplardyr risalalara garanyňda, has gyzykly, has ylham berijidi. Ýöne men onuň kitap okamany halamaýany hakda hakyt pikir edip ýören günlerim, bir görsem, elinde üstünden asyr aşan elýazma, harplaryň manysyny yhlas bilen birinbirin çözläp dur; okanyny az görüp, gündiz diýmän, gije diýmän ukudan galyp ýör. Soňra ýene bir görseň, hepdeläp ýeke kitabyň hem gatyny açanok.   Bu ýagdaý barada özünden soran mahalym şeýle diýdi:

– Ynsan öz akylyny aç-mätäç çaga hasaplap, ony çemçe-çemçe bilim bilen doýurmaly. Emma iýmitleriň käbiri çaga nähili agyr düşýän bolsa, käbir bilim hem adama şonuň ýaly agyr bolýar, şony ýatdan çykarmaly däl.

Meger, kyrk kadanyň biri şu bolsa gerek.

Bäşinji kada: *Akylyň kimýasy bilen yşkyň kimýasy başga-başga zatlardyr. Akyl seresapdyr, her ätjek ädimini oýlanyp-ölçerip äder. Ol: «Özüňden ägä bol!» diýip duýduryp durandyr. Ýöne yşk nähili? Onuň ýeketäk diýýän zady: «Özüňe üns berme, näme işlese şony*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*işlesin!»*

*Akyl aňsat-aňsat ýykylýan däldir. Yşk bolsa dessine özüni zaýalap harap eder. Emma baýlykdyr hazyna harabalykda bolýandyr. Näme bolsa harap kalpda bardyr!*

Şemsi tanadygymça, onuň aň-düşünjeliligine, edebine, ýiti zehinine haýran galýardym. Ýöne şol bir wagtdada bir zady bilýärdim, Şemsiň adatdan daşary ahwallarynyň çöwre taraplary-da bardy. Mysal üçin, ýüreginde näme bolsa göni aýdýardy. Derwüşlere hemişe başgalaryň hatalaryny hoş görmegi, geçirimli bolmagy, ser berse-de, syr bermezligi öwredipdim.
Şems barada aýdylanda, ol hiç bir ýalňyşlyga geçirimlilik etmezdi. Säwlik gördügi şobada aýdýardy. Sözüni gysganyp duranokdy, ýöne ony ýaýradybam ýörmezdi. Başgalaryň gaty görjegini bilse-de, sypaýyçylyk edip durmaýardy. Hatda garşysyndakynyň gahary gelende-de, aňyrsynda neneňsi närsäniň ýatanyny gözi bilen görüp oýlansyn diýip, ony bilgeşleýin öjükdirýän halatlarynyň hem bolýanyna şübhelenmeýärdim.

Ony adaty işlere ylgatmak gaty kyndy. Gündelik meselelere takaty ýetmeýärdi. Bir zat bilen öwrenişip ugradygy şoňa bolan höwesi gaçýardy. Haýsydyr bir mejbury işe gatnaşmalydygy aýdylsa, kapasa salnan gaplaň mysaly tüýsi bozulýardy. Eger bir söhbet çak edileninden uzap, içi gysyberse ýa-da biri samsyklaç gep

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

oklasa, şobada turup giderdi. Hemmelere deň göz bilen garasa-da, hiç kime artyk baglanmaýardy. Köp adamyň ýokary tutýan rahatlyk, abadançylyk we atdereje ýaly zatlaryň onuň ýanynda sähelçe-de gymmaty ýokdy. Sözlere ähmiýet bermezdi. Bu hem kadalarynyň biridi:

Altynjy kada: *Bu dünýädäki çaknyşyklaryň, ýazgaryşlaryň we gapma-garşylyklaryň köpüsi öz gözbaşyny dilden alyp gaýdýar. Sen özüň bol, sözleri köp iş edinme. Yşk diýarynda dil onsuzam öz güýjüni ýitirýär. Aşyk dilsiz bolýandyr.*

Wagt geçdigiçe, onuň başynyň dikligini alada edip ugradym. Elbetde, takdyrymyzyň Allanyň elindedigi düşnükli. Sanaglymyzyň haçan we nähili doljagyny diňe Onuň bilýändigine-de akylym çatýar. Şonda-da elimden geldigiçe, Şemsiň badyny gowşatmaga, ony has rahat hem tertip-düzgünli durmuşa öwrenişdirmäge çalyşdym. Esli wagtlap munuň hötdesinden gelip biljekdigime ynandym. Ýöne soňra gara gyş başlandy. Onsoň doňduryp barýan sowuklar bilen birlikde ýany hatly bir çapar hem geldi. Ana, şol hat hem bar zady bulam-bujar etdi. ***Hat***

***Kaýseriden Bagdada,1243-nji ýylyň fewraly***

*«Bismillahirrahmanirrahim, Gadyrly*

*Baba Zaman,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Dünýä gözi bilen görüşmänimize näçe wagt bolandyr. Bu hatyň eliňize özüňiziň we kalbyňyzyň gaýgy-ünjüsiz halatynda gowuşmagyny Alladan dileýärin. Bagdadyň eteklerinde guran tekgäňiz bilen bagly öňden bäri gowy habarlar eşidýärin. Şu haty ýazmagyma bolsa, ençeme wagtlap serimden çykmadyk, öz aramyzda galmagyny isleýän bir meseläm sebäp boldy. Rugsat etseňiz, başdan başlaýyn.*

*Bilşiňiz ýaly, jenap Soltan Alaetdin Keýkubat hezretleri kyn döwürde kämil hökümdarlyk eden, öwgä mynasyp adamdy. Onuň iň uly arzuwy şahyrlaryň, sungat adamlarynyň we aýratyn zehinli pelsepeçileriň rahatlykda ýaşap, işläp biljek şäherini gurmakdy. Dünýäde bolup geçýän şunça gapmagarşylyk, duşmançylyk barada oýlananyňda, ylaýtada, bir tarapdan haç göterijiler, beýleki bir ýandan mongollar hüjüm edýän mahaly, gaty köp adama bu arzuw başa barmajak hyýal bolup görnüpdi. Şu güne çenli nämeler görmedik: hristian musulmany, hristian hristiany, musulman hristiany, musulman musulmany çapmadymy? Dinler, mezhepler, tiretaýpalar, hatda doganlar özara garpyşmadymy? Şeýlede bolsa, Keýkubat düşünjeli hökümdardy, arzuwyny hasyl etmek üçin Konýany – Nuhuň tupanyndan soňra suw ýüzüne çykan ilkinji şäheri saýlap tutdy.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Häzir Konýada bir alym ýaşaýar, adyny, belki, eşidensiňiz, belki, eşiden hem dälsiňiz, ismi Möwlana Jelaletdin bolsa-da, köpler oňa Rumy diýip ýüzlenýär.*

*Bagtyma, maňa ony tanamak miýesser etdi, diňe tanap oňman, oňa halypalyk hem etdim, hasam kakasy aradan çykandan soň, onuň mürşidi boldum hem-de ençeme ýyldan soň, özüm onuň şägirdine öwrüldim. Bagtym çüwen ýeri, dyz-dyza oturyp, onuň bilen bile ylym öwrendik. Hawa, şeýle, gadyrdan, men öz şägirdimiň şägirdi boldum. Ol şeýle bir ylymdar, seýrek duş gelýän hem deňsiz-taýsyz adamdy, belli bir wagtdan soň, oňa öwredere zadym galmady. Şondan soň özüm ondan öwrenip başladym. Elbetde, onuň kakasy-da örän zehinli aryfdy. Rumy hakda aýtmaly bolsa, ol örän az sanly alymda gabat gelýän hünäriň eýesidir: onda diniň daş perdesini sypyryp, özenindäki ählumamy we ebedi jöwheri ýüze çykarmak ukyby bar.*

*Munuň diňe meniň pikirim däldigini bilmegiňiz gerek. Rumy ýetginjekkä, şol goja alym, deňsiz-taýsyz dermanhanaçy, meşhur melhemçi-attar bilen tanşypdyr. Şonda Feridütdin-i Attar hezretleri: «Ynha, haý diýmän, bu oglan älemiň ýüregi ýaralylarynyň kalbyna ot salar» diýipdir. Ygtybarly filosof, ençeme kitaplaryň ýazary we mutasawwuf Ibn-i Araby hezretleri bolsa, bir gün ýaş Rumynyň kakasynyň yzyna düşüp barýanyny görüp:*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*«Fesubhanallah! Umman kölüň yzyna düşüp barýar» diýipdir.*

*Heniz ýigrimi dört ýaşyndaka, Rumy şeýhlik makamyna ýetdi. Şondan tegelek on üç ýyl soň, häzir Konýa halky ony özüne görelde edinýär. Her anna güni çar tarapdan gelen adamlar diňe Möwlananyň juma hutbalaryny diňlemegiň hatyrasyna şähere üýşýärler. Ulug hezretleri fykyhda, pelsepede, müneçjimçilik ylmynda, kimýada we hatda hasap ylmynda deňsiztaýsyzdyr. Eýýämden onuň on müň müridiniň bardygyny aýdýarlar. Müritleri onuň agzyndan çykan her sözi örän ýokary tutýarlar hem-de ony diňe bir yslam taryhynda däl, dünýä taryhynda-da düýpli özgerişliklere öňbaşçylyk etjek beýik nurana şahs hasap edýärler.*

*Mundan esli wagt öň, Kaýserä göçdüm. Aramyz uzakda bolsa, Rumyny hemişe oglum hasap edýärin. Ondan ýekeje pursat hem dogalarymy gysganmajakdygym barada kakasyna söz berdim. Emma meniň sanaglym dolup ýör, bir aýagym görde.*

*Rumy her näçe kämil hem ylmyna mynasyp adam bolsa-da, onuň kalbynda hiç kim düşünip bilmeýän bir boşluk bar. Ol boşluk maşgalasynyňam, müritleriniňem dolduryp bilmedik boşlugydyr. Maňa içini dökende özide birnäçe gezek şuňa meňzeş bir zatlary ýaňzytdy. «Hamlykdan-çiglikden daş, sap adamdygyňa şübhäm ýok, ýöne sen*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*heniz yşk odunda bişeňok. Badaň pürepür bolsa-da, onuň dolupdaşmagy üçin ruhuňa ýol açmak gerek» diýdim. Näme etmeli diýip soranda: «Saňa bir ýoldaş gerek» diýip, «Mömin mömininiň aýnasydyr» diýen hadysy ýatlatdym. Bu gürrüň gaýdyp gozgalmadyk bolsa, belki-de, bütinleý unudardym.*

*Ýöne Konýadan gaýtmazymdan ozal, Rumy maňa bir düýş barada gürrüň berdi. Ol düýşünde uzakdaky bir diýarda aryň öýjügini ýadyňa salýan şäherde bir adamy gözleýärmiş. Töwerekde arapça sözler ýazylgymyş. Agşamara, şapak diýseň owadanmyş. Tut agaçlaryndaky bukanjak pilelerde wagtynyň gelerine garaşýan ýüpek gurçuklary barmyş. Soňra ol özüni öýüniň howlusynda, guýynyň başynda eli çyraly garaşyp duran görnüşde görüpdir. Biriniň yzyndan aglap durmuş.*

*Ilkibaşda bu düýşüň nämä delalat edýändigini kesgitläp bilmedim. Gürrüň beren düýşünde hiç hili üýtgeşik zat ýokdy. Şol döwürler bir gün «tötänden» ýüpek elýaglyk sowgat alanymda, düýşüň ýorgudyny tapdym. Ýüpek gurçugyny nähili eý görýäniňiz ýadyma düşdi. Tekgäňiz barada eşiden zatlarymy ýatladym. Rumynyň düýşünde gören ýeriniň siziň dergähiňiz bolmagynyň ahmaldygy hakynda oýlanyp başladym. Gepiň keltesi, gardaşym, Rumynyň* gözleýän ýoldaşy siziň üçegiňiziň astynda bolmaly diýen netijä geldim. Ynha, şu hatymy ýazmagymyň sebäbi-de şol.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Şeýle adamyň tekgäňizde bardygyny-ýokdugyny bilemok, ýöne eger bar bolsa, oňa garaşýan ýazgyt baradaky maglumaty özüne aýdyp-aýtmazlyk size bagly. Bu möwçli derýalary biri-birine gowuşdyryp, olara Ylahy Yşk ummanyna tarap bir akabada akmaga, iki Hak dostuny tanyşdyrmaga sähelçe-de bolsa peýdamyz degse, ikimiz üçin-de, gör, nähili bagtyýarlyk!*

*Ýöne göz öňünde tutmaly ýene bir aýratynlygyňyz bar, Rumy her näçe täsirli, mertebeli, örän gowy görülýän şahs hem bolsa, onuň garşydaşy ýokdur öýtmek bolmaz. Has beterem öňbaşçy ruhany wezipesini göterýän adamyň göz-görtele üýtgemegi asla garaşylmaýan hoşnutsyzlygyň, çaknyşyklaryň döremegine sebäp bolmagy ahmaldyr. Rumynyň ýoldaşyny aşa gowy görmegi-de hossarlarydyr ýakynlarynyň arasynda ynjalyksyzlyga sebäp bolup biler. Hemmeleriň eý görýän adamynyň halaýan kişisiniň hemmeleriň ýigrenjini öz üstüne çekmegi mümkin.*

*Bu zatlaryň Rumynyň jan ýoldaşyny hatda çak edip bolmajak howpuň içine atmagy ahmal. Başgaça aýdanymyzda, gardaşym, Konýa iberjek adamyňyzyň yzyna gaýdyp barmazlygy mümkindir. Şeýlelikde, Rumynyň ruhdaşynyň kimdigini anyklap, uşbu haty oňa mälim etmezden ozal, islegim, bu meseläni ýagşy ölçerip-döküp görmegiňizdir.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Sizi kyn günde goýan bolsam, bagyşla. Ýöne Allanyň öz bendelerine göterip bilmejek ýüki ýüklemeýändigini ikimizem bilýäris. Bu pakyryň günleri sanalgydyr. Jogabyňyz gelip gowuşýança, şu älemden göçmegim ahmaldyr. Ýöne nähili bolanda-da, dogry ugry saýlap aljagyňyza ynamym uludyr.*

*Alla tekgäňizden öz şepagatyny we merhemetini kem etmesin,*

*Şeýh Seýýit Burhanetdin».*

***Şems Bagdat, 1243-nji ýylyň 18-nji sentýabry***

Bir zatlar-a bolup geçýär. Geçen gyş Şamdan gelen çapary görüp, hemmämiz eýgilikdir-dä hernä diýip, ünjä galdyk. Ýylyň şu paslynda ýollary galyň gar basýany üçin, bu ýerlere aňsat-aňsat kesekiniň aýagy düşmeýärdi. Eger çapar gar-gaý diýmän, hat getirýän bolsa, onda diňe iki zady çak edip boljakdy: ýa-ha möhüm bir zat bolandyr, ýa-da bahym boljakdyr.

Çapar gideninden soň, tekgehanadakylaryň hemmesi hatda näme ýazylandygy hakynda çaklama ýöredip başlady. Ýaş derwüşleriň ählisi Baba Zamana gelen hat bilen gaty gyzyklanýardy. Ýöne mürşit hiç kime sähelçe-de syr bermeýärdi. Onuň ýüzi ýapyk gapy ýalydy. Öte syrlydy. Haçan görseň aljyraňňydy, pikire çümüp ýördi. Onda wyždany bilen ýaka tutuşyp, möhüm bir karara

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

gelmäge aýgyt edip bilmeýän adama mahsus ümsümlik peýda boldy.

Şol wagtyň dowamynda Baba Zamany ýakyndan öwrendim. Muny diňe bilesigelijiligim sebäpli etmedim. Çaparyň getiren hatynyň özümi bilniksiz gyzyklandyrýandygyny syzýardym, ýöne nähili baglanyşygynyň bardygyny anyklap bilmeýärdim. Maňa ýol görkezsin diýip, uzynly gijeler tesbih çekip,

Allanyň gözel atlaryny – Esmaýyhüsnanyň togsan dokuzysyny zikir etdim. Her gezeginde Allanyň atlarynyň biri öňe çykdy: El-Kaýýum – ukusy bolmadyk, hiç haçan uklamaýan, barlyklara höküm edip, olary ugrukdyrýan, ezeli we ebedi gaýym bolan...

Şol günlerde dergähdäkileriň ählisi hat barada gürrüň edýärkä, men öz başyma howla çykyp, egnine gardan ýapynja çolanan Tebigat enäni synlap geçirdim. Ahyry säherleriň birinde aşhanadaky mis jaňyň kakylýan sesini eşitdik. Hemmeler mejlise çagyrylýardy. Otaga baranymda iň kiçi şägirtden iň ýaşuly sopa çenli, derwüşleriň ählisiniň şol ýerde döwre gurap oturandygyny gördüm. Halkanyň ortarasynda bolsa mürşit. Ol dodaklaryny pugta ýumup, agyr pikirlere berlip, ellerine garap otyrdy. Hemmeler ornaşansoň, Baba Zaman başyny galdyryp:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

– Bärik näme üçin çagyrylandygyňyzy bilesiňiz gelýändir – diýdi. – Çak edişiňiz ýaly, ýygnanyşygymyz gelen çapar bilen bagly. Hatyň kimden gelendigini soramaň. Ýöne şol hatyň möhüm bir meselä ünsümi çekendigini aýdaýyn. Baba Zaman biraz sägindi, penjireden daşaryk seretdi. Ol ýadaw görünýärdi, reňki öçügsidi. Soňky birnäçe günüň içinde mese-mälim horlanypdy, hatda garran ýalydy. Emma sözüni dowam edende sesine garaşylmadyk aýgytlylyk çaýyldy:

– Uzak bolmadyk şäherde dünýäniň beýik alymlarynyň biri ýaşaýar. Ol kelamda ussat; takwadyr ybadatda kämil, ylymda we magrifetde başarnykly alym. Müňlerçe kişi oňa hormat-sarpa goýýar. Onuň sözlerine teşne köp, muşdagy ondanam kän. Emma

Ylahy yşkda eräp, ýok bolmany üçin ol «menlik»

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

şübhesinden doly saplanyp bilmändir. Onuň näme üçindigini soramaň, ýöne tekgehanamyzdan biri gidip, oňa jan ýoldaşy bolsa peýdaly bolardy.

Gulaga öwrülip diňledim. Demimi almadym. Şeýle bir tolgundym welin, ýüregim gursagyma sygmajak boldy. Şonda kyrk kadadan biri serimden geçdi.

Ýedinji kada: *bu durmuşda ýeke özüň bir gyra çekilip, diňe öz sesiň ýaňyny eşidip, Hakykatyň üstüni açyp bilmersiň. Sen özüňi doly suratda diňe başga bir adamyň aýnasynda görüp bilersiň.*

Baba Zaman sözlerini dowam etdi:

– Bu örän kyn ruhy syýahatdyr. Aramyzdan göwünjeň tapylar diýen umyt bilen sizi şu ýere ýygnadym. Bu işe biriňizi belläp hem bilerdim, ýöne wezipe hökmünde berjaý edeniň bilen boljak iş däl bi. Ol diňe yşk üçin hem-de yşk bilen berjaý edilip bilner. Ýaş talyplaryň biri rugsat alyp:

– Bu gürrüň edýän alymyňyz kimkä, halypa? – diýdi.

– Adyny diňe gitmäge göwünjeň adama aýdyp biljek.

Muny eşidip, birnäçe derwüş tolgunyp, sabyrsyzlyk bilen elini galdyrdy. Jemi dokuz höwesek çykdy. Menem goşulamsoň, on bolduk. Baba Zaman ellerimizi

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

ýatyrmagymyzy yşarat etdi-de, ýumşaklyk bilen sözüniň üstüni ýetirdi:

– Belli karara gelmezden öň, bir zady bilmegiňiz gerek.

Ynha, şonda ol bu syýahatyň iniş-çykyşlardan hem her jüre güzaplardan, mähnetden hem howp-hatardan doludygyny, hatda yza gaýdyp gelmäge kepilligiň hem ýokdugyny mälim etdi. Elleriň meniňkiden başgasy şobada aşak ýatdy.

Baba Zaman maňa tarap ýüzüni öwrüp, gözlerimiň içine garady. Nazarlarymyz çaknyşanda bir zada göz ýetirdim; ol ilkibaşdan ýeke-täk göwünjeňiň özüm boljakdygymy bilýän eken.

– Töwrizli Şems... – diýip pyşyrdady. Hamala, adymy aýtmak oňa kyn düşen ýalydy. – Maksadyňa ýetmekde tutanýerlidigiňi bilýärin. Ýüregiňi berk bire baglamagyň bolsa, öwgä mynasyp, ýöne seni bu tekgehananyň agzasy hasap edip bolmaz. Sen – myhman.

– Näme parhy bar, pirim? Bu näme üçin böwet bolmaly? – diýip, men öz diýenime tutdum.

Pirimiz uzak dymdy. Soňra birden garaşylman durka, aýak üstüne galdy-da, mejlisi jemledi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

– Häzirlikçe bu meseläni goýbolsun edýäris. Howlukmaçlyk etmegiň hajaty ýok. Soňra ýene bir maslahat ederis.

Dünýäm daraldy, öz ýanymdan nägile boldum. Bagdada ruhdaşymy tapmak üçin gelendigimi gaty gowy bilýän halyna, Baba Zaman näme üçin takdyrymyň tejelli etmeginden meni mahrum etdikä? – Pirim, näme üçin dessine ýola düşmeli däl-de, garaşmaly? Halysalla çynym, aýdyň. Haýsy şäherdekä, kimkä ol alym? Aýdyň, häziriň özünde ugraýyn. Ýöne mürşit özüne mahsus bolmadyk çürt-kesik hem sowuklaç äheňde soňky sözini aýtdy:

– Çekeleşer ýaly zat ýok. Söhbet tamam boldy! ***

Bu ýyl soňy görünmeýän, agyr gyş boldy. Baglar doňup, daşa döndi. Soňky üç aýda hiç kim bilen gürleşmedim. Her gün pyntyk ýaran agaç görmek umydy bilen uzak wagtlap garda ýöredim. Ýöne gyş ýowuzdy. Bahar hiç haçan beýle kynlyk bilen gelmändi. Ýöne görenler meni garamsal hasap etselerde, kalbymda hemişe umyt hem şükranalyk bardy. Çünki başga bir kadany hiç ýadymdan çykarmaýardym:

Sekizinji kada: *Başyňa nä iş düşse-de, göwnüçökgünlige berilme, ruhdan düşme. Ähli gapylar ýapylsa*-da, *ahyrynda Ol saňa hiç kimiň bilmeýän gizlin ýodasyny görkezer. Sen häzir görüp bilmeýän hem bolsaň, dar*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*geçelgeleriň aňyrsynda nijema jennet baglary bardyr. Şükür et! Arzyly islegiňe gowşanyňdan soň, şükür etmek aňsatdyr. Çyn sopy dilegi duş bolmadyk halatynda-da, şükür etmegi başarýan adamdyr.*

Ahyry bir gün irden görsem, garyň içinde gözüňi gamaşdyryp barýan gyrmyzy reňk peýda bolupdyr. Ýukajyk, edil şygyr ýaly nepis gardeşen güli... Kalbym ylhamlanyp, şatlykdan pürepür boldy. Haýdaşlap tekgehana tarap barýarkam, ýolda gyzyl saçly şägirde gabat geldim. Keýpihonlyk bilen elimi galdyrdym. Ýetginjek meni ençeme aýlap keýpsiz, ýüzi salyk halda görmäge öwrenişen bolmaga çemeli, keýpiçaglygymy görüp, aňkarylyp galdy.

– Ýylgyr-a, ogul! — diýip seslendim. – Ýere ýyly giripdir, ýaz gelýär, göreňokmy?

Şol günden soň, tebigat tiz özgerdi. Ahyrky garlar hem eredi, agaçlar pyntyklady. Göçegçi guşlar topartopar bolup gaýdyp gelseler, serçeler şahalarda hoşowaz nagmalary bilen jürküldeşýärdiler. Ajaýyp hoşboý ys ähli ýeri gaplap alypdy.

Onsoň säherleriň birinde ýene mis jaň kakyldy. Bu gezek ilkinji bolup özüm bardym ol ýere. Ýene ählimiz piriň töwereginde halka tutup oturdyk. Baba Zaman şol uzak bolmadyk şäherde ýaşaýan alym barada gürrüň berip:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

– Şu mejlisde onuň kalbynyň gapysyny açmaga meýilli adam barmy? – diýip ýüzlendi. Pir ol ýere gideniň yza gaýdyp gelmezliginiň ahmaldygyny-da aýdyp, sözleriniň üstüni ýetirdi. Ýene, diňe men göwünjeň boldum.

– Diýmek, bu syýahata höwesek diňe Töwrizli Şemsdä. Düşünýän. Emma belli bir karara gelmezden öň, güýze çenli garaşmaly bolar.

Aňk bolup galdym. Üç aý gaýra süýşürenden soň, ýola düşmäge doly taýýar hem bolsam, goja pir ýene alty aý garaşmagymy isleýär. Ýüregim gursagymdan atylyp çykdymyka öýdüpdirin. Tutanýerlilik bilen Baba Zamanyň dodaklaryndan şol alymyň adyny eşitmäge çalyşdym. Emma netije bolmady. Ýüzüme seredeýin hem diýmän, turmak bilen boldy-da, gürrüňe nokat goýdy.

Ýöne bu gezek garaşmagyň has aňsat düşjegini bilýärdim. Gyşdan ýaza çenli gaýrat etdim ahyry, ýazdan güýze çenli hem garaşaryn, näme garaşman. Baba Zamanyň ýene badymy gaýtarmagy ruhumyň ataşyny söndürmäge derek, gaýta hasam alawlandyrdy.

Dokuzynjy kada: *sabyr etmek — ýöne durup garaşmak däldir, öňdebaryjy garaýyşly bolmak diýmekdir. Sabyr näme? Tikene seredip güli, gijä bakyp gündizi hyýalyňda janlandyryp bilmekdir. Allaaşyk bolanlar sabry bägül mürepbesi ýaly hezil edip sorar-da, özüne siňdirer.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Onsoňam olar asmandaky täze dogan Aýyň tegelenmegi üçin, wagt gerekdigine düşünerler.*

Ahyrsoňy güýz paslynyň säherleriniň birinde mis jaň üçünji gezek kakyldy. Bu gezek ölüp-öçüp, ilden öň barjak bolup durman, rahat hem özümden arkaýyn halda şol ýere bardym. Sabryň soňunyň salamatlyk boljagyna, işleriň ugrugyp gitjegine ynanýardym. Mürşidimiz öňkülerden has tutuksy hem sust görünýärdi, göwresinde sähelçe-de gurbat galmadyk ýalydy. Hemişeki gürrüňinden soň, ýene diňe meniň elimi galdyranymy görüp, ýüzünem sowmady, gürrüňinem üýtgetmedi. Oňa derek parahat görnüşde başyny atdy.

– Ýagşy, Şems, görýän welin, ýola düşmeli adam sen bolmaly. Muňa şübhe edere ýer galmady. Ertir daň atanda tekgehanamyzdan ugrarsyň.

Baryp mürşidiň elini öpdüm. Ahyrynda gözleýän jan ýoldaşyma duşjakdym, ömrümiň bir bölegini jemlejekdim we ähtimal, bu dünýädäki ýaşaýşymyň ahyrky paslynyň bir çetinden girjekdim.

Baba Zaman mähir hem alada doly gözleri bilen ogluny jeňe ugradýan ata ýaly gussaly, ýöne şeýle bir guwançly kaýyllyk bilen ýüzüme seretdi. Soňra jüpbesinden möhürli bukjany çykardy-da, maňa berip, otagdan çykyp gitdi. Derwüşler ýekän-ýekän onuň yzy bilen turup gitdiler. Ol ýerde bir özüm galanymdan soň, bukjadaky

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

mum möhüri aýyrdym. Hatda ussat hatdat tarapyndan ýazylan iki sany gymmatly maglumat — gitmeli şäherimiň hem sataşmaly adamymyň ady bardy. Görnüşine görä, Konýa şäherine gidip, ady belent Möwlana Jelaletdin Rumyny tapmalydym.

Bu ady öň hiç haçan eşitmändim. Meşhur adam bolmagy ahmal, ýöne ol meniň üçin büs-bütin nätanyşdy. Onsoň onuň adyny bogunlara bölüşdirip gördüm, harp-harp edip ýüregime ýazdym: gudratly, wepaly, dim-dik duran, özüne ynamly «R» harpy; mahmal ýaly ýumşaksy, mylakatly we merhemetli «U» harpy; öndümli, işjeň hem gorky-ürküsiz «M» we heniz matal bolup duran, çözülmegine garaşýan sowal ýaly syrly «Y» harpy.

Bu ady tä «suw» ýaly, «çörek» ýaly, «süýt» ýa-da «bal» ýaly, «Hak» ýa-da «Huw» kibi, dilim ram edýänçä, gaýta-gaýta tekrarladym... ***Ella Boston, 2008-nji ýylyň 22-nji maýy***

Ella penşenbe güni irden bokurdagy gurap oýandy. Ol özüni argyn duýýardy. Birnäçe gün bäri öwrenişmedik depgininde gijäniň bir wagtyna çenli oturany üçin endam-jany agyrýardy. Şeýle-de bolsa ertirlik naharyny öz wagtynda taýýar etdi hem-de maşgalasy bilen bile saçak başyna geçdi. Ekizler mekdepde iň gowy awtoulagyň haýsy okuwçynyňkydygy barada öz aralarynda

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

jedelleşýän mahaly, olary çyny bilen diňlänboldy. Ýöne küýi-köçesi başyny ýassyga goýup, hezil edip ýatmakdy.

Birden Orly bir sowaly orta oklady:

– Eje, Ewi, Janet gaýdyp öýümize geljek dälmiş diýýär, şeýlemi?

Onuň aýdyşynda şübhe hem igenç duýulýardy.

– Elbetde, beýle däl. Janet bilen biraz ýaňkalaşdyk, bar bolany şol. Beýle zat hemme maşgalada bolýandyr, geçer gider. – diýip, Ella jogap berdi.

Bu gezek Ewi ýaňsydan hem kinaýadan doly gözler bilen gürrüňe goşuldy:

– Dogrudanam Skota jaň edip, Janeti taşla diýdiňmi, eje?

Ella gözlerini tegeledi, soňra bolsa gözüniň gytagy bilen adamsyna garady. Dewid gaşlaryny galdyryp, ellerini gapdala açyp, çagalara muny özüniň aýtmandygyny yşarat etdi.

– Oň ýaly zat ýok – diýip, Ella hemleli äheňde dillendi. – Hawa, Skot bilen gürleşdim, ýöne oňa doganyňyzy taşla, beýleki diýmedim. Bir aýdanym, durmuş gurmaga gyssanmaly däl ekeniňiz – diýdim.

– Sen gaýgy etme, men asla durmuşa çykjak däl – diýip, Orly gürrüňe ynamly goşuldy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ewi dişlerini erbet syrtartdy.

– Aý, goý-a, hamala, seni alaýyn diýip duran adam bar ýaly!

Ekizleriniň özara degişmelerini diňleýän mahaly, Ella dodaklaryna ýasama ýylgyryşyň gonandygyny duýdy. Onuň öňüni alaýyn diýse-de başarmady. Ertirlikden soň, çagalaryny okuwa ugradýarka, Dewid bilen gapyda aýak üstünden bäş-üç agyz söz alşanynda-da, şol bolgusyz ýylgyryş dodaklaryna möhürlenen ýaly, aýrylman geçdi.

Ýüz-gözi diňe hemmeler gidenden soň, ýeke özi aşhana dolanyp baranda kadalaşdy. Ýylgyryş öz ornuny rahatlyga berdi. Ol töweregini argynlyk bilen içgin synlady. Aşhananyň ähli ýeri buýur-bulaşykdy. Ýary iýlen süýtli heýgenege, içi zatly käselere, hapa basan tekjä seretdi. Kölege bir gyrada sabyrsyzlyk bilen gezelenje çykylmagyna garaşýardy. Emma iki bulgur kofedir ullakan bada multiwitamin içeninden soň hem, Ella şeýle bir mejalsyzdy welin, itini zordan howla çykarmaga mejaly ýetdi.

Yzyna dolanyp gelende telekätibiň gyzyl çyrajygynyň ýanyp-öçüp durandygyny gördi. Düwmäni basan badyna, Janetiň ýumşak sesi otagy doldurdy:

– Eje, sen şo ýerdemi? Bä, ýok öýdýän, bolmasa, telefonyň tutawyny alardyň (hykyrdy sesi). Bilýäňmi saňa

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

aşa gaharlanypdyryn? Ýöne indi köşeşdim. Seniň beýtmäň hem, elbetde, nädogry, Skota jaň etmeli däl ekeniň. Dogrusy, näme üçin şeýdeniňe düşünýän. Eje jan, üstümde mydama kökenek gerip ýörmegiň hökman däl. Enjamyň astynda saklanan ýeter-ýetmez bäbejik birçak ulaldy, indi meniň üçin beýle janyňy ýakyp ýörme! Goý, öz garyma daýanmagy öwreneýin, bolýarmy?

Ellanyň gözleri ýaşdan doldy. Janetiň dünýä inen pursadyndaky keşbi ýadyna düşdi. Çym gyzylja, kindiwanja ýüzi gasyn-gasyn, barmaklarynyň ujy näzijek bäbejikdi. Öýkenleri heniz doly ösmändigi üçin ençeme hepdeläp dem alyş enjamynyň astynda ýatmaly bolupdy. Bu dünýä juda taýýarlyksyz gelipdi. Ella näçe gijeleri ukusyz geçirdi. Wagtyndan öň dünýä inen bäbeginiň diri galanyna göz ýetirmek üçin her gezek kislorody çalşyrylanynda tutuş göwresi bilen galpyldap, günüň-gününe, hepdeden-hepdä irikgä bolup geçipdi. Ynha, Taňrydan iň soňky gezek şol döwür dileg edip görüpdi.
Ýazgy tamamlanyp barýarka, Janetiň sesi tolgunçly çykdy:

– Eje jan, seni gowy görýän, ýadyňdan çykarma.

Ella ýylgyrdy. Ünsi dessine Aziz Zaharanyň ýazan hatyna gönükdi. Diýmek, Gwatemaladaky Synan göwünleriň agajy derde ýarap, Aziziň dileginiň bolmanda ýarysy

hasyl bolupdyr. Janet ejesine jaň edip, şu ses ýazgysyny goýup, borjuny berjaý edipdir. Indi nobat Ellanyňkydy.

Ol gyzyna el telefonyndan jaň etdi. Janet uniwersitetiň kitaphanasynda okap otyran eken.

– Mähribanym, ses ýazgyňy diňledim. Bolan işlere gaty ökünýän. Meni bagyşla.

Janet çalaja haşlady.

– Indi gynanma, hemme zat gül ýaly.

– Ýok, beýle däl – diýip, Ella sözüni dowam etdi. – Men saňa düşünmelidim. Durmuşyňa gödeklik bilen goşulyşmaga hakym ýok eken.

Janet haýran galaýmaly paýhaslylyk bilen:

– Ýadymyzdan çykaraly, owarrasyna gitsin, bolýamy, eje? – diýdi. – Munuň ýaly zatlar her bir maşgalada bolýar ahyry.

Gürrüňi diňlänler bu ýerde Janet ejesi, Ella-da hötjet gyzydyr öýtjekdi.

– Bolýar – diýip, Ella rahatlanyp dillendi.

Şol wagt Janet eşitjek jogabyndan gorkan ýaly, howsalaly, keýpsiz, basyk ses bilen:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

– Eje, şol gün telekätibe aýdan sözleriň bar-a, şo maňa gaty täsir etdi. Şol diýenleriň dogrumy? Sen çyndanam bagtsyzmy? – diýdi.

– Elbetde, beýle däl, şol gün gaty keýpim bolmady-da, diýäýdim – diýip, Ella gaçgaklady. – Üç sany gül ýaly çaga ösdürip ýetişdirdim, onsoň nädip bagtsyz bolýamyşym?

Ýöne jogap Janeti doly kanagatlandyrmady:

– Diýjek bolýan zadym, kakam bilen ýaşaşyp, özüňi bagtsyz hasap edýäň-dä? – diýdi.

Derekli ýalan söz tapmansoň, Ella gönüsinden gelmegi ýüregine düwdi.

– Kakaň bilen uzak wagtdan bäri maşgala bolup ýaşaşýarys. Şunça ýyldan soň, aşyk bolup ýörmek kyn. Her bir çatynjanyň başynda bar zat bi.

– Düşünýän – diýip, Janet dillendi. Haýran galaýmaly ýagdaý, Ella heniz uniwersitetde okaýan gyzynyň özüne, hakykatdanam, düşünendigini duýdy.

Telefonyny öçürende uzak wagtlap etmedik, belki, hemişe soňa goýýan bir işini etdi: özüniň aşyk bolmagyny isledi. Yşk onuň gapysyny kakmaýan bolsa, onuň özi yşkyň üstüne gider. Ýagşy, ýöne nädip? Ýüregi şeýle ýaraly,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

özüne bolan ynamy şeýle ysgynsyzka, eýse, ärine ýene bir ýola aşyk bolup bilermikä?

Onda başga biri näme? Näsazlara sazlaşyk, bimaksatlara maksat, içi gysýanlara sähel tolgunmadyr lezzet sunmakdan başga, bu ýabany dünýäde yşk nämä ýarasyn? Ýagşy, onda yşkdan bireýýäm el üzenler ...
olar näme etmeli?

Gün ahyrlamanka, Azize hat ýazdy.

*«Gadyrly Aziz,*

*Synan göwünleriň agajyna asan dilegiň üçin taňryýalkasyn. Belki, seniň kömegiň bilendir, maşgala meselämiz çözüldi. Uly gyzym bilen aram düzeldi.*
*Aýdýanyň dogry öýdýän. Men hemişe iki polýusyň arasynda gatnap ýörün. Ýa-ha gaty sokjaragan bolýaryn, ýa-da öte passiw. Ýa-ha eý görýän adamlarymyň durmuşyna köp goşulyşýaryn, ýa-da bolup geçýän wakalaryň tomaşaçysyna öwrülýärin.*

*Haka bil baglamak — töwekgellik barada aýdypsyň. Bu sözi ömrümde bir gezegem ulanyp görmändim. Bir zady boýun alaýyn, seniň aýdyşyň ýaly kaýyllygyň rahatlygyny hiç haçan başymdan geçirip görmedim. Onsuzam meniň sopuçylykdan başym çykanok. Ýöne bir zady bilýän: Janet ikimiziň aramyz meniň tagallam bilen däl-de, diňe hötjetligimi hem sokjaryp ýörmämi taşlanymdan soň*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*düzeldi. Eger Haka bil baglamak diýýäniň şu bolsa, onda derdimize ýarajak eken.*

*Menem seniň üçin ýagşy dileg edýärin, ýöne Taňrynyň gapysyny kakmanyma şeýle bir köp wagt boldy welin, maňa «baş üstüne» diýer öýdemok (wiý, seniň romanyňdaky gödeňsi saraýman ýaly gürläýdim öýdýän). Gaýgy etme, heniz ýüregim onuňky ýaly «sirkeleşenok». Häzirlikçe elhal...*

*Bostondaky täze tanşyň Ella.*

***Hat Bagdatdan Kaýserä, 1243-nji ýylyň 29njy sentýabry***

*«Bismillahirrahmanirrahim,*

*Hormatly Seýýit Burhanetdin gardaşym,*

*Hatyňyzy almak we hemişekiler ýaly, ömrüňizi Hakykat ýoluna bagyşlandygyňyzy görmek maňa örän uly täsir etdi. Emma şol bir wagtda iňkise gidendigimi-de boýun alaýyn. Sebäbi Ruma jan ýoldaşy gözleýändigiňizi okan badyma kim barada gürrüň edýäniňizi bildim. Bilmeýän zadym, mundan beýläk näme etmelidigimdi.*

*Başdan düşündireýin, tekgämde galandar derwüşleriniň biri bar. Ady Töwrizli Şems. Hatyňyzda bildirýän talaplaryňyza harpma-harp laýyk gelýän adam. Riýazatdan ylahyýete, fykyhdan kimýa çenli dürli*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*ugurlarda tanaýan iň sowatly hem-de iň zehinli adamym. Emma Ylahy yşkdan başga islendik bir zada ähmiýet berip, bulaşdyraýsak, ony ýykyp-ýumurmak isleýändigi bilen, käte okap-ýazmakdan hem başy çykýan däl bolsa gerek diýdirip, kelläňi bulam-bujar edýär. Şems bu dünýädäki ahyrky wezipesiniň öz içindäki Gün bilen bir münewweri tanyşdyrmakdygyna, şeýdibem ony röwşenlendirmekdigine ynanýar. Onuň gözleýäni mürşidem däl, müridem. Alladan bir dilegi jan ýoldaşy, bir ruhdaş.*

*Bir ýola ondan näme üçin has köp adama öz sesini eşitdirmegi maksat edinmeýändigini soradym. Sowalyma jogap edip, bu äleme adaty ynsanlar üçin däl-de, ýeke-täk bir adam üçin gelendigini aýtdy. «Bu dünýä «kün» diýen sözden bina boldy, ýagny bar bolmagymyzyň özeninde bir söz durýar, men hem harplardan sözleri, sözlerden hakykaty çykarjak söz ussady bolan bir adama kömege geldim» diýdi.*

*Hatyňyzy alan badyma takdyrynda Rumy bilen duşuşmak ýazylan adamyň Şemsdigine düşündim. Şonda-da tekgehanadaky derwüşlerimiň ählisine deň mümkinçilik döretmek üçin, hemmeleri bir ýere jemledim. Änigine-şänigine çenli aýdyp oturman, ýagdaýy düşündirdim. Bu syýahata çykmaga birnäçe kişi döwtalap bolsa-da, işiň hupbatdan doludygyny eşidip goýbolsun etdiler. Diňe bir*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*adam öňki pikirinde galdy. Ol hem Şemsdi. Bu zatlaryň ählisi geçen gyşda boldy. Baharda hem güýzde hemmeleri* ýekän-ýekän synadym. Ýene şol bir ýagdaý gaýtalandy. *«Näme üçin beýle kän garaşdyň?» diýmegiň mümkin. Muňa diňe şeýle jogap berip bilerin: «Şemsi örän sulhum aldy. Ony howply syýahata ugratmaga gorkdum». Howpludygynyň sebäbi Şems oňşuksyz adamdy. Ilki bilen, onuň öte buýsanjaň hem gönümeldigini belläýin. Belli bir mekansyz durmuşda ýaşaýarka, oňşuk edipdir, emma şäherde, oturymly adamlaryň arasynda beýle häsiýeti bilen ody öz üstüne çekerinden heder edýärin. Nadanlar oňa düşünmezler, okumyş adamlar bolsa, görüp bilmezler, göriplik ederler. Ine, şonuň üçinem onuň syýahatyny gijikdirmäge çalyşdym. Ýöne bar başaranym onuň gitmeli pursadyny sähel yza süýşürmek boldy.*

*Şems ýola çykmazyndan bir gije öň, onuň bilen tut agaçlarynyň arasynda gezelenç etdik. Ýüpek hem edil yşk ýaly zat. Ol şeýle näzik hem* nepis, galyberse-de, çak *edilişinden has güýçli hem çydamly, hatda otluklyda.*

*Şemse: «Seret, ýüpek gurçugy pileden çykan mahaly azap edip ören ýüpegini ýyrtyp parçalaýar. Şol sebäplide, ýüpekçiler ýüpekdir ýüpek gurçugynyň ikisinden birini saýlap almaly bolýarlar. Olaryň ikisini-*de birden gorap *saklap bilmeýärler. Şonuň üçinem köplenç ýüpegi halas etjek bolup, ýüpek gurçugyny öldürmeli bolýarlar. Ýekeje ýüpek elýaglygy üçin, ýüz sany ýüpek gurçugynyň jan*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*berýäninden habaryň barmy?» diýdim. Şemal assadan biz tarapa öwüsdi. Şol pursat ýygryldym. Ýaşyň bir çene baransoň, üşemäň aňsat bolýar, ýöne bu gezekki üşütmäm howadan däldi. Onuň sebäbi şol pursat bir zada göz ýetiripdim, bu Şemsi howlymda iň soňky gezek görşüm boljakdy. Biz şu pany dünýäde gaýdyp, hiç haçan görşüp biljek däldik. Olam şony duýan bolsa gerek, gözlerine hasrat çaýyldy.*

*Daňyň düýbi çyzylanda, ol sagbollaşmaga geldi. Görsem, uzyn gara saçlaryny syrdyrypdyr. Haýran galdym, ýöne sebäbini soramadym, özi-de aýtmady. Diňe bir zat barada dil ýardy:*

*– Bu wakada maňa düşýän paý ýüpek gurçugynyňka meňzeşdir. Rumy ýüpekdir,* bogun-bogun bolup saralar. *Ýüpegiň dowamatynyň hatyrasyna wagty gutaransoň, ýüpek gurçugy ölmeli bolýar.*

*Ynha, şeýdip, ol Konýa tarap ýola düşdi. Alla ýary bolsun. Duşuşmagynda tükeniksiz haýyrlar bolan bu iki janyň başyny jemlemek bilen dogry iş edendigimize ynanýaryn. Ýöne kalbymda bir ünji bar.*

*Tekgehanamyza aýak basan bu iňňän hyjuwly, herbap,* belki-de, *iň däli derwüşi eýýämden küýseýärin.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Ahyrky netijede ählimiz Allaha amanatdyrys we Oňa dönjegimize hiç hili şek-şübhe ýokdur. Köp dogaýy salam bilen Baba Zaman».*

***Şägirt Bagdat, 1243-nji ýylyň 29-njy sentýabry***

Menden sorasaňyz, tekgehanada derwüş bolmak aňsat. Näme kyn zady bar? Ertir-agşam otur-da, pyşyr-pyşyr edip doga oka, tesbih çek, zikir çek. Ol-a barypýatan çaga oýunjagy ýaly zat! Esasy kynçylyk şägirt bolmakda! Hemmeler derwüş bolmak agyr işdir diýýär, emma hiç kim täze başlan biz görgülileriň nä günler görýändigi barada dil ýaranok. Şu ýere gelelim bäri eşek ýaly işleýärin. Kä günler şeýle bir ýadaýan welin, düşegime geçenimde el-aýagym syrkyrap, wagty bilen uklap bilemok. Ýöne bu zatlar hiç kimiň piňine-de däl! Teselli berýänem, nebsi agyryp bakýanam ýok. Her näçe işlesemem, hiç ýaranyp bilemok. Adymy bilýän bardyr hem öýdemok.

Hamala, adym ýok ýaly, maňa «Gömük talyp» diýip ýüzlenýärler. Ýeňsämdenem: «Käşirkelle, ederinibilmez!» diýip pyşyrdaşýarlar.
Ýöne iň erbedi Aşçy atanyň golastynda bolup, aşhanada işlemek! Şol adamyň gursagynda ýürek diýip göterip ýöreni daş bolsa gerek. Dergähde aşpez bolmaga derek, ot gorsap, gan döküp ýören mongol leşgerine serkerde bolsa

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

has gowy gelşerdi. Agzyndan süýji söz çykanyny ýekeje gezek eşiden bolsam, ed-dil golumy goparar taşlaýaryn! Men-ä şol ýylgyryp bilýändir hem öýdemok.

Bir gezek durup bilmän, gelen-giden myhmanlary garşylap-ugradýan işikdardan:

– Şu tekgehana gelen şägirtleriň ählisi dabara hyrkasy geýdirilmezden öň, men ýaly Aşçy atanyň ýowuz synagyndan geçmeli bolýarmy? – diýip soradym.

Işikdar içýakgyç sypaýyçylyk bilen ýylgyryp:

– Hemmesi däl, ogul, gatap, şakyrdap duran ham ýalylar şeýdilýär – diýdi.

Gatan ham ýaly şakyrdap duranlar-da, şeýlemi? Näme üçin men beýleki şägirtlerden has köp kösenç görmelimişim? Diýmek, nebsim olaryňkydan has uly, has erbet-dä onda?

Her gün hemmelerden öň turýan; çeşmeden gowa bilen suw daşaýan. Soňra ojakda ot ýakýaryn, ýüzgözüm gurumdan ýaňa görer ýaly bolmaýan ça çörek bişirýän, ertirlikde içilýän çorbany taýýarlamagam ýene meniň boýnuma. Aňsat iş däl, hemme zat elli adamlyk gazanlarda bişirilýär. Içine girip, bäş adam dagy arkaýyn ýuwunyp biljek, şeýle äpet olar. Soňundan gazanlary kim ýuwup, kim artmalydyr

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

öýdýärsiňiz? Elbetde, ýene özüm! Bu ýerde hapa atýançam özüm, tämizleýjem, egin-eşik ýuwýançy hem. Gün dogandan ýaşýança, Aşçy ata üstüme buýruk baryny ýagdyrýar:

– Käşirkelle, daşaryny süpür! Tekjeler ýalpyldap dursun! Basgançaklary arassala! Howluny tertiple! Git-de odun aýyr! Agaç gaplary ýagla! Pitileri galaýyla! Mürepbe gaýnat, ajyhuruş taýýarla! Hyýar, badamjan dogra, üweme et, gök-sökleri tagama ýatyr, ýöne ägä bol, duzuny kemter ýa zorly edäýmegin, laýyk bolsun, suwy ýumurtga göterip biljek derejede bolsa bolýa.

Diýen zatlaryny aýdyşy ýaly etmesem, Aşçy ata jynlan ýaly bolup, gap-çanak bolsun, aý, garaz, eline näme ilse, alyp meniň depämden indirýär. Ýeri, onsoň, işiň bolmasa, baryny başdan başla-da, arassalada otur.

Bu zatlary az görýän ýaly, her bir işedenimde kemini goýman doga baryny okamagymy buýurýar. Aşçy atanyň maňa arkaýyn gözegçilik etmegi üçin dogany belent sesde okaýaryn. Birje sözi taşlap geçjek bolaýsam dagy, işimiň gaýtdygy, janymy alyp gelýär. Ynha, ýagdaýym-a şeýle, Taňry gün berse, bir ýandan dogalary ýat tutýaryn, bir tarapdanam eşek ýaly işleýän.

Aşhananyň işine döz gelip, ondan üstün çykyp bilsem, bu ýolda tiz kämilleşjekmişim! Aşçy ata şeý diýýär. «Aşagynda ot ýanmasa, heý, gazan gaýnar öýdýäňmi?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Nohut bişermi? Senem edil şolar ýalysyň, oduň içinde ah, wah diýersiň, gaýnaý-gaýnaý, elbetde, bişersiň!» Sered-ä tapýan gürrüňine! Men nä nohutmydyryn?! Bir ýola durup bilmedim: «Onyň-a ýagşy-la welin, onsoň bu ot içindäki synawyňyz haçana çenli dowam eder?» diýdim.

«Ýene müň gije bilen müň gündiz– diýen bolýar-a, birehim. Soňam akyllysyrap: – Ertekilerdäki Şährizada her gije täze bir erteki toslap tapan bolsa, senem şonuň ýaly döz gelip bilersiň-ä».

Bu adamyň kellesi üýtgäpdir! Meniň şu perişan ýagdaýym bilen şol lakgy Şährizadanyň arasynda nähili meňzeşlik bolup bilsin?! Hanym jenaplaryň bar eden işi mahmal ýassyklara, atlas ýorganlara ýassanyp, aýagyny aýagynyň üstüne atmak we bir eli bilen zalym hökümdara hurma, injir, üzüm iýdirip, bir ýandan täsin wakalary toslap tapmak! Munuň nämesi kynmyş, hä? Gelsin-de, meniň çekýän mähnetlerimiň ýaryna çydajak bolup görsün, müň bir gije-hä beýlede dursun, birje hepde mydar edip bilse-de zor boldugy!

Synawyň tamamlanmagyna heniz wagt köp. Hasaplaýanyň bardygyny-ýokdugyn-a bilemok welin, özüm-ä diwara her gün bir kertijek edýän: alty ýüz ýigrimi dördünji säher!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Bu tekgehanada ilkinji kyrk günümi kiçijik, pessejik hem garaňky hüjrede − çilehanada geçirdim. Ne aýagyňy uzyn salyp bolýar, ne-de dik durup. Ne sagyňa öwrülip bolýar, ne-de soluňa. Hemişe çöküňe düşüp, ykjam oturmaly. Berkden-berk tabşyryp: birdenkä, garaňkylykdan gorksaň, açlykdan aşgazanyň agyrsa ýa-da Alla gorasyn, pynhan düýşler görüp, şeýtan gyzyl-çyzyl küýsedýän damaryňa küşgeleň beräýse, dessine petikdäki jaňy kak-da, ruhy goldaw talap et! − diýdiler.

Şol hüjrede kyrk gün boldum. Bir gezegem jaň kakmadym. Serime erbet pikirleriň gelmäni üçin däl. Alla bilýändir, onda-da süri-süri bolup geldi, ýöne şol darajyk ýerde gysylan, külembikäňi hem gymyldadyp bilmeýän halyňa, biraz erbet pikir geleni bilen kime zelel ýeter öýdýäň?

Çilehanadan dynanymdan soň, Sertarik geldi-de: «Eti seniňki, süňňi biziňki» diýip, meni Aşçy ata tabşyrdy. Aşhanada çekilen ejir, görlen görgüler iň beteri bolsa gerek. Şonda-da her näçe gahar etsem hem, tä Şems-i Töwrizi gelýänçä, aşpeziň bellän düzgünini bozmadym. Onuň gelen gijesi aşhanadan assyrynlyk bilen gaçdyň diýip, Aşçy ata taýak bilen erbet edip gomuma dartdy. Arkamda çylgym-çylgym taýak yzlary galdy. Soňra aýakgaplarymy aldy-da, uçlaryny daşaryk tarap edip, gapynyň öňünde goýdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Şeýlelikde, tekgehananyň edebine görä: «Ogul, hoşlaşmaly wagtyň geldi» diýdigidi.

− Eger ýüregiňi bire baglamadyk bolsaň, özüňi-de biderek horlap ýörme, meni-de — diýip, Aşçy ata ters gürrüňe tutdy. – Çeşme eşege gelýän däldir, suwsan eşegiň özi çeşmä gidýändir, ýadyňdan çykarma. Ganagana içmek isleýän üçin tasawwuf hem umman suwudyr!

Onuň aýdyşyna görä, menem, elbetde, eşekdim.

Dogrusyny aýdanyňda, Şems-i Töwrizi bolmanynda, bärden bireýýäm giderdim. Bu gezende derwüş meni şeýle bir haýran galdyrdy welin, diňe şoňa bolan bilesigelijiligim sebäpli tekgehanada labyr taşladym. Mundan öň beýle abdal görmändim. Hiç kimden gorkusy-ürküsi ýok, hiç kime-de boýun egmeýärdi. Oňa Aşçy ata hem hormat goýýardy. «Meniň mundan beýläk nusga almaly adamym Şems bolar» diýip, öz ýanymdan ýüregime düwdüm. Özüneçekijiligi, ötgür dili, erkanalygy, pitneçi ýasawy bilen meniň halypam ýaşuly, duýgusyny ýitiren garry pir hezretlerimize derek şol bolmalydy.

Hawa, Şems-i Töwrizi meniň gahrymanym. Ony görenimden, öz-özüme şeýle diýdim: «Näme üçin misgin derwüş bolmalymyşym. Eger onuň ýanynda hümmet

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

alýançam galsam, menem Şems ýaly, batyrgaý, boýunegmezek bolaryn». Şeý diýdim-de, güýzde Şemsiň başbütin gidýändigini eşidip, şonuň bilen Konýa gitmegi ýüregime düwdüm. ***

Gelen kararymy Baba Zamana aýtmalydym. Onuň ýanyna otagynda şemiň yşygyna hat ýazyp otyrka bardym. Meni görenine begenýäne meňzeş däldi. Ýanyna barmagym ony kejikdirýän ýaly, ýüzüme argyn seretdi:

– Näme islegiň bar, Gyzyl şägirt? – diýip sorady.

Gepi uzaldyp durman, ýagdaýymy düşündirmäge başladym:

– Şems-i Töwriziniň gidip barýanyndan habarym bar. Menem şonuň bilen gidäýsem diýýän. Ýolda kömek gerek bolmagy ahmal.

Baba Zaman meni ünsli synlady.

– Şemse kömek etmek üçin onuň bilen gitmek isleýäňmi ýa-da özüňe ynanylan işlerden gaçmak niýetiň barmy? Heniz synaw tamamlananok. Sen entek mürit hasaplanaňok.

– Şems ýaly adama ýoldaş bolmak hem synawyň bir görnüşi dälmidir? – diýip soradym. Hetdimden geçýändigimi bilýärdim. Ýöne piri yrmak üçin, kellämi etegime salmaly boldum.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Şeýh başyny egdi, oýa batdy. Ol dyman mahaly menem duran ýerimde dikilgazyk boldum. Häzir maňa iňirdär, Aşçy atany çagyryp, maňa çäre görmegi tabşyrar öýtdüm. Erbet gorkdum. Ýöne ol beýtmedi. Baba Zaman manyly nazary bilen maňa seretdi-de, başyny egdi.

– Ençeme wagt bäri seni synap gelýärdik. Dogrusy, agajyň miwesi özünden soň emele gelýänem bolsa, aslyna seretseň, miwe ilkinjidir. Kişiniň nähili derwüş boljagy heniz şägirtkä belli bolýar. Bu ýollar seniň ýörejek ýoluň däl, ogul. Her ýyl tekgehanamyza gelýän ýedi ýetginjegiň diňe biri tarykatymyzda galmagy başarýar. Meniň pikirimçe, derwüş bolmagyň üçin seniň maýaň laýyk däl. Kysmatyňy başga ýerden gözleseň, has haýyrly bolar.

Näme diýjegimi bilmedim, ýuwdundym.

Baba Zaman sesini gataldyp, sözüni tamamlady:

– Töwrizli Şemse ýoldaş bolmak barada aýdanymyzda, ony menden däl-de, özünde sora.

Şeýdip, çürt-kesik edenden soň, pir gapyny yşarat edip, hatyna güýmenmäge oturdy. Şeýlelikde, tekgehanadan kowuldygym boldy.

Gynanýardym, buýsanjymy elden aldyrypdym. Ýöne, dogrusyny aýtsam, janym rahatlyk tapypdy. Indi men guş ýaly erkanadym.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

***Şems Bagdat, 1234-nji ýylyň 30-njy sentýabry***

Şu gün säher daňyň düýbi çyzylandan, Baba Zaman bilen razylaşyp ýola çykdym. Atyma atlandym-da, aýagaldygyna sürdüm. Depä ýetenimde aýak çekip, uzakdan ahyrky gezek tekgehana seretdim. Tut agaçlaryna bürenip oturan kerpiçden salnan bina gyrymsy agaçlaryň arasynda bukanjak ýerde mesgen tutan guş höwürtgesini ýadyňa salýardy. Baba Zamanyň boldumly keşbi aňymda ýyldyrym kibi ýalp edip gitdi. Onuň meni gaýgy edýänini bilsemem, beýder ýaly sebäp görmeýärdim. Meniň bilşimçe, Yşka tarap aýagaldygyna ýüwrenlere däl-de, ondan uzaklaşanlara gaýgylanmak lazymdy.

Onunjy kada: *Gündogaramy ýa günbatara, demirgazygamy ýa-da günorta – haýsy tarapa gitseňem, her bir ugran ugruňy öz içki dünýäňe syýahat bil! Öz içine syýahat eden adam ahyrynda zemine aýlanyp çykar.*

Özüme Konýada nämeleriň garaşýanyny bilemokdym. Ýöne şäherde maňa nähili ýazgyt garaşýan bolsa, ony ähli gaýgy-hasraty bilen birlikde kabul etmäge taýýardym.

On birinji kada: *göbegene sanjynyň awusyny duýman, dogrup bolmaýandygyny bilýändir, şonsuz ene rähminden bäbege ýol açylmaz. Özüňden täze we düýpgöter başga bir «seniň» emele gelmegi üçin seniň hem* kynçylyklara, her

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

jüre sanjylara taýýar bolmagyň gerek. Tekgehanadan gaýtmazymdan öňki gije otagymyň ähli penjirelerini doly gerimine açdym. Tümlügiň ysy içerik doldy. Şemiň pelpelläp duran yşygynda aýna bölegine garap, saçlarymy syrdym.

Burum-burum saçlarym ýere döküldi. Kellämi päki bilen şyr takyr edip gazadym. Soňra birin-birin, emaýlyk bilen sakgalymy, murtumy syrdym, gaşlarymdan dyndym. Işim tamamlanansoň, ýüzümigözümi synladym. Indi keşbim has ýaş, has ýagty görünýärdi. Ýekeje-de gyl bolmansoň, ne ýaşym, ne adym, ne-de jynsyýetim bildirýärdi. Geçmişe-de, gelejege-de däl-de, men häzir diňe şu pursada örklenendim.

Baba Zamanyň otagyna razylaşyp hoşlaşmaga bardym.

– Görýän welin, syýahatyň seni eýýämden özgerdipdir – diýip, ol täze keşbimi görüp dillendi. – Ýöne heniz başlanogam ahyry.

On ikinji kada: *yşk bir syýahatdyr. Syýahata çykan her bir ýolagçy özi islese*-de, islemese-de, depesinden dabanyna *çenli özgerer. Bu ýollary geçip özgermedik ýokdur.*

Baba Zaman çalaja ýylgyryp, meni ýanyna çagyrdyda, elime bir mahmal guty tutdurdy. Gutuda üç sany zat bar

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

eken: kümüş bilen haşamlanan aýna, keşdelenen ýüpek elýaglyk, onsoňam kiçijik billur çüýşe.

– Bular saňa syýahat mahaly kömek eder. Gerek bolanda ulan. Birden, özüňe bolan ynamyň yraň atsa, bu aýna saňa içki gözelligiňi görkezer. Eger biri saňa şyltak atsa, şu ýüpek elýaglyk saňa aslynda iň möhüm zadyň ýürek päkligidigini ýatladar. Çüýşedäki melhem bolsa, hem zahyry – daşky, hem-de batyny – içki ýaralaryňa şypa bolar.

Bu zatlaryň her birini elime alyp görenimden soň, gutyny ýapdym-da, Baba Zamana Allaýalkasyn aýtdym. Soňra diýere söz galmady.

Günüň ilkinji yşyklary görnende, guşlar owaz edýän mahaly, çyg damjalary şahalardan damyp durka, atyma atlandym. Ugrum Konýa sarydy. Özümi Kadyr Allanyň ýazan ýazgydyna tabşyrdym. Öňde nämeleriň garaşýanyndan habarsyz, hatda o barada bilmek hem islemän, bar güýjüm bilen öňe tarap ümzük atýardym.

## *Şägirt Bagdat, 1243-nji ýylyň 30-njy sentýabry*

Soňuny saýman, agyldan bir şar gara aty ogurlap, Şems-i Töwriziniň yzyndan eňdim. Başardygymça, arany sazlamaga çalyşsam-da, özümi bildirmän, ony yzarlamak gaty kyn düşdi. Bagdada ýetende, Şems bir bazarda

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

düşläp, ýol şaýyny tutmaga çykdy. Menem «häzir tüýs wagty» diýip, özümi atynyň öňüne okladym.

– Gyzyl saçly, gara ýetginjek, näme üçin ýerde ýatyrsyň? – diýip, Şems atynyň üstünde oturyşyna, eglip sorady. Ol hem geň galana, hemem begenene çalym edýärdi.

Çöküme düşdüm-de, dilegçi gedaýlar ýaly, ellerimi gowşuryp ýalbardym:

– Seniň bilen gidesim gelýär. Sen meniň gahrymanym. Gel, menem seniň bilen gideýin.

– Ol-a ýagşy welin, nirä barýanymy bilýäňmi?

Aljyradym. Dogrusy, bu barada asla pikir hem etmändirin.

– Ýok, ýöne tapawudy näme? Müridiň bolasym gelýär. Seni özüme görelde edinýän.

– Biderek gürrüň edýäň. Maňa mürşidem gerek däl, müridem. Men ýeke gezýän. Hiç kime görelde bolarlyk ýagdaýym hem ýok – diýip, Şems teýeneli gürrüň etdi.

On üçünji kada: *bu dünýäde galp hajylaryň, hojalaryň, şeýhleriň, şyhlaryň sany asmandaky ýyldyzlardanam kän. Hakyky mürşit seni özüne haýran bolmaga däl-de, içki dünýäňe garamaga we nebsiňden ökde gelip, özüňdäki gözellikleriň birin-birin üstüni açmaga ugrukdyrar.*

– Rugsat et, ýalbarýan, seniň bilen gideýin – diýip özelendim. – Onsoňam her bir meşhur syýahatçynyň

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

ýanynda hökman kömekçisi-beýlekisi bolýandyr. Menem seniň şägirdiň bolaýyn.

Şems oýlanýan ýaly eňegini gaşady. Şol pursat maňa rugsat eder öýtdüm.

– Gyzyl şägirt, maňa şägirt bolmaga gaýratyň çatarmyka onsoň? – diýip, duýdansyz sowal berdi.

Ýerimden çalasyn böküp turdum-da dikeldim.

– Elbetde, çatar! Men gaýratlyadamdyryn.

– Ýagşy, onda, eger meniň şägirdim bolmak isleýän bolsaň, ilkinji etmeli işiň şeýle: golaýdaky meýhana bar-da, bir küýze şerap alyp gel, onam şu meýdanda başyňa çek-de, iç!

Agzymy açyp galdym. Tasawwuf ýolunda bişmek üçin şunça wagtlap, çekmedik zähmetim, görmedik mähnetim galmandy. Günde ýüz ýola ýerleri jüpbäm bilen päkizeledim, tüsseden ýaňa gözlerim ýaşarynça, oduň başynda tabalarydyr tabaklary galaýyladym, syçan gapanlardan öli syçanlary ýygnadym, gepiň gys

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
gasy, görmedigim görde galdy. Ruhanyýetim kuwwatlansyn diýip, bir oturyşyma ýüz sogan dogramaga, äpet gazanlarda ýagly palaw, balsuwuny (kompot) taýýarlamaga, ertirden agşama eşek ýal işlemäge endik etdim. Emma bazar ýaly köpçülik ýerinde hemmeleriň gözüniň alnynda şerap içmek barada aýtmaly bolsa, dogrusy, muňa ynanjym ygtyýar edenokdy. Erbet gorkdum.

– Toba estagfurullah – diýdim. – Kakam biläýse, gözümi ýeňsämden çeker.

Hossarlarym meni Baba Zamanyň tekgehanasyna kapyr bolup, ýoldan çyk — diýip ugratmady. — Ýagşy musulman bol — diýip ýollady. Şerap içsem il-gün maňa näme diýer?! Goňşy-golam näme diýer?

Şems meni ýakyp barýan nazaryndan geçirdi. Ol, hamala, şol ilkinji gije gapynyň ýeňsesinden ony synlan mahalymdaky ýaly, nazary bilen ýüregimi ezip suw etdi.

Ahyry kesgitli netijä gelip, atynyň jylawyny çekdi.

– Gyzyl şägirt, sen maňa mürit bolup bilmersiň – diýdi. – Özgeleriň näme pikir edýändigine kelläňi köp agyrdýaň. Ýöne, bilip goý, özgeleriň makullamagyny, hormat goýmagyny näçe köp isleseň, olaryň tankydydyr myş-myşlaryna-da şonça köp gulak gabardarsyň.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Şemse ýoldaş bolmak mümkinçiligini elimden giderenime düşündim. Elimde barymy edip, özümi aklamaga çalyşdym.

– Bolýa welin, «git-de şerap getir» diýeniňizde, ynanjymyň näderejede sagdyndygyny synamakçy bolýansyňyz öýtdüm. Özümi synagdan geçirmeýäniňizi men nireden bileýin? Imanymy synap görýänsiňiz öýtdüm.

Şems gaşlaryny çytdy. – Başga biriniň ygtykadynyň mäkämligini synaga salmak biz ynsanlaryň borjy däldir. Bu Allanyň ornuna dalaş etmek bolar. Bendesiniň imanyny ölçerip görmek guluň işi däldigini bileňokmydyň?

Diýere söz tapman, ýüzümi sapajak-supajak etdim. Derwüşiň edýän gürrüňlerini ölçerip gördüm. Ýöne tereziniň haýsy jamyna goýjagymy bilmedim. Başym şeýle bir çaşdy welin, çekgäm agyryp başlady. Ýüregim howlaýan ýaly bolup, ýeňimi-ýakamy açyşdyrdym.

Şems şol bir wajyplygy bilen gürrüňini dowam etdi.

– Gyzyl şägirt, tasawwuf ummanyna özüňi bagyşlamak isleýäň, ýöne öwezine hiç zat beresiň gelenok. Bu iş beýle bolýan däldir! Kim üçin pul-baýlyk, kim üçin şan-şöhrat, kimlere köp ýylyň abraýy, kim üçin bolsa, ten şöhweti esasy duzakdyr! Adam şu dünýäde nämä artyk baha

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
kesýän bolsa, onuň ilki bilen şondan halas bolmagy bu ýolda hökmany şertdir.

Şeýle diýenden soň, Töwrizli Şems eglip atynyň boýnuny sypady. Sözüni jemlemek isläp:

– Meniň pikirimçe, Bagdatda galyp, eneň-ataň ýanyna dolanyp barsaň, özüň üçin has bähbitli bolardy. Sapýürekli senetkär tap-da, şoňa şägirt dur. Ýüregim gelejekde seniň örän başarjaň täjir çykjakdygyňy buşlaýar. Ýöne hergiz doýmaz-dolmazlardan bolaýmaweri! Indi rugsat etseň, ýola düşeýin – diýdi.

Ol maňa ahyrky ýola salamatlyk diledi. Aýagy bilen atyny debsiledi-de, däli şemal, joşgunly derýa kimin bat alyp, atyny aldygyna sürüp gözden ýitdi. Dünýä onuň atynyň toýnaklarynyň astynda gaýyp gidýärdi. Menem atyma atlandym. Tä Bagdadyň eteklerine çykýança, ony kowalap gitdim. Emma aramyz barha açyldy. Ahyrynda ol gözýetimde kiçijik nokada döndi.

Garaşdym. Onsoň Alla bilýändir, şol gap-gara nokat gözýetimiň aňrujynda damja kimin eräp, ýitirim bolanyna köp wagt geçeninden soň hem, Şemsiň ýakyp barýan nazaryny bedenimde, hut ýüregimiň çuňluklarynda duýýardym.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

***Ella Boston, 2008-nji ýylyň 24-nji maýy***

Bahar möwsüminde Rubinşteýnleriň haşamly mülkünde her gün irden ilki bolup oýanýan, aşhana ilki bolup gelip, ertirlik taýýarlaýan Ellady. Ol ertirligiň gündeki üç wagtyna iýilýän naharlaryň arasynda iň peýdalysydygyna ynanýardy. Aýallar žurnallarynyň birinden bir zat okapdy. Barlaglara görä, ertirligi adat edinen maşgalalaryň agzalary ertirlik edinmeýän ýa-da irden çalak-çulak garbanyp, täze güne başlaýan maşgalalara garanyňda, has agzybir hem bagtyýar bolýarlar. Bu deňeşdirmä her näçe ýürekden ynanýan hem bolsa, žurnalda gürrüňi edilýän şol şowhunly ertirlikleriň lezzetini heniz ol dadyp görmändi. Ertirlik başyndaky gürrüňdeşlik näme üçindir, beýle gülala-güllük bolmaýardy. Oňa derek her kim bir perdeden gopýardy, hiç kimiň üýşüp bir nahardan iýesi gelmeýärdi. Biriniň mürepbeli tort iýesi gelýän bolsa (Janet), beýleki biri mekgejöweniň patragyny çemçeläp oturandyr (Ewi), ýene biri, tabadaky ýumurtgalary tutuşlygyna bir özi iýsem diýýän bolsa (Dewid), dördünji biri hiç zat iýmejek bolup hötjetligine tutýandyr (Orly). Şonda-da Ellanyň garaýşyça, ertirlik edinmek möhümdi. Her gün irden ýaltanman, hemmeleriň iýjek naharyny taýýarlardy, şeýdip, çagalarynyň mekdepde çem gelen gurak-gumursa zady garbanmaga mejbur bolmajaklary hakynda oýlanyp, ene hökmünde muňa guwanardy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Ýöne, ynha, şu gün irden Ella aşhana giren mahaly hemişe bolşy ýaly, kofe taýýarlamaga, pyrtykal sykmaga we çörek gyzartmaga derek, ilki bilen aşhananyň stoluna geçip ýan kompýuterini açdy. Hatlar gutujygyna giren badyna ýüzüne ýagty ýylgyryş çaýyldy. Garaşýan elektron haty gelen eken. Aziz Zahara jogap ýazypdyr. *«Gadyrly Ella,*

*Gyzyň bilen araň düzelenine örän begendim. Menem şu gün irden Momostenangodan gaýtdym. Haýran galaýmaly, ol ýerde bary-ýogy birnäçe gün bolsam-da, hoşlaşjak wagtym meni birhili gussa gaplap aldy. Gwatemaladaky bu kiçijik obany gaýdyp görjegim-görmejegim gümana. Nesip eder öýdemok.*

*Heran-haçan bir ýer bilen hoşlaşmaly bolanda, özümiň bir bölegimi ol ýerde goýup gaýdýan ýaly bolýan. Ýöne Marko Polo ýaly dünýäni aýlanyp çyksagam, sallançakdan mazara çenli şol bir öýde gazyk ýaly dikilip geçirsegem, ählimiz üçin ýaşaýyş dogluş bilen ölümden düzülen zynjyrdyr. Onuň başlangyjy hem ahyry bar. Bir pursadyň dünýä inmegi üçin ondan öňki pursadyň ölmegi zerur. Bu edil täze bir «meniň» peýda bolmagy üçin öňki meniň gurap solmagynyň gerek bolşy ýaly...*

*Momostenangodan gaýtmazdan ozal meditasiýa etdim, oý-pikiri boýladym. Özüň barada oýa çümdüm, eý, Bostondaky täze tanşym! Her bir adamyň töwereginde*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*dürli reňklerden ybarat halka bolýandygyna ynanýaryn. Gözlerimi ýumup, seniň reňkleriňi tapmaga synanyşdym. Köp wagt geçmänkä, tolkun şekilli serpilme saýgardyp ugrady. Ýakymly sary, näbelli narynjy we tutuksy metallik goňur reňkler göründi. Meniň pikirimçe, bular – seniň reňkleriň. Örän owadan. Hem aýyl-saýyl, hemem bir bitewi. Gwatemalada ahyrky aýak çeken ýerim Çažul atly kijiräk şäherçe. Bu ýerde jaýlar kerpiçden salnan, çagalaryň gözleri ullakan hem şar gara. Bakyşlary ýaşyna görä däl. Her öýde dürli ýaşdaky aýallar kilim dokaýar. Menem bir eneden seniň üçin kilim satyn aldym. Ol enä bostonly bir hanym üçin sowgat alýanymy, saýlaşmaga kömek etmegini haýyş etdim. Biraz oýlanyp durandan soň, öýündäki üýşmek kilimden birini sogrup aldy. Ynanaý, ol ýerde her dürli reňkli, her hili bezegli ellidenem köp kilimi üýşürip goýupdyr. Ýöne garry aýalyň seniň üçin saýlap beren kiliminde diňe üç hili – sary, narynjy, goňur reňkler bar. Nähili aňk edýän tötänlik, şeýle dälmi?! Elbetde, älemde «tötänlik» diýen zat bar bolsa...*

*Biziň elektron tor arkaly duşuşmagymyzyň hem tötänlik däl bolmagynyň ahmaldygy barada oýlanyp gördüňmi?*

*Size söýgi bilen Aziz.*

*Hatsoňy: isleseň, kilimiňi poçta üsti bilenem ugradyp bilerin ýa-da Bostonda kofe içjek günümiz ýanym bilen alyp bararyn...»*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Haty okanyndan soň, Ellanyň ýaňaklaryna ýakymly bägül reňki çaýylyp gitdi. Aziz nähili gowy ýazypdyr. Mähirli, sap ýürekden, öz bolşy ýaly, ýasama däl... Gözlerini ýumdy, göwresini gurşap alan reňk guşaklaryny hyýalyna getirdi. Haýran galaýmaly tarapy, hyýalynda janlanan Ella kämillik ýaşynda däldi-de, ýedi ýaşlaryndaky keşbidi.

Birmahal ýadyndan çykarandyryn öýdüp ýören ýakymsyz ýatlamalar hyýalynda janlandy. Çagalygyny, öýkelekligini, özüni ýalňyz duýan pursatlaryny ýadyna saldy... Ejesini ýatlady, ol egni açyk ýaşyl reňkli, büzmeli öňlükli, eli togalak, ortasy deşik tor gaply, ýüzi kül reňk nikaply, öçügsi hem tükeniksiz hasrat bilen aşhananyň gapysynda aňalyp durdy... Başda kakasynyň jansyz bedeniniň üstünden Ella barypdy. Jaýyň petiginden ýalpyldawuk, oýnawaç ýürek şekilleri, toplar, gutular sallanyşyp durdy, içeri ýagtydy. Täze ýyl baýramçylygy günleridi. Baýramçylyk bezegleriniň arasyndan bolsa bir göwre sallanyp durdy. Kakasy özüni asypdy.

Tutuş ýaşlyk ýyllary Ella kakasynyň ölümi üçin ejesini günäkärläp gezipdi. Şondan ötri heniz ýaşajyk gyz mahaly öz-özüne bir zady söz beripdi. Ol ejesiniň goýberen ýalňyşlygyny gaýtalamaz, maşgala guransoň, ärini elmydama bagtyýar eder. Onuň nikasy ölinçä bozulmaz, ene-atasynyňky ýaly, az wagtlyk bolmaz. Belki-de, şol sebäpli, ýagny öz maşgala durmuşynyň üýtgeşik bolmagy

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
üçin, ejesiniň edişi ýaly, hristian adam bilen däl-de, öz ynanjyndan bolan jöhit adam bilen maşgala gurmak isläp, Dewide durmuşa çykypdy.

Ella bilen ejesiniň arasyndaky tow uzaga çekdi. Ol soň-soňlaram ejesini ýigrener ýörerdi. Diňe birnäçe ýyl mundan ozal köne saman sowurmagy goýbolsun etmegi başardy. Gahar edip ýörmekden ol halys bolupdy. Geçmişe gahar etmek agyr ýükdi. – Eje! O-ho-ho-o!

– Zeminden ejeme! Zeminden ejeme! Eje, jogap ber!

–...

Ella aşhanada oýa çümüp otyrka, birden gülki sesine tisginip gitdi. Yzyna garanda özüne ýaňsyly seredip duran dört jübüt göze nazary düşdi: Orly, Ewi, Janet hem Dewid. Dördüsi-de bir wagtda ertirlik edinmäge düşen bolmaly. Häzir üýşüp duruşlaryna oňa geň-taň bir jandary synlaýan ýaly seredişýärdiler. Boluşlaryna, ýüzgözlerine seretseň, olar şol ýerde esli wagtlap durup, ünsi çekmäge çalşan bolmalydylar.

– Eje, näme bolýar-a? Iki sagat bäri saňa seslenýäris welin, eşideňogam – diýip, Orly dillendi.

Dewid nazaryny gizläp:

– Ekrana beýle gaty ünsüňi beripsiň-le? – diýip mydyrdady.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Ella äriniň nazary eglenýän ýere seretdi. Ekranda Aziz Z.Zaharanyň elektron haty açyk durdy. Dessine ýan kompýuterini öçürdi.

– Neşirýat üçin bir topar okamaly zadym bar – diýip, Ella dillendi. – Hasabatnamamy wagtynda tabşyrmaly. Özüň bilýäň, şu romanyň üstünde işleýän.

Ewi özüni örän çynlakaý tutup, gürrüňe goşuldy.

– Ýöne hasabatnama ýazaňokdyň-a! Gözüm bilen gördüm, elektron hat okap otyrdyň.

Ella çym gyzyl boldy. Ýetişen çagalary näme üçin ululary ň kemçiliklerini, ýetmezini tapjak bolup ölüp-öçüp barýarkalar? Ýöne, her hal, maşgalanyň beýleki agzalarybu gürrüňlere üns bermedik borly. Häzir hemmeler üsti boş stola tarap seredişip durdular. Orly bilesigelijilik bilen ejesine garady-da, hemmeleriň serinden geçirip duran pikirini orta atdy:

– Eje, bu gün bize ertirlik taýýarlamansyň-la. Haýran galaýmaly!

Bu söz Ellany-da saňsar eden ýalydy. Daş-töweregine seretmek gezegi indi onuňkydy. Ne kofäniň tüssesi çykýardy, ne-de ojagyň üstündäki tabada ýumurtga bardy. Çörek gyzardýan enjam hem boşdy. Dogrusy, nä döw çalyp, robot ýaly, üýtgewsiz endigine görä her säher

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
saçagy dürli-dümen naz-nygmat bilen bezeýän aýal bu gün irden ertirlik taýýarlamagy ýadyndan çykaraýdyka?

Şol pursat Ella öz aňynyň Azize gidendigine düşündi... Häzir ol ullakan hem aňrybaş oňaýly öýde däl-de, Gwatemalada, şonuň ýanynda bolmak üçin, gör, nämeler etmezdi...

**I**

**k**

**i**

**n**

**j**

**i**

**b**

**ö**

**l**

**ü**

**m**

**S**

**U**

**W**

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

## *Ýaşaýyşdaky suwuk, typançak we durnuksyz zatlar Rumy Konýa, 1244-nji ýylyň 15-nji oktýabry*

Bu gije asmandaky Aý diýseň ajaýyp. Ol şeýle parlak, şeýle bir owadan welin, äpet hünji dänesi ýaly bolup, depämizden asylyp dur. Düşegimden turdum. Penjireden daşaryk, aý aýdyňlyga çümen howla seretdim. Şeýle gözellik datly hörek ýaly, gözüňem, göwnüňem dokundyrýar. Ýöne Aý her näçe ajaýyp bolsa-da, ýüregimiňem, ellerimiň-de titremegine kär edip bilenok. Bu gije-de ukymdan tisginip oýanypdyryn.

– Tagsyr, ýüzüňde gan-pet ýok welin, ýene şol düýşi gördüňmi? – diýip, Kerra pyşyrdady. – Bir käse suw getirip beräýeýin?

– Alada etme, sen ýatyber – diýdim.

Onuň elinden näme gelsin? Ikimiziňem elimizden geljek zat ýok. Düýşlerimizem takdyrymyzyň bir bölegi dälmidir? Takdyrymyz bolsa, onsuzam, biziň elimizde däl. Has beterem, yzly-yzyna şobir düýşi görmegimiň hökman bir sebäbi bardyr diýip pikir edýärin. Kyrk gije bäri şol bir düýşi görüp gelýänim üçin, elbetde, äşgär boljak hikmeti, gören zatlarymyň nämäniň alamatydygyny bilerin. Ýa-ha häzir, häzir bolmasa-da bahym. Düýşümiň başy her gijeüýtgeýän hem bolsa, soňy

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
hemişe şonlugyna galýar. Göýä düýş ullakan bina bolup, men oňa her gije bir gapydan girýän ýalydym.

Bu gezekki düýşümde teýine ajam halylary düşelen, juda tanyş bir otagda, haçjanyň başynda kitap okap otyryn. Göni garşymda bolsa, bir derwüş otyrdy. Ol uzyndan inçemik syratlydy, ýüzi galyň nikap bilen örtülgidi. Elinde-de bäş şemli bir şemdan bardy. Ol kitaby arkaýyn okarym ýaly, şem tutup durdy.

Biraz soňra başymy galdyryp, derwüşe seretdim. Okap oturan sahypamdan Hazine-i Gaýba düşünjek bolup dümtünip otyrdym. Şu sözden özümçe many almaga çalyşýardym, şonda haýran galmak hem gorky bilen bir zady bilip galdym: meniň şemdan diýýänim derwüşiň sag eli bolsa nätjek?! Bäş şemiň deregine bolsa, bäş barmagy ýylp-ýylp edip ýanyp dur. Derwüş öz bedenini ýakyp, maňa yşyk tutýar.  Howsala düşüp, suw tapjak boldum, ýöne golaý-goltumda ýeke owurdam suw ýokdy. Ne küýze bar, ne-de golça. Hyrkamy çykaryp, oduň üstüne okladym. Ýöne ony gaýtadan galdyryp görsem, aşagynda tüssesi burugsap duran şemdandan başga zat ýok. Derwüş ýitirim bolupdyr.

Düýşüň mundan soňraky böleginde bolsa, her gije şobir zatlar, gaýtalanyp dur. Öýümde. Otaglara ýekän-ýekän aýlanyp, şol derwüşi gözleýärin. Barlamadyk ýerim galmady. Soňra howla çykýaryn. Daşary durşuna

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

kümüşsöw sary gülleriň deňzi ýalydy. Saga seslenýärin, sola gygyrýan, ýöne gözleýän adamym sumat bolupdyr.

− Gitme, ýalbarýan, gadyrdanym, sen nirede? – diýip özelenýärin.

Ýakymsyz bir ses eşidip, howpurgap guýa ýakyn barýan, onuň düýbündäki tolkun atýan gara suwa tiňkämi dikýän. Birbada hiç zat görmesem-de, Aýyň şuglasy ýalpýalp edip, çabga ýaly bolup, üstüme dökülensoň, howly birden nura döndi. Ynha, şol pursat bir zady saýgardym. Guýynyň düýbünde bir jübüt gara göz bar. Şol jansyz gözler göni gözüme garap, bu älem bilen hoşlaşýar.

− Ýetişiň! Kömek ediň! Janyna kast edipdirler! – diýip, biri gygyrýar. Kim bilýär, belki, ol ses meniň öz sesimdir? Hasratdan ýaňa şeýle bir üýtgäpdir welin, öz sesimi özümem tanamaýardym. Onsoň şol wagt gygyrýan. Yzly-yzyna, özümem der basyp, gaýta-gaýta gygyrýaryn. Bu ýagdaý tä aýalym ukudan oýanyp, başymy döşüne goýan mahalym, meni berk gujaklap:

− Tagsyr, näme bolýar? Ýene şol düýşi gördüňizmi? – diýip, mähir bilen pyşyrdaýança dowam edýär. ***

Gijäniň bir wagty Kerra gaýtadan uka gidensoň, howla çykdym. Gije ümüş-tamyşdy. Guýyny görüp tisginip gitdim, ýöne şonda-da onuň ýanyna bardym-da,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
golaýjagynda oturdym. Agaçlaryň arasyndan öwüsýän şemala ýapraklar çalaja şygyrdaşýardylar.

Şeýle pursatlarda içimiň gysyşy diýip-aýdar ýaly däldi, sebäbini bilemokdym. Ýöne meniň durmuşym gülala-güllükdi, işim şowuna, dokuzym düzüwdi. Rebbim maňa ýokary baha kesýän üç zadymy bagyşlady: ylym, yrfan hem adamlara dogry ýoly görkezmäge ygtyýar.

Otuz ýedi ýaşaýançam, Allah dilänimdenem köp berdi. Pygamberlerden, welilerden, alymlardan gözbaş alyp gaýdýan Ylahy açmak ylmyndan – Ylm-y Keşf-i Ylahydan nesibäme ýetdiginden paý aldym. Ýatan ýeri ýagty bolsun, kakam golumdan tutdy, döwrüň iň gowy halypalarynyň elinde sapak alyp, basgançak-basgançak beýgeldim. «Okamak, işlemek we beýlekilere nur çaýmak bendäniň Allaha bolan borjudyr» diýip, düşünjämi çuňlaşdyrmak üçin, köp okadym, köp yhlas etdim.

Halypam Seýýit Burhanetdin maňa elmydama bir zady aýdardy, Haky halka wagyz etmek we adamlaryň haky nähakdan tapawutlandyryp bilmeklerine goldaw bermek ýaly hormatly wezipäni boýnuma alýandygym üçin, men Allanyň söýgüli bendesimişim.

– Şükür etgin, Jelaletdin, bu öňýetene nesip edýän däldir – diýerdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Ençeme ýyllap medresede müderrislik etdim, onlarça şerigat alymy bilen ylahyýet barada çekişmä girdim, fykyh hem hadys babatda esli ýol geçdim. Her hepde şäheriň iň uly metjidinde wagyz edýärin. Sapak berip ýetişdiren talyplarym şeýle bir köp welin, sanyny-da, atlaryny-da ýadymda saklap bilemok. Adamlaryň gelip, sözlerimiň ýüreklerine giňlik berip, özlerine ýol görkezýändigini aýdanlarynda, bilimimi we başarnygymy öwenlerinde özümi guwançly duýýardym. Allaha köp şükür, rahat maşgalam, tegmil düşmedik abraýym, köne dostlarym, sadyk müritlerim hem-de menden hümmet alýan talyplarym bar. Ömrüm boýy garyplyk diýen zady görmedim.

Dogry, basdaş aýalym aradan çykanda dünýä başyma ýumrulypdy. Ýöne Alla Kerradan razy bolsun, şonuň kömegi bilen ýene-de mähire hem hoşwagtlyga gowuşdym. Ogullarymyň ikisi-de päk ojakda ýetişdi. Şonda-da biriniň beýlekisinden büs-bütin üýtgeşikligine häli-häzirem haýran galman durup bilemok. Hamala, iki däne tohum şol bir topraga ýanaşyk ekilip, olara birmeňzeş ýagtylyk düşüp, şol bir suwdan berlenem bolsa, bütinleý başga-başga ösümlikler boý beren ýaly. Edil öweý gyzyma guwanyşymça, ikisine-de guwanýan. Mähirlije Kimýajyk diýseň täsin, akyllyja, rehimdar hem göwnaçyk. Il içinde bir aýry bagtym bar, öýde, çagalaryň arasynda başga bir hili. Şeýle welin, şonda-da näme

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
üçindir, içimde nämedigine düşünmeýän, aýdyňlaşdyrybam bilmeýän bir boşlugym bar. Ol boşluk gün-günden ulalyp barýar.

Özem ol syçan ýaly assyrynlyk bilen hereket edýär, ümsüm, açgöz hem doýmazdolmaz; şeýdip, bir zatlaryň ýetmezçilik edýändigini duýmagym hem meniň ruhumy gemirýär. Nirä gitsemem, şol boşluk ýanymdan galanok.

Adam dokuzy düzüw mahaly-da, özünde gowuzlyk duýup bilýärmikä? Ýa-da bagtyýarka-da, gaýgy-gussa çekip bilermikä? Gündizlerim şeýle ýagty, kanagatlandyryjy hem kem-kössüz mahaly, üstünlikden-üstünlige, mertebedenmertebä beýgelýärkäm, her gije düýşümde gözýaş döküp, birini gözlemäm näme üçinkä?

Göýä içimde başgalardan däl-de, esasan, özümden gizlenen bir syr göterýän ýalydym. Birden bir gün düýşümde şol derwüşe duşsam, ol syryň sebäbini ondan hökman soraryn.

Eýse, şol hakykaty göterip bilmesem näme? Ýa-da gerdenime götererden çökder geläýse?

Haýran galaýmaly, men özümi gorky ýa-da waswasy diýlen zady bilemok hasap edip ýördüm.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

***Şems Konýa, 1244-nji ýylyň 16-njy oktýabry***

Bir şähere barmazdan ozal, hiç haçan bozman gelýän, öňden dowam etdirip ýören bir endigime eýerýärin. Şäheriň derwezelerinden girmänkäm, biraz durup, şol ýerdäki welileriň ählisine salam berýän. Ozaly bilen, hala merhum bolsun, hala diri, isle belli bolsun, isle näbelli, şol şäherde ýaşap geçen ýa-da ýaşap ýören ähli welilere salam ýollaýaryn. Olardan ejaza dileýärin. Şunça ýyldyr, welilerinden rugsat alman, aýak basan ýekeje-de şäherim, şäherçäm ýa-da obam ýokdur. Baran ýerimde ilatyň agramly bölegi musulmanlar, hristianlar, jöhitler ýa-da mejusi-otparazlar bolsun, tapawudy ýok. Her ýerde hökman bir weli bardyr we olar dini, dünýewi hem-de jismany-bedeni tapawutlylyklardan aňryk geçendirler. Weli diýilýän bütin adamzadyň ýolbeledi, öňbaşçysydyr.

Şunlukda, uzakdan Konýany görüp, hemişeki endigime eýerdim. Ýöne soňra haýran galaýmaly bir zat boldy. Şäheriň welileri adat bolşy ýaly, salamyma jogap bermäge derek, ýykyk-ýumruk mazar daşlary ýaly, lal-jimdiler. Eşitmedik bolaýmasynlar diýip, gaýtadan has belent sesde salam berdim. Konýa welileri meniň sesimi eşitmesine eşidipdiler, ýöne bilmeýän bir sebäbim zerarly, şähere girmäge rugsat etmeýärdiler.

Sözlerimi äkidip çar tarapa sepelesin diýip, olary şemala tabşyrdym:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

– Eý, Konýanyň welileri, näme üçin bu ýolagça rugsat bermeýärsiňiz?

Esli wagtdan soňra, şemal şeýle jogap bilen gaýdyp geldi:

– Eý, derwüş, rugsat bereris welin, bilip goý, şäherde seniň üçin biri-birine bütinleý gapma-garşy iki zat garaşýar. Aralyk ýol ýok. Ýa-ha sap yşk bilen, ýa-da bütinleý ýigrenç bilen garşylanarsyň. Isleseň, şu barada-da oýlanyp gör.

– Ýagdaý şeýle bolsa, kelläni agyrdyp oturasy iş ýok – diýdim. – Arasynda sap yşk bar dälmi, şol ýeterlik.

Muny eşiden badyna, Konýanyň welileriniň ählisi biragyzdan rugsat berip, haýyr dogasyny okady. Ýöne göni şähere girmek islemeýärdim. Bir depäniň üstünde gojaman meşe – dub agajynyň aşagynda oturdym. Atym töwerekdäki selçeň otlukda otlap ýörkä, men öňümde ör galan şäheri synladym. Konýanyň minaralary döwük aýnanyň bölekleri ýaly bolup, Güne ýalpyldaşýardy. Käte bir itiň wowfuldysyny, eşek aňňyrmasyny, çagalaryň gülki sesini, bokurdagyna sygdygyndan gygyrýan söwdagärleriň gohuny eşidýärdim – bu gaýnap-joşýan şäheriň adaty sesleridi. Eýse, ýapyk gapylaryň, örtülen penjireleriň aňyrsynda nämeler bolup geçýärkä, nähili wakalar gopýarka? Asla tanamaýan bu ýerime aýak

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

basmagyň öňüsyrasyndadym. Sähel biynjalyk bolsam-da, şol pursat kyrk kadadan birini ýatladym:

On dördünji kada: *Hakyň öz ýoluňda goýan özgerişliklerine garşy çykmaga derek, olara boýun bol. Goý, ýaşaýyş garşyňa däl-de, seniň bilen ugurdaş aksyn. «Tertipdüzgünim bozular, durmuşym agdar-düňder bolar» diýip gaýgy etme. Durmuşyň aşagynyň ýokarsyndan has gowy bolmajagyny sen nireden bilýärsiň*?

Meni gümra bolup oturan pikirlerimden dostana bir ses sogrup aldy.

– Selamünaleýküm, derwüş!

Öwrülip seredenimde arabanyň üstünde oturan salpy murtly, garaýagyz, irimçik, ýaş obaly ýigide gözüm düşdi. Araba goşulan öküz gaty garrydy hem örän hordy, ömrüniň ahyrky günlerini ýaşaýany görnüp durdy.

– Aleýkümsalam – diýip jogap berdim.

– Näme üçin bärde ýeke otyrsyň? At sürüp ýadan bolsaň, arabama münäý, seni Konýa çenli elteýin.

Ýylgyrdym.

– Teklibiňe sag bol, ýöne pyýada gitsem hem seniň şu öküziňden-ä tiz bararyn.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

− Öküzime göwniýetmezçilik etme. – Obaly ýigidiň gahary geleni görnüp durdy. – Garrydyr, hordur welin, ol meniň iň wepaly dostumdyr.

Muny eşidip, özümiň öte geçenimi duýdum. Derrew ýerimden turup, obalynyň öňünde baş egdim. Allanyň uç-gyraksyz barlyk äleminde kiçijik dänejik halyma, meniň oýun edibem, adam bolsun, hahaýwan bolsun parhy ýok, başga bir jany kiçeldip, kemsitmäge nä hakym barmyş? Hata iş edip, göwün ýykanym üçin ötünç soramalydym.

− Özüňden hem öküziňden ötünç soraýaryn – diýdim. – Ýalňyşypdyryn, bagyşla!

Obaly ýigit agzyny açyp aňalyp galdy. Bolşundan aljyrandygy bildirýärdi. Esli wagtlap ýöne seretdi durdy. Oýun edip-etmeýänimi biljek bolup:

− Öň hiç kim beýle etmändi − diýip pyşyrdap, çekinjeňlik bilen çala ýylgyrdy.

− Diýmek, hiç kim öküziňden ötünç soramandyr-da, şeýlemi?

− Eh, o diýýäniňem üstesine. Ýöne diýjek bolýanym başga zat. Aslynda hiç kim menden ötünç soramandy. Umuman alanyňda, tersine. Hemişe ötünji özüm soramaly bolýardym. Başgalar bolmaz iş etse-de, hemişe bagyşla diýýän özüm.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Muny eşidip gynandym.

– Ýagşy ýigit, Gurhan-y Kerim: Biz ynsany iň gözel görnüşde ýaratdyk diýýär. Ynsan uludyr, gymmatlydyr, biçäre-de däldir, ejizem. Onsoňam Allanyň togsan dokuz adynyň arasynda ejizi ýokdur. Üstesine, bu kadalaryň biridir – diýdim.

–Nämäniň kadasy? – diýip, kellesini gaşady.

– On bäşinji kada: *Alla hemmämiziň içimizi hem daşymyzy her pursatda kämilleşdirmek bilen meşguldyr. Biziň herimiz bir tamamlanmadyk sungat eseridiris.*

*Başymyzdan geçen her waka, ýeňip geçen her bir kynçylygymyz ýetmezçiligimizi aradan aýyrmak üçin taslanandyr. Haktagala biziň kemçiliklerimiziň hersini aýratynlykda iş edinýär, çünki adamzat diýen eser çirksizligi maksat edinýändir.* Obaly ýigit gözlerini gyrp-gyrp etdi.

– Ýa, senem wagyz diňlemäge geldiňmi? – diýip sorady.
– Şeýle bolsa, ýola düşseň gowy bolar. Bu gün adam öňkülerdenem köp boljakmyş. Ýöne ol nähili ajaýyp hatyp, şeýlemi?

Kim barada gürrüň edýänini bilenimde ýüregim tasdanam durupdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

−Aýtsana, Rumynyň wagyzlary seni näme üçin beýle özüne çekýär?

Obaly ýigit esli wagtlap dymdy. Nazary gözýetime dikildi. Onuň seri hem hemme ýerde, hemem hiç bir ýerde däl ýalydy. Soňra şeýle diýdi:

− Biziň obamyz dürli apatlary başdan geçirdi. Başda gytçylyk geldi, soňra mongollar. Ýakdylar, ýykdylar, taladylar. Şäherleri hasam berbat etdiler. Arzyrumy, Siwasy, Kaýserini basyp aldylar, erkek göbeklini gylyçdan geçirip, aýallary äkitdiler. Men bolsam gowy görýän hossarymam ýitirmedim, öý-ojagymy hem. Ýöne şonda-da, göwnüme, bir ýerde möhüm bir zadymy ýitiren ýaly. Içim hemişe hasratdan doly. Düşündirip biljek däl, ýöne näme üçindir, men elmydama gaýgyly.

− Eýse, munuň Ruma näme dahyly bar? – diýip soradym.

Obaly ýigit alňasaman, oýlanyşykly mydyrdady:

− Hezreti Möwlananyň wagyzlaryny diňleseň, gaýgy-hasratyň dep bolýar diýip hemmeler gürrüň edýär.

Hasrat çekmekde meniň özüm-ä aýyp göremok. Tersine, göz üçin iş etmek – yrýakärlik hem-de oýun-degişme adamlary şadyýan edýär, hakykaty bilmek bolsa, adamy sustlaşdyrýar, hasrat çekdirýär. Bu durmuşda has köp bilýän adamlar birneme sust, hereketsiz bolýar. Ýöne bu zatlary obaly ýigide düşündirmegi zerurlyk görmedim:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

− Gel, Konýa çenli bile gideli − diýdim. – Senem maňa ýolda Rumy barada gürrüň berersiň, bolýarmy?

Atymyň uýanyny araba daňyp, obaly ýigidiň ýanynda oturdym. Görsem, garry öküz ýüküniň agralanyny bilenogam. Şol bir bolşuna, äwmän basyp, öňki bezginligi bilen mytdyldap barýar; obaly ýigit maňa çörek bilen geçi süýdünden edilen peýnir hödür etdi. Ony gürleşip barýarkak iýdik. Ynha, şeýle ýagdaýda nilreň asman depämizde mejime ýaly parlap durka, welileriň howandarlygynda Konýa gadam basdym.

Arabadan düşen mahalym:

− Özüňe esewan et, dost – diýdim.

− Wagza hökman gelgin – diýip, obaly ýigit höwes

bilen dillendi.  El buladym.

− Häzir bolmaz, soň bir gün...

Hutbasyny diňläsim gelip, ölüp-öçüp barsam-da, Möwlanany görmegi ýürekden küýsesem-de, ozaly bilen berjaý edesim gelýän başga bir zat bardy: şähere belet bolmalydym, bu uly wagyzçy barada şäher halkynyň pikirini öwrenmelidim. Ruhdaşymy öz gözlerim bilen görmezden ozal, Rumyny görmedik ynsanlaryň oňa neneňsi baha berýändigine göz ýetirmelidim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Bu zatlar maňa ýagdaýlara doly göz ýetirmegim üçin zerurdy. ***Hasan gedaý***

***Konýa, 1244-nji ýylyň 18-nji oktýabry***

Görmedigim görde galandyr. Haçan görseň dirilik bilen ölümiň arasynda elewräp ýörün, men hemişe jennet bilen jähennemiň arasynda rafda. Heýwere keseli adamy şeýle bir derejä ýetirýär welin, ölmänkä öldürip, adamyny diriligine mazara dykýar. Köçelerde ejeleri çagalaryny gorkuzmak üçin barmagyny çommaldyp, meni görkezýär; çaga garagol bolsa, kesekläp, üstümden gülýär, masgara edýär. Senetkärleriň, satyjylaryň dükanyna ýakynlaşdygym, «Küş-küş, gideweri, şumluk getiräýme» diýip, kowýarlar, kowalaýarlar. Hamyla aýallar ýüzüni sowýar, hamala gözleri maňa düşäýse, göwresindäki çaga şikesli dogaýjak ýaly. Ýöne bu adamlaryň hiç biriniň düşünmeýän bir zady bar: olar biz heýwere kesellileri görmejek bolup, ellerinden geleni edäýsinler, esasy zat biziň özümiz – heýwere keselliler olaryň özlerinden hem, olaryň nebsagyryjylykly, dözmezek nazaryndan hem uzagrak duranymyzy kem göremzok!

Heýwere – barypýatan azap. Ol her gün bedeniň, ruhuň bir bölejigini gemirýär. Başda teniň üýtgeýär, deriň reňki garalyp goňraslaşýar, eýlenen deri ýaly galňaýar. Eginlerde, dyzlarda, gollarda, ýüzde julk ýumurtganyň reňki ýaly reňk besse-besse bolýar durýar. Keseliň şu

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
tapgyryndakaň, zol-zol gyzyp duran endamyňda, garynja ýöreýän ýaly alamatlary duýarsyň. Soňra nämedendigi bildirmez, ezýeti gowşap, agyrylar azalar, öwrenişip ugrarsyň. Birden mäzler ulalyp çişer, ullakan çykuwa öwrüler. Eller penjeleşip, ýüz-göz şeýle bir bozulýar welin, tanar ýaly bolanok.

Men häzir keseliň soňky tapgyrynda, gözümiň gabaklaryny ýumup bilmejek derejä bardym. Gözüm özümden bidin aglaýar, agzymdan elmydama sülekeý akyp dur. Saklap bilemok. Ellerimden alty dyrnagym düşdi, ýedinjisem şoňa golaý. Ýöne geň galaýmaly, saçym entegem öz ýerinde. Her hal, özümi bagtyçüwen saýmaly.

Eşidişime görä, pereňliler heýwere kesellileri gala diwarlarynyň daşyna kowýarmyşlar. Şäheriň derwezelerini bolsa, ýene giräýmesinler diýip, sürgüsini sürüp baglaýarmyşlar. Ýöne Konýada welin, beýle däl. Bu ýerde boýnumyzdan jaň asyp gezýäris. Şeýdip, adamlara duýduryp gezenimizden soň, şäherde aýlanmaga rugsat edýärler. Gedaýçylyk etmäge-de hernä ygtyýarymyz bar. Bolmasa, açlykdan ölerdik. Heýwere keselli bolsaň, diri galmagyň iki ýoly bar: birinjisi, dilegçilik edip gezmek, ikinjisi başgalara dogadileg etmek. Ikisi-de garnyňy aç edenok.

Hernä, ilat biz heýwere kesellileriň dogasynyň kabul bolýandygyna, Allanyň bize aýratyn göz bilen bakýandygyna ynanýardy. Nähili bidereklik! Şeýledigi

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
çyn bolsa, biz şu ýagdaýa düşjekmi? Ýöne şoňa ynanýarlar. Bizi ýigrenseler hem, özleri üçin doga etmegimizi isleýärler. Näsaglaryna, ysmazlaryna, garrylaryna, her jüre derde ýoluganlaryna ýagşy dileg-doga edip ber diýip, biz heýwere kesellileri çagyrýarlar. Aklyk deregine pul berip, garnymyzy doýurýarlar, hoşamaýsyraýarlar. Şu adamlara düşünip bolsady! Köçelerde heýwere kesellileri itçe görmedik adamlar agyr kesele duçar bolaýsalar ýa-da ölüm howpy abandygy, biziň ýagşy dogamyzdan medet hantama. Jemgyýetde ýeke dirhemlik gymmatymyz bolmasa-da, ajalyň elini gezdirýän öýlerinde hanam özümiz, soltanam!

Heran-haçan doga-dileg edip ber diýseler, başymy egip, arapça manysyz sözler aýdyp, hüşýärlik bilen dileg edýänden bolýan. Başga näme edeýin? Şeýtmekden gaýry çäräm ýok, sebäbi Allanyň biz heýwere kesellileri eşidýändigine ynanamok. Maňa munuň beýle däldigi hakynda oýlandyryp biljek wakany hem heniz başymdan geçirip göremok.

Girdejisi gaty ujypsyzja bolsa-da, pul üçin doga-dileg edenimden, el serip, dilegçilik edenim gowy görýän. Bolmanda, gedaýçylyk edýärkäň, hiç kimi aldaňok. Juma günleri hepdäniň iň girdejili günüdir. Elbetde, aýlardan Oraza aýy bolmasa. Mübärek Oraza aýy geldimi, gedaýlaryň güni gelýär, gazanjy goşalanýar. Ylaýta-da,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Orazanyň ahyrky güni, şäherdäki gedaýlaryň bary jübüsini dolduryýar. Şol gün iň ýeksurun syrnyhlar hem, jübüsinde içýan saklaýan kişilerem, sadaka bermek üçin ýaryşa goýberilen ýaly bolýarlar. Her näçe günä iş eden hem bolsalar, bagyşlanar umydy bilen, Oraza tamamlanmanka, hökman haýyr iş etmek üçin alňasap, elimize ýa-ha iýer ýaly bir zat, ýa-da sähelçe-de bolsa pul tutduryýarlar. Şol gün ýylda bir gezegem bolsa, adamlar gedaýlardan gaçanoklar. Tersine, köçä çykyp, ondan-mundan gedaý-dilegçi gözleýärler. Olar tapan gedaýlary näçe eleşan, näçe ülhit bolsa, şonça-da begenýärler. Wyždanlary şonça-da rahatlyk tapýar. Näderejede eli açyk, haýyrsöýer adamdyklaryny subut etmek höwesi bilen, bir günlügem bolsa, olar bizi ýigrenmegi goýbolsun edýärler.

Dogrusy, bu günem örän düşewüntli gün boljaga meňzeýär. Sebäbi Möwlana Rumy hem wagyz, hem hutba üçin münbere çykýar. Metjit bireýýäm doldy, adamlar gysylyşyp durlar. Içerde ýer tapmadyklar hatar-hatar bolup howluda düzüldiler. Möwlana Rumy nirede wagyz etse, şäheriň gedaýlarydyr jübükeserleri bala üýşen siňekler ýaly bolup, şol ýere ýygnanýarlar. Hakykatdanam, bary bärde. Men ýaly, olaram desbi-dähil taýýar.

Arkamy kerkaw agajyna berip, metjidiň girelgesiniň göni garşysynda oturdym. Ýagşyň ter hem tämiz ysy uzakdaky baglardan gelýän hoşboý ysa garyşyp gidýärdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Ýaglygymy öňüme ýazdym. Men beýleki gedaýlar ýaly, gygyryp-çagyryp, ýalbarypýakaryp dilegçilik edemok. Gürlemäge-de zerurlyk duýamok. Öňümde gedaý okaramy goýýanda, sabyr edip garaşyp başlaýan. Heýwere keselli bolmagyň gowy tarapy bar bolsa, meger, şu bolsa gerek. Iňläp, ýalbaryp-ýakarmagyň, gözýaş dökmegiň, nähili betbagtdygyňy ýa-da halyň harapdygyny düşündirmegiň geregi ýok.

Ýüzümi açyp, birje gezek görkezsem, onlarça sözüň ýerini tutýar.

Şu günem şeýtdim.

Köp wagt geçmänkä, okarama birnäçe şaýylyk düşdi. Ählisi-de gädik misden. Käşgä, arasynda birje altyn teňňe bolaýsady. Ýüzündäki tugrasynda Günüň, ýolbarsyň ýa-da täze dogan Aýyň şekili bolan nyşanlaryň haýsy biri bolsa-da tapawudy ýok. Alaetdin Keýkubat kanunlaryny ýumşadaly bäri, Halap begleriniň zikgeleri, Fatymy dinarlary, Bagdat halyfynyň şaýylyklary, hatda italýan ory hem ulanylýan puluň hasabyna goşuldy. Olary Konýa häkimiýeti ykrar edýärkä, heý-de, gedaýlar kabul etmezmi? Pullar bilen birlikde gujagyma birnäçe gury ýaprak gaçdy. Aşagynda oturan kerkaw agajym gyzyl-sary ýapraklaryny dökýärdi. Şemal her gezek öwsende olar okarama düşüp duransoň, bu agaç bilen umumy taraplarymyzyň köpdügi barada oýlandym. Güýzde

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ýapraklaryny dökýän agaç her gün bedeninden bir zatlar kemelýän heýwere keselli näsaga meňzemeýärmi, eýse?

Menem çyp ýalaňaç agaç. Derim, beden agzalarym, ýüzüm dargap dökülýär. Bedenimiň her gün bir parçasy meni terk edýär. Ýöne agajyň tersine, men ýitiren zadymy yzyna alyp bilemok. Meniň üçin şine atara bahar möwsümi ýok. Şu gün elden gideren islendik zadymy müdimilik ýitirýärin.

Kimdir biri okarama pul oklaýsa-da, ony howul-hara, howsalaly, çekeräk durup, özide nazaryny nazaryma düşürmejek bolup taşlaýar. Adamlar pul beren mahaly, gedaýlaryň ýüzüne näme üçin seretmeýändir öýdýäň? Gözlerimize seredäýseler, nazarymyz arkaly özlerine kesel ýa-da bişowluk ýokuşar öýdüp gorkýarlar.

Jemagatyň gözüne biz ogrulardan, jenaýatkärlerden, hatda ganhorlardan hem beter. Şeýle gorkuly etmişli adamlary oňlamasalar-da, bolmanda, olara görünmeýän adama çemeleşilişi ýaly garamaýarlar. Ýöne nobat biz ýaly adamlara geläýse, biz olaryň gözlerine-de ilemzok. Bize bakanlarynda olar diňe ölümi görýärler. Onsoňam ölümiň şeýle ýakyn hem betnyşan bolup biljekdigine ynanaslary gelmeýär. Şonuň üçinem gözlerini nazarymyzdan bukýarlar. Şondan ötri-de ýanymyza gelip, pul oklajak mahallary, hamala, biz ýok ýaly hereket eden bolýarlar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Men şular ýaly pikirlere çümüp otyrkam, ýeňsede bir ýerde uly galmagal gopdy. Biriniň: «Gelýär! Gelýär!» diýip, gygyrýan sesini eşitdim.

Elbetde, Rumy gelipdi. Onda-da nähili geliş! Aýagynyň aşagynda süýt ýaly ap-ak at bar. Dury sary reňkden tikilen donuna zer nagyşlar salnyp, hünjüdir merjenler tutulypdyr. Yzynda mürşitleri, muşdaklary, bilesigelijiler basgy, özi bolsa öňden buýsanç, paýhas hem asyllylyk ýaýyp gelýärdi. Töweregine mähir-mylakat, ynam hemde paýhas saçyp gelşine gowuja syn etseň, ol alyma garanyňda hökümdara has köp çalym edýärdi. Ol – şemalyň, oduň, suwuň hem topragyň soltany! Aty hem dimdikdi, oňa tüýs mynasyp atdy, üstündäki adamyň hormatlanýan adamdygyny bilýän ýalydy.

Okaramdaky zikgeleri dessine jübüme atdym. Ýüzümiň ýary açyk durar ýaly, bürenjegimi berk daňdym-da, köpçülige goşuldym. Metjidiň içi adamdan ýaňa hyň berýärdi welin, hatarlar juda gysbydy. Ýer tapmag-a beýlede dursun, dem almak hem mümkin däldi. Ýöne, heýwere keselli bolmagyň artykmaç taraplarynyň biri, o-da iň mähelleli ýerlerde-de orun tapmagyň aňsatlygydy! Sebäbi hiç kim golaýyňda oturmak islänok, meni görenler dessine yza çekilip, uzaklaşma bilen bolýardylar. Şeýle bolany üçin, özüme bir ýerjagaz tapyndym-da, çöke düşüp oturdym.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Az salymdan wagyz başlandy.

– Eziz jemagat – diýip, söze başlan Rumynyň sesi kä belent, kä haýaltaň çykýardy. – Mahal-mahal hemmämizem şübhä düşüp, özümizi agyr derdiň aşagynda galan ýaly duýýarys. Biz uç-gyraksyz älem bilen deňeşdireniňde kindiwanja nokatjykdyrys. Bedenimiziň mümkinçilikleri çäkli, aň-düşünjämiziň, isleg-arzuwlarymyzyň, akylymyzyň serhetleri äşgär. Ynha, diňe şu zatlara garap, käbirleriňiz: «Amanat janymyň Alla üçin näme manysy bolsun? Aýbygadym dünýäde meniň näme ähmiýetim, agramym bolup biler?» diýip sowal berýär. Şu günki hutbamyzda, ine, şeýle sowallara jogap bermäge synanyşarys.

Iň öňdäki hatarda Rumynyň iki ogly otyrdy. Agyn merhum ejesine meňzäp dur diýilýän uly ogly Sultan Welet bilen dury ýüz-keşpli, kirpikmen, badam gözli, giň maňlaýly, ýöne töweregindäkileri gaharly nazaryndan geçirip oturan inisi Alaatdin. Olaryň ikisiniňem kakalaryna guwanýandygy görnüp durdy.

Möwlana Rumy sähel säginenden soň dowam etdi:

– Adam atanyň ogullary, How enäniň gyzlary şeýle bir ylym bilen mertebelendirilendir, ýagny ony daglar hem, gökler hem göterip bilmez. Şonuň üçinem Gurhanda şeýle diýilýär: «Biz şol amanady göklere, ýere we daglara teklip etdik, olar ony götermäge het edip bilmediler, ondan

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
gorkdular, ony ynsan boýnuna aldy». Ynha, şeýle gymmatly bir dereje – makam hem wezipe berlip, şeýle möhüm gadyr goýlan ynsan ne sebäpden Allahyň özi üçin isleýäninden has pes zady maksat edinsin? Näme üçin özüni aşak çeksin? Näme sebäpden şa halyny geda etsin? Rumy däne-däne seçelendirip gürleýärdi. Sözleri birneme kitap agtaran adamlara mahsus ynamlylyk bilen saýlapseçip aýdýardy. Säginmän, sakawlaman gepleýärdi, bir gezek ulanan meňzetmesini ikinji gezek aňsat-aňsat gaýtalanokdy.

Ol şeýle diýdi:

− Alla ýedi gat asmanyň çürbaşynda, tagtyň üstünde oturanok. Ol biziň her birimize birin-birin ýakyndyr hem dostdur.

Soňra ýene:

− Şu çekýän hasratlarymyz, ýüzbe-ýüz bolýan şunça ejir-azaplarymyzdyr hupbatlarymyz, aslynda bilseňiz, bizi Ýaradana has ýakyn edýändir.

Ellerimize üns beriň, barmaklarymyz hemişe açylyp-ýumlup durandyr. Tutupgoýberip, goýberip-tutup durýandyrys. Biri iç tarapa, biri daş tarapa. Ýumrugymyzy düwdükmi, hökman yzyna-da açylýandyr. Şeýle bolmadyk bolsa, ysmaz ýaly bolardyk. Biziň barlygymyz hem şeýledir. Şeýle bir pursat bolýar − ýumrugymyz

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
açylýar, ýene bir pursat bolýar – ýumulýar. Ýüregimiz kä gysar, kä rahatlanar. Bu gapma-garşylyk ýaly görünýän ýagdaýlar barlygyň özenidir. Ganat kakýan guşlary synlaň. Ganatlarynyň hereketine üns beriň. Bir aşak, birem ýokarykdyr. Bir hasrat, birem bagtyýarlyk. Durmuşam şeýledir. Iňňän jaýba-jaý, sazlaşykly hem deňagram ýagdaýdadyr.

Başda eşiden zatlarym gulagyma ýarady. Şatlyk bilen hasrat bir guşuň goşa ganaty ýaly, biri-birine bagly hem garaşly zatlar. Bu barada oýlananymda ýüregim ýylap gitdi. Ýöne şol bada başga bir sorag beýnimi dyrmalady. Möwlana Rumy mahrumyýetiň, gaýgygamyň, hasratyň hem şübhäniň nämedigini bilýändir öýdýäňmi? Ol täsirli adamyň ogly bolup dünýä indi. Arkasynda hemişe kakasy, ýedi arkasy, abraýly nesilleri durdy. Kynçylygyň nämedigini bilmän, bolelin hem gurply durmuşda ýaşady. Dogry, başdaş aýalynyň aradan çykmagy ony hasrata bogandyr. Ýöne, meniň pikirimçe, şondan başga hiç hili kynçylyk gören däldir. Gözüni açyp göreni bol-telki durmuş; abraýly jemgyýetde ösüp-ulaldy, iň gowy alymlar tarapyndan bilim berlipdir. Hemişe halanypsöýlüp gelipdir, elmydama läliksiredilipdir, hemişe hormat görüpdir. Gel-gel, indi men ýaly heýwere keselliniň öňüne geçip, hasrat çekmegiň nämedigi hakda takal okamaga nä gaýraty çatýarka?! Ýüregimde ýigrenç ody alawlady, agzymda ajy tagam peýda boldy, ýuwdup bilmedim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Ýüregim mynçgalanyp, Rumy bilen aramyzdaky tapawudyň nähili gorkulydygyna düşündim. Dogrusy, Alla näme üçin gapma-garşylygy ugurdaşlykdan, näsazlygy sazlaşyklylykdan, adalatsyzlygy adalatdan has gowy görýärkä? Ýa aşa köp, ýa-da çenden kem. Ýa çürbaşy, ýa-da düýp teýkary. Ynha, meniň paýyma pakyrpukaralygy, açlyk-horlugy, güzaby beripdir. Möwlana Ruma gezek gelende abadançylyk, yrfan, bagtyýarlyk-sagadat, jany sagatlyk hem üstünlik. Men adamlaryň ýüregini bulamazlyk üçin ýüzümi gizleýän, ol ortarada durup, bahasyz jöwher ýaly, ýalkym saçyp dur. Bir zady bilesim gelýär, Möwlana Rumy meniň ýerimde bolanda, näme gaýryp, nähili ýaşardyka, kim bilýär? Eýse, özi ýaly aýratyn abraýdan peýdalanýan biriniň − ynanç öňbaşçysynyň hem günleriň birinde ýalňyşyp, büdräp ýykylmagynyň ahmaldygy, heý, kellesine geldimikä? Çetleşdirilmegiň, hor-zar düşürilmegiň, ýanalmagyň, döşüňden itilmegiň, ýersiz-ýere äsgermezlik edilip, biderek gepleri eşitmegiň nämedigini bilýärmikä? Birje günem bolsa, kesekileriň zäherli diliniň awusyny dadyp gördümikä? Maňa berlen şu durmuş oňa berlen bolsa, şonda-da ol tagsyr Möwlana bolup bilermidikä?

Aňyma gelýän her sorag bilen birlikde oňa bolan görübilmezçiligim hem artdy. Ahyrynda Möwlana Ruma bolan ýigrenjim oňa muşdaklygymdan üstün çykdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Ornumda oturyp bilmedim, aýak üstüne galdym. Jemagaty iteleşdirip-basalaşdyryp daşaryk çykdym. Maňa töwerekdäkileriň kimisi igenç bilen, kimisi-de düşünmän seredişdiler. Şunça adam wagyz diňlemek üçin metjide girjek bolup çyr-çytyrka, diňleýjileriň arasyndan biriniň näme üçin daşaryk çykyp gidenine hiç kim düşünip bilmedi.

## *Şems  Konýa, 1244-nji ýylyň 18-nji oktýabry*

Bu şäherden özüme bolar ýaly ýer tapmalydym.

Obaly ýigit meni şäher merkezine düşürip gidensoň, ilkinji işim ýaşara ýer gözlemek boldy. Aýlanyp gören düşelgelerimiň arasyndan Şekerçiniň myhmansaraýyny tüýs özüme laýyk ýer hasap etdim. Saraýman dört otag görkezdi. Goş-golamy iň azyny saýlap aldym. Onda bir boýra düşek, zeňläp ugran ýorgan, peltesi ýanyp gutaran çyra, ýassyk deregine güne guradylan kerpiç bardy, onsoňam onuň manzary ajaýypdy. Balahanadan sereden mahalyň onuň tutuş şäheri töweregindäki depeleriň eteklerine barýança uzap gidýän düzlük bilen birlikde synlap bolýardy.

Şeýdip, bir günde ýyllar boýy ýaşap gelen sergezdançylykly durmuşymy taşlap, oturymly ýaşaýşa geçdim. Saraýa ýerleşenimden soň, ilkinji işim Konýanyň köçelerine aýlanmaga çykmak boldy. Her ädimde üýtgeşik bir dil, başga din, her dürli adat bilen ýüzbe-ýüz

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
boldum. Sigan sazandalaryna, arap syýahatçylaryna, hristian zyýaratçylara, jöhit söwdagärlere, buddaçy monahlara, pereň ozanlaryna, çynmaçynly hokgabazlara, ýylan oýnadýan hindi fakirlere, efsunparaz mejusilereotparazlara we rum pelsepeçilerine gabat geldim. Gul bazarynda teni süýt ýaly ap-ak gyrnaklary hem-de başyndan geçiren zulumdan ýaňa dilden galan, daýaw-daýaw, gap-gara harem agalaryny gördüm. Elleri gan alýan neşterli irikgä bolup duran gezende sertaraşlara, billur şarly gözbagçylara we ot ýuwudýan jadygöýlere duşdum. Ýolda Kudüse (Ierusalim) barýan hristian zyýaratçylar, soňky Haçly ýörişlerden galan gaçgak esgerler gabat gelýärdi. Ilat wenesiýança, pereňçe, grekçe, parsyça, türki dilde, kürt, arap, ermeni, sürýany, ybrany we haýsy dile degişlidigi bildirmeýän her dürli şiwelerde gürleşýärdi. Tükeniksiz tapawutlaryň bardygyna garamazdan, bu adamlaryň ählisine umumy bir zat – kämil dällik mahsusdy. Olaryň her biri kämilleşdirilmegi dowam edýän eser ýalydy.

Konýa şäheri Babyl diňini ýadyňa salýardy. Munda ähli zat her pursatda aýagaldygyna özgerýär, bölünýär, dargaýar, bozulýar, täzelenýär, gaýtalanýar, aýdyňlaşýar, üstün çykýar, jan alyp, jan berýärdi. Durşuna ber-başagaýlykdy. Gaýgygam, kim öň barmaşak... Her kimiň bir derdi bar. Hiç kim hiç kime derman-dowa uzadanok! Adamy adamdan aýra tutman, hemmeleri we hemme ýeri

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
synladym. Dertlerinden uzak, ýöne ýüreklerine ýakyn durdum.

On altynjy kada: *Allah kemçiliksizdir, ony söýmek aňsatdyr. Iň kyny günäsi, sogaby bilen birlikde ötegçi ynsany söýmekdir. Ýatdan çykarma, adam islendik bir zady näderejede söýýän bolsa, ony diňe şo derejede tanap biler. Diýmek, özgeleri ýürekden gurşap almazdan, Ýaradan üçin ýara dylany söýmezden, ony mynasyp derejede tanap hem bolmaz, bolmalysy ýaly söýüp hem.*

Her dürli ýaşdaky, dürli ugurlardan günuzyn zähmet çekýän senetkärleriň ownuklyirili horaşaja dükanlarynyň ýerleşýän darajyk köçelerine aýlandym. Her künjekde kimdir biri hökman Möwlana barada gürrüň edip durdy. Eýse, beýle halanmak, söýülmek nähili zatka? Şeýle meşhur bolmak, elmydama adamlaryň aýasynda saklanmak adamyň nebsine nähili täsir edýärkä? Şu sowallar aňymdan geçýärkä, Rumynyň wagyz edip duran metjidine tarap däl-de, bütinleý ters ugra barýandygymy bilip galdym. Töweregimdäki manzar üýtgäp başlady. Şäheriň gaýra çetine tarap gitdigiňçe, öýler haraba, bag-bakjalar weýrana öwrüldi. Köçelerde goh-galmagalyň, takyr-tukuryň içinde oýnap ýören garyp, garawsyz çagalara gabat geldim. Diňe bir öýlerdir adamlar däl, yslaram üýtgedi, barha ýitileşdi, her dürli işdäaçarlaryň, ýagyň, sarymsagyň ysy köpeldi. Ahyrynda bolsa, darajyk

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
köçä düşdüm. Bu ýerde üç ys — müşküň, deriň hem şöhwetiň ysy agdyklyk edýärdi. Diýmek, Konýanyň ady erbetlikde tanalýan mähellesine gelen bolmalydym.

Daş düşelen ýanýodaly, dik ýapyly köçäniň başynda emelsiz salnandygy bildirip duran bir jaý bardy. Çökgün üçegi gamyş bilen berkidilipdir. Öýüň öňünde dört-bäş sany aýal gürleşip durdy. Golaýlaryna baranymy görüp, gürrüňlerini bes edip, üşerilişip seredişdiler. Olaryň ýüzünde ýarym howsala, ýarym ýigrenç alamaty peýda boldy. Aýallaryň golaýynda bir howly bardy. Onuň içi akylyňy haýran edýän owadanlykda gat-gat açylan güllerden doludy. Bagyň bagbanynyň kimdigini bilesim geldi.

Howla ýakynlaşanymda onuň gapysy gürpüldäp açyldy-da, ondan syryk ýaly uzyn boýly, irimçik, ýüzi salyk aýal daşaryk atylyp çykdy. Onuň alkymynyň aşagy gasyngasyn bolup sallanyp durdy, garny ýap-ýasydy. Gözlerini ýumanda onuň ala gözleri et gatlaklarynyň arasynda ýitip gidýärdi-de, yzynda iki sany inçejik çyzyk emele gelýärdi. Galyň dodaklary salparyp durdy, tegelek ýüzi dolmuşdy, duluklary halpykdy.

Ýokarky dodagynyň üstünde tüýjerip duran gara murty bardy. Aňlaýşymça, garşymda duran ynsan bu dünýä hem erkek, hem aýal bolup gelen bolmalydy − hünsady.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

– Sen kim borsuň? Näme gerek? – diýip, hünsa şübhe bilen sorady. Onuň ýüzi üýtgäp durdy, kä joşup, kä çekilip duran deňiz ýaly, bir görseň erkege, bir görseň hem aýala öwrülýärdi.

Özümi tanatdym. Hiç zat diýmedi. Adyny soradym welin, eşitmedik boldy.

Bir eli bilen siňek kowan ýaly, küş-küş eden hünsa:

– Bu ýerler seniň geljek ýeriň däldir – diýdi.

– O näme üçin? – diýip soradym.

– Heý, bärisiniň bozukhanadygyny göreňokmy? Siz derwüşler hemişe «Huw-Hak» diýip zikir çekip, aýal-gyz görseňiz, jyn gören ýaly gaçýaňyz ahyry. Bärde näme işiň bar? Bilip goý, duýdurdygym bolsun. Ýene-de maňa bozukhananyň hojaýyny bolanym üçin zowky-sapadan başga zady bilmeýän ahlaksyzdyr öýdýärler. Ýöne menem her ýyl hökman zekatymy berýän, Oraza aýynda gapymy bent edýärin. Häzirem seni günäden halas etmegiň aladasynda. Bizden daşrak dur. Bu ýer şäheriň iň erbet, iň pis ýeri. Bu ýere golaýlaşma!

– Ýöne, meniň pikirimçe, erbetlik, pislik adamyň daşynda däl, içinde bolýandyr – diýip, garşylyk görkezdim. – Bu-da kadalaryň biridir.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

– Sen haýsy kadanyň gürrüňini edýäň, hä? — diýip teýeneli dillendi.

On ýedinji kada: *Esasy hapalyk daşyňda däl-de, içiňde, köýnegiňde däl, kalbyňda bolýandyr. Şulardan başga islendik tegmil näçe erbet görünse-de, ýuwlan badyna arassalanar, suw bilen päklener. Ýuwanyň bilen aýrylmaýan ýeke-täk hapa ýürekde gert baglan görübilmezçilik hem betpällikdir.*

Ýöne hünsa aýdanlarymy eşitmedik boldy.

– Siz derwüşleriň aňy üýtgäpdir. Bize her jüre müşderi gelýär. Ýöne derwüş kysmy hiç haçan aýagyny sekenok! Bärde entäp ýörseň, Alla bu ýeri weýranhana dönderer. Dinliimanly adamy ýoldan çykardylar diýip, bize lagnat eder. Ojagymyzy başymyza ýumrar.
Şonuň üçinem tizräk garaňy saýla!

Güldüm.

– Bu bolgusyz pikirleri nireden tapýaň? Sen Allagökden seredip duran gaharly, birehim atadyr öýdýäňmi? Her gezek etmiş edenimizde başymyzdan daşdyr gurbaga indirer öýdýäňmi? Beýle-de bir Haktagala ýalňyş düşünmek bolarmy?

Bozukhananyň eýesi hünsa ýüp ýaly murtunyň ujuny burdy. Hamala, ýenjäýjek ýaly bolup, gaharly seretdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

− Alada galma, bärik bozukhanaňy görmäge gelemok. – diýdim. – Men şu gül bagyny sulhum aldy. Şony synlaýyn diýip golaýlaşdym. − Hä, omy? – diýip, hünsa biperwaý gürledi. – Gyzlaryň biriniň işidir, gül ekeliň diýip günüme goýmady. Sesimi çykarmadym. Bu güller Çöl Gülüniň eliniň hünäri.

Ol beýleräkde aýallaryň arasyndan duran bir ýaş zenana yşarat etdi. Ol inçemik duran ýüzli, sadap ýaly düz bedenli, gussaly garaýan gözleri mähirden doly zenandy. Göreniň akylyny-huşuny alar derejede owadandy. Sereden mahalym ol zenanyň uly öwrülişigi başdan geçirýändigini syzdym.

Eglip, diňe hünsa eşider ýaly, onuň gulagyna pyşyrdadym:

− Bu gyz arassa kalply zenana meňzeýär. Bir gün geler, ol ruhana syýahata çykyp, şu batgalygy büs-bütin taşlap gider. Şol diýýän günüm gelende, hergiz oňa päsgel beriji bolaýmagyn.

Hünsa yza çekilip, meni gaharly nazaryndan geçirdi.

−Jähennem bol şu ýerden! Diliňe bismil çyksyn! Sen özüňe kimdirin öýdýäň? Bu gyzlar meniň bar baýlygym. Haýsyny näme etmelidigini özüm gowy bilýän, düşündiňmi? Bu ýeriň hojaýyny – men. Ýeri, owarra bol! Gaýdybam garaňy göräýmäýin! Ýogsa Şagalkelläni çagyrýan, eşitmedim diýme!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

– Ol kim bolýar? – diýip soradym.

Hünsa barmagyny bulaýlap:

– Omy? Bela-beter, onda-da hele-müçügem däl! Ynanaý maňa, tananyňa ökünersiň – diýdi.

– Kim bolsa, şo bolsun – diýip, ähmiýet bermedim. – Gidýän, ýöne ýene-de gelmegim ahmaldyr. Şu töwerekde meni ýene göräýseň, geň görüp durmagyn. Men ömrüni namazlygyň üstünde sežde edip geçirýän derwüşlerden däldirin. Şeýle adamlar Gurhany ýüzleý okaýandyr. Men bolsam Gurhany ähli ýerden – her bir sümmülden, garynjadan, bulutdan okaýaryn. Meniň okaýanym janly Gurhandyr.

– O nähili? Adamlary kitap ýaly okap bilýäň-dä, şeýlemi? – diýip, bozukhananyň eýesi haşşyldady-da, hahahaýlap güldi. – Biderek gürrüň edýärsiň!

– Aslynda her bir ynsan açyk duran kitapdyr. Özi-de okalmagyna garaşýandyr. Biziň her birimiz ýöräp ýören, dem alýan kitapdyrys, esasy zat özümiziň kimdigimizi bilsek bolýar. – diýdim. – Hala bozuk aýal bol, hala başyboş, gözden düşen bol ýa atlyabraýly, Allany tapmak islegi ählimiziň ýüregimiziň düýp töründe gizlenip, bukulyp ýatandyr. Dünýä inen pursadymyzdan kalbymyzda yşk jöwheri bardyr. Ol şol ýerde ýatyşyna,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
äşgär edilmegine, üstünden barylmagyna garaşýandyr. Bu kadalaryň biridir.

Bu gezek haýsy kada barada gürrüň edýändigimi soramady. Menem dowam etdim: − On sekizinji kada: *Tutuş älem ähli barlygy, ýagşy-ýamany bilen birlikde ynsanyň içinde gizlenendir. Şeýtan daşymyzda bizi azaşdyrjak bolup ýören eýmenç mahluk bolman, hut içimizde ýerleşýän sesdir. Şonuň üçin şeýtany daşyňdan, başgalardan däl-de, özüňden gözle. Onsoňam bir zady unutma, özüni bilen Rebbini-de biler. Başgalara däl-de, özüne garşy göreşen adam ahyrynda zähmetiniň rehneti hökmünde Ýaradany tanar.*

Hünsa bu gezek gollaryny çilşirdi, öňe egildi, gözlerini süzüp, haýbatly görnüşde meni depämden dabanyma çenli synlady.

− Bozuk aýallara akyl öwretjek bolýan akmak derwüş! – diýip, hüňür-hüňür etdi. – Kimdigiňi, nämedigiňi, Konýadan näme agtarýanyňy bilemok, ýöne düzüwlije bol! Şu töwerekde hiç kimiň gözüni-başyny aýlamaga ýol bermen, bilip goý! Bozukhanamyzdan daşrakda şaýra! Şeýtmeseň, söz berýän, Şagalkelle geler-de awuly diliňi kesip taşlar, menem ony duzlap hezil edip iýerin. ***Ella***

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

***Boston, 2008-nji ýylyň 28-nji maýy***

Ella bu gün öňkülerden tukat oýandy. Ýöne bu beýle bir agyr gamgynlyk däldi. Hiç zada höwesi ýokdy, bar zatdan göwnügeçgindi, keýpsizdi. Göýä asla barasy gelmeýän bosagasyna ýakyn baran ýalydy. Durmuşynda bir zatlar özgerýärdi. Muny syzansoň, nämedir bir zatlara garaşýardy. Aşhanada kofe taýýarlaýan mahaly, öňräk oturyp ýazan, soňam bir çekmä taşlan sanawynyň üstünden bardy, onda berjaý etmegi ýüregine düwen zatlary ýazylgydy. Ýazan zatlaryny gyzygyp okady. Berjaý edenleriniň gapdalyna gyzyl galam bilen bellik etdi.

*Kyrk ýaşym dolmanka, hökman berjaý edilmeli on zat:*

Mundan beýlä has düzgün-tertipli bol, wagtyňy has ýerlikli peýdalan, özüňe täze bir gündelik ýazgy depderini al. (Berjaý edildi!)

Iýip-içgide agzyňy çek, ýagy, şekeri, hamyry, duzy kes, mineral goldawy we antioksid al. (Berjaý edildi!) Ýüzüňdäki ýygyrtlara garşy uruş yglan et. Alfa gidrooksil önümlerini ulan, «Lorealyň» täze çalgysyny gözden salma. (Berjaý edildi!)

Kürsüleriň örtügini çalşyr, öýe täze ýasama bezeg ösümliklerini al, ýassyklary täzele.

(Berjaý edildi!)

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Durmuşyňa ser sal, gözden geçir. (Berjaý edildi diýse boljak!)

Et iýmegi bes et. Her hepdede sagdynlyk menýusyny düz, bedeniňe gerekli idegi ýola goýup başla. (Berjaý edildi diýse boljak!)

Rumynyň kitaplaryny satyn al, her gün azyndan iki şygryny oka. (Berjaý edildi!)

Çagalary Brodweý sazyny diňletmäge äkit. (Berjaý edildi!)

Dürli naharlary bişirmegi öwredýän kitap ýazmagyň ugruna çyk. (Berjaý edildi!)

Ýüregiňi yşka aç!!! Ella esli wagtlap gymyldaman durdy, nazary sanawyň ahyrky maddasynda eglenipdi.

Muny ýazan mahaly näme hakda pikir etdikä? Aňyndan nämeler geçdikä? «Yşk şerigatynyň» täsiri bolmaly» diýip, öz ýanyndan pyşyrdady. Aziz Zaharanyň romany sebäpli soňky wagtlarda yşk hakda köp pikir edýärdi. ***

*«Gadyrly Aziz,*

*Şu gün meniň doglan günüm! Özümi bir öwrülişik nokadyna gelen ýaly duýýaryn. Kyrk ýaşa ýeteniňde doly manysynda ýaşyň bir çene barandygyna düşünýän ekeniň. Ylaýta-da, biz aýallar üçin bu şeýle. Dogrusy, Amerikadaky aýallar žurnallary zol-zol ynsan ömrüniň*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*esli uzandygyny, ozallar otuz ýaş nähili bolsa, häzir kyrk ýaşyň hem şolar ýalydygyny ýazýarlar (ozallar kyrk ýaş nähili bolsa, häzir altmyş ýaş hem şolar ýalymyş). Ýöne kimi aldaýarys? Kyrk ýaş kyrk ýaş bolar-da. Indi men ähli babatda has köp zada eýe: has tejribeli, has goýalyşan, has sagdyn pikirli. Onsoňam ýüzümdäki ýygyrtlaram, başymda ak sepen saçlaram öňkülerden has köp. Indi men has ynjyk, has argyn...*

*Doglan günlerimde men elmydama begenerdim, ýöne, näme üçindir, şu gün irden oýananymda özümi agyr duýdum. Ömrümiň hemişe, şeýdip, şular ýaly geçip gitjekdigi barada oýlananymda howpurgadym.*

*Eýse, men durmuşymyň özgermegini, hakykatdanam, isleýärmikäm? Birden bir zada düşündim, bu sowala «hawa» diýseň bir hili, «ýok» diýseň ýene birhili. Jogaplaryň ikisi-de meni eýmendirýär.*

*Menden has şähdaçyk bolmagyňy arzuw edýän dostuň Ella.*

*Hatsoňy: biraz gussalyrak boldy öýdýän, bagyşlaweri. Soňky döwürde özüm bilen*

*gidişýän, seniň romanyň täsiri bolmagam ahmal. Belki, orta ýaşyň ruhy sarsgynlaryndan başga zat däldir...»* ***

*«Gadyrly Ella,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Doglan günüň gutly bolsun! Erkek adam üçinem, zenanlara-da kyrk ýaş iň gowy ýaşdyr. Meniň pikirimçe, kyrk – jadyly* san.

*Ýöne ýere däl, Nuhuň tupany kyrk güne çekipdir. Ähli ýeri suw basdy, ýöne şol bir wagtda bu ählumumy heläkçilik üýşen hapalaryň baryny süpürip aýryp, ýaşaýşa täzeden başlamaga mümkinçilik berdi. Yslam tasawwufynda kyrk san bir mertebäni* geçmek üçin sarp edilen wagty, ruhy *taýdan oýanyşy aňladýar. Aň-paýhasyň dört sany esasy basgançagy bolýar. Her birinde*-de on dereje bar. *Şunlukda, bular jemi kyrk bolýar. Hezreti Isa kyrk gije-gündizläp, çölde ejir çekip gezdi. Hezreti Muhammet kyrk ýaşynda pygamber boldy. Budda yhlamur (lipa) agajynyň aşagynda kyrk günläp pikir derýasyny boýlady. Onsoňam, elbetde, Şemsiň kyrk altyn kadasynyň bardygyny*-da *ýatdan çykarmaly däl.*

*Kyrk ýaşynda adam täze bir wezipäni boýnuna alýar. Meniň pikirimçe, sen ajaýyp ýaşa ýetdiň! Garrap barýan diýip gama batma, kyrk şeýle bir gudratly sandyr welin, ýüzüň ýygyrtlary hem, ak saçlaryň-da onuň ýanynda ähmiýetsiz bolup galar.*

*Özüňe ýagşy esewan bolmagyňy arzuw etmek bilen, Aziz».*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

## *Çöl Güli*

### *Konýa, 1244-nji ýylyň 18-nji oktýabry.*

*Şunça ýyllap şu bozuk ýoluň ýolagçysy, bolsamam, düşünmeýän bir zadym bar. Näme üçin adamlar hemişe zenanlaryň ters ýola düşmegini ýazgarýandygyny, olara nebsi agyrýandygyny aýdýanam bolsa, şeýle ýola düşen zenanyň toba gelip, durmuşa bütinleý başdan başlamagyna mümkinçilik bermeýärkäler? Hamala: «Batga batdyňmy, hemişelik şo ýerde galyber» diýýän ýaly. Näme üçin beýle bolýanyna düşünemok. Bir bilýän zadym: bu dünýäde örän köp adam özgeleriň betbagtlygynyň arkasyndan gün görýär. Ýykylanyň aýak üstüne galyp, özüni tutmagyny islemeýär, ýer ýüzünde bir betbagt kemelse, birahat bolýar. Ýöne kim näme diýse diýibersin, ýüregime berk düwendirin. Bahym şu bozukhanany taşlap giderin. Hökman giderin bu ýerden...*

*Şu gün irden oýananymda, janyma jaý tapmadym. Möwlananyň wagyzlaryny diňläsim gelip ölüp-öçüp barýardym, gözüme başga hiç zat görnenokdy. Hojaýyna baryp aýtsam, «Ýoldan çykan heleýler haçandan bäri metjide wagyz diňlemäge gidýän bolupdyr?» diýip, üstümden güljegini bilýän. Ol şeýdip, sözüňi ýaňsa alyp gülüp ugradygy mürşeren badamjan ýaly, ýüzüniň reňki üýtgäp gidýär.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*Şonuň üçinem ýalan sözlemegi ýüregime düwdüm. Gülli bagyň bagbanynyň kimdigini soran uzyn boýly, saçy syrylan derwüş gideninden soň, bir görsem, hünsamyz oýa batyp oturan eken. Şular ýaly oý-hyýala çümen mahaly, ol pähimlenen ýaly bolýar. Tüýs amatly pursat diýip, ýanyna bardym. «Bazarlyk işim bardy, rugsat berseňiz, baryp gaýdaýyn-la» diýdim.*

*Sözüme ynandy. Herhal, dokuz ýyl bäri ýanynda it wepasy bilen işläp gelýänim üçin, özümi azda-kände ynam gazanan* adam hasaplap biljekdim.

*— Ýöne bir şert bilen — diýip, hojaýyn aýtdy. —* Susam hem *seniň bilen gider.*

*Onuň işi haýyr-la. Susamy gowy görýärdim. Ol ýüregi arassa, akyly alty ýaşly çaganyňky ýaly hem bolsa, deşli adamdy, haýynlygyň nämedigini bilmeýänligi üçin, örän namysjaň hem ygtybarlydy. Onuň hakyky adynyň nämedigini hiç kim, megerem, özi-de bilmeýärdi. Halwany ölemen gowy görýäni üçin, oňa hemmeler Susam diýýärdiler. Heran-haçan bozukhanadan bir zenan bir ýana gidermen bolsa, Susam hem kölege ýaly bolup, onuň yzyndan galmazdy. Özüň saýla diýlende-de, men özüme şondan laýyk gözegçi tapyp biljek däldim.*

*Biz ekinçiligiň içinden geçýän tozanly ýoldan gitdik. Birinji çatryga ýetenimizde Susama garaşmagy*tabşyrdym-da, gyrymsy agajyň ýeňsesine

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
aýlanyp, öňden gizläp goýan, içine erkek lybasy salnan torbamy çykardym.

Ýöne erkek kişiniň lybasyna girmek pikir edişimden kyn düşdi. Ilki uzyn ýaglyk bilen göwüslerimi bildirmez ýaly saramaly boldum. Soňra goňur reňkli balak, ýüň keltekçe, kaştan reňkli jüpbe geýdim. Kelläme-de selle oradym. Ahyrynda-da, syýahatçy arap hasap etsinler diýip, çarwa-bedewi araplar ýaly, ýüzümiň ýaryny saradym. Soňra Susamyň ýanyna bardym. Gözlerini pal daşy ýaly tegeläp, ýüzüme çiňerilip bakdy.

— Ýör, hany, gideli — diýip, golundan tutup çekip ugradym welin, gymyldaýyn hem diýenok. Ýüzümden sargyny aýryp:

— Bu men-how, tanamadyň-maý? — diýdim.

Susam bir elini agzyna ýetirip, aňk bolup durşuna:

— Çöl Güli, bu senmi? Näme üçin beýle geýindiň? — diýdi.

— Çüşş! Saňa bir syr aýtsam, saklap bilermiň?

Susam «elbetde» diýýän manyda baş atdy.

— Gulak as— diýip pyşyrdadym. — Hiç kime aýdaýmagyn, ylaýta-da, hünsa ýeke agyz dil ýaraýmaly däldir! Häzir biz bazara däl-de, metjide gidýäs.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Susamyň aşaky dodagy titredi:

— Ýöne bazara gidýäs diýdiň-ä? — diýip, çaga ýaly mydyrdady.

— Bolýar, o ýere-de gideris, ýöne häzir däl, soň. Ilki Möwlana Rumyny diňlemäge metjide gidýäris.

Susam ýüzüme gorky bilen seretdi.

— Haýyş edýän, bu meniň üçin örän möhüm — diýip ýalbardym. — Eger «bolýa» diýip, hiç kime aýtmasaň, saňa ullakan halwa alyp bereýin.

— Halwa — diýip, Susam gaýtalady-da, agzyna ýakymly tagam gelen ýaly, dilini şapbyldatdy. Ynha, biz şeýdip, şolar ýaly süýji umyt bilen Möwlananyň wagyz edýän metjidine tarap ýola düşdük. ***

Nikeanyň golaýynda kiçijik obada dünýä inipdim. Ejem maňa hemişe: «Dogry ýerde dünýä inenem bolsaň, ýalňyş zamanada doglupsyň» diýerdi.

Döwür erbetdi, ertir näme boljagy belli däldi. Bu ýyldan indiki ýyla çenli ähli zatlar üýtgeýärdi. Ilki Haç göterijileriň yzyna gaýdyp geljekdigi baradaky habarlar dünýämizi daraltdy. Olaryň Konstantinopolda eden zalymlyklary barada eşidipdik. Mülk ýerlerini talap, kiliselerdäki ikonalary uly diýmän, kiçi diýmän, kül-uşak edipdirler. Soňra Seljuklylaryň çozuşlary barada gürrüň

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
edip ugradylar. Heniz Seljukly goşunlarynyň döreden howpy sowlup ýetişmänkä, birehim mongol çozuşlary başlandy. Duşmanyň ismidir jismi yzygider üýtgäp duranda bolsa, kesekiler tarapyndan ýok edilme gorkymyz Ida dagynyň başyndaky gar üýşmekleri deý üýtgewsizdi.

Ejem bilen kakam çörekhananyň eýesidi. Olar ynançly adamlardy, oňat hristiandy. Çagalygymdan ýadymda galan ilkinji zat, ýaňy tamdyrdan çykan çöregiň ysydy. Biz baý däldik. Muny kiçijikkämem bilýärdim. Ýöne juda garyp däldigimizem bilýärin. Çörekhana dilegçilige gelen pakyr-pukaranyň gözügidijilikden doly bakyşlaryndan ýagdaýymyzyň niçikdigini aňýardym. Her gije ýatmazdan öň, çöküme düşüp doga okap, bizi aç ýatyrmaýany üçin Taňra şükür edýärdim. Onuň bilen dostuma ýüzlenýän ýaly gürleşerdim. Sebäbi şo döwürde Haktagala meniň dostumdy.

Ýedi ýaşymdakam, ejem hamyla boldy. Häzir oýlanyp görýän welin, kim bilýär, öň näçe gezek göwresinden çaga aýrylandyr, ýöne ol döwürler bu zatlara akylym ýetenokdy. Men şeýle bir günäsizjedim, hatda «bäbekler nädip dünýä gelýärler?» diýip sorasalar, Taňrynyň olary ýumşajyk, täzeje palçykdan eýläp ýasaýandygyny gürrüň berýänim çala ýadyma düşýär.

Ýöne ejemiň garnyndaky eýlenen palçyk weli, äpet bir zada meňzeýärdi. Köp wagt geçmänkä, onuň garny

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
burnuna ýetip duran boldy. Şeýle bir ulaldy welin, ýöräp bilmez hala düşdi. Obamyzyň göbegenesi ejemiň bedenini suw alandygyny aýtsa-da, näme diýmekçi bolandygyna düşünmändim, «Suw almagyň nämesi erbetkä?» Emma ejemiň hem, göbegenäniň hem bilýän zady ýokdy: ejemiň göwresinde bir dälde, üç bäbejik bar eken. Üçüsi-de oglan. Doganjyklarym ejemiň garnynda oňuşmandyrlar. Dünýä inmeklerine az galanda üçemleriň biri beýlekisini göbek bagy bilen bogupdyr, boglan bäbegem ar almak üçin çykyş ýoluny baglapdyr. Şeýlelikde, bäbekleriň ählisi çykyp bilmän, gysylyp galypdyr. Ejem dört günläp doganjyklarymy dogurmak üçin kösendi. Tä sesi-demi tükenýänçä, gije diýmän, gündiz diýmän ejemiň ahy-nalasy kesilmedi.

Göbegene ejemi ölümden alyp galyp bilmänsoň, doganjyklarymy halas etmegiň ugruna çykdy. Ol eline gaýçy alyp, ejemiň garnyny ýaranam bolsa, diňe bir bäbejigi halas etmegi başardy. Oglan doganjygym, ynha, şeýle ýagdaýda dünýä geldi. Kakam «belaň körügi şonda» diýip, doganjygymy dünýä inen gününden halamady. Hatda onuň çokundyryş dabarasyna-da gatnaşmady.

Ejem aradan çykandan soň, kakam haçan görseň haly teň, gödeňsi adama öwrüldi. Onsoň durmuşyň hezili gaçdy, çörekhanamyzyň işleri hem gaty bahym ýaramazlaşdy. Günleriň birinde çörekhana gelýän dilegçiler ýaly

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
bolarmykak öýdüp gorkýardym. Düşegimiň aşagynda çörek gizläp başladym; çörekler şol ýerde gurap, gatap galardy. Ýöne esasy kynçylygy menden beter doganjygym çekdi. Men bolmanda, birmahal mähir, hamraklyk görüpdim. Doganym bu zatlaryň tagamyny hem datmandy. Oňa beýle erbet çemeleşilmegi meni gynandyrýardy. Ýöne, dogrusy, kakamyň gazabyna özümiň sezewar bolmanym üçin, özümi bagtly hasap edýärdim. Ýöne şonda doganyma goldaw berip bilen bolsadym, belki, häzir bar zat başgaça bolardy. Menem, belki, bu gün Konýadaky bir bozukhanada bolmazdym. Durmuş nähili geň!

Bir ýyl soňra kakam täzeden öýlendi. Doganymyň durmuşynda üýtgän zat ýeke şu boldy: ol öň diňe kakamdan ejir görýän bolsa, indi onuň üstüne öweý ejemiň hem görkezýän hunabasyny ýuwutmaly bolýardy. Wagt geçdi. Indi jigim mümkinçilik tapsa, öýden gaçýardy. Yzyna gaýdyp gelende öňküdenem erbet ýoldaşlar tapynyp, häsiýeti hasam ýaramazlaşýardy. Bir gezek kakam ony şeýle erbet ýençdi welin, diri galanyna haýran galaýmalydy. Şol günden soň, doganym gaty tiz özgerdi, seredişinde ýowuzlyk peýda boldy. Serinden nähili oý-pikirleri geçirýändigini syzýan hem bolsam, neneňsi erbet işleri ýüregine düwüp ýöreninden habarym ýokdy. Wah, men ony bilen bolsadym. Käşgä, bu pajyganyň öňüni almagy başaran bolsadym.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Köp wagt geçmänkä, kakam bilen öweý ejemiň jansyz jesediniň üstünden bardyk. Biri iýýän çörekleriniň ununa syçan zäherini goşupdyr. Habar ýaýran badyna hemmeler muny doganymdan gördüler. Ýasawullar sorag-idege başlansoň, olam gorkup gaçyp gitdi. Doganymy gaýdyp görmedim. Şeýdip, bu dünýäde birden ýalňyz galdym oturyberdim. Ejemiň ysy siňen öýde durup bilmedim. Çörekhanamyza aýagymy sekesim gelmedi. Ahyry bu dünýädäki ýeke-täk garyndaşym bolan kakamyň aýal doganynyň ýanyna gitmegi ýüregime düwdüm. Ol durmuşa çykman garran gyzdy, Konstantinopolda ýaşaýardy. Öýümizidir dükanymyzy taşladym-da, niredesiň şonuň ýany diýip ýola düşdüm. Şol wagt on üç ýaşymdadym.

Konstantinopola gidýän bir ýolagçynyň arabasyna mündüm. At arabasynda iň ýaş ýolagçy özümdim. Ýola düşenimize birnäçe sagat bolanda, öňümizi galtamanlar kesdi. Ähli zadymyzy aldylar: ýantorbalarymyzam, çuwallarymyzam, başgaplarymyzam, ädikdir aýakgaplarymyzam, jöwherlerimizem, hatda arabakeşiň şöhladyna çenli sypyryp aldylar. Berere zadym bolmansoň, ses-üýnümi çykarman, bir çetde durdum; özüme azar bererler öýtmedim.

Ýöne ugrajak bolup durkalar, garakçylaryň baştutany maňa tarap öwrülip:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Owadanja gyz, bäriňe gara, heniz boý gyzmyň? — diýdi.

Utanjymdan gyzardym. Beýle gelşiksiz sowala jogap berjegem bolmadym. Meniň ýüzümiň gyzarmagy ol adamyň garaşýan jogaby bolsa nätjek.

Garakçylaryň baştutany:

— Hany, ugralyň — diýdi. — Atlaryň ählisini alyň, şu gyzam alyň!  Men dady-perýat edip aglasam-da, ýoldaşlarymyň hiç biri kömek edeýin diýmedi. Garakçylar meni gür tokaýlyga alyp bardylar. Tokaýyň ortarasynda olaryň obasy bar eken. Ol ýerde bir topar aýaldyr çaga bardy. Töwerekde ördekler, gazlar, geçiler, doňuzlar moýmuldaşyp, ýaltalyk bilen iýmit çöpläp, otlap ýördüler. Içinde garakçylar bolmasa, bu ýeri dünýäniň iň gözel künjegi hasaplap boljakdy.

Köp wagt geçmänkä, garakçylaryň baştutanynyň näme üçin boý gyzdygymy soranynyň manysyna düşündim. Olaryň bir serdary bar eken. Ol garahassa keseline uçrap, ýagdaýy agyr eken. Uzak wagtdan bäri düşekde ýatan eken. Her dürli em edip görseler hem peýdasy degmändir. Ýöne biri oňa jadyly bir dermany salgy beripdir: «El degmedik gyz bilen bolsaň, keseliň şoňa geçer, derdiň el bilen aýrylan ýaly, şypa taparsyň».

Ömrümde ýatlasym gelmeýän nijeme zatlar bar. Tokaýda geçiren günlerim hem şolaryň arasynda. Häzir hem haçan

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
tokaýy ýadyma salsam, diňe arça agaçlary barada oýlanýan. Obadaky aýallaryň ýanynda bolman, gidip agaçlaryň arasynda ýeke özüm oturyp aglaýardym. Bu ýerdäki zenanlar garakçylaryň aýallarydyr gyzlarydy. Onsoňam bu ýere öz islegi bilen gelen bozuk aýallar hem bardy. Olaryň bu ýere näme üçin gelendiklerine asla düşünip bilmeýärdim.

Men bir zady ýüregime berk düwüpdim, maýyny tapsam gaçmakçydym.

Mahal-mahal tokaýyň içinden geçip gidýän atarabalaryny görýärdim, köpüsi-de asylzadalara degişlidi. Şol arabalaryň näme üçin talanmaýanyna hiç düşünip bilmeýärdim. Soňra bilip galdym, arabakeşler tokaýa girmänkä, garakçylara parapeşgeş berip, bu ýerden aman-sag geçip gidýän ekenler. Ýagdaýyň nähilidigine göz ýetirip, ähli zady ölçerip-dökdüm. Şeýdibem, uly şähere barýan bir arabakeşi saklap, özi bilen alyp gitmegini ýalbardym. Ol pulumyň ýokdugyny bilse-de, ummasyz köp ýolkireý talap etdi. Men ony başga görnüşde töledim.

Konstantinopola baryp, ol ýerde birnäçe gün bolanymdan soň, tokaýdaky bozuk aýallaryň şol ýere näme üçin meýletin barýandyklaryna düşündim. Şäher tokaýdan hem beterdi. Kakamyň aýal doganyny gözlemäge zerurlyk hem duýmadym. Ol özüm ýaly ters ýola düşüp, entäp ýöreni öýünde göresi gelmez ahyry. Ýalňyz galdym.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Şäheriň ruhumy ezmesi uzaga çekmedi. Indi men bütinleý başga dünýäde; ýowuzlygyň, şeriň, zorlugyň, zulmuň, keselçiligiň dünýäsindedim. Yzly-yzyna näçe gezekler hamyla boldum. Çişläp-çişläp, näçe çaga aýyrtdym. Bedenim şeýle bir lagar düşdi, görüm görmeden galdym, ýaş başyma göwreli bolmakdan mahrum düşdüm.

Şol köçelerde şeýle bir zatlara şaýat boldum welin, beýan edere söz tapamok. Şäheri taşlap gaýdanymdan soň, esgerler, hokgabazlar, oýunçylar, gözbagçylar, siganlar bilen gezdim, hemmesiniňem keýpine köle boldum. Soňra Şagalkelle atly bir ämert duşdyda, meni Konýadaky şu bozukhana getirdi.

Işine ýarap ýörenim üçin, hünsa hojaýyn meniň nireden gelendigime ähmiýet berip durmady. Çaga dogrup bilmeýändigimi eşidip örän begendi, göwrelilik meselesi boljak däldi. Önelgesizligimi aýratyn nygtamak üçinem, ol maňa «Çöl» lakamyny dakdy. Ýöne bu adyň bir özüniň guraksy eşidiljekligi sebäpli, ýanyna owadanlyk üçin «Gül» sözünem tirkedi: şeýdip, Çöl Güli boldum galyberdim. Men muňa üns hem bermedim, gatam görmedim. Gülleri gowy görýärdim. Eýse, ýitirere başga nämäm bar?

Oýlanyp görýän welin, iman hem ýaşyryn gül bakjasy ýaly bir zat eken. Öz döwründe şol bakjanyň içinde gezim edip, beýhuş ediji ysyny içime sorardym. Ýöne, ynha, bir

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
gün özümi jennetden kowlan ýagdaýda — daşarda gördüm. Taňrynyň maňa ýene gujak açmagyny näler isleýän; käşgä çagalygymdaky ýaly, oňa ýönelsemdim.

Şu arzuw bilen iman bagynyň töwereginde gezip, açyk gapy gözleýärdim.

Ýöne tapdyranokdy.

***

Ahyry Susam bilen metjide bardyk. Gözüme ynanyp bilmedim. Her jüre kesp-kärdäki adamlar köçeleri, geçelgeleri tutup durdy. Metjidiň aýallara degişli haremlik böleginem erkekler eýeläpdir. Iňňe oklasaň ýere düşmejek mähelläniň içinde nädip ýer tapaýyn? Umydym üzülip, yzyma dolanaýyn diýip durkam, öň ýanymdaky hatardan bir gedaýyň çalasynlyk bilen ýerinden turup, köpçüligi böwsüp, metjidiň çykalgasyna tarap ugranyny gördüm. Dessine şonuň ýerine geçdim. Susam bolsa daşarda galdy.

Ynha, şeýdip, men, Çöl Güli diňe erkek adamlaryň dolduryp duran metjidinde otyrdym. Howsalalydym. Şu adamlar öz aralarynda erkek lybasyna giren aýalyň oturandygyny bilseler näderdikäler? Muňa çydamsyz garaýan hallaryna, ol aýalyň bozuk zenandygyny dagy biläýseler, ýagdaýyň neneňsi boljagy barada oýlanasym hem gelenokdy. Ýöne men Möwlanany diňlemäge gelipdim. Özüme ýol görkezjek sese mätäçdim. Ähli

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
gorky-ürkimi, howsalamy bir ýana goýup, bar ünsümi wagyz diňlemäge berdim. Rumy labyzly gürleýärdi:

— Ulug Alla jübütlikde, gapma-garşylykda sagadat, bagtyýarlyk döresin diýip takdyry ýaradypdyr — diýdi. — Ýöne ýere bu dünýä Älem-i Kewn-ü Fesad, ýagny Barlyk hem Gapma-garşylyk älemi diýilmändir. Bu ýerde ähli zat jübütlikde, gapmagarşylykda ýüze çykýar. Diňe Allatagalanyň taýy ýokdur. Şonuň üçinem ol hemişe syr bolup galýar.

Wagyz aýdýarka, Rumynyň sesi dag çeşmeleri ýaly, joşup çykýardy.

— Aşakda toprak, ýokarda asman,.. dünýäniň ähli zady şeýledir. Bolçulyk hem gahatçylyk, uruş hem parahatçylyk... Her bir zadyň hökman öz jübüdi-taýy bardyr. Ýadyňyzdan çykarmaň, Alla hiç bir zady ýöne ýere ýaradan däldir. Kindiwanja dänäniň hem şu ylahy nyzamda öz orny bar.

Bu dünýäde tötänden düşen ýa-da ýerliksiz, artykmaç ýekeje zadyň hem ýokdugyna göz ýetirdim. Her bir zat haýsydyr bir maksada hyzmat edýär. Ejemiň hamylalygy, üç doganymyň ene garnyndaky amansyz tutluşygy, doganymyň ýalňyzlygy, hatda kakamyň ýa-da öweý ejemiň öldürilmegi, tokaýda başymdan geçiren şol gorkunç günlerim, Konstantinopolyň köçelerindäki

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

sergezdançylyklarym... bularyň ählisi hemde her biri meniň ykbalyma öz täsirini ýetiripdi. Her bir kynçylygyň arkasynda we aňyrsynda başga bir syr, başga bir sebäp ýatyrdy. Düşündirip bilmesem-de, ony ýüregimden syzýaryn.

Günortandan soňra agzy-burny bilen doly mähelleli metjitde Rumyny diňleýän wagtym kalbyma bir hili rahatlyk, giňlik, takdyra ten bermeklik — kaýyl lyk aralaşdy. Ol duýgy ejemiň bişiren çörekleri ýaly mähirlidi hem ýumşajykdy...

***Hasan gedaý  Konýa, 1244-nji ýylyň 18-nji oktýabry***

Möwlana Rumynyň jany sag, garny dok bolansoň, oňa kynçylyga döz gelmegiň ýagşy işdigi barada akyl satmak aňsat. Adam bilýän zady barada gürlemeli, bilmeýän zady hakynda takal okajak bolmaly däl. Ony diňläp çydap durup bilmedim, öz-özüme hüňürdäp, metjitden çykdym. Baryp ýene kerkaw agajyň düýbünde oturdym. Metjitdäki jemagat dagaýança, hiç kimiň öňüme pul oklamajagyny bilýänim üçin, töweregimi biperwaýlyk bilen synlap başladym. Tas irkiläýmeli bolup durkam, öň hiç wagt görmedik bir adamym gözüme ildi. Ol boýdan-başa gara geýnendi, ýüzünde ýeke tüýem ýokdy, elinde uzyn hasa, bir gulagynda bolsa, kümüş gulakhalka bardy. Bolşy bir hili üýtgeşik bolany üçin, ondan gözümi aýryp bilmedim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Derwüş saga-sola garandy. Birdenem maňa gözi düşdi. Adamlaryň görmediksirän bolmagyna öwrenişenimden bolsa gerek, ol hem dessine beýlesine bakar öýtdüm. Ýöne derwüş sag elini ýüreginiň üstüne eltip, hamala köne tanşy ýaly salam berdi. Aňk boldum. Başga birine salam beräýdimikä diýip, biygtyýar töweregime garanjakladym. Ýöne töweregimde kerkaw agajy bilen özümden başga janly-jemende ýokdy. Ahyry, salamyň özüme berlenine göz ýetirip, menem elimi ýüregimiň üstüne goýup, salamyna jogap berdim.

Ol howlukman ädimläp, ýanyma geldi. Başymy egdim, öňümdäki gabyma mis şaýylyk oklar ýa-da gury çörek uzadar öýtdüm. Ýöne derwüş golaýjagyma geldi-de, dyzyny epdi. Meniň bilen deň ýagdaýda oturyp, nazaryny gözüme dikdi.

— Salamünaleýküm, gardaş — diýdi.

— Aleýkümsalam, derwüş — diýdim. Öz sesim özüme bir hili ýat bolup eşidildi. Birdenem hiç kim bilen gürleşmänime gaty köp wagt geçendigine düşündim. Tas öz sesimi unudaňkyrlan ekenim.

Ol öz adynyň Töwrizli Şemsdigini aýtdy. Soňra adymy sorady.

Men gülüp:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
— Adym näme bolanda parhy nä? — diýdim.

Derwüş garşy çykdy:

— Her adamyň bir ady bolýandyr. Allanyň ady bolsa sanýetmez kändir. Biz olaryň diňe togsan dokuzysyny bilýäris. Özüň oýlanyp gör, Allanyň şonça ady barka, Onuň öz ruhundan ruh beren ynsany nädip atsyz ýaşap bilsin?

Sowala näme jogap berjegimi bilmedim. Dogrusy, synanyşjagam bolmadym. Oňa derek:

— Birmahallar ejem hem bardy, aýalym hem. Olar maňa Hasan diýerdiler — diýip, onuň aýdanyny unadym.

Şems başyny atyp:

— Beýle bolsa adyňy Hasan diýip tutaryn — diýdi.

Soňra asla garaşmaýan hereketimi etdi. Goltugyndan kümüş aýna çykardy-da, maňa uzadyp:

— Al şuny – diýdi. — Muny Bagdatda bir mübärek adam beripdi. Ýöne seniň nesibäň eken. Birden özüňi ýadyňdan çykaraýsaň, saňa içiňdäki Ylahy Gözelligi görkezer.

— Pis açan adama aýna berýäňmi? — diýip, haýran galyp soradym. — Şeýle betnyşanlygyma garamazdan...

Gürrüňimizi dowam etmäge mümkinçilik bolmady, ýeňse tarapdan bir goh turdy. Başda metjitde bir jübükeseri

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
tutandyrlar öýtdüm. Ýöne kömek sorap gygyrýanyň sesi barha çirkin çykdy. Gohuň çaklaýşymdan has mojuk zat üçindigi görnüp durdy. Bir jübükeser üçin munça goh-galmagalyň bolmajagy bellidi.

Nämäň nämedigine bahym göz ýetirdik. Görüp otursam, bir aýal erkek lybasyna çolanyp, metjide girmäge synanyşan bolsa nätjek. Üstesine-de, ol päk zenan hem bolman, barypýatan bozuk aýalmyş. Bir topar adam ol aýaly tutup, urup-ýenjip metjitden çykarýardy. Yzlaryndanam ýene birgiden adam gazap bilen gygyryşýar.

— Şu tüpbozany gamçylaň! Ýenjiň şol bozuk heleýi!

Gazaba münen adamlaryň bir topary köçä çykdy. Olaryň arasynda erkek lybasyny geýen ýaş zenanyň bardygyny gördüm. Gorkudan ýaňa zähresi ýarylan zenanyň ýüzüniň gany gaçyp, reňki agarypdyr. Onuň badam gözleri töwerege wehim bilen garaýardy. Şu wagta çenli gaty köp ýenjilme wakasyna şaýat bolupdym. Her gezegem meni bir zat haýran galdyrýardy. Nädip, ýeke özükä pespälli, kiçigöwünli, hoşgylaw, alçak adamlar köpçüligiň içine aralaşan badyna üýtgäp, gedemleşip, birehim bolup bilýärkäler?! Kimisi daýhan, kimisi täjir-jerçi, kimisi agaç ussasy bolan, belki, garynjany-da ynjytmajak adamlar topar bolup hereket eden mahaly, näme üçindir, ýowuzlaşýardylar. Gyzyl ýumruga girmek bolsa, adaty

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
waka öwrülýär. Köplenjem şeýle tutluşyklaryň soňy gan bilen tamamlanardy. Soňra pida bolanlaryň jesedi görene göz bolsun diýip, meýdanda asylyp goýlardy.

— Görgüli zenan — diýip derwüşe ýüzlendim. Ýöne öwrülip sereden mahalym, Şemsiň duran ýerinde ýokdugyny gördüm.

Bir görsem, derwüş olara baka ýaýdan atylan ok ýaly, süýnüp barýardy. Onuň adamlaryň üýşmegine tarap aýgytlylyk bilen barşy ynanar ýaly däldi. Menem derhal şo tarapa eňdim. Derwüşiň yzyna eýermek mümkin däldi.

Şems adamlaryň üýşüp duran ýerine baryp, hasasyny baýdak ýaly howada galgatdyda, sesiniň ýetdiginden:

— Saklanyň! — diýip gygyrdy.

Köpçülik tolkun atyp gitdi. Zenany urup-ýençmesini goýup, adamlar ýollaryny kesen bu gara geýimli telbä seredişdiler.

— Utanyň, bu nä boluş? — diýip, Şems gygyrdy-da, hasasynyň demir ökjesini ýere urdy. — Otuz erkek bolup, bir zenany ýençýäňiz, şeýlemi? Bu edýän işiňiz dürsmüdir?

Tegelek ýüzli, bir gözi gypyk daýaw adam dessine öňe çykdy:

— Bu aýal dürs çemeleşeniňe degenok — diýdi. — Mynasyp adama dürs çemeleşilýändir.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Bolşundan çen tutsaň, ol özüni şu adamlaryň öňbaşçysy hökmünde görýän bolmalydy. Golaýyna baranymda ony tanadym. Ol Baýbars atly ýasawuldy. Konýa şäheriniň dilegçi gedaýlarynyň ählisi ondan bizardy.

— Bu aýal jemagatyň gözüni baglamak üçin erkek lybasyna çolanyp metjide geldi, utanman musulmanlaryň arasyna goşuldy — diýip, Baýbars sözüni dowam etdi.

— Diýmek, seniň aýdyşyňa görä, bu ynsan metjide wagyz diňlemäge gelipdir, indem muňa näme jeza bersekkäk diýýäňiz, şeýlemi? — diýip, Şems sorady. — Haçandan bäri jumga namazyna gelmek jenaýat hasaplanýar, sizden soraýan?

Mähelleden bir pursat ses-seda çykmady.

Gahardan ýaňa ýüzi çym gyzyl bolan başga bir adam:

— Aýallara onsuzam jumga namazy parz däl, gelmesinler! — diýip yzdan gygyrdy. – – Onsoňam bu aýal beýle arassa heleýem däl. Kemçin! Mukaddes metjitde näme işi barmyşyn?

Şol wagt yzrakda duranlaryň birnäçesi çydam edip durup bilmän, sesiniň ýetdiginden gygyryşdylar:

— Bihaýa! Utançsyz!

Joşgunyna bäs gelip bilmedik bir ýetginjek öňe okduryldy, ol zenanyň sellesine ýapyşdy-da, güýjünde

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
baryny edip çekdi. Selle çözülensoň, zenanyň ýalpyldap duran uzyn, bugdaý reňk saçlary tolkun-tolkun bolup döküldi. Hemmeleriň demi tutuldy. Bu bozuk zenanyň ýaşlygy, owadanlygy akylyňy haýran edýärdi.

Şems adamlaryň kalbyndaky bulaşyk duýgulary duýmaga ukyply bolsa gerek:

— Bir karara geliň, gardaşlar, bu zenany hor-zar görýärsiňizmi ýa-da hoş görýäňizmi? — diýip, hemmelere ýüzlendi.

Şeýle diýen badyna, Şems bozuk aýalyň elinden tutup, ony özüne tarap çekdi; şeýdibem, biçäre zenany mähelläniň içinden sogrup aldy. Ýaş zenan ejesiniň gujagynda gizlenen kiçijik çagajyk ýaly, derwüşiň arkasynda bukuldy.

Baýbars Şemsiň üstüne sürnüp, sesini gataltdy:

— Öte geçýäň, derwüş, sen bu ýerlere näbelet, biziň adatlarymyzy bileňok. Sen bu işe burnuňy sokma.

Onsoň ýene biri gürrüňe goşuldy:

— Sendenem bir derwüş bolarmy? Bir bozuk heleýe arka çykmakdan başga işiň ýokmy?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Şems-i Töwrizi bu aýdylýanlary diňleýän ýaly, esli wagtlap sesini çykarman durdy. Ýüzünde gahardan nam-nyşan ýokdy. Rahatdy hem aýgytlydy.

— Ýagşy — diýip, Şems söze başlady. — Siz başda onuň aýaldygyny nädip bildiňiz? Diýmek, siz metjide gelip, töweregiňize garanjaklap otyrsyňyz-da? Hakyky musulman ýanyndaky ýalaňaç hem bolsa, onuň şeýledigini aňmaz. Her kim Allany çyny bilen ýatlasa, Ondan başga ähli zady unudar. Siz bu gün şu eden işiňiz arkaly özüňiziň kimdigiňizi bildirdiňiz. Beýtmek bilen, öz küý-köçäňiziň başga ýerdedigini görkezdiňiz! Häzir yzyňyza, metjide baryň, enşalla, belki, bu gezek dogry-dürs iman edersiňiz.

Uly köçä bir hili düşnüksiz ümsümlik aralaşdy! Ýanýodalardan göterilen çaňtozandan başga hiç zatda we hiç kimde gymyldy-hereket ýokdy.

Ahyry Şems-i Töwrizi hasasyny hereketlendirip:

— Hany, ähliňiz yzyňyza — Möwlanany diňlemäge baryň — diýip, köpçüligi ugratdy.

Görýän zatlaryma ynanyp bilemokdym. Hemmeler özüni ýitiripdi. Hiç kim yzyna gitmese-de, mähelläniň köpüsi birnäçe ädim yza süýşdi. Näme etjeklerini bilmän, töweregine manysyz garanjaklaýanlar kändi. Hut şol mahal bozuk zenan derwüşiň aňyrsynda gizlenen

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ýerinden çykdy-da, ürkejik dag towşany ýaly atylyp, uzyn saçlaryny galgadyp ylgap gitdi. Göz açyp-ýumasy salymyň içinde-de ýakyndaky köçeleriniň birinde gözden ýitdi.

Iki adam onuň yzyndan kowalamaga synanyşdy. Emma Şems-i Töwrizi hasasyny adamlaryň aýagynyň aşagyna şeýle bir duýdansyz oklady welin, olaryň ikisi-de oňa büdräp, ýere ýazyldy. Töwerekdäkiler gülüşdiler. Menem güldüm.

Aljyrap özüni ýitiren iki adam aýak üstüne galýança, bozuk zenan bireýýäm gözden ýitipdi, derwüş bolsa ol ýerde işimi gutardym hasap edendir-dä, öz ugruna gidip barýardy.

***Süleýman serhoş***

***Konýa, 1244-nji ýylyň 18-nji oktýabry*** Kelläm hum ýaly çişip, gollarym bir hili ýakymly gurşupdyr, gözümi ýumdum. Irkiläýmeli bolup durkam, daşardan eşidilen güpür-tapyra syçrap turupdyryn. Ýüregim ýarylara geldi.
— Näme bolýar-aý? — diýip gygyrdym. — Ýa mongollar çozdumy?

Kikir-kikir edip, gülki sesleri eşidildi. Töweregime seredenimde beýleki müşderileriň öz üstümden gülýändigine gözüm düşdi. Bu kelesaňlara sered-ä!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Alada galma, Süleýman serhoş! — diýip, meýhananyň hojaýyny Hristos gygyrdy. — Bu goh köçeden eşidilýär. Möwlana Rumy wagyzdan gaýdyp gelýär. Yzynda-da birgiden muşdagy bar.

Baryp penjireden seretdim. Hakykatdanam, aýdyşy ýalydy. Möwlananyň şägirtleri, muşdaklary hem-de müritleri uzyn guýruk emele getirip, köçeden geçip barýan ekenler. Rumy köpçüligiň içinde atynyň üstünde dim-dik bolup otyrdy.

Penjiräni açyp, ýarpy göwrämi daşaryk çykaryp, şowhuny synlamaga durdum. Mähelle ördek ýörişi bilen süýşüp barýardy. Olar juda ýakyndylar, elimi uzatsam, biriniň kellesine degrip biljekdim. Birden kelläme hokga görkezmek pikiri geldi. Hiç kime bildirmän, birnäçe adamyň sellesini çalşaýyn!

Şobada ylgap baryp Hristosyň arkasyny gaşanýan uzyn saply agaç gaşawyny garbap aldym. Bir elim bilen penjireden tutup, beýleki elim bilenem gaşawy aşak uzatdym. Esli öňe eglip, bir adamyň külahyny alaýmaly bolup durkam, birden mähelläniň içinden biri tötänden ýokaryk seretdi-de göräýdi.

— Salawmaleýkim — diýip, oýunlyga saldym.

— Içgihanada oturyp, salam berýäňmi? Tüf ýüzüňe, ahlaksyz! Ýene-de musulmandyrynam diýjekdir! Utan

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ahyry, utan! — diýip, ol adam hemle urdy. — Şerap şeýtanyň işidir, habaryň ýokmy nä?

Agzymy açyp, bir zat diýjek bolanym hem şoldy welin, kellämi gypyrdyp, gaty bir zat şuwlap geçip gitdi. Näme bolup geçýänine göz ýetirip howsala düşdüm. Biri daş zyňypdy. Soňky pursatda egilmedik bolsam, maňlaýymdan gapy açjakdy. Açyk penjireden içerik giren daş, kellämi gyratlap geçip, göni ýeňsämde oturan eýranly haly täjiriniň sapasyna gümp edip düşdi. Näme bolup geçýänine düşünerden geçip, meýden ýaňa seri dumanlap duran täjir «bu näm-aý» diýip geňirgenýän äheňde daşy eline alyp synlap otyrdy.  Hristos aladaly seslendi:

— Süleýman, tizräk penjiräni ýap-da, ýeriňe geç!

— Näme bolanyny gördüňmi? — diýip, tolgunmadan sandyr-sandyr edip durşuma soradym. Öz ornuma geçdim. — Bir-ä maňa daş zyňdy. Öläýsem nätjek diýsene!  Hristos bir gaşyny galdyrdy.

— Bagyşla welin, bulardan başga nämä garaşýaň? Meýhanada musulman görse, käbir kişiň jyny atlanýanyny bileňokmy? Senem agzyň aňkap, burnuň erkek käşir ýaly gyzaryp durka, alaga-da, özüňi güjeňleýäň. Onsoň nämä garaşýaň?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Halamasa halaman geçsin, günä edýän men, kime näme! — diýip hüňürdedim. — Men nä, adam dälmi?

Hristos arkama kakdy:

— Beýle ýüregiňe ýakyn tutmasana, be, Süleýman!

— Tutjak, onsuzam takal baryny okaýanlary üçin şol yňdarmalardan bizar boldum! Taňry özleri bilen biledir öýdüp, güp ynanýarlar. Şonuň üçinem özlerinden öňňä ýokardan seredýärler.

Hristos jogap bermedi. Ol dindar adam hem bolsa, serhoş müşderilerini köşeşdirip biljek derejede ugurtapyjy meýhanaçydy. Biraz soňra ol öňümde bir küýze gyrmyzy şerap goýdy. Men dünýäni unudyp şeraby başyma çekdim, olam bir çetde durşuna meni synlaýardy. Daşarda şuwlap bir hili şemal öwüsdi. Biz diňşirgenip, şemalyň diline düşünjek bolduk.

— Şeraba näme üçin günä diýýänlerine düşünemok — diýip, hüňürdedim. — Eger erbet zat bolsa, onda näme üçin jennetde içmek bolýarka? Eger jennetde rugsat edilýän bolsa, näme üçin bärde gadagan?

Hristos gözlerini elek-çelek edip:

— Gaýrat et, indi bir goýsana. — diýip özelendi. — Beýle köp sorag bermäňde bolanokmy, hä?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Hawa, bolanok. Eger pikirlenmesek, sorag-jogap alyşmasak, hyýardan, kelemden näme parhymyz bolsun? Hudaý bize bu akyly oýlanyň diýip beripdir-ä.

— Süleýman, dostum, käte bolşuňy görüp, seni gaýgy edýän.

— Sen meni gaýgy etme — diýip, gürrüňi başga tarapa sowdum. Ýöne Hristos gürrüňi dowam etdi.

— Şunça wagt bäri biri-birimizi tanaýarys. Men seni müşderi hasap edemok, dostum saýýan. Sen akýürekli adam. Hiç kime ýamanlyk edeniňi görmedim, ýöne diliň gaty awuly. Şony gaýgy edýän. Konýada her jüre adam bar. Käbir kişi musulman adamyň içgi içenini halanok. Köpçüligiň arasyna baranyňda ägä bol. Diliňi ýyg, özüňi sakla.

Özümden biygtyýar dişlerimi syrtartdym.

— Gel, Haýýamdan bir rubagy okap, şu gürrüňleri täçlendireliň-le.

Gürrüňimizi diňläp oturan eýranly täjir Hristosyň bir zat diýerine-de garaşyp durman, gapdaldaky sapadan seslendi:

— Haý, janym bol-a! Gaýyrsana Haýýamdan bir rubagy!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Beýleki müşderilerem joşup, el çarpyşdylar. Saklanyp bilmän, sapanyň üstüne çykdymda, rubagy okamaga durdum:

— *Biziň*

*meýhorlugmyz meý*

*üçinem däl,  Edebe,*

*dine ters meýil*

*üçinem däl,*

Eýranly täjir keýp

bilen gygyrdy:

— Hak aýdýaň, şuny hiç düşündirip bilmedik-dä!

*Az-kem undar ýaly öz-özümizi*

*Içýäs, içmegimiz keýp üçinem däl.*

Şunça ýyl bäri içgi içip ýörün. Meniň bar bolup bilşim şeýle, nädeýin? Ýöne bir zadyda bilýän, her kimiň bir içişi bar. Kim-ä her agşam hum ýaly çişýänçä içýär, beýleki biri bolsa, näçe içse-de, hiç kime zeper ýetirmeýär. Diňe içgiň keýpine aýdyma hiňlenip, soňam uklap galýar. Ýene bir hili adam bolýar, bir ýuwdum şerap içdigi, wagşyýana jandara öwrülýär. Oňa-muňa yrsaraýar, topulýar. Diýmek, mesele badada däl-de, özümizde.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Köp içsem başym aýlanar, içmesem*

*başym gaýgyda, Ne-hä serhoş, ne-de*

*sersag, gelip bilmedim aýgyda.*

Üstümi elçarpyşmalar bilen gömdüler. Hatda Hristosam durup bilmän elini çarpdy. Konýanyň jöhitler mähellesinde bir hristianyň meýhanasynda her dürli ynançda, her hili häsiýetde bolan biz — serhoşlar ählimiz jemlenip, keýp bilen badalarymyzy göterdik. Onsoň, näme üçindir, belki, sähel pursatlygam bolsa, aramyzda saýry hem galmady, gaýry-da, barymyz deňleşdik. Ählimiz-de tutuş kemçiliklerimizdir ýetmezlerimize garamazdan, Allanyň özümizi bagyşlaýandygyny, hatda bizi özümizdenem eý görýändigini, ýöne bir sözde däl-de, tüýs ýürekden duýduk.

***Ella Boston, 2008-nji ýylyň 30-njy maýy***

«Şu zatlara üns beriň: Adamyňyz öýe gelen mahaly penjegini, köýnegini barlaşdyryň. Del atyr ysyna ýa-da pudranyň tegmiljigine duşsaňyz, şübhäňiziň dogry çykdygydyr
— diýip, «Maşgalaly aýallaryň bilmegi zerur zatlar» atly internet saýtynda ýazylypdyr. — Ylaýta-da, ruž tegmiline üns beriň!»

Maý aýynyň ahyrky güni, Ella Rubinşteýn öýünde «Yşk şerigatyny» okamasyna arakesme beren mahaly tötänden

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
göz aýlan bir internet saýtynda gabat gelen barlagnama jogap berýärdi. «Adamyňyzyň aldanyny-aldamanyny on sowal arkaly nädip bilmeli?» Sowallar juda ýönekeý hem ýöntemdi, ýöne ol şonda-da jogap bermän saklanyp bilmändi. Aýal-erkek gatnaşyklaryna degişli barlagnamalar iňňän umumy we öte ähmiýetsiz zatlar bolsa-da, Ella indi durmuşyň özüniňem käte, bolmanda, şonuň ýaly bolgusyz bolýanyny bilýärdi. Ony durmuş görkezipdi.

Barlagnamany tamamlanda utuklaryny jemläp, netijesini gözden geçirmelidi. Ýöne beýtmedi, taşlady. Sowallara höwes bilen jogap berse-de, äriniň özüni aldandygy barada başga biriniň dilinden, onda-da web-saýtdan bilmek islänokdy. Edil şu mesele barada Dewid bilen gürleşesiniň gelmeýşi ýalydy. Öýe gelmedik şol gijesi nirede bolandygyny hem heniz soramandy. Bu günler wagtynyň köpüsini «Yşk şerigaty» hakyndaky hasabatnamasyny ýazmak bilen geçirýärdi. Öz durmuşy bilen ujypsyzjada baglanyşygy bolmadyk bu hyýaly göz öňüne getirmeler ony bir hili geňsi ýagdaýda gurşap alypdy. Zaharanyň ýazan romanyny okasy gelen mahaly ýeke özi bir künjege çekilýärdi, beýnisini dörjeleýän meseleler barada oýlanman, ümsüm, rahat hem kanagatly ýagdaýda eseriň gidişinden lezzet alýardy.

Ondan daşgary gündelik durmuşy şobir gaýtalanyp duran zatlardy. Çagalaryň ýanynda är-aýal hiç hili syr

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
bildirmezdiler, özlerinden biygtyýar ýasama hereket etmeli bolýardylar. Ýöne ikiçäk galan pursatlary aralaryndaky sowuklyk dessine ýüze çykýardy. Ella käte Dewidi özüne aňk bolup seredip duran mahaly tutýardy. Şeýle halatda Dewid aýalynyň özünden gije nirede bolandygyny näme üçin soramaýanyna düşünmäge çalyşýan ýalydy.

Ýöne Ellanyň ol barada Dewidden soramaýanynyň bir sebäbi bardy. Soraglaryna onuň berjek jogabyna näme diýjegini bilenokdy. Näme etjegini bilmeýän maglumaty barada sorap, onuň nä azary?! Bilmek islemeýän zadyňy näçe az bilseň, şonça-da kelläňi az agyrdarsyň, ýüregiň ynjamasy kemeler. Şonça az aldanarsyň. Şu nukdaýnazardan seredeniňde, nadanlyk beýle erbet zadam däldi.

Bu emeli bagtyýarlygy bozup biljek ýeke-täk waka geçen Täze ýylda bolupdy. Ella bir gün irden, tötänden, öýe gelen hatlaryň arasynda myhmanhanalaryň biriniň nyşanyny göterýän bukja gözi düşdi. Açan mahaly garaşmadyk bir maglumatyna gabat geldi.
Golaýdaky myhmanhanalaryň biriniň müşderi hyzmatlary müdiri Dewid Rubinşteýne özlerinde myhman düşendikleri üçin minnetdarlyk sowalnamasyny ýollan eken. Ella hiç zat bolmadyk ýaly, bukjany stoluň üstüne

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
taşlapdy. Agşam Dewid haty açyp okan mahaly, bir çete çekilip, adamsyny daşyndan synlapdy.

— Bir şu ýetenokdy-da! Başga işim ýok ýaly — diýip, Dewid sowalnamany bir gyra aýyrdy. Ol hata düşündiriş bermegiň zerurdygyny duýan bolmalydy, şobada sözüniň üstüni ýetirdi:

— Geçen ýyl şu myhmanhanada diş lukmanlary bolup, ylmy maslahat geçiripdik. Megerem, şoňa gatnaşanlary müşderileriň sanawyna goşan bolsalar gerek. Ella ynanypdy. Özem ynanasy gelýäni üçin ynanypdy. Bir tarapdan, asuda suwy bulandyrmakdan gorkýandygy üçin, ol düşündirişi dessine kabul edipdi. Ýöne beýleki bir tarapdan ynjalmandy, şübhelenmegini dowam edipdi. Ahyrynda-da bilesigelijiliginden asgyn gelip, telefon kitapçasyndan myhmanhananyň belgisini tapyp jaň edipdi we şonsuzam çak edýän zadyny eşidipdi. Şu ýylam, geçen ýyl hem şol myhmanhanada diş lukmanlarynyň hiç hili ylmy maslahaty geçirilmändir.

Özüniň aldanmagy Ellada hem kemsidilmek, hem-de günäkärlik duýgusyny döredýärdi. Ol öz ýanyndan özüne gahar edýärdi. Indi ol ýaşam, owadanam däldi. Şu soňky alty ýylyň içinde esli semräp, özüni goýberipdi. Onuň görk-görmegi aýba-aý kemelip barýardy, ýüz-gözüniň nury öňküligini saklap bilenokdy. Hepdede bir gezek gidýän aşpezlik sapaklary hem semremegine täsirini ýetirýärdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Dogrusy, sapakda ondan has gowy naharlary bişirip bilýän we köp iýýän, ýöne asla semremeýän bir topar aýal bardy, ýöne gep onda däl.

Ol heran-haçan çagalygyny we ýaşlygyny ýatlasa, öz diýenini gögertjek bolup çytraşan ýeriniň bolmandygy ýadyna düşýärdi. Tebigaty şeýledi: ýumşakdy, diýenedijidi, mylaýymdy. Ýaş gyz bolmagyň iň dälişge günlerinde joralary bilen bukdaklap, garagolluk etjek bolmandy, çilim çekmändi, lül-gammar serhoş bolup, içgihanalardan kowulmandy. Bolgusyz adamlara asla göwün bermändi, soň ökünje eltjek gatnaşyklara baş goşmandy, özüňden geçip kylynýan aýşy-eşretden soň, howsala düşüp oýanyp, «göwrelilige garşy derman» içmäge mejbur ýagdaýa düşmändi. Tas ähli deňduşlarynyň diýen ýaly başyndan geçiren heläkçilikdir ruhy sarsgynlaryna hem ulaşmandy. Hiç wagt dowla düşüp görmändi, erbet gaharlanan gezegi-de ýokdy, ruhy sarsgyn üçin derman içmeli hem bolmandy. Ol özüni bileli bäri aýdylany bilen bolýan gyzdy. Ejesine ýa-da mugallymlaryna ýalan sözläp görmändi, birje gezegem sapaklaryndan galmandy. Liseýiň ahyrky ýyllary bile okaýan gyzlarynyň ençemesi abort hassahanalaryna gatnan ýa-da bäbeklerini perzentlige beren bolsa, ol bu hasratlaryň ählisini dokumental filme tomaşa eden ýaly, uzakdan synlapdy. Deňduşlarynyň başdan geçirýän sarsgynlaryna şaýat bolmak onuň üçin teleýaýlymdan alys

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Efiopiýadaky açlyga tomaşa etmek ýaly bir zatdy. Olaryň başyna düşen işlere gynanýardy, hatda wagtal-wagtal onuň özi-de başdangeçirmeleriň tagamyny dadasy gelýärdi, ýöne oýlanyp-ölçerip, özüniň deňduşlaryndan üýtgeşik älemde ýaşaýandygyna ynanýardy.

Bolmajyny bolunýan oturylyşyklara-da gidip görmändi. Ýaş gyz wagtyndan bäri iller ýaly, anna agşamlarynda daşaryk çykmagyň deregine, kürsä geçip, gowy görýän kitabyny okanyny kem görmeýärdi.

Goňşy-golam öýlerde aýallar öz gyzlaryna hemişe:

— Näme üçin Ella ýaly bolup bolanok? — diýerdiler. — Seret, ol nähili asylly hem pespäl. Heý, başyny bela sokan ýerini gördüňizmi şoň?

Ejeleri öwüp arşa çykarsalar-da, deň-duşlarynyň ýek ýigrenýäni Ellady. Durmuşyň keýpi-sapasyndan mahrum, wagt tapsa kitap okaýan terkidünýä! Ol şeýle bolsa-da hiç haçan hemmeleriň gowy görýän okuwçysy bolup bilmändi. Hatda bir gezek synpdaşlarynyň biri ýüzüne gelip:

— Seniň näme kemçiligiň bardygyny aýdaýynmy? — diýdi. — Durmuşy öte çynlakaý tutýanyň üçin, seniň ruhuň garrapdyr.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Saçynyň bejergisini üýtgetmänine näçe ýyllar bolandyr. Onuň uzyndan göni sary saçlary bardy. Saçyny üýtgetdim diýende, ýa ykjam edip toplap daňardy, ýa-da ýeňsesinden örerdi. Ýüz-gözüni hynalap bejerişinde-de belli bir düzgüni ýokdy. Ynjyklygy halamazdy. Ýekeje çalynýany sähelçe gyzylymtyl goňur pudra bilen açyk ýaşyl göz çalgysydy (o-da uly gyzynyň aýdyşyndan çen tutsaň, gözlerini owadan görkezmän, gaýta oňa päsgel berýärmiş). Şonsuzam Ella şu wagta çenli göz galamy bilen iki çyzygy birmeňzeş çyzmagy öwrenmändi. Hemişe oňarman, bir gözüniň çyzygyny beýlekisinden ýogyn edýärdi.

Ol mydama bir zatlary ýalňyş edýän bolaýmaýyn diýip, özüni müýnli duýýardy. Ýa töweregindäki adamlaryň durmuşyna aşa kän goşulyşýardy (Janetiň durmuşa çykmak meýillerini eşiden mahaly goh edişi ýaly), ýa-da gereginden artyk passiw we diýenediji bolýardy (adamsynyň sag-sol diýmän, gülden-güle gonanda bolşy ýaly). Bir tarapda başgalaryň içine-bagryna girip barýan Ella bardy, beýleki tarapda bolsa, ses-üýnsüz, ümsüm hem ýygrylyp ýören Ella. Haçan bularyň haýsy biriniň peýda boljagyny onuň özi-de bilmeýäne meňzeýärdi.

Ýöne üçünji bir Ella-da bardy. Ol ähli zady bir çetden ümsüm synlap oturan, wagtynyň dolmagyna garaşýan Ellady. Ynha, häzir gizlenen ýerinde gymyldap ugran,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

suw ýüzüne çykmaga taýýarlanýan Ella şol Ellady. Onsoň ol: «Şeýle dowam etseň, bir gün guran düzgüniň dargar» diýip duýduryardy. Bu göz açyp-ýumasy salymlyk işdi. Şeýledigine onuň gözi ýetip durdy.

Aýyň aýaklarynda bu zatlar barada oýlanan mahaly Ella uzak mahal bäri etmedik işine baş goşdy: Hudaýdan dileg etdi.

«Taňrym, uzak wagt bäri gapyňy kakmanymy bilýärin. Çynymy aýtsam, häzir maňa dergähiňi açyp-açmajagyňy bilemok. Ýöne ýagdaýymy Özüň görýäň. Elden-aýakdan çykyp barýan. Maňa ýa-ha hakyky yşk ber, şu hupbatlardan, alaçsyzlykdan dynaýyn, ýa-da meni tenbilmez biperwaý et, durmuşymda yşkyň barlygy-ýoklugy deň bolsun».

Ol sägindi. Çala ýuwdunyp basyk ses bilen dowam etdi: «Ýöne haýsyny saýlasaň hem, ýalbarýan, tizleşeweri. Özüň bilýäň, indi kyrk ýaşadym, maňa ýaş adam diýip boljak däl. Bu meniň ahyrky mümkinçiligim».

«Maňa ýa-ha yşky öwret, ýa-da yşkyň ýoklugyna gyýylmazlygy kalbyma guý».

***Çöl Güli  Konýa, 1244-nji ýylyň 8-nji oktýabry***

Haýwan ýaly edip, ýeňsämden tutup, meni metjitden kowdular. Olardan halas bolan badyma darajyk köçeler bilen yzyma garamaga-da gorkup gaçdym. Ahyry

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
mähelleli bazar ýerine baranymdan soň, bir diwaryň ýeňsesine geçip, aşak oturdym we demimdemime ýetmän, şo ýerde gizlendim. Diňe şondan soň, yzyma garanmaga gaýratym çatdy. Hernä, geň galsamam, janym ýerine geldi, özümi hiç kimiň yzarlamaýanyna göz ýetirdim. Yzymdan eşidilen tapyrdy hem görgüli Susamyň aýak sesi eken. Ahyry yzymdan ýeten mahaly ol tutuş göwresi bilen haşlap dem alýardy, soň çöküne düşüp oturdy. Onuň ýüzünde aljyraňňylygyň alamaty bardy. Nämeleriň bolup geçenine, näme üçin dälirän ýaly, köçeden-köçä ylgap gelşime düşünmändigi görnüp durdy.

Ähli zat juda çalt bolup geçensoň, bolan işlere diňe häzir umumylykda göz ýetirip bilýärin. Metjitde bar ünsümi wagza berip, ümsüm otyrdym. Möwlananyň her bir sözi ýakut daşy deý gymmatlydy. Şeýle bir özümi unudypdyryn welin, ýanymdaky ýaş ýigidiň ýüzümi ýapyp duran ýaglygyň ujuna basanyny-da duýmandyryn. Heniz näme bolanyny aňşyryp ýetişmänkäm, ýaglyk syrylyp, selläm ýere gaçdy, ýüzümgözüm göründi duruberdi. Hiç kim aňan däldir öýdüp, derrew ýygnaşdyrdym. Ýöne başymy galdyran mahalym öň hatarda biriniň özüme tiňkesini dikenine gözüm düşdi. Onuň buz ýaly gök gözlerini, hyrsyz sypatyny, ýowuz ýüzüni şobada tanadym. Tanamajak gümanym barmy?! Ol Baýbarsdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Baýbars bozukhanadaky gyzlaryň hiç biriniň golaýyna barasy gelmeýän yzgytsyz müşderileriň biridi. Näme üçindigini bilemok, erkekleriň käbiri hem-ä bozuk aýallar bilen bolmakdan gaýdanoklar, hemem biz ýalylary ýigrenýärler. Baýbars hem şeýledi. Häli-şindi bolar-bolgusyz degşen bolar, küpür gürlär, kemsidiji sözler aýdar, yrsarara ýer gözlär-de, dessine-de gyzar. Bir gezek biziň birimizi erbet edip ýençdi welin, pula buta çokunan ýaly çokunýan hünsa hojaýyn hem durup bilmän, «Owarra bol, gaýdybam garaňy göräýmäýin şu ýerde» diýip, ony kowupdy. Ýöne Baýbars ýene geldi. Bolmanda, birnäçe aýyň dowamynda gelmesini bes etmedi. Soňra näme üçindigini bilemok welin, ol gelmesini birden kesdi. Gaýdybam oňa duşmadym. Ýöne, häzir görýän welin, metjitde otyr. Sopular ýaly, tegeläp sakgal goýberenem bolsa, gözi şol öňki göz. Görejinde henizem şol wagşyýana ýalpyldy bardy. Nazarymy bukdum. Ýöne gijä galypdym. Ol meni tanapdy.

Baýbars ýanyndaky adama bir zatlar pyşyrdady. Soňra ikisi birden yzyna bakyp, sowuk nazaryny maňa gönükdirdiler. Soňra üçünji bir adama-da yşarat etdiler, onsoň ýene birine... Şeýdip, şol hatardaky adamlaryň ählisi birin-birin maňa seredişdiler. Ýüzüm çym gyzyl boldy. Ýüregim ýerinden gozganarmyka diýdim, ýöne şonda-da gymyldamadym. Çaga umydy bilen duran

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ýerimden butnaman, waka öz-özünden ýatyşar hasap etdim.

Ýöne gaýtadan gözümi açanymda Baýbarsyň mähelläni böwsüp, özüme tarap gelýänini gördüm! Gapa tarap ýönelmek islesem-de, adam deňzinden gutulmak mümkin däldi. Baýbars bir bökende yzymdan ýetdi. Ol ed-dil alkymymda gögerensoň, deminiň ysynam alýardym. Ol golumdan tutdy:

— A-haw, sen ýaly ýoluny urduran aýalyň bärde näme işi bar?! — diýdi. — Heý, utançbeýleki ýokmy sende?

— Goýber, gideýin — diýip, sakawlap aýtsam-da, Baýbars gulak asmady.

Şol wagtam ýoldaşlary ýetişdi. Olar biri-birinden beter gaharly, üstüňe sürnüşip duran gödeňsi adamlardy. Gahardan ýaňa agyzlaryndan ot çykýardy. Metjitde duranymyzy ýatlaryndan çykaran ýaly, olar töweregimi gurşap alyp, meni kemsidip başladylar. Hemmeler öwrülip bize tarap seredişdi, hatda birnäçe adam juk-juk edip, nebsagyryjylykly seslense-de, beýtmäň diýen tapylmady. Göwrämde ysgyn-mejal galmady, dyzlarym sandyr-sandyr etdi. Idenekledip daşaryk çykardylar. Köçä çykanymyzda Susam dadyma ýetişer diýip umyt edýärdim. Ugruny tapyp gaçaryn öýdýärdim. Ýöne beýle bolmady. Köçä çykan dessimize adamlar has hem ýowuzlaşyp, haýbaty artyp, dyzaşyp duran boldular. Howsalanyň içinde metjitde

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ymama hem jemagata hormat goýandyklary üçin seslerini beýle gataltmandyklaryna düşündim. Emma köçede welin, olara päsgel berýän zat ýokdy.

Şu ömrümde gaty köp hasratly pursatlary başdan geçirsem-de, görýän welin, olaryň hiç biri meni şu gezekki ýaly sarsdyrmandy. Ençeme ýyldan soň, ahyry toba etmäge niýetlenip, Haka ýakynlaşmak üçin bilşimçe ädim ätdim. Ýöne, ynha, Ol maňa nähili gaýtargy berdi? Öýünden idenekledip kowdy! — Käşgä, metjide gitmedik bolsadym — diýip, öz-özüme belent ses bilen aýtdym. — Adamlar dogry edýär. Mukaddes ýerde men tetelliniň näme işi bar? Maňa metjitde-de orun ýok, kilisede-de!

— Beýle diýme — diýip, bir ses geldi.

Gaňrylyp seredenimde, gözlerime ynanyp bilmedim. Şoldy. Şol saçsyz-sakgalsyz derwüş! Dessine aýagyna ýykylyp, ellerinden öpjek boldum. Ýöne ol ýol bermedi.

— Ýok, estagfurullah, elimi öpdürýän däldirin — diýip, çürt-kesik, ýöne parahat aýtdy.

— Size diri galanym üçin bergidar — diýip pyşyrdadym.

— Maňa hiç hili bergiň ýok — diýip egnini gysdy. — Ýeke-täk bergidarymyz Alladyr. Ýöne Onuň Kuranda näme diýýänini bilýäňmi? «Maňa gözel bir bergi beriň!»

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ulug Allanyň öz bendelerinden näme üçin bergi isländigi barada, heý, oýlanyp görüpmidiň?

Näme diýjegimi bilmedim.

— Iman getirmek, ynanmak Oňa gözel bergi bermek diýmekdir. Eger ýüregiňden bermegi başarsaň, Ol hem ony esseläp yzyna gaýtarar.

Şu zatlary aýdandan soň, derwüş özüni tanatdy. Ady Töwrizli Şems eken. Ol gara gözlerini ýüzüme dikip, ömrümde eşiden iň täsin sözlerimi aýtdy:

— Adamlaryň käbiri durmuşa ajaýyp başlangyçlar bilen başlaýar, töwereginde nur halkasy ýalkym saçýar. Ýöne wagtyň geçmegi bilen şol nurly halkanyň reňkleri solup garalýar. Senem şolaryň biri. Daşyňdaky nur halkasy birmahallar üýtgeşik, ap-akja reňkde eken. Kä ýerinde sary hem goňur reňk menek-menek bolup dur eken. Ýöne häzir bedeniň daşyna solgun goňur zolak aýlanypdyr. Muňa gynanaňokmy? Hakyky öz reňkiňi küýsäňokmy? Aslyň bilen birleşesiň gelenokmy? Agzymy açyp, aňk bolup galdym. Onuň sözleri meni aljyradypdy.

— Häzir daşyňdaky halka ýalkymyny ýitiripdir, sebäbi öz-özüňe erbet hem hapysadygyňy ynandyrypsyň.

Dodagymy dişledim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ýöne men şeýle... hapa bulaşdym – diýip, ýuwaşja aýtdym. — Ýa kimdigimi aýtmadylarmy? Güzeranymy nädip aýlaýanymy bileňokmy?

Şems jogap bermegiň deregine, nazaryny uzaklara dikdi.

— Rugsat etseň, saňa bir hekaýat gürrüň bereýin — diýdi.

Onsoň ol, ynha, şu hekaýaty aýdyp berdi:

*Birmahal bir bozuk zenan ýoldan gidip barýarka, köçede galan bir ite duşupdyr. Janawar Günüň aşagynda gaty suwsan eken, dili damagyna ýelmeşip durmuş. Ýaňky zenan dessine aýakgabyny çykaryp, ýaglygyna daňypdyr-da, golaýdaky guýudan ite suw çykaryp beripdir, onuň teşneligini gandyrypdyr. Soňra hem öz ýoly bilen gidiberipdir.*

*Ertesi gün ol zenan ylymdan ýüki ýetik bir sopa duş gelipdir. Ol sopy ýaňky zenany gören badyna barypdyr-da, hormat bilen onuň elinden öpüpdir. Bozuk zenan haýran galmakdan hem utanmakdan ýaňa näderini bilmändir. Ol ömründe beýle hormaty görmese näme! Näme üçin beýle edenini soranda, sopy:*

*— Düýn sen bir suwsuz ite rehim etdiň ahyry, Haktagala merhemet edip, ähli günäleriňi şol ýerde bagyşlady. Indi sen gardanam päk... — diýipdir.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Uludan demimi aldym. Şems-i Töwriziniň näme diýmekçi bolýanyna aňryýany bilen düşünsemem, oňa bir hili ynanasym gelenokdy.

— Aýdyp beren hekaýatyň gowy eken, ýöne Konýadaky itleriň ählisini teşnelikden gandyrsamam, günämi ýuwmaga ýeter öýdemok.

— Ony sen bilmersiň — diýip, Şems aýtdy. — Ony diňe Alla biler. Has beterem, şu gün seni metjitden kowup çykaran adamlaryň Oňa özüňden has ýakyndygyny sen nireden bilýäň?

— Şeýle bolaýanda hem, bar-da, ony şol adamlara düşündirjek bolup gör — diýip, lapykeç dillendim.

Ýöne derwüş başyny aşak egdi.

— Ýok, bu dünýäniň çarhy beýle aýlananok. Olara muny biri düşündirmeli bolsa, olam özüň bolmaly.

— O nähili? Ýagşy-da bir diňlärler-ow! Adamlar meni ýigrenýärler. Olar tasdanam öldüripdiler-ä, görmediňmi?

— Diňlärler! — diýip, Şems aýgytly aýtdy. — Sebäbi «olar» diýen aýratyn bir barlyk ýok, edil «men» diýen zadyň bolmaýşy ýaly. Şuny ýadyňdan çykarma: älemde näme bar bolsa, ählisi biri-birine baglydyr. Ynsan, haýwan, ösümlikler, jansyz zatlar... Biz ýüzlerçe, müňlerçe aýry-aýry ýaradylanlar däldiris. Hemmämiz Birdiris.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Näme diýmekçi bolanyna düşünmedim. Düşündirerine garaşdym. Ýöne ol joşup gürlemesini dowam etdi.

— Bu-da kadalaryň biri. *On dokuzynjy kada: özgelerden hormat-sylaga, ýagşylyga ýada söýgä garaşýan bolsaň, ilkinji nobatda, bular üçin özüňe borçlusyň. Öz-özüni halamaýan adamynyň söýülmegi mümkin däldir. Sen özüňi halaýan, gowy görýän mahalyň dünýä saňa tiken ýollasa, begen. Diýmek, onuň bahym güli-de iberjekligidir.*

Sesimi çykarman durdum. Bir tarapdan, bu aýdylanlara düşünjek bolup dyrjaşsam, beýleki tarapdan, diňledigimçe janym rahatlyk tapýardy, göýä bu maddy älemden gaýyp bolup gidýän ýalydym.

— Özüňi gowy görülmäge mynasyp saýmasaň, meni äsgerenoklar diýip, başgalara gahar edip bilermiň? — diýip, Şems sorady.

Şu wagta çenli bile bolan erkek kişilerim barada oýlandym. Olaryň ysy, demi, gabarçakly elleri... Ömrümde, gör, nijema geň öwrümlere şaýat bolupdym. Arassa maşgalada önüp-ösen perzentleriň düşekde wagşy jandara öwrülip bilýändigini-de, daşyndan wagşyýana görünýän adamlaryň ýürekleriniň neneňsi ýumşak we rehimdar bolup bilýändigini-de görüpdim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Öz döwründe galtaman, jenjelçi bir müşderim bardy. Düşege geçende ýüzüme tüýkürmegi endik edinipdi. Her gezegem «Nejislik! Seniň bir haramzada!» diýip gygyrardy.

Ýöne häzir gap-gara geýnen bir derwüş öňüme geçip, meniň dag çeşmesi ýaly durudygymy, päkdigimi aýdýar. Ol hamala oýun edýän ýalydy. Ýöne güljek boldum welin, bir ýumry bokurdagyma tegek bolaýdy. Gülmeg-ä beýlede dursun, ýuwdunybam bilmedim.

Şems serimden geçen pikirleri okaýan ýaly, çalaja ýylgyrdy.

— Geçmiş bir girdapdyr. Duýman durkaň, ýuwdar goýberiberer — diýdi. — Ýöne saňa geregi diňe häzirki pursatdyr. Esasy zat, häzirki pursady hakyky ýaşap bilmekdir.

Şeýle diýdi-de, jüpbesiniň içki jübüsinden ýüpek elýaglyk çykaryp, maňa uzatdy.

— Al şuny — diýdi. — Bagdatda mübärek bir adam beripdi, seniň nesibäň eken. Bu elýaglygy tämiz sakla. Heran-haçan ýüregiňe şübhe aralaşsa, ol saňa içki dünýäň arassadygyny ýatladar.

Şeýle diýenden soň, ol hasasyny alyp, gitmek bilen boldy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Tizräk şol bozukhanadan daşlaş, gaýdybam o ýere barma! Sen Anka guşusyň, hapaçylykda nä işiň bar?! Bar, git. Hergiz yzyňa garama.

— Ýöne nirä gideýin? Barara gapym ýok. Onsoňam meni dessine taparlar. Bozukhanadan gaçan gyzlaryň soňy erbetlik bilen gutarýar.

— Soňumyzyň nähili boljagyny biz bilmeris – diýip, Şems aýtdy. — *Ýoluň ahyrynyň nirä baryp direjegi barada oýlanmak bihuda işdir. Sen diňe ilkinji ätlejek ädimiň barada oýlanmalysyň. Galan zat kem-kemden düzeler.*

Başymy atdym. Soramaga zerurlyk galmady, munuň Şemsiň kadalarynyň biridigi görnüp durdy.

***Süleýman serhoş Konýa, 1244-nji ýylyň 18-nji oktýabry***

Galanja meýi-de bir göterenimde başyma çekip, gijäniň ýarynda meýhanadan çykdym. Hristos gapa çenli ugratdy. Ugradyp barýarka-da, nekirtläp-nekirtläp sargady:

— Süleýman jan, aýdanlarymy ýadyňdan çykaraýmagyn. Diliňe berk bolgun!

Başymy atdym. Bir tarapdanam, adamyň özi üçin alada edýän dostunyň bolmagy nähili gowy diýip, öz ýanymdan begendim. Özümi bagty çüwen hasapladym. Ýöne

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
garaňky köçä ädim äden dessime, süňňümi öň hiç wagt duýmadyk argynlygym basmarlady.

Ýanymda bir küýze şerap bolsa, birje ýuwdum içäýsem, şobada janlanaýjagymy bilýärdim.

Ýanýoda bilen çaryklarymy tykyr-tykyr seslendirip ýöräp barýarkam, Möwlana Rumynyň ala goh bolup geçip barşy ýadyma düşdi. Uly wagyzçynyň muşdaklarynyň göwnüme degmegi maňa erbet täsir edipdi. Meni tanaýan ýokdy. Diňe meýhanada içýäň diýip, metgi edip belläpdiler. Bu dünýäde meniň iň içimi gysdyrýan zat özüni hondan bäri tutýan adamlardy. Her kimiň günäsi özünekä, her kim özüne jogap berýärkä, olara näme bolýarka, teý, düşünip bilemok-da? Şu ýaşyma çenli näme gören bolsam, özüni ýokary tutýan adamlardan gördüm. Şeýle adamlar maňa öte köp azar beripdiler welin, olary ýatlasam, saçlarym dik-dik boluberýär.

Ynha, şeýle oý-pikirler bilen tutluşyp, burçdan öwrülip, kiçijik köçä düşdüm. Iki tarapdaky düzüm-düzüm äpet agaçlar bu ýeri hasam garaňky görkezýärdi. Şulam az ýaly, Aý buludyň aňyrsynda gizlenende töwerek dürtme garaňkylyga öwrüldi. Şeýle bolmadyk bolanlygynda golaýyma gelen iki ýasawuly bireýýäm görerdim.

— Essalawmaleýkim — diýip, olara salam berdim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ýöne ýasawullar salamyma «waleýk» diýmediler. Oňa derek gijäň bimahal çagy köçede näme işläp ýörenimi soradylar.

— Hiç-läý, öýe barýan — diýenimde az-kem sakawladym.

Ýüzbe-ýüz durduk. Arada sowuk ümsümlik höküm sürdi; uzakdan üýrýän itleriň sesi eşidilýär diýmeseň, töwerekde ses-üýn ýokdy. Birden ol adamlaryň biri maňa tarap bir ädim süýşüp, howany ysgady.

— Pö-üf, ýaman erbet ys bar-aý — diýip, abşarylyp durdy-da, ýaňsyly seretdi.

Beýleki-de şobada gürrüňe goşuldy:

— Hawa-laý, porsan maslyk ýaly şerabyň ysy gelýär.

Gürrüňi degişmä salmagy ýüregime düwdüm:

— Alada galmaň, bu ys hakyky ys däl. Dogrusy, hakyky meý haram edilip, diňe göçme manydaky meý mübah kylnypdyr, şu alan ysyňyzam göçme manydaky meýiň ysy bolsa gerek.

Bu jogap ýaş ýasawulyň göwnüne ýaramady.

— Merez bolsa gerek, zäher bolsa gerek, näme samahyllaýaň? — diýip gaharly hüňürdedi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Hut şol mahalam bulutlaryň arasyndan Aý peýda boldy-da, ählimizi şuglasyna gark etdi. Indi öňümde duran ýasawuly arkaýyn görüp bilýärdim. Tegelek dolmuş ýüzli,

eňekmen ýasawulyň gök gözleri

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
sop-sowukdy, burny bürgüdiň çokjasy ýaly somalyp durdy. Bir gözi çaşy bolmadyk bolsa we elbetde, keşbinde ýakymsyz ulumsylygyň sudury duýulmaýan bolanlygynda, görmegeý ýigit diýip boljakdy.

Ýasawul gaýtalap sorady:

— Gijäň bimahal çagty nämä entäp ýörsüň? Nireden gelip, nirä barýaň?

— Nireden gelip, nirä barýaň diýýäňizmi — diýip, totuguş bolup gaýtaladym. — Ogul, bu aýdýanyň gaty inçe mesele. Eger bilýän bolsadym, onda ulama-molla bolardym.

Ýasawul gaşyny çytdy.

— Men bilen henek atyşjak bolýaňmy, nejis haramzada!

Heniz näme bolup geçýänini aňyp ýetişmänkäm, ol gamçysyny eline alyp bulaýlady.

Biygtyýar güldüm. Ýaş ýigit urara jaýdar ýer aňtaýardy. Hamala oýun edýän ýaly, hereketleri diýseň haýbatlydy. Şol pursat gursagyma duýdansyz urlan gamçynyň zarbasyna aljyradym. Urgy diýseň duýdansyz boldy welin, bu zarbada göwrämi saklap bilmän ýere ýykyldym.

— Me saňa, aýdylandan netije çykarmaýanyň paýy şü... — diýip, ýaş ýasawul gamçyny bir elinden beýlekisine aldy. –– Içgi içmegiň günädigini bileňokmy?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Agzymda gyzgyn, şorumtyk tagam duýdum. Onuň öz ganymyň tagamydygyna düşündim. Iş ula ýazmaz ýaly, dilime berk bolmalydygymy bilýärdim, ýöne oglumyň ýaşyndaky ýigidiň taýagyny iýip durmaga çydam edip bilmedim. Dil açdym.

— Eger jennete sen tetelliler girjek bolsa, men girmesem-de bolar, gardaş — diýdim. – – Içerinem, günämem özüm götererin, şeýdenim müň paý gowy.

— Seniň bir, deýýus! – diýip, ýaş ýasawul jabjyndy. Soňra-da gamçysyny depämden indirip başlady. Elim bilen ýüzümi tutsam-da, peýdasy degmedi. Gamçy her gezek inende agzymdan hykgyldydan başga zat çykmady. Şol wagt köne, hereketli bir aýdym ýadyma düşdi. Hiňlenip aýdyma başladym: — *Aman, ýarym, jan ýarym, bu janym saňa gurban, Sen bir meý, menem bada, doldur meni ýaňadan*.

Men aýdyma gygyrdygymça, ýasawulyň myrryhy atlandy. Gamçy barha gazaply inmäge başlady. Janhowluma menem barha belent sesde gygyrýardym. Ikimizem biribirimiziň kejimize gaýdyp, ýan bererli däldik. Men gygyrdygymça, ol şonça-da paýyş sögünýärdi, ol sögündigiçe-de, men barha gaty gygyrýardym. Eli ýadar goýar öýtdüm, ýöne goýmady. Haýran galaýmaly, adamda beýle-de ýigrenç boljak oguşýa!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ahyry sesim gyryldy. Gözümiň öňünde şöhlejikler gaýmalaşdy-da, birdenem bar zady tüm garaňkylyk gaplady. Beýleki bir ýasawulyň: «Baýbars, besdir! Beýtme ahyry!» diýýänini çala eşidýärdim.

Gamçy urgulary birden kesildi. Bir zatlar diýesim geldi. Soňky sözi özüm aýdaryn öýtdüm, ýöne agzym gandan dolup gürläp bilmedim. Ýüregim bulandy, öz üstüme gaýtardym.

Baýbars:

— Bolup ýatyşyňa seret, sen ýaly adama tüýs geregi, seni göreňde, nebsiň agyrýar — diýdi. — Ýöne päliňe görä tapdyň.

Olaryň menlik işleri gutarypdy. Ýeňselerine öwrüldiler; uzaklaşýan aýak seslerini eşidip galdym.

Şol ýerde näçe wagt ýatanymy bilemok. On minut bolmagam ahmal, ençeme sagada ýeten bolmagy-da mümkin. Wagt duman perdesi deýin ýukaldy. Asmandaky Aý bu halymy görmek islemeýän ýaly, bulutlaryň aňyrsynda gizlendi. Akyl-huşum, göwräm ömür bilen ölmüň arasynda — berzahda hallan atýardy. Birden bir tarapymyň doňup durmasy aýryldy; bedenimiň öýjükleriniň her biri yza öwrülip agyryp başlady. Ýaraly haýwana dönüp, şol ýerde iňledim ýatdym. Birhaýukdan soň biriniň golaýyma gelenini duýdum. Ilki gorkudan daşa döndüm. Birden ogry-jümri bolaýsa bildiňmi? Soňra

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
gülkim tutdy. Ýasawullaryň taýagyny iýeniňden soň, gel-gel, jübükeserlerden gorkmaň näme diýsene!

Garaňkylykdan uzyn boýly, inçesagt derwüş peýda boldy. Ýanyma gelip salam berdi, ýerimden turmaga kömekleşdi. Töwrizli Şems diýip, özüni tanatdy, soňra meniň adymy sorady.

— Konýaly Süleýman serhoş emriňize taýyn. Hormatyňyza minnetdardyryn – diýdim.

Şems ýüzümdäki ganlary süpürýärdi.

— Ýaraly ekeniň — diýip, mydyrdady. — Içiňem şeýle, daşyňam.

Jüpbesiniň jübüsinden bir çüýşe çykardy.

— Şu melhemi ýaralaryňa çalarsyň — diýdi. — Bagdatly mübärek bir adam sowgat berdi. Seniň nesibäň eken. Içiňdäki ýaraň daşyňdakydan has erbet.

— Taňry ýalkasyn — diýip sakawladym. Onuň rehimdarlygyndan gözüme ýaş aýlandy. — Meni gamçylaýan adam: «Siz tetelliler dünýäde öte köplük edýär» diýdi – – diýdim.  Bu zatlary gürrüň berýärkäm, sesim endiräp çykdy, tas aglapdym. Ejizlänime utandym.

— Biderek aýdypdyr — diýip, Şems dillendi. — Biler bolsaň, bu dünýäde her bir adam hökmany zerurlykdyr

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
hem-de ýüz öwrüp bolmajak derejededir. Tötänden düşen ýa-da artykmaç ýekeje-de zat ýokdur. Bu kadalaryň biridir.

Näme kadanyň gürrüňini edýändigini sorap ýetişmänkäm, şeýle diýdi:

— Ýigrimi birinji kada: *Her kime bir hili häsiýet berlendir. Eger Alla hemmeleriň birmeňzeş bolmagyny islän bolsady, şübhesiz, şeýle ederdi. Tapawutlylyklara hormat goýmazlyk, öz hakykatlaryňy özgeleriň boýnuna dakmaga çalyşmak Hakyň mukaddes nyzamyna hormat goýmazlykdyr.* — Aýdýan zatlaryň gowy, ýöne... — diýip, kynlyk bilen dillendim. − Men ähli zada şübheli garaýaryn, hatda Taňra-da.

Şems-i Töwrizi argyn ýylgyrdy.

— Şübhe erbet zat däl ahyry. Şübheleňýän bolsaň — diridigiňdir. Bir zatlar gözleýänsiň.

Ol sözüni kitapdan okaýan ýaly, joşgunly labyzda dowam etdi:

— Adam bir gijede iman eýesi bolmaýar, Süleýman. Ynsan özüne ynanýandyryn öýder, ýöne soňra başyna garaşmaýan bir işi düşse, ikirjiňlener, yraň atar. Soňra ýene özüni dürsär, imanyny kuwwatlandyrar, soňra ýene şübhe çukuryna togarlanyp gaýdar... Bu şeýder dowam

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
eder barar. Belli bir basgançaga ýetýänçäk, bir o ýana, bir bu ýana gyşarjak bolar durarys. Kä mömin, kä müňkür, kä şübheçil. Kä jennete mynasyp, kä jähenneme laýyk. Diňe şeýdip öňe gidip bileris. Her ädimimizde-de Haka az-kem ýakynlaşarys. Şübhe duýmazdan, iman mümkin däldir.

— Hristos bu sözleriňi eşitse, alada galar, walla. Agzyňdan çykýan sözlere üns ber diýip, garalla baryny ýagdyrýar — diýdim. — Her sözüň öz gulagy bardyr diýip, mydama gulagyma guýup ýör.

Şems-i Töwrizi güldi:

— He, olam dogry aýdýar — diýdi. Soňam birden ýerinden turdy. — Ýör, hany, seni öýüňe äkideýin. Ýaralaryňy daňarys, soňam biraz ýatsaň kem bolmaz.

Goltugyma girip, aýak üstüne galmaga kömek etdi. Ýöne ýöräre mejalym ýokdy. Şol wagt derwüş ýaýdanyp durmady-da, meni arkasyna hopba etdi. Öz ysym öz burnuma urdy. Utanyp gitdim.

— Meni ýere taşla. Gaty erbet porsapdyryn — diýdim.

— Işiň bolmasyn, sen gowusy, öýüňe nähili gitmelidigini salgy ber.

Ynha, şeýdip, Töwrizli Şems üst-başymdaky gan-koka, siýdige, gusuga garaman, meni

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Konýanyň darajyk köçeleri bilen arkasyna alyp gaýtdy. Çuň ukuda ýatan öýleriň, dükanlaryň, külbeleriň deňinden geçdik. Howlularyň haýatlarynyň aňyrsyndan itler üýrüşdiler.

— Mydama bilesim gelip ýören bir zat bardy — diýdim. – – Sopularyň taryp edýän meýi hakyky meýmidir ýa göçme manydaky aňlatmamy?

Şems çaga bilen gürleşýän ýaly, mylaýym ýylgyrdy:

— Ylahy meý, Süleýman! Şony bilesiň gelýärmidi? Onuň näme parhy bar? — diýdi. Ahyry öýümiň deňine gelip ýetdik. Meni seresaplyk bilen arkasyndan düşürdi. Soňam şeýle diýdi:

— *Ýigrimi ikinji kada: Allanyň çyn aşygy bir meýhana girdimi, ol ýer onuň üçin namazgähe öwrüler. Ýöne serhoş şol namazgähe girdimi, ol ýer onuň üçin meýhana döner. Bu durmuşda näme etsegem, tapawutlary ýüze çykarýan daş görnüşimiz dälde, niýetimizdir.*

Şems meni öýüme getirip gidenden soň, tükeniksiz görnen hem halys eden gijäniň säher çagynda düşegime geçip, ýüzin düşüp ýatdym. Ýaralarymyň agyrysyndan ýaňa uklamak mümkin däldi, ýöne şonda-da içimde bir ýerlerde özüm üçin nätanyş bolan rahatlyk, kaýyllyk bardy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Ähli ýerim agyrydan zerzaw hem bolsa, haýran galaýmaly ýeri, näme üçindir, janym ýanyp durmaýardy. ***Ella***

***Boston, 2008-nji ýylyň 3-nji iýuny***

Beýle-beýle zatlara garaşanokdy. Iýun aýynyň ilkinji günlerinde şeýle bir işler başyna düşdi welin, olaryň hiç birini küýüne getirmeýärdi, esasanam, Kölege aşhanada öli halda tapylar diýip güman edenokdy. Itiň garranyna, mütdetiniň dolup ýörenine aňry ýany bilen düşünse-de, şunça wagtlap öýde iň ýakyn ýoldaşy bolan jandary ýitirmek Ellany erbet elendirdi. Soňra Orlynyň mekdep müdirinden hat aldy. Hatda gyzynyň ýetginjeklikde bolup geçýän ruhy sarsgyny başdan geçirýändigi we ony psihologa görkezilse, artykmaçlyk etmejekdigi bellenýärdi. Onuň synpdaşlarynyň ählisi bu ýagdaýdan habarly eken. Ella habary çuňňur günäkärlik duýgusy bilen kabul etdi. Nädip, perzendiniň ýagdaýynyň şeýledigini aňmadyka? Näme üçin alkymynda bolup geçýän zatlary görmekde gijä galdyka? Ýazyklylyk duýgusy Ella üçin täze zat däldi. Ýöne özüniň enedigine şübhe etmek welin, bütinleý täze duýgudy. Şol döwürlerde Ella her gün Aziz Z. Zahara bilen hat alşyp başlapdy. Her gün iki, üç, käte bäş-alty hat ýazyşýan halatlary-da bolýardy. Ýadyna düşen, içini gysdyran ähli zat barada Azize habar berýärdi. Aziz hem gijä goýman jogap ýazýardy. Şunça syýahat edýändigine we dünýäniň

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
aňrujuna gidip gelýändigine garamazdan, onuň, nädip, internet aragatnaşygyny ýitirmeýşi Ella üçin syr bolup durýardy. Özi-de bilmezden, Aziziň sözleriniň muşdagyna öwrülipdi.

Indi ol her pursatda elektron hatlary barlap durýardy. Irden gözüni açyp-açman, ertirlik edinenden soň, irki gezelenjinden gaýdyp gelende, öýlän nahar bişirýärkä, daşaryk çykmazdan ozal, hatda köçede odur-budur alýarka-da, internet kafelere baryp, gelen hatlary gözden geçirýärdi. Iň halaýan serialyna tomaşa edýän mahaly, nahar bişirme jemgyýetinde pomidor dograp durka, goňşulary bilen telefonda gürleşýärkä ýa-da ekizleriň mekdep hem öý tölegleri baradaky mydy-mydylaryny diňleýärkä-de, ýan kompýuteri hemişe ýanynda, hat gutujygy bolsa elmydama açykdy. Azizden täze hat gelmedik bolsa, öňkülerini gaýtadan okaýardy. Täze hat gelen bolsa, söýgä ulaşan ýetginjek ýaly, tolgunman durup bilmeýärdi. Çünki indi bir zady bilýärdi, bu hat alyşmalar ýönekeý tanyşlyk däldi.

Aziz bilen alyşýan hatlarynyň arasy güreldigiçe, Ella öňki arkaýynlygyndan ara açýandygyny duýýardy. Çal hem goňur reňk agdyklyk edýän polotno meňzeş durmuşyna häzir diýseň janly — ýagty, kümüşsöw, aldawçy reňk goşulypdy. Ol bu reňkden çekinýärdi. Ýöne onuň dartyş güýjüniň öňüni alyp bilmejegini-de bilýärdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Aziz boş ýere hat ýazyp ýören adam däldi. Ýüregini ýolbelet edinmeýän, yşka özüni bermedik adamlaryň hiç biriniň, Aziziň pikiriçe, jansyz göwreden tapawudy ýokdy. Aziz ýazmagyň hatyrasyna ýazmaýardy. Hatlaryny elmydama yhlas bilen, esasy meseleler barada: ölüm hem dirilik, ynanç hem pelsepe, onsoňam yşk hakda ýazýardy. Ella şeýle düýpli mowzuklarda pikirini aýtmaga asla öwrenişmedigem bolsa, oňa höwes bilen imrigýärdi.

Bu gatnaşygyň bir ýerlerinde ýaşyryn söýgi ýokundysy, elbetde, bolsa bardyram, ýöne Ella onuň zyýansyz söýgüdigine ynanýardy. Eýse, kiperälem diýilýän tükeniksiz ähtimallyklar labirintiniň hersi bir künjeginde durup, bir-birine söýgi bilen bakmaga näme päsgel berip bilsin? Hat alyşmalar arkaly Ellanyň maşgala bolaly bäri inçelip, üzülere gelen özüne ynamlylyk duýgusyny gaýtadan dikeldip bilmegi ahmaldy. Başga bir tarapdan, orta ýaşly, maşgalaly-zatly amerikaly bir aýalyň gyzyklanmasyna sezewar bolmak, belki, Aziziň hem özüne bolan buýsanjyny artdyrýandyr. Her näme bolanda-da, ol seýrek gabat gelýän erkek kişilerdendi. Garşysyndaky aýalyň özi bilen gyzyklanýanyny duýar-duýmaz, temegini göge tutup, gurda dönübermeýän erkekdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Çagaly-çugaly halyna keseki erkek kişi bilen ertir diýmän, agşam diýmän hat ýazyşyp, içgin söhbet etmek Ella wyždan azabyny berýärdi. Ýöne herhal, bu gatnaşyk ten lezzetine öwrülmez. Hemişe platonikligine – galtaşmasyzlygyna galar.

Bu ýazyksyz günä, günäsiz etmişýaly bir zatdy... ***Ella Boston, 2008-nji ýylyň 5-nji iýuny***

*«Öňki hatyňda şeýle ýazypsyň: geldi-geçer netijä esaslanýan meýilnamalar düzüp, durmuşyň akymyna erk edip bileris öýdýäris. Ýöne balyk ýüzüp ýören ummanyna erk edip biler öýdýäňmi? Bu diňe soňy puç umytlara hem ýitgilere getirer.*

*Meniň durmuşym bolsa, hemişe her dürli meýilnamalardyr sanawlar düzmek bilen geçýär, Aziz. Maşgalamyza gerekli zatlaryň ählisi meniň boýnumda. Iň owunjak zatlara çenli özüm seretmeli bolýan. Meni tanaýanlaryň haýsy birinden sorasaň, saňa doly aýdyp berer. Men öňden gelýän ýörelgelere eýerýän ene. Bellän düzgünimden çykylsa halamok (meniň düzgünlerim Şemsiň kadalary ýaly özüne çekiji däl, elbetde). Bir gezek uly gyzym gaharlanyp, partizançylyk taktikasyny ulanýandygymy aýtdy.*

*Olar bilen ýüzbe-ýüz gürleşip, özlerine garşy «umumy uruş» yglan etmegiň ýerine, «durmuşyna sokjarylmak» usulyny peýdalanýarmyşym.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Bir aýdymda aýdylýardy ahyry: «Que sera, sera» — «Boljak işe ýokdur çäre» diýip, ýadyňa düşýärmi? Bu meniň diýjek aýdymym däl. Özümi hiç erkime goýberemok. Sen dindar adam, ýöne men beýle däl. Dogrusy, her hepde maşgala bolup Şebti belleýäris. Ýöne bu dini çäre bolmakdan beter, biz üçin medeni däp ýaly bir zat. Uniwersitetde okaýarkam, bir ýola Gündogar mistisizmi bilen gyzyklanyp, buddizmi we taoizmi esli wagtlap öwrenipdim. Bile okaýan joralarymyň biri bilen Hindistana gidip, ybadathanalarda ýaşamak hyýalyna-da mündük. Ýöne durmuşymyň şol döwri uzaga çekmedi. Mistiki taglymatlar her näçe ajaýyp bolsa-da, döwrebap ynsanyň zeruryýetlerini kanagatlandyryp bilmeýär diýip şol wagtlar pikir ederdim.*

*Dine beýle sowuk çemeleşmäm seni ynjydyp duran däldir-dä hernä. Şu zatlary özüň babatda hemişe dogruçyl bolmagy isleýänim üçin ýazýaryn. Ony wagty ýeten boýun alma diý-de hasap edäý.*

*Sen*

*i*

*gör*

*me*

*zde*

*n*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*küý*

*seý*

*än*

*Ell*

*a.*

***

*«Gadyrdan partizan Ella,*

*Hatyňy Amsterdamdan Malawä gitjek bolup durkam aldym. AIDS-iň ýaýran ýerine, çagalaryň üçden ikisi hossarsyz galan obany surata düşürmäge gidýärin. Işler ugruna bolsa, dört günden soň, öýüme dolanyp gelerin. Onuň şeýle bolmagyny umyt edip bilerinmi? Hawa. Onda ony şeýle etmäge erkim ýetermi? Ýok!*

*Bar edip biljek zadym: ýan kompýuterimi ýanyma almak, gowy işleýän internet aragatnaşygyna girmek we şu durmuşda ýene bir gün ýaşap biljekdigime umyt edip, hereket etmek. Galan zat meniň hem elimde däl, seniň hem. Ynha, şu erkimiziň ýetmeýän bölegine sopular «bäşinji unsur - element» diýýärler. Ot, toprak, howa we suw bilen birlikde dünýäni emele getirýän bäşinji unsur: Boşluk. Düşündiribem, erk edibem bolmaýan, netijede-de partizançylyk taktikasyny ýola goýmak mümkin bolmadyk ölçeg. Biz ynsanlar bu unsura doly akyl ýetirip bilmesek-de, onuň bardygyny bilýäris. Kaýyllygyň nämedigini*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*bilmeýändigiňi aýdýaň. Eger kaýyllyk diýip, asla isleg ýa-da garşylyk bildirmezlige, pikir beýan etmezlige düşünýän bolsaň, onda oňa menem ynanmaýaryn. Meniň kaýyllyk diýip düşünýän zadym bäşinji unsura uýmagyň gerekligidir.*

*Tasawwuf bilen tanşan mahalym, Taňrynyň huzurynda öz-özüme söz berdim. Dogry ýoldan aýrylmazlyk üçin elimden geleni etjekdigime, egoma — menligime boýun egmejegime we galan zatlaryň ählisini Oňa we diňe Oňa tabşyrjakdygyma lebiz etdim. Meniň göz ýetirýän çäklerimden aňyrda-da bir zatlaryň bardygyny ykrar etdim. Gepiň keltesi, Oňa ynandym. Ynanç hem yşk ýalydyr. Ol subut edilmegini talap edip durmaýar. Mantyga laýyk düşündirişe-de mätäç däl. Ol ýa bardyr, ýa-da ýok!*

*Meni dindar adam hasap edipsiň. Ýöne men beýle däl. Dindar bolmak bilen ynançly adam bolmak şol bir zatlar däldir. Bu iki düşünjäniň arasyndaky tapawut, belki, hiç haçan şu günlerdäki ýaly aýyl-saýyl bolan däldir. Döwrebap dünýäde barha ýitileşýän bir çykgynsyz ýagdaý bar. Biz adamlar dinden, döwletden, jemgyýetden garaşsyz «rasionalist, paýhasly şahsyň» erkanalygyna esaslanýan bir ulgam döretdik. Ýöne adamzat ruhy gözleglerinden hem ýüz öwürmedi. Biz indi akylyň ýetýän çäklerinden aňyrlarda nämäniň bardygyny bilmek isleýäris. Şunça wagtlap akyla daýananymyzdan soň,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*aňymyzyň çäkli bolaýmagynyň ahmaldygyny boýun almaga başladyk.*

*Bu gün, edil döwrebaplaşma döwründen ozal bolşy ýaly, ruhanyýete bolan gyzyklanma babatda uly öňegidişlik bolup geçýär. Bütin dünýäde barha köp adam özleriniň başagaý durmuşlarynda ruhanyýete has uly orun bermäge çalyşýarlar. Emma ruhanyýet täze bir «pişe» däldir. Ol durmuşymyzda we şahsyýetimizde düýpli özgerişlikleri amala aşyrmazdan, özleşdirip boljak zat däl.*

*Nahar bişirmegi halaýanyňy ýazypdyň. Töwrizli Şems dünýäni ullakan gazana meňzederdi. Onuň içinde iňňän datly tagam bişip dur. Edýän işlerimiz, duýýan, diýýän, hatda pikir edýän her bir närsämiz nahar bişirmek üçin bu gazana atýan zadymyzdyr. Şeýle bolýan* bolsa, bu *ählumumy tagama näme goşant goýandygymyz barada özözümizden soramagymyz gerek. Biz oňa öýke*-kine, gahar-*gazap, ganly çaknyşyklar we ýowuzlyk atdykmy ýa-da yşk, ynanç hem agzybirlik?*

*Eýse, sen näme goşduň, gadyrdan Ella? Adamzat diýilýän çorba nähili tagam goşant goşduň? Heran-haçan sen hakynda oýlansam, meniň bu gazana atýan zadym ullakan ýylgyryş bolýar. Seni heniz tanamasam hem küýseýärin...*

*Çuňňur söýgi bilen Aziz».*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

## *Üçünji bölüm Howa*

### *Ýaşaýyşdaky geçýän, göçýän we aýlanýan zatlar...*

### *Yňdarma (Fanatik) Konýa, 1244-nji ýylyň 19-njy oktýabry*

*Birden köçede itleriň üýrýän sesini eşidip, düşegimden dikeldim. Itler golaýdaky öýleriň birine girmäge synanyşýan ogrynyň ýa-da ýoldan geçip barýan serhoşuň ysyny alan bolsalar gerek. Indi sapýürekli adamlara öýünde arkaýyn ýatmak haram boldy. Ähli ýerde azgynlyk hem ahlaksyzlyk höküm sürýär. Konýa ozalam şeýlemidi? Ýaňyýaňylar, birnäçe ýyl mundan öň hem, bu şäher iň parahat, gorkusyz-ürküsiz ýerdi. Emma şu «ahlak bozuklygy» diýilýän apatyň palçykdan, batgalykdan parhy ýok. Birje gezek gyrasynda göründigiň, ýa üstüňe çyrşalar, ýa-da ol seni özüne sorar. Bu şeýle howply musybet welin, ýaş-garry, baý-garyp diýmän, kim bolsaňam öz penjesine alýar. Ynha görseň, şemala çabrap ýaýraýan ýalyn ýaly, çar tarapyňy gurşap alandyr. Şäherimiziň häzirki hal-ýagdaýy-ha, ine, şeýle... Medresede sapak bermek aladam bolmadyk bolsa, dogrusy, her säher öýden daşaryk ädimimem ätmezdim.*

*Döwür ýamanam bolsa, herhal jemgyýetiň nyzamy başsyz-gözegçisiz däl. Jemgyýetiň bähbidini onuň*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*agzalarynyň bähbidinden ileri tutup bilsek, ertir-agşam diýmän, jemgyýetçilik tertibini gorap-goldap ýörenler hem bar. Meselem, agamyň ogly Baýbars! Aýalymam, menem oňa buýsanýarys. Baýbarsdyr beýleki ýasawullar gijäniň biwagt çagynda jenaýatkärler töwerekde sümsünişip ýörmesin diýip, biz öýümizde rahat ýatar ýaly, aýak üstünde.*

*Ençeme ýyl mundan ozal sanaglysy dolup, agam bu dünýäden göç edensoň, Baýbarsa özüm hossar çykdym. Ony öz oglum ýaly ösdürip ýetişdirdim. Ganygyzgyndyr,* gatyja *hozdur özi. Mundan alty aý öň ol ýasawul boldy. Myş-myşlara gulak gabartsaň, men medresede ders bermeýän bolanlygymda, Baýbarsyň iş tapjak gümany ýokmuş. Barypýatan jyp dyrma! Baýbars bu işiň aňryýany bilen hötdesinden gelip biljek derejede başarnykly hem gaýratly ýigit. Islese, ajaýyp esger bolup hem bilerdi. Emma Küdusa barýan ýoldaky Haç göterijiler başlyklaýyn dinimiziň duşmanlarynyň ählisine garşy söweşe goşulmak üçin urunsa-da, bärden gitmegini menem, aýalym hem göwnemedik. Şu ýerde galyp, öýlenip maşgalaly-mülkli bolmagyny isledik. Oňa öýli-işikli bolmaga bireýýäm çen* boldy.

*— Ogul, sen mert, güýçli, tutan ýerini goparýan ýigit, sen bärde-de* gerek *— diýip, garşy çykdym. — Maksadyň jihat etmek bolsa, şu şäherde-de jihat edere zat köp.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Hakykatdanam, şeýle. Şu gün ir bilen aýalyma aýtdym:*

*— Kyn döwri başdan geçirýäris, keýwany. Ahlaksyzlyk barha möwjeýär — diýdim. Her gün bir ýerlerde nähilidir heläkçiligiň bolany hakda habarlar eşidilip dur. Tötänden däl. Eger mongollar şular ýaly üstünlik gazanýan bolsalar, hristianlar öz maksatlaryna ýetmek üçin ilerleýän bolsa, yslam duşmanlary obama*-oba, *şähermeşäher talaňçylyk edýän bolsa, bu zatlaryň ählisiniň sebäpkäri Allanyň ýolundan gyşaranlardyr! Gürletseň musulmandyryn diýip, yslamyň* kadalaryna *eýermeýänlerdir! Eger bir ýurduň ilaty ýoldan çyksa, şular ýaly, gaýdyp dikeldip bolmajak ýagdaýa düşer.* Mongollar *— günälerimiziň öwezine berýän tölegimizdir. Olaryň iberilmeginiň sebäbi şol. Mongollar bolmadyk bolaýanda-da, şu gezek ýa ýer hopardy, ýa*-da suw belasy *— sil gelerdi. Günäkärler şu zatlardan sapak alyp, toba gelsinler diýip, ýene näçe apatlary başymyzdan geçirmeli? Başymyza gelmedik bir bela — gökden daş ýagmasy; şu gidişine gitse, ol hem uzak däl. Sodom hem Gomorranyň wejera ýaşaýjylarynyň ýoly bilen gitsek, ähli*mi*z köki-damarymyz bilen ýok edileris. Şu geň-taň hem birtöwra sopular bar-a, şolaram hemmelere ters görelde bolýarlar. Musulmanlara gelişmejek samahyllamalar dillerinden düşmeýäni-hä düşmeýäni,* dinden, imandan gep uran bolup *ýörmeleri meniň myrryhymy atlandyrýar. Lenç edilen pikirlerini ýer*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*tutdurmak üçin, Pygamber Serwerimiziň eziz ismini agzanlarynda ganym gaýnaýar. Nämemiş, bir uruş tamamlanandan soň, hezreti Muhammet halka ýüzlenip: «Indi kiçi jihady tamamladyk, mundan soňra uly jihada başlaýarys» diýipdir. Mutasawwuflar şundan ugur alyp, biziň ýeke-täk duşmanymyz nebsimizdir, hiç kim bilen duşmançylyk etmäliň diýýärler! Bir topar kişiniň gulagyna şular ýaly myssyjak sözleriň hoş ýakmagy ahmal, ýöne pyçak süňke diräp, kapyrlar hem dinsiz mülhitler bilen söweşmäge gezek gelende, onuň bize näme peýdasy degsin? Tasawwufçylar meseläni ýagşy çişirip: «Öňümizde hatara dört gapy bardyr; şerigat, magryfat, tarykat we hakykat. Olar menzil-menzil ýol sökülip ýetilýändir» diýýärler.*

*Käbirleri bolsa: «Şerigat diňe bir menzildir» diýýär. Şo diýýänleriniň nämedigini özleri bir bilýämikä?!*

*Onsoňam çekinmän: «Dördünji gapa ýeten kişini birinji gapynyň kadalary baglap bilmez. Hakykata ýetenler şerigatyň kadalaryna uýmaga mejbury däldir» diýýärler. Al saňa gerek bolsa! Beýik mertebä ýetendirin öýdýärler, şeýlemi? Azjaga her zat bahana! Içgi içmek, raks etmek, saz gurallaryny çalmak, şygyr ýazmak, surat çekmek... olaryň pikiriçe, dini wajyplardan has möhümmiş. Haçan görseň, agzyndan düşürmän: «Eger yslamda hemme adam Hakyň huzurynda deň hasap edilýän bolsa, onda her bir adamyň Allany özbaşyna gözlemäge haky bardyr»*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
diýip wagyz edýärler. Şeýle gepler gulaga zyýansyz, hatda kir-kimirsiz, çirksiz ýaly bolup görünýänem bolsa, olaryň halka wagyz edýän söz dürüşdeleriniň astynda ýaşyryn hem erbet niýetiň gizlenip ýatandygyny bilip durun. «Dini guramalara gulak asmaň, olaryň nämä geregi bar!» diýýärler. Olar şeýle diýmek bilen, aslynda bizi göz öňünde tutýarlar.

Sopulardan sorasaň mübärek Gurhan-y Kerim syrly alamatlardan, göçme manyly nyşanlardan doly bolmaly. Harp-harp edip ebjet hasabyna geçirip, aýatlardan gizlin manylar gözleýärler. Her bir sözüň hem daşky, ýüzleýin manysy, hem-de içki, gizlin manysy barmyş. Şonuň üçin hem, her bir aýata ençeme mertebe manysy bolan ýazgy hökmünde seredýärler. Gapyllar! Gözlär ýaly näme bar? Alla hiç bir hökümini gizlemändir ahyry! Açyk-aýdyň beýan edýär. Sopular kysmy üsti örtükli salgylanmalar, gizlin manylar gözläp, akyllaryndan şeýle bir azaşypdyrlar welin, ulug Allanyň açykaýdyň aýdanlaryna düşünmekde-de kynçylyk çekýärler. Sopularyň käbirleri: «Ynsan ogly Gürleýän Gurhandyr» diýip tutduryp gidip otyr. Toba estagfirullah! O nähili gep boldugy? Bu tüýs küpür gep! Ylaýta-da gezende abdallar bar, şolar hem gedem, hemde bibaş. Galandary, haýdary, jamii, jawlaki... Olaryň müň bir atlary bar, özlerem hilhil... Meniň pikirimçe, iň ýamanam şolar. Bir ýere kök urup bilmeýän, ejiz adamdan jemagata näme haýyr bolsun?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Gatnaşyk diýlen zady bilmeýän, şemala ygyp ýören gury ýaprak ýaly, çem gelen tarapa sowrulyp, tutuş dünýä «meniň öýüm» diýip ýören adam şeýtanyň gözläp tapman ýören jenaýata şärikdeşidir.*

*Pelsepeçilere näme diýjek, olaram sopulardan kem oturanoklar. Hamala, özleriniň çäklije akyly älemiň uç-gyraksyzlygyny göz öňüne getirip bilýändir öýdüp pikir ýöreden bolýarlar. Baýguşdyryn öýdýäňmi, gadyrdan? Pelsepeçiler bilen sopular biribirini görse äbe-de jüýje. Olar barada bir hekaýatam bar ahyry.*

*Bir gün bir pelsepeçi ýol bilen gidip barýarka, derwüşe duşupdyr. Biri-birini göreninden dessine olaryň sulhy alşypdyr. Ençeme günläp söhbet edipdirler. Biri bir zat diýip başlasa, yzyny beýleki alyp göterýärmiş.*

*Ahyrynda aýrylyşanlarynda töwerekdäkiler olaryň ikisindenem janygyp näme hakda söhbet edendiklerini sorapdyrlar. Pelsepeçi: «Söhbet edenimizde bir zady bildim. Ol meniň bilýän zatlarymyň ählisini görýän eken» diýip jogap beripdir.*

*Sopy bolsa şeýle diýipdir: «Söhbet mahaly bir zada göz ýetirdim, meniň görýän zatlarynyň ählisini ol bilýär eken».*

*Diýmek, gapyl sopy görýändirin, gapyl pelsepeçi bolsa, bilýändirin öýdýär. Ýöne ne onuň bilýän zady bar, ne-de beýlekiniň görýän zady. Näme üçin sada, çäkli,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*galybersede, ötegçi bolan biz adamlaryň öz çenimizden artygyna güýjümiziň ýetmejegini boýun alasymyz gelmeýärkä? Ynsan diýilýän mahluk her näçe urnanda elinden näme geljek?*

*Bir arpanyň boýuça-da ýol geçip bilmez. Kadyr Alla maňlaýymyza näme ýazan bolsa, şol bolar. Bolany şol. Biziň borjumyz Ýaradanyň buýruklaryna düşündiriş bermek däl, düşünjek bolmag-a asyl hem däl, diňe we diňe aýdylyşy ýaly, gylyny gymyldatman berjaý etmek.*

*Hany, Baýbars bir öýe gelsin, bu zatlar barada ýekän-ýekän pikir alşarys. Indi ikimiziň aramyzdaky bu içdöküşmeler däp bolup barýar. Her gije nobatçylygyny sowup, arypýorlup öýe gelende bile ojagyň golaýjagynda oturýarys. Baýbars aýalymyň bişiren çorbasyny iýip otyrka, özara hal-ýagdaýlarymyz hem-de şerigat barada-da gürrüň edýäris. Ol «men» diýen ýaşynda. Elbetde, ol gujur-gaýratly bolmaly. Şonuň ýaly ýaş, gaýratly hem namysjaň ýigidiň Allany bilmeýän şu şäherde bitirip biljek işi örän köp.*

*Kapyrmy, fasykmy, heniz ýola salmaly adam hem köp, juda kän!*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

***Şems Konýa, 1244-nji ýylyň 29-njy oktýabry***

*Buz ýaly sop-sowuk gijeleriň birinde Şekerçiniň myhmansaraýynyň eýwançasynda otyrdym. Möwlana Rumy bilen görüşjek wagtym indi daşda däldi.*

*Men Allanyň haýsy tarapa baksagam, Özüni gözlemegimiz hem tapmagymyz üçin, öz keşbinde ýaradan äleminiň ajaýyplygynyň huzurynda kalbymyz guwanç hem söýgi bilen dolmalydygy hakynda oý-hyýallary boýlap otyrdym. Ýöne bu hoşallyk duýgusyny ynsan ogullary gaty seýrek başdan geçirýär.*

*Konýa gelelim bäri tanşan adamlarymy hakydamdan geçirdim. Hasan gedaý, Süleýman serhoş, onsoňam bozukhanadaky Çöl Güli. Beýlekiler tarapyndan pes görülýän we äsgerilmeýän bu adamlar ýoň bolan bir dertden — «özüniň ilden üýtgeşikdigi hakyndaky garaýyşdan» ejir çekýärdi. Bu adamlar jemgyýet tarapyndan alga alynman, çetleşdirilip taşlanypdyr. Olar jemgyýetden üzňeleşen alymlaryň gözýetiminiň daşynda galan adamlardy. Bir zady bilesim gelýär, eýse, Möwlana Rumynyň olar bilen arasy nähilikä? Eger Möwlana Rumy jemgyýetiň aşaky gatlaklaryna öz täsirini ýetirmeýän bolsa, bu babatda oňa kömek etmek, onuň bilen aşaky gatlakdakylaryň arasynda köpri bolmak isleýärin.*

*Şäher ahyry uka gitdi. Häzir gijegezer haýwanlaryň hem ümsümligi bozmaga het edip bilmeýän sagatlarydy. Bir*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*şäheriň ukusyna diň salmak diýip-aýdyp bolmajak hasrat hem-de söz bilen beýan edip bolmajak bagtyýarlyk eçilýär. Ýapyk gapylaryň aňyrsynda neneňsi wakalar bolup geçýärkä? Durmuşda başgaça ýaşan bolsam, meniň özüm nähili wakalary başdan geçirerdimkäm? Şu barada-da oýlanýan. Ýöne bir zady bilýän: bu ýoly özüm saýlap almandym. Ýol meni saýlady.*

*Bir derwüş ýat şähere gelipdir. Bu ýeriň halky keseden gelenleri halamaz eken. «Seni hiç birimiz tanamzok. Şonuň üçinem bärden gümüňi çek!» diýip, olar derwüşi kowupdyrlar.*

*Derwüş aljyrap durmandyr: «Men özümi tanaýan ahyry. Esasy zat şol dälmi?! Ynanyň, eger tersine bolan bolsa, ýagny siz meni tanap, men özümi tanamaýan bolsam, şonda gaty erbet bolardy» diýip jogap beripdir.*

*Goý, Konýanyň ilaty meni tanamasyn. Esasy zat özüm özümi tanaýan, şol ýeterlik. Özüni bilen Ony biler.*

*Ýigrimi üçünji kada: ýaşaýan durmuşymyz elimize tutdurylan ýaldyr-ýuldur reňkli, amanat oýnawaçdyr. Kim oýnawaja hakykydyr öýtse, onuň üçin aglap, gaýgy-gussa batar. Kim bolsa, eline alan badyna oýnawajy söküşdirip döwüp taşlar. Biz oňa ýaha aşa baha kesýäris, ýa-da gadyr-gymmatyny bilmeýäris.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*Öte geçmeden daş dur. Sopy aşa-da geçmez, kem hem gaýtmaz. Sopy hemişe aralyk ýagdaýda... Ertir irden menem hemmeler bilen birlikde uly metjide gidip, Rumyny diňlejek. Aýdyşlary ýaly, onuň ussat wagyzçy-hatyp bolmagy ahmal, ýöne owaldaahyrda her bir hatybyň aýdýan zatlarynyň çuňlugyna ony diňleýänleriň düşünişine görä baha berilýär. Wagyz diňleýän mahaly adam eşidesi gelýän zady eşidýär. Ýöne hikmet, esasan, gulaga hoş ýakmaýan sözlerde bolýar. Meniň nazaryma Möw lana Rumynyň wagyzlary tikenli otlar, ýandak, pürler bilen örtülen ýabany bag ýalydyr. Ol ýere giren her bir adam gözüne ýaran gül-çiçekleri ýolar-da, beýleki ot-çöplere seretmezem. Tikenli, gödeňsi görünýän ösümliklere meýil bildirýänleriň sany gaty az bolýandyr. Ýöne şu älemde birgiden derdiň dowasy, ana, şeýle ösümliklerden emele gelýär.*

*Yşk bagy hem şeýle dälmidir? Eger diňe göze gelüwlisini, aňsadyny ýygnap, kynyny taşlasak, oňa «yşk» diýiljekmi? Owadanyny söýüp, betnyşanyny eliň tersi bilen itiberip goýbermek iň aňsady. Esasy zat parh goýmazdan, ýagşysynam, ýamanynam deň söýübilmekde. Diňe göwnümize ýaran zada şükür etmegiň näme kynçylygy bar? Onuň ýaly işi-hä Balhyň itlerem oňarýar. Süňk oklasaň halaýar, hoşal bolup guýrugyny bulaýlaýar. Ynsanyň ondan has köp zat başarjagy şübhesiz ahyry. Ýagşy hem ýaman diýen düşünjelerden aňryk geçmek*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*mümkin zat! Ýöne şeýle bir ýer hem bar, ol ýerde ýagşy, ýaman diýen ýaly düşünjeleriň ähli si öz manysyny ýitirýär!*

*Men ertir Rumyny görerin.*

*Eý, Möwlana Rumy! Sözleriň, harplaryň, many äleminiň alyjenaby! Eý, dünýäniň serraby.*

*Ýüzüme sereden mahalyň meni görermikäň?*

*Meni gör!*

*Gör meni!* **Rumy**

***Konýa 1244-nji ýylyň 30-njy oktýabry***

*Janym tenimden çykýança, Töwrizli Şems bilen tanşan günümi ýadymdan çykarmaryn. Jumady*-al-owwal *aýynyň ahyrky günleridi. Daşarda aýazly diýdirýän sowuk öwüsgin bardy. Şemal güýzüň bar güýji bilen öz hökmüni ýöredýändigini buşlap şuwlaýardy. Jumga metjidi hemişekileri ýaly agzy*-burny bilen adamdan doly, hatarlar gysby durdy. Heran-haçan şular ýaly uly *mähellä ýüzlenmeli bolanymda, özümi diňleýänleriň köplügi barada kän bir oýlanyp hem oturamok, pikir etmän hem duramok. Bu ikisiniň arasynda inçejik ýol tapýaryn. Munuň ýekeje usuly bar: diňleýjileri onlarça, ýüzlerçe aýry-aýry adamlar däl-de, diňe bir adam hasap etmeli! Her hepde meni diňlemek üçin ýüzlerçe adam*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*gelýär, ýöne men diňe bir adama ýüzlenýän ýaly gürleýärin. Şol kişi sözlerimiň ýaňyna gulak gerýär diýip göz öňüne getirip, özümi diňe şol diňleýär hasap edip gürleýärin.*

*Wagyz tamamlanandan soňra metjitden çykdym. Görsem, atymy taýýarlapdyrlar. Ýalyna zer sapaklar örüp, kümüşden jaňjagazlar dakypdyrlar. At her ädim ädende jaňjagazlaryň enaýyja jyňňyrdysyny diňlemegi halaýardym, ýöne töwerekde mähelläniň hyň berýändigi, ýollaryň dykyn alyp durandygy üçin, tiz gitmek mümkin däl! Öňde şägirtlerim bilen özüm, yzymyzda bolsa aňyrsy görünmeýän mähelle. Kemkemden hereket edip, ýykyk-ýumruk, başy çala çatylan öýleriň, öýjük-öýjük bolup duran dükanlaryň deňinden geçdik.*

*Töwerek ýöne goh bolup durdy. Ýolda düzülip duranlaryň şowhun bilen garşylamasy arzy-hal aýdýanlaryň özelenmelerine, çagalaryň izzildisi ene-atalaryň käýinçlerine, satyjylaryň harydyny hödürläp döredýän gohy gedaýlaryň naýynjar seslerine goşulyp gidýärdi. Bu adamlaryň köpüsi özleri üçin ýagşy doga-dileg etmegime garaşýardy, bir topary bolsa meni elläp görmek ýa-da ýakynymdan ýöremek isleýärdi. Has uly islegler bilen gelenler hem bardy. Agyr ýatan hassalaryna şypa tapyp bermegimi isleýänlerden başlap, özüni jadydan açmagymy soraýanlara çenli. Ynha, şolar meni gaýga goýýardy. Olar meniň keramat görkezer ýaly*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*pygamberem, şypa paýlarym ýaly hekim hem däldigimi görmeýärlermikä?*

*Şu zatlar hakynda oýlanyp barşyma, çatrykdan öwrülip, Şekerçiniň myhmansaraýyna golaýlaşanymyzda bir derwüşiň içiňden geçip barýan nazaryny maňa dikip, mähelläni böwsüp, göni özüme tarap gelýänini gördüm. Onuň hereketleri alyslary nazarlaýan adamlara mahsus aýgytlydy. Ol töweregindäki adamlaryň we zatlaryň ählisinden bütinleý üýtgeşikdi, özüni tutuşy beýlekilerden saýlanýardy. Bir özüdi. Diňe häzir däl, ol hamala ömürboýy ýeke başyna ýaşan ýalydy. Seretsem, saçy, sakgaly, gaşy ýok.*

*Nurana diýip şeýle adama aýdyp boljakdy, emma onuň keşbi welin, bir hili syrlydy. Düşünmesi kyndy.*

*Ünsümi çeken esasy zat derwüşiň daş keşbi däl. Konýa şäheri gezende derwüşleriň köp düşläp geçýän ýeri. Bu ýerden Allany gözläp ýören derwüşleriň her jüresi geçendir. Gollaryna göreniňden ünsüňi çekýän nagyş çekilenleri-de, gulaklarydyr burunlary düzüm-düzüm halkalylary-da, boýunlaryna surnaýdyr buýnuz asyp ýörenlerini-de köp gördüm. Şonuň üçinem bu derwüş ilki gözüme ilende, özümi haýran galdyran zat onuň geýim-gejimi däldi. Men onuň nazaryndan gözümi aýryp bilmedim.*

*Onuň gara gözleriniň garaýşy hanjardanam ýitidi. Ol gollaryny iki ýana açyp ýokary göterdi-de, köçäniň*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*ortarasynda dikilgazyk boldy duruberdi. Diňe meni hem söbügimi basyp gelýän adam silini däl, hamala wagtyň akymyny hem togtatmak niýetine münen ýalydy. Birden tutuş bedenim endiräp gitdi. Ýüregimden bir zat sogrulyp aýrylan ýaly boldy. Atym gozgalaň tapdy; ynjalykdan gaçyp kişňäp başlady. Janawary köşeşdirjek bolsamam, başardarly däldi. Art aýaklarynyň üstüne galyp, tasdanam meni ýere pylçap urupdy.*

*Şol pursadam derwüş gözlerini atyma dikip, golaýa geldi-de, onuň gulagyna bir zatlar pyşyrdady. At şol bada hereketini togtadyp köşeşdi, burnunyň deşiklerini giňden açyp, pyrryldap dem alyp başlady. Töweregimizi gurşap alan köpçülik gözleriniň öňünde bolup geçen wakany demini alman synlapdy. Pyşyrdy seslerini eşitdim:*

*— Bu adam jadygöý bolsa gerek. Aty jadylady!*

*Derwüş bolsa töweregindäkilerden habarsyz ýalydy; häzir onuň özüme dikilen gözleri syrly garaýardy.*

*— Eý, allame-i jahan Rumy, gündogarda hem günbatarda deňsiz-taýsyz Möwlana, siz barada diýseň öwgüli zatlar eşitdim. Şunça ýol aşyp, saňa bir sowal bermäge geldim, eger rugsat etseňiz.*

*— Baş üstüne − diýip, ýuwaşlyk bilen dillendim.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Onda ilki bilen atdan düş, ikimiziň derejämiz deňleşsin.*

*Onuň bu sözleri meni gaty aljyratdy, hiç hili jogap berip bilmedim. Ýanymdakylar hem aňk-taňk boldy. Şu güne çenli hiç kim meniň bilen beýle äheňde gürleşmäge het edip bilmändi.*

*Ýüzüm gyzardy. Ýüregimde bir hili gyýylma, gyzgynlyk duýdum, ýöne özüme erk edip, atdan düşdüm. Derwüş eýýäm aňyrsyna öwrülip gidip barýardy.*

*Yzyndan ýetip sakladym.*

*— Heý, hany, aýak çek, sowalyňy eşideli ahyry.*

*Derwüş şobada saklandy. Yzyna öwrüldi, ilkinji gezek ýylgyrdy.*

*— Mertebe taýdan hezreti Muhammet bilen sopy Baýezid-i Bistamynyň, seniň pikiriňçe, haýsy biri has ýokarydyr?*

*— Bu nähili sowal bolýar?! — diýip, ör-gökden geldim. — Heý-de, ahyrky pygamber Resulullah sallallahu aleýhi we sellem Serwerimiz bilen bir sopyny deňeşdirip* bolarmy?

*Töweregimize bilesigeliji mähelle üýşüpdi, ýöne daşymyzy gurşap alan köpçülik derwüşiň piňine däl ýalydy. Bir bolşuny üýtgetmän, sözüni dowam etdi:*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— *Oýlanyp gör, Pygamber hezretleri: «Ýa, Rebbim, saňa tagzym edýärin, Seni mynasyp derejede tanap bilmedim» diýmänmidir?! Baýezid-i Bistamy bolsa: «Men özüme tagzym edýärin, meniň şanym beýikdir. Çünki hyrkamda Alla bar» diýýär. Bularyň biri özüni Allahyň ýanynda gaty owunjak duýýan bolsa, beýlekisi Allahy özünde görýär. Seniň pikiriňçe, bularyň haýsy biri has ileridir?*

*Duýdansyz demim tutuldy, ýuwdundym. Ilkibada samahylly bolup eşidilen bu sowal birden başgaça many aldy. Göýä üstüniň örtügi sypyrylyp, aşagyndan üýtgeşik bir tapmaça çykan ýalydy. Derwüşiň ýüzünde çala saýgardýan ýylgyryş görnüp gitdi. Indi öňümde duran adamynyň akyly* gelip-gitme *diwana däldigine göz ýetiripdim. Ol menden jan*-dilden *bir zady — ozal hiç haçan oýlanyp görmedik meseläm barada pikirlenmegimi isleýärdi.*

— *Näme diýmekçi bolýanyňa düşündim — diýdim. —* Bu *iki sözi degşireniňde, Bistamynyň sözi her näçe ynandyryjy görünse-de, aslynda Pygamber Serwerimiziň sözüniň ondan has ýokarydygyny düşündirjek bolaýyn.* –

– *Iki gulagym sende, hany, aýdyber — diýip, derwüş* dillendi.

— *Allahyň yşky deňiz-derýa ýaly bir zatdyr. Her bir ynsan ondan öz ukybyna görä suw alýandyr. Ýöne kimiň*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*näçe suw aljagy onuň gabynyň ululygyna baglydyr. Kimiň gaby çelekdir, kimiňki bolsa gowadyr; kimiňki meşik-tulumdyr, kimiňkem mytara. Men gürledigimçe, derwüşiň ýüz-keşbini tutuşy üýtgäp ugrady. Onuň gözlerinde kemkemden öz pikirleriniň ýaňyny başga biriniň sözlerinden eşiden adamyňka çalymdaş ýumşak, dostana ýalpyldy peýda boldy.*

*— Bistamynyň gaby Pygamber Serwerimiziňkä garanyňda ujypsyzdy. Ol birje owuç içende gandy. Şojagaz mukdara-da bagtyýar bolup, serhoş düşdi. Onuň özünde ylahy barlykdan eser tapmagy nähili ajaýyp! Ýöne şol halda galmak ýoly dowam etmezlik diýmekdir. Şol mertebede hem Allah bilen nebis heniz aýry-aýrydyr. Pygamber Serwerimiz barada aýdylanda bolsa, Ol Allanyň söýgüli guly, bendesidir, onuň gaby aňsat-aňsat dolmaz. Şonuň üçinem Allah Gurhanda gullaryna şeýle buýrupdyr: «Seniň ýüregiňi açyp giňeltmedikmi?» Kalby şeýle giňänsoň, ýagny gaby ulalansoň, onda doýmaz-dolmaz teşnelik peýda bolupdyr. Pygamber Serwerimiziň «Seni mynasyp derejede tanap bilmedik» diýmesi ýöne ýere däl. Ýöne hiç kim Allahy Şonuň ýaly tanap bilen däldir.*

*Derwüş parahat, özüne ynamly ýylgyrdy. Baş atyp, salam berdi. Soňra hoşallyk alamaty hökmünde elini ýüreginiň üstüne ýetirip esli wagtlap durdy. Gaýtadan gabaklaryny*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*galdyranda, batan Günüň ýagtysynda maňa bütinleý täze bilesigelijilik bilen seretdi.*

*Ol öňümde hormat bilen egildi. Menem oňa hormat bilen baş egdim. Şeýdip, näçe wagt duranymyzy bilemok, asman melewşe öwsüp ugrady. Töweregimizdäki mähelle ynjalykdan gaçyp, pyşyrdaşyp, herekete gelip başlapdy. Adamlar derwüş bilen aramyzda bolup geçenleri ilki bilesigelijilik, soňra haýrangalyjylyk bilen tomaşa edipdiler. Ýöne geňgalyjylyk ahyrynda öz ornuny garşylyga berdi. Sebäbi olar şu çaka çenli meniň hiç kimiň öňünde baş egenimi görmändiler. Adaty derwüşiň öňünde başymy egenimi görmek müritlerime ýaramandy. se geçi süýdünden başga ähli zady yzyna gaýtarýardylar. Öýümiziň düzgüni bulam-bujar boldy. Gün geçdigi saýy, bu ýagdaý degnama degip başlady. Barha gyýygymyň ajaýanynyny duýýardym, ýöne özüme erk edip bilemokdym. Günüň dürli sagatlarynda gapydaky deşikden kitaphananyň içine seredýärdim. Gapyny birden açaýsalar, meni somalyp, gürrüňlerini diňläp duran ýagdaýda görerdiler. Ýöne meniň üçin parhy ýokdy. Olary her gün irmän synlaýardym, ýöne onçakly görüp bilýän zadym ýokdy. Perdeleriň ýarym-ýarçyk örtülendigi üçin otagyň içi alagaraňkydy. Käte bir gulagyma ilýän üzlem-saplam sözler bolaýmasa, bir eşidýän zadym tükeniksiz hümürdidi. Görere, eşidere zat bolmansoň, öz ýanymdan çak urup başladym.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Bir gezek Kerra gulagymy gapa goýup durkam üstümden geldi. Ýöne gaharlanmadam, igenmedem. Ol hem bolýan zatlar bilen, bolmanda, mençeräk gyzyklanýardy. Nämeleriň bolup geçýänini bilmek üçin jan edýärdi. Onsuzam zenanlar gaty bilesigeliji bolýar. Olaryň tebigaty şeýle.*

*Ýöne başga bir gün agam hem meni etmişimiň üstünde tutdy. Käýinjiräp:*

*— Başga kişileri yzarlamaga nä hakyň bar?! — diýdi. – – Ylaýta-da, kakaň näme edýänini yzarlap ýörmek gaty gelşiksiz bolar.*

*Ähmiýet bermedim.*

*— Kakamyzyň gije-gündiz bar wagtyny keseki biri bilen geçirmegi, maşgalany gözden salmagy janyňa batanok-da, gel-gel, meniň gapy diňlemäm gözüňe iläýýärmi?*

*Kakamyň ýüzüni görmälime bir aýdanam köp wagt boldy. Şeýdip, çetleşdirilmek seni gaýgylandyranokmy?*

*— Hiç kim hiç kimi çetleşdirenok! — diýip, agam çürt-kesik aýtdy. — Kakam Töwrizli Şemsde ýyllar bäri gözläp ýören dostuny, ruhdaşyny, ýoldaşyny tapdy. Çaga ýaly arzşikaýatyňy aýdyp izzildäniňden, şoňa guwansaň gowy bolar. Eger bir adamy hakykatdanam, gowy görýän bolsak, onuň bagtyýar bolmagyny dilärdik.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Al gerek bolsa, tüýs agamyň agzyna gelşip duran samsyklaç gep-dä! Onuň göwni ähli zadyň asuda, hemmeleriň bagtyýar bolmagyny isleýär! Ol çaglygynda-da şeýledi, kakamyň göz-guwanjydy, häzirem kemsiz-kössüz ýigit; men bolsam, bihepbe, boýnuýogyn hem dikdüşdimişim. Belki-de, bu dünýäde her bir adamyň berjaý etmeli işi, wezipesi bardyr. Eger ähli magtalýan orunlar eýelenen bolsa, sen özüňe düşen bölegini boýun almaly bolarsyň. Bu isleseňem şeýle, islemeseňem. Maşgalanyň uluglarynyň tüýs mynasyp mirasdüşeri, kakamyň ilkinji gözi düşen nowbahary bolmak agamyň paýyna düşüpdir. Meniň paýym bolsa, ondan artan zatlara kaýyl bolmak!*

***

*Kakamyň Şems bilen kitaphanadan çykman oturanyna kyrk gün diýlende, örän geň bir waka boldy. Şu gün irden ýene-de gapynyň öňünde çommalyp, içerdäki ümsümligi diňläp durkam, derwüşiň gürlänini eşitdim.*

*— Indi bu otagdan çykmaga çen boldy, Möwlana. Köňli giň, ruhy sergezdan sopuçylyk ýoluna baş goşanlaryň kyrk kadasyndan şu geçen günleriň hersinde birini akylymyzdan-pikirimizden geçirdik. Şu gün ahyrky kadany hem tamamlandygymyz üçin adamlaryň arasyna barsak dogry bolar. Seniň bolmazlygyň maşgalaňy alada goýandyr.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Kakam şol pursat garşy çykdy:*

*— Gaýgy etme, aýalym hem, ogullarym-da bu ýagdaýa düşünerler.*

*— Aýalyňy-ha bilemok, ýöne iki ogluň biri-birinden gyş bilen tomus ýaly tapawutly – – diýip, Şems dillendi. — Hadis-i şerifde: «Ogul kakasynyň syrydyr» diýlipdir. Ýöne nähili ogul? Uly ogluň seniň yzyň bilen gelýär, ýöne kiçi ogluň ugry welin, bütinleý başga tarapa. Görübilmezçilik, şübhe hem tankyt etmek islegi onuň ýüregini garaldypdyr.*

*Bu sözleri eşiden badyma ýüzüm lap-lap gyzdy. Wah, bisyrat derwüş! Heniz tanamaýan halyňa, men barada beýle gepleri aýtmaga neneň diliň barýar?*

*Heniz bu sowaly serimde doly aýlap ýetişmänkäm, Şems maňa jogap berýän ýaly, sözüni dowam etdi:*

*— Kiçi ogluň özüni tanamaýandyryn öýdýär, ýöne ony tanaýan ahyry. Sebäbi ol kyrk gün bäri gulagyny gapydan aýyrman, deşikden bizi synlaýarka, menem oňa seredýärdim.*

*Tüýlerim syh-syh boldy. Oýlanyp durman gapyny batly açdym-da, içerik kürsäp girdim. Kakamyň gözleri haýran galmakdan ýaňa tegelendi. Şobada-da, keşbindäki aljyraňňylygyň ornuny gahar eýeledi.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Alaetdin, bu nä boluş? Bu nä edepsizlik, ogul? Akylyňy aldyrdyňmy? — diýip seslendi. — Näme üçin bizi birahat edýäň?*

*Yzly-yzyna ýagdyrylan soraglary eşitmedik bolup, süýem barmagymy Şemse çommaltdym. Gygyrmak niýetim ýokdy, ýöne tolgunyp, saňňyl-saňňyl edip titräp, sesimiň gatalmasynyň öňüni alyp bilmedim:*

*— Maňa bir zat diýýänçäň, ilki şu hepbesizden men barada nädip beýle sözleri aýdyp bilýänini soramaly ekeniň.*

*Kakam sesini çykarmady. Diňe içini çekdi; hamala men onuň boýnunda degirmendaşy bolup asylan ýaly ýüzüni aşak salyp durdy. Ol şeýdip durşuna, maňa seretdi. Onuň ýüzi edil gara bulut çöken ýaly agyrdy.*

*— Kaka jan, Kerra sizi gaty alada edýär. Talyplaryňyzam şeýle. Şu talaňçy derwüşe şunça wagtyňyzy sarp edip, eý görýän adamlaryňyzdan nädip ýüz dönderip bilýärsiňiz?*

*Bu sözleriň agzymdan çykanyna puşman etdim, ýöne soňky tüýkülik sakgal ezýärmi? Kakamyň meňzi saraldy, gözlerine gaýgy-hasrat çaýyldy. Mundan öň onuň özüme beýle seredenini görmändim.*

*— Alaetdin, häziriň özünde çyk şu ýerden — diýdi. — Häzir seniň akylyň başyňdan uçupdyr. Git-de çola ýerde özüňi dürse. Goýberen ýalňyşlyklaryň barada*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*oýlanypölçer. Öz kalbyňa garap, puşman etmezden, şol ýerden turma. Öz gögeleligiňi görüp, şony boýnuňa alman, meniň golaýyma geläýme!*

*— Ýöne, kaka...*

*— Hany, ugra! — diýip, kakam indi has gödeňsi hem dözümli ses bilen aýtdy.*

*Elim-aýagym sandyrap daşaryk çykdym. Aýam derläpdir, dyzlarym sandyr-sandyr edýärdi.*

*Ynha, şol pursat men bir zada düşündim. Töwrizli Şems zerarly durmuşymyz bulambujar boldy. Mundan beýläk indi hiç haçan öňki günler gaýdyp gelmez. Ejem ençeme ýyllar ozal, heniz çaga mahalym aradan çykypdy. Häzir bolsa ikinji bir uly ýitgini çekýärdim. Bir adamyň kakasy hem diri, hem öli bolup bilermi?! Diýmek, bolup biljek ekeni...*

**Rumy**

***Konýa, 1244-nji ýylyň dekabry*** *Dünýä boram-boşlukdy. Uly köçelerem, bulutsyz asman hem, tutuş Konýa-da. Töwrizli Şems ýolumy kesip, şol sowaly beren mahaly sähel pursatlygam bolsa, göýä ähli zat ýom-ýok bolan ýaly boldy. Bu şäherde diňe ikimiz — soraýan we jogap berýän — ol bilen men galdym.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*«Hany, aýt, Bistamy ýokarymy ýa-da Pygamber Serwerimiz?» Bu sowaly eliň tersi bilen bir gyra itiberip goýbermek ýa-da eşitmedik bolmak aňsat. Gaharlanyp, öňüňde durany sem etmek hasam ýeňil. Kyn zat: näme soralýandygyna düşünjek bolmak we elbetde, jogabyny tapmakdy.*

*Ynsan ýaşaýşy hemişe-de syýahat-sergezdançylyk. Biz sallançakdan mazara çenli sapar edýäris. Öňümizde ýedi sany aýry-aýry basgançak, ýedi mertebe uzap ýatyr. Bilýänler güzergähdäki her menzile bir at beripdirler. Nebsimiz şol basgançaklary ýekän-ýekän geçmezden, özüni üýtgeşikdirin öýtmekden ýüz öwürmezden syýahatyny soňlap, Hak bilen bitewüleşip bilmez. Ynsan ýalandadyr, zyýandadyr, şübhe içindedir. Ol ýedi basgançagy-da geçmezden, hakykata ýetip bilmez.*

*Ilkinji mertebäniň ady Nebs-i Emmaredir. Bu gödeňsi, gögele we hemişe özgeleri günäkärleýän mertebedir. Haýp ýeri, adamlaryň köpüsi ömürboýy şu basgançakda galýarlar. Onuň basmaryndan halas bolup bilmeýärler. Dünýewi işlerden başga zat hakynda pikir edip bilmeýän, pula-baýlyga, häkimiýete tamakin, gabarylyp ýören «menlik» şübhesi bilen ýaşaýan adam şu basgançakdadyr. Bu ýerde düşlän kişini dessine tanap bilersiň. Hemişe özgeleri ýazgarar, günäkärlär, tankyt eder; edil dem alşynyň tebigy bolşy ýaly, onuň myş-*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*myşlara gulak gabardyp, keseka töhmet atmasam şeýledir; özünde jinnek ýaly-da köst bardyr öýtmez; başgalary aýyplar; şübhe, münkürlik hem ulumsylyk yklymynda ýaşar. Olary özüňem bilýänsiň. Özüňden çen tutsaňam tanarsyň. Sebäbi eger biz adam bolýan bolsak we özümizem çig süýt emen bolsak, onda biziň Nebs-i Emmaräniň alyna aldanmadygymyz ýokdur. Esasy zat şol çukurdan çalt çykyp bilmekdir.*

*Ol adam haçan nebsiniň kemçiliklerini, ýetmezçiligini, ýalňyşlyklaryny saýgaryp bilse we düzetmegiň ugruna çyksa, ynha, şol wagt onuň ruhy syýahata çykar. Şondan soň gözlerini daş-töweregine aýlamaz-da, öz içine garar. Şeýde-şeýde, ädim-ädim ýol söküp, indiki mertebä ýeter. Bu mertebe, bir tarapdan, özünden öňkiniň bütinleý tersinedir. Bu ýerde adam özgeleri günäkärlemäge derek, hemişe özüni ýazgarmak bilen bolar. Bolup geçen her bir işi jikme-jik öwrenip, özüni köteklär. «Älem görkana, men betnyşan» basgançagydyr bi. Ynha, şu mertebede nebis Nebs-i Lewwame, ýagny Günäkärlenýän ýa-da Ýazgarylýan nebse öwrüler.*

*Üçünji mertebede ol kişi hasam bişer, Nebs-i Mülhimä ýeter. Bu basgançakda ynsan nebsi Ylham alýan nebse öwrülýäni üçin, ol kişi dünýäde görýän ähli zadyndan we her bir kişisinden ylham öwüsginini alar. Kaýyllyk diýilýän halyň näderejedäki erkanalykdygyny aňşyrar, sähelçe-de bolsa onuň tagamyny duýup başlar. Nesibesi*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*çekse, Ylym şährine gadam goýar. Wagtal-wagtal kabz, ýagny darykma we gahar döretse-de, köplenç halatda bast, ýagny giňlik, erkanalyk hem rahatlyk getirýändigi üçin, bu mertebe kalbyňa hoşwagtlyk berip biljek derejede gözeldir. Ýöne şol bir wagtda onuň özüneçekijiligi örän uly howpdur. Çünki bu mertebä ulaşanlaryň köpüsi bu ýerden çykmak islemeýärler. Olar ýoluň ahyryna gelendirin öýdýärler. Ýöne ýol welin, has uzak hem agyrdyr.*

*Bu mertebe örän maýyl ediji we diýseň owadandyr, ençeme kişiler mundan aňyrlaryk gitmäge gaýrat tapyp bilmezler. Şu sebäpli-de üçünji makam jennet baglary ýaly her näçe nepis bolsa-da, belentlikleri maksat edinýänler üçin duzakdan başga zat däldir. Bu ýerden aňryk geçmegi başaran kişi Ylym şährini eýelär we Nefs-i Mutmaine mertebesine ulaşar. Indi nebis öňküsi ýaly däldir, düýpgöter özgerendir. Şu sebäpdenem oňa Kanagatlanan nebis ady berler. Indi ol kişi örän ýokary düşünjä eýedir. Gözi doýgun, köňli giňdir. Pul-baýlyk, at-şöhrat, mal-mülk, wezipe-dereje derdi ýokdur. Özgeler bilen oňşukly ýaşar, diňe namazlygyň üstünde namaz kylýarka däl-de, hemişe Hakyň huzuryndadyr, ybadat ýagdaýyndadyr. Hemişe namazdadyr. Hiç kimiň göwnüne degmez, kişi hakyny iýmekden berk saklanar we hiç kimiň köstüni görmez, hatda kem-kösti bolaýsa-da, ony örter. Malyny we mülküni Malik-ül mülk bolan Alla tabşyrar.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*Mundan aňyrsy Töwhid şähridir. Soňky üç mertebä kemal mertebeleri diýilýär. Ol ýere ýetip bilýän ynsan, hakykatdan hem, gaty azdyr. Onsoňam olar Alla özlerini haýsy hala salsa-da, bagtyýardyrlar, kaýyldyrlar we şükürlidirler. Soňky üç mertebäniň ilkinjisinde Nefs-i Raziýä ýetenden soň, dünýewi meselelere özüni bermez, aldatdyrmaz.*

*Indiki makam Nefs-i Marziýedir. Bu mertebeden Alla razy bolany üçin oňa Razy bolnan nebis diýilýär. Bu ýere ýeten kişi özgelere çelgi, ýolgörkeziji çyraga öwrüler. Yşygyny kime islese, şoňa tutar. Hakyky kutub, öçmez şemdan ýaly töweregine ýalkym saçar, aýdyňladar. Käte şypa hem paýlap biler. Hereketlerinde öte geçmekden we kem gaýtmakdan gaça durar. Hiç babatda çendenaşa hereket etmez; tersine aýra düşenleri duşurar, duşmanlary dost eder, dartgynlylygy ýumşadar. Şeýle kişi sowuk yklymlarda öwsen mylaýym şemal kibidir.*

*Ýedinji we ahyrky makamda kişi Nefs-i Kämile ulaşar. Bu ýerde tapawutlanmagy gowy görýän «menlik» şübhesi tot-tozana döner, ýok bolar. Ýöne bu makamy bilýän, bilsede ol barada dil ýaran bolmanlygy üçin, ol ýerden seredeniňde älemiň nähili görünýändigi barada maglumatymyz örän çäkli.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Hak ýolundaky makamlary birin-birin sanamak aňsat, ýöne olardan geçmek welin, iňňän çetin. Ýoluň özüne mahsus kötelleri az ýaly, bu ýol bilen gös-göni ýöremek hem mümkin däldir. Ilkinji makamdan ahyrkysyna çenli eltýän bu ýol göni däl-de, inişçykyşly, egrem-bugramdyr. Üstesine-de, haýsydyr bir makama ýeten kişiniň ol ýerde hemişelik galjagyna kepil ýokdur. Hatda «indi bişdim, men bu ýollary söküp kämil çykdym» hasap edip, ýokardan aşaklygyna güwläp gaýdanlar hem bardyr. Şeýle bolansoň, geçmiş hem gelejek, ýaşan we ýaşajak şunça ynsanyň arasynda juda az sanlysy,* onda-da her *asyrda diňe biri iň ahyrky makama çenli ýetmegi başarýar.*

***

*Ynha, şu sebäpden Şems maňa Hezreti Muhammet we sopy Bistamy hakynda şol sowaly berende, menden diňe kitaby deňeşdirmä garaşmaýardy. Şol bir wagtda maňa, ýagny hut şahsyma bir sorag gönükdiripdi. «Hakda ýitip ýok bolmak üçin nebsiňi bütinleý ýok etmäge taýýarmyň?» diýen sowal meni pikirlenmäge çagyrýar. Ilkinji soragyň aňyrsynda ikinji bir sowal ýatyrdy.*

*«Eý, sen beýik wagyzçy, özüň ýedi makamyň haýsy birinde? Duran ýeriňden göwnüň hoşmy? Hany, aýt, seniň gabyň ululygy näçeräk?»*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*«Ýoluň ahyryna çenli gitmäge ýürek edip bilermiň?»*
**Kerra**

***Konýa, 1244-nji ýylyň dekabry***

*Soňky günler gaty keýpim ýok, takatym tükenip ýör. Möwlana Rumy bilen Şems gijegündiz içerden çykman, hümürdeşip söhbet etdikleriçe, menem barha suslaşyp barýaryn. Käşgä, fykyh, hadys, pelsepe, taryh we mantyk ýaly ugurlardan bilimli bolsadym. Käte şeýle bir pursatlar bolýar welin, aýal bolup ýaradylanyma garşy aýaga galyberesim gelýär. Bu dünýä gyz bolup geleniň üçin, durman işlemegi öwredýärler. Nahar bişirmek, arassaçylyk işleri, kirli egin-eşikleri küle owkap ýuwmak, ýapdan suw çekmek, köne joraplary ýamamak, hamyr etmek... hemmesi şobir zatlar. Käbir zenanlar bularyň daşyndan ýa-da şolara derek bedenlerini güjeňläp, erkekleriň gözüni-başyny aýlamagy-da öwrenýärler. Ýöne bar öwrenmeli zadyň, ynha, şolar. Ikisinde-de hyzmat etmeli. Hiç kim aýallaryň eline kitap tutduranok. Ýöne Möwlananyň şu gün Şems bilen gürleşişi ýaly, özüm bilenem çynlakaý gürrüň etmegini, oý-pikirini paýlaşmagyny näler isleýärin.*

*Durmuş guran ýylymyzdy. Şol döwürler sähel ýeke galdygym, adamymyň kitaphanasyna girmegi endik edinipdim. Möwlananyň gözüniň göreji ýaly görýän kitaplarynyň, golýazmalarynyň arasynda aýbogdaşymy*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

gurup oturyp, olaryň heňjeren we çaň siňen ysyny alyp, ol kitaplarda neneňsi syrlaryň gizlenendigini göz öňüne getirmäge çalşardym. Möwlana Rumy kitaplaryny öte gowy görýärdi, onda-da nähili gowy görmek! Kitaphanasy biri-birinden gymmatly golýazmalardan doludy, köpüsi rahmetli kakasyndan miras galandy. Bu kitaplaryň arasyndaky gözüniň görejine deňeýän «Magaryfy» ol setirme-setir ýatdan bilýär. Ençeme gijeläp, daňdana çenli uklamaýar, şol okaýar oturýar. Ol kitabyň her sözüni birçak okap çykandyr. Adam her harpyna çenli belet kitabyny-da her gezek täze gyzyklanma bilen okap bilýärmikä?

«Maňa çuwallap altyn berselerem, kakamyň kitaplarynyň bir sahypasyna çalyşman –

– diýýär Möwlana. — Bu baha kesilmez kitaplaryň her biri maňa kakamdan miras. Olary kakamdan aldym, wagty gelende-de ogullaryma gowşuraryn».

Gynansam-da, Möwlana Rumynyň öz kitaplaryna näderejede gadyr goýýanyny birçak ajy sapak arkaly bilip galdym. Durmuş guranymyza heniz bir ýylam bolmandy. Öýde ýeke özümdim. Birden serime bir pikir geldi. Elime mata bilen suw gabyny alyp, kitaphana girdim. Adamymyň kitaplaryny ýekän-ýekän arassalap çykmagy ýüregime berk düwüpdim, şeýdibem, ony haýran galdyrmakçydym, begendirmekçidim. Ähli kitaplary

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*tekjelerden düşürdim; mahmal matanyň bölegini gül suwuna batyryp, kitaplaryň ähli sininiň sahabyny gowy edip süpürişdirdim.*

*Şu töwerekdäki sebitleriň ynanjyna görä, kitaplaryň kül-külüne düşüp, sahypalaryny gemirmekden lezzet alýan bir jyn barmyş. Onuň adyna Kebikeç diýýärdiler. Ynha, şol jyny dep etmek üçin her kitabyň başyna bir duýduryş ýazgysyny ýazmalymyş. «Eý, Kebikeç! Şu kitaba golaýlaşma! Bu sahypalar seniň diýjek sahypalaryň däldir!» Men her kitaby süpürenimde şol ýazgylary görüp ýylgyrýardym.*

*Şol gün öýläne çenli kitaphanadaky kitaplaryň hemmesiniň tozanyny süpürip aýyrdym. Işläp ýörkäm hem, bir tarapdan, ymam Gazalynyň «Ihýa-i Ulu:mi'd-Din» atly kitabyny agdaryşdyrýan, oňa düşünjek bolýardym. Okap-ýazyp bilýänem bolsam, kitaplaryň dünýäsine aralaşmak üçin diňe şol ýeterlikmi diýsene! Ynha, şeýdip, özözüm bilen käýinişip durşuma, näçe wagt geçenini bilemok, dünýäni unudypdyryn. Birden bir hemleli ses eşitdim.*

*— Hatyn, bärde näme işleýärsiň?*

*Yzyma öwrülenimde Möwlana Rumy bilen ýüzbe-ýüz boldum. Öýe haçan geldikä? Aýak seslerini hem eşitmändirin.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Hoş geldiň, beg — diýsemem sesini çykarmady. Ýüzi bir hili çytykdy, şol wagt öz adamymyň däl-de, başga biriniň ýüzüne seredip durandyryn öýtdüm. Sekiz ýyllyk maşgala durmuşymyzyň dowamynda ol diňe şol gezek meniň bilen şeýle berk gürleşdi.*

*— Arassalaşdyraýyn diýdim — diýip, ysgynsyz ses bilen* jogap berdim. *— Begenersiň öýtdüm.*

*— Ýöne bu meni begendirmedi — diýip, Möwlana* dillendi. *— Niýetiň gowudygyny bilýän, ýöne haýyş edýärin, kitaplaryma eliňi degirme. Arassalamaly wagty olary özüm süpürişdirerin. Senden haýyşym, bu ýere özüňem girme, hiç kimem goýberme.*

*Şol günden soň, adamymyň kitaplaryna gaýdyp ýeke gezegem elimi degirmedim. Öýde hiç kim ýok mahaly hem* kitaphana *girmedim. Özüme ylym öwrenmek bagtynyň* berilmändigine *düşündim. Adamymyň* kitaplaryndan *uzak durmaly diňe Kebikeç däl eken, menem şeýle ekenim. Bu sahypalar meniň başym çykjak zatlar däl* eken! Janyma batmasa-da, *şeýle ýagdaýlar bilen öwrenişmeli* boldum. *Tä Şems-i Töwrizi öýümize gelýänçä, hatda ony ýadymdanam çykarypdyryn. Şems bilen Möwlana ikisi kyrk günläp kitaphanadan çykman oturansoňlar, birmahalky ýatlamalar dessine ýadyma düşdi. Diýmek, maňa gadagan edilen otagyň gapylary Şems üçin giňden açykdy. Bu meni ynjytdy. Ýüregimiň*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*jümmüşinde bir ýerlerde bardygyny-da bilmeýän ýaralarym yza berip başlady.*

***Kimýa Konýa, 1244-nji ýylyň dekabry***

*Meni perzentlige alanlarynda on iki ýaşymdadym. Öz ejem-kakam ýönekeý, oba adamlarydy; Gün dogandan Gün batýança, ekin üstünde işläp, wagtyndan öň garran adamlardy. Kiçijik, bir otagly öýde ýaşardyk. Gyz doganym ikimiz otagyň bir böwründe, bir düşekde ýatardyk. Gapdalymyzda aradan çykan doganjyklarymyň ruhlary uklardy. Olaryň ählisi-de yzly-yzyna ýönekeý näsaglyklardan amanadyny tabşyran bäbeklerdi. Öýümizde olaryň ruhuny diňe men görýärdim. Haçan şol kiçijik ruhlaryň nämeler edip-goýýanlaryny hossarlaryma düşündirjek bolsam, gyz doganym erbet gorkardy, ejem aglap başlardy. Her näçe düşündirjek bolsam-da, peýdasy ýokdy. Ýöne gaýgy edere-de, gynanara-da zat ýokdy. Sebäbi kiçgine ruhlaryň hiç biri bagtsyz görnenokdylar. Gorkunjam däldiler. Ýöne, ynha, şuny özümiziňkilere hiç düşündirip bilemokdym.*

*Günlerde bir gün obamyza bir garry bilge-dana geldi. Ol argyndy, halys bitapdy hem açdy. Saçy-sakgaly buýur-bulaşykdy, ýiti ýagta gözüni süze-süze, ýüzüni ýygyrt tutup gidipdir. Kakam dynç alyp, özüni dürsesin diýip, ol bilgäni öýümize çagyrdy. Şol gije ählimiz ojagyň başynda oturdyk. Bilge hem bize uzakdaky diýarlar barada täsin*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*gürrüňleri aýdyp berdi. Ol birsydyrgyn äheňde gürrüň* berip otyrka, menem gözlerimi ýumup, onuň bilen *birlikde Arap çöllerine, Afrikanyň demirgazygyndaky çarwa çadyrlaryna, suwlary göm-gök Ortaýer deňzine syýahat etdim. Bilge nire barada gürrüň berse, hyýalymda janlandyryp, şol ýerlere syýahata gitdim. Bir çägelik ýerde äpet ullakan owadan balykgulagyň üstünden baryp, jübime saldym. Çägelik kenaryň bir başyndan beýleki ujuna tarap ýöräp başladym welin, duýdansyz ýerden ýiti, porsy ys burnuma urdy. Mejbury ýagdaýda aýak çekdim. Gözlerimi açdym.*

*Süýnüp ýatan ekenim. Özümden gidipdirin. Düýş gören bolaýmasam. Öýdäkileriň ählisi üstüme abanyşyp, maňa aladaly seredişip durdular. Ejem bir eli bilen kellämi saklap dur, beýleki eli bilenem burnuma ýarty sogan tutduryardy, ony maňa ysgatjak bolup başagaýdy.*

Gyz doganym begenjinden *ellerini çarpdy:*

— *Özüne geldi! Ýaşa! Kimýa yzyna gaýdyp geldi! Ejem uludan dem* aldy.

— *Alla jan, saňa şükür! — diýdi. Soňra bilgä garap ýagdaýy düşündirdi. — Kimýa jan kiçijikliginden bäri birahadrak. Birdenkä, durýar-durýar-da çaşýar ýatyberýär.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Bilge hiç zat diýmedi, diňe aňymdaky pikirleri okajak bolýan ýaly, meni üns berip synlady. Ertesi gün säher bilen hemmämize birin-birin taňryýalkasyn aýdyp hoşlaşdyda, ýola düşmek üçin aýak üstüne galdy. Ýöne ýola düşmezden ozal, kakamy ýanyna çagyryp şeýle diýdi:*

*— Seniň gyzyň gaty üýtgeşik çaga. Alla oňa ullakan ukyp beripdir. Şeýle sowgadyň gadyry bilinmese haýp bolar. Kimýany hökman mekdebe iberiň...*

*Gürrüňi üns berip diňlän ejem:*

*— Gyz çaga mekdep nämä gerek? —* diýip, dessine dillendi.

*Bilge bu garşylyga ýan bermedi:*

*— Çagaňyza gyz diýip, Alla ony gözden salmandyr. Haktagala oňa ukyp bagyş edipdir. Siz Alladan has gowy bilýändirin öýdýäňizmi? — diýip sorady. —* Eger mekdebe ibermejek bolsaňyz, gyzyňyzy bir alymyň garamagyna beriň.

*Ejem «hiç haçan» diýýän manyda başyny ýaýkady. Ýöne* kakam näme diýjegini bilenokdy. Bilgäniň sözüniň oňa *täsir edeni görnüp durdy. Ol okuwly kişileriň, dini hem tebigy ylymlaryň muşdagydy. Kakam meni hem örän gowy görýärdi.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Ýöne ulamalardan hiç tanaýanymyz ýok. Nireden tapaly? — diýip sorady.*

*Ynha, şol pursat goja bilge durmuşymyň ugruny bütinleý özgertjek bir teklip aýtdy. Ol şeýle diýdi: — Konýa şäherinde üýtgeşik bir alym ýaşaýar. Ady Möwlana Jelaletdin Rumy. Kimýa ýaly bir gyzy ösdürip-ýetişdirmäge göwünjeň çykmagy ahmal. Gyzyňy şonuň ýanyna äkit. Ökünmersiň.*

*Bilge gidensoň ejem «Eý, Hudaý!» diýip, gollaryny giňden açdy. Gürläp başlady:*

*— Men agraýak. Kimýa maňa hemaýat etmeli. Onsoňam gyz diýeniň kitap nämesine gerekmiş. Bu, heý, boljak işmi? Öýde otursyn. Çaga seretmegi öwrensin.*

*Käşgä, ejem gitmegime başga sebäpler bilen garşy çyksady. Aýralyga çydap bilmejegini, wagtlaýyn hem bolsa, gyzyny başga bir maşgala bermäge dözmeýändigini aýdan bolsady, menem beýle höwese ulaşman, obamyzda galanymy gowy görerdim. Ýöne ejem bu zatlaryň hiç birini diýmedi. Ol diňe öýde-de kömek gerekdigi üçin gitmegime garşy çykansoň, kejirligime tutup, menem gidenimi gowy gördüm. Şol wagtam kakam bilgäniň gürrüňini eden meşhur alymynyň ýanyna bile gidip görmegi ýüregine düwdi.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*Şeýlelikde, köp wagt geçmänkä, kakam ikimiz ýola düşüp, Konýa geldik. Ders berýän medresesiniň gapysynda Möwlana garaşdyk. Şol gün hezreti kakalygymy ilkinji görşümdi. Ol birhaýukdan talyplaryny yzyna tirkäp daşaryk çykdy. Elimi-aýagymy nirede goýjagymy bilmän aljyradym, başymy galdyryp, ýüzüne-de bakyp bilmedim. Ellerine seretdim. Nepis barmaklary uzyndan inçedi. Alyma garanyňda, ol eller sungat adamsynyňka has köp çalym edýärdi.*

*Kakam Möwlananyň öňünden çykyp, meni görkezdi.*

*— Tagsyr hezretleri, gyzym Kimýa üýtgeşik çaga. Ýöne ejesi-de, menem ýönekeý adamlar. Ony mynasyp derejede terbiýeläp ýetişdirip bilmeýäris. Şu töweregiň iň ylymly adamy özüňiz diýdiler. Kimýany okuwçyňyz hökmünde kabul edip bilmezmisiňiz?*

*Gözümiň gytagy bilen Möwlananyň ýüzüne seretdim. Onuň geň galmaýandygy bildirýärdi. Şular ýaly arzy-hal aýdylmagyna öwrenişikli bolmalydy. Ol kakam bilen aýak üstünden gürrüňe başlansoň, menem ýeňseki baga tarap ýöredim. Şol ýerde birnäçe çaga oýnap ýördi, ýöne aralarynda gyz ýokdy. Medrese diňe oglanlar üçindi. Ýöne yzyma dolananymda bir künjekde ýeke özi duran ýaş aýaly görüp aljyradym. Ol göze gelüwli, hoşamaý ýüzli zenandy. Aý ýaly nurana ýüzi ýalkym saçyp durdy. Apak bedeni mermerden ýonulyp ýasalan ýalydy. Elimi*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*galdyrdym. Ol aýal maňa haýran galyp seretdi. Sähel salymlyk ikirjiňlenmeden soň, ol hem maňa elini galdyrdy. Ýanyna bardym.*

*— Salam, eýjejik gyz, sen meni görýärmiň? — diýip* sorady.

*Men baş atanymda ol aýal begenip ýylgyrdy.*

*— Bu gaty täsin! Meni senden başga hiç kim görenok.*

*Ol aýal bilen bile kakamdyr Möwlananyň duran ýerine bardyk. Ýanymdaky nätanyşy görüp, gürleşmelerini bes ederler öýtdüm. Ýöne beýtmediler. Aýal dogry aýdýan eken; menden başga hiç kim ony görmeýän eken.*

*— Hany, gel hany, Kimýajyk — diýip, Möwlana dillendi. — Kakaň aýdyşyna görä, sen öz-özüňden okap-ýazmany öwrenipsiň. Üýtgeşik ukyplaryň barmyş, okamagy örän gowy görýärmişiň. Hany, aýt bakaly, kitaplaryň nämesini halaýaň?*

*Bokurdagyma bir zat düwün boldy, dilim çolaşdy. Jogap berip bilmeýärdim.*

*— Ýeri, Kimýa, hezreti tagsyra gürrüň ber ahyry — diýip, kakam dillendi. Möwlana Rumynyň umydyny puja çykararmykam öýdüp alada galýan ýalydy.*

*Dogry, jogap beresim gelýärdi. Kakamyň özüme guwanmagyny isleýärdim, ýöne hiç gürläp bilmedim.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Onsoň eger ýanymdaky ýaş aýal kömege ýetişmedik bolsa, belki, hiç haçanam gürläp bilmezdim. Oba iş bitirmän dolanmaly boljakdyk.*

*Ýöne ýaş aýal emaýlyk bilen elimden tutdy.*

*— Ýeri, akyllyja gyz, Möwlana gürrüň ber, hany. Söz beryän, hemmesi oňat bolar.*

*Şol pursat ekezlendim. Möwlana tarap ynamly öwrüldim:*

*— Tagsyr, siziň ýanyňyzda terbiýe almak maňa şeref berer. Kynçylykdan gaçmaryn, okamagy gowy görýärin. Öwrenmegi halaýan. Oňat okuwçyňyz boljakdygyma sizi ynandyrýaryn.*

*Möwlananyň gözleri ýalpyldap gitdi.*

*— Ynha, bu bolubilýär — diýdi, ýöne soňra uludan dem aldy. Hamala ýakymsyz bir zat ýadyna düşen ýalydy. — Ýöne sen gyz ahyry. Biz dynjymyzy alman okap, kän zatlary öwrenäýenimizde-de, köp wagt geçmänkä, sen durmuşa çykmaly bolarsyň, çaga-maşgala basdyrarsyň. Şonça ýyllyk zähmetiň biderek bolar.*

*Näme diýjegimi bilmedim. Höwesim gaçdy. Kakamyň hem keýpi gaçyp ugrapdy, nazaryny çaryklaryna dikip, sesini-üýnüni çykarman durdy. Ynha, şol wagt ýaş aýal ýene dadyma ýetişdi:*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Möwlana «Aýalyňyz hemişe kiçijik gyzyňyzyň bolmagyny islärdi. Alla häzir meni iberdi. Eger bir gyz çagany okatsaňyz, aýalyňyz muňa begener» diý.*

*Şu jümleleri bolşy ýaly edip aýdanymda, Möwlana güldi.*

*— Görýän welin, öýüme baryp, aýalym bilen gürleşipsiňiz öýdýän. Ýöne Kerra meniň derslerime goşulýan däldir, gyzym.*

*Şol wagt ýaş zenan başyny atdy-da, gulagyma şu zatlary aýtdy:*

*— Kerrany göz öňüne tutmaýandygyňy aýt. Ol ikinji aýaly. Sen Göwher barada aýdýaň. Ogullarynyň ejesi.*

*— Kerra hatyn barada däl, Göwher hatyn barada aýdýan — diýip, atlary ýalňyşmajak bolup ýanjap aýtdym. — Ogullaryň ejesi barada.*

*Möwlananyň ýüzi agraslandy, ýylgyrmasy galdy.*

*— Göwher aradan çykdy, balam — diýdi. — Merhum aýalymy nireden tanaýaň? Sen oýun edýärmiň?*

*Kakam alada bilen gürrüňe goşuldy.*

*— Erbet niýeti ýokdur, tagsyr. Kimýa ulyny-kiçini sylaýan gyzdyr. Ulug kişilere hormat-sarpasynyň kemini goýýan däldir.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Dogrymy aýtmaga mejbur ýagdaýa düşendigime düşündim.*

*— Aradan çykan aýalyňyz şu ýerde, ýanymda. Elimden tutup dur. Ol meni gürlemäge höweslendirýär. Özi-de goýy goňur gözli, ýüzi menekli, egni hem uzyn sary köýnekli...*

*Ýaş aýal aýagyndaky aýakgaby yşarat edensoň, ol barada-da aýtdym.*

*— Aýakgaby barada aýt diýýär. Ýalpyldap duran narynjy ýüpekden edilen, üstüne owunjak gyzyl gül çekilen, şeýle owadan aýakgaby bar.*

*Möwlananyň gözleri ýaşdan doldy.*

*— Ol aýakgaby Göwhere Şamdan getirip beripdim. Gaty gowy görerdi, pahyr... Şeýle diýenden soň, ulug alym esli wagtlap dymdy. Onuň ýüzi aladaly hem syrly görünýärdi. Ýöne gaýtadan gürleşip başlanda hereketleri sypaýy hem mähirli çykdy, sesinde hasratdan nam-nyşan ýokdy.*

*— Gyzyňyzy hemmeleriň näme üçin üýtgeşik ukyply çaga hasap edýändiklerine indi düşündim — diýip, Möwlana Rumy kakama ýüzlendi. — Ýeri, bärde aýak üstünde durmalyň. Öýe baralyň. Bile nahar edinip, Kimýanyň gelejegi barada maslahat edeliň.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Onuň örän ökde talyp boljagyna ynanýaryn. Onda-da gaty köp oglanlardan öňe geçer.*

*Ýola düşmänkäk, Möwlana mylaýym dillendi:*

*— Bulary Göwhere ýetirip bilermiň, gyzym?*

*— Zerurlygy ýok, tagsyr. Ol aýdanlaryňyzy eşitdi ahyry – – diýdim. — Maňa özüniň indi gitmelidigini aýtdy. Ýöne gidýän ýerinden hemişe muhabbet bilen sizi synlaýarmyş.*

*Möwlana Rumy çyny bilen ýylgyrdy. Kakam hem şeýle. Şeýlelikde, ara düşen dartgynlylykdan nam-nyşan galmady. Şol pursat Möwlana bilen tanyşmagymyň täsiriniň örän alyslara uzajakdygyna düşündim. Ejem bilen aramyz hiç haçan ýakyn bolmandy, ýöne indi Alla hamala ejem babatda kalbymda dörän boşlugy doldurmak üçin maňa iki kakany: öz kakamy hem tagsyr kakamy birden berýän ýalydy.*

*Sekiz ýyl ozal Möwlana Rumynyň öýüne gelşimiň hekaýaty, ynha, şeýle. Bu ýere gelenimde men ylma teşne, öz dünýäsine gümra, çekinjeň gyzjagazdym. Ýöne täze hossarlarym bilen çalt öwrenişdim. Kem-kemden Kerrany öz ejemden ileri görüp ugradym; ol hemişe mähirlidi hem rehimdardy. Möwlananyň ogullary hem meni gowy garşylady, aýratynam uly ogly hakyky agam ornunda durdy. Alaetdiniň meni gowy görşi başgaça, hiç*

*zat diýmese-de, şeýledigini duýýaryn. Ýöne men ony diňe doganym hökmünde görýärin.*

*Ahyrsoňy obamyza baran şol bilgäniň aýdany dogry bolup çykdy. Kakamydyr doganjygymy her näçe göresim gelse-de, Konýa gelip, Möwlana Rumynyň maşgalasyna goşulanyma sähelçe-de puşman edemok. Bu üçegiň astynda ýekeje gezegem bolsa, birahatlygy başymdan geçirip göremok.*

*Şems-i Töwrizi gelýänçä, durmuşymyz şeýle* dowam etdi. *Şol gelenden soň welin, hiç bir zat gaýdyp öňküsi ýaly bolmady, bolubam biljek däldi.* **Ella**

***Boston, 2008-nji ýylyň 9-njy iýuny***

*Ol hiç haçan ýeke özi galmagy halamazdy. Şeýle-de bolsa, soňky döwürlerde ömründe, belki-de, ilkinji gezek öýde ýeke galmak üçin amatly pursat peýleýärdi. Maý tapynsa, «Yşk şerigatyny» iş edinýärdi; roman hakynda ýazan hasabatnamasyna ahyrky düzedişlerini girizýärdi. Ol Mişele jaň edip, ýene bir hepdelik möhlet bermegini haýyş etdi. Aslynda, biraz gaýrat eden bolsa, hasabatyny öz wagtynda tamamlap hem biljekdi, ýöne muny onuň özi islemedi. Zaharanyň romany oňa öz dünýäsine çekilmäge bahanady, şonuň kömegi bilenem ol hem-ä maşgala jogapkärçiliklerinden, hem-de uzak wagt bäri bolaryna garaşýan är-aýal dawasyndan gaçýardy. Şu hepde ilkinji*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*gezek ol nahar jemgyýetine gitmedi. Durmuşy häzirki bulam-bujar ýagdaýa düşen halyna, özüniňkä çalymdaş günde ýaşaýan on bäş aýal bilen hatarlanyşyp, nahar bişirmek oňa agyr düşüp başlapdy.*

*Şol bir wagtda-da Ella Aziz bilen hat alyşýanyny syr hökmünde gizläp saklaýardy. Hernäçe geňem bolsa, soňky döwürde onda birtopar syr peýda bolupdy. Meselem, Aziz öz romany hakynda Ellanyň hasabatnama taýýarlaýandygyny bilmeýärdi. Neşirýat Ellanyň hasabat taýýarlaýan romanynyň ýazary bilen hat alyşýanyndan bihabardy. Başga bir tarapdan bolsa, çagalarydyr adamsy onuň ýeke galmak bahanasy bilen bu romana telbe kimin serini berip ýörenindenem, eseriň ýazary bilen hat alyşýanyndanam habarsyzdy. Ol birnäçe hepdäniň içinde durnukly, birsydyrgyn durmuşda ýaşap gelýän aýal bolmagy bes edip, biperwaý gylykly, sapalakçy we syrdan doly başga bir aýala öwrülipdi. Onuň bu özgerişlige birahat bolup durmaýanyna bolsa hasam haýran galaýmalydy. Onda täsin arkaýynlyk peýda bolupdy. Sabyr-kanagat bilen garaşyp bilse, möhüm bir zatlaryň bolup geçjegine ynanýardy. Täze ruhy ýagdaýyndan zeýrenmeýärdi-de, gaýta, uzak wagtdan bäri kalbynyň ilkinji gezek ýagtylanýandygyny duýýardy. Esli wagtdan soň, elektron hatlar azlyk edip ugrady.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Olar jaňlaşyp başladylar. Şunlukda, indi ýedi sagatlyk wagt tapawudynyň bardygyna garamazdan, olar her gün diýen ýaly telefonyň başyndadylar. Aziz bilen gürleşýän mahaly Ellanyň sesi mylaýym hem näzik çykýardy. Gülmäge başladygy, şadyýan sesi töwerege ýaýrardy, gülküsiniň soňy kesilmezdi. Bu gülki durmuşda hiç wagt özüni öz ugruna goýbermegi başarmadyk, özgeleriň aýdanyna gulak gabartmany öwrenmedik, özüni, isleglerini hemişe çäklendirip gelen zenanyň gülküsidi.*

*Şol arada Ellanyň öýünde birbada birnäçe waka bolup geçýärdi. Matematika synagyndan zordan geçen Ewi ýörite sapak alyp başlapdy. Orly bolsa, iýmit siňdirişiniň siňdirişiniň näsazlygy sebäpli, psihologa gatnaýardy. Ol ençeme aýdan soň, şu gün irden ilkinji gezek süýtli heýgenegiň ýaryny iýmegiň hötdesinden gelip bilipdi. Şobada-da yzyndan näçe kilokaloriýa alanyny hasaplan hem bolsa, haýran galaýmaly, oňa ökünip durmandy. Özüni açlyk arkaly terbiýelejek bolmandy. Beýleki bir tarapdan, Janet Skot bilen arasynyň bozulandygyny aýdyp, hemmeleriň kellesini bulam-bujar edipdi. Näme bolanyny soranlarynda ol biraz ýeke galasynyň gelýänini aýtmak bilen oňsa-da, Ellanyň şaýat bolşuna görä, gyzy gatybir ýeke hem däldi. Öňler şeýle ýagdaý bolanynda Ella dessine käýinjiräp ara goşulyşardy, gahar ederdi. Adamlaryň gatnaşyk saklamak we ony kesmek babatdaky howlukmaçlygy Ellany öň asla bolmadyk möçberde*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*oýlandyrýardy. Eýse, Aziz bilen ysnyşmasy hem şeýle bolarmyka? «Şu gün bar, ertir ýok» diýilýänimikä? Kitap bilen bagly işi tamamlanansoň, bu ýakynlyk hem öz-özünden ýatdan çykar gidermikä? Ol şuny alada edýärdi.*

*Çagalary bilen gatnaşygynda diýdimzor bolmajak bolup, ol köp güýç sarp edýärdi. Aziz bilen alşan hatlaryndan öwrenen zatlarynyň biri, — ol hem özdiýenli we kejir bolmakdan ýüz öwrüp, rahat hem ümsüm ýaşamakdy, şeýtdigiçe-de çagalary oňa höwrügýän ýalydy.*

*Ol öňler özüni şu maşgalanyň diregi hasap edýärdi. Hemmeleri ýekän-ýekän gözegçiliginde saklamasa, maşgala dagar öýdýärdi. Ol pugta, tutnukly aýaldy. Tutuş maşgalany we öýüň ähli zadyny deňagramlylykda saklaýan güýçdi! Ýöne häzir welin, tutnuklylykdan, pugtalykdan ýüz dönderip, sabyr-kanagatly we ümsüm synça öwrülipdi. Gündizler, gijeler geçip durdy; ol wakalaryň özgermegini göýä dahylsyz ýaly synlaýardy. Gözegçiliginde saklap bilmeýän zatlary üçin ahmyr etmesini bes edeli bäri, başga aýala öwrülipdi. Indi ol öňkülerden has rahatdy, ýalňyzdy we näzikdi.*

*Dewid aýalynda birhili geň-taňlygyň bolup geçýänini aňýardy. Eýse, onuň bilen has köp wagt geçirmek isleginiň döräni şonuň üçinmikä? Bu günler ol öýe ir gelýärdi. Şonuň üçin «Esli wagt bäri ol başga aýal(lar) bilen duşuşan däl bolsa gerek» diýip, Ella çaklaýardy.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Ezizim, ýagdaýyň niçik? Umuman, gowulyk dälmi? — diýip, Dewid günde birnäçe gezek soraýardy.*

*Ella her gezek şol bir äheňinde:*

*— Hemme zat gül ýaly — diýip ýylgyrýardy.*

*Ella ýeke özi çete çekilip, içki dünýäsi bilen gümra bolansoň, maşgala durmuşlaryny has ýalkymly we üstünlikli görkezýän syrçasy gopan ýaly boldy. Ýasama görünmegi goýbolsun edeli bäri, ol özleriniň kemçiliklerini-de, ýalňyşlyklaryny-da tutuş durky bilen syzmagy, görmegi başarýardy. Pylanmyş-pismidanmyş diýdirip, hondanbäri görünmegi indi ol ymykly goýbolsun edipdi. Munuň Dewide-de oňyn täsir edendigini onuň ýüregi syzýardy. Olaryň arasynda gürrüň edip oturarada kän zat galmandy. Äraýal biri-biri bilen diňe ir ertir, giç agşam çagalar bilen birlikde aşhanadaky stoluň başynda mahaly, bäş-üç agyz söz alyşýardy, bar bolany şoldy. Soňra olar ýowuz hakykaty boýun alyp dymýardylar. Ella adamsyny käte özüne çiňerilip, tiňkesini dikip oturan halda görýärdi. Dewid özünden bir zatlaryň soralaryna garaşýan ýalydy. Ella gürrüň açsa, adamsynyň ähli zady boýun almaga taýýar bolmagy-da mümkindi. Şu güne çenli eden ähli hileli hokgalaryny, biwepalyklaryny düşündirmäge razy bolmagy ahmaldy. Ol doly içini dökmek üçin şol ýönekeý sowala garaşýan ýalydy. Ýöne Ella hiç zat soramaýardy.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Öňler maşgala durmuşlaryna zeper ýetmesin diýip, ol bilmedik bolardy, dünýäden habarsyzsyrap gezerdi. Häzir bolsa, her bir hereketinde bolan-geçen işlerden habarynyň bardygyny, ýöne perwaýyna-da däldigini görkezýärdi. Adamsyny gorkuzan zat Ellanyň şu täze tapynan häsiýetleri bolsa gerek. Şu sowuk, ara saklap çeke durmak; ýüz bermezlik ýagdaýy... Ella özüni hiç haçan beýle güýçli duýup görmändi. Ýöne köpem däl, mundan, bolsa, bir aý öň hem duýgulary düýpgöter başgaçady. Şol wagtlar Dewid maşgala binýadynyň berkemegi üçin birje ädim äden bolsady, begenjinden asmana uçardy. Ýöne häzir welin, beýle däl. Ol şu ýagdaýa nähili geldikä? Üç çaganyň ejesi bolan aýal, nädip, garamsallygyny taşlap, öz-özi bilen ýüzleşip bildikä?*

*Onsoňam ol telefonda Janete boýun alşy ýaly bagtsyzdy, şeýle bolsa, näme üçin betbagt aýallaryň edişi ýaly etmeýärkä? Näme üçin öýdäki hammamçanyň içinden baglap, ýer ýumruklap aglamaýarka, aşhanada nahar bişirýän wagty gözýaş dökmeýärkä; näme üçin öýe girmek islemeýän ýaly, wagtyny daşarda gezmeläp geçirmeýärkä ýa-da gahar oduna berlip, penjiräniň aýnalaryny kül-uşak etmeýärkä?!*

*Ellany täsin bir ümsümlik gurşap alan ýalydy. Her gün irden «Ýüz-gözümde üýtgän zat barmyka?» diýip aýna*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*seredýärdi. Bir görseň, durmuşynda hiç zat özgermedik ýalydy, maşgalasy şol öňki maşgala, özi şol öňki zenandy. Bir görseň bolsa, hiç bir zat indi öňküsi ýaly däldi. Ol özüniň uly bir özgerişligiň hut jümmüşindedigini anyk bilýärdi.* **Kerra**

***Konýa, 1245-nji ýylyň 5-nji maýy***

*Şems-i Töwrizi geleli bäri, dolan Aý alty gezek görnüp, alty gezegem ýitirim boldy. Şunça wagtyň dowamynda adamym edil täze dogan Aý ýaly, her gün biraz özgerip, mendenem, ogullaryndanam uzaklaşdy. Ol başga adama öwrüldi. Ilkibadalar geldigeçer ýagdaýdyr, wagtlaýyndyr, bahym biri-birinden ýadarlar öýtdüm, ýöne beýle bolmady. Gaýta tersine, barha jebisleşdiler. Bile mahallary olary ýa täsin dymyşlyk gurşap alýar, ýa-da özara mydyr-mydyr gürleşýärler. Nädip, şeýle uzakdanuzak dymyp bilýändiklerine-de, şonça sözi nireden tapýandyklaryna-da düşünemok. Şems bilen eden her söhbetinden soň, Möwlana Rumy başga bir adama öwrülýär. Ol şeýlebir alysda, agyr pikirleriň astyndady welin, göýä göwresi bärde bolsa-da, özi başga ýerde ýalydy.*

*Olaryň dünýäsi iki kişilik dünýä. Aralarynda üçünji adama orun ýok. Her söze şol bir demde, şol bir görnüşde gaýtargy berýärler. Şol bir wagtda ümsümleşip, hasrata bogulýarlar, çuňňur oýa batýarlar. Ruhy ýagdaýlary biri-*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*birine bagly. Şeýlebir günler bolýar, olar şemala yranýan sallançak deý rahat; ne iýýärler, ne içýärler. Kä günler bolsa, joşgunly derýa ýaly, säginip dynjyňy almak diýen zady bilmän gürleşýärler, okaýarlar, ýöreýärler. Sekiz ýyldyr ýassykdaşym, ogullaryny öz çagam ýaly edip ýetişdiren adamym, är-aýal bolup, bile çaga edinen ynsanym meniň üçin kesekä döndi. Diňe çuň uka giden mahaly özümiň oňa ýakynlygymy duýýaryn. Köplenç gijeler ýanynda uklaman ýatýaryn, dem alşyny diňleýärin. Diňe şol mähremlikde özümi onuň aýaly hökmünde duýup, aramyzdaky öňki ysnyşygyň gaýtadan janlanjagy barada oýlanyp aram tapýaryn.*

*Hemişe öz-özümi umytlandyryp, hemme zadyň düzeljegine ynanmaga çalyşýaryn. Elbetde, Şems bir gün gider. Her hal, ol bir gezende derwüş. Möwlana Rumy şu ýerde meniň bilen bile galar. Ol şu şähere, diňleýjilerine hem talyplaryna degişli adam. Esasy gerek zat garaşmagy başarmaly. Heran-haçan umydym inçeliberse, öňki günleri, Rumynyň her näme bolsa bolubersin, ýanymda bolan günlerini ýadyma salýaryn.*

*Durmuş gurjakdygymyz baradaky habar ýaýranda men hakynda her hili gep-gürrüň edenler tapylypdy: «Kerra ozal hristiandy. Bu aýalyň asly rumly. Hak dinini — musulmançylygy kabul edeni bilen oňa nädip bil baglap*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*bolar? Saýry saýry bolýandyr. Özüň ýaly yslam* alymyna *zandy musulman maşgalasyny alsaň makul bolar».*

*Emma Möwlana olaryň diýenine şol wagtam, soňam hä bermedi. Şonuň üçinem men oňa hemişe minnetdar.*

Anadoly *— dinleriň, ynançlaryň, urp-adatlaryň, her jüre rowaýatdyr ertekileriň erişargaç ýurdy.* Şol bir *iýmitlerden iýip, şol bir aýdymlara hiňlenýän, birmeňzeş batyl ynançlara uýup, gijelerine birmeňzeş düýşleri görýän mahalymyz, näme üçin biz bile ýaşamagy başarmaly däl?! Isa pygamberiň adyny göterýän musulman çagalarynyň bardygyny bilýän, musulman süýt eneleriniň emdiren hristian bäbeklerini-de tanaýan. Anadoly diýeniň suw ýaly dup-durudyr hem çasly akagandyr, bu ýerwakalaryň biribirine ýugrulan mekanydyr. Eger hristianlyk bilen musulmanlygyň arasynda nähilidir bir çäk bar bolsa, ol şol çägiň iki* tarapynda-da *bar bolan yňdarmalaryň nygtaýşy ýaly, aşyp bolmajak serhetdir öýdemok.*

*Möwlana ýaly meşhur bilgäniň aýaly bolanym üçin her kim maňa alymlara artykmaç baha berýändirin öýdýär, ýöne bu beýle däl. Dindarlar, belki, köp zat bilýändirler, ýöne ynanç diýilýän zat akyl tarapyndan hem-de öwrenmek arkaly düşünilýän zatmy ýa-da gös-göni kalbyňda ýaşaýanlygy üçin göz ýetirilýän zatmy? Mollalar käte düşünmesi şeýlebir kyn gürrüňler edýärler*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*welin, näme diýýänlerine akyl ýetirip bilemok. Musulman alymlary üç mukaddesligi — teslisi ykrar edýändikleri üçin hristianlary, hristianlar bolsa «Gurhan kemçiliksizdir» diýýänleri üçin musulmanlary ýazgarýarlar. Hamala, bu iki din biri-birinden parsah-parsah uzak ýaly gürleýärler.*

*Ýöne din bilgeleri özara çekeleşseler-de, Anadolyda ýaşaýan garamaýak hristianlar bilen garamaýak musulmanlaryň umumy taraplary örän köp. Biz şol bir topragyň perzentleri. Şol bir asmanyň astynda...*

*Hristianlyga geçen musulman üçin iň kyny teslisi ykrar etmekmiş diýýärler. Şonuň ýaly-da, hristianlykdan ýüz öwrüp, musulmançylygy kabul eden adam üçin iň kyny üç mukaddeslik düşünjesinden saplanyp bilmekmiş. Özüm barada aýtsam, Isanyň Allanyň ogly däl-de, guludygyna ynanmakda kynçylyk çekmedim. Gurhanda hezreti Isa näme diýýär? «Men, şübhesiz, Allanyň guludyryn. Maňa kitap berdi we meni pygamber etdi». Musulmanlyga geçen mahalym, şuny ilkibaşdan ykrar etdim. Meniň esasy kynçylyk çeken ýerim Merýem eneden daşlaşmak boldy. Muny hiç kime aýtmadym, Möwlana Ruma hem. Emma käte Merýem enäniň şol ajaýyp, goýun gözlerini küýseýärdim. Onuň ýüz-keşbi maňa hemişe rahatlyk bererdi. Kämil, rehimdar, mähirli, mylaýym Merýem ene...*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Aslynda Töwrizli Şems öýümize geleli bäri, pikirlerim şeýlebir garjaşdy welin, bibi Meryemi hemme wagtdakydanam beter küýseýärin. Merýem enä doga etmek islegimiň öňüne geçmek meselesinde kynçylyk çekýärin. Şeýle wagtlarda ýazyklylyk duýgusy meni içimden gemirýär. Bibi Merýem hakynda pikir edip, täze dinim yslamyýetiň kadalaryndan çykýan bolaýmaýyn? Möwlanadan sorasam gowy bolardy welin, ýüzüni zordan görýärkäm, beýle ynjyk soragy nädip soraýyn?!*

*Bu syry hiç kim bilmeýär. Aramyzdan gyl geçmeýän, syr* alyp-berişýän *goňşym Safiýede bilenok. Ol muňa düşünmez ahyry. Käşgä, derdimi adamyma düşündirip bilsem, ýöne nädip?! Ony özümden hasam uzaklaşdyrmakdan çekinýän. Möwlana öňler ähli zadymdy. Häzir bolsa, onuň kölegeden parhy ýok.*

*Ozal bilemokdym. Indi bilýän. Diýmek, şu durmuşda bir erkek adam bilen bir üçegiň astynda ýaşap, şol bir düşekde ýatyp, üstesine, onuň hasratyny çekmek hem mümkin zat eken. Diýmek, ynsan diňe bir uzakdakylaryň zaryny çekmän, iň ýakynyndakylary hem gaty küýsäp bilýän eken.*

*Bir ýassyga baş goýýan ýanýoldaşym-da duýdansyz ýerden kesekä öwrülip biljek eken.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

***Şems Konýa, 1245-nji ýylyň 12-nji iýuny***

*Şunça gorky, wehim hem gadagançylyk... Käbir ynsanlar her Oraza aýynda sypdyrman agyz bekläp, her baýramda, günämiz ýuwulsyn diýip, gurban kesýärler, haja, umra gidýär, günde bäş wagt alnyny seždä goýýarlar, ýöne ýüreginde ne söýgä orun bar, ne-de rehim-şepagata. Be, adam, onda näme üçin biderek arrygyňy gynap ýörsüň? Heý, yşksyz hem bir ynanç bolarmy?! Söýmän, söýülmän, biderek ýere bir zatlar samrap, hümürdäp imanly bolup bolýanmydyr? Yşk bolmasa, «ybadat» bir gury sözden, tirkeşip gelýän alty harpdan ybaratdyr-da. Daşy gabyk, içi oýuk, boş. Adam Allaha we ynsana bolan söýgüsiniň damarlarynda gürs-gürs edişini duýup, yşk bilen we yşkda iman etmeli!*

*Ýaradany asmanda, ýokarda bir ýerlerdedir öýdýärler. Kimler bolsa Ony Mekgeden, Medineden gözleýärler! Ýa bolmasa metjitlerden! Alla mekana sygýanmydyr? Nähili nadanlyk! Ol diňe ýeke-täk ýerde — aşyklaryň köňlündedir.*

*Şonuň üçinem şeýle diýmänmidir: «Meni ýer hem, gögem gaplap bilmez. Diňe we diňe ynanan gullarymyň ýüregine ýerleşerin».*

*Haýp, nähili haýp, Alla bilen çekeleşmäge synanyşýan bihepbä haýp. Ýagny, sen şindi her dürli bet päli seriňden geçir, onuň-munuň gybatyny et, ýykylsyn diýip ýolunda*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*çukur gaz; gyz-gelniniň namysyna dil ýetir; eliň işde, gözüň oýnaşda bolsun, metjitden çykar-çykmaz okan namazyňy ýadyňdan çykar, soňam birki goýun gurbanlyk kesip, bäş-üç dogany ýat tutup, hemme zat gül ýaly hasap et! Eger ilki kalbyňy arassalamagy bilmeýän bolsaň, biderek ýere täret almak bilen meşgul bolma. Sen tetelliler bilen söwdalaşar ýaly meniň Rebbim täjir däl ahyry. Meniň Rebbim depderiniň bir burçunda günä hasabyny, bir ýanynda sogaplaryň hasabyny ýöredip, jemläp hasabyny çykarar ýaly, bakgalam däl ahyry!* Bir elinde terezi saklamak aladasy-da ýok, beýleki eli bilen *galam tutmak işi-de... Meniň Rebbim adaty hasaplardan sapdyr, arassadyr. Ol ajaýyp bir gözellik, çeşmesi kesilmeýän nur, tükeniksiz merhemet hem rahmet eýesidir.*

*Näme üçin buta ýa başga bir ylaha çokunaýyn?! Meniň Rebbim müdimi diridir. Ol — Haýdyr. Näme üçin çäklendirmelere, gadagançylyklara, müňkürlige, her jüre hasaphesiplere bulaşaýyn?! Söýýän hem söýülýän Hak meniňki ahyry! Ol — Weduddyr. Onsoň, eger Allanyň her* pursatda her bir zady eşidýändigini bilýärkäm, nädip, *beýleki adamlar barada gep-gürrüňlere, myş-myşlara bulaşaýyn?! Ol —* Rakibdir. Dyzlarym gopup, dermansyz *galýançam, demim tükenip, ýüregim durýança, aýdym aýdyp, tans edip, Oňa hamd etjek. Döwre gurap aýlanjak. Rast, maňa Ruhundan ruh üfledimi, menem her demde*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Ony ýat ederin. Uç-gyraksyzlykda bir zerrejik, yşkda dänejik hem-de Onuň bina eden ajaýyp binýadynyň tozanynyň tozuna öwrülýänçäm, demimi Şonuň bilen alaryn. Hyruç bilen, egsilmez güýç bilen Oňa tarap ýönelerin. Diňe özüme beren zatlary üçin däl, maňa bermedikeri üçinem şükür etjek. Çünki maňa nämäniň haýyrlydygyny diňe Özi bilýär.*

*Ýigrimi dördünji kada: rast, ynsan ýaradylan mahluklaryň iň şereflisi, mertebelisi bolsa, onda ol her äden ädiminde Allanyň ýer ýüzündäki oruntutarydygyny, halifesidigini ýadyna salyp, şoňa gelişjek edep bilen hereket etmelidir. Adam garyp galan, töhmete duçar bolan, zyndana atylan, hatda ýesir düşen halatynda hem, ýenede özüni başy dik, ruhy belent, kalby rahat oruntutar ýaly alyp barmasyny bes etmeli däldir.*

*Şerigat: «Seniňki eniňki, meniňki bolsa meniňki» diýýär. Tarykat: «Seniňki özüňki, meniňki hem seniňki» diýýär. Magryfet diýýär ki: «Ne seniňki bar, ne-de meniňki». Hakykat bolsa: «Senem ýok, menem» diýýär.*

*Özlerini Allahyň yşkynda ýok etmäge, nebislerine garşy jihat yglan etmäge derek, ol bolgusyzlar köplenç başgalar bilen tutluşyp, nesilden-nesle gorky ýaýradyp ýörler. Eger adamyň dakynan gözgüsine-äýnegine garamsallyk çaýylan bolsa, ol, elbetde, haýsy tarapa seretse, bolgusyzlygy görer. Haçan bir ýerde ýertitreme,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*gurakçylyk ýada başga bir apat bolsa, ony Allanyň gazabynyň alamaty hasap edýärler. Ýöne anykäşgär aýtmanmydyr: «Rahmetim gazabymdan üstündir» diýip? Şeýledigine garamazdan, hemişe Hakyň olardan öç almagyny isläp garaşar ýörerler. Tutuş dünýeleri garpyşykdyr duşmançylykdan doludyr; mährewsizlikleri olaryň üstüni örten gara bulutdyr.*

*Agaçlara güýmenip, tokaýy gözden salma. Ol ýa beýleki aýatlaryň diňe birine gümra bolup galma. Eseriň böleklerini tutuş eseri göz öňünde tutup okamak gerek. Bitewülik bolsa eseriň özeninde ýaşyryndy.*

*Mukaddes Gurhanyň özenine we tutuş durkuna akyl ýetirjek bolmaga derek, yňdarmalar aýratyn birki aýaty saýlap tutup, bir depen ýerlerini depip durlar. Garpyşyga höwesek aňlaryna ýakyn hasaplaýan emirleri ileri tutýarlar. Gabat gelen öňýeten kişä: «Magşar güni gelende gyldan inçe, gylyçdan ýiti Syrat köprüsinden geçmäge mejbur bolarys. Köprüden geçip bilmedik günäkärler aşakdaky jähennem çukurlaryna düşüp, zebanylaryň elinde müdimilik azap çeker. Ömrüni haýyr işler bilen geçirenler bolsa, köpriniň beýleki tarapyna geçip, hurmalar, hüýri gyzlar bilen sylagy ýetiriler» diýýärler. Garamsallaryň ahyret baradaky düşünjeleriniň bary şulardan ybaratdyr. Ýa jähennemden gorkar, ýa-da jennetde sylaga hantamadyr. Ýöne esasy zat Allahy söýmekdir. Şony welin ýatdan çykarýarlar.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Ýigrimi bäşinji kada: sen jenneti hem jähennemi hökman gelejekden gözleme. Ikiside şu pursat şu ýerdedir. Haçan bir adamy bähbit araman, hantamaçylyksyz söýmegi başarsak, jennetdeligimizdir. Haçan biri bilen gohlaşsak, oňuşmasak; ýigrenje, görübilmezçilige we gahara bulaşsak, jähenneme dikbaşaşak düşdügimizdir.*

*Geçmişde gaty erbet günä iş eden, häzir bolsa wyždany aç syçan ýaly beýnisini gemirýän adam üçin çekýän azabyndan beter jähennem bolarmy? Sorasaň, ol adam saňa jähennemiň nämedigini aýdyp berer. Ýa-da adamzada maddy-ruhy taýdan nepi degen, ýürekleri ynjytmaga derek, ýürekleri ynjaldyran, tükeniksiz muhabbet zynjyrynyň bir halkasy bolmagy başaran we älemiň syrlaryna aralaşan kişiniň kanagatyndan aňyrda jennet barmy? Ondan sorasaň, jennetiň nämedigini düşündirer.*

*Ölümden soňrasyny näme üçin beýle köp alada edýärsiň? Yşkyň durmuşymyzdaky barlygyny-da, ýoklugyny-da gös-göni başdan geçirip biljek ýeke-täk wagtymyz şu pursatdyr. Aşyklara jähennemde azap çekmek gorkusam, jennetde sylag-serpaýynyň ýetirilmek arzuwy-da öňbaşçylyk edip bilmez. Olar uç-gyraksyz Ledun deňzinde ýüzerler. Sopular kysmy Allahy söýer. Ol hiç hili sebäbe daýanmaýan, gös-göni söýgüdir. Öwrümsiz hem hantamaçylyksyzdyr...*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Ah, minel Yşk! Yşkdan ozal hem Yşkdan soňra... Yşk ýer ýüzündäki iň gadymy, iň durnukly ýörelgedir. Aşygyň özi çetleşdirilse-de, ol hiç kimi çetleşdirmez. Özi ynjasada, garynjany-da ynjytmaz. Muňa Yşka düşeniňde düşünersiň. Ýüregiň bir mahmal haltajyga döner, içinde zer çaýylan ýumak bardyr; sen bu ýuka ýürek bilen hiç kime dözmersiň. Diri gezip ýören we ötüp geçen aşyklaryň hataryna goşularsyň. Gorkma! Yşkda ýok bolanyňdan soň, daşky sypatlar, aňlardaky ölçegler bug deý göteriler gider. Şol pursatdan başlap: «Men» diýen zat galmaz. Ähli menligiň ullakan hiçlige — nola deň bolar. Ol ýerde ne şerigat galar, ne tarykat, ne-de magryfat. Diňe we diňe hakykat...*

*Düýn Möwlana Rumy bilen şu meseleler barada pikir alyşýarkak, ol birden gözlerini ýumdy hem-de dilinden şu setirler çykdy:*

*Men ne-hä hristian,*

*Ne-de musawy,*

*Ne parsy men, ne-de dindar musulman.*

*Men ne gündogardan, ne günbatardan.*

*Geçdim baryn, gypynç etmän, gysynman.*

*Älem ikiligin gyra taşladym,*

*Olaryň birligin görüp başladym.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Möwlana: «Menden şahyr bolmaz, onsoňam şygry gaty halabam baramok» diýýär. Ýöne onuň kalbynda şahyr otyr. Onda-da nähili ajaýyp şahyr! Pilesini böwsüp, ýaryp çykmaga taýynlyk görýär. Ikilik düşünjesini bireýýäm yzda galdyrypdyr. Özgelere aýry-aýry bolup görünýän zat oňa bir bitewi hem ýeke-täk bolup görünýär.*

*Hawa, Möwlana mamla. Ol ne gündogarly, ne-de günbatardan. Onuň aňyrsy bütinleý aýry, üýtgeşik bir diýardan. Onsoňam ol bütinleý başga zat bilen, Yşk şerigatyndan iýmitlenýär.* **Ella**

## Boston, 2008-nji ýylyň 12-nji iýuny

*Ahyry tamamlady. «Yşk şerigatynyň» ahyryna ýetdi. Kitabynam okady, neşir boýunça hasabatnamasyny-da gutardy. Ella Aziz bilen roman hakynda hernäçe pikir alyşmaga çytraşsa-da, bu kesp-kärime laýyk gelmez diýen pikir bilen özüni saklapdy. Iş bilen yşk garjaşdyrylmaly däldi. Ilki özüne tabşyrylan işi berjaý etmelidi. Hatda Azize kitap dükanyndan Rumy bilen bagly näme tapsa satyn alandygyny, indi ýatmazdan ozal her gije «Mesnewiden» bir sahypa okaýandygyny hem aýtmandy. Ýazyjy bilen «täsirleşmeleridir» roman hakyndaky işleriniň arasyna çäk goýupdy. Ýöne iýun aýynyň on ikisine diýseň täsin waka bolup geçdi-de, ol iş bilen yşkyň arasyndaky çägi bozup taşlady.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Ella Rubinşteýn şol güne çenli Aziziň kime, nämä meňzeýändigini bilmeýärdi. Nireden bilsin? Hiç hili suratyny görmese näme?! Aziz internet saýtyna ýerleşdiren fotosuratlarynyň arasynda öz suratyny goýmandyr. Dogrusy, Ella hat alyşýan adamynyň kime meňzeýändigini bilmeýändigi üçin, ilkibadalar özboluşly lezzet alypdy. Daş keşbi, görnüşi esasy zat däldi. Şonuň üçinem ol Aziziň suratyny-da görmek islemändi, özüniňkini hem oňa ibermek zerurlygyny duýmandy. Beýle ýagdaý has gowy, has jadylaýjy bolup görünýärdi. Ýöne kem-kemden bilesigelijiligi üstün çykyp ugrady. Azizden alýan hatlarynyň aňyrsynda duran nähilidir bir keşbi göresi gelýärdi. Onuň özünden surat iber diýmeýänligi-de Ellany geň galdyrýardy. Häzirki döwürde, ähli zadyň şekile baglanylýan dünýäsinde daşky keşbini görmedik adamyň bilen dostluk açmak, ylaýta-da, içgin gatnaşykda bolmak mümkinmidir?*

*Ella ahyr bir gün üçekden ýykylan ýaly bolup, Azize köne fotosuratlarynyň birini ýollady. Suratda ol eýwanda otyrdy, ýanynda-da eý görýän Kölegesi. Egninde nepis matadan tikilen merjen reňkli köýnegi bardy. Ýylgyryp, ýarym bagtyýar, ýarym bikeýp görnüşde itiniň boýunlygyndan berk ýapyşyp durdy, ondan güýç alýan ýalydy. Ýokarsynda ýamaly bukja ýaly bolup açylan asmana çal, goňur we gyzylymtyl öwüşgin çaýylypdyr. Iň gowy görýän fotosuratlaryndan dälem bolsa, onda mistiki*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*howa bardy. Bolmanda, özi şeýledir öýdýärdi. Suratyny elektron poçta arkaly iberdi. Şeýlelikde, ol Azizdenem öz fotosuratyny ibermegini isläpdi.*

*Surat köp garaşdyrman geldi. Onsoň, ynha, Ella Aziz Z. Zaharanyň nämä meňzeýändigini ilkinji gezek şonda gördi.*

*Fotosurat Uzak Gündogarda bir ýerde düşürilene meňzeýärdi; suratda birtopar çaga bardy, hemmesem gara saçly, gyýyk gözlüdi, özlerem dürli ýaşdaky, ululy-kiçili çagalardy. Aziz olaryň arasynda durdy. Egni uzyn gara köýneklidi, gara jalbarlydy. Inçeden uzyn burunlydy, ýüzünde çuň ýygyrtlar bardy, ýöne şonuň bilen birlikde hem keşbi ýumşakdy, rehimdardy. Äň süňkleri çykyp durandy, giň maňlaýlydy; uzyn gara saçlary tolkun-tolkun bolup dökülip durdy. Gözleri dury ýaşyl reňkdedi; onuň çuňluklaryndan özüne ynamlylygy okap bolýardy. Sag gulagynda ýeke-täk ysyrga asylgydy; boýnundan asylan zynjyrjygyň gün şekilli tokasy bardy. Ýeňse taraplarynda kümüşsöw öwüsýän köl aýna ýaly ýalpyldaýardy hem-de surata sygmadyk, belki-de, bu ýerde bolmadyk biriniň syrly kölegesi suratyň aşaky bölegine düşýän ýalydy.*

*Ella fotosuratdaky adamyň ýüz-keşbindäki owunjak aýratynlyklaryň her birini kalbyna siňdirip synlaýan mahaly, ol nirededir bir ýerde gören adamym diýen*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*duýga berildi. Hernäçe geňem bolsa, ol öňden tanyş ýalydy. Birdenem ýagdaýy gözden geçirip, ony kime meňzedýänine düşündi. Elbetde, şol! Aziz Z. Zahara haýran galaýmaly derejede agyn Töwrizli Şemsi ýatladyp* durdy.

*Romanda Şems Rumy bilen duşuşmak üçin Konýa ugramazdan ozal, nähili sypatlandyrylýan bolsa, Aziz hem edil şonuň ýalydy; bolmanda, şahs hökmünde şeýledi. Aziz Zahara, eýse, kitabyndaky baş gahrymany göz-görtele özüne meňzedip döretdimikä diýip, Ellanyň* gaty bilesi geldi. *Taňry adamlary, nädip, öz suratynda ýaradan bolsa, edebiýatçy hökmünde Aziziň hem gahrymanlaryny öz keşbinde döredesi gelen bolmagy* ahmaldy.

*Ýöne başga bir ähtimallygam ýok däldi: eýse, hakyky Töwrizli Şems romanda sypatlandyrylyşy ýaly* bolsa *näme? Şeýle bolan halatynda sekiz ýüz ýyl aratapawut bilen ýaşan iki erkek kişiniň arasyndaky meňzeşlik akylyňy haýran edýän derejede boljakdy. Eýse, bu daşky sypat taýdan meňzeşlik ýazyjynyň zehininden ýa*-da *erkisleginden daşgary peýda boldumyka? Ella* bu *çykgynsyz ýagdaý barada kelle döwdügiçe, Töwrizli Şems bilen Aziz Z. Zaharanyň arasyndaky ýönekeý edebi tilsimden aňyrda-da nähilidir bir ýakynlygyň bolmagynyň ahmaldygy barada şübhelenmäge başlady.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Üstünden baran bu meňzeşligi Ellada garaşylmadyk iki täsir döretdi. Ilki bilen ol «Yşk şerigatyny» sap hekaýat nukdaýnazaryndan däl-de, başga bir göz bilen; Şems-i Töwrizide gizlenen Azizi, ýagny baş gahrymanda gizlenen ýazyjyny tapmak maksady bilen okamagy ýüregine düwdi.*

*Ikinjiden, Aziziň şahsyýeti onuň bilesigelijiligini hasam artdyrdy. Aziz kimkä? Geçmişi nähilikä? Öňräkki ýazgylarynyň birinde milletiniň şweddigini aýdypdy, eger şeýle bolýan bolsa, onda näme üçin gündogarly musulman adyny saýlap alyp, «Aziz» adyny ulanýarka? Onda onuň hakyky ady nämekä? Zahara sözi näme manyny aňladýarka?*

*Bu zatlar bir ýana, onda sopy diýildigi nämekä? Sopuçylyk doly manyda nähili zatka?*

*Onuň serinden çykmaýan ýene bir zat bardy: küýseg duýgusy!*

*Bir erkek kişä höwes bildirmänine, özüni zenan ýaly duýmanyna juda uzak wagt bolupdy welin, şol duýgynyň nämedigini hem ýadyndan çykaraňkyrlapdy. Belki-de, şol sebäpli, ol özi bilen ýüzbe-ýüz bolmakda şunça wagtlap gijä galandyr. Ýöne, ynha, häzir hakykat kuwwatly, meçew beriji, kada-kanun diýilýän zady äsgermeýän dartyş güýji ýaly bolup, hut çat maňlaýynda dur. Ella fotosuratdaky adama seretdigiçe, oňa barha imrinýändigini duýdy.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Ol küýseg asla garaşylmaýan, ynjalygyňy alýan küýsegdi, şonuň üçinem Ella dessine ýan kompýuterini öçürdi-de, aşhanadan çykdy. Ýogsam bolmasa, suratdaky adam durmuşyna ornaşaýjak ýaly ýa-da has mojugyny tapyp, elinden tutup çekäge-de, Ellanyň özünem surata salaýjak ýalydy.*

***Wagşyýana Baýbars  Konýa, 1245-nji ýylyň 10-njy iýuly***

*Başlar aýak bolupdyr, aýaklar baş! Dädem şeýh Ýasin: «Bu dünýä gün geçdigiçe bozulyp, çüýräp barýar. Asr-y Sagadatdan – Pygamberimiziň ýaşap geçen za manasyndan bäri medeniýetiň taryhy diňe ýapaşaklygyna gaýdýar!» diýýär. Dädemi sylap, her babatda şoňa gulak asýan. Ýöne şu meselede welin, ol ýalňyşýarmyka diýýän. Sebäbi menden sorasaňyz, adam bar ýerinde urşam bolupdyr, ýowuzlygam. Ýene-de şeýle bolar. Pygamber Serwerimiz zamanasynda hem şeýle bolmanmydyr?! Şol döwürde duşmançylyk bolmanmydyr näme? Göreşdir garpyşyk ýaşaýşyň düýp özeninde bar. Tebigata seret! Ýolbars keýigi iýýär; maslygyny bolsa gajar guşlar çokalaýar, maslykdan diňe ap-ak, çakyr süňkler galýar. Aslynda tebigatyň özi zalym. Gözüň ýaşyna seredip durmaýar. Asmanda, deňizde hem gury ýerde her pursatda hemme ýerde uly kiçini, güýçli ejizi iýýär. Şonuň üçinem diri galmagyň ýeke-täk kadasy bar: duşmanyňdan*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*has mekir hem güýçli bolmaly! Kelläň egniň üstünde bolmagyny, ýüregiň gursagyňda urup durmagyny isleýän bolsaň, garpyşmaly bolarsyň! Bu şeýle ýönekeý.*

*Onsoň bizem garpyşýarys. Şu gün, şu döwürde iň türkana adam hem bu işiň başgaça ýolunyň ýokdugyny gaty gowy bilýär. Bäş ýyl öň Çingiz hanyň parahatçylyk ylalaşygy üçin iberen ýüz ilçisiniň ähli̇si birden ýok edilenden soň, işler gaty bulaşdy. Çingiz han gahardan ýaňa çişip, yslama garşy uruş yglan etdi. Ilçileriň näme üçin öldürilendigi häli-häzirem syrlygyna galýar; sebäbini hiç kimem bilenok. Käbir kişi bolsa: «Ilçileri Çingiz hanyň özi öldürtdi» diýýär, şeýtmek bilen, çozmak üçin bahana arapdyr.*

*Onçasyndan habarym ýok. Ýöne bir bilýän zadym, mongollaryň Horasany at toýnagyna depeleden bäş ýylynyň içinde daş üstünde daş, egin üstündede baş galmady. Bu-da az ýaly, Kösedagynda seljuklylardan üstün çykyp, Goja Soltany salgyt tölemäge, özlerine wepadarlyk kasamyny içmäge mejbur etdiler. Eger mongollar biziň barymyzy gylyçdan geçirip, soňumyza sogan ekmedik bolsa, bu olaryň bizi eý görýäni üçin däl-de, boýuntyryk astynda bolmagymyzy ýeg görenleri üçindir.*

*Tä ezelden bäri, ýagny Kabyl Habylyň ganyna galaly bäri uruş dowam edýär. Ýöne gana suwsan mongol ordasy ýaly ýagy göremzok. Olar uruş sungatynyň aňyrsyna*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*çykypdyrlar: dürli maksatlar üçin peýdalanylýan her jüre ýaraglary ulanýarlar; her nökeri sowut geýnen; şeşmer, teber, şimşir hem-de naýza bilen ýaraglanan. Galyberse-de sowutlary böwsüp geçýän, päsgelçilikleri ýumurmagy başarýan, ujy zäherli, bedeniň iň berk süňkünem kül-uşak edýän peýkamlary bar. Bir bölümden beýleki bölüme gyzgyny bilen habar ýetirip duran peýkamlary hem oýlap tapypdyrlar.*

*Uruş başarnyklary şeýlebir ösüpdir welin, öňlerinden çykan zady mynjyradyp geçýärler. Buhara ýaly gadymy şäherler-de weýrana döndi. Onsoňam biziň bar derdimiz diňe mongollar däl ahyry. Haç göterijiler bir tarapdan, bizanslylar bir ýandan; elbetde, bir tarapdan, şaýy-sünni basdaşlygy-da bar. Çar tarapdan duşmanlar gabap alan mahaly, parahatçylyk hem asuda ýaşaýyş barada nädip gürrüň etjek?!*

*Ynha, şular ýaly sebäpler zerarly, Möwlana Rumy kysmy adamlar gaharymy getirýär. Ony hemmeleriň gowy görüp, apalaýandygy meniň azaryma hem däl. Ol meniň üçin barypýatan züwwetdin. Ozallar onuň oňat alym bolan bolmagy ahmal, ýöne häzir welin, ol nogtasyny kapyr Şemsiň eline tutdurypdyr. Yslam duşmanlary wagşyýana nägehan ýaly bolup, başymyzdan inen mahaly Rumynyň ýaşlara berýän nesihatyna seret! Müzzerilip ýörmegi, gorkaklygy ündeýär! Dert nirede bolsa dowa şol ýere*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*gider,*

*Nirde mätäçlik bolsa, nygmat barar şol ýere,*

*Nirde mesele bolsa, jogaby şol ýerdedir,*

*G*

*ä*

*m*

*i*

*b*

*a*

*r*

*m*

*y*

*,*

*S*

*u*

*w*

*a*

*m*

*b*

*a*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*r*

.

*Ýer ýok başga gidere...*

*Şeýle bolýan bolsa, nädip garşylyk görkezeris, özümizi nädip gorap saklarys? Muňa Möwlana Rumynyň jogaby taýýar: sabyr bilen! Ýeňsämize depsinler, agzymyzdan aşymyzy alsynlar, şeýlemi?! Möwlana tüýs boýun sunmagy öwredýär. Musulmanlary ejiz hem eldeki goýun sürüsine öwürmek isleýär. Onuň diýýänine bak-a, her milletiň öz nesibesi, döwran sürmeli möwriti barmyş. Onda näme wagtymyzyň gelerine garaşmalymy?*

*«Yşk» sözünden soňra iň gowy görýän sözleri: «sabyr», «sazlaşyk», «rahatlyk», «hoşniýetlilik», «Haka bil baglamak öwekgel»... ol-bu, şeker-şerbet, hiç derde ýaramaýan bir topar boş gürrüň! Oňa galsa, hemmämiz öýümizden çykman oturyp, duşmanlaryň gelip, barymyzy gylyçdan geçirerine garaşmaly. Bir zady-ha anyk bilýän, şeýle ýagdaý bolaýsa, ol süreninden çykar-da, weýrançylyga garap, «nädelidä, ýazgytdyr-da, muňa-da şükür» diýer.*

*Şeýlebir myş-myşam eşitdim; aýtmaklaryna görä, ol ýakynda bir töwra gep tapypdyr: «Metjitler-medreseler ýykylsyn» diýipdir. Bu nähili gürrüň boldugy?*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*Rumy heniz çaga mahaly, hossarlary bilen bile Owganystandan Anadola gaçyp gelipdir. Şol döwrüň demi daş ýarýan baýlary Seljukly soltanyndan açyk çakylyk alypdyrlar; Rumynyň kakasy hem şolaryň biri eken. Garynlary dok, üst-başlary bitin, bir elleri ýagda, bir elleri balda, Owganystanyň bulaşyklygyndan çykyp, Konýanyň gümmezekläp oturan baglaryna gaçyp gelipdirler. Geçmişi şeýle adama: «Hemme zada hoşniýetlilik bilen gara» diýmekden başga aňsat zat barmy?*

*Düýn-öňňinlikde Şems-i Töwriziniň bazar ýerinde üýşüp duran adamlara bir hekaýat gürrüň berenini eşitdim. Ol şeýle gürrüň beripdir: «Pygamberiň oruntutary hem giýewsi bolan sahaba hezreti Aly bir gün bir kapyr bilen döwşüp durmuş. Hezreti Aly hut zülpükärini duşmanyň gursagyna boýlaýmaly pursady, birden, kapyr başyny göterip, ýigrenç bilen onuň ýüzüne tüýküripdir. Hezreti Aly dessine gylyjyny taşlap, uludan dem alypdyr-da, gidiberipdir. Kapyr muňa aňk bolup galypdyr. Hezreti Alynyň yzyndan ýüwrüp baryp:*

*— Hany, bir dem aýak çek! Meni näme üçin öldürmediň? — diýip sorapdyr.*

*— Saňa gaty gaharym geldi — diýip, hezreti Aly jogap beripdir.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Kapyr haýran galyp:*

*— Onda näme üçin meni öldürmediň? — diýipdir.*

*— Ýüzüme tüýküren mahalyň sen meniň mertebämi kemsitdiň, şoňa-da gaty gaharym geldi. Nebsim küşgeleň berip, ar almak islegi döredi. Eger seni öldüren bolsam, onda senden üstün çyksam hem, nebsimden asgyn geldigim bolardy. Bu-da hata iş etdigim boljakdy.*

*Şeýle diýip, Aly ol adamy azat edipdir. Kapyr gaty tolgunyp, şol günden beýläk özüni Alynyň hyzmatyna bagyş edipdir; wagtyň geçmegi bilenem musulman bolupdyr. Ynha,*

*Töwrizli Şems şeýle hekaýatlar gürrüň bermegi halaýar. Eýse, ol şonda gep nokatlap, näme diýmekçi bolýandyr öýdýäň? Goý, kapyrlar, müňkürler, mynapyklar depäňize çyksyn, ýüzüňize tüýkürsin! Ýöne siz hergiz sypaýyçylygy elden bermäň, pälipes boluň. Goý, ýurduňyzda ýandak gögertsinler!*

*Ýok, beýle zat bolmaz! Hala kapyr bolsun, hala başga biri, men hiç kime ýüzüme tüýkürtmen!* **Ella**

***Boston, 2008-nji ýylyň 13-nji iýuny***

*«Bu soragy seniň geň görmegiň hem ahmal, ýöne soraman durup biljek däl. Aziz, ýa sen Şemsiň özümi? Romanda gürrüňini edýän gahrymanyňda özüň hem bar, şeýle gerek?*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Ç*

*u*

*ň*

*ň*

*u*

*r*

*s*

*ö*

*ý*

*g*

*i*

*b*

*i*

*l*

*e*

*n*

*E*

*l*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*l*

*a*

*»*

*.*

***

*«Söýgüli Ella,*

*Öz wagtynda Baba Samed maňa şeýle diýipdi: «Bu dünýäden bir Töwrizli Şems ýaşap geçdi, onda-da bir gezegem däl, ýüzlerçe ýola. Olar her asyrda gaýtadan gelýär. Ýöne Şemsi görjek, görübem gadyryny biljek Rumular bolmanyndan soň, ol geldi-gelmedi parhy näme? Şonuň üçinem sen Rumulary gözle!»*

*Ýazgyňy okan mahalym şu ýokarky nesihat*

*ýadyma düşdi. Muhabbet bilen*

*Aziz».* ***

*«Söýgüli Aziz,*

*Baba Samed kim bolmaly?*

*Söýgi bilen Ella».* ***

*«Söýgüli Ella,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Bu uzak gürrüň. Dogrudanam*

*bilesiň gelýärmi? Baky söýgi*

*bilen*

*Aziz».* *******

*«Saňa gerek bolsa, näçe diýseň wagtym bar.*

*Gürrüň bersene... Hasrat bilen*

*Ella».*

***Rumy Konýa, 1245-nji ýylyň 2-nji awgusty***

*Ýaşaýan durmuşyň ýetmezçilikdir kemçilikli* bolmaga *beýlede dursun, ol saňa hatda kemsiz-köstsüz bolup görner. Bolmanda, ony özüň şeýle hasap edýänsiň. Öwrenişen endikleriňe eýerip, werziş bolan zatlaryň çygrynda galarsyň. Şu wagta çenli nähili ýaşan bolsaň, hemişe şeýle ýaşar ýörerin öýdersiň. Ýöne soňra garaşylmadyk pursatda bir adam peýda bolar. Ol töwerek-daşyňdakylaryň hiç birine meňzeş däldir. Özüňi şol täze adamyň aýnasynda görüp başlarsyň. Ol sendäki bar zadydäl-de, ýetmezçilikleri görkezýän jadyly aýnadyr. Onsoň sen şunça wagtlap, aslynda, özüňde hemişe bir zadyň ýetmeýändigini duýup ýaşandygyňy, bilmeýän bir zadyň hasratyny çekip ýörendigiňi aňarsyň. Hakykat bilen ýüzbe-ýüz bolarsyň. Saňa içiňdäki boşlugy görkezen şol kişi pir, ussat, ýoldaş, ýaran, ýanýoldaş ýa-*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*da käte çaga bolmagy-da mümkin. Esasy zat öz gowzuňy dolduryp biljek ruhy tapmagyňdyr. Pygamberleriň ählisiniň beren öwüdi birmeňzeşdir: özüňe aýna bolup biljek adamy tap! Ynha, meniň üçin şol aýna Şemsdi.*

*Adam ýyllar boýy iş edinip, öz sözlügini düzýär. «Hakykat», «bagtyýarlyk», «gözellik», «hormat», «abraý», «wepadarlyk»... ýaly aýratyn ähmiýet berýän düşünjeleriniň her birine kesgitleme berýär. Ömrüň her möhüm öwrüminde öz şahsy sözlügiňi açyp, ony gözden geçirersiň. Öz wagtynda beren kesgitlemeleriňi aňsataňsat üýtgedesiň gelmez. Ýöne, ynha, duýdansyz bir ýerden şol keseki adam peýda bolar*-da, gymmatly *hasaplaýan sözlügiňi dazyrdadyp zyňyp goýberer.*

*— Şu wagta çenli kelläňe gelşine görä ýazan kesgitlemeleriň ählisini täzeden ýazmaly bolar — diýer. — Öňki bilýän zatlaryň baryny ýatdan çykarmaly pursadyň gelip ýetdi.*

*Ynha, Şemsiň maňa eden peýdasy şeýle. Buýsanyp ýören bilimlerimiň baryny bozup taşlady. Halypakam, meni gaýtadan şägirde öwürdi. Birini şeýle gowy gören mahalyň göwnüň tutuş maşgalaň, ýaranlaryň, iň ýakyn* hossarlaryň *hem ony gowy görmegini, söýmegini isleýär. Nähili duýgyny başdan geçirýäniňe düşünmeklerine garaşýaň. Ýöne bu tamaň çykmasa, aljyraýaň, ynjaýaň, gaharyň gelýär. Nädenimde maşgalamy Şemsi meniň*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*gözüm bilen görer ýaly edip bilerkäm? Daş sypaty bolmadyk birini nädip suratlandyraýyn? Şems meniň Rahmet ummanym, keremli Günüm. Aramyzdaky dostlugyň çuňlugy Gurhanyň dördünji okalyşy ýaly; ýa-ha onuň içine çümer gidersiň, ýa-da daşynda galyp, onuň nähili zatdygyny bilmän geçersiň. Muňa daşyndan seredip düşünmek mümkin däl, diňe başyňdan geçireniňde akyl ýetirip bolýar.*

*Gynansagam, adamlaryň köpüsi daş gulakdan eşiden maglumatlaryndan ugur alyp, özgeleri ýazgarýarlar. Olaryň pikiriçe, Şems asy, jenaýatkär derwüş. Gedem, bibaş, boýunegmezek, näme gaýyrjagy näbelli, asla ygtybarsyz adam. Gep-gybaty we bolgusyz gürrüňleri gowy görýän adamlar Şemsiň ötgür hem gönümel diline näme diýjegini bilenoklar. Özgeleriň ýasama sypaýyçylyk edýän ýerinde Şems kejine gaýdyp, açyk gürleşýär. Näme diýjek bolsa, her kimiň ýüzüne diýýär. Onuň kimdir biriniň yzyndan gepini edenini görmedim. Meniň üçin Şems äpet älemi dolandyrýan tilsimiň özüni görkezýän ýagdaýy. Şemsiň ýüregi kerwensaraý ýalydyr, onuň aňyrsybärsi görünmeýär. Otaglarynda her jüre täsin ýolagçylar düşlese-de, ol hiç kimiň döşünden itmeýär.*

*Men Şemsde ruhdaşymy tapdym. Şeýle gabatlaşma ömrüňde diňe bir gezek bolýar. Otuz ýedi ýylda bir gezek! Her kim menden Şemsi näme üçin beýle gowy görýänimi soraýar. Nädip jogap bereýin? Kim şeýle sowal berýän*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*bolsa, barybir, düşünmez; düşünýän adam bolsa, beýle sowal bermez.*

*Ýadyma halyf Harun Reşit hakyndaky hekaýat düşdi. Mejnunyň Leýlini däli-diwana bolup söýüp ýörenini eşiden halyf gyzy ýakyndan görmegiň küýüne düşüpdir. «Mejnuny akylyny ýitirer derejä ýetiren bolsa, Leýli üýtgeşik owadan maşgala bolmaly — diýip, ol öz ýanyndan pikir ýöredipdir. — Onuň gözelligi beýleki zenanlaryňkydan ençeme esse zyýat bolsa gerek». Halyfyň bilesigelijiligi barha artypdyr. Şonuň üçinem ol Leýlini öz gözleri bilen görmek isläpdir.*

*Ahyry Leýlini tapyp, halyfyň köşgüne getiripdirler. Ony bezäp-besläp, halyfyň huzuryna eltipdirler. Ýöne Leýli ýüzünden nikabyny göterende halyf Harun Reşit özüni ýitiripdir. Leýlä betnyşandyr, ýa maýyp-müjrüpdir, ýa-da bolmasa, garry kempirdir öýtmäň. Ýöne onuň üýtgeşik bir gözelligi-de ýok eken. Beýleki adaty aýalgyzlar ýaly, oňa-da kemçiliklerem mahsus eken ýetmezçiliklerem.*

*Halyf özüniň geň galmasyny gizläp bilmändir.*

*— Leýli, Leýli diýip, dilden düşürilmän ýören gyz şumy? — diýipdir. — Mejnun munuň nämesine aşyk bolduka? Bü-ýä, adaty bir zenan. Beýlekilerden nämesi üýtgeşikmiş?*

*Muny eşiden Leýli gülüp:*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Hawa, men Leýli. Ýöne sen Mejnun däl. — diýip jogap beripdir. — Sen maňa Mejnunyň gözi bilenem seredip gör. Yşk diýilýän syra başga ýol bilen aralaşaryn öýtme. Eýse, halyf Harun Reşidiň düşünmedik zadyna hossarlarym, dostlarym, talyplarym düşünermikä? Şemsiň nähili üýtgeşik adamdygyny görüp bilmeýänlere ony nädip taryp edeýin? Näme etsem, Şems-i Töwrizini görmek üçin öz betpygyl gözlerini bir gyra aýryp taşlap, Mejnunyň gözi bilen seretmegiň gerekdigine düşünerkäler?*

*Aşyk bolmadyk adama yşk diýilýän duýgy gury sözden başga zat däldir. Ýary boş gep, ýary-da samahyllydyr. Aşyk bolmadyk oňa düşünmez, aşyk bolan hem düşündirip bilmez. Şeýle bolsa, nädip sözleriň öz güýjüni ýitirýän ýerinde yşk söze bürenip bilsin?!*

*Öňler maňa «Diliň darbazy», «Söz serraby», «Dilewarlygyň ussady», «Harplaryň hojaýyny» we «Manylar deňziniň derýabegi» diýýärdiler. Haýran galaýmaly, men diýjek zadymy örän arkaýynlyk bilen düşündirip hem ýazyp beýan edip bilerdim, men wagyzlara, kitaplara, nutuklara öwrendeklidim, soňky döwürler bolsa, sözlere ygtybarym galmady...*

## *Kimýa  Konýa, 1245-nji ýylyň 17-nji awgusty*

*Bile sapak geçmänimize, Gurhan okamanymyza gaty köp wagt boldy, hezreti Möwlanany göresim gelýär. Özümi*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*gözden salnan hasap edýärin, ýöne şonda-da oňa gaharym gelenok. Belki, Rumyny oňa gaharlanyp bilmejek derejede hormatlaýanlygymdandyr, belki-de, Şems-i Töwriziniň nähili maýyl ediji, nurana adamdygyna düşünýänligimdendir. Meniňem Şemsiň ýeline ygyp gidenlerden bolmagym ahmal.*

*Günebakaryň Günüň hereketini yzarlaýşy ýaly, Rumynyň nazary-da hemişe Şemsiň yzynda. Olaryň özara hormaty şeýle çuň, şeýle ap-aýdyň welin, olaryň ýanyndaka, adam özüni artykmaç hasap edýär. Bu ýagdaýy öýdäkileriň hemmesi unaýar diýip biljek däl. Esasan hem Alaetdin! Onuň Şemse gaharly garap duranynyň ençeme gezek üstünden bardym. Kerra hem biynjalyk, ýöne özi dil ýarmansoň, menem «Näme bolýar?» diýip soramok. Hemmeler därili çelegiň üstünde oturan ýaly. Haýran galaýmaly! Şeýle dartgynlylygyň asyl günäkäri bolan Şems hiç bir zat täsir etmeýän ýaly, aramyzda ýaşap ýör. Ol ýa-ha özüniň birahatlyk döredýändigini bilenok, ýa-da perwaýyna däl.*

*Bir tarapdan, Şemse gaharym gelýär. Möwlana Rumyny elimizden alany üçin ony bagyşlap bilemok. Ýöne beýleki bir tarapdan, onuň dartyş güýjüne özümi beripdirin. Ony has ýakyndan tanamaga çytraşýan. Esli wagt bäri, şeýdip, şu garjaşyk duýgularyň arasynda elewräp ýörün. Gynansamam, şu gün «etmişimde» tutuldym.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Ikindi namazyndan soň, diwardan Gurhany aldym, okuwymy özbaşdak dowam etmegi berk ýüregime düwüpdim. Ozallar, heniz Şems bu ýere gelmänkä, Möwlana bilen hepdede üç-dört gün sapak geçerdik; aýatlary iniş tertibine görä öwrenerdik. Ýöne indi hiç hili halypam hem ýok, durmuşymyz hem agdar-düňder boldy. Şonuň üçin menem kitabyň tertibine seredip oturmaga zerurlyk duýmadym. Gabat gelen sahypany açyp, barmagymy basan ýerimdäki ilkinji aýaty okadym. Bagtyma ol Nisa süresi bolup çykdy. Haýran galaýmaly, ullakan kitapdan kalbymyň küýseýän aýatyny açan ekenim. Nisa süresi aýallar babatda rehimsiz eken; şonuň üçinem ony hiç halap bilmedim. Aýaty gaýtadan okap oturan mahalym, baryp, tagsyr kakamdan hemaýat soramak ýadyma düşdi. Möwlana meniň bilen ders geçmeýänem bolsa, bu oňa sorag berip bilmejegimi aňlatmaýardy. Şonuň üçinem Gurhany aldym-da onuň bolýan otagyna gitdim.*

*Ol otagynda ýok eken. Onuň ýerinde Şems otyr. Ol penjiräniň gyrasynda tesbisini sanap oturyşyna günbatara bakýardy. Ýaşyp barýan Günüň şöhlesi onuň ýüzüni ýalaýardy. Ol şöhläniň ýagtysyna diýseň görmegeý hem nurana görünýärdi, nazarymy zordan sowmagy başardym.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Neme... bagyşlaweriň... — diýip, tolgunmadan ýaňa sakawladym. — Tagsyr gerekdi welin, soňra geläýerin.*

*— Hany, aýak çek. Nirä gyssanýaň? Az-*kem otur ahyry. *— diýip, Şems dillendi. — Bir zat sorajak ýaly göründiň. Belki, meniň kömegim deger?*

*Sorajak zadymy oňa aýtmakda hiç hili zelel görmedim.*

*—* Gurhan-y *kerimiň süreleriniň birine gowy düşünmedim — diýip, pikirimi zordan beýan etdim.*

*Şems öz-özi bilen gürleşýän ýaly, hüňürdäp* jogap berdi:

*— Gurhan täze gelin ýalydyr, Kimýa, okamakçy bolýan kişi oňa seresap çemeleşmese, ol örtüner-de, nikabyny hiç haçanam götermez.*

*Näme diýmekçi bolanyna düşünjek bolup başagaýkam, Şems duýdansyz sowal berdi:*

*— Haýsy sürä gowy düşünmediň?*

*— Nisa süresi — diýip, pyşyrdap aýtdym. — Onuň birnäçe ýerleri göwnüme laýyk görünmedi. Käbir ýerinde erkek kişileriň aýallardan üstündigi ýazylypdyr. Hatda adamsynyň öz aýalyny urmaga-da hakynyň bardygy ýazylypdyr... — Şeýlemi? Gör-*le muny!

*Şemsiň beýle haýran galmasynyň çyndygyna ýa oýundygyna düşünip bilmedim. Esli wagtlap sesimizi*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*çykarman durduk. Birden Töwrizli Şems Gurhany ýatdan okap başlady:*

*«Erkek kişiler aýallaryň üstünden hökmürowandyrlar, sebäbi Alla olaryň birini beýlekisinden üstün ýaradandyr we onsoňam erkekler öz mallaryndan sarp ederler. Şonuň üçin ýagşy hatynlar diýen edijidirler. Allanyň goramagy buýran zatlaryny äri bolmadyk mahaly*-da gorarlar. *Bibaşlyk edäýmesin diýip alada galýan hatynlaryňyz barada aýdylanda, ilki olara nesihat ediň, soňra düşeklerinde ýalňyz galdyryň, şondada diýen etmeseler uruň. Boýun sunan ýagdaýynda olary ynjytmak üçin bahana aramaň. Çünki Allah örän ulug, örän beýikdir».*

*Aýaty doly okandan soň, Şems gözlerini açdy, maňa seretdi, şol pursat onuň dodaklarynda çalaja ýylgyryş peýda boldy. Birdenem gaýtadan, başdan okap başlady: «Erkekler aýallaryň ugruna seredip, olary penalaýjylardyr. Şonuň üçin-de Alla ynsanlaryň käbirini käbirlerinden üstün kylandyr we erkekler öz mallaryndan* sahylyk bilen sarp *edýändirler. Ýagşy hem päk aýallar hormata mynasypdyrlar; Allanyň olary goraýşy ýaly, olaram ýaşyryn saklanmasy gerek zatlary gorarlar. Biwepalyk we bozuklyk etmeginden howatyrlanýan aýallaryňyza ilki öwüt-nesihat ediň. Soňra olary düşeginde ýeke galdyryň we ahyrynda olary öýden çykaryň / bolýan ýerlerinden başga ýere ugradyň! Şol*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*sebäpli sizi sylasa, soňra olaryň garşysyna başga bir ýol gözlemäň. Allah iňňän ulugdyr, çäksiz beýikdir».*

— *Näme diýersiň, Kimýa? Şu ikisiniň arasynda, seniň pikiriňçe, tapawut barmy? — diýip, Şems sorady.*

— Hawa, bar — *diýdim. — Şol bir aýatyň iki aýry-aýry düşündirişini okadyň. Işlenişi nähili üýtgeşik. Birinjisi, maşgalaly erkek kişilere aýallaryny urmaga rugsat berýär.*

*Ikinjisi, iň erbet ýagdaýda-da çete çekil ýa-da çetleşdir diýýär. Arasynda esli parh bar. Näme üçin beýlekä?*

— *Näme üçin beýlekä? Näme üçin beýlekä? — diýip, Şems gaýtalady we birdenem başga gürrüňe geçdi. — Hany, aýt, ömrüňde, heý, deryada ýüzüp görüpmidiň? Göz öňüme çagalyk döwrüm geldi. Toros daglarynyň buz ýaly sowuk suwy. Gyz doganym bilen näçe gezekler öýleden soňra dag çeşmelerinde ýüzmäge gidipdik, gülşüp, wagtymyzy hoş geçiripdik. Gözlerime ýaş aýlandy. Ýüzümi sowdum. Ejizlänimi Şemsiň görmegini* islemedim.

— *Adam uzakdan derýa sereden mahaly, onda diňe bir akym bardyr öýder — diýip, Şems dillendi. — Ýöne suwa çümdügiň akymyň birden köpdügine göz ýetirersiň. Derýada ençeme akym bilniksiz akyp ýatandyr. Hemmesi sazlaşykly akýanam bolsa, hersiniň öz akyşy bardyr.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Şems-i Töwrizi şeýle diýeninden soň, ýanyma geldi, eňegimden tutup, başymy galdyrdy. Şeýdibem, ol meni şol düýpsüz, şar-gara, ýanyp duran gözlerine seretmäge mejbur etdi. Şol pursat ýüregim togtan ýaly boldy, demim tutuldy.*

*— Gurhan şaglap akyp ýatan derýadyr — diýdi. — Uzakdan seredýän üçin ol diňe bir akymdan ybarat bolup görner, içinde ýüzýän üçin bolsa, onda aýry-aýry dört akym bardyr. Balyklaryň görnüşlerini göz öňüne getir, Kimýa, balyklaryň käbiri ýalpak suwda ýaşaýandyr, käbiri bolsa çuň suwly ýerlerde. Biz adamlar hem şeýlediris. Tebigatymyza, ýasawymyza görä, ol ýa-da beýleki bir gatlakda galyp, şol ýerde-de ýüzýäris.*

*— Düşünmedim öýdýän — diýenem bolsam hem düşünip ugrapdym.*

*— Kenara ýakyn ýerlerde ýüzmegi halaýanlara Gurhanyň ýüzleý gatlagy laýyk gelýär. Ýöne gynansagam, ynsanlaryň köpüsi şeýle. Aýatlara sözleriň manysyna görä düşünýärler. Käbiri Nisa süresini okan mahaly «Erkekler aýallardan artykmaç ýaradylypdyr» diýen netijä gelýärler. Olar näme göresleri gelýän bolsa, şony-da görýärler.*

*«Onda beýleki akymlar näme?» diýip sorasym geldi.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Şems çala säginen ýaly etdi. Özümden biygtyýar, nazarym onuň agzyna kaklyşdy.*

*Onuň dodaklary gyrmyzy öwüsýärdi we gelşiklidi.*

*—Ýene üç akym bar. Ikinji ilkinjä görä çuňrakdyr, ýöne şonda-da ýüzleýlige golaýdyr. Adamyň aň-düşünjesi giňedigiçe, okaýan kitabyna şonça-da çuň düşünýär. Ýöne munuň üçin ýazgynyň many çuňlugyna aralaşmak gerek. Özüňi dikbaşaşak urmaly!*

*Ony diňleýän mahalym, özümi hem-ä boram-boş duýýardym, hemem kem-kemden dolýanymy aňýardym.*

*— Eýse, çümeniňden soň näme bolar? — diýip soradym.*

*— Üçünji akym gizlin gatlakdyr. Nisa süresini köňül gözüň açyk ýagdaýda okasaň, aýatyň aýallar hem erkekler hakynda däl-de, aýallyk hem erkeklik hakyndadygyny görersiň. Tasawwufda fena we beka haly aýallyk we erkeklik hallaryna gabat gelýär. Onsoňam her birimiz — muňa ikimiz hem degişli — dürli deňeçerlikde aýallyk hem erkeklik başlangyçlaryny özümizde göterip ýörendiris. Haçanda özümizde ikisiniň hem bardygyny boýun alanymyzda biz olar bilen ylalaşykly ýaşarys we olary öz gözegçiligimizde saklarys.*

*—Diýmek, mende erkeklik häsiýeti hem barmy? —*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Elbetde, zenanlyk hem bar,*
*erkeklik hem.*

*Gülmän durup bilmedim.*

*— Onda hezreti Möwlana? O näme?*

*Ýylgyryşdan ýaňa Şemsiň ýüzi ýagtylyp gitdi.*

*— Her bir erkekde sähelçe-de bolsa aýallyk, her bir aýalda hem az-kem-de bolsa erkeklik başlangyçlary bardyr.*

*— Eýse, diýdimzor erkekler näme? — diýdim. — Heý, kellekeserlerde aýallyk başlangyjy bolarmy?*

*Şems bir syry paýlaşýan ýaly gözüni gypyp:*

*— Esasan, şolarda bar-da, Kimýa jan — diýdi. — Maňa ynanaý, aýratynam özüne aňrybaş göwni ýetýän erkeklerde şeýle bolýar.*

*Tasdanam ýaşajyk gyzlar ýaly kikirdäp gülüpdim, ýöne dodagymy dişläp, zordan saklandym. Şems şunuň ýaly golaýymda duran mahaly, ýüregim hasam çalt urýardy. Ol diýseň täsin adamdy, sesinde birhili ajaýyp sazlaşyklylyk bardy, elleri inçe hem nepisdi; nazary Günden saçylan şugla çugdamy mysaly, düşen ýerini jana getirýärdi. Onuň golaýynda durkam, hem ýaşlygymy duýýardym, hem-de doluşan duýgulary başdan*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*geçirýärdim. Ony gorasym, goldasym gelýärdi. Ýöne hakykatdanam, munuň nädip hötdesinden gelip biljegime, ony nämeden goramalydygyma akylym çatmaýardy.*

*Şems elini egnime goýdy, ýüzi ýüzüme juda ýakyndy, demininiň ýylysy bedenimi sypap gidýärdi. Onuň seredişi häzir bütinleý täzedi, birhili, düýşdäkä çalymdaşdy. Ýaňagyma emaý bilen elini ýetirdi. Tenime degen barmaklaryň ujy ýanyp duran şemiň ýylysy ýaly gyzgynjakdy. Aljyrap tas kiçi dilimi ýuwdupdym. Birden barmaklary ýüzümden aşak gaýtdy. Başym aýlandy, gözlerimi ýumdum, tolgunmakdan ýaňa sandyraýardym. Emma Şems barmaklaryny dodagyma ýetiräýmän, elini çekip aýyrdy.*

*— Indi gitseň gowy bolar, Kimýa jan — diýip, gyryljyk ses bilen aýtdy. Ol meniň adymy gussaly söz ýaly tutdy.*

*Ylgap daşaryk çykdym. Häzirem başym aýlanyp, ýaňaklarym gyzyp durdy.*

*Otagyma baryp, düşegime geçdim, gözümi otagyň petigine dikip, «Eýse, Şems meni öpen bolsa nähili bolardy?» diýip, oýlanyp ýatyrkam, güpbe bir zat ýadyma düşdi. Ýaňy gaty aljyrap, derýadaky dördünji akyma — Gurhanyň has çuň gatlagyna nädip aralaşmalydygyny soramagy unudaýypdyryn.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*Ol gatlak, hakykatdanam, nähilikä? Ynsan beýle çuňluga nädip ýetip bilýärkä?*
*Onsoňam şeýle çuňluklara aralaşmagy başaranlara näme bolýarka? Yzyna gaýdyp gelip bilýärmikäler?*
***Soltan Welet***

***Konýa, 1245-nji ýylyň 4-nji sentýabry***

*Doganymyň bolşuny alada edip ugradym. Hakyky Alaetdin hemişe-de şeýledi, şular ýaly sabyrsyzdy, dälişgedi we öte öýkelekdi. Çagaka-da derrew gahary gelerdi, gyzmady. Ýöne soňky döwürlerde haçan görseň biynjalyk, mydama iňňäň üstünde oturan ýaly. Girre gahary gelýär. Edil, «Heý, garpyşara biri sataşmazmyka» diýip, bahana arap ýören ýaly. Sähelçe zada-da gany depesine urýar. Ol juda dargursak bolupdyr, köçedäki çagalar hem ony görse gaçmak bilen. Ýaňy on ýedi ýaşynda, şonda-da elmydama gaşyny çytyp ýörensoň, ýaşuly adamlaryňky ýaly, ýüzünde ýygyrt emele gelipdir. Hut şu gün irdenem agzynyň töweregindе täze bir gasynyň dörändigine gözüm düşdi, ol dodagyny hemişe pugta ýumup ýöreninden bolmaly. Şu gün durkum bilen işe berlip, kakamyň wagyzlaryny arassa kagyza göçürip otyrkam, ýeňse tarapdan çybşyldy eşitdim. Bu Alaetdindi. Aşaky dodagyny dişläp durşuna, gözüniň gytagy bilen ýazan zatlaryma göz aýlady. Ýeňsämde*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*durup, meni näçe wagt synlanyny kim bilýär? Aladaly garaýyş bilen seredip, näme işleýänimi sorady.*

*— Kakamyň öňki ýazgylarynyň birini göçürýän — diýdim. — Ähli söhbetlerini arassakagyza göçürip goýaýsam diýýän.*

*Alaetdin ýarym kinaýaly:*

*— Näme nepi bar bularyň? — diýip sorady. — Göreňokmy, kakamyz ders bermesinem, wagzynam taşlady. Indi medresede müderrisligem edenok. Bar işini bir gyra süýşürdi. Biderek zada güýmenýäň.*

*— Bu bir wagtlaýyn ýagdaýdyr — diýip, sözüni böldüm. — Wagty gelende ýene ders berip başlar.*

*— Şeýdip, göwnüňi aldaber. Görýäň-ä kakamy, Şemsden başganyň ýüzüne-de seredenok. Ol adam derwüşsiräp, öýümizde ornaşdy.*

*Alaetdin ýaňsyly äheňde güldi, ol meniňem özüne goşularymy isleýän ýalydy. Ýöne sesimi çykarmanymdan soň, dymdy-da, gahar bilen otagyň içinde ikiýana gatnap başlady.*

*— Myş-myşlar dag aşýar. Iliň agzy bogar ýaly halta däl ahyry. — diýip, sözüni dowam etdi. — «Nädip, gel-gel, bir talaňçy derwüşe ullakan alymy barmagynyň ujunda pyrlamak başardýarka?» diýip, hemmeler gürrüň edýär.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Kakamyzyň abraýy gyzgyn çöldäki gar tozgasy ýaly eräp gitdi. Eger tizara ugruny düzetmese, elinde ýeke şägirdem galmaz. Hiç kim ony halypa tutunmaz. Olaryň şeýtmesi ýerliksizem däl.*

*Inimiň ýüzüne seretdim. Murtýeri ýaňy garalyp ugrapdyr, ýöne ol elleriniň hereketleri, gürleýşi, tutuş durky bilen özüni edenlisiräp görkezmäge çalyşýardy. Geçen ýyldan bäri gör ol nähili özgeripdir. Onuň ýaşyrynlyk bilen birine göwün berýäninden, birini göz öňünde tutýanyndan habarym bardy, ýöne kime habar gatmakçy bolýanyny sorap bilemokdym. Iň ýakyn dostlarynyň agzyny ysgap görsemem, aňan zadym bolmandy. — Alaetdin, Şemsi halamaýanyňy bilýän. Ýöne ol öýümiziň myhmany, biz oňa hormatsylag etmäge borçly. Onsoňam sen näme üçin iliň gepine gulak gabardýaň? Peşeden pil ýasamak nämä gerek?*

*Bu sözleri diýenime puşman etdim. Özümi oňa göwni ýetmän gürlän ýaly duýdum. Ýöne nätjek, söz agzymdan sypypdy. Alaetdin ot düşen saman ýaly alawlap galdy.*

*— Peşeden pil ýasaýan-da, şeýlemi? — diýip, ol seslendi. — Başymyza düşen peläkete peşe diýýäňmi? Beýle-de bir nadanlyk bor oguşýa?*

*Ýene bir sahypany boldum. Onuň näzijek ýüzünden sypadym. Kakamyň nutuklarynyň göçürmesini köpeldip, olaryň ömrüni uzaldýandygym barada oýlananymda*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*begenjimiň çägi bolmaýardy. Ýene ýüz ýyl geçäýende-de, adamlar kakamyň taglymlaryndan peýdalanyp biljekdiler. Bu taglymlaryň nesilden-nesle geçmeginde sähelçe-de bolsa özümiňem goşandymyň bardygy buýsanjymy artdyrýardy.*

*Alaetdin emaý bilen golaýyma geldi; edip oturan işime pisint etmän, gussaly garaýyş bilen seretdi. Şol pursat onuň ýüzünde ata mährine mätäç çaganyň keşbini gördüm.*

*Şonda Alaetdiniň Şemse däl-de, kakama gaharynyň gelýänine düşündim.*

*Alaetdiniň kakama gahary gelýärdi; ol özüne kakam ýeterlik derejede goldawhemaýat bermeýär diýen pikirdedi hem-de onuň şeýle abraýlydygyna garamazdan, ejemizi ýaş başyna bizden aýra salan ölümiň öňünde alaçsyzdygymyzy boýun alasy gelmeýärdi.*

*— Il-gün Şems kakamy jadylapdyr diýýär — diýip, Alaetdin hümürdedi. — Şemsi haşhaşylar iberipdir diýýärler.*

*— Haşhaşylar iberipmiş?! — diýip ör-gökden geldim. — Senem şol bolgusyz geplere ynanýarmyň onsoň?*

*Haşhaşylar köp mukdarda neşe ulanyp, adam janyna kast edýändikleri bilen at alyp, töwerege howp döreden topardy. Jemgyýetde gorky döretmek üçin täsirli adamlary nyşana alyp, ýersiz-ýere pidalarynyň janyna*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*kast ederdiler. Olar Selahatdin Eýýuby hezretleriniň çadyryna girip, başujunda zäher goşulan bal goýmak ýaly bet işler etmäge çenli baryp ýetipdiler. Balyň ýanynda-da «Gözümiz üstüne!» diýip, bir hat goýupdyrlar. Onsoň Selahatdin Eýýuby, ýagny Haç göterijilere garşy aýgytly göreşip, Küdüsi yzyna gaýdyp alan hem-de hiç kimden eýmenmeýän ajaýyp serkerde haşhaşylara garşy göreş yglan etjek bolup durman, olardan sowlup geçenini kem görmändir. Adamlar nädip şol eýmenç gurama bilen Şemsiň baglanyşygy bardyr öýdüp bilýärlerkä?*

*Elimi Alaetdiniň egnine goýdum.*

*— Sen haşhaşylaryň indi öňküler ýaly däldigini bileňokmy? Birmahal dargap gitdiler. Olaryň diňe ady galypdyr. Döwür özgerdi.*

*Alaetdin aýdanlarymyň ugrunda ýok däldigi hakynda oýlanýan ýalydy.*

*— Dogry aýdýaň, ýöne Hasan Sabbahyň üç sany serkerdesi yzarlanmadan aman sypmagy başarypdyr. Alamut galasyndan ýaşyryn ýollar bilen çykyp, baran ýerlerine bela-beter äkitmegi öz ýanlaryndan äht edenmişler. Şolaryň biri-de Konýa gelipdir. Meniň pikirimçe, şol hem Şems bolmaly.*

*Indi sabyr käsäm dolaňkyrlapdy.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ynsabyň hany?! Onda Şemse haşhaşylaryň öňbaşçysy hem diý. Şeýle bolsa, onuň kakamyz bilen näme işi bar?

— Sebäbi olar abraýly adamlary halanoklar hem-de bulam-bujarlygyň bolanyny gowy görýärler. Kakam hem abraýly adamlaryň biri dälmi? Bolmanda, öň-ä şeýledi — diýip, Alaetdin kinaýa bilen aýtdy. Ol tos lamalaradyr pirimlere gaty ynanansoň, bulary aýdýan mahaly tolgunmakdan ýaňa ýüzi çym gyzyl bolupdy.

Onuň bilen gürleşenimde örän ätiýaçly bolmalydygyma düşündim. — Gulak as, inim, adamlar oýlanyp durman, agzyna näme gelse aýdyp goýberýärler. Beýle kişilere gulak gabartma. Aňyňy betgümanlykdan, ýerliksiz gahar-gazapdan sapla. Göreňokmy, özüňi zäherleýändigini.

Alaetdin öýkeli görnüşde uludan dem alsa-da, hiç zat diýmedi. — Şemsi gowy görmäge mejbur dälem bolsaň, kakamyzyň hatyrasy üçin ony hormatlamaga borçlusyň — diýip, sözümiň üstüni ýetirdim.

Alaetdin tiňkesini dikip, ýazgaryjy äheňde maňa seretdi. Belki, ol diňe Şemse gahar edýäni ýa-da kakamdan göwni galany barada däl, mendenem eden tamasy çykmandygy hakynda oýlanýandyr. Onuň pikiriçe, belki, meniň Şemse artyk gadyr goýmagym ejizlik hem gorkaklykdyr, kakama gowy görünmek üçin töwerekde bolup geçýän zatlara göz ýumup, ýalynjaňlyk etmekdir. Belki, meniň bu çaklamam gury dowla düşmegem bolsa bolýandyr, ýöne şonda-da

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*göwnüň ynjaýardy.* Şeýle-de bolsa, Alaetdine gahar edip *bilemokdym. Her näme-de bolsa ol öz jigimdi. Oňa sereden mahalym köçelerde pişik kowalap ýören, oýtak ýerlerde ýygnanan ýagyş suwuna girip, aýagyny palçyga bulaýan, uzakly gün ýogurt çalnan çöregi agzyndan aýyrmaýan oglanjygy görýärdim. Şol az-kem dolmuş, ýaşyna garanyňda biraz kelte görünýän oglanjyk ejesiniň aradan çykany baradaky habary eşidende ýeke damja gözýaş hem dökmändi. Ajy habary eşiden mahaly onuň bir eden işi başyny egip, öz çaryklaryndan utanyp, aýaklaryna seredip durupdy. Dodaklaryny pugta ýumup durşuna gymyldamandy* hem. Wah, bolmanda, aglap ahy-*nala çekip bilsedi, käşgä, ähli zady içine salmasady.*

*— Ýadyňa düşýärmi, bir gezek köçede çagalar bilen ýakalaşanyň — diýdim. — Öýe burnuňy gara gan edip, aglap gelipdiň-ä. Ejem pahyr şonda saňa näme diýipdi?*

*Alaetdiniň ýüzi ýagtylyp gitse-de, hiç hili jogap bermedi.*

*— Ejem saňa birine gaharyň gelse ýa-da ondan göwnüň galsa, aňyňda şol kişiniň ýüzkeşbini gowy görýän adamyň keşbi bilen çalyşgyn diýipdi. Sen Şemsiň ýüz-keşbi bilen ejemiň keşbini çalyşmaga synanyşyp gördüňmi? Belki, şeýtseň, ondan göwnüňden turar ýaly bir zat taparsyň.*

*Alaetdiniň ýüzünde ýaňsyly ýylgyryş peýda boldy-da esli waglap saklandy. Ýüregim ezildi. Ony gujakladym. Ol*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*hem meni uzak wagtdan bäri ilkinji gezek mäkäm gujaklady. Ynha, şol pursat ähli zat düzeler, Şems bilen onuň arasy sazlanar öýtdüm. Öýümiz birmahalky asuda, rahat döwrüne gowşar öýtdüm.*

*Gaty sada bolupdyryn. Mundan beter ýalňyşyp hem bilmesem gerek.*

***Kerra Konýa, 1245-nji ýylyň 22-nji oktýabry***

*Olaryň näme hakda gürrüň edýändigini bir Alla bilýär. Düýn halwa hödür etmek üçin ýanlaryna baranymda janygyp gürrüň edişleri çeniň däldi, meniň baranymy hem duýmadylar. Men barkam, Şems, umuman, sesini çykarmaýar, meniň bolmagym ony hökman dymmaga mejbur edýän ýaly. Üýtgeşik tagam taýýarlasam hem, gury çörek hödür-kerem etsem-de, hemişe şol bir sözler bilen minnetdarlyk bildirýär. Onsuzam ol dişiniň köwek ýerini doldurar derejede, gaty az iýýär. Emma bu gezek welin, tabakdaky halwanyň tagamyny dadyp gören badyna, onuň gözleri giňden açyldy.*

*— Halwaň gaty süýji eken, Kerra, elleriňe güller bitsin! Nädip bişirdiň? — diýip, Şems dillendi. Şol pursat özüme näme bolanyny bilemok, onuň hoşgylawlygyna begenmegiň deregine gaharym geldi.*

*— Soraýan zadyň näme?! Aýdanym bilen muny başarjak gümanyň barmy?!*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Şems sözlerimi tassyklaýan ýaly, çala başyny atdy. Bir zatlar diýerine, hatda ýaňsylaryna garaşsamam, hiç zat diýmedi, sesini çykarman durdy.*

*Biraz wagtdan soň, otagdan çykdym we olary ikiçäk galdyrdym. Dogrusy, muny bütinleý ýadymdan çykarypdym. Ýöne şu gün irden bir waka boldy welin, ähli*sini başdan birin-birin göz öňümden geçirmeli boldum. ***

*Ojagyň başynda ýanlyk ýaýyp, ýag alyp durkam, howludan birgeňsi sesler eşidildi. Ylgap daşaryk çykanymda, göreni aňk edýän wakanyň şaýady* boldum. *Töwerek durşuna kitap bolup durdy; münder-münder edilip örülen kitaplar birýana agyp gaýdarly görünýärdi. Ýüzlerçe kitapdyr elýazmalar duw-dagyn bolşup ýatyrdy. Olaryň bir topary bolsa howza oklanypdyr. Suwa düşen ýazgyly kagyzlaryň syýasy akyp, howzuň suwy gök öwsüp* ugrapdyr.

*Şems üýşüp duran kitaplaryň arasyndan birini sogrup* aldy-da, *agdaryşdyryp, suwa oklap goýberdi. Görsem, ol kitap «Diwanül Mutannabidi». Kitap suwuň ýüzüne çykan badyna, Şems beýleki birine elini ýetirdi. Bu gezek onuň eline ilen Feridütdin Attaryň «Esrarnamasydy».*

*Ýüregime dowul düşdi. Adamymyň iň gowy görýän kitaplary ýekän-ýekän ýok edilýär! Indiki nobat Rumynyň kakasyndan miras galan « Älemiň sözlügi» atly*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
kitabynyňkydy. Adamymyň kakasynyň eserlerine muşdaklygyny, bu köne elýazmany juda gowy görýänligini bilýänim üçin şol pursat onuň ýüzüne seretdim.

Emma Rumy bir tarapa çekilip, gymyldy-hereketsiz durdy. Ýüzünde gan-pet ýogam bolsa, elleri titreýänem bolsa, ondan ses-seda çykanokdy. Düşünmedim. Birmahalkitaplaryň tozanyny süpüripsiň diýip igenen adam indi bir däliniň tutuş kitaphanasyny ýok edýänini görüp dursa-da, bir gyrada sesini-üýnüni çykarman, söm duran adama öwrülipdir. Agzyndan ýeke söz çykaýsa nädersiň! Beýle-de bir adalatsyzlyk bolarmy?! Eger Rumy bu işe haý diýmejek bolsa, onda özüm oňa dur diýerin.

— Edýäniň näme?! — diýip, Şemse gygyrdym. — Bu kitaplar iňňän gymmatly kitaplar ahyry. Olary näme üçin suwa atýaň? Akylyňdan azaşdyňmy?!

Şems maňa jogap bermän, ýüzüni Ruma tarap öwürdi:

— Senem şeýle pikirdemiň?

Rumy dodaklaryny ýumup, çala ýylgyrsa-da, sesini çykarmady.

— Näme üçin sesiňi çykaraňok? — diýip, adamyma gygyrdym.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Şeýle diýerime mähetdel, Rumy ýanyma geldi-de, elimi pugta tutdy.*

*— Köşeş, Kerra, gaýrat et. Şemse ynamym çäksizdir. Eger şeýdýän bolsa, hökman bir sebäbi bardyr — diýdi. Şems gaňrylyp, egnaşyry maňa seretdi. Ol gaty parahatdy, ynamly hereket edýärdi. Jüpbesiniň ýeňini çermedi-de, gollaryny suwa sokup, howuzdaky kitaplary birin-birin çykaryp başlady. Aňk bolup galypdyryn, onuň suwdan çykaran kitaplary gup-gurudy.*

*— Bu gözbagçylykmy? Jadygöýlikmi? Nädip beýdip bilýäň? — diýdim.*

*Ynha, şol wagt Şems ýüzüme seredip, parahatlyk bilen dillendi:*

*— Soraýan zadyň näme? Aýdanym bilen muny başarjak gümanyň barmy?! Gahardan titir-titir edip, olary şol ýerde galdyrdym-da, ylgaşlap aşhana gaýtdym. Indi ýeke-täk gaçybatalgam aşhanady. Men bu ýerdäki onlarça gap-gajyň, tabaklaryň, otdur buguň içinde çöküme düşüp, hünübiryan agladym.* **Rumy**

***Konýa, 1245-nji ýylyň dekabry***

*Şu gün irden daňyň düýbi çyzylandan öýden çykdyk. Giden otluk ýerleriň, jülgeleriň, çeşme-çaýlaryň içi bilen atymyzy gorgunyna sürüp barşymyza, mymyjak şemal ýüzümizi sypap geçende keýpimiz çaglandy.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Golaýlaşanymyzy gören bugdaý ekinçiliginiň içindäki garantgylar bize salama durdular; ekin ýakasyndaky öýüň öňünde ýüpe düzülip, serlip goýlan täze ýuwlan egin-eşikler şemala galgaşdylar. Soňra Şems atynyň jylawyny çekip, uzakdaky meşe (dub) agajyny yşarat etdi. Baryp şol agajyň aşagynda düşledik. Gyzgylt öwüsýän asmany synladyk. Uzakdan ertir namazynyň azany eşidilensoň, Şems hyrkasyny ýere ýazdy. Gapdallaşyp durup, namaz kyldyk. Namazdan soň doga okanymyzda diňe özümiz üçin däl, bütin adamzada gowulyklar diledik.*

*Ýigrimi altynjy kada: älem bir bitewi göwre, ýeke-täk barlykdyr. Ähli zat we hemmeler göze görünmeýän ýüpler arkaly biri-birine baglydyrlar. Hergiz hiç kimiň gargyşyna galma; özgäni, aýratynam özüňden ejizi ynjytma. Bir zady ýadyňdan çykarma, dünýäniň aňry ujundaky bir adamyň hasratynyň tutuş adamzady betbagt edip bilmegi ahmaldyr. Bir adamyň bagty bolsa, hemmeleri bagtyýar edip biler.*

*— Konýa ilki gelenimde şu agajyň aşagynda oturypdym — diýip, Şems mydyrdady. — Şonda obaly täsin bir ýigit bilen tanyşdym. Seniň muşdagyň eken. Berýän wagyzlaryň adamlaryň hasratyny dep edýär diýip eşidipdir.*

*— Ozallar maňa Sözussady diýýärdiler — diýdim. — Ýöne indi ol günler yzda galdy.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Indi wagyz beresim hem, halka ýüzlenesim hem gelenok. Indi aýdara zadym galmady.*

*— Sen ýene Sözussady bolarsyň — diýip, Şems seslendi. — Ýöne bir tapawudy bolar! Ozallar sen Wagyz Edýän Akyldyň. Indi Ýüregiň Aýdym Aýdar.*

*Näme diýmekçi bolanyna düşünmedim, anyklajak hem bolmadym. Daňlak öten gijeden galan tegmilleri arassalap, asmanda çirksiz päk giňişligi emele getirdi. Alnymyzda şäher ýaýylyp ýatyrdy. Gargalar ekin ýerlerine atygsaýardy, ojaklarda ot ýakylýardy, çagalar ýüz-gözlerini ýuwýardy — hemmeler täze başlaýan güne taýýarlyk görýärdi.*

*Şems gyryljyk ses bilen:*

*— Zeminiň bir ýerlerinde adamlar bagtly ýaşamak ugrunda jan çekip, kämilleşmek isleýärler, ýöne olar ruhy öňbaşçydan mahrum — diýdi. — Seniň sözleriň olara kömege ýetişer, ýollaryna ýagty saçar. Menem şu babatda seniň hyzmatkäriň bolaryn.*

*— Beýle diýme — diýip, garşy çykdym. — Sen meniň dostumsyň.*

*Şems garşylyk bildirmäme üns bermän, sözüni dowam etdi.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Bir gaýgy edýän zadym — seni gurşap alan gabyk, daşyňdaky gabygyň. Sen meşhur hem edenli adam, töweregiňi muşdaklaryň gurşap alypdyr. Ýöne biz adaty adamlary näderejede tanaýarkak? Büdräp-ýykylanlara, çetleşdirilenlere düşünmän, jemgyýete düşünmek mümkin däldir. Serhoşlary, gedaýlary, ogrulary, bozuk zenanlary, humarbazlary... göwnüýarymlary, unudylanlary, ýarlykly garyp bendeleri... Allanyň ýaradan mahluklarynyň ählisini söýmegi başarýarmykak? Bu örän agyr synagdyr. Bu synagdan gaty az kişi üstünlikli geçip bilýär.*

*Gürledigiçe, onuň ýüzünde nähilidir nurly rehimdarlyk aýyl-saýyl bolup barýardy. Dogry zada dogry diýmegim gerekdi. — Hak aýdýaň, men hemişe hemaýat-penaň astynda boldum. Jemgyýetiň aýak astyna düşenleriniň nähili ýaşaýanyndan, dogrusy, habarym ýok.*

*Şems egildi-de ýerden bir gysym toprak alyp, owujynda owkalady. Soňra ýerde ýatan döwlen şahanyň bölejigine elini ýetirdi; ýerinden turdy-da, meşe agajynyň töweregine giňden çyzyk çekip başlady. Çyzyk çyzyp bolandan soň, gollaryny asmana göterdi, ol göýä göze görünmeýän bir eliň özüni herekete getirmegine garaşýan ýalydy. Soňra Allatagalanyň gözel atlaryny — Esmaýyhüsnany sanap, tegelek çyzygyň içinde aýlanyp başlady. Başda agras, emaýlyk bilen, ünsüni jemläp,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*soňra bolsa özüni unudyp, barha depgini çaltlaşýan saza goşulýan ýaly, adamyň elinden gelmejek güýçgaýrat bilen aýlandy, aýlandy durdy. Şol täsin raksy synlap durkam, gözýaşlaryma erk edip bilmedim. Bu wejd halynyň täsiriniň ruhumy-da, bedenimi-de gurşap almagyna ygtyýar etdim.*

*Ahyrynda Şems kem-kemden haýallady-da durdy. Üzlem-saplam dem alyp, gaýyp äleminden eşidilýän ýaly gyryljyk ses bilen gürledi:*

*— Şeýlebir gün geler, saňa Yşkyň şahyry diýerler — diýdi. — Gündogardan Günbatara, Demirgazykdan Günorta ýüzüni hem görmedik adamlaryň seniň sözleriňden ylham, bereket we güýç-kuwwat alarlar. Ynanmak kyndy.*

*— Nädip beýle bolar? — diýip soradym.*

*— Okuw-sapak geçmek bilen däl-de, şygyr bilen bolar.*

*— Şygyr? — Sesim sandyrap çykdy. — Men ömrümde şygyr ýazyp göremok ahyry. Men şahyr däl, alym. Meniň ugrum sungat däl-de, ylym, yrfan ahyry.*

*Şems dodagyny çalaja çommaltdy.*

*— Dostum, sen bu dünýäniň öňde-soňda iň beýik şahyrlarynyň birisiň.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Jedel edere ýagdaýym ýokdy.*

*— Eger aýdýanyň rast bolsa, näme etmeli bolsa, ikimiz bile ederis.*

*Şol pursat Şems dymdy. Töwerege ýakymsyz dymyşlyk aralaşdy. Ol nazaryny menden gizledi.*

*— Näme boldy? — diýip, özelenip duramsoň, ahyry garşylyk görkezýän äheňde gürledi:*

*— Saňa bu ýolda ahyryna çenli hemra bolmak isleýänem bolsam, muny başarman. Meniň möhletim dolup ýör. Hemişe ýanyňda galyp bilmen. Gitmeli boljak.*

*— Bu nähili gürrüň boldugy? Nirä gitmekçi? — diýip, alada galdym. — Hiç ýere-de gitmersiň!*

*Şems hyrçynyny dişläp:*

*— Bu meniň ygtyýarymda däl — diýdi.*

*Biz taýa birehim şemal öwsüp gitdi, howa birden çigredi; şol pursat, şol ýerde edil pyçak bilen şarpa kesilen ýaly bolup, güýz pasly tamamlandy. Açyk hem arassa asmandan üstümize ýyljak ýagyş damjalary seçelendi. Ynha, şol pursat ilkinji gezek Şemsiň günlerde bir gün özümi taşlap gitjekdigi baradaky pikir gara bulutlara meňzäp serime çökdi.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Ol pikir meni şeýlebir gussa batyrdy welin, egnime agyr bir zat ýüklenen ýaly boldy, içim gysdy, bogunlarym agyrap başlady. Öwrülip onuň gözlerine seretdim.*

***Soltan Welet Konýa, 1245-nji ýylyň dekabry***

*Boş gürrüňler ýüregimi ýaralaýar. Adamlar nädip, keseden hiç hili tanamaýan adamy hakynda şunça köp gürrüň edip bilýärkäler? Olar hakykatdan, gör, nähili daşda! Kakam bilen Şemsiň arasyndaky ruhy baglanyşygyň näderejede güýçlüdigine düşünenoklar. Olaryň Gurhan-y kerimi hem okamaýany görnüp dur. Sebäbi eger okaýan bolsadylar, bu mukaddes kitapda şoňa meňzeş ruhy muhabbet baradaky hekaýatlaryň bardygyny bilerdiler. Hezreti Musa bilen hezreti Hydyryň arasyndaky ýoldaşlyk hem munuň aýdyň mysaly.*

*Kehf süresinde açyk-äşgär ýazylmanmydyr? Hezreti Musa ajaýyp serkerde, ýokary derejedäki emeldar bolmaga mynasyp bolmak bilen birlikde, günlerde bir gün pygamber bolup biljek derejede görnükli kişi eken. Ýöne ol bir gün özüniň ruhy gözüni açmaga ýardam edip biljek dosta mätäçdigini duýupdyr. Şeýle adama duşurmagy üçin Alladan dileg edipdir. Ahyry dogasy kabul bolup, diýýän adamyna duşanda, görse, ol kyn hem agyr pursatda özüne kömege ýetişýän Hydyr bolup çykypdyr. Hydyr Musa garap:*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Men ömürboýy syýahat edip ýörün. Syýahatlarymda maňa ýoldaş bolmak isleýäniňi aýdýaň. Muny bir şert bilen kabul edip biljek. Bir iş etsem, näme üçin beýdýäň diýmeli dälsiň. Hiç hili sorag bermeseň, ýanyma ýoldaş bolup, maňa bil baglap bilersiň.*

*— Bolýa — diýip, Musa dillenipdir. — Saňa ýoldaş bolsam bolýar. Ýeke agyz sözem diýmen, soragam* bermen.

*Şeýlelikde, olar ýola düşüpdirler, şäher-şäher aýlanypdyrlar. Ýöne Musa ýolboýy Hydyryň edýän işlerini akylyna sygdyryp bilmän geçipdir, näme üçin beýdýänine-de düşünmändir. Ynha, görse, Hydyr bir ýagşy adamyň gämisini suwa gark edip durmuş, ýene bir ýerde päk bir maşgaladan bolan çagany öldürýär, soňam gidip erbetlikde ýakasyny tanadan adamlaryň jaýynyň diwaryny oňaryp berýärmiş. Onuň edýän işlerinde ne* adalat, ne-de mantyk barmyş. *Ahyry Musa durup bilmän:*

*— Bu zatlary näme üçin beýdýäň? Edýän işleriňe hiç düşünip bilemok-la? — diýipdir.*

*— Beren sözüňi ýadyňdan çykaraýdyňmy, Musa? Maňa sowal berme diýip tabşyrmanmydym — diýip, Hydyr aýdypdyr.*

*Olar ýollaryny dowam edipdirler. Ýöne Musa her gezek durup bilmän sorag berip, sözünde tapylmandyr. Ahyry*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Hydyr ilkibaşdan bäri eden işlerini oňa birin-birin düşündiripdir. Şonda Musa özüne eýmendiriji görnen işleriň aňyrsynda özüniň bilmeýän syrlarynyň, her bir şeriň aňyrsynda bir haýryň ýatandygyna göz ýetiripdir. Hydyr bilen ýoldaş bolup, onuň ruhy gözi açylypdyr. Başga bir tär bilen görüp bilmejek dünýäsini görüp ugrapdyr.*

*Şu meselede bolşy ýaly, bu dünýäde adaty ötegçi adamlara düşnüksiz görnüp, aslynda, çuňňur ylymlara düşnükli bolan dostluk gatnaşyklary bolýar. Şemsiň kakamyň durmuşyndaky orny-da, ynha, şeýle.*

*Ýöne adamlaryň men ýaly pikir etmeýändiklerini bilýän, ynha, şonuň üçinem şu zatlara janym ýanýar. Gynansagam, ody Şemsiň özi hem ölçeryär. Özgelere gowy görünjek bolup, sähelçe-de alada etmeýäni-hä etmeýäni, üstesine, degmesizlere degýän halatlaram ýok däl. Kä günler ýol urup ýören garakçylar ýaly, kakamyň işiginde oturyp, gelen-gidene gözegçilik edýär. Adamlaryň haýsydyr biri kakamy görmekçi bolsa, garşysyna geçip bir topar sowal berýär:*

*— Beýik Möwlanany näme üçin görmekçi bolýaň? — diýip soraýar-da, garşysyndaky näme jogap berse-de, halanok. Oňa:*

*— Eýse, näme sowgat getirdiň? — diýip haýbat atýar.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Gelen görgülililer bolsa, näme diýjeklerini bilmän peltekleşip durlar. Şems hem olary yzlaryna it salyp kowýar.*

*Şol zyýaratçylaryň käbiri birküç günden soň ýene gelýär, özi-de bu gezek goltugy gymmatbaha sowgatly. Üzüm kişdesi, atlaz ýapynjalar, ýüpek halylar, ýany tokluly gelýänem bar... Ýöne bu zatlary görüp, Şems hasam beterine tutýar.*

*Bir gün kakamy görmek isläp, gapydaky Şemsden geçip bilmedik bir adam gahar bilen gygyrdy:*

*— Indi besdir! Möwlananyň gapysyna geleni kowup durarça, sen kim bolupsyň?! Näme getirdiň diýip, öňýetenden sorap dursuň! Eýse, özüň näme?! Tagsyr Möwlana üçin özüň näme getirdiň?!*

*— Meniň sowgadym — özümdirin — diýip, Şems parahat durşuna dillendi. — Men onuň ýolunda baş goýdum.*

*Bu sözi eşidip, ol adamyň ýüzi üýtgäp gitdi. Näme diýjegini bilmän, öwelip galdy.*

*Soňam sesini çykarmady-da, ötä gitmek bilen boldy.* *** *Şol gün Şemsiň ýanyna bardym.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Şunça köp adamyň özüňe ýalňyş düşünmegi seni gynandyranokmy? Özüňe duşmançylykly garamalaryna, hakykatdanam, ähmiýet bereňokmy? — diýip soradym.*

*Aýdanyma aň etmeýän ýaly, Şems maňa manysyz seretdi.*

*— Meniň hiç hili duşmanym ýok — diýip, ol sözüme üýtgeşik ähmiýet bermedi. — Bizi ýazgaranlar tapylar, garşydaşymyz hem bolar, bizi halamaýanam az bolmaz. Ýöne Alla aşyklarynyň duşmany bolýan däldir. Biz özümizde ýigrenç saklamaýarys, ogul.*

*Ýigrimi ýedinji kada: bu dünýä bir dag mysalydyr, sen oňa nähili seslenseň, ol hem seniň sesiňi şolar ýaly edip ýaňlandyrar. Agzyňdan haýyrly söz çyksa, ol haýyrly ýaňy gaýtarar. Şer çyksa, ol hem saňa şer gaýtargy berer.*

*Şeýlelikde, kim sen hakynda ýaman gürrüň etse, sen ol adam barada kyrk gün, kyrk gije diňe ýagşy gürrüň et. Kyrk günden soň, ähli zadyň özgerendigini görersiň. Seniň köňlüň özgerse, dünýä-de özgerer.*

*— Ýöne seniň adamlar bilen çekeleşýän, hatda dawalaşýan mahalyň hem bolýar — diýdim.*

*Şems ýylgyrdy:*

*— Men olaryň özleri bilen däl-de, nebisleri bilen çekeleşýärin.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Şeýledir-le welin, soň olar sen barada bolgusyz gep ýaýradýarlar. Hatda iki erkek adam beýle ýakyn dost bolup bilmez; beýle dostlugyň gapdalynda diliňe alyp bolmajak bir zatlaram hökman bardyr diýýänlerem tapylýar. Olaryň şeýle betpygyl, bozukdygyna gaty gaharym gelýär...

Şems muny eşidip, ýuwaşja ah çekdi, soňra bolsa, maňa bir hekaýaty gürrüň berdi.

Iki sany syýahatçy bir şäherden beýleki bir şähere barýarmyş. Ynha, birden öňlerinden joşup akýan derýa çykýar duruberýär. Olar hut suwdan geçeli diýip durkalar, birneme aňyrrakda gorkudan ýaňa titir-titir edip, ýeke özi duran ýaş zenana gözleri düşüpdir. Syýahatçylaryň biri dessine ol aýala kömege ylgapdyr. Ony arkasyna alypdyr-da, suwdan geçiberipdir. Soňra ol aýaly derýanyň aňyrsynda arkasyndan düşürip, onuň bilen sagbollaşypdyr. Şeýdibem ýollaryna rowana bolupdyrlar.

Ýöne ýoluň galan böleginde beýleki syýahatçy sesini-üýnüni çykarmandyr. Ol gaty keýpsiz görnüpdir. Onuň barha ýüzi ajaýarmyş. Ençeme sagatlap şeýdip ýüzüni sallap gelşine ol ahyry dil açypdyr: «Näme üçin sen ol aýala kömek etdiň? Onsoňam oňa teniň hem degdi. Birden ol seni azdyraýsa nä bilýäň? Gözüňi-başyňy aýlamagam mümkin! Erkek bilen aýalyň biri-birine beýle

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*ýakynlaşmasy boljak işmidir? Aýyp bolar how! Beýle zat bolmaz, bize gelişjek iş däl!»*

*Aýaly arkasynda göteren syýahatçy sabyr bilen ýylgyrypdyr-da: «Aýdýanyň dogry, dostum, men ol aýaly derýadan geçirip, şol ýerde-de goýup gaýtdym; ýöne sen näme üçin ony häzirem göterip gelýäň?» diýipdir.*

*— Käbir adamlar şeýle bolýar — diýip, Şems dowam etdi. — Öz howatyr edýän zatlaryny, ters pikirle*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*rini özgelere ýöňkeýär we şeýle zatlary şolarda görýändirin öýdýär. Ynha, hakyky ýük şodur. Kä kişi serini şübheden doldurar-da, soňam şonça agramyň astynda maýrylyp galar. Kakaň ikimiziň aramyzdaky baglanyşygyň näderejede çuňdugyna düşünmeýänlere aýt, ilki öz beýnisindäki hapa-hupadan päklensinler!*

***Ella Boston, 2008-nji ýylyň 15-nji iýuny***

*«Ýakyndaky ýazan hatyňda «Romanyňy iki gezek okap çykdym, Şems bile araňyzdameňzeşligiň köpdügini görenimden soň, meni seniň geçmişiň gyzyklandyryp ugrady. Nähili sopudygyň barada maňa gürrüň bersene!» diýip ýazypsyň.*

*Geçmiş barada gürrüň etmegi halamok, Ella. Şeýle-de bolsa, saňa gürrüň bereýin...*

*Şwesiýada, Kinloçberwiýe atly balykçylar obasynda dünýä indim. Hossarlarym maňa Kreig Riçardson diýip at goýupdyr. Çagalygymdan berk ýadymda galan zatlar barada aýtsam, balykçylaryň ululy-kiçili gaýyklary, uzyn-uzyn torlaryň arasynda ýaşyl ýylanlar ýaly, zolak-zolak bolup, sallanyşyp duran suwotulary, alyslara uzap ýatan deňiz kenaryndan gurçuk gözläp pelasaň urýan kenar guşlary, deňziň ýiti hem şor ysy, ýapýaşyl reňke çolanyp oturan daglar hem-de Ikinji Jahan urşundan*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*soňky Ýewropada höküm sürýän asudalyk... Ynha, men şu zatlaryň içinde önüp-ösdüm.*

*Soňra duýdansyz ýerden bütin dünýä 1960-njy ýyllaryň tupanynyň astynda galdy. Talyplar hereketleri, uçar alyp gaçmalar, rewolýusion başlangyçlar... Men bolsam, özümiň asuda künjegimde, bu zatlaryň ählisinden uzakda, deň-duşlarymy gurşap alan özgerişlik tolkunlaryndan habarsyz ýaşaýardym. Kakamyň köne kitaplar satylýan dükany bardy, ejem bolsa, ýüňi gymmat geçýän goýunlary ösdürip ýetişdirýärdi. Şeýlelikde, çagalyk döwrümde çopanyň terkidünýäleriňkä mahsus ahwallaryndanam, kitapçynyň öz dünýesine gümra bolup ýörmesindenem maňa bir zatlar ýokan bolsa gerek. Köplenç beýik agaçlaryň birine çykyp, töweregi synlamakdan lezzet alardym, tutuş ömrümi şol ýerde geçirmek barada göwün ýüwürderdim. Käteler serime obadan çykyp gidip, her hili başdangeçirmeleriň goýnuna özümi oklamak hyýaly gelse-de, Kinloçberwiýäni gaty gowy görýärdim. Durmuşymdan hoşaldym. Şol ýerde dünýä geldim, şol ýerde-de ölerin öýdýärdim. Ýöne Taňrynyň meniň maňlaýyma ýazan ýazgydy bütinleý başgaça bolup çykdy. Ýigrimi ýaşymda tutuş durmuşymy düýpgöter özgertjek iki zat bilen ýüzbe-ýüz boldum. Birinjisi, hünärli suratçylaryň göterýän fotoapparatydy.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Fotosuratçylyk okuwyna ýazyldym. Başda ýönekeý pişe hökmünde baş goşan bu işimiň ömürboýy dowam etjek höwese öwrüljegini nireden bileýin?! Ikinjisi, bir zenan bilen tanyşdym. Ol ýoldaşlary bilen Ýewropa aýlanyp ýören we «tötänden» obamyza gelen gollandiýaly bir aýaldy. Onuň ady Margotdy.*

*Ol menden sekiz ýaş dagy uludy; diýseň owadandy, uzyn boýludy, mähirlidi, özboluşly häsiýetli zenandy. Belli bir mekany bolmadyk, idealist, radikal, intellektual, çepçi, özgerişliksöýer, ýaşyl-anarhist, dürli medeniýetliligiň tarapdary, azlyk halklaryň we ynsan hukuklarynyň goragçysy, ykdysatçy... Margotyň aýdyp berýän düşünjeleriniň köpüsiniň manysyna-da düşünemokdym. Ýöne bir zady welin berk bilýärdim. Ol häsiýet taýdan keýpine we höwesine görä üýtgäp duran gülhöwes zenandy*

*Ol, bir görseň, diýseň bagtyýar hem kakabaş, seri ýaşaýşa bolan söýgüden ýaňa agdardüňder pikirden doly, taslama baryny düzüp ýörendir. Bir görseňem, eginlerini sallap, gözleriniň şuglasy öçügsilenendir. Onuň keýpiniň nähili boljagyny öňünden kesgitlemek mümkin däldi. Ýek ýigrenýäni «buržuaz kaşaňlygynyň ikiýüzlüligi» atlandyrýan hökmürowan ýaşaýyş terzidi. Ähli zady owunjak aýratynlyklaryna çenli änigine-şänigine çenli soraşdyryp, tankyt etmekden çekinip*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*durmazdy. Özüm ýaly parahat we ätiýaçly adamyň nädip Margot ýaly hyýalbent zenandan dowla düşüp gaçyp gitmändigine haýran galaýmaly. Muňa häli-häzirem düşünip bilemok. Ýöne gaçyb-a gitmedim. Oňa derek ýaýdanyp durman, özümi Margotyň hyjuwly dünýesiniň girdabyna okladym... Oňa aşyk boldum.*

*Margotyň haýran galaýmaly jadysy bardy. Ol özgerdiji hem döredijilikli pikirlerden pürepürdi; dogumlydy, erkanady hem gedemdi. Ýöne şol bir wagtda sap owadan gül ýaly näzikdi. Bir görseň, ýerliksiz söz üçin ýüzüni sallap oturandyr, öýkelidir. Onsoň men ony daşky dünýäniň gödeňsi täsirlerindenem, öz içindäki ýykyp-ýumrup barýan joşgunly tebigatyndanam penalamagy öz-özüme söz berdim. Eýse, meniň ony söýşüm ýaly, ol hem meni söýdümikä? Beýledir öýdemok, Ella. Maňa wepaly bolandyr hem diýip biljek däl. Ýöne bir zady-da bilýärin, ol hiç kimi söýmedigem bolsa, meni welin, özi haýran galar derejede ýürekden söýdi. Özüçe, başaryşyça, elinden gelşiçe...*

*Şeýdip, Margotyň yzyna düşüp, Amsterdama bardym. Şol ýerde nikalaşdyk. Margot bu ýerde biraz sägindi; özüni syýasy ýa-da ykdysady sebäpler zerarly, Ýewropadan gaçybatalga gözläp gelenlere kömek etmäge bagyşlady. Bosgunlara ýardam edýän raýat jemgyýeti guramalarynyň birinde işläp, dünýäniň iň*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*gyzgyn nokatlaryndan gaçyp, Gollandiýadan gaçybatalga gözläp gelen maşgalalara ýolbeletlik etdi. Olaryň penakär perişdesine öwrüldi. Şeýlelikde, Indoneziýadan, Somaliden, Argentinadan, Palestinadan gelen maşgalalaryň ençemesi öz gyzlaryna onuň adyny* dakdylar.

*Men bolsam şular ýaly idealistik jenjeller bilen gyzyklanmajak derejede «işlidim» hemde* materialistdim-*maddyýetçidim. Önümçilik ugrundan hünärli uçurym bolan hyjuwly ýaş adam hökmünde men wezipe basgançaklaryna dyrmyşýardym. Halkara şereketleriniň birinde işläp başladym. Margot meniň jemgyýetde tutýan ornum bilenem, aýlykgünlügim bilenem gyzyklanmaýardy. Ýöne oňa derek özüm bu* zatlara *barha ähmiýet berip başladym. Güýçli bolasym, hem güýçli, hem baý bolasym gelýärdi...*

*Tutuş ýaşaýşymyzy ownuk-uşak jikme-jikliklerine çenli meýilleşdirdim. Iki ýylyň dowamynda çaga edinmelidik. Hyýalymdaky bagtly maşgalanyň suratynda iki sany gyz çagamyz bardy. Bize röwşen gelejegiň garaşýandygyna ynanýardym. Sebäbi biz bozuk suw enjamy ýaly, Ýewropa bosgun baryny döküp duran* bulam-bujar *ýurtlaryň birinde däl-de, dünýäniň iň howpsuz ýerleriniň birinde ýaşaýardyk ahyry. Ýaşdyk, janymyz*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*tut ýaly sagatdy. Ähli zadyň bolmalysy ýaly ugrugyp gitmegi üçin, elimden gelenini edýärdim. Häzir, şu setirleri ýazýan mahalym, şol zatlaryň bolanyna ynanmak maňa kyn düşýär. Indi men elli dört ýaşymda, Margot bolsa dünýesini täzeledi.*

*Ýöne has berk bedenli we jedelsiz owadan ýürekli men däldim-de, Margotdy. Aslynda, ýaşamaga şol mynasypdy. Diňe sagdyn iýmitlerden iýerdi, yzygiderli maşk edýärdi, her hili ýaramaz endiklerden daşda durardy. Hemişe inçemikligini saklady, syratlydy. Ýaşynyň uludygyna garamazdan, menden has ýaş görünýärdi.*

*Ol garaşylmadyk ýagdaýda aradan çykdy. Bir gije gaçybatalga sorap gelen rus galamgärini görmäge gidipdi. Gaýdyp gelýärkä, uly ýoluň ortarasynda ulagy kemläpdir. Onsoň hemişe ýol kadalaryny berk berjaý edýän, bu barada meniň hem gulagyma guýup ýören Margot gyrpýan duýduryjy çyralaryny ýakyp garaşmagyň deregine, näme üçindir, ulagyndan düşüp ýakyndaky oba pyýada gidermen bolupdyr. Onuň egninde goýy goňur reňkli ýagynda geýilýän ýapynjasy, goýy reňkli jalbary bar eken. Garaňkylykda saýgartjak reňkler däl... Ýüz metr ýöräp-ýöremänkä, ýokary tizlikde gelýän ulagyň aşagyna düşüpdir. Ony süsen ýugoslaw*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*belgili awtofurgon eken. Sürüji ony garaňkyda görmändir.*

*Söýýän zenanymy ýitirenimden soň, düýpli öwrülişigi başdan geçirdim. Indi men şol balykçylar obasynda ýaşaýan sada ýigidem, wezipede bir basgançakdan indiki basgançaga dyzaýan telekeçem däldim... Içimdäki depesinden basylyp saklanylýan we gapana gapjadylan wagşyýana baş göterdi.*

*Gaty tiz özgerdim, bozuldym we ahyrynda bolsa, gutaran adama öwrüldim. 1970-nji ýyllaryň başlarydy. Ömrümiň bu döwrüne sopy sözüniň «s» harpy bilen tanşan döwrüm diýýärin.*

*Ynha, şeýle. Muny okap içiň gysan däldir diýip umyt edýärin, Ella. Görseň, eslije ýaşandyryn.*

*Saňa söýgi bilen Aziz».*

***Çöl Güli  Konýa, 1246-njy ýylyň ýanwary***

*Başymy bela sokanym üçin temmi bellediler. Hünsa hojaýyn indi maňa hiç ýere gitmäge rugsat berenok. Ýöne muňa gynanyp durmadym. Has dogrusy, begenç bolsun, gynanç bolsun, indi esli wagt bäri olar ýaly çuň duýgulary başymdan geçirip göremok. Günler öz akymyna akyp gidýärdi. Her gün säher bilen aýnada görýän ýüzüm öňkülerden azkem solgunrak, birneme-de*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*parahat. Ne saçymy daranymda bezenýän, ne-de birneme gülgüne öwüssin diýip, ýaňaklarymy çümmükleýärin. Beýleki gyzlar daşky görnüşimden şikaýat edýärler; müşderileri gaçyrýarmyşym. Belki, dogry aýdýandyrlar, ýöne men onsuzam özümi kimdir biriniň gowy görmegini küýsäp baramok. Erkeklere gowy görünjek bolmakdan ýadadym, bizar boldum. Hiç kim meni owadan hasap etmese, menem bir künjekde çüýräp galsam...*

*Şu zatlary serimde aýlap ýörkäm, öňňin agşam bir müşderiniň meni görmek isläp, dyzap durandygyny eşidenimde haýran galdym. Baryp gören mahalym haýran galyjylygymyň ornuny gorky eýeledi. Müşderi diýýänleri Baýbars bolsa nätjek! Men öňde, ol yzda, ýokarky gatdaky depesi pessejik otaglaryň birine bardyk. Ýeke galan badymyza saklanyp bilmän:*

*— Sen ýasawulçylyk edeňokmy? — diýip soradym. — Wezipäň jemgyýetçilik tertibini hem ahlagyny goramak dälmi? Bozukhanada näme işiň bar?*

*— Munuň diýip duran zadyna seretsene! — diýip, Baýbars kinaýa bilen aýtdy. — Onda özüň ýaly ýoldan çykan bozuk heleýiň şol gün metjitde nä köri bardy?! Seniň edeniň üýtgeşik iş däl-de, meniňki geňmi?*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Meniň ýanymda şol güni agzama. Sen zerarly tasdanam ýenjilipdim. Adamlaryň baryny maňa garşy öjükdirdiň. Seniň özüňem şu bozukhananyň ýakasy gaýyşly müşderisi dälmi? Sen nire, metjide barmak nire? — diýdim. Ýene-de sözümi dowam etdim.*

*— Häzir diri gezip ýörenim üçin Şemse sag bol aýtmaly. Alla onuň ömrüni zyýat etsin! — Bäriňe gara, meniň ýanymda şol tüýsübozugyň adyny tutma. Ol barypýatan dinsiziň biri!*

*Baýbars ýaly diýdimzor bilen ýaňkalaşmaly däldigini bilsemem, diýjegimi gysganyp durmadym:*

*— Men Töwrizli Şemsiň seniň pikir edişiň ýaly erbet adam däldigine kepil geçibem biljek. Ol ençeme gezek meni görmäge geldi.*

*— Oýnaşyň kepil geçýän adamynyň kime nepi degerkä? — diýip, Baýbars pis syrtardy. — Günüňe ýa naýyn! Diýmek, şeýle-dä?! Derwüş bozukhana gelipdir! Näme üçin geň galaňok?!*

*— Seniň bar küýüň-köçäň bozuklykda bolansoň, hemmeleri özüň ýalydyr öýdýäň! Ýöne ol seniň çak edişiň ýaly däl — diýdim. — Şems maňa goldaw berýär. Şu ýoly taşlamagym üçin elimden çekýär. Ol aýdýar, ýekeje ynsanyň betbagt bolmagy, ynjamagy tutuş şähere täsir edermiş. Ilkinji gezek kimdir biri meni ynsan*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*ornunda göryär. Görküm-görmegim üçin, menden peýdalanmak üçin däl-de, mendäki Haky göryändigi üçin Şems maňa elini uzadýar.*

*— Sende Hak näme işlesin? — diýip, Baýbars sögünjiredi. — Agşamyň şu asuda çagynda maňa biderek gepler aýtdyrjak bolma. Meni günä galmaly edýäň.*

*— Senden idili gürrüň eşidip göremok — diýip, menem hüňürdedim.*

*Bu zatlar barada öň hiç kime gürrüň bermändim we häzir Baýbarsa näme üçin aýdyp duranymy*-da, dogrusy, *bilemokdym. Ýöne Şems geçen aýlarda her hepdede diýen ýaly, meni görmäge gelerdi. Beýlekilere görünmän, esasan hem, hünsa hojaýyna tutdurman, nädip içerik girip bilşine akylym çatmaýardy. Ýöne şeýtmegiň hötdesinden gelýäni welin çyndy. Aýtsam, gürrüňsiz, «jadygöýlikden başga zat däl» diýjekler. Ýöne munuň jadytilsim bilen baglanyşygynyň ýokdugyna gözüm ýetýärdi. Şemsde Alla tarapyn berlen adatdan daşary başarnyklar bardy. Diwarlaryň, gapylaryň aňyrsyndaky zatlary-da görmegi başarýardy, islese göze görünmez bolup bilýändiginden*-de habarym bardy. Ol *maňa «Taýýar bolanyňda yzyňa garaman, şu bozukhanany taşlap gitgin» diýýärdi. Şu durmuşda diňe*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*ejem bilen Şems ikisi maňa adamyň adamy hiç hili hantamaçylyksyz, ýagşylygynyň gaýtargysyna garaşman we bähbit araman söýüp bilýändigini görkezipdiler. Men hut şunuň üçinem oňa minnetdardym.*

*Ol maňa başyňa nähili iş düşse-de, ruhdan düşmezligi öwredipdi. «Garamsal bolmagyn, Çöl Güli, özüňi tasawwufa bagyşlamak isleýän bolsaň, şony ýüregiňe berk düwen bolsaň, biziň ýolumyzda göwnüçökgünlige orun ýokdur... Özüňi çäresiz duýmagyn. Hakyň sypatlarynyň arasynda ejizligem ýokdur, garamsallyk hem...» Tukat otyrkam, ýazgydymyň şeýle bolanyndan, elimden zat gelmeýäninden zeýrenenimde kyrk kadanyň birini ýatlady. Ýigrimi sekizinji kada: geçmiş diýilýän zat aňymyzy gaplap alan ümürdumandyr. Gelejek bolsa, özboluşly hyýal perdesidir. Biz gelejegimizi bilip hem, geçmişimizi özgerdip hem bilmeris. Sopy hemişe şu pursadyň hakykaty bilen ýaşaýandyr.*

*Şu zatlary gürrüň berip otyrkam, Baýbars meniň her bir hereketimi, ýüz-gözümiň hereketlerini synlaýardy. Sag gözi, içimden geçip gelýän gypyk gözi, ýeňsämdäki bir nokada dikilipdi. Hamala, otagda meniň görüp bilmeýän bir zadymy nazaryndan sypdyrmajak bolýan ýalydy. Bu adam meni gorkuzýardy. Baýbarsyň Şemsi ýigrenýänine düşündim. Gürrüňi başga ýana sowmaga synanyşdym.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Bir käse meý getirdim, şobada başyna çekdi. Ikinji hem üçünji badalary-da dessine göterdi. Dördünji badadan soň, dil açyp ugrady.*

*— Hany, aýt bakaly, seniň eliňden näme gelýär? — diýip, Baýbars äwmezlik bilen sokduryp gürledi. — Şu* bozukhanadaky *her näzeniniň üýtgeşik näzi bar diýýärler. Sen näme başarýaň? Raks oýnap bilýäňmi? Ýa düşekde üýtgeşik näz-kereşmä ökdemi?*

*— Meniň hiç hili hünärim ýok — diýdim. — Eger bolasyň gelse, başga gyzlaryň ýanyna git; menden saňa haýyr ýokdur.*

*Hatda näbelli bir ýokanç kesel bilen keselledim diýip, ýalan hem sözledim. Bir müşderä şeýle bolgusyz zatlary aýdanymy bilse, hünsa şobada edil boýnumy sograýardy. Baýbarsyň başymdan sowlup gitmegi üçin, şol wagt ýadyma düşen zatlaryň baryny bahana etdim.*

*Ol şonda-da gitmedi. Diýenime-aýdanyma bakmady. Piňine-de däldigini aýtdy. Birden goltugyndan ýörite haşamlanan haltajyk çykardy; ondan gyzylymtyl-goňur reňkli ot döküp, owujyny doldurdy-da* agzyna atdy. Ony *hezil edip çeýnedi.*

*— Senem çeýnejekmi? — diýdi.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ýok, gerek däl — diýip başymy ýaýkadym. Onuň näme çeýneýänini-de, şeýle oty çeýneýänleriň wagtyň geçmegi bilen nä güne düşýändiklerini-de bilýärdim...

Baýbars köpbilmişlik bilen ýylgyrdy.

— Näme bolýar, gyzjagaz? Görýän welin, sen gaty edeplenen ýaly-la. Sen munuň nämedigini bilýäňmi? Bu adamy ganatlandyrýandyr, ganatlandyrýar!

Ol düşege geçip arkan düşüp, serlip ýatdy. Esli wagtlap doňup duran nazaryny otagyň petigindäki sallanyşyp duran möý kereplerine dikdi. Birdenem haýaljakdan, parahat görnüşde gorkunç zatlary gürrüň bermäge başlady. Şu güne çenli söweş meýdanlarynda gören zatlaryny agzady.

— Çingiz han öldi, süňkleri gara ýere garylyp gitse-de, onuň ruhy häzirem mongol ordasyny penalap ýör — diýip, ol gyryljyk sesde aýtdy. Çingiz hanyň ruhy gylawlandyrýan mongol ordasynyň kerwenleri talap, obalary çapawullaýandygyny, aýal-erkek diýmän, öňünden çykany paýhynlaýandygyny gürrüň berdi. — Ýöne mongollar bolmasa-da, başga bir zat bolardy. Sebäbi adam bar ýerinde uruş hem bar.

Soňra bolsa ol:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Bilýäňmi, sowuk gyş gijeleriniň birinde ýüzlerçe kişiniň ölümi, ýaralymy ýatan söweş meýdanynda kim amanadyny tabşyryp, kim düşen tyg ýarasyna şypa tamakin bolup iňläp ýatyrka, töwerege täsin ýumşaklyk aralaşýar. Dumly-duşda akylyňahyýalyňa gelmejek rahatlyk höküm sürýär.*

*Inim düýrügip gitdi. Men nireden bileýin?! Jogap berip bilmedim.*

*— Haçan bir ýerde uly apat bolup geçse we birbada köp adam jan berse, şonuň yzysüre şol ýere agyr ümsümlik çökýär. Ynha, şol ümsümlik hem, aslynda, dünýäniň iň kämil sesidir — diýip, Baýbars sözüni dowam etdi. Ol içgä garanyňda, gürrüň berýän zatlaryndan has beter serhoş bolana meňzeýärdi.*

*— Nähili gynançly — diýip, zordan dillendim.*

*Baýbars güldi.*

*— Gynançly diýýäňmi? Gynançly zat ýok bärde, gyzjagaz! Dünýäniň gurluşy şeýle. Ýuwudýar! Iri balyk ownuk balygy, zalym mazlumy ýuwudýar! Diri galmagyň ýeke-täk ýoly bar: uruşmak — diýip, Baýbars aýtdy. — Diýmek, näme eken? Ownuk balyk bolmaly däl. Özüň ýaly aýallar üçin munuň ýeke-täk ýoly: bir*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*güýçli bihepbe oýnaşyň garamatyna girmeli. Şonda erkek kişi saňa pena bolar.*

*Näme diýýänine düşünmedim. Ýagşydan-ýamandan sesimi çykarmadym. Gürleşere başga söz galmandy. Golumdan tutdy, meni ýere ýatyryp, köýnegimi çykardy. Onuň bolşy gödeňsidi, ämertdi hem açgözdi. Hereketleriniň öňüne geçmäge çalyşsam hem, ol neşäniňdir meýiň täsiri bilen başbermez ýagdaýa ýetipdi. Gözleri gandan doludy, sesi hyrryldap çykýardy. Demine neşe, der hem küpür yslary garyşypdy...*

*...Bir gyrada gyssanmaç geýnip durkam, ol agzyna ýene biraz neşe atyp, meni synlamaga durdy.*

*— Ymykly karara gelendirin, indiden beýlä sen başga erkeklere hyzmat etmersiň. Seni özüme oýnaş tutunjak — diýdi.*

*Müşderileriň käte şeýle bolar-bolmaz hyýal ýüwürdip, bozuk zenanlary eklenjine almak islemeleri seýrek bolýan zat däldi. Şolar ýaly ynjyk meselelerde hilegärlik bilen baş alyp çykmagy, «siz örän üýtgeşik, begim, höwes bilen diňe saňa hyzmat ederin» diýip, işini görmegi, «ýöne maňa aňrybaş egin-eşik alyp berip, köp pul harçlamaly bolarsyň, aýratyn hem, hünsa hojaýyny razy etmeli bolarsyň» diýip, çeňňegime ildirmegi*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*başarýardym. Ýöne häzir ýalan sözlemek, aldatmak islemeýärdim. Beýle oýunlardan doýgundym.*

*— Bolmaz — diýdim. — Menden saňa oýnaş bolmaz. Onsoňam men bahym bu ýoly büsbütin taşlajak. Bozukhanany terk etjek. Özümi ybadata bagyş etjek.*

*Baýbars uludan hahahaýlap güldi. Ol ömründe mundan gülkünç zat eşidip görmedik ýalydy. Şeýlebir köp güldi welin, gözleri ýaşaryp gitdi.*

*— Ybadat bilen meşgullanjakmyş, waý, günüňe ýanaýyn — diýip, ol gülkiň arasynda zordan dillendi. — Nirä barýaň, gyzjagaz. Otur-a biraz ýene.*

*Baýbars bilen ýaňkalaşmagyň netijesizdigini bilsemem, özüme erk edip bilmedim.*

*— Öz ýanyňdan meni peseldýändirin öýdýäň welin, ikimiz beýle tapawutly hem däldiris — diýdim. — Ikimiz hem geçmişimize, eden etmişlerimize puşman edýäris. Ýöne sen, dädeň jany sag bolsun, ýasawul bolupsyň. Meniň bolsa arkamy tutjak hossarym ýok. Şol zerarlam men bärde.*

*Baýbarsyň keşbi erbet üýtgedi, ýüzi ýowuzlaşdy. Şol pursada çenli sowuk hem biparh seredýän gözlerini ýigrenç eýeledi. Birden ol tarsa turdy-da, saçymdan tutdy.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Sen näme diýjek bolýaň? Adam ýaly gürleşiljek bolunýa welin, hetdiňi bileňok öýdýän — diýdi. — Haram tula. Özüňi meň bilen deňeşdirer ýaly, sen kim bolupsyň?*

*Şol pursat bir zat diýmekçi boldum, ýöne duýdansyz inen urgy zerarly sesimem, demimem kesildi. Ýüzüme uran ýumrugynyň agyrysyny heniz doly duýup ýetişmänkäm, ol meni duýdansyz ýerden diwara pylçap urdy. Zarbanyň badyna özümden gidipdirin, ýöne şol pursadam, soňam sesimi çykarmadym. Urgulara garşylyk görkezmedim.*

*Hernä bu ilkinji gezek däldi. Öňlerem müşderileriň taýagyny-da,* zulmuny-da, zorlamasyny-da *kän görüpdim.* ***

*Baýbars garnyma, gapyrgalaryma biri-birinden güýçli urgular urdy. Ýerde süýnüp ýatyrdym. Şol pursat hut şol ýerde haýran galaýmaly bir zat bolup geçdi. Beýan* etmek kyn hem bolsa *synanyşyp göreýin, ruhum bedenimden aýrylan ýaly boldy. Ozallar aýtsalar hem ynanmazdym. Ruh diýilýän batbörek ýaly zat eken. Guýruklyja, dürli reňkdäki enaýyja batbörek... Ol agyrlykdan halas bolup, howa göteriliberdi. Erkanalyk nähili gowy zat eken, haýran galaýmaly! Nähili ýeňiljek, nepis, uç-gyraksyz... Bir ýere, bir mekana, bir bedene bendi bolup galmazlyk nähili keremlilik eken...*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*Howada gaýyp ugradym. Hala demirgazyga — güzeý tarapa gideýin, hala günorta — güneý tarapa, parhy ýok, erkana boşlugyň içinde ýüzýärdim, daýanyp-direnmäge-de, bat alyp dyzanmaga-da sebäp ýok. Ýöne okdurylyp barýan. Hiç hili güýç sarp etmeli däl. Hamala, men tükeniksizligi içime sorup, özüm şoňa öwrülen ýalydym. Batbörek penjireden çykyp, belentlere göterilip başlady. Onsoň oty küde-küde edilip üýşürilen birgiden ekin meýdanlarynyň üstünden geçdim, oba gyzlarynyň aýdyma hiňlenýän sesini eşitdim, gündiz gijä ornuny berende perileriň ýalkymy ýaly, gijelerine ýanypöçýän ot tomzajyklaryna ýylgyryp bakdym. Bir ýerlere iňňän ýokary tizlik bilen gaýyp barýardym, ýöne aşak tarapa däl-de, ýokarylygyna, düýpsüz asman jümmüşine. Ölüm diýýänleri şu bolsa, gorkara zat ýok eken. Egnimden dert-alada, gaýgy-gam diýmän, bary aýryldy. Häzir men zeminiň arş bilen sepleşýän täsin nokadyndadym; meni hiç zat üýşendirenokdy. Onsoň birden bir hakykaty bilip galdym. Men şunça wagtlap, hut hünsa hojaýyndan ýa-da ýarym adam, ýarym wagşy Şagalkelleden heder edýänim üçin şol bozukhanany terk etmändim. Gaçaýsam meni taparlar; tutup urarlar, ýenjerler ýada öldürerler diýen gorky bilen ýyllar boýy köle ýaly bolup, bedenimi satyp, şolaryň elinde işläpdim. Häzir bolsa, Hak maňa ruhumyň edil batbörek ýaly*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*gaýyp gidip biljekdigini görkezip, gorkmazlygy öwredýärdi. Bir Baýbarsy gönderip, müň Baýbarsa hötde gelmäni görkezýärdi.*

*Çekinip heder etmäniň, bukulyp ýaýaplap gün görjek bolmagyň, uzyn ömrüňi towşan ýaly süreniňde busup geçirmegiň we ony «nädeýin-dä, ýazgytdyr-da» diýip ýuwmarlajak bolmagyň manysy ýokdy. Men, Çöl Güli, eger sag-aman galyp bilsem, bu ýerleri taşlap gitmekçidim. Onda-da yzyma garaman... Hawa, Töwrizli Şems mamlady. Nejislikmi, hapaçylykmy, hyz-haramlyk ýa poh-yrryhmy... nähili atlandyrsaň atlandyr, ol diňe içde bolýandyr. Öz içimizde. Galan zatlaryň ählisini suw bilen ýuwup arassalap, aýryp bolýar.*

*Gözlerimi ýumdum. Başga bir, beýleki bir Meni hyýalymda gördüm. Ol Men päkdi, röwşendi, tobakärdi, ökünjinde durnuklydy; ol Men menden has ýaşdy, gaýratlydy we owadandy. Ol Men bozukhanadan çykyp, täze durmuşa başlanda ýagtymsal — optimistdi we çynlakaýdy, batyrgaýdy we paýhaslydy. Ol terdi, nuranady, ynançdan hem umytdan doludy. Bu görnüş şeýlebir ynandyryjydy, hatda ol hyýalam bolsa, diýseň şirindi. Şonuň üçin ýylgyrman durup bilmedim.*

*— Nä ýüzüňe syrtaran bolýaň, hä?!*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Baýbars ýene bir ýumruk indirdi. Agyrydan ýaňa düýrüldim, ýöne şonda-da ýylgyrýardym.*

*— A-how, kelläň bir ýerindemi, heleý! Nämä ýyrşarýaň diýilýär? Ýa meniň üstümden gülýäňmi? — diýip, Baýbars yzly-yzyna sorag ýagdyryp, agzyna gelenini gaýgyrmady.*

*— Saňa gülemok — diýip, zordan pyşyrdadym. — Meni ölümden gorkmakdan halas etdiň. Seniň arkaňdan ahyry bir gün şu bozukhanadan halas bolaryn. Taňry ýalkasyn... Ynha, şol pursat Baýbars peträp, hanasyndan çykaýsam diýýän gözleri bilen maňa seretdi. Ol bir pursatlyk şol durşuna doňup galdy. Birdenem: — Aňkasy aşan heleý... — diýip hüňürdedi-de, erbet bir zat gören ýaly, yza-yza süýşdi.*

*Sandyraýan elleri bilen gapyny açyp, meni şol ýerde galdyryp, neşe çybygyny hem, haltajygyny hem, egin-eşiklerini-de ýadyndan çykaryp, gaçyp barýan ýaly, basgançaklardan ylgap düşüp, bozukhanadan uzaklaşdy.*

***Kimýa Konýa, 1246-njy ýylyň ýanwary***

*Bir sebäp tapylyp, ençeme günläp, hepdeläp garaşmaly boldum. Şemsi görmek, onuň bilen ýüzbe-ýüz gürleşmek*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*üçin amatly pursat araýardym. Şobir üçegiň astynda ýaşasak hem, hemişe öýüň haremhana böleginde bolýanym üçin, Şems bilen hiç gabatlaşyp bilmeýärdim. Ýöne şu gün irden, howluda gury ýapraklary syryp ýörkäm, Şemsiň özi ýanymda duýdansyz peýda bolaýdy. Onuň ýeke özüdi.*

*— Işler niçik, mähriban Kimýa? — diýip, ol şadyýan äheňde sorady.*

*— Ýagşy — diýip, baş örtgimi düzedip, utanjaňlyk bilen ýylgyrdym.*

*Görsem, Şemsiň gözleri ukudan ýaňy açylanyňky ýaly ümezläp dur. Ol ýa-ha, hakykatdan hem, ukudan ýaňy oýanypdyr, ýa-da ýene bu dünýäden gaýyp älemine syýahat edip gelen bolmalydy. Onuň soňky döwürlerde ýygy-ýygydan gaýyp älemine gidip gelýäninden habarym bardy. Haçan dünýewi ölçeglerden uzaklaşsa, yzyna gaýdyp geleninde, onda käbir yşaratlar peýda bolýardy. Ýüzüne argynlyk aralaşyp, gözleri aýnanyň aňyrsyndan garaýan ýaly hereketsizlenýärdi. Şunça wagtyň içinde Şemsiň ýüz keşbindäki bildirer-bildirmez üýtgeşmelere, owunjak hereketlere çenli synlap gezenim üçin, onuň ruhy dünýäsinde bolup geçýän sähelçe özgerişligi-de saýgarmagy başarýardym. Ýöne bu barada özüne aýdyp durmadym.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Şems başyny galdyryp, gözlerini süzüp asmana seretdi.*

*— Harasat ýakynlaşýar, Kimýa — diýdi. — Howa bahym bozuljaga meňzeýär.*

*Göýä diňe biziň üstümizde ýaly bolup, hut depämizde çal reňkli gar tozgajyklary köwsarlady. Ýylyň ilkinji gary şeýle duýdansyz, şeýle ümsümlik bilen gelýärdi... Şunça wagtlap bilesim gelip ýören zady şol pursat soramagy ýüregime düwdüm.*

*— Arada Gurhany her kimiň öz akylynyň ýetişiniň derejesinde okaýandygy barada gürrüň etdiň — diýdim. — Şondan bäri dördünji okaýyş barada soraýyn diýip ýördüm welin, hiç mümkinçilik bolmady.*

*Şems emaýlyk bilen maňa tarap öwrüldi. Ýüzüme äwmezeklik bilen seredeninde elimaýagymy ýitirdim. Ol maňlaýyny sähel bürüşdirdi, dodaklarynda bolsa gussaly ýylgyryş bardy; onuň keşbinde pikirlerini gizläp saklaýan syrly perde peýda boldy. Şeýle pursatlarda onuň nähili görmegeýdigini bir görsediň!*

*— Dördünji okaýşy söz bilen beýan etmek mümkin däl — diýdi. — Diliň beýan edip bilmeýän bir ölçegi bar. Yşk meýdanyna gadam goýansoň, söze zerurlyk galmaýar. — Käşgä, menem yşk meýdanyna aralaşsamdym — diýäýipdirin. Agzymdan çykan sözleri gulaklarym eşidende çym gyzyl boldum. Aýdanymy*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*ýuwmarlajak bolup azara galdym. — Ýagny göçme manydaky, Ylahy yşk meýdanyna! Gurhana has çuňňur manyda düşünmek üçin...*

*Şems ýylgyrýanyny görkezmejek bolup ýüzüni sowdy.*

*— Eger aslyňda bar bolsa, şol ýere barjagyňa ynanýan, dördünji okaýyşda akyma dik başaşak çümüp, suwa dönüp, şaglap akarsyň, Kimýa jan.*

*Uludan dem aldym. Meni tolgunmakdan ýaňa samsyklaç hala salyp, içimde şeýle harasady diňe Şems gopduryp bilerdi. Onuň ýanynda mahalym, hem-ä ähli zady büsbütin başdan öwrenen juwan gyza öwrülýän, hemem özümi rehimdar ene ýaly duýýan, hem-de myhak güli ýaly, açylýan-da, goýnunda jan götermäge taýýar zenana öwrülýän.*

*— Aslyňda bar bolsa diýdigiň näme? — diýip soradym. — Ýazgydyňda bar bolsa diýmekçi bolduňmy?*

*— Şeýle diýseňem bolar — diýip, Şems baş atdy.*

*— Men ýazgyt meselesine düşünemok — diýdim. Ýöne aýtmakçy bolan zadym başgady. «Eýse, meniň ýazgydymda sen barmykaň? Eger ýok bolsaň, bilip galaýyn, sen hakda ham-hyýal ýüwürdip ýörmäýin» diýip soramakçydym.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Ýazgydyň nämedigini düşündirip biljek däl — diýip, Şems dillendi. — Ýöne näme däldigini aýdyp bilerin. Ýazgyt ömür ýolunyň öňünden çyzylmagy diýmek däldir. Şol sebäpdenem, «näme alaç edeýin, ýazgydym şeýle» diýip, boýnuňy burup durmak nadanlygyň alamatydyr. Ýazgyt ýoluň doly şekilini däl-de, diňe onuň aýrytlaryny berer. Geçelge belli hem bolsa, ähli öwrümler we çatryklar ýolagça degişlidir. Şeýlelikde, ömür ýoluna erk edip bilmeseň-de, ýaşaýşyň garşysynda çäresiz dälsiň. Muny düşündirýän ýigrimi dokuzynjy kadadyr.*

*Düşünmeýän ýaly aňalyp sereden bolsam gerek, Şems az-kem düşündirmegiň*
*zerurdygyny duýdy. Şar gara gözleriniň çuňluklary ýalkym saçdy, onsoň ol şeýle diýdi: — Rugsat etseň, bir tymsal aýdyp bereýin. Günlerde bir gün bir ýaş zenan bir derwüşden ýazgydyň, takdyryň nämedigini sorapdyr. Derwüş: «Ýör, ony bile göreli» diýipdir. Az ýöräp, köp ýöräp, bir üýşmeleňiň üstünden barypdyrlar. Adamlar bir ganhory dardan asmak üçin, ölüm meýdanyna alyp barýar ekenler. Derwüş ýaş zenandan sorapdyr: «Häzir bu adamy dardan asarlar. Eýse, beýder ýaly oňa näme sebäp bolduka? Biri bu adama pul beripdir, ol hem gidip jenaýat eden ýaragyny satyn alypdyr. Onuň asylmagyna şol sebäp boldumyka? Ýa jenaýat eden mahaly hiç kimiň ony saklamany üçin dar agajyna alyp barýarlarmyka?*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Ýa-da jenaýat edenden soň, tutulany üçinmikä? Seniň pikiriňçe, onuň dardan asylmagyna getiren sebäp nirede gizlengi ýatyr, eden etmişinden öňmi, ýa jenaýat eden pursadyndamy, ýa-da etmişinden soňmy?»*

*— Kellämi bulaşdyrýaň — diýip, Şemsiň sözüni kesdim. — Gürrüň berýän adamyň ganhor bolany üçin, elhenç etmiş edeni üçin dardan asylar. Edenini egni bilen çeker. Ynha, saňa sebäp, ynha, saňa netije. Haýyrly amallar bir başga, şerli amallar hem bir başgadyr.*

*Şems birden sesini gataltdy.*

*— Näme diýjek bolýanyňa düşünýän — diýip, argyn halda aýtdy. — Ýöne durmuşda çäkleriň arasy hemişe beýle aýyl-saýyl bolup durmaýar. Çak edişiň kimin, ak-gara, ýagşy-ýaman diýen ýaly, aýdyň bolmasa näme? Ýa-da şu düşünjeleriň ähmiýetini ýitirýän başga bir aň ölçegi bar bolsa?*

*— Bolmaz. Alla bu çäkler babatda örän ägä bolmagymyzy isleýär. Bolmasa, haram diýibem, halal diýibem zat bolmazdy. Eger ynsanlary jähennem bilen gorkuzyp, jennet bilen höweslendirmedik bolsady, adamzat öz çygryndan çykyp, dünýä zulum öýüne dönerdi. Bizi gorkuzmak hem, sylaglamak hem zerurlyk.*

*Şol pursat sowuk şemal öwsüp gitdi. Gar tozgalary howada çar tarapa gaýmalaşdy.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Şems maňa bir ädim ýakynlaşyp, arkamdaky ýapynjamy düzedişdirdi; eginlerimi ýapdy. Ol juda ýakynjagymda bolansoň, ysyny demime dartdym. Şemsde sandal agajynyň, müşk-i anbaryň we ýagyşdan soňky topragyň ysy bardy. Garnym, göwüslerim birhili jümşüldäp gitdi. Diýmek, bir erkek kişini höweslemek beýle zat eken. Ol hem az-kem utandyrýardy, hem-de haýran galaýmaly ýeri, utanar ýaly zat-da ýokdy. Şems ýaňsy hem mähir gatyşykly nazar bilen ýüzüme seretdi.*

*— Akylyň hem mantygyň çäkleriniň göz-görtele aýyl-saýyl bolmagy ahmal. Ýöne yşkda welin, ähli serhetlerdir çäkler öçügsileşýär — diýdi.*

*Ol asmany yşk barada söz açýarmyka ýa bolmasa, zenan bilen erkek kişiniň dünýewi söýgüsi barada aýdýarmyka? Belki-de, ikimize kakdyrýandyr? Dogrusy, «biz» diýen zat ýok ahyry.*

*Şems serimden geçen sowallardan habarsyz, sözüni dowam etdi.*

*— Haram hem halal barada gürrüň edýärsiň. Şeýle adamlar bar, olar hut jähennemden gorkyny ýa-da jennetden peşgeş hantamadygy üçin iman getirýärler. Iman etmeseler has gowy! Kim kimi aldaýar? Kylýan namazlarynyň hem hasabyny ýöredýärler. Biz hemişe namazdadyrys. Elmydama Hakyň huzurynda. Göz üçin*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

edilýän ybadat meniň nämäme derkar?! Maňa galsa, bir gowa suw alyp, jähennemiň oduny söndürerdim, jenneti bolsa oda bererdim, goý, diňe we diňe yşk galsyn. Galany biderek!

— Hergiz köpçülik ýerinde beýle zatlary aýdaýmagyn. Betpygyl adamlaryň bolmagy ahmal. Saňa ýalňyş düşünerler. Nämäň nämedigine düşünmän, ile peçan ederler — diýip, aladaly aýtdym. — Kimdir biriniň gaharyny getiräýmegiň mümkin. Şems ýylgyrdy. Bilegimden berk gysdy-da elimden tutdy. Garşylyk görkezmedim, bedeniniň ýylysy bedenime geçsin; meni özüne bendi etsin, özüne jadylasyn diýdim. Gürlän mahaly sesi mylaýym çykdy.

— «Biz olaryň gözlerine perde çekdik, gulaklaryndan halka asdyk» diýmeýärmi, Kimýa? Möhürlenen gulaklara näme aýtsaňam, günä hasap ederler. Onsoň meniň elimden näme gelsin? Yşk diýseň, şoňa-da ýalňyş düşünerler.

— Ýöne sen näme diýseňem, maňa asal bolup eşidilýär — diýip, birden dilimden sypdyraýypdyryn.

Eý, Allam! Dilimi dişledim. Dilimden sypan söze özümem ynanyp bilmedim. Nädip, beýle zat aýdyp biläýdimkäm? Ýa akylymy aldyryp ýörmükäm? Meni arwah-jyn oýnap ýören bolsa gerek.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Derrew özümi dürsedim. Şemsiň ýüzüne-de seretmän, örtgimi pugta saranyp, mydyrdadym:*
*— Neme... wagt bir çene bardy... aşhanalyk işim bar... men gideýin.*

*Utançdan hem tolgunmadan ýaňa, ýaňaklarymy çym-gyzyl edip, ähli aýdan hem aýdyp ýetişmedik sözlerimiň dilimiň ujunda galan datly tagamyny duýup howludan çykdym. Öýe tarap haýdap barýarkam, ýüregim gürsüldäp urup, ýerinden gozganaýjak bolýardy. Ýöne ylgap diýen ýaly, Şemsden uzaklaşyp barýan hem bolsam, bir bosagadan ätlänimi — täze bir dünýä gadam goýanymy bilýärdim. Şol pursatdan başlap, ilkibaşdan bäri bilýän bir hakykatymy boýun almaly boldum: hawa, men Kimýa, Möwlananyň ruhy perzendi, şägirdi; men ilkinji gören günümden bäri Töwrizli Şemsi janymdan söýýärdim.*

***Şems Konýa, 1246-njy ýylyň ýanwary***

*Agzy jäheksizler heý ýöne oturjakmy? Haçan görseň, gep-gürrüňden ýaňa, agyzlary dek durýan däldir! Olaryň ýaradylyşy şeýle. Konýa gelelim bäri şeýlebir köp toslama gürrüňler döretdiler welin, indi eşitsem gülesim gelýär. Gybat uly günä. Ýöne ynsanlaryň köpüsi mundan habarsyz. Aslynda, habarly-da, habarsyzsyran bolýarlar. Ýöne Allatagala özgeler hakynda ýaman*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*gürrüň etmegi «aradan çykan doganyň etini iýmeklige» meňzedýär. Mundan beter gorkuly düşündiriş bolarmy? Şol hem azlyk edýär. Ynsan zyýandadyr, ýitgidedir, güman içindedir;* ol gep-gürrüňden ýüz öwrüp bilmeýär. *Ýöne bir adam hakynda gürlän ýekeje ýaman sözümiz,* onda-da *ýalan gepimiz, töhmet hem aýyplama hökman aýlanar-aýlanar-da, eýesine esseläp gaýdyp geler.* Onda-da, *asla garaşylmaýan ýagdaýda, garaşylmaýan ýerden.*

*Haýran galaýmaly. Adamlar gybatdan beýleki günäleriň ählisiniň temmisini bermäge çalyşýarlar. Şerap içeni ýerden alyp ýere urup, zyna edeni daşlamany bilýärler. Aldawçylyk etmegiň, ýetim hakyny iýmegiň, ogrulyk etmegiň, goňşynyň aýalyna göz dikmegiň... Her bir nogsanyň we gabahat işiň temmisi jemgyýet tarapyndan makullanýar-da, özgeler barada esassyz gürlemegiň merkini bermäge, näme üçindir, ähmiýet berlenok. Ýöne gybat etmek, ýagny şol pursatda şol ýerde bolmadyk adamy ýazgarmak, bilib-u-bilmän her hili gep edip, ol barada aýyplamalarda we günälemelerde bolmak aşagyndan çykmasy kyn günädir. Muny görmeýärlermikä?*

*Bir günbir adam demi-demine ýetmän ýüwrüp, bir sopynyň ýanyna barypdyr.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*—Derwüş aga, derwüş aga, habaryň barmy, köçede bir topar hyzmatkär üsti tümmeklenen mejimeler göterip gelýär – diýipdir.*

*Sopy äwmezlik bilen:*

*— Göterse göteripdirler, ogul — diýipdir. — Meň nä işim?!*

*— Şeýledir-le welin, şol mejimeleri göni siziň öýüňize getirýärler — diýip, ol adam janygypdyr. Onda sopy:*

*— Onuň ýaly bolsa, onda seň nä işiň? — diýipdir.*

*Gynansagam, bu dünýäde hemmeleriň diýen ýaly, gözi özgäniň mejimesinde. Pylan kesiň puly näçeräkkä, näçe maly barka? Seniň nä işiň, adam, seň nä işiň?! Öz işiň bilen bola! Seniň ýoluň saňa, meniň ýolum maňa. Haýsymyzyň ýolumyzyň has gowudygyny kesgitlemek bolsa, oňatja oýlanyp görseň, seniň işiňem däl, meniň işimem.*

*Özüm barada aýdylýan toslama gepleri eşidip, adamlaryň nädip beýle-beýle zatlary oýlap tapyp bilişlerine telpek goýýan. Näme diýip, näme aýtjak! Görnüşine görä, meniň haşhaşylaryň serkerdeleriniň biridigime ynanýanlar hem barmyş. Bir topar kişi bolsa, ýapa degmejek gürrüňler toslap tapypdyrlar, hamala*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*meniň kakam Alamut galasynyň ahyrky ysmaýylçy ymamymyş. Ol maňa jadygöýligi öwredipmiş. Şeýlebir eýmenç jadylamagy başarýarmyşym, kime betdoga etsem, şol ýeriň özünde onuň takga jany çykaýýarmyş. Rumyny-da şonuň kömegi bilen bendi edenmişim. Her säher kirpi tikeninden, ýylan derisinden we ýarganatyň garyn-içegesinden çorba bişirip, oňa içirýärmişim. Rumy hem şonuň üçin meniň bir diýenimi iki gaýtalatmaýarmyş.*

*Men şular ýaly boş geplerden gerk-gäbe. Şonuň üçinem olara gülüp oňaýýan. Başga näme edeýin?! Daş-töweregiň çaýkanyp, tolkun atanynyň sopa hiç hili zeleli ýok. Tutuş dünýäni sil basanda-da, ördegin nä gamyna diýsene.*

*Ýöne töweregimdäkiler alada galýarlar, esasanam, Soltan Welet şeýle. Ony sulhum alýar. Diýseň juwanmert ýigit. Onuň, wagty gelende, kakasynyň sag goly boljagyna ynanýaryn. Onsoňam Kimýa bar, ah, eýjejik Kimýa... Meni alada edýänini bilýän. Ýöne, görýän welin, myş-myşlar Rumyny has beter ynjydýan ýaly. Töhmetlerden, betpygyl aýyplamalardan ol hem paýyny alýar. Men-ä, näme, garalanmaga, ýamanlanmaga öwrendekli adam, emma Möwlana-da şeýlemikä? Nadanlaryň gepgürrüňlerine janyny ýakýanyny görüp gaty gynanýaryn. Möwlana Rumy diýseň dogruçyl,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*adalatly, ajaýyp adam. Meniň içimde bolsa gözelligem bar, betnyşanlygam. Men sypaýyçylyksyz, gorkyürküsiz kişi. Şonuň üçinem maňa özgeleriň betnyşanlygyna çydamak has aňsat. Ýöne Möwlana Rumy* sap nurdan *ybarat. Şonuň ýaly mertebeli alym nadanlaryň sözlerine nädip döz gelip bilsin?!*

*Pygamber Serwerimiziň: «Bu dünýäde üç adama nebsiňiz agyrsyn — diýmesi ýöne ýerden däl. — Bir iliň pes ýagdaýa düşen kethudasyna, garyp düşen baýa we nadanlaryň oýunjagyna öwrülen bilgin-alyma...».*

*Onsoňam şu aýyplamalaryň soňlugy bilen Möwlana Ruma nepiniň degmeginiň ahmaldygy barada oýlanman durup bilemok. Köpçüligiň gep ýassygyna öwrülmek janyny ýakyp, nebsine agyr düşse*-de, aslynda, otly *kesindi ýaly, onuň tiz bişmegine getirer. Möwlana ömürboýy hormat-sylag görüp, daşyndan muşdak bolnup, öýkünilip gelnen adam, alym, fykyh we zahyt. Özgeler tarapyndan ýalňyş düşünilmegiň, peslenilmegiň, ýazgarylmagyň nämedigini bilmeýär. Hiç haçan döşünden itilen ýeri ýok. Göwnüne degmeg-ä beýlede dursun, kimdir biri tarapyndan sähel ynjydylan gezegem bolmandyr. Ýöne, heý, şu zatlar bolmasa bolarmy? Ynsany hernäçe ynjydyp ýaralasada, gep-gürrüň, myş-myş daşlary, hakykat ähli — çyn ynsanlar üçin gülgunça ýalydyr.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Otuzynjy kada: Hakyky sopy şeýle adamdyr, özgeler tarapyndan ýazgarylan, aýyplanan, gybaty edilen, hatda töhmet belasyna duçar bolan halatynda hem, ol, hiç kime, kemterisinden, ýeke ýaman söz hem aýtmaz. Sopy kemçilikleri görýän däldir-de örtýändir.* **Ella**

***Boston, 2008-nji ýylyň 17-nji iýuny***

*«Şu haty örän kynlyk bilen ýazýaryn, Ella. Sebäbi bu ýazgy ömrümiň ýatlasym gelmeýän döwri barada. Ýöne, eger çynyň bilen bilesiň gelýän bolsa, gürrüňi galdyran ýerimden dowam etjek...*

*Margot aradan çykanyndan soň, tutuş durmuşym özgerdi. Ugrumy-da ýitirdim, özümide. Amsterdamyň ozal hiç haçan tanamadyk keşbiniň üstüni açdym. Daňdana çenli dowam edýän oturylyşyk agşamlarynyň, ähli zadyň bedenden we bakyşdan ybarat bolan güýmenje üýşmeleňleriniň hemişelik müşderisine öwrüldim. Baýguş ýaly, ýarganat ýaly, gijesöýer haýwana döndüm. Ýoldan çykan adamlar bilen ýoldaş bolup, keseki düşeklerde oýandym. Bu zatlar saglygyma bildirip ugrady. Ähmiýet bermedim. Birnäçe aýyň içinde on ýedi kilo horlandym.*

*Geroin bilen ilki tanşanymda esli wagtlap sanjym etmedim, burnumdan sordum. Başda ol maňa erbet täsir*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*etdi; her gezek ýüregim bulanyp, ýaraman ýatardym. Bedenim özüne siňdirmäge mejbur edýän ähli maddalarymy ret edýärdi. Munuň bir yşarat bolmagy-da ahmaldy, ýöne men ony görüp biljek ýagdaýda däldim. Soňra beýleki dertler üstümi basdy. Neşe, arak, kislota, kokain, ahyrynda bolsa iňňä oturdym... Indi elime düşen zady synap görýärdim, her gezegem hepini — möçberini artdyrýardym.*

*Kelläm ýerindekä özüňi heläklemegiň täsin ýollaryny meýilleşdirerdim. Sokrata öýkünip baldiran zäherini içmäge hem synanyşdym. Ýöne onuň maňa ýa-ha täsiri bolmady, ýada hütdük jaýda ýerleşýän hytaý garbanyşhanasynyň ýeňseki gapysynda awy diýip satyn alan gabymdaky zat adaty bir ot bolmaly. Ýaşyl reňkli ot satyp, ýeňsämden gülen bolmaklary-da mümkin.*

*Köp gezekler ir bilen tanamaýan ýerlerimde oýandym. Bir günüm beýleki birine meňzemeýän ýagdaýda gaty tiz ýaşadym, ýöne içimi gemirýän boşluk öňküligine galdy. Meni aýallar gorap-goldady. Olaryň käbiri menden ýaşdy, käbiri bolsa gaty garrydy. Käbiriniň başy boş, käbiri bolsa maşgalaly-zatlydy. Öýlerinde boldum, awtoulaglaryny ulandym, ýaýlaglaryndaky jaýlarynda ýaşadym, bişiren naharlaryny iýdim, ýanýoldaşlarynyň eşigini geýdim, pul kartlarynda alyş-beriş etdim, ýöne menden isleýän we talap etmäge doly hukuk gazanan*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*söýgülerini welin bermedim. Hiç kimi söýmedim, munuň hötdesinden gelýänligimi-de başarnyk hasap etdim.*

*Saýlap alan ýaşaýşymyň öwezini bahym ödemeli boldum. Işimi, ýoldaşlarymy we ahyrynda bolsa Margot bilen bile ýaşan şol röwşen öýümizi-de elden giderdim. Öňki ýaşaýyş şertlerimizi saklap galyp bilmejegimi bilenimden soň, öýsüzleriň bolýan ýatakhanalarynda ýaşap başladym. Rotterdamdaky şeýle öýleriň birinde on bäş aýdanam köp ýaşadym. Binada hiç hili gapy ýokdy, işikler haňlap durdy. Ne jaýyň içinde, ne daşynda, hatda öýüň hammamçasynda-da gapy ýokdy. Biziň aýdymlarymyz, gitaramyz, kitaplarymyz, sowalgamyz, belgilerimiz, neşe serişdelerimiz, azygymyz, düşegimiz... Garaz, ähli zadymyz ortakdy. Paýlaşyp bilmeýän ýeke-täk zadymyz: hasratymyzdy. Öz hasratyny her kimiň özi çekýärdi.*

*Şeýle ýagdaýda geçiren aýlarymdan soň, doly manysynda durmuşyň teýine düşdüm. Ýolda-yzda tötänden gabat gelýän tanyşlarym hem meni tanamaýardy. Gaty özgeripdim. Kölegä dönüpdim. Bir gün irden sakgal-murtumy alyp durkam, aýna seretdim. Nazaryma ilen ýüz öte hordy, gan-petsizdi, nebsiňi agyrdyjydy. Onsoň çaga ýaly agladym. Şol gün Margotdan galan zatlarymy ýygşyryp saklaýan karton gapyrjaklary dörüşdirdim. Kitaplar, geýim-gejimler,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*albomlar, saç tokalary, ýazgylar, fotosuratlar... Ondan ýadygär galan zatlaryň hemmesi bilen hoşlaşdym. Ählisini gapyrjaga gapgaryp, Margotyň bosgunçylykda ýaşaýan, gowy görýän maşgalalaryna paýlaşdyrdym. Şol wagt 1977-nji ýyldy.*

*Şol döwürde men henizem ökde fotosuratçy hasap edilýärdim. Işim ugruna bolup, belli syýahatçylyk žurnalynda wagtlaýyn iş tapdym. Bir aý geçmänkä, meni Demirgazyk Afrika bedewiler — çarwa araplar hakynda ýazgylar toplumynyň suratlaryny almaga iberdiler. Şeýlelikde, elime çemedanymy, ýanyma Margotyň bir suratyny alyp ýola düşdüm. Şonda men özümden gaçyp giden bolsam gerek.*

*Ol ýere baranymdan gysga wagtdan soň, Sähra çölünde bir hoşsöhbet hem köp bilýän iňlis antropology bilen tanyşdym. Ol bir gün küşt oýnap otyrkak, örän täsin zady gürrüň berdi. Ol:*

*— Fotosuratlaryňy gördüm, ökde sungat işgäri ekeniň. Özüňem öte gözsüzbatyr görünýäň. Şu wagta çenli günbatarly fotosuratçylaryň hiç biri yslamyň mukaddes şäherlerine baryp, ol ýerde surat alyp görenok. Sen munuň hötdesinden gelip bilersiň. Örän meşhur bolarsyň — diýdi.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Onuň näme diýýändigi barada sähelçe-de düşünjäm ýokdy. Düşündirdi. Saud arabystanlylaryň bir kanuny bar eken. Musulman dällere Mekge we Medine şäherlerine barmak çürt-kesik gadagan eken. Şähere hristian ýa-da jöhit ynançlylar goýberilmeýän eken. Tutulaýsam gözümi tussaghanada açdyrarlar, hatda has erbet jeza sezewar edilimegim ahmaldy.*

*Antropologyň aýdanlary ünsümi çekipdi. Onsuzam şol döwürde gadagan we howply bolan zatlaryň islendigine meýillidim. Elbetde, pul-baýlyk, şöhrat ugrunda urunmak... Bala hüjüm edýän siňek mysaly, bu pikire özümi okladym.*

*Antropologyň aýtmagyna görä, bu ýeke özüň amala aşyryp boljak iş däldi. Kömekçi tapynmalydy. Ol:*

*— Sopular bilen tanyşsana — diýdi. —* Seni halasalar, *sende uçgun bardygyny görseler, hemaýat etmekleri* ahmal.

*Sopy diýilýäniň nämedigini, kime sopy diýilýändigini, hiç zat bilemokdym. Asyl, ol meniň perwaýyma-da däldi. Esasy zat Mekge hem Medine şäherlerine baryp gören ilkinji hristian adamy bolmagy niýetime berk düwüpdim. Onsoňam munuň üçin kim maňa hemaýat edip biljek bolsa, şony tapmakçydym. Sopular maksadyma baryan*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*ýoldaky serişdedi. Dogrusy, şol döwürde meniň üçin hemmeler we ähli zat serişdedi...*

*Durmuş nähili geň, Ella. Bilýäňmi, ahyrynda Mekgä-de gitmedim, Medinä-de. Şol wagtam, soňam şeýle. Musulmançylygy kabul edenimden soň hem, ol ýerlere nesibäm çekmedi. Ykbalym meni bütinleý başga başdangeçirmelere tarap itekledi. Her öwrümde öňki ýagdaýymdan azajygam bolsa uzaklaşdym. Syýahatymyň ahyrynda men belli bir ýere barmadym. Ýol meni özgertdi.*

*Sopuçylyk barada aýdylanda... Başda meniň üçin diňe «serişde» bolan zadyň günlerde bir gün «maksada» öwrüljegini nireden bileýin?! Men sopulary öz bähbidim üçin ulanaryn öýdüpdim. Ýöne olar bilen tanşanymdan soň, «men» diýen zat galmady. Ynha, durmuşymyň mundan soňky döwrüne sopy sözündäki «o» harpy bilen tanyşlyk möwsümi diýýärin. Baky söýgi bilen Aziz».*

***Çöl Güli Konýa, 1246-njy ýylyň fewraly***

*Konýa berd-i ajuz diýilýän ýowuz aýazyň penjesindedi. Bozukhanadan gaçan günüm soňky kyrk ýylyň iň sowuk günüdi. Insizje, ýylanyň gowuna çalymdaş köçeler gara basyrynyp ýatyrdy. Üçeklerden sallanyşyp duran buzlar hanjar ýaly ýitidi. Olaryň owadanlygy örän howpludy. Öýle wagtlary şeýlebir şatlama aýaz boldy welin, tel-tel*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*murtlary buza dönen pişikleriň agyzlaryny açyp, köçede gatap galanyny görmek bolýardy. Lagşan öýleriň birnäçesiniň garyň agramyna çydaman çökendigi barada gürrüňler ýaýrady. Pişiklerden başga, aýazdan Konýanyň öýsüz-öwzarsyzlary hem paýyny aldylar. Köçeleriň ýan-ýakasynda doňup galan adamlaryň üstünden baryldy. Olar ene goýnundaky bäbekler ýaly, bükülip galypdyrlar. Doňup galan adamlaryň ýüzünde ýürek gopduryjy ýylgyryş bardy; olar hamana hoşmanzar hem hoştap howaly ýere getirilenini bilýän ýalydylar...*

*Öýleden soň, bozukhanadakylaryň ählisi uklap ýatyrka, assyrynlyk bilen bolýan otagymdan çykdym. Ýanymda torbam däl-de, ýönekeý bukjam bardy. Içine diňe egineşiklerimiň has zerurragyny salypdym. Saýlantgy müşderileriň ünsüni çekmek üçin dakynan şunça şaý-sepimi, bezeglerimi taşlap gaýtdym. Bozukhananyň zady bozukhanada galsa ýagşydy.*

*Basganҫaklaryň ýaryny geçiberenimde esasy girelgede Manolýanyň naýynjar garap durandygyny gördüm. Ol bendisine öwrülen neşe agajyny sorup durdy. Manolýa bozukhanadakylaryň içinde iň garry gyzdy. Esli wagt bäri gyzgynynyň ýokarlanýanyndan biynjalyk bolýardy. Gijelerine uklap bilmän düşeginde agdarynjyrap ýatýandygyny eşidýärdim. Onuň zenan nänikligi gurap*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*solup barýardy. Ýaş gyzlar degişmä salyp: «Saňa gözümiz gidýär — diýýärdiler. — Adat görmek aladaňam ýok, göwreli bolmak gaýgyňam, çaga düşürtmek derdiň hem ýok. Indi kim göwnüňden tursa, her gün şonuň bilen bolubermeli». Ýöne ählimiz bir zady gaty gowy bilýärdik, bozuk zenanlaryň ýaşy gaýdyşsa, gaty erbet garraýardy. Garry hem näsag oýnaş öli oýnaş diýmekdi. Şeýle zenanlar özüni oňarmansoň, durmuşy dargap gidýärdi.*

*Manolýany gapyda görenimde bir zada düşündim, indi iki zadyň birini saýlamaly bolupdym: ýa-ha yza —* otagyma *dolanyp baryp, gaçmakdan, beýlekiden ymykly ýüz öwürmeli, ýa-da şol gapydan göni çykyp gidip, soňy näme bilen gutarsa-da kaýyl bolmalydym. Ýüregim ikinjisini saýlady.*

*— Salam, Manolýa, ýagdaýlar niçik? Ýagşyja bolýaňmy? — diýip dillendim. Manolýanyň ýüzi ýagtylyp gitse-de, elimdäki düwünçegi görende şobada doňup galdy. Ýagdaýy bassyr-ýussur etjek bolmagyň manysy ýokdy. Hünsa hojaýyn bozukhanadan çykmag-*a *beýlede dursun, otagymdan çykmagymy hem gadagan edipdi. Mundan Manolýa hem habarlydy.*

*— Nirä barýaň? — diýip, ol pyşyrdady.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Sesimi çykarmadym. Saýlap-seçmek gezegi indi onuňkydy. Ýa-ha öňüme geçip, bar-bar bagyrmalydy, ýa-da ses-selemsiz çykyp giderim ýaly, meni günüme goýmalydy. — Otagyňa bar, Çöl Güli — diýip, Manolýa aýtdy. — Hünsa yzyňa Şagalkelläni salar. Üç ýyl mundan öň bozukhanadan gaçjak bolan gyz ýadyňa düşenokmy? Başyna nämeleriň düşenini özüň bilýäň-ä!*

*Ol sözi uzaldyp oturmady. Bizden öňki bozuk zenanlaryň başyna düşen betbagtçylykly gürrüňleri dörjelemegi halamazdyk. Öňküler barada gürrüň eden mahalymyz atlaryny tutmazdyk. Bolmanda, mazarlarynda rahat ýatsynlar, görgülüler. Onsuzam ömürleri külpet içinde geçdi, ölensoňlar bir rahatlyk tapsynlar ahyry.*

*— Aýdaly, gaçmagyň hötdesinden geldiňem-dä, soňra näme? Näme iýip, neneňsi gün görjek? Açlykdan sümsüner ýörersiň. Biz ýalylara hiç kimem hemaýat bermez.*

*Manolýanyň gözleri gaýgydan doly hem bolsa, bir pursatlyk täsin oýa çümdüm. Ol tutulmagymdan beter, tutulaýmazlygymdan howatyr edýän bolaýmasyn. Şonça wagtlap ol şu ýerde işleýärdi. Ýyllaryny şu ýere sarp edip, ömrüni zaýa geçiripdi. Häzir men çykyp gidip, durmuşa täzeden başlamagyň hötdesinden geläýsem, onuň asla töwekgellik edip bilmedik zadyny başardygym*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*boljakdy. Meniň erkanalygym oňa agyr degjekdi. Gitmäge batyrgaýlyk edip bilýänim üçin onuň hem gözi gidýärdi, hem meni ýazgarýardy. Howsala düşüp başladym. Eger şol pursat Töwrizli Şemsiň «Gorkma!» diýen sesi aňymda ýaňlanyp gitmedik bolsa, yza dönäýmegim ahmaldy.*

*— Manolýa dogan, goýber, geçeýin — diýdim. — Şu ýerde ömürboýy galanymdan, daşarda az hem bolsa, adam şekilli ýaşanym ýagşy.*

*Baýbarsdan taýak iýen şol günümden soň, içki dünýämde bir zatlar dolanuwsyz özgeripdi. Indi çekinip durmaýardym. Eýle bolanda-da, beýle bolanda-da, meniň üçin parhy ýokdy. Ömrümden näçe säher galan bolsa, ählisini Taňra bagyş etmekçidim. Şems-i Töwrizi dogry aýdýardy: ynanç bilen yşk adamy adaty şertlerde bolşundan has batyrgaý edýär. Olaryň ikisi-de adamyň ýüreginden şübhäni, waswasyny aýryp taşlaýar.*

*Şemsiň näme diýmekçi bolanyna düşünip ugradym.*

*Haýran galaýmaly tarapy, Manolýa-da meniň aýgytly hereket etjegimi gördi. Biygtyýar ýylgyryp ýüzüme seretdi. Soňra emaýlyk bilen gyra çekilip, ýol berdi.*

*— Ýoluň ak bolsun, Çöl Güli — diýdi. — Biziň başarmadygymyzy, inşalla, sen başararsyň...* **Ella**

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

***Boston, 2008-nji ýylyň 19-njy iýuny***

*«Şu ýere çenli ýazanlarymyň özüňe täsir edendigini, geçmişim baradaky hekaýatyň soňuna sabyrsyzlyk bilen garaşýandygyňy ýazypsyň. Men bolsa, seniň içiňi gysdyraýmaýyn diýip gaýga galýaryn, Ella. Şu ýazýan zatlarymy özgelere gürrüň bermeg-ä beýlede dursun, hatda özümem unudandyryn öýdüp ýördüm.*

*1977-nji ýylyň tomsuny Marokkoda sopularyň arasynda geçirdim. Şol gezek tekgehana diýen zady ömrümde ilkinji görşümdi. Otagym ap-akdy, pessejikdi hem-de ýönekeýdi.*

*Onda diňe iň zerur zatlar: bir düşek, bir gaz çyrasy, bir ýantar tesbi, perwazda – penjiräniň öňünde güldanda bir gül, diwarda hezreti Patmanyň elini şekillendirýän güberçek şekil we çekerinde Rumynyň şygyrlar kitaby bolan hoz agajyndan ýasalan stol bardy. Bar bolany şoldy. Ne telefon, ne telewizor, ne diwar sagady, ne-de radio bardy ol otagda. Ähmiýet berip durmadym. Ençeme ýyllap ýaşlaryň ýygnanan ýeri bolan bosgunlar öýlerinde ýaşanymdan soň, bir tekgehanada hem arkaýyn ýaşap bilerin diýip oýlandym.*

*Baba Samed şu ruhy mesgeniň ýolbaşçysydy. Ol örän täsin adamdy; diýseň alyjenapdy, sowatlydy, köpügörendi we zehinlidi. Menden näme üçin Mekge*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*hem Medine şäherlerine gidesimiň gelýändigini* soranda *jogap bermäge alňasadym.*

*— Yslam dünýäsi biz günbatarlylar üçin ýapyk sandyk ýaly bir zat. Ýöne adam bilmeýän zadyndan heder edegen bolýar. Ýakyn Gündogary tanamazlygymyz gorkymyzy, ters garaýyşlarymyzy hasam goşalandyrýar. Günbatarly bir fotosuratçy yslamyýetiň iň mukaddes şäherlerine gidip, ol ýerdäki adamlary diňlese we suratyny alsa; soňra bu fotosuratlary, olar hakdaky gürrüňleri bütin dünýä ýaýsa, dinleriň arasyndaky raýdaşlyga we düşünişmäge hyzmat etdigi bolmazmy? — diýdim. Baba Samed ýylgyrdy. Ol göýä men asla jogap bermedik ýaly, şol bir soragyny gaýtalady:*

*— Bizden kömek soraýaň. Ýöne ilki aýt, Mekge-Medinä näme üçin gitjek bolýaň?*

*Ynha, şonda gönimden gelmeli boljagymy duýdum. Onsoň oňa:*

*— Munuň hötdesinden gelip bilsem, alan suratlarymy gaty uly pula satardym. Dünýä belli bolardym. Baba Samed çala başyny atyp, şeýle diýdi:*

*— Düşünýän. Eger işigimize gelip, bizden hemaýat soraýan bolsaň, onda yzyňa boş gaýtarmak bolmaz. Ýöne öz egoňy — «meniňi» başyna goýbermegiň üçin*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*däl-de, düşjek ýoluňy, belki, ruhy syýahata öwrersiň diýen umyt bilen saňa kömek ederis. Suw tapan mahaly gadyryny bileri ýaly, Alla öz söýgüli gullaryny çölde azaşdyrmagy gowy görýändir. Inşalla, şan-şöhrat üçin däl-de, ahyrynda Käbä — öz içiňdäki Käbä, ýagny kalbyňa yşk üçin gitmek nesip eder.*

*Onuň näme diýmekçi bolýanyna düşünmedim, dogrusyny diýsem, känbir ähmiýet berip durmadym. Mistik adamlaryň düşnüksiz sözler ulanyp gürlemelerini kadaly ýagdaý hasap edýärdim. Maňa kömek etmekçidiler ahyry, galan zat bilen işim ýokdy. Baba Samed Mekgä gidýänçäm, bu ýerde öz öýüm ýaly, arkaýyn ýaşap biljekdigimi aýtdy. Ýöne bir şerti bardy: neşe ulanmak gadagandy!*

*Etmişiniň üstünde tutulan çaga ýaly alada galdym. Ýa men daşaryk dagy çykanymda ýantorbamy döräýdilermikä? Tagsyr meniň şübhelenýänimi aňan deý, jaýdar söz diýdi welin, janyma batdy.*

*— Neşe ulanýanyňy bilmek üçin goş-golamlaryňy barlamagyň zerurlygy ýok. Gözleriňi görüp durus ahyry, şol ýeterlik dälmi? Olar tüýs neşebendiň gözi.*

*Haýran galaýmaly, şol güne çenli öz-özümi aklap gezipdim, «neşä oturanymy» boýun almaýardym. Neşe*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*meni däl, men neşäni ulanýandyryn öýdýärdim. Öz-özüme erkim ýetýändir hasap edýärdim.*

*— Eger bir derdiň bar bolsa, göwnüme bolmasa, bar ýaly görünýär, ony melul etmek bir başga, bejertmek bir başga — diýip, Baba Samed aýtdy. — Neşäniň humary sowlansoň, agyryny aýryjy dermanyň täsiri giden ýaly bolar. Agyry gaýta esseläp yzyna gaýdyp geler.*

*Onuň dogry aýdýanyna düşünýärdim. Söz berdim. Ýanymdaky ähli himiki maddalary, uky dermanlarymyda oňa tabşyrdym. Emma köp wagt geçmänkä, bedenimiň işleýşi bozulyp, aňrym bulanyp başlady. Tekgehanada bolan dört aýymyň içinde ençeme gezekler lebzimden dändim, ýoldan çykdym. Niýetiň seriňi dumanlatmak bolsa, gözlejek bolup azara galmagyň zerurlygy ýok, dünýäniň islendik ýerine baraý, neşäniň özi seni tapýar. Pir piri tekgede, däli dälini dakgada – minutda tapar diýmeýärlermi?! Şolar ýaly, nadan hem nadany tapýar.*

*Bir gije ýene gaçdym-da, tekgehana gammar bolup, serimi dumanladyp dolanyp geldim. Emma daşky gapy baglanan eken. Daşarda ýatmaly boldum. Ertesi irden meni iki büklüm bolup, düýrlenip ýatyrkam tapypdyrlar. Baba Samed hiç zat soramady, menem sesimi çykarmadym. Ýöne şular ýaly ýakymsyz wakalar*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*bolaýmasa, sopular bilen aram gowudy. Tekgehananyň ümsümligi janyma ýarapdy. Uzak wagtdan bäri ilkinji gezek dynç alýardym. Amsterdamda bir topar daşary ýurtly bilen bir üçegiň astynda bolmaga öwrendeklidim, rahat ýekeligiň nämedigini ilkinji gezek görýärdim.*

*Bir göräýmäge, bu ýerde ortak bolup ýaşamagyň bir görnüşi ýaşalýan ýalydy. Derwüşleriň ählisi bile iýip-içýär, bile doga okaýarlar, zikir çekýärler we umumy ýatakhanada ýatýardylar. Emma, aslynda, garaşylýan zat her kimiň ýalňyz galyp, öz ruhy dünýäsine gönügmegidi. Sopuçylyk bilen gyzyklanýan kişi ilki bilen köpçüligiň içinde ýalňyz galmagy öwrenmelidi. Soňra bolsa öz içindäki köplügi bitewüleşdirmelidi.*

*Başda: «Dünýäde diňe men bar!» diýýärsiň.*

*Soňra: «Mende bir dünýä bar!» diýýäň.*

Ahyrynda bolsa: *«Ne dünýä bar, ne-de men bardyryn!» diýýäň.*

*Marokkaly sopularyň meni ýaşyrynlykda Mekgä äkiderine garaşyp ýören döwrüm, ilkiilkiler edere başga işim bolmansoň, içim gysyp, soňra bolsa kem-kemden çuňlaşan bilesigelijilikdir höwes bilen tasawwuf pelsepesini okap başladym. Nähili gaty suwsandygyňa agzyňa bir owurt suw alanyňda düşünersiň-ä, menem,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*şeýdip, üstünden baranymda her bir bilim katrasyny* gana-gana *içdim. Şol uzyn tomsuň dowamynda okan şonça eserimiň içinden maňa iň güýçli täsir edeni «Mesnewi»* boldy.

*Bir gün duýdansyz ýerden Baba Samed meniň oňa birini ýatladýandygymy aýtdy. Meniň çalym edýän adamym Şems-i Töwrizi atly gezende derwüş eken. Käbir kişi ol barada her hili gürrüň edýän hem bolsa, Rumynyň gözi bilen garasaň, Şems hem Aý, hem Gündi.* Baba Samedi *diňledigimçe, barha bilesigelijiligim artdy. Ýöne bu adaty bir gyzyklanma däldi. Baba Samed maňa Şems barada gürrüň berýärkä, bedenimde täsin jümşüldiniň peýda bolanyny duýdum. Ol deja vunuň birhili görnüşdi.*

*Häzir aýtjak bolýan zadymy ozal hiç kime gürrüň beremok, Ella. Ýöne, Alla şaýatdyr, Baba Samed maňa ilkinji gezek Töwrizli Şems barada gürrüň beren agşamy otagda bizden* başga-da biri-hä bardy. *Ol jismany* bolmadyk *bedendi, jadylaýjy yşygyň çogdamydy... Kimdir biriniň dem alýandygyny duýdum, diwaryň ýüzünde bir kölegäniň peýda bolýandygyny saýgardym. Ol agşam şemalynyň mylaýym öwüsginidi ýa-da bir perişdäniň ganatlarynyň ýüpeksi galgamasydy... Näme sebäpdendigini bilemok, ýöne howada birhili owsun bardy. Birdenem bir zada göz ýetirdim: meniň başga bir şähere gidip ýörmegime zerurlyk ýokdy. Ömürboýy,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*hemişe başga ýerlere, ýaşaýan ýerimden uzaklara gitmek islegini duýup, öz howsalamdan, açgözlügimden, özüm bilen tutluşyp ýörmekden bizar bolupdym.*

*Häzir bolsa, onsuzam göwnümiň küýsän ýerindedim. Ýeke-täk etmeli işim, şu ýerde galyp, öz kalbyma dikanlap garamagy başarmakdy. Menem şeýtdim, tekgehanada galdym. Ýyllar geçdi. Şol ýerde taplandym. Ähli wagtymy ybadat hem meditasiýa — çuňňur oý-pikirler bilen geçirdim. Şol ýerde musulman bolup, Aziz Zekeriýa Zahara adyny aldym.*

*Bir gün Baba Samed ýantorbamy yzyna gowşuryp, şeýle diýdi:*

*— Indi ugramaly wagtyň geldi. Bu höwürtgeden algyr guş bolup uçarsyň. Sen eger öz içiňdäki äleme aýlanyp çykyp, nebsiňi ýeňip geçen bolsaň, indi git-de dünýä aýlan. Sen ýaly adamlar tutuş ömrüni bir dergähde busup geçirip bilmez. Seniň gürrüň bermeli hekaýatlaryň bar...*

*Şeýlelikde, Kreig bolup giren ýerimden Zahara bolup çykdym. Ömrümiň şu täze we sergezdan döwrüne sopy sözüniň «p» harpy bilen tanşan möwsümim diýýärin.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

### *Şems Konýa, 1246-njy ýylyň fewraly*

*Penjiräniň golaýynda yzyny üzmän tesbi sanap, agyr oý-hyýala çümüp oturan mähriban Möwlananyňýeke özüdi. Gün batypdy. Kerahat wagty bolupdy. Bu wagt perişdeleriň ynsanlar bilen garyşyp, hyýal bilen hakykatyň arasyndaky çäkleriň ählisiniň garymgatym bolýan mahalydy.*

*Ony aýak üstünde sesimi-üýnümi çykarman synlap durşuma, birden gaýyp älemine rowana bolup, syýahata başladym. Möwlananyň mundan kän ýyldan soňky halyny gördüm. Ýene kän ýyldan soň ol birneme gojalan, gurbatdan gaçan we gam-*gussa basan halda bolsa hem, *has haýbatly we mynasyp derejede şu oturan ýerinde, şular ýaly sary bala çalymdaş yşygyň astynda oturar. Egninde bolsa, goýy ýaşyl jüpbesi bolar; töweregine* alyjenap nazary bilen garasa-da, kalbynda hiç aram *tapmaýan agyry bolar. Ol meniň ýoklugymy bitmez ýara ýaly synasynda göterer. Şol pursat iki zada göz ýetirdim: birinjisi, Möwlana şu öýde gojalar we ömrüniň ahyrky günlerine çenli şu şäherde ýaşar. Ikinjisi bolsa, men gidenimden soň, meniň ýoklugym zerarly dömen ýara gaýdyp bitmez.*

*Gözlerim ýaşa doldy.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Onuň sesine gaýyp äleminden yzyma dolandym.*

*— Şems, näme bolýar? Aýak üstünde durma. Keýpsiz görünýäň-le? — diýip, Möwlana seslendi.*

*Zoraýakdan ýylgyrdym, ýöne aýtjak zatlarymyň agramy degirmen daşy kibi zybanymdan asylyp galdy. Sesim gyryljyk, gussaly çykdy.*

*— Dogrusy, aslynda-ha ýagdaýym gowy däl. Gaty suwsadym, ýöne bu öýde meniň teşneligimi gandyryp biljek zat göremok.*

*— Onda Kerra duýduraýyn, näme küýseýän bolsaň derrew taýýarlasyn.*

*— Ýok, gerek däl. Maňa gerek zat aşhanada däl ahyry. Meýhanada! Şu agşam serhoş bolsam diýen isleg döredi* mende.

*Rumynyň ýüzüne alada buludy kölege salyp gitdi. Onuň pikiri bulaşyk görünýärdi.*

*— Küýzäňi aşhanada däl-de, meýhanada doldursana — diýdim.*

*— O nähili? Saňa şerap getirmelimi? — diýip, uly alym alada bilen gaýtalady.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Hut şeýle. Diňe maňa däl, gidip ikimize-de şerap alsaň, tüýs ýerine düşer. Iki küýzesi laýyk bolar; biri maňa, birem özüňe. Ýöne birje haýyşym bar. Meýhana baranyňda meýi gyssanmaç alyp, göni bärik gaýtma-da, ol ýerde biraz eglen. Adamlar bilen söhbet et. Men saňa şu ýerde garaşaryn. Hany, onda wagt ýitirme.*

*Möwlana ýüzüme ýarym ikirjiňlenme, ýarym gaýgy bilen seretdi. Şol pursat baryp-ha Bagdatda maňa ýoldaş bolmak islän gyzyl şägirt ýadyma düşdi. Ol özgeleriň özi hakynda näme diýjegi barada hyýalyna getirip, tasawwuf derýasyna girip bilmändi. Eýse, şolar ýaly, abraýyma şek ýeter gaýgysy Rumyny-da bu ýolda belentlere galmakdan alyp galaýarmyka?*

*Emma Möwlana bir dem ýaýdanan ýaly etse-de, dessine aýak üstüne galyp, «ýagşy, bolýar» diýen manyda başyny atdy. Soňra hem:*

*— Şu ýaşyma çenli meýhana barybam, agzyma bir damja şerap alybam göremok. Meniň pikirimçe, içgi içmek dürs iş däl. Ýöne saňa ynanyşym aňyrdandyr. Sebäbi menden ýöne ýere beýle zady towakga etmejegiňe ynanýaryn. Hökman meniň görmegimi isleýän bir hakykatyň bardyr. Seniň hatyraň üçin, dost, diýýän ýeriňe gitjek. Bu iş janyma batsa-da, aýaklarymyň ädim ädesi gelmese-de, abraýyma tegmil düşürsede, şol*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*şeraby alyp şu ýere getirerin. Şeýle diýdi-de, ol sagbollaşyp çykyp gitdi.*

*Rumy otagdan çykan badyna çöküme düşüp, sejde etdim. Onuň goýup giden tesbisine ýapyşdym. Rebbime nijeme gezekler, gaýta-gaýta şükür etdim. Maňa şeýle ajaýyp ýoldaş bereni üçin doga etdim. Möwlana bir joşgunly derýadyr. Bir duran ýerinde doňup durmaýan, tutuş adamzady we ähli barlygy gurşap alýan, hiç kime garşy ters niýeti bolmadyk, hemişe has alys gözýetimler bilen gyzyklanýan we şol ýerlere ruhy syýahata çykan, şaglap akyp ýatan tereň derýadyr... Meniň ýeke-täk eden işim: şol derýanyň öňündäki bendi ýykmakdyr. Bolany şol.*

*Meniň bir dilegim onuň ömürboýy Ylahy yşk serhoşlugyndan açylmazlygydy.* ***Dördünji bölüm Ot***

***Ýaşaýyşdaky ýakýan, ýykýan we ýok edýän zatlar Süleýman serhoş Konýa, 1246-njy ýylyň fewraly***

*u zährimary içip, serimden nä hyýallar geçmedi diýsene! Serhoş bolup, özümi bilmän samrabam, gara basdyrybam, bokurdagymy ýyrtyp arlabam gördüm. Ýöne meýhananyň işiginden içerik hezreti Möwlananyň ätlänini görmek ýatsam-tursam meniň sämäp duran serime ömürylla gelmejek, haýran galaýmaly hyýaldy! Agzymy açyp, aňk bolup galypdyryn. Düýş görýärmikäm*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*diýip, tenimi çümmükläp gördüm, gözlerimi owkalaşdyrdym. Gapyda duran adam şonda-da ýitirim* bolmady.

*— A-how, Hristos, kelläm beýle bulaşar ýaly, sen maňa näme içirdiň? — diýip bagyrdym. — Ahyrky çüýşäni içmäýinem diýdim-le. Meniň kelläm gowuja dumanlapdyr. Şu gapyda duran adamy kime meňzedenimi bilýäňmi?! Ha-ha! Oňa Möwlanamyka öýdüpdirin! Seret, seret, şu hepbesiz kişi Möwlana çalym edenok-maý?*

*— Çüş! Sem bol-how, samsyk — diýip, ýeňsämden biri* gygyrdy.

*«Maňa beýle diýip biljek ýakasy gaýyşly kimkä?» diýip yzyma öwrülenimde, näme görendir öýdýärsi öýdýärsiňiz? Meýhanadakylaryň hiç birinden ses-üýn çykanok, hatda biziň Hristosymyz hem lal-jim* bolup, *agzyny açyp, gapa öwelip seredip dur. Meýhananyň garry köpegi Saky hem adatdan daşary bir zadyň bolup geçýändigini aňýan ýaly, salpy gulaklaryny ýapyryp, haýran galyp aňalyp seredýär. Haly täjiri, serhoş pars hem aýdym diýmäge diliň barmajak zorruk gohuny bes edip, aýak üstünde dim-dik dur. Sersag görünmäge çalyşýan beýleki serhoşlar ýaly, ol hem gaşlaryny çynlakaý çytyp, temegini ýokaryk tutup abşarylyp*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*durupdyr. Göni durjak bolup, görgüli, yranyp-yranyp gidýär.*

*Dymyşlygy Hristos bozdy. Sözlerinden damp-damp etdirip, sypaýyçylyk damdyryp, ýere çenli baş egdi:*

*— Tagsyr Möwlana, meýhanamyza hoş geldiňiz, sapa getirdiňiz — diýdi. — Sizi bu ýerde görmek biz üçin çäksiz mertebedir. Buýruň, size nähili hemaýatym degerkä? Gözlerimi gyrp-gyrp edip, gapa tiňkämi dikdim. Ahyry aýyl-saýyl boldy, öňümizde duran,* hakykatdan hem, Rumy eken-ä*!*

*— Alada galma — diýip, Möwlana agras ýylgyrdy. Soňra bolsa, çala ardynjyrap, gyzaryp-bozaryp, sözüni dowam etdi. — Biraz şerap alaýyn diýip geläýdim.*

*Muny eşiden Hristos görgüliniň haýran galmakdan ýaňa agzy bir garyş açyldy. Diňe ol däl, hemmämizem aňk bolup galypdyrys. Hemmeleriň serinde «Konýanyň iň tanymal ulamasy meýhana gelip, bizden şerap soraýan bolsa, kyýamatyň gopjak wagtynyň golaýlanlygydyr!» diýen pikir at salýan bolsa gerek. —* A-haw, gel-geç *diýiň-ä, adam işikde aýak üstünde dur ahyry — diýip seslendim. Diňe şondan soň, Hristos özüne gelip, Rumyny oturdara mynasyp ýer gözläp başlady. Ol hut meniň golaýjagymdaky sapany saýlap tutsa nädersiň?!*

*Rumy görkezilen ýere geçip oturmazdan öň, töweregine sypaýyçylyk bilen salam berdi. Serhoşlaryň ählisi hormat bilen eglip, salama jogap berdiler. Möwlana ýaly özüni parahat hem ynamly tutýan, alyjenap hem haýbatly, egni gymmatbaha zerewşan donly zahyd bular ýaly ýere gelşenokdy.*

*Saklanyp bilmedim, ýanyna geçip oturdym. Pyşyrdap* sorag berdim:

*— Ygtyýar etseňiz hem-de gomparmak hasap etmeseňiz, bir zat soraýjakdym.*

*— Baş üstüne — diýip, Möwlana dillendi.*

*— Bagyşlaň welin, özüňiz ýaly ulug kişiniň bärde näme işi bardyka?*

*Rumy myssa ýylgyryp, gözüni gyrpdy.*

*— Sen sorama, aşyklaryň synagyndan geçýän öýdýän — diýdi. — Töwrizli Şems atabraýymy ýere çalmak üçin şu ýere iberdi.*

*— O nähili? At-abraýyňy ýere çalmak gowy zatmyka? — diýip sakawlap soradym.*

*Möwlana güldi.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— He, nireden seredýäniňe bagly.* Alla bolan *söýgimizden daşgary ähli zady bir demde bozup taşlap, özümizi aýratyn möhüm barlyk hasap etme keselinden gutulmagymyz zerur. Eger bizi «menlik» şübhesine salýan bolsa, elbetde, şeýle boljagy*-da belli, *maşgalamyza, malymyza-mülkümize, wezipämize, hatda ýaşaýan ýerimizdäki metjidumedresä* bolan *baglylygymyzy hem ýok etmegimiz gerek.*

*Näme diýenine doly düşünmesem hem, eşiden sözlerimiň* ähli*si* bulaşyp *duran* kelläme *örän makul göründi. Onsoňam sopularyň her dürli täsin pelsepelere meýilli, herdemhyýal, az-kem hem telberäk kişiler bolýandygyny öňem çak edýärdim. Häzir şol çakymy dogry bildim.*

Sorag bermek gezegi Ruma gelipdi; ol hem men dek *pyşyrdap diýen ýaly dillendi:*

*— Ygtyýar etseňiz hem-de gomparmak hasap etmeseňiz,* menem *sizden bir zat soraýjakdym. Ýüzüňizdäki ýara gözüme ildi welin, ol nähili bolup düşdi?*

*— Onuň üýtgeşik bir taryhy ýok — diýdim. — Bir gün gijäniň ýarynda öýe gaýdyp barýardym. Iki sany ýasawula gabat geldim. Biriniň elinde gamçysy bar eken. Göwün solpusyndan çykýança, erbet edip saýgylady. Onuň adyny ömürem ýadymdan çykarman. Baýbars bolmaly!*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Ýöne näme üçin beýtdikä? — diýip, Möwlana sorady.*

*Şol wagtam Hristos Möwlananyň öňünde iki jürdek şerap goýdy. Menem şolary ümläp:*

*— Şu öňüňizde duranlardan içenim üçin — diýdim.*

*Rumy oýlanyşykly manyda ýüzüni sowsa*-da, derrew *duýgudaş halda ýylgyryp:*

*— Geçdigi bolsun! — diýdi.*

*Şeýdip, gürrüňe gyzyşyp gitdik. Geçi peýniridir çörekhanada bişen kömelekleri çöregimize garyp iýip oturyşymyza, çagalygymyz, yşk, ynanç, dostluk we ýadymyzdan çykarandyr ödýän, ýöne şol pursat ýatlamakdan tükeniksiz lezzet alan gowulyklarymyz barada söz açdyk.*

*Gün ýaşan dessine, Rumy turmak bilen boldy. Meýhanadakylaryň ählisi onuň bilen bile ör turdular. Ählimiz gözegçilikden geçýän esgerler ýaly, nobatma-nobat düzülip, oňa salama durduk. Bu, diýseň täsin görnüşdi! Myhmanymyz gapydan çykjak bolup durka:*

*— Tagsyr Möwlana — diýip dillendim. — Gitmänkäňiz, gaýrat ediň-de aýdyp berseňizläň. Şerap näme üçin haramka? Şuny bir düşündirip gideweriň.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Hristos gaşlaryny çytyp, maňa tarap haýdady. Beýle çylşyrymly sowal bilen hormatly müşderisini kyn günde goýarymdan çekindi.*

*— Sem bolsan-aý, Süleýman. Nämä gerek beýle zatlary sorap — diýdi.*

*— Soramda näme? Näme diýýänini bilesim gelýär — diýdim-de ýene Ruma tarap öwrüldim. — Tagsyr, özüňiz gördüňiz, bizi gorkunç adamlar hasaplap boljak däl ahyry, şeýle dälmi? Dogry, bizem süýtden çykan ak çemçe däl, ýöne beýle pislenmägede mynasyp däldiris-ä?! Eger çenimizi bilip içsek, hiç kimi ynjytmasak, şerap içmämiziň nämesi günä bolýarka?*

*Aýdanlarymy eşidesi gelýän beýleki müşderiler ýanyma gysmyljyrap gelensoň, töweregim bilesigelijilerden ýaňa hümer boldy. Eýse, Rumy näme diýerkä? Içerini goýy dumana meňzeş agyr ümsümlik gaplap aldy. Ahyry meşhur wagyzçy şeýle diýdi:*

*— Şerap içen duýgudaşlyk beslese,*
*serhoşlygy ýumşaklyga öwrüler,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Şerap içen duşmançylyk beslese, serhoşlugy kinedarlyga öwrüler,*

*Şerap içen adamyň köplenç kinedar, käte hem ýukaýürek bolýany üçin,*

*Şerap köpçülige haramdyr.*

Bu sözleriň manysyna hiç birimiz doly düşünmedik bolsak gerek, sesini çykaran bolmady.

— Dostlarym, şerap ýönekeý içgi däldir, sebäbi ol içimizdäki iň bir haýwany häsiýetleri oýarýar — diýip, Möwlana sözüni dowam etdi. — Meniň bilşimçe, içgiden uzak durmaly. Şonuň bilen birlikde-de, bir zady ýadymyzdan çykarmaly däldiris, öz eden etmişimiz zerarly meýi hem, meýhanaçyny-da ýazgaryp bilmeris. Şerapdan günä gözlemezden ozal, öz kalbymyzdaky gaýzylykdan, yrýakärlikden, ýigrençden, ýowuzlykdan, diýdimzorlukdan saplanmalydyrys. Ahyrynda bolsa, içen içer, içmeýän içmez. Hiç kimiň hiç kesi mejbur etmäge haky ýokdur. Çünki dinde zorluk ýokdur.

Müşderileriň käbiri ýürekden baş atdy, men bolsam, ussadyň hatyrasyna bada göterdim.

— Tagsyr Möwlana, sen kalby giň, adamyň gadyryny bilýän, gaty seýrek duş gelýän alym — diýdim. — Şu gün şu ýere geleniň üçin häzir sen hakda her hili gürrüň

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*etjekleriň tapylmagy ahmal. Ýöne meniň pikirimçe, özüň ýaly mertebeli ulamanyň bizi keseki saýman bärik gelmegi, biz hakynda görmän-etmän ters pikirde bolup ýörmän, biz bilen söhbet etmegi örän batyrgaý hereket.* Size minnetdardyrys.

*Rumy maňa mähir bilen seretdi. Soňra oturan sapasyna getirileli bäri el degirmedik şeraply jürdeklerini aldy-da, daşarda öwüsýän sowuk şemala ýüzüni tutup, garaňkylyga siňip gitdi.* **Alaetdin**

***Konýa, 1246-njy ýylyň fewraly***

*Kakama Kimýa bilen durmuş gurmak isleýändigimi aýtmak üçin amatly pursada garaşyp ýörenime tutuş üç hepde bolandyr. Öz ýanymdan onuň bilen näçe gezekler gürleşip, pikirimi iň täsirli sözler bilen beýan etmek üçin ençeme ýola synag geçirip görüpdim. Meniň teklibime garşy çykyp, tapjak bahanalarynyň her birine öz jogabymy taýýarlap goýupdym. Eger «Kimýa bilen ikiňiz dogan ahyry» diýäýse, onuň bilen hiç hili gan gatnaşygymyzyň ýokdugyny ýatladaryn. «Şonda-da gelşiksiz bolar» diýäýse, şeýle edilse hemmeler üçin oňat boljagyny düşündirerin. Kakamyň Kimýany nähili gowy görýänini bilýänim üçin, durmuş gurmagymyza razy bolaýsa, onuň hemişe biziň bilen bile boljakdygyny, şeýlelikde, asla uzak ýere gitmeli bolmajagyny aýtmagyda*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*göz öňüne tutýaryn. Hemme zady kellämde bişirip goýan hem bolsam, gör-ä, kakam bilen ýeke pursatlyk hem ikiçäk galyp bilemok.*

*Ýöne şu agşam onuň bilen, dogrusy, hyýalyňa-da getirip bolmajak gaty gelşiksiz ýagdaýda ýüzbe-ýüz boldum. Ýoldaşlarymyň ýanyna gitmek üçin ýaňy öýden çykarman bolup durkam, gapy açyldy-da, içerik kakam girdi. Gözüm elindäki şeraply jürdeklere düşende, aljyrap doňup galypdyryn.*

*— Kaka, eliňdäkiler näme boldugy? — diýip soradym.*
*— Hä, bularmy? — diýip, kakam örän parahat gürledi. Onuň ýüzünde darykýandygyny ýa-da çekinýändigini bildirýän hiç hili alamat ýokdy: — Bular şerap, oglum — diýdi.*

*— Näme?! Şerap diýdiňmi? — diýip gygyrdym. — Ulug alym Möwlana indi şeýle güne-de düşüp ýörmükä? Diýmek, serhoş goja öwrüldim diýsene!*

*Aýgytly ses sözümi pyçak bilen kesen ýaly, orta bilinden şarpa böldi:*

*— Diýjek sözüňi bilip gürle, Alaetdin. Ilki köşeş-de, näme diýjek bolsaň soňra diý!*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Yzyma öwrüldim. Bu sözleri aýdan Şems eken. Ol gözüni gyrpman, göni garaçygyma seredip durdy.*

*— Kakaň bilen beýle äheňde gürleşme. Ony meýhana* men ugratdym.

*— Tüýs bolaýdy, geň görerlik zat ýok!*

*Şems gahar edýäne meňzänokdy.*

*— Alaetdin, gel, parahat gürleşeli — diýip, ol äheňini üýtgetmän gürledi. — Ýöne aýdylana düşüneriň ýaly, ilki gaharyň sowluşsyn. Eger kalbyň sowudyny ýumşatmasaň, her aýdan sözüm ýüregiňe batar.*

*Kalbyň sowudyny ýumşatmak diýdigi nämekä? Ýüzüne geň galyp sereden bolsam gerek.*

*— Bu kadalaryň biridir — diýip, Şems dillendi. — Otuz bäşinji kada: Haka ýakynlaşmak üçin kalbyň mahmal ýaly ýumşak bolmagy gerek. Kalp ýumşamaklygyny adamlaryň hersi birhili ýol bilen öwrenýär. Kim heläkçilige uçraýar, kim agyr kesele duçar bolýar; kim aýralyk derdini çekýär, kim maddy ýitgä sezewar bolýar... Ählimiz-de kalbymyzdaky gatylygyň ýumşamagyna mümkinçilik berýän agyr pursatlary başymyzdan geçirýäris. Ýöne kimsämiz ondaky hikmete düşünýäris, şonuň üçin-de onuň kalby ýumşaýar; kimsämiziň bolsa,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*haýp ýeri, kalby ýumşamaga derek ýüregi hasam ýowuzlaşýar.*

*— Sen bu işe garşymy? — diýdim. — Sen ýaly serhoşyň diýeni bilen bolmalymy? Kakam seni gorap biler, ýöne men beýle derejede tüntaw däl!*

*Şol pursat kakam ara goşuldy:*

*— Alaetdin, bes et indi! Edebiňi sakla!*

*Şol dem ýüregimi erbet ökünç gaplap aldy. Ýöne indi bary giçdi. Şunça wagtlap damyp-damyp, ýüregimde toplanan ähli gyjalatdyr igençler äşgär boldy.*

*— Bir zady anyk bilýärin, meni, bolmanda, öz aýdyşyň ýaly ýigrenýäň — diýip, Şems sesini peseldip aýtdy. — Ýöne kakaňy gowy görýäniňe sähelçe-de şübhäm ýok. Ony nähili ynjydanyňy göreňokmy?*

*Şobada jogabyny suňşurdym:*

*— Asly özüň biziň durmuşymyzy weýran edendigiňi göreňokmy? Ölüp gidäýsediň hernä!*

*Ynha, şol pursat kakam maňa tarap topuldy. Onuň dodaklary gahardan ýaňa inçejik çyzyga dönüpdi. Sag eli ýokaryk göterildi. Urar öýtdüm. Garaşdym. Emma urmady. Ýüzüme-de seretmän: — Meni utandyrýaň! —*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*diýdi. Gözlerim ýaşa doldy. Görmesinler diýip, ýüzümi sowdum. Ynha, şol wagt haremlige — aýallaryň bolýan otagyna tarap açylýan gapynyň öňünde duran Kimýa bilen nazarymyz çaknyşdy. Ol ýeňsämizde duran bolsa nätjek! Ol bu ýere haçan geldikä? Bizi haçandan bäri synlap durka? Bu sanaşmany boýdan-başa diňledimikä?*

*Bile durmuş gurmak isleýän gyzymyň öňünde kakamyň özümi beýle peseltmegi maňa gaty ýokuş degdi. Bedenime ýiti tyg sokulan ýaly boldy. Ol ýerde sähel hem eglenmedim. Donumy, ädigimi gapyp aldym-da, Şemsi itiberip, gapydan atylyp çykdym. Uzaga, Kimýadan, içimi gysdyrýan basmardan, maşgala ojagymyzdan, şu düşünip bilmeýän çekişmämden, baryndan menzil-menzil uzaga...*

***Şems Konýa, 1246-njy ýylyň fewraly***

*Rumy keýpsizdi. Alaetdin gidenden soň, sesini çykarman oturdy. Onuň bilen bile gar basan howla çykdyk. Gije sowukdy we birhili, gamaşyk görünýärdi. Howada geňsi agraslyk, täsin asudalyk höküm sürýärdi. Şol ýerde durşumyza kümüşsöw topragy ýadyňa salýan bulutlary synladyk; töwerek iniňi tikenekledýän ümsümlikdi... Şemal uzaklardan müşk-i anbaryň hem baglarda gurap galan almalaryň ysyny getirýärdi. Bir pursatlygam bolsa, ikimiz hem bu şäheri hemişelik terk etmek barada oýlanan hem bolsak, başarmadyk.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Şeraply jürdekleriň birini aldym. Garyň aşagynda galyp, güllerini bireýýäm döken, diňe tiken bolup duran ýalaňaç gül agajynyň ýanynda oturdym. Jürdekdäki şeraby ýere döküp başladym. Rumynyň gözleri aljyraňňy ýalpyldady; soňra bolsa ýüzünde mähirli ýylgyryş peýda boldy.*

*Gül agajy kem-kemden jana gelip başlady, gabygy adam teni ýaly ýumşady. Gözümiziň alnynda ýekeje bir gül pyntyk ýardy-da, narynjy reňkdäki buşluk ýaly bolup açyldy.*

*Şol pursat ikinji jürdegi-de aldym, öňki ýaly, ony-da ýere dökdüm. Gülüň narynjy reňki has hem janlandy. Gypgyrmyzy öwüsdi. Jürdegiň düýbünde diňe birnäçe ýuwdum şerap galypdy. Ony bada guýdum-da, ýaryny içdim, galan ýarysyny hem Ruma uzatdym. Ol sandyrsandyr edýän elleri bilen badany aldy; ony ünslülik bilen, seresap kabul etdi. Ömründe agzyna içgi alyp görmedik alym häzir badany meniň hatyrama, maňa we dostlugymyza ynanýandygy üçin elinde tutup durdy. Ol:*

*— Diniň şertlerine uýmak möhümdir — diýdi. — Ýöne adam öz ýol-ýörelgesine, kadalaryna asylky başlangyçdan, bir zadyň böleklerine onuň bitewüliginden has artyk ähmiýet bermeli däldir. Içgi içýän adam içmeýänleri, içgi içmeýänler bolsa içýänleri kemsitmeli*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*däldir. Şu gün maňa hödür eden badaňy, ynha, şu düşünje bilen içýärin we tutuş kalbym bilen yşk serhoşlygynda sersaglyk bardygyna ynanýaryn. Rumy şeraby ýaňy bir agzyna ýetirermen bolanda badany garbap aldym-da, ýere pylçap urdum. Gyzyl şerap ap-ak garyň üstünde gan tegmilleri ýaly seçelendi.*

*— Sen içme — diýdim. — Şu besdir. Göresim gelýän zady gördüm.*

*Indi bu synagy dowam etdirmegiň hajaty ýokdy.*

Rumy gyzyklanmadan beter muhabbet bilen sorady:

*— Eger bu meýi içirmejek bolsaň, meni ilkibaşdan näme üçin meýhana ýolladyň?*

*— Sebäbini bilersiň — diýip ýylgyrdym. — Biz sopular boş, netijesiz ybadat ýa-da riýazat ýoly bilenem, ýasamalyk, mejburylyk arkaly ýa-da göz üçinem däl, diňe yşkdyr höwes bilen Alla baglanýandyrys.*

*Otuz ikinji kada: Taňra diňe sap yşk bilen baglanaryň ýaly, aradaky perdeleri birin-birin galdyr. Öz ýolýörelgäň, kadalaryň bolsun, ýöne kadalaryňy özgeleri çetleşdirmek ýa-da ýazgarmak üçin ulanma. Esasan hem,* butlardan uzak dur, *dost. Ýöne hergiz öz hakykatlaryňy butlaşdyrma! Ynanjyň beýik bolsun, ýöne ynanjyň beýikligi üçin özüňi ulumsy tutma! Rumynyň*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*adamçylygynyň gadyryny öňdenem bilýärdim. Ýöne şu gün oňa bolan ynamym hasam artdy.*

*Bu biwepa dünýä — müň bir näz-kereşmeli, ýaldyrýuldurly we takyr-tukurly sahna — pula-püçege, malamakama, derejä-kaşaňlyga aldanyp, özüni oýnatdyran her jüre oýunçydan doly. Olar näçe baý bolduklaryça, şonça-da pula mätäç. Özleri-de bidüzgünçilikdir görübilmezçilik bilen, kemsitmedir tekepbirlik bilen dünýä malyny özlerine kybla edinýärler, zadyň guluna dönýärler. Olar muny kä göre-bile, kä bilmezden, käte düýp-teýkaryna akyl ýetirip, käte bolsa akyllary çatman amala aşyrýarlar.*

*Her kim dünýewi açgözlügiň merduwanynda biri-biriniň egnine basyp, aldygyna ýokary dyrmaşmagyň aladasynda mahaly, bireýýäm onuň çür başyna çykan, hum-hum altyny, dünýe doly şöhraty, müňlerçe muşdagy we belent derejelerdäki bilimi bolan bir kişiniň günleriň birinde birdenkä öz ýeten de rejesinden ýüz öwürmegi, ynanç ugrunda yzy-ardy görünmeýän ruhy syýahata çykmagy, hatda abraýyny ýere çalmagy... Ynha, bu kän bir eşidilip ýörülmeýän, durmuşda-da gabat gelip durmaýan zatdy. Möwlananyň edenini edip biljek, beýikkä peselmegi, üstünligiň çür başyndaka, ony elden gidermegi, halypa*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*wagty şägirde öwrülmegi başaran adam barmak basyp sanaýmalydyr.*

*— Alla tekepbirligi halaýan däldir. Haktagala biziň pespäl bolmagymyzy isleýär — diýip, sözümiň üstüne goşdum. — Şonuň üçinem özümiziňkiniň dogrudygyny bilip durkak hem, hondan bäri bolmaly däldiris.*

*Rumy sazlaşykly ses bilen gürrüňe goşuldy:*

*— Ol şol birwagtyň özünde-de, Özüniň bilinmegini isleýär. Şu sebäpli-de paýhaslylygy elden bermän, deňagramly we ölçegli bolmak hem-de hemişe hüşýärligiňi ýitirmezlik, serhoş bolanyňdan ýegdir. Sopynyň köňli hemişe oýa bolýandyr. Ol mamlady.*

*Gije salkyndy hem süýjümtik ys bilen doludy. Kalbymy üýtgeşik bir ahwal gurşap aldy. Howa barha sowaýardy. Biz şol ýerde, howluda egin-egne berip, tä aýaza basdyrýançak, aramyzdaky parça-parça bolup açylan gül pudajygy bilen birlikde ikiçäk oturdyk we uzak wagtlap sesimizi-üýnümizi çykarmadyk.* **Ella**

***Boston, 2008-nji ýylyň 26-njy iýuny***

*— Agşam bir ýere garbanmaga gidelimi? — diýip, Dewid sorady. — Northamptonda täze taýland restorany açylypdyr. Gaty gowumyş diýýärler. Çagalary öýde goýup, biraz ikiçäk bolsak diýýän, nähili görýäň?*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Aslynda Ellanyň şu şenbe agşamy adamsy bilen bile ikiçäk nahar edinmek hyýaly ýokdy. Ýöne Dewid özelenip duransoň, ýok diýip bilmedi.*

*«Kümüş Aý» diýilýän garbanyşhana kiçijikden pessejik bolsa-da, özboluşly kaşaňdy. Stollaryň üstünde enaýyja aýna çyrajyklar, garamtyl atlas elsüpürgiçler, her diwarda haşamlanan çarçuwaly onlarça ýüz görülýän aýnalar... Aýnalar şeýlebir köpdi welin, hamala müşderiler öz şekilleri bilen nahar edinip oturan ýaly görünýärdi. Bu ýerde Ellanyň çekinjeňligi uzaga çekmedi. Onuň sebäbi töwerekdäki şowhunam, her dürli kaşaňlygam däldi. Adamsydy. Dewidiň gözlerinde adatdan daşary ýagty ýalpyldy bardy. Ol gözler ünjüli, dartgynly hem az-kem howsalaly görünýärdi. Ýöne Ellany esasy alada goýan zat adamsynyň sakawlanyny eşitmek boldy. Dewidiň çagalykdan galan sözleýiş näsazlygynyň täzeden örjemegi üçin düýpli sebäbiň bolmagy zerurdy.*

*Birazdan däp bolan taýland lybasly ýaş hyzmatçy gyz sargytlary bellemäge geldi. Dewid ajylyklar goýlan midiýa sargyt etdi, Ella bolsa kyrk ýaşy dolan güni et iýmejekdigi barada öz-özüne beren sözüne eýerip, hindi hozly tagamy sargyt etdi. Esasan hem, şerap getirilmegini-de nygtadylar.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Birküç minutlap ondan-mundan, tanaýan adamlary barada adaty gürrüňlere gümra boldular... Soňra garbanyşhananyň bezegleri barada, nahar stolunda gara elsüpürgiç ulansaň gowumy ýa ak elsüpürgiç, däp bolan* milli bezegler has täsirlimi ýa-da döwrebap zatlar diýen *ýaly gürrüň etdiler. Soňam dymdylar. Ýigrimi ýyllyk maşgala durmuşy, bile örülen şonça säher, dynç alyşlar, wysal bolan arzuwlar, gohlaşmalar, diýişmeler, söýüşmeler; dünýä inderilen üç çaga... Ynha, bu zatlaryň* ahyrynda gelnen ýer bolsa, ullakan dymyşlykdy. Şu zatlar *hakynda oýlanyp oturyşyna, Ellanyň gözlerine ýaş aýlandy. Gaýtadan gürrüňe başlanlarynda, ilkinji sözi* Dewid aldy. Ol:

*— Görýän welin, «Mesnewini» okaýaň öýdýän — diýdi.*

*Göze ilip duran geň galyjylyk bilen başyny atan*-da bolsa, *Ella, dogrusy, Dewidiň Rumyny bilýändiginemi ýa*-da *onuň öz aýalynyň näme okaýandygy* bilen *gyzyklanýandygynamy, nämä has köp haýran* galandygyny bilenokdy.

*— Neşirýatyň beren romany bar-a... «Yşk şerigaty»* bilen *bagly hasabatnamany ýazamda peýdasy deger diýip, Rumynyň birnäçe kitabyny satyn alypdym. Okadygymça göwnümden turdy bardy. Indi her gije sypdyrman şolary*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*okaýan — diýip, Ella gürrüň berdi. Dewidiň gözleri stoluň üstündäki çörek owuntygynda eglendi.*

*— Hawa,.. şu roman... — diýip, kinaýa bilen aýtdy. — Nähili onsoň, haladyňmy?*

*— Hawa — diýip, Ella dartgynlylygyny saklamaga çalşyp dillendi. — Gaty gowy gördüm.*

*Ynha, şol wagt Dewid ýazgaryjy nazaryny aýalyna öwürdi.*

*— Oýun oýnamanyň geregi ýok, Ella. Ikimiz hem* uly *adam — diýdi. — Nämeleriň bolup geçýänini bilýärin.* Hemmesinden habarym bar.

*— Sen näme diýjek bolýaň? — diýip, Ella sorady, ýöne jogabyny eşidesiniň gelip-gelmeýänine özüniňem ynamy ýokdy. Howsalalydy.*

*— Bukudaky gaçybatalgaňdan gürrüň edýärin — diýip,* Dewid *pessaý äheňde aýtdy. — Yşky başdangeçirmeleriňden! Ol adam hakynda bilýärin. Hat alyşýanyňyzam bilýän. Meni aldaýanyňdanam habarym* bar.

*Haýran galmakdan ýaňa Ella kiçi dilini ýuwdarly göründi. Dewidiň şemiň yşygyna görünýän ýüzi keseki we ýazgaryjy keşbe giripdi.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Seni aldaýanmy?! — diýip, Ella gaýtalady. Özi-de bilmezden sesini şeýlebir gataldypdy welin, ýakyndaky stolda oturan saryýagyz jübütler başlaryny galdyryp, bilesigelijilik bilen oňa tarap seredişdiler. Töwerekdäki müşderileriň nazarynyň özüne gönügenini duýan Ella çym gyzyl boldy. Sesini peseldip, gaýtalap sorady:*

*— Sen näme diýjek bolýaň?*

*— Men samsyk däl, Ella, onsuzam güman edip, ýördüm — diýip, Dewid dillendi. — Ahyry düýn gije ýatyrkaň, seniň hat alyşýan gapyrjagyňy barladym. Şol adam bilen ýazyşan hatlaryň ählisini okadym.*

*— Näme etdim?! Näme etdim?! — diýip, Ellanyň girre gahary geldi. Töwerekdäkileriň özi hakynda näme pikir edýäni indi onuň piňine-de däldi.*

*Dewid sowaly eşitmedik boldy. Jogap bermäge deregem aýtjak zatlarynyň agramyny ölçeýän ýaly, sözüni dowam* etdi.

*— Seni günäkärlämok. Aslynda gabahat iş eden özüm. Seni gözden saldym. Senem adalatly ýagdaýda özüňe bolan gyzyklanmany, söýgini başga ýerden gözlediň. Ella başyny öňe egdi. Gözlerini bulgurynyň hut düýbüne dikdi. Şerabyň reňki goýy ýakut mysaly özüne çekijidi.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Bir pursat ol şerabyň ýüzünde oýnap duran ýalpyldylary seljerjek bolýan ýaly göründi, ol ýylpyldylar yşkyň özbolușly ýodajygyny ýadyňa salýardy. Belki-de, hakykatdanam, şu ýerden alyslara uzap gidýän bir ýol bardyr. Onuň ýeke-täk islegi şol ýoly tapyp gaçmakdy.*

*Häzir Dewid hem dymýardy. Olaryň arasynda göze görünmeýän diwar çekilipdi. Esli wagtlap dymşyp, şonlugyna oturdylar. Ahyrynda Dewid:*

*— Seni bagyşlamaga taýýar, Ella — diýdi. — Elbetde, senden hem özümi bagyşlamagyňy soraýaryn. Ähli zady yzda galdyryp, bütinleý täzeden başlaly. Geçmişi geçmişde galdyraly.*

*Şo pursat Ellanyň diliniň ujuna şeýlebir köp zat geldi. Adamsyny ýerden alyp ýere urmak, oňa ýyllar boýy özüni aldadanyny ýatlatmak, Aziz bilen aralaryndaky ýazyksyz hat alyşmalary bilen Dewidiň iýen dürüşdelerini bir orunda goýup bolmajakdygyny bildirmek; gygyrmak, bagyrmak, diýip-diýip içini sowatmak isledi. Ýöne bu zatlaryň hiç birini etmedi. Aňynda aýlan pikirleriniň iň ýönekeýini saýlady:*

*— Onda seniň başdangeçirmeleriň nähili bolar? Olaryda geçmişe gömjekmi?*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Hut şol pursat eli sargyt edilen tagamlardan doly, ýüzi ýasama ýylgyryşly hyzmatçy gyz peýda boldy. Ella hem, Dewid hem yza çekilip, şol bir manysyz nazar bilen hyzmatçy gyzyň tabaklary stola goýşuny synladylar. Ýene ikiçäk galanlarynda Dewid bugaryp duran naharlaryň üstaşyry otlukly nazaryny aýalyna dikdi.*

*— Diýmek, ähli belaň körügi şu eken-dä? Menden ar alasyň geldi, şeýlemi, ezizim?*

*— Ýok — diýip, Ella ýumşaklyk bilen aýtdy. — Ar almak niýetim ýok, hiç haçan hem* bolmandy.

*— Onda näme?*

*Ella gaty dartgynly ýagdaýda ellerini gowşuryp, uludan* dem aldy. *Hamala restorandaky janl-u-jansyz ähli zat hereket etmesini togtadyp, hyzmatçydan aşpeze, ýakyndaky stolda oturan müşderiden akwariumdaky balyklara çenli hemmeler onuň aýtjak sözlerine garaşyp duran ýalydy.*

*— Söýgi... — diýip ahyry dillendi. — Men Azize aşyk* boldum.

*— Ony tanaňogam ahyry... — Dewid garşylyk bildirdi. — Ol hakda hiç zat bileňok diýen ýaly... Şol hepbesiz ruhy näsag bolsa bildiňmi?*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Ony tanamak üçin köp zat bilmek hökman hem däl. Onuň zandynyň gowudygyny görýärin.*

*Ella adamsy özüne güler öýtdi. Neşter ýaly, ýüregiňe batýan ýiti sözlere ýa-da ýaňsyly gülkä garaşdy. Ýöne beýle zat bolmady. Dewidden garşylyg-a beýlede dursun, ses-üýn çykmady. Ahyry başyny galdyryp sereden mahaly, adamsynyň gaýgyly ýüzüne gözi düşdi. Onsoň şol pursat Ella Rubinşteýn bir zada göz ýetirdi, adamsy üçin «ar almak», «gahar», hatda «şöhwet» — bularyň bary özara ylalaşyp boljak zatlardy. Emma «söýgi, yşk»... yşk başga zatdy. Yşk Dewidiň aýalyndan, ýagny şunça wagtlap yşkyň garşysyna gürlän, yşky kemsidip, ondan ýüz öwren bir aýaldan eşidesi gelýän ahyrky sözdi.*

*— Ýöne üç çagamyz bar-a... — diýip, Dewid sandyraýan sesi bilen aýtdy.*

*— Dogry, bar, men olaryň üçüsini-de örän eý görýärin — diýip, Ella dillendi. Onuň eginleri sallandy, maňlaýynda süýt ýaly ak damar peýda boldy. — Ýöne men Azize aşyk boldum...*

*— Besdir indi, şol sözi agzama! — diýip, Dewid berk garşy çykdy. Bulguryndaky şeraby içip, barmaklary bilen stoluň ýüzünde dartgynly çyzyklar çyzdy. Soňra ýene köşeşmäge synanyşdy. — Men öz ýalňyşyma düşünýän,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Ella. Bilmezden seniň göwnüňe degipdirin. Ýöne bir zadyda bilmegiňi isleýän: hiç haçan saňa söýgimden ýüz öwren däldirin. Mundan buýana hemişe saňa wepaly bolaryn. Söz berýärin. Gidip söýgini başga birinden gözleseň ýalňyşarsyň. Seni hiç kim men ýaly söýüp bilmez. Düşünýäňmi?!*

— *Başgalardan hiç zat gözlämok!* — *diýen Ella bu sözleri* adamsyndan-da *beter özüne aýdýan ýaly boldy. Näme diýýänine düşünmän, nirä baryp degjegini hem oýlanyp* durman *mydyrdady:*

— *Rumy aýdýar ahyry, yşk daşardaky bir zat däldir. Ol içden gaýdýandyr. Ýeke-täk etmeli işimiz bizi yşkdan mahrum edýän päsgelçilikleri tapmak hem olardan saplanmakdyr.* — *Gaharymy getirjek bolma...* — *diýip, Dewid herreldi.* — *Özüňe gel. Bu seniň özüň däl. Özözüňi aldaýaň. Öz ýanyňdan oýun oýnaýaň. Eliňde goşguly kitaplar, seriňde-de hyýal... Ýöne indi besdir! Sen beýle... hyýalbent, romantik däl ahyry!*

*Ella bir pursatlyk gaşlaryny çytyp oturdy. Bu söz bir ýerlerde-hä onuň ýadynda galypdy. Öz wagtynda öýüň aşhanasynda uly gyzyny «hyýalbentligi» üçin günertläpdi, häzir bolsa onuň özi şol aýyplama sezewar boldy. Halka daralyp, aýdan sözleri indi bumerang ýaly,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*özüne gaýdyp gelýärdi. Ol oturgyjyny yza süýşürip, elsüpürgiji bir gyrada goýdy.*

*— Indi öýe gaýtsak bolmazmyka? — diýip, sypaýylyk bilen aýtdy. — Işdäm kesildi.*

*Gaýdyşyn ulagda ýeke söz hem alyşmadylar. Şol gije olaryň hersi aýry düşekde ýatdy. Biri-birlerine galtaşmadylar. Irden bolsa Ellanyň başyna baran ilkinji işi uzyn hem ýürekden çykýan sözler bilen Azize hat ýazmak boldy...*

*Iş işden geçip, garaşylmadyk ýagdaýa ýetipdi. Muny Aziziň hem bilmäge haky bardy.*

***Yňdarma (Fanatik) Konýa, 1246-njy ýylyň fewraly***

*— Beýle masgaraçylygy görmändik! Senem eşitdiňmi ony, şeýh Ýasin? — Talyplarymyň biriniň kakasy, sebetçi Abdylla tolgunmak bilen sorady. — Rumyny düýn jöhitleriň mähellesindäki meýhanada görüpdirler.*

*— Heý-de, eşitmerinmi, hawa, eşitdim — diýdim. — Ýöne bu habara siz ýaly geň galyp durmadym. Aýaly öňki hristian, iň ýakyn dosty ýarlykly dinsiz bolan adamdan başga nämä garaşýardyň? Oňňullyk çykar öýdýärmidiň?!*

*Abdylla baş atdy:*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Dogry aýdýaňyz, tagsyr. Şeýle boljagy öňdenem belli eken. Biz aňmandyrysam. Käşgä, bilen bolsadyk. Töwerekden geçip barýanlar durup, gürrüňlerimize gulak gabartdylar. Hemmeler howsalalydy, tolgunýardy.*
Kimdir biri:

*— Rumyny Uly metjide goýbermeli däl, gaýdyp ol ýerde wagyz bermesin — diýip teklip etdi.*

*Başga biri bolsa:*

*— Hemmeleriň öňüne geçip toba etsin; indikile harama el urmajagyna lebiz etsin.* Bolmasa-da *ony kes-kelläm bagyşlamalyň!*

*— Bu aýdýanlaryňyz boş gepler. Şemsi hem, Rumyny-da şu şäherden derhal kowmak gerek — diýdim. — Meniň pikirimçe, siz oturyp, şonuň maslahatyny etmeli.*

*Gahar bilen baş atdylar. Görsem, gürrüň uzaga çekjek, medresedäki derslerime gijä galýanymy bahana edip, ýolum bilen boldum.*

*Öňden bärem Rumynyň gümürtik taraplarynyň bardygyna şübhelenýärdim. Günlerde bir gün onuň, elbetde, peçan bolaryna garaşýardym. Ýöne beýle bolar diýip, özümem oslamandym. Aýdymly-sazly meýhanada şeraply jürdegi gujaklap ýörmesi meni-de geň galdyrdy.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Ah, serhoş! Rumynyň şeýle güne düşmegine Şems günäkär, şol bolmasa, Rumy dessine öňki ýagdaýyna gaýdyp barar diýýärler. Ýöne men başga pikirde. Şems howply pikirleri bolan içýakgynç adam, onuň şeýledigine şek ýok. Ol Ruma gaty ýaramaz täsir edýär, ol belli. Ýöne esasy mesele şunda: näme üçin Şemsiň beýleki alymlary ýoldan çykarmaga güýji ýetenok?! Aýdaly, näme üçin Şemsiň maňa dişi ötenok?! Pygamber Serwerimiz ýöne ýerden aýtmandyr: «Her bir adam öz dostunyň dinindedir, şonuň üçin hem kim bilen dostlaşýanyna üns bersin» diýip. Onda Möwlana näme üçin üns bermeýär? Diýmek, onuň özi öňden küpür ýola düşmäge taýýar bolmaly. Gazan taýýar eken-de, gapagyna duşupdyr-da, diýmek. Aslynda Möwlana bilen Şems çak edilişindenem beter biri-birine çalymdaş.*

*Şems näme diýýärmiş-ä: «Ulamalar syýa tegmillerinde ýaşaýandyr. Sopular bolsa yşkyň aýak yzynda!» Bu nä gep boldugy? Bir zat belli, Şemsiň pikiriçe, ulamalar diňe gürlemäni bilýär, biziň bar işimiz-pişämiz kadakanun öwretmek we olary kagyza ýazmakmyş. Sopular bolsa, gaýnap-joşup ýaşaýarmyş. Goý, şeýlemiş diýeli, ýöne Rumynyň özi hem alym ahyry! Ýa, indi ol özüni bizden hasap etmeýärmikä?*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Ah, şol Şems diýilýän hepbesiz meniň okadýan dersime girmäge hyýallanaýsa dagy, elimiň tersi bilen siňek kowan ýaly kowardym. Öz huzurymda agzyny açyp, bolgusyz samahyllamasyna kes-kelläm rugsat bermezdim. Möwlana näme üçin şeýtmeýär? Näme üçin Şemsiň her sözüni ýere gaçyrman berjaý edýärkä?*

*Sebäbi olaryň ikisi-de şol bir ýoldan. Ikisiniň-de şol bir matadan biçilendigi açyk-aýdyň mälim. Onuň aýaly hem hristian ahyry. Nämemiş, soňra musulman bolanmyş. Bolsa bolupdyr-da?! Ganynda hristianlyk barmy, çagasyna-da geçer. Gynansagam, şäher halky hristianlyk howpuna geregiçe üns bermeýär. «Egin-egne berip ýaşap ýörüs, onuň nämesi erbetmiş?» diýýärler. Beýle türkana kişilere men, ynha, şeýle diýýärin:*

*— Suw, heý-de, zeýtun ýagy bilen garyşarmy? Bir damja suwuň bir damja ýaga garyşanyny gördüňizmi? Musulmanlar bilen hristianlar hem diňe şolar ýaly garyşyp bilerler! Egin-egne berip ýaşamaklary ahmal, ýöne hiç haçan bir çukura tüýkürip bilmezler.*

*Möwlana ozaldan bäri gaýrymüslimlere — musulman dällere köp howandarlyk edýär, azlyk halklara ýumşak çemeleşýär. Häli-şindi keramatly Khariton monastyryna gidip, doga okaýanyny bilmeýän ýok. Ýeri, musulmanyň*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*ol ýerde näme işi barmyş? Monastyryň baş ruhanysy bilen aralaryndan gyl geçenok. Diýmek, ol ýa gäwürler bilen, ýa musulmanlygy şübheli derwüşler bilen ýoldaş bolýar. Şu zatlar hem Rumyny ygtybarsyz hasap etmek üçin maňa ýeterlik, ýöne şu Şems-i Töwrizi diýilýän ýerden ýeke çykan hepbesizi öýünde ýaşadyp başlaly bäri, ol Hakyň ýolundan büs-bütin azaşdy. Talyplaryma her gün: «Ägä boluň, çagalar, şeýtandan hüşgär boluň! Iblisiň sizi her pursatda ýoldan çykarmagy ahmaldyr!» diýip pugta tabşyrýan.*

*Şems hakyt Şam şeýtany — siriýaly bozgak. Rumyny meýhana ibermek gös-göni şonuň pikiri. Ony nädip beýtmegiň hötdesinden gelenini bir Alla bilýär. Dogrusy, Şeýtanyň asylky maksady-da mertebeli adamlary ýoldan çykaryp, günä işlere iteklemek dälmidir?!*

*Şemsiň binamazdygyny ozaldan aňypdym. Pygamber Serwerimiz bilen şol ýoknasyz sopy Bistamyny deňeşdirmek nähili adalatsyzlyk? Bistamy dälmi: «Men özümi öwýärin, meniň şanym beýikdir!» diýen?! Soňam utanman: «Men nebsimi ýençýän demirçidirin!» diýmänmidir. Ol: «Käbäni togap etmäge gitdim, bir görsem, Käbe maňa togap edýär eken» diýmek derejesine çenli ýetipdir. Bu nähili gep bolýar?! Bu nähili*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*bolgusyzlyk?! Şu zatlar küpür bolman, eýsem, başga näme?!*

*Ynha, Töwrizli Şemsiň hormat bilen salgylanýan kişisi şeýle pes derejedäki adam. Her näme*-de bolsa, ol hem *hakyt Bistamy ýaly mynapygyň biri.*

*Ýöne şäher halky, gijrägem bolsa, hakykata gözüni açyp başlady. Şemsi ýazgarýanlar gün-günden köpelýär.* Onda-da *ol hakynda nämeler diýmeýärler! Olaryň aýdýan zatlaryny eşidip, käte özümem ýakamy tutýan.* Hammamlarda, *şäher meýdanlarynda, ekin ýerlerinde,* bag-bakjaçylykda *adamlar Şemsi ýerden alyp, ýere urýarlar.* ***

*Şu zatlary hakydamda aýlap gelşime, medresä öňkülerimden gijä galyp bardym. Alňasap, okuw otagynyň bosagasyndan içeri ätlän dessime bir üýtgeşikligiň bardygyny duýdum. Talyplarym öz orunlarynda aýbogdaşyny gurşup, ýerli-ýerinde otyrdylar. Ählisiniň hem ýüzi salyk görünýärdi. Tudana iýen bilbil ýaly, hiç birinden ses-selem çykanok.*

*Birden sebäbine düşündim. Açyk penjiräniň öňünde arkasyny diwara berip bir adam durdy. Ýüzünde ýeke tüý bolmadyk, saçy-sakgaly syrylan, ýylgyryp duran keşpde öňümde peýda bolan ol adam Töwrizli Şemsden başga hiç kim däldi.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Ol otagyň beýleki künjeginden maňa seslenip:*

*— Salamünaleýkim, şeýh Ýasin — diýdi. — Biz saňa garaşyp durduk, gijä galdyňyz.*

*Bir pursatlyk salam bersemmikäm, bermesemmikäm diýip, näme etjegimi bilmän ýaýdanyp durdum. Ahyrynda salam bermedim. Oňa derek talyplaryma tarap öwrülip, olardan hasap soradym:*

*— Bu bolgusyz bärde näme işläp ýör? Näme üçin içerik girmäge rugsat berdiňiz?*

*Talyplarymyň hiç biri jogap bermedi. Hemmesi aljyraňňydy, howsalalydy. Dymyşlygy hut Şemsiň özi bozdy. Sesinde, birhili, hormatsyzlyk, ýüz-gözünde dälişge haýbat bardy, ol göni garaçygyma bakyp:*

*— Talyplaryňa käýinme, şeýh Ýasin, bu meniň işim. Şu gün irden şu töwerekden geçip barýarkam, öz-özüme: «Hany, şu medresä-de baryp göreýin. Baraýyn-da ullakan şäherde meni iň halamaýan adam bilen görşeýin. Göreli, ýeňsämden diýýän zatlaryny ýüzüme hem aýdyp bilermikä?» diýdim.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

***Hüsam talyp Konýa, 1246-njy ýylyň fewraly***

*Biri-birimize seredişip, aljyrap durduk. Biz synpymyzda ýygrylyşyp, halypamyza garaşyp otyrkak, gapydan Şemsi Töwriziniň girenini görmek hemmämizi «wäh» diýlen ýaly etdi. Ol hakda gaty gorkunç zatlar eşidipdik, elbetde, köpüsinem halypamyz aýdyp beripdi, şonuň üçinem onuň hut özi bilen ýüzbe-ýüz bolmak bizi tisgindirdi. Ýöne hernä Şems özüni örän rahat hem hoşgylaw alyp bardy.*

*Bize ýekän-ýekän salam bereninden soň, şeýh Ýasin bilen gürrüň etmäge gelendigini aýtdy.*

*Men gelşiksiz bir ýagdaý ýüze çykaýmasa-da biri diýip* alada galdym.

*— Neme... şeýh Ýasin synpa kesekiler girse halanok — diýdim. — Häzir däl-de, birneme soňra gelip gürleşseňiz,* gowy bolardy.

*— Ýagşy, ýigit, duýduranyň üçin sag bol — diýip, Şems aýtdy. — Ýöne käte käbir meseleleriň düşünişilmesi üçin gelşiksiz ýagdaýlar hem bolmaly bolýar.*

*Aňymdakyny okadymyka? Şemsiň adamlaryň pikirini okamagy başarýandygy barada eşidipdim.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Alada galmaň, halypaňyz bilen aramyzdaky gürrüň uzaga çekmez — diýip, Şems sözüniň üstüni ýetirdi.*

*Ýanymda Yrşat otyrdy. Ol gulagyma pyşyrdap: «Utançsyza seret, synpymyza geläýdi! Haramzada tüýs Şam şeýtany diýilýän» diýdi.*

*Başymy atsam hem, dogrusy, Şemsiň şeýtana meňzeýän ýerini görmedim. Onuň daş keşbi juda dogruçyl, gönümel we batyrgaý adamdygyny görkezýärdi. Pikirlerimi öz ýanymda galdyrdym.*

*Biraz wagtdan soň, şeýh Ýasin gapydan girdi. Ol aladaly görünýärdi, gaşlary çytykdy. Heniz bir ädim hem ätmänkä, duran ýerinde doňup galdy, garaşylmadyk myhmana haýran galyp seretdi. — Bu tersýoňka bärde näme işläp ýör? Näme üçin içerik girmäge rugsat berdiňiz?*

*Biz biri-birimiziň ýüzümize seredişdik, ýöne hijimiz jogap berip ýetişmänkäk, Şems perwaýsyz gürläp, geçip barýarka sowlandygyny, Konýa ýaly gojaman şäherde özüni itden beter ýigrenýän adamy görmek isländigini aýtdy.*

*Talyplaryň birnäçesi howsalaly üsgürinjiredi. Yrşada seretdim, ol hem galagop görünýärdi. Iki sany ullakan*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*adamyň arasyndaky dartgynlylyk şeýlebir açyk-aýdyňdy welin, çala eliň degdigi, ýarylaýjak ýalydy.*

*— Bärik näme üçin geleniň bilen işim ýok. Seniň bilen gep nokatlaşyp durmakdan has möhüm aladalarymyz bar — diýip, şeýh Ýasin aýtdy. — Hany, ugra şu ýerden, biz ders geçmeli. Ýeri, göteril!*

*— Görýän welin, meniň bilen ýüzbe-ýüz gürleşmek isläňzok öýdýän. Ýöne ýeňsämden gürlemeli bolsa, näçe diýseň wagt tapýaň, seni hiç kim saklap bilenok — diýip, Şems dillendi. — Hemişe meni, Rumyny we beýleki tasawwuf ýolundaky sopulary ýazgaryp, ýamanlap ýörsüň. Seniň akylyňy beýle köp meşgul edýän bolsak, ynha, men öňüňde durun. Sorajak zadyň bolsa soraber.*

*Şeýh Ýasin ýüzüni turşudyp sägindi:*
*— Meniň senlik gürrüňim ýok. Onsuzam bilmeli zatlaryň ählisini bilýärin.*

*Şems bize tarap öwrülip, sesini beýgeltdi:*

*— Eger bir adam: «Bilmeli zatlarymyň ählisini bilýärin» diýse, oňa halypa-ha däl, nadanyň hem barypýatany diýmek bolar. Diňe nadanlar ähli zady bilýändirin öýdýärler.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Şeýh Ýasin gahardan ýaňa çym gyzyl boldy, bokurdagyndaky ýumry daşyna çykarly göründi. — Onda, gel, talyplardan sorap göreli, jogaplary bilýän aryf bolanyň gowumy ýa sowaldan başga zady bilmeýän, beýnisi bulam-bujar başagaý bolanyň — şu ikisiniň haýsy biri bolmak has ýegdir?*

*Ýoldaşlarymyň ähl̈isi şeýh Ýasiniň tarapyny çalsalaram, olaryň köpüsiniň muny ýürekden etmeýänini, halypamyza gowy görünjek bolup şeýdýänini aňýardym. Özüm-ä dymanymy kem görmedim.*

*— Ähli sowalyň jogabyny bilýändirin öýtmek gaflatdan nyşandyr — diýip, Şems biziň bolşumyza ähmiýet bermedi. Soňra halypamyza tarap öwrüldi: — Ýöne eger jogap bermekde özüňden öňe geçýän ýok bolsa, saňa bir* soragym bar.

*Ynha, şol pursat çekeleşigiň soňuny gaýgy edip başladym. Emma otagdaky dartgynlylygyň öňüni almagyň çäresi ýokdy.*

— Onda-munda *meni ýamanlap gürleýäniňizi, meniň şeýtanyň hyzmatkäridigimi aýdýanyňyzy bilýärin. Haýyş edýärin, hany, aýdyň, şeýtan nämekä? — diýip, Şems* sorady.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— *Elbetde, aýdaryn — diýip, şeýh Ýasin häzirki dörän amatly pursatda söz bilen çüýlemek mümkinçiligini elden* bermedi. — *Ybraýymy dinleriň iň ahyrkysy we iň kämili bolan dinimiz Adam bilen Howa enäniň jennetden şeýtan* zerarly kowlandygyny *aýdýar. Atalary sürgün edilen ynsanlar bolan biz hem hemişe ägä bolmaly, çünki şeýtan her dürli keşpde gezip bilýär. Ol käte bizi humar oýnamaga çagyrýan humarbazyň sypatyna girýär, käte bolsa, owadan zenana öwrülip, bizi ýoldan çykarmaga çalyşýar... Şeýtanyň asla garaşmaýan sypatlaryňa*-da *girýän wagtlary bolýar. Meselem, gezende derwüşiň* sypatynda-*da öňüňden çykyp biler.*

*Şems şeýle ýazgarylma garaşýan ýaly ýylgyrdy.* — Kime *kakdyrýanyň belli. Ýöne nähili aňsat eken! Şeýtany hemişe daşymyzdan, başgalardan gözlemek göwnümizden turman hem duranok, şeýlemi?*

— *Näme diýmekçi bolýaň? — diýip, şeýh Ýasin şübhe* bilen sorady.

— *Eger şeýtan, aýdyşyň ýaly, hilegär hem güýçli bolsa, bizi ýoldan çykarmak üçin hemişe pursat arap ýören bolsa, edýän ýalňyşlyklarymyz zerarly özümizi günäkärläp ýörmämiziň biz ynsanlara näme geregi bar? Haýyr işleriň hemmesi Alladan, şer işleriň ähli*si bolsa

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*şeýtandan diýip oturmaly, hezillik. Haýsy bolanda*-da *özözümizi soraga çekmek üçin hiç hili sebäp galanok. Nähili aňsat!*

*Şems hem gürleýärdi, hem-de otagyň içinde oýanabuýana gezmelýärdi, ol her täze söz aýdanda sesini barha gataldýardy.*

*— Ýöne bir pursatlygam bolsa, geliň, daşymyzda köwejekläp ýören, bize garaşly bolmadyk hilegär şeýtan hem, gaýnap duran gazanlarda bizi lakyr-lakyr gaýnatjak zebani perişdeleri-de ýok diýip, hasap edip göreliň. Onda ynsany eýmendirip, onuň ganyny doňduryan gürrüňler — şol aýdylýan hekaýatlar bize sapak bolsun diýip aýdylýan bolaýmasyn?! Şeýtandyr jähennem barada bize haýsydyr bir hakykaty görkezmek üçin aýdylan bolsa, ýöne biz soňra şol hakykaty ýatdan çykaryp, galyp bolan aýtgylar bilen mydar edip ýören bolsak näme?!*

*Şeýh Ýasin gollaryny gowşurdy.*

*— Eýse, şol hakykat nämemiş?*

*— Näme diýýäňizmi? Ol, ynha, şeýle: adam diýseň çylşyrymly barlyk bolup, jennet hem onuň özündedir, jähennem hem. Ynsan iň şerefli mahlukdyr, ýaradylmyşdyr. Ol belentden-ä belent, pesdenem pesdir.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Munuň manysyna doly düşünip bilsedik, şeýtany daşymyzdan däl-de, içimizden gözlärdik. Bize gerek zat hatany özgelerden gözlemek däl-de, özümizi jikme-jik öwrenmek.*

— Sen git-de, *özüňi öwren bakaly, inşalla, bir gün geler, günäleriň öwezini dolmaly bolarsyň — diýip, şeýh Ýasin öte ýaňsyly dillendi.* — Ulamalar *welin, jemagata* gözgulak bolmaga *borçludyr. Biz diňe öz günümiz bilen bolup ýörüp bilmeris.*

*— Onda rugsat etseňiz, bir hekaýat gürrüň bereýin — diýip, Şems dillendi. Ol bu sözleri juda ähmiýet berip aýtdy welin, oýun edýärmi ýa çyny bilen rugsat soraýarmy, saýgaryp bilmedik. Ol şeýle gürrüň berdi.*

*Dört täjir metjitde namaz kylyp durmuş. Birden içerik azançy-muezzin giripdir. Birinji täjir namazyny bölüp,* dessine sowal *beripdir: «Muezzin tagsyr, azan* okaldymyka? *Ýa heniz wagtymyz barmydy?»*

*Ikinji täjir hem namazyny taşlap, ýoldaşyna tarap öwrülip: «A-how, namazyňy bölüp, näme üçin gürleýäň? Indi ýaňky okan namazyň biderek boldy. Hany, namazyňy täzeden başla!» diýipdir.*

*Muny eşiden üçünji täjir hem durup bilmän dillenipdir: «Haý, samsyk, ony näme üçin günäkärleýäň? Öz namazyň*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*bilen bolmaly ekeniň-dä. Seret, indi seniň okanyň hem biderek boldy».*

*Dördünji täjir hem saklanyp bilmän, öz ýanyndan hüňürdäpdir: «Bu akmaklara sered-ä, üçüsi-de namazlaryny biderek etdi. Alla jan, maňa ýalňyş ädim ätdirmäniň, beýlekiler ýaly aljyratmanyň üçin Saňa şükür edýärin».*

*Şems bu hekaýaty gürrüň berenden soň, talyplara tarap öwrülip:*

*— Siz nähili pikir edýärsiňiz? Siziň pikiriňizçe, şu dört täjiriň haýsy biriniň namazy bozuldy? — diýip sorady.* Synp otagynda esli wagtlap wagyrdy dowam etdi. *Talyplaryň käbiri pikire çümse, käbirleri üýşüp, näme jogap berjekleri hakynda özara jedele girdiler. Ahyry yzdan biri gygyrdy:*

*— Ikinji, üçünji we dördünji täjiriň namazy kabul bolmaz. Hemmesi täzeden başlamaly bolýar. Diňe ilkinji täjir bigünä. Ol diňe muezzin bilen maslahatlaşmakçy* bolupdyr.

*Yrşat saklanyp bilmän aýaga galdy:*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— *Hawa, ýöne ol hem beýdip namazynyň arasyny bölmeli däl eken. Meniň pikirimçe, dördünjiden beýleki täjirler säwlik goýberdiler. Dördünji diňe öz-özi bilen gürleşdi.*

*Nazarymy gizledim. Jogaplaryň ikisini-de makullamokdym, ýöne sesimi çykarmazlygy ýüregime düwdüm. Häzir pikirimi aýtsam, beýlekileriň halamazlygy ahmaldy. Ýöne şeýle pikir aňyma gelen bada, Şems-i Töwrizi birden maňa yşarat etdi-de:*

— *Sen näme diýersiň, ýetginjek? Sen nähili pikir edýäň?* — *diýip sorady.*

*Ýuwdundym.*

— *Eger ol täjirler nähilidir bir ýalňyşlyk goýberen bolsalar, ol diňe olaryň namazlaryny bölüp gürlemelerinden ybarat däldir* — *diýdim.* — *Olaryň esasy ýalňyşlygy öz işlerine ünsli bolup, okaýan dogalarynyň hakykatyna berilmäge derek, serleriniň başga ýerde bolmagy we töwerekde bolup geçýän zatlara üns bermeleridir. Ýöne biz alaga-da olary ýazgarsak, şol bir ýalňyşy özümiziň hem goýberdigimiz bolar.*

*Şeýh Ýasin sabyrsyzlyk bilen sözümi kesdi.*

— *Şeý diýmek bilen näme aýtmakçy bolýaň?*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Diýmekçi bolýan zadym, täjirleriň dördüsi-de şol bir sebäp bilen säwlik goýberdi. Beýleki bir tarapdan, men olaryň hiç birine säwlik goýberdi diýip bilmerin. Sebäbi olar hakynda bellibir karara gelmek meniň işim däl. Olaryň haýsynyň namazynyň kabul bolanyny, haýsy birininiňkiniň kabul bolmanyny men nireden bileýin?! Men diňe öz etmeli işimi — öz nebsimi mugyra getirip, öz ýüregime tälim bermelidigimi bilýärin.*

*Töwrizli Şems maňa tarap bir ädim ätdi. Ýüzüme şeýlebir mähir-muhabbet bilen seretdi welin, özümi eneatasynyň öwgüsine begenýän çaga ýaly duýdum. Adymy sorady.*

*— Hüsam,* tagsyr *— diýdim. Ynha, şonda Şems talyplara ýüzlenip şeýle seslendi:*

*— Ýoldaşyňyz Hüsamda sopy ýüregi bar. Belki, muny heniz onuň özi hem bilýän däldir, ýöne onuň maýasy daşyndan ýönekeý görünse-de, içi kämil maýadyr.*

*Muny eşidip ýüzüm* lap-lap *gyzdy. Häzir şeýh Ýasinden bir topar gep eşiderin, ýoldaşlarym bolsa ýaňsa alarlar öýtdüm. Ýöne bu gaýgym gelşi ýaly*-da, sumat boldy.
*Ýüzümi galdyrdym. Şemse bakyp ýylgyrdym. Ol hem ýylgyryp maňa göz gypdy hem-de täzeden otlukly ses bilen gürlemäge durdy:*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*—Şeýle sopy bardyr ki, ol özgelere at dakyp, olary ýazgarmaga derek, men öz içime garaýyn diýer. Şeýle sopular bardyr, olar özgeleriň ähli aýybyny açaýyn diýer. Ýöne ýadyňyzdan çykarmaň, köplenç özgelerde ýalňyşlyk tapýanlaryň özünde şol kemçilik bardyr. Şeýle adamlar bir zadyň owunjak bölejiklerine öte üns berip, şol zadyň bitewi durkundan mahrum galýar. Agaçlara aňalar-da, tokaýy görüp bilmez. Şeýh Ýasin gürrüňe goşuldy:*

*— Bölejikler diýdiňmi? Hiç haçan ulama kişi özgeleriň edýän işleri bilen gyzyklanman durup bilmez. Bu onuň üçin hökmanydyr. Halk her bir babatda bizden ejazapitiwa garaşýar, biziň näme diýerimize seredýär. Burnum ganasa, täretim bozulýarmy, ýolagçylykda tutup bilmedik orazamy soňra tutsaň bolýarmy... Bular jogapsyz galmaly meselelermidir? Ol sowallara şapygylar bir başga, hanefiler bir hili, hanbeliler özleriçe, mälikiler hem özlerine görä jogap berýärler. Din alymlarynyň başdaklygy bolmasa, halk ýalňyş ugra gider.*

*Şems kän bir ähmiýet bermedi. — Yrfan ýoluna düşenler Gurhanyň aýatlaryndan üýtgeşik bir lezzet alýarlar. Olara ulamalaryň öňbaşçylygy hökman däl.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Muny eşidende şeýh Ýasiniň gahary ýetjek derejesine ýetip, gözleri alaryp başlady.*

*— Biziň başdaklygymyz keýp üçin däldir, gadyrdan, mejbury ýagdaýdyr! — diýdi. — Şerigat her bir musulmanyň sallançakdan mazara çenli ýüzlenip durmaly bolýan kadalaryň jemidir.*

*— Şerigat hakykat deňzinde ýüzýän gämidir. Aşyklar irugiç gämini taşlap, ummany boýlarlar — diýen sözler Şemsiň şeýh Ýasine jogaby boldy.*

*Şeýh Ýasin gözlerini süzüp seretdi:*

*— ...Ýyrtyjy balyklar olary işdä bilen iýewersin — diýip, içýakgyç gürledi. — Şeýhi bolmadygyň şeýhi şeýtandyr. Öňbaşçylygy ret edeniň soňy erbet gutarýandyr.*

*Talyplaryň birnäçesi şeýh Ýasiniň gülküsine goşulsa-*da, galanlarymyz sesimizi çykarmadyk. *Ders wagty ahyrlap ýördi. Men bu çekişme oňly gutarar öýtmeýärdim. Şems hem şeýle duýgyny başyndan geçiren bolsa gerek, mesemälim bildirip duran gussa bilen gürledi.*

*— Şu wagta çenli ýüzlerçe şeýh gördüm — diýdi. — Olaryň ençemesi diýseň çynlakaý adamlardy. Ýöne käbiri welin, galpdy, üstesine-de, yslamyýeti jinnek ýalyda bilmeýärdiler. Allanyň hakyky aşyklarynyň çarygyna*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*ýokuşan tozany-da şu häzirki döwrüň şeýhlerine çalyşmaryn. Il görsün diýip iş edýän yrýakärler hem şolardan gowudyr, olar, bolmanda, öz edýän işleriniň aldawçylykdygyny ilkibaşdan boýun alýarlar. Bu sözler şeýh Ýasiniň erbet gaharyny getirdi.*

*— Besdir indi! Awuly diliň zäherini pürküp bildiň. Hany, ugra indi bu ýerden — diýdi.* — Alada galma, gitjek — *diýip, Şems ýaňsy bilen aýtdy. Soňra bize tarap öwrüldi.* — *Şu gün şaýat bolan çekişmäňiz, aslynda, baryp*-ha, *Hezreti Muhammet sallallahü aleýhi we sellem zamanasyndan gaýdýan gadymy pikir we usul aýrybaşgalygydyr. Ýöne şeýle tapawut diňe yslam taryhyna mahsus däldir; ybraýymy dinleriň ählisinde bardyr. Ulamalar bilen sopularyň, akyl bilen ýüregiň — kada esasly din bilen yşk esasly diniň çekişmesidir bu. Haýsyny saýlap tutjagyňyz özüňize bagly!*

*Şems aýdan sözleriniň manysyny aňymyza siňdirerimize garaşýan ýaly, bir mütdet kürtdürdip durdy. Özümde onuň nazarynyň täsirini duýdum. Hamala, onuň bilen bir syry paýlaşýan ýalydyk. Şol wagt ol sözüni dowam etdi:* — *Netijede bolsa, halypaňyz hem, men hem öz* ukybymyzdan artygyny bilip bilmeris. *Ikimiz-de öz borjumyzy berjaý edýäris. Belki, ol hem kördür, menem.* Esasy zat — *seredýäniň körlügi Günüň şuglasyna zeper*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*ýetirýän däldir! Şeýle hem, adamlaryň arasyndaky çekişme Alla täsir etmeýär.*

*Şems-i Töwrizi şu sözleri aýtdy-da, elini ýüreginiň üstüne goýup ählimize, hatda bir gyrada söm duran şeýh Ýasine hem hoşlaşyk salamy hökmünde baş egdi. Soňra gapyny açyp, yzynda çuňňur dymyşlyk galdyryp çykyp gitdi.*

*Yrşadyň dürteklemesi bilen özüme geldim.*

*— Näme bolýar-ow, görýän welin, ol seni jadylady öýdýän?! — diýip, ol ýaňsa alyp gürledi. — Diýmek, sende sopy ýüregi bar eken-dä!*

*Jogap bermegi hökman däl hasap etdim. Dymdym.*

*Beýlekileri biljek däl welin, özüm-ä şu gün Töwrizli Şems bilen tanşanyma begenýärdim.*

***Wagşyýana Baýbars Konýa, 1246-njy ýylyň marty***

*Dowulçy! Binamys! Ahlaksyz! Bu adam edep diýlen zady bilenok!*

*Töwrizli Şemsiň medresede duýdansyz peýda bolup, talyplaryň gözüniň alnynda dädemi jedele çagyranyny eşidip, gulaklaryma ynanyp bilmedim. Käşgä, menem şol ýerde bolsadym. Awuly dilini çykarmaga ýetişmänkä, ýeňsesinden tutagada, ony daşaryk idenekledерdim.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Gynansagam, dädem ony şeýdip bilmändir. Olaryň arasynda nähili çekişme bolan bolsa, talyplar peşeçe gepi pile dönderip, onda-munda ýaňraşyp ýörler. Olaryň aýdýanlarynyň köpüsem barypýatan jypdyrma. Ol hepbesiz derwüşe aşa ýokary baha berýärler.*

*Şu gije keýpim ýok. Baryna-da şol bozuk zenan günäkär. Şol haýasyz heleý hiç ýadymdan çykanok. Çöl Güli gymmatbaha zatlar goýulýan guty ýaly gizlin çekmelije bir zat. Özüme degişlidir, elimde saklaýandyryn öýden mahalyň hem ol syrlydyr we şol syr hem seniň üçin* gulpludyr.

*Janyma batan ýeri-de onuň bar zada kaýyllygy boldy. Men şapbat çalanymda ol näme üçin garşylyk görkezmedikä? Näme üçin ýumruklaryma gaýtargy berjek bolmadyka? Aýagymyň aşagynda aýaguja oklanan keçe ýaly, hiç hili gaýtawul bereýin-beýleki edeýin diýmän ýatyşy asla göz öňümden gidenok. Maňa el gaýtaran bolsa, gygyryp, ah-wah diýen bolsa, dessine* saklanardym.

*Ýerde gymyldy-hereketsiz ýatyr; inderýän urgularyma döz gelip ýatyşyna, sesini çykaraýyn hem diýenok. Hamala, onuň üçin öldem bir, ýaşadygam bir ýaly.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Indi näçe gündür şol hakda pikir edýärin. Ahyry durup bilmän, ýene bozukhana gitdim. Ýolda öz ýanymdan: «Çöl Güli meni görse, näderkä?» diýýän. Üstümden arz etse ýa-da meni görmegem islemese, hünsa hojaýynyň eline bäş-üç şaýy tutdurarsyn diýýärdim. Men bularyň baryna taýýardym. Taýýarlyksyz ýeke zadym onuň şol ýerde ýoklugydy. Görüp otursam, Çöl Güli gaçan eken. — Çöl Güli bärde ýok diýmäňiz näme — diýip, örgökden* geldim. — Onda nirde?

*Bozukhananyň eýesi hünsa agzyna bir bölek lukma* oklady-da, *gahar bilen çeýnemäge durdy.*

*— Şol kemçiniň adyny tutma — diýip, ol agzyny şapbyldatdy. — Saňa beýleki gyzlarymyzy görkezeýin, Baýbars jan, bolmaýarmy?*

*— Seniň gara şaýa geçmejek gyzlaryňy başyma ýapaýynmy?! Maňa Çöl Güli gerek, onda-da tizräk. Hünsa içiňden geçip barýan nazaryny ýüzüme dikse*-de, *sesini çykarmady. Aýtjak bolýan zady özüne hem ýarap durmaýan ýaly, gyryljyk sesde üzlem*-saplam jogap berdi:

*— Çöl Güli bärde däl. Gidipdir. Hemmeler uklap ýatyrka gaçypdyr, kemçin.*

*Onuň sözleri şeýlebir biderek boş gürrüňdi welin, gülkim tutdy.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Bir bozuk aýal gahbahanadan gaçypdyr diýseler, kim ynanar? — diýdim. — Ol heleýi dessine tapyň!*

*Şonda hünsa hamala meni ilkinji gezek görýän ýaly, ýüzüme çiňerilip seretdi.*

*— Maňa buýruk bererçe, sen kim bolupsyň?! — diýdi.*

*Onuň gyýyk, kiçijik gözleri gahardan ýaňa alawlaýardy.*

*— Men kim diýýäňmi?! Dädesi ýokary wezipede işleýän jemgyýetçilik işgäri! Islesem, şu bozukhanaňy ýapdyryp, ähliňizi köçä zyňdyraryn — diýdim. Soňam hünsanyň öňündäki tabakdan bir lukma aldym*-da, agzyma oklap *goýberdim. Barmaklarymy bozukhananyň hojaýynynyň egnindäki geýimine süpürdim. Gazap bilen seretse*-de, *onuň meniň bilen dikleşmäge gaýraty çatmady.*

*— Meniň näme günäm bar? — diýip, hünsa biçäresiredi. — Bar günä şol derwüşde. Çöl Gülüniň aňyny üýtgeden şol. Toba edip, şu ýoldan el götermegi şol hepbesiz salgy* berdi.

*Başda kim barada gürrüň edýänini aňşyrmadym, ýöne birden ýadyma düşäýdi. Bozukhananyň hojaýynynyň gürrüňini edýän adamy Şems-i Töwriziden başga kişi däldi!*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Haý, binamys! Sen ilki-hä talyplarynyň gözüniň alnynda dädemi ýeriň teýine sok, soňra-da bozukhanadan ile belli kemçiniň gaçmasyna sebäp bol! Indi besdir. Indi ol haramzada hetdini tanatmaga çen boldy.* **Ella Boston, 2008-nji ýylyň 26-njy iýuny** *Ýeketägim, Azizim.*

*Bu gezek saňa elektron hat däl-de, öňler edilişi ýaly, syýaly, kagyz-bukjaly, markaly nusgawy görnüşdäki hakyky hat ýazasym gelýär. Özi-de, ýazan dessime haty hat gapyrjagyna oklamaly bolaryn. Eger sähel haýalýagallyk etsem, ýazan zatlaryma ökünip, ibermäge derek, hatymy jyrym-jyrym ýyrtmagym ahmal.*

*Şeýlebir adam bilen tanşarsyň, ol töwereginďäki gözüň öwrenişen adamlaryň hilinden däldir, üp-üýtgeşikdir. Şonuň üçinem ol ähli zady bütinleý başgaça görýändir we seniňem dünýägaraýşyňy özgertmegiňe sebäp bolar. Sen içki dünýäňe-de, daşky dünýä-de şonuň gözi bilen seredip başlarsyň. Täsirine düşersiň. Täsirine düşme dagy näme, jadysyna bendiwan bolarsyň. Şonda-da ilkibadalar onuň bilen ara saklaryn, ýüregimiň ygtyýaryny bermerin öýdersiň. Ýöne şemaldyr öýdeniň tupan bolup çykar. Kenardyr sanan ýeriň aňyrsy ummana sapyp gidýän müňküldäp ýatan batgalykdyr.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Bir görseň, özüňem bilmezden, deňiz giňişligine çykansyň, kenardan uzaklaşansyň. Ummanyň jümmüşine aralaşansyň.*

*Aziz, seniň sözleriňe haçan beýle bendi bolup galanymy bilemok. Bir bilýän zadym — alyşýan hatlarymyzyň meni* özgerdendigi. Onda-da hut başdan başlap. Belki, saňa bu *zatlary boýun alýanyma ökünerin. Belki, öz-özümi tanaýan hem däldirin. Ýöne şunça ömrümi özümi tanaman geçiripdirin, indi bolmanda bir gezekligem bolsa, çygrymdan çykyp göresim gelýär. Eger muny gaýratlylyk atlandyryp bolýan bolsa, onda öz gaýratlylygyma oturyp-oturyp özüm haýran galýaryn...*

*Ilki ýazan romanyňy okadym. Seniň sözleriň bilen uka gidip, seniň sözleriň bilen hem oýandym. Soňra hat alşyp ugradyk we bilesigelijiligim ýazgydan onuň ýazaryna gönükdi. Oýananymda senden hat gelen bolsa, şol güne höwes bilen başlaýaryn, gelmedik bolsa, özümi bir zadym kem ýaly duýýan. Görýän welin, men başda seniň gürrüňleriňi haladym öýdýän. Seniň hyýalbentligiňe, kalbyňa, kalbyňda döreýän sözlere, harplara... Ahyrynda bolsa, indi haçandan bäri dadyp görmedik, hatda unudandyryn öýdüp ýören bu tolgunmamyň geldi-geçer höwes däldigine göz ýetirdim.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Bilýärmiň, uzakly gün öz-özüm bilen gürleşýän ýaly, seniň bilen gürleşip geçirýän. Şol gün bolup geçýän işler barada seniň bilen jedel edýärin. Heran-haçan täze bir zat görsem ýa bir zat göwnüme ýarasa, «Aziz şu ýerde bolan bolsa, muňa näme diýerdikä?» diýýän. Gowy zat görsem, ony saňa-da ýetiresim gelýär.*

*Düýn oglum:*

*— Eje, sende bir üýtgeşiklig-ä bar, saçyňa bir zat etdiňmi? — diýip sorady.*

*Saçym hemişeki ýaly-da bolsa, üýtgeşik görünýänimi bilýärdim. Joralarymdan hem şoňa meňzeş zatlar eşidýärin.*

*— Ýüzüň ýagtylypdyr — diýýärler. — Ýörite bejergi etdirýäňmi?*

*Ýöne sen hakda pikirlenmekden başga hiç zadam edemok. Heran-haçan sen hakynda oýlara berilsem, bir zady-da ýatlaýan: biz heniz ýüzbe-ýüz görşemzogam-a. Ynha, diňe şonda hakykata dolanyp gelýän. Boýun almaly hakykatym şu: seni heniz görmänkäm söýýärin...*

*«Yşk şerigatyny» okap gutardym, hasabatnamamy ýazyp tabşyrdym (hawa, roman hakynda neşir*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*hasabatnamasyny taýýarlaýardym. Garaýyşlarym barada seniň bilen pikir alyşmagy näler isledim. Hiç bolmanda, neşirýata iberen hasabatnamam bilen birlikde iberen hatymy görkezeýin diýdim. Ýöne beýtmek dogry bolmajakdy. Ýene bir zady-da aýdaýyn: romanyňy haladym, onda-da örän haladym. Ol meni öz durmuşym bilen baglanyşygy bolmadyk wakalaryň jümmüşine atardy. Ýöne okap gutaranymdan soň, aslynda, ähli zadyň ähli zat bilen baglanyşygynyň bardygyna göz ýetirdim...).*

*Ýöne, herhal, bu haty ýazmagymyň «Yşk şerigaty» bilen hiç hili dahyly ýok. Meni hat ýazmaga mejbur eden zat aramyzdaky adyny agzap bilmedik gatnaşygymyz. Ilkibadalar ýönekeý hat alyşma hasap eden bu başdangeçirmäm çak edişimden has çynlakaý ýagdaýa baryp ýetdi. Başda gürrüň beren hekaýatlaryňa imrindim, soňra-da, bir görsem, seniň özüňi söýüpdirin...*

*Aýtdym-a şu haty dessine ugratmasam bolmaz diýip, ýogsa ýyrtyp taşlamagym ahmal...* ***Kerra***

***Konýa, 1246-njy ýylyň marty***

*Şu gün ir bilen öýümize bir töwra zenan geldi. Şems-i Töwrizini sorady. Bärde däl, soň geläý diýdim. Ýöne gidere ýeri ýok eken.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Howluda garaşsam bolmazmyka? — diýip, ol çekinjeňlik bilen, howsala gatyşykly sorady. Ynha, şol wagt ýüregime bir şübhe aralaşdy.*

*— Kimiň nämesi bolarsyň? Nireden geldiň? — diýip, agyz ulňuny aňjak boldum. Ýanjap duranymdan soň, ahyry dil ýardy. Onuň ýüzünde ýara bardy, ýaňaklarynda, boýnunda urgy yzlary, çiş görünýärdi. Zulum görüp, taýak iýeni görnüp durdy. Ýöne ol şondada örän owadandy. Gözüne ýaş aýlap, elimden ýapyşdy, içini dökdi. Howsala düşmesi ýöne ýere däl eken, bozukhanadan gaçan eken.*

*— Şol batgalygy belli-külli taşlandyryn — diýip, ol aýgytly aýtdy. — Gaçanymdan soň, hammama baryp, näçe taslar suw bilen kyrk gezek ýuwundym. Mundan beýlä ahyrky demime çenli erkek jynsyndan uzakda bolaryn diýip ýüregime berk düwdüm. Galan ömrümi Allanyň ýoluna bagyşlajak.*

*Näme diýjegimi bilmedim. Ol diýseň juwandy hem näzikdi. Nädip, beýle işe gaýraty çatdyka? Öwrenişen düzgünini alaga-da taşlap goýbermäge özünde nädip güýç tapanyna haýran galýan. Onuň halyna ýüregim awady. Gyzyň badam gözleri maňa Merýem enäniň gözlerini ýatlatdy. Ýöne, başga bir tarapdan, öýümde*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*ýaman ýola baş goşan aýaly saklasym gelmeýärdi. Şonda-*

*da ony kowmaga bognum ysmady. Goý, howluda garaşsyn diýdim. Elimden bar geleni şol boldy. Haýatyň düýbünde oturdy. Hasrat bilen ýonulan mermer heýkel ýaly, gözlerini alyslara dikip garaşyp başlady.*

*Bir sagat çemesi soňra Şems bilen Rumy gezelençden gaýdyp geldi. Ylgap diýen ýaly ýanlaryna bardym, ýagdaýy gürrüň berdim.*

*— Howluda bir bozuk zenan bar diýdiňmi? — diýip, Möwlana haýran galmak bilen sorady.*

*— Hawa, Hakyň hatyrasyna gahbahanany taşlap gaýtdym diýýär. Ol ýa-ha akylyndan azaşan bolmaly, ýada gaty türkana bolmaly, görgülijik. Kimdigini, nämedigini bilemok.*

*— Ony men bilýän. Ol Çöl Gülüdir — diýip, Şems begenç gatyşykly aýgytly ses bilen dillendi. — Oň bolsun!*

*Diýmek, ahyrsoňy hötdesinden gelipdir-dä. Ol görgülini näme üçin daşarda garaşdyrýaň, öýe sal ahyry!*

*— Öýümize bir bozuk aýaly salsak, goňşy-golam näme diýer? — diýip garşylyk görkezdim. — Onsuzam sähel*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

gymyldasak, biz olaryň gözünde, gep-gürrüňleri ýatanok. Ile belli bozuk zenan bilen bir üçegiň astynda ýaşap, borbolgusyza gep ýassygy bolmalymy? Şems başyny galdyryp, asmana seretdi.

— Ol-a şeýledir welin, Kerra, onsuzam biziň ählimiz bir üçegiň astynda ýaşamzokmy? Baý hem, gedaý hem, dul hem, bozuk zenan hem, alym-da, nadan hem... Ählimiziň mesgenimiz, ynha, şu ýer ahyry! Şol bir asmanyň asty!

Şems bilen çekeleşmek mümkin däldi. Men oňa näme diýeýin? Her näme diýäý, ol baryna jaýdar jogap tapýar. Islesem-de, islemesem-de, ol aýaly öýe goýbermeli boldum. Bir tarapdanam, goňşular görmäwersin diýip diledim. Çöl Güli içerik giren badyna, Şemsi görüp, onuň elini öpmäge alňasady.

Şemsiň erni bir ýere gelenok, köne dosty bilen gürleşýän ýaly:

— Hoş geldiň! Sapa getirdiň! — diýdi. — Gaýdyp, şol harabalyga dolanyp barmaly bolmarsyň. Indi ömrüň şol tapgyrynyň tamamlandygydyr. Inşallah, indi Hak seni ädimme-ädim Özüne ýakynlaşdyrar!

Çöl Güli gözýaşa boguldy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— *Hünsa hojaýyn muny ýöne goýmaz. Şagalkelläni bireýýäm yzyma salandyr. Siz bileňzok, şol gözi ganly zalym...*

*Şems ýaş zenanyň sözüni böldi:*

— *O zatlara kelläňi agyrtma. Sen göwnüňi giň tut. Alla seni şol batgalykdan çykardy, munuň hötdesinden gelmäge güýç-gaýrat berdi, ýagty dünýä çykmagyň üçin ýol açdy, elbetde, bir ýol hem salgy berer. Otuz üçünji kada: bu dünýäde her kim nämedir bir zat bolmaga çalyşýan mahaly sen HIÇ bolgun. Menziliň ýokluk bolsun. Ynsanyň toýun golçadan parhy bolmaly däldir. Golçany saklaýan zat daşky görnüşi däl-de, içindäki boşlukdyr, edil şonuň ýaly, ynsany saklaýan hem «menlik» şübhesi däl-de, hiçlik düşünjesidir.* *******

*Garaňky gatlyşansoň, Çöl Gülüne ýatar ýaly ýer görkezdim. Görgüli gaty ýadaw eken, başyny ýassyga goýan badyna uka gitdi. Ýene otaga dolanyp baranymda Rumy bilen Şemsiň gyzygyp söhbet edip oturandyklaryny gördüm.*

*Şems gelenimi görüp ýylgyrdy:*

— *Kerra, seni dabaramyza çagyrýarys.*

— *Nämäniň dabarasymyş? — diýdim.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— *Ruhana, manawyýat bilen bagly raks dabarasyny gurajak bolýarys. Öň hiç haçan görmedik dabarаň* bolmaly bi. Onda saz, raks hem doga bolmaly. *Hemmämiz yşk bilen Rebbimizi zikir ederis.*

*Howsala bilen adamyma seretdim. Nämäniň sazyka? Nämäniň raksy? Nämäniň gürrüňini edýär?*

— *Möwlana, sen bir abraýly alym, sen aýal lybasyny geýýän erkegem, sazanda-da däl! Adamlar muňa näme diýer?! Abraýyňy saklajak bolaňokmy? Özüň barada oýlanmaýan bolsaň, maşgalaň hakynda pikir et...* — *Ýüzümiň gahardan ýaňa gyzaranyny duýdum.*

— *Sen gaýgy etme, Kerra* — *diýip, Möwlana dillendi.* — *Şems bilen bu mesele barada köp wagt bäri oýlanyşyp ýördük. Döwre gurap pyrlanýan derwüşleriň raksyny ýerine ýetireris. Onuň ady semag bolmaly. Ylahy yşky arzuw edýänleriň hemmesini oňa çagyrýarys. Taýýarlyk işlerine başlaýarys. Şu günden beýläk her gün taýýarlyk göreris.*

*Çekgäm lorsuldap agyryp başlady.* — *Adamlar oňlamasa näme? Birden halamasalar? Raksy hiç kim halanok, beýle* zada pisint etmezler — *diýip, Şemse ýüzlendim.* — *Bolmanda, häzir bir beýtmäň. Birneme soňa goýuň, nähili bolýar? Birneme wagt geçsin.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Şems ähmiýet bermedi.*

*— Allaha-da hemmeler ynanyp baranok. Oňa iman getirmäni-de soňa goýmalymy? Pygamber Serwerimizide hemmeler halap baranok. Ony ýatlamagy-da soň bir güne süýşürmelimi? Yşka hem hemmeler hormat goýup durmaýar. Aşyklyk işimizi-de gaýra goýalyňmy?*

*Uludan dem aldym. Men bu adama näme diýip bilerin?*

*Şunlukda, çekişmämiz tamamlandy. Diýere söz galmandy.*

**Soltan Welet** ***Konýa, 1246-njy ýylyň iýuny***

*— Içi boş selläň geregi ýok — diýip, Şems dillendi. — Dabaramyza hiç kim gelmez diýip gaýgy edýän bolsaň, biderek alada galýaň. Şäher halkynyň meni halamaýan bolmagy ahmal, hatda kakaňa öňküler ýaly hormat hem goýmazlyklary mümkin, ýöne biziň guraýan bu dabaramyza gelmän bilmezler. Bizi ýepbeklemek üçin hem bolsa, hökman gelerler. Görersiň, hemmeler näme bolarka diýip gyzyklanýandyr.*

*Hut aýdyşy ýaly boldy. Dabara geçiriljek agşamy görsem, meýdan daş-töweregi bilen hümer mähelle. Täjirler, gönçüler, demirçiler, halyçylar, daş ussalary, boýagçylar, däri-derman ýasap satýan attarlar, palçylar, ýazgyçykätipler, külalçylar, nanbaýlar,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*müneçjimbilgiçler, syçan awlaýjylar, ýagçylar... hatda bir topar talyby bilen şeýh Ýasin hem şol ýerdedi.*

*Iň ahyrynda hökümdar Keýhüsrew bilen geňeşdarlaryny görüp, janym rahatlyk tapdy. Şeýle ýokary derejedäki adamyň şu agşam bu ýere gelmegi kakama nähili gadyr goýulýandygyny äşgär görkezýärdi. Hökümdaryň dabara gelmegi kakam barada gep-gürrüň edýän borbolgusyzyň agzyny ýumdurar diýip umyt edýärdim.*

*Hemmeleriň ýerli-ýerine geçip oturmasy eslije wagt aldy. Şems hakynda gelşiksiz gürrüň edýänlerden uzagrakda bolmak üçin ýanynda oturara idili adam gözledim. Ahyry Süleýman serhoşyň gapdalyna geçdim. Onuň agzyndan şerabyň ysy aňkap duranam bolsa, dili awuly däldi.*

*Howanyň salkyndygyna garamazdan, derim gaýdanokdy. Şu agşam boljak dabaranyň gowy geçmegi kakamyň abraýy jähetden örän möhümdi. Işleriň ugruna bolmagy üçin dileg etdim, ýöne anyk näme isleýänimi bilmänim üçin dilegim umumy häsiýete eýe boldy.*

*Şol pursat çala eşidilýän saz sesi ýaňlandy; ol başda uzaklardan eşidilýän ýaň sesine çalym edýärdi; soňra barha batlandy-da, ünsleri özüne dartyp aldy. Adama özüni unutdyrýan, jana tenekar bu sesi diňleýän mahaly tomaşaçylar gymyldylaryny-da, pyşyrdylaryny-da*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*kesdiler. Hemmeler demini alman gulaga öwrüldi. Süleýman serhoş aňk bolup oturyşyna, geň galýandygy bildirip duran ses bilen:*

*— Bu nähili saz bolýar, aňşyryp bilmedim-le — diýdi.*

*Şol pursat Şems bilen kakamyň arasynda bolan bir gürrüň ýadyma düşdi.*

*— Bu guralyň ady nämekä? — diýdim. — Beýleki saz gurallaryna meňzänok-la. Owazynda aňyrdan gaýdýan zarynlyk bar. Söýdüginden aýra düşeniň zarynlaýşy ýaly...*

*Naýyň sesi pessaýlansoň, meýdanda kakam peýda boldy. Usullyk bilen ünsli ädim ädip ýakyna geldi; çala eglip, gelenlere salam berdi. Onuň yzy bilen kakamyň öňki müritleri bolan alty sany derwüş göründi; başy sikgeli, tennureler, destegüller1 geýip-guşanypdyrlar. Ellerini döşlerinde gowşuryp, rugsat almak üçin kakamyň öňünde baş egdiler. Üç gezek meýdanda aýlandylar. Gaýtadan beýgelen saz sesi bilen derwüşleriň her biri özbaşdak pyrlanyp başlady. Başda olaryň hereketi haýaldy. Ýöne kem-kemden çalt pyrlanyp başladylar. Hereketleri tizleşdigiçe-de küýzegül güli ýaly, uzynbiçüw köýnekleriň etegi açyldy bardy.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Nähili täsin! Buýsanç bilen ýylgyrdym. Gözümiň gytagy bilen sagyma-soluma seredip, semag raksynyň tomaşaçylarda döredýän täsirini synlamagy-da ahmal etmedim. Hiç zady halamaýandygy bilen tanalýan adamlar hem semag rakslaryny ünsli synlap otyrdylar.*

*Derwüşler ortada dört gezek salam berip aýlandylar. Pyrlanmak hamala tükenmejek ýaly dowam etdi. Soňra saz güýçlendi; perdäniň aňyrsynda çalynýan rubabyň owazy kudümiň sesine, kudümiň sesi naýyň zaryna goşuldy. Ynha, hut şol pursat joşgunly suw ýaly akyp Şems-i Töwrizi meýdana çykdy. Beýlekilere garanyňda has goýy reňkdäki tennure geýipdir. Boýy hemişekilerden uzyn, bedeni has inçe görünýärdi. Gollaryny iki ýana açypdyr, sag eliniň aýasy ýokaryk, sol eliniň aýasy aşak bakýan görnüşdedi.*

*Şems göze görünmeýän girdaba ýakynlaşýan ýaly, özünden geçip pyrlanýan mahaly, müritleriň oňa haýallyk bilen hemralyk edýän wagty, kakam çynar ýaly dim-dik bolup durdy. Doga okap durşuna onuň dodaklary müňküldeýärdi. Olaryň arasynda ajaýyp sazlaşyk bardy. Töwerekdäki adamlaryň haýran galmakdan ýaňa lal-jim bolandyklaryny duýdum. Şems-i Töwrizini ýigrenýänler hem bu jadyly görnüşlere örklenene meňzeýärdi.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Şeýle ýagdaýyň näçeräk dowam edenini bilemok. Ahyry saz kem-kemden haýallady. Derwüşler ýekän-ýekän pyrlanmasyny goýup, ýygrylyp örtündiler. Nepis hereketler edip, ellerini biri-biriniň üstünde goýup, gol gowşurmak bilen, meýdandakylaryň hemmesine salam berdiler. Dym-dyrslyk boldy. Hiç kim näme etjegini bilenokdy. Hiç kim öň beýle tomaşa şaýat bolup görmändi.

Ümsümligi kakam bozdy.

— Dostlar, şu gören dabaraňyzyň ady semagdyr. Şu günden başlap, ähli asyrlarda derwüşler semag ederler. Bir elleri göge açylsa, beýleki elleri ýere bakar, bu Hakdan alan her bir yşk zerrejigini halk bilen paýlaşalyň diýmegi aňladýar.

Tomaşaçylaryň arasyndan başyny egýänler, duýga berlip tolgunanlar boldy. Töweregi mylaýym howa gurşap aldy. Gözlerime minnetdarlyk gözýaşy çaýyldy. Ahyrynda kakam hem, Şems-de öz mynasyp hormatsylagyny görüp ugrapdylar.

Bu agşamyň şeýle şirin duýgular bilen tamamlanmagy ahmaldy. Onsoň men öýe bagtyýar, buýsanjaň adam hökmünde dolanyp baryp biljekdim, eger bu zatlaryň yzysüresindäki wakalar bolmadyk bolsa.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Haýp, Şems baryny biderek etdi...*

***Süleýman serhoş  Konýa, 1246-njy ýylyň iýuny***

*Şu gije gözüm bilen gören zatlarymy unutmak mümkin däl. Aýratyn hem semag dabarasyndan soň bolan zatlary. Dabara tamamlanandan soň, Keýhüsrew ýerinden turdy, örän saldamly edähet bilen, kiçiräk daglary men döredendirin diýýän terzde daş-töweregine birlaý göz aýlady. Özüniň güýç-kuwwatynyň neneňsidigini bilýän we ýalynjaňlar tarapyndan goldanylmaga öwrendekli öňbaşçylara mahsus edähet bilen meýdana ýakynlaşdy.*

*— Ähliňizi gutlaýaryn! Bize ajaýyp agşama tomaşa etmäge mümkinçilik döretdiňiz. Dabaraňyz maňa gaty täsir etdi.*

*Rumy sypaýyçylyk bilen minnetdarlyk bildirdi, beýleki derwüşler hem oňa eýerdi. Sazandalar aýaga galkyp, bir ýere üýşdüler we hökümdara hormat bilen salam* berdiler.

*Keýhüsrewiň keýpi göterilip ýüzi açyldy. Janpenalarynyň birine yşarat eden dessine oňa goňur reňkli mahmal haltajyk uzatdylar. Keýhüsrew haltajykda näçeräk tyllanyň bardygyny hemmämize görkezmek üçin oklap* gapdy-da, *soňra ony sahna oklap goýberdi.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Tomaşaçylar hoşallyk hem minnetdarlyk bilen el çarpyşdylar. Hökümdarymyz, gör, nähili jomart!*

*Eden işinden monça bolan özüne ynamly Keýhüsrew yzyna öwrülip, ýanhemralary bilen gidermen bolup durdy. Ýöne heniz birnäçe ädim ädip-ätmänkä, ýaňyja sahna oklanan haltajyk, edil öňküsi ýaly howada uçup, onuň aýagynyň aşagyna patlap düşdi. Ähli zat diýseň çalt bolup geçdi welin, biz doňup galdyk, ýerimizdenem gymyldap bilmedik. Ýöne, gürrüňsiz, hemmelerden beter Hökümdaryň özi aljyrady. Bu mesaňa açyk-aýdyň we bilgeşleýin edilen kemsitmedi, beýle işiň bagyşlanmagy mümkin däldi. Ol gözlerine ynanmasa-da, egnaşyry yzyna seretdi. Özüne tarap pully haltany zyňanyň kimdigine göz ýetirmäge çalyşdy.*

*Elbetde, ol Şemsdi! Başga kim bolsun?! Haý, däli derwüş! Şobada hemmeler oňa tarap öwrüldi. Ol meýdanyň ortarasynda bykynyna elini diräp durdy. Onuň ýanyp duran şar gara gözleri Keýhüsrewe dikilipdi.*

*— Biz pul üçin semag edemzok — diýip, ol ýakymly sesi bilen dillendi. — Semag ruhy, asmany raksdyr; ol diňe we diňe yşk üçin edilýändir. Şonuň üçinem al puluňy! Seniň bu altynlaryň biziň huzurymyzda derde ýaranok!*

*Ählimizi howpurgadyjy ümsümlik gurşap aldy. Rumynyň uly ogly soltan Welet ýanymda oturyşyna, ýaprak ýaly*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*titir-titir edýärdi. Hiç kimden ses-selem çykmady. Şeýle dartgynlylygyň bolaryna garaşyp duran ýaly, şol wagt ýagyş ýagyp başlasa nädersiň?! Bulutsyz asmandan inýän damjalar biziň bu ýerden gaçyp gitmek islegimizi goşalandyrdy.*

*Keýhüsrew Şemse jogap berip durmady*-da, *ynjysyny özünde saklap, adamlaryna tarap öwrüldi:*

*— Hany, ugralyň!*

*Bar keýpi zym uçan ýaly bolan hökümdar çykalga ýöneldide, ýerde ýatan tyllaly haltajygy ädigi bilen basyp geçdi. Köpsanly janpenalary bolsa, dessine onuň yzyna düşdüler. Ýöne olar haltajyga basmaga dözmän, üstünden böküp geçýärdiler.*

*Keýhüsrewdir ýanhemralary giden badyna, tomaşaçylar dil açyp ugrady:*

*— Bu hepbesiz dälimi-nämemi?! Başymyza bela bolar! — diýdiler.*

*— Şems diýilýän özüni kimdirin öýdýärkä?! — diýip, hüňürdeşenler hem boldy.*

*— Nä akyly bilen hökümdarymyzy kemsidýärkä ol? — diýip, beýleki bir topary hem närazylygyny bildirdi. —*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Birden Keýhüsrew gaharyny tutuş şäherden çykaraýsa nätjek?!*

*Şemse närazylyk bilen erbet-erbet seredişdiler. Bolan işi ýazgarýanlaryň başyny şeýh Ýasindyr talyplary çekýärdi. Ählisi-de örän epeýsiräp, ile göz edip aýak üstünde duruşlaryna, Şemsi ýazgarýandyklaryny açyk äşgär edýärdiler. Haýran galaýmaly tarapy-da, gahar bilen çykyp giden bu toparyň içinde Rumynyň iň köne talyplarynyň ikisi we ogly Alaetdin hem bardy.* **Alaetdin**

***Konýa, 1246-njy ýylyň iýuny***

*Şeýle utanan ýerim bolan däldir. Kakamyň ençeme aý bäri hudaýsyz biri bilen ham-çamdygyny görüp, ýere girip bilmän ýörenim az ýaly, indem sazdyr raks diýip bir zat tapdylar! Ullakan şäheriň halkynyň öňünde kakam nädip özüni beýle pes derejelere düşürip bilýärkä?! Üstesine, tomaşaçylaryň aýallar böleginiň içinde bozukhanada işlän belli bozuk zenanyň bardygy barada-da hemmeler gürrüň edýär. Ol aýala Şemsiň oýnaşymyş diýýärler. Bu nähili adam bolýar?! Ömrümiziň galan bölegini onuň bize ýetiren zyýanyny ýuwmak bilen geçirmeli boljak öýdýän. Şu agşam şular barada oýlanyp otyrkam, başga bir maşgalada dünýä inen bolsam gowy bolardy diýen pikir aňyma geldi. Öň men kakamyň*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*ogludygyma buýsanýardym, häzir bolsa, başga biriniň perzendi bolmanyma ýanyp-bişýän.*

*Meniň pikirimçe, bu dabara kakam ýaly uly ulama gelişmeýän, gaty pes derejedäki tans tomaşasyndan başga zat däl. Ýöne semagdan soň bolan wakany görüp, saçlarym syh-syh boldy. Şol binamys Şemsiň döwletiň ulug hökümdaryny äsgermezçilik etmäge nädip bogny ysýarka?! Goý, ol otursyn-tursun-da, Keýhüsrewiň özüni dar agajyna ýollamanyna şükür etsin.*

*Keýhüsrewden soň, şeýh Ýasin bilen talyplarynyň şol ýerden gaýdanyny görüp, menem şolara goşuldym. Şäher ilaty meni-de Şemsiň tarapdarydyr öýtmesin diýdim.*

*Agamyň tersine, meniň kakamyň oýnatgy gurjagy däldigimi, goý, hemmeler bilsin!*

*Şol gije öýe barmadym. Ýoldaşlarymyň birnäçesi bilen Yrşadyň ýanynda bolduk. Daňa çenli oturyp, bolan işler barada joşgun bilen çekeleşdik. Aýratyn hem Yrşat has gaharly:*

*— Şol haramzada kakaňa gaty erbet täsir edýär. Esli wagt bäri öýüňizde ýaşyrynlykda bir bozuk aýaly saklaýarmyş. Sen hem bize ol barada hiç zat aýtmadyň. Bu nähili iş bolýar, Alaetdin? Tegmil düşen abraýyňy hökman dikeltmeli bolarsyň — diýdi. Aýdylanlary diňläp,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*utanjymdan dym gyzyl boldum. Ýagdaý Aý dogan ýaly äşgärdi: Şems maşgalamyza betbagtçylyk getirdi. Şol gije umumy bir karara geldik: Töwrizli Şems ýa-ha eşejigini ýola salar, ýa-da şu töwerekden garasyny saýlamaly bolar.*

*Ýa öz meýline gider, ýa-da zor bilen gidireris...*

***

*Ertesi gün Şems bilen erkeklerçe gürleşmek üçin öýümize gaýtdym. Ýüregime berk düwüpdim. Ony howluda ýeke özi otyrka tapdym. Ol başyny dik tutup, gözlerini ýumup naý çalyp otyrdy. Aňyrsyna bakyp, durky bilen saza berlip oturyşyna, ol meniň gelenimi-de aňşyrmady. Pişik basyşyny edip, oňa arka tarapyndan ýakynlaşdym. Bu ýagdaýy amatly mümkinçilik bilip, duşmanymy ýagşy tanamaga çalyşdym.*

*Az wagtdan soň, saz tamamlandy. Şems başyny galdyrdy. Öz-özi bilen gürleşýän ýaly:*

*— Salam, Alaetdin, meni idäp geldiňmi? — diýdi.*

*Sesimi çykarmadym. Ýapyk gapylaryň aňyrsyndaky zady görmäge ukybynyň bardygyny bilýänim üçin, ýeňsesinde gözüniň bardygy-da meni geň galdyrmady.*

*Şems bärsini garap:*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— *Düýnki dabarany nähili gördüň? Haladyňmy?* — *diýip, örän takatlylyk bilen sorady.*

— Halaryn-*maý*. *Barypýatan masgaraçylyk* — diý*dim.* — *Oýny goýaly, bolýarmy? Asla seniň özüňi halamok.*

*Kakamyň abraýyny mundan beýlä ýere çalmaga ýol* bermen.

*Şems naýyny emaý bilen bir gyra goýdy.*

— *Hä, şeý diýsene? Eger kakaň gara şaýylyk abraýy bolmasa, adamlar saňa hormatly alymyň ogly hökmünde seretmezler, halkyň içindäki aýratyn ornuňy elden giderer öýdýänsiň. Şonuň gaýgysyny edýäňmi? Iliň nähili pikir edýäniniň näme ähmiýeti bar?*

*Wawwaly ýerime basmaga rugsat bermezlik üçin aýdýan agyr sözlerini eşitmedik boldum. Şonda-da esli wagtlap köşeşip bilmedim.*

— *Git indi bärlerden. Git-de bizi dyndyr, arkaýyn ýaşaly.* *Sen gelmeziňden öň nähili gowudy* — *diýdim.* — *Kakam sarpasy tutulýan dindardy, maşgalabaşydy.* *Ikiňiziň hiç hili meňzeş tarapyňyz ýok.*

*Şemsiň gaşlary çytyldy. Uludan demini aldy. Birden ol gözüme näzijek zat ýaly bolup göründi. Alaga-da oňa bir*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*ýumruk salsam ýa-da depesinden bir daş indersem, duran ýerinde janyndan jyda düşürip biljekdim. Onuň janyny jähenneme ibermek islegi ýüregimi gazap bilen gaplady welin, ýüzüne seredip bilmedim, na zarymy gizlemäge mejbur boldum.*

*Gaýtadan gabaklarymy galdyranymda, Şemsiň pikirimi okaýan ýaly, özümi synlap durandygyny gördüm. Ýa aňymdakyny okap durmuka? Birden tüýlerim syh-syh boldy, özümi göýä bir demde müňlerçe iňňe endamyma çümen ýaly duýdum. Dyzlarymyň ysgyny gaçyp, dyzçanagym sökülýän ýaly, olar meni götermekde ejizleýäne çalym edýärdi. Ol, gürrüňsiz, jadygöý bolmaly! Şemsiň jadygöýdigini ýadymdan çykarypdyryn. Oňa zyýan ýetirjek bolsam, birden ol meni öldüräýse?! — Menden gaty gorkýaň-la, Alaetdin — diýip, Şems duýdansyz aýtdy. — Haýp, maňa kimi ýatladýanyňy bilýäňmi?! Çaşy gözli şägirdi!*

*— Sen nämäniň gürrüňini edýäň? — diýdim.*

*— Bir hekaýat barada aýdýaryn. Hekaýat diňlemegi halaýaňmy?*

*— Beýle bolgusyz zatlara sarp eder ýaly, artykmaç wagtym ýok.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Şems dodagyny çöwürdi.*

*— Hekaýatlara wagt tapmaýan adamyň äleme düşünmäge-de wagty ýokdur — diýdi. — Iň gowy hekaýatlary Taňrynyň ýazýandygyndan habaryň ýokmy? Onsoň ol jogaba garaşyp durman, şu hekaýaty aýdyp berdi:*

*«Öz döwründe bir ussanyň ýüzüni sallap ýören şägirdi bar eken. Üstesine, ol şägirdiň gözi-de çaşy eken. Şägirt ähli zady goşa görýär eken. Günlerde bir gün ussa şägirdine ammardan bir çüýşe bal alyp gelmegi tabşyrýar. Şägirt ammardan eli boş dolanyp gelipdir. «Ussa aga, ol ýerde iki çüýşe bal bar. Haýsyny alyp gaýtjagymy bilmedim» diýip zeýrenipdir. Ussa öz şägirdiniň ýagdaýyna belet bolansoň:*

*— Sen şol çüýşe gaplaryň birini döw-de, beýlekisini alyp gaýt — diýipdir.*

*Haýp ýeri, şägirt bu sözdäki hikmete düşünerden kütek eken. Ol şo barşyna çüýşe gaplaryň birini kül-uşak edipdir. Ýöne näme bolandyr öýdýäň, beýleki çüýşe-de birinji çüýşe ýaly kül-uşakdyr-da?!»*

*— Näme diýjek bolýaň? — diýip, kinaýaly dillendim. Şemsiň öňünde gaharlanyp, ejiz görünmek islemeýärdim, ýöne özüme erk edip bilmedim. — Şu boş hekaýatlaryň*

*bilen senem bir! Ýekeje gezek gepi aýlawsyz aýdyp bileňokmy?!*

*— Ýöne näme diýmekçi bolýanym düşnükli ahyry. Senem gözi çaşy şägirt ýaly, sereden zadyň gözüňe goşa bolup görünýär — diýip, Şems dillendi. — Kakaň ikimiz bir zatdyrys. Meniň göwnüme degseň, onuň hem göwnüni ýykdygyň bolar. Şoňa düşüneňokmy, Alaetdin?! — Kakam ikiňiziň hiç hili meňzeş tarapyňyz ýok. Onsoň men ikinji çüýşe gaby döwmek bilen, ilkinjini hem bendilikden gutardygym bolar.*

*Ýüregim ýigrençden pürepür bolansoň, agzymdan çykýan sözleriň neneňsi ýaralar döredýändigi barada oýlanybam durmadym.*

***Şems Konýa, 1246-njy ýylyň iýuny***

*Dinde ýok zatmyş, soň goşulanmyş, bidgatmyş... «Saz çalmak küpür işdir» diýýärler. Beýtmäň, jenaplar! Yşk bilen berjaý edilen sungat nädip küpür iş bolýarmyşyn?! Olaryň diýmeli zady, Alla bize sazy beripdir, onda-da diňe agyzda ýa-da saz guraly bilen ýerine ýetirilýän saz hakda gürrüň edemok, tutuş älemi gurşap alýan şirin owazlary beripdir, soňam alaga-da olary diňlemegi gadagan edipdir, şeýlemi? Tutuş tebigatyň her demde we hemme ýerde ony zikir edýänini görmeýärlermikä? Şu*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*älemdäki zatlaryň ählisi şol bir düýp sazlaşyk içinde hereket edýär: ýüregimiziň urgusy, asmandaky guşuň ganat kakyşy, harasatly gijede gapyny ýumruklaýan el, dag çeşmesiniň çaglap akyşy, demirçiniň demri ýenjişi, heniz dünýä inmedik bäbegiň ene rähminde diňleýän sesleri... Ähli zat, onda-da ähli zat ajaýyp we ýeke-täk nagma bilen owazdaş. Derwüşleriň pyrlanmak bilen eşidýän sazy hem şol ylahy zynjyryň bir halkasydyr. Her bir suw damjasy özünde ummanlary saklaýandyr, biziň semagymyz hem özünde älemiň syrlaryny saklaýar.*

*Dabaradan öň Rumy bilen bilelikde oý-hyýallary boýlamak üçin ümsümlik bilen bir otaga çekildik. Agşam semag raksyny etmeli alty derwüş hem bize goşuldy. Bile täret kylyp, doga-dilegde bolduk. Soňra tennurelerimize çolanyp, elip guşaklarymyzy guşandyk. Sary reňkli sikge mazardaşlarymyzdy, uzyndan ap-ak tennure nebsimize biçen kepenimizdi, hyrka bolsa ölmezden öň öleniň mazarydy.*

*«Olar aýak üstünde mahaly-da, otyrka hem, ýanyn ýatyrkalar-da Allany zikir ederler; gökleriň we ýeriň ýaradylyşy barada pikir ederler...» diýmeýärmi?!. Haktagalla biz hal adamlarydyrys, kalp adamlarydyrys, yşk adamlarydyrys. Biz sirkul ýalydyrys. Bir aýagymyz*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*şerigatyň üstünde mäkäm dursa, beýleki aýagymyz bilen ýetmiş iki milleti aýlaýandyrys.*

Semaghana barmazymymyzdan ozal, *Rumynyň dilinden şeýle setirler joşdy:*

*Bäri gel, gel bäri, ýene gel bäri,*

*Nirä çen bu goh hem jeň bilen däri?*

*Sen — mensiň, menem — sen, bu ahwaly gör...*

*Nä aýak direýäň, gel, eliňi ber!*

*Ählimiz jemlenip biz ýeke-täk dür,* Serimiz-de birdir, aklymyzda bir.

*Biz taýýardyk. Başda naýyň zaryn sesi eşidildi. Soňra Rumy raks etmeli derwüşleriň — semagzenleriň baştutany hökmünde orta çykdy. Derwüşler bir-bir meýdana girende, olaryň başy pespällik bilen egilýärdi. Iň ahyrynda orta çykmaly şeýhdi. Hernäçe garşylyk görkezsem-de, Rumy şu wezipäni maňa bermek üçin aýak* diredi durdy.

*Naý bilen rubabyň adamyň içki dünýäsine aralaşýan owazyna kudümiň gümmürdisi hem goşuldy.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Gulak as, bu naýy gör, nähili zarynlaýar, aýralygy beýan edişini gör:*

*«Meni gamyşlykdan kesip alanlary bäri, peryadymdan ýaňa erkeg-u-aýal diýmän, hemmeler ahy-nala çekdi».*

*Ilkinji derwüş semag raksyna başlady, tennuresiniň etegi* kem-*kemden tegelenip aýlanyp ugranda ol tomaşaçylaryň gözüniň alnynda bu älemden uzaklara gitdi. Şol wagt hemmämiz semag raksyna goşuldyk. Wahdetde — birlikden gaýry ähli zat ýok bolýança pyrlandyk durduk. Asmandan näme alan bolsak topraga,*

*Hakdan näme alan bolsak, halka! Her birimiz Aşyk bilen Magşugyň arasyndaky baglanyşyga-peýwende öwrüldik. Saz ahyrlansoň, älemiň agalyk ediji unsurlaryna: oda, ýele, topraga, suwa we bäşinji unsur — boşluga hormat* bilen salama durduk. ***

*Dabaradan soňra Keýhüsrew bilen aramyzda bolup geçen zatlara puşman edemok. Diňe Rumyny kyn ýagdaýda goýanyma gynanýan.* Ýöne bu-da zerurdy.

*Möwlana hemişe apalanyp gelipdir, dolandyryjy gatlak* tarapyndan goralyp-goldanyp *durupdyr. Ol häzir halkyň içindäki adaty adamlara örän tanyş bolan bir duýgynyň tagamyny ilkinji gezek dadyp gördi. Ol hökmi rowaç saýlantgylaryň öňündäki ejizlik duýgusydy.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Mahrumyýetiň, çäresizligiň, çetleşdirilmekligiň neneňsi zatdygyna düşünmän, Möwlana nädip hemmeleri gurşap alýan şahyr bolup bilsin?!*

*Ynha, şunlukda, indi Konýada bolmaly müddetim dolup ýör hasap edýärin. Gidere çen boldy. Her bir hakyky yşk garaşylmadyk özgerişliklere ýol açýar. Yşk diýmek gaýtadan dünýä inmek, gaýtadan dogulmak diýmekdir. Eger «yşkdan öň» hem «yşkdan soň» şol bir adamlygymyzda galyp bilýän bolsak, onda ýeterlik derejede söýen däldiris diýmekdir. Birini söýýän bolsaň, onuň üçin edip biljek iň ähmiýetli işiň — özgermekdir!*

*Şeýlebir özgermeli welin, sen özüň bolmakdan çykmaly. Şygyr, saz, raks... esriklik-ekstaz, çeýelik, akaganlyk... Rumynyň özgerişligi herhal doly tamamlandy. Şygry halamaýan pugta alymlykdan, öz sesiniň akymynda barha ilerleýän wagyzçy-hatyplykdan indi ähli dymýanlaryň duýgularyna terjimeçi, dilmaç bolup biljek derejede oňat şahyr bolmak ýoluna düşdi. Özüm barada aýdylanda, menem özgerdim we özgerýärin. Barlykdan ýokluga barýan. Bir pasyldan beýlekisine, bir mertebeden indikisine, ömürden ölüme tarap typyp barýaryn. Baba Zamanyň öz wagtynda aýdanlaryny ýadyma salýan. Ýüpegiň pileden sag-aman çykmagy üçin ýüpek gurçugynyň öz-özünden ýüz öwürmegi lazym. Rumy bilen*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*dostlugymyz we ruhdaşlygymyz Allahyň lutfy-keremidi, deňsiz-taýsyz peşgeşidi. Ýaran bolduk, beýgeldik, şat bolduk, şine atdyk, gül-çiçek açan ýaly, söz açdyk, kämilligiň tagamyny datdyk. Hiç kimiň ýeke özi gögelelikden kämillige ýetip bilmez. Sen guş kibi, bir makamdan indiki makama uçup, özüňe ýoldaş agtarmaly. Tapansoň hem özüňi däl-de, ony ulug tutmaly.*

*Semag agşamy hemmeler dargaşyp, ahyry ümsümlik aralaşansoň, semaghanada ýeke özüm oturdym. Rumy bilen bu dünýädäki bile geçirmeli möhletimiziň ahyryna golaýlap ýördüm. Dostlugymyz döwründe görlüpeşidilmedik gözelligi paýlaşdyk; hemişe biri-birini görkezip duran iki aýna mysaly, biri-birimizde tükeniksizligi, soňsuzlygy synladyk. Ýöne öňi-soňy halka dönüp, döwür tamamlanýar, aýnanyň syrçasy örtülýär. Her kimiň bir bahary, her baharyň hem ahyry bolýar. Şu sözler hem ganatly sözlere öwrülmäge laýykdyr: yşkyň bar ýerinde iru-giç aýralyk hem bardyr.* ***Ella Boston, 2008-nji ýylyň 15-nji iýuly***

*«Garaşylmadyk gabatgelmeler diňe olary garşylamaga taýýar wagtymyz başymyzdan inýändir» diýip, Aziz ýazgylarynyň birinde belläpdi.*

*Eger şeýle bolýan bolsa, şu hepdede başyna düşen işlere Ellany bellibir derejede taýýar hasap etseň bolmalydy.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Ýöne ol elini-aýagyny ýitirip, gapyllykda üstüni basdyrdy. Çünki şu hepde gökden düşen ýaly bolup, Aziz Z. Zahara ony görmek üçin Bostona geldi.*

*Dynç gününiň agşamydy. Rubinşteýnleriň maşgalasy hut şamlyk edinmäge oturan mahaly Ellanyň el telefonyna bir göndergi ýazgy gelip gowuşdy. Füzýon nahar bişiriş jemgyýetinden biri iberendir öýdüp, Ella ony okajak hem bolmady. Başga işlere güýmendi, odur-budur işlerini etdi. Naharlary saçaga äberişdirdi. Gyzardylan bally ördek, ýeralmasyna bişirilen tagam, üsti naz-nygmatlar bilen bezelen pisseli ýasemin palawy. Howurpeçde bişen ördek diýseň haýbatly görünýärdi, Ella ony saçaga äberende hemmeleriň gaşy ýokary göterildi. Hut şu gün irden Skotty täzeden bäri halaşyp ýören gyzy bilen görüp, eldenaýakdan çykan Janetiň hem işdäsi açylana meňzeýärdi.*

*Ýöne ol adaty agşamlyk naharydy. Hemişeki degşipgülüşmeler bilen täçlenen agşamlykdy. Ella saçak başyndaky gürrüňlere diňe çalak-çulak goşulyp oňdy. Adamsynyň howlynyň aýmançasyny gök reňk bilen reňklemek baradaky aýdanlaryna sesini çykarmady, Janet bilen uniwersitetdäki sapaklarynyň agyrlygy barada pikir alyşdy, ekizleri bilen «Karib deňziniň garakçylary» filmi barada gürrüň etdi. Hemmeleriň we*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*ähli zadyň ugrundan gopýan-da bolsa, oturanlaryň hemmesi bilen ähli babatda ara saklaýardy. Küýi-köçesi Azizdedi. Ol iberen hatyny aldymyka? Alan bolsa näme pi kir etdikä? Näme üçin henize çenli jogap bermeýärkä? Çyrşakly tabaklary gapgaç ýuwulýana ýerleşdirip, ak şokoladly kreme bruleý goýuşdyrýarka, küýi-köçesi şoňa gidipdi, telefonyna seretmek ýadyna-oýuna-da düşenokdy. Ýöne haçanda telefonyndaky gönderilen ýazgylary okanynda... doňup galdy.*

*«Men Bostonda! Smithsonian muzeýi üçin fotosurata düşürmäge geldim. Ýöne esasy seni görmek üçin. «Onux» myhmanhanasynda bolýan, meni görmäge gelip bilmezmiň... Aziz».*

*Ellanyň ýaňaklaryna gyzgylt öwüşgin çaýyldy, ýüregi çalt urup başlady. Sandyraklaýan elleri bilen telefonyny öçürip, ýantorbasyna saldy. Töweregindäkileri diňleýän ýaly görünmäge çalyşýan mahaly çala başy aýlanýardy.*

*Ýöne bu ýagdaý Dewidiň gözünden sypmandy.*

*— Näme bir zat boldumy? Göndergi ýazgy gelipmidir? — Ol tabagyndan başyny galdyryp sorady.*

*— Ah,.. hawa, Mişel habar iberipdir — diýip, Ella oýlanyp durman jogap berdi.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Är-aýal bir pursatlyk biri-*birinden nazaryny sowjak hem *bolman seredişdiler. Nazarlar biri-birine dikildi, doňup galdy. Olaryň arasynda aýdylmadyk onlarça söz at saldy durdy. Uzak dowam eden maşgala durmuşlarynyň şeýle peýdaly taraplary bardy. Indi ýeke söz aýdyşmandiýişmän, hakyt garaýyşlary bilen gohlaşyp bilýärdiler. Çagalar hiç zat aňmaýana çalym edýärdi. Şeýlelikde, Ella bilen Dewid täsin oýnuň içine düşdiler. Biri beýlekiniň ýalan sözleýänini bilýärdi, beýleki-*de *onuň käbir zatlary bilýänini aňýardy.*

*Ahyry Dewid agyr oýlar bilen katdyny* dikledi, kagyz *elsüpürgiji gös-göni inedördül emele getirýän şekilde ünsli epleşdirdi. Hereketleri haýallady.*

*— Hä, Mişel ýazgy iberipdir diýsene — diýip hüňürdedi.*

*Ella adamsynyň özüne jinnek ýalyjak hem ynanmaýanyna düşünse*-de, toslap tapan ertekisini dowam *etdirmelidigini duýdy. Onuň şu pursat esasy niýeti adamsyny ynandyrmagam, çagalaryny aldamagam däl bolmagy ahmaldy. Ýalan sözlemek häzir onuň hut özi üçin zerurdy. Öýünden çykyp, Aziziň bolýan myhmanhanasyna gitmek, ahyry onuň ýüzüni görmek isleýärdi. Onda-da nähili! Ömründe hiç bir zady şular ýaly küýsemändi... Şonuň üçinem her sözüni basyp aýdyp, gürrüňini dowam*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

etdi: — *Ertir irden neşirýatda ýygnak bolýar diýýär. Geljekki möwsümiň kitap sanawy kesgitlenjekmiş. Şony ýazypdyr. Meniňem gatnaşmagymy isleýär.*

— *Onda beýle möhüm ýygnaga hökman gatnaşmaly bolarsyň — diýip, gözlerine düşnüksiz ýalpyldy çaýylan* Dewid dillendi. — *Isleseň, irden özüm düşüräýerin, hem bile gitdigimiz bolar. Birki duşuşygymy soňa goýsam* bolany.

*Ella adamsyna aňkarylyp galdy. Näme etjek bolýarka?! Hakykatdanam, Bostona bile gidesi gelýärmikä? Ýa çagalarynyň gözüniň alnynda gygyryşyp, gelşiksiz ýagdaý döretmek niýeti barmyka? Mejbury ýylgyrdy.*

— Gaty gowy bolardy welin, ertir irden sagat 7-*denem öň* gitmeli boljak. *Mişel meniň bilen ýygnakdan öň aýratyn gürleşäýsek diýdi.*

*Hiç zatdan habarsyz Orly ýylgyryp gürrüňe goşuldy.* — O-ho-*o, onda kakama azar beribem durma. Ol ömürem beýle ir turup bilmez. Kakamy beýle ir diňe göteriji kran bilen dik duruzaýmasaň.*

*Dewid hiç wagt ir turup bilmezdi. Çagalary*-da, *aýaly*-da *onuň bu häsiýetine beletdi.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Ella bilen Dewidiň nazarlary çaknyşdy. Ikisi-de garaşyp, ýagdaýy ölçerip görýärdi. Ilkinji göçümi kim göçerkä?*

*Bu oýny oýnamagy haçana çenli dowam ederkäler?*
*Şol wagt Dewid kinaýaly ýylgyryş bilen yza çekildi.*

*— Orly dogry aýdýar. Beýle irgözinden turup bilmen, iň gowusy, özüň gidiber onda — diýdi.*

*— Näme üçin häzirden gideňok, eje — diýip, Janet hiç* zatdan habarsyz dillendi. — *Şäherdäki öýümizde bolaý. Ol onsuzam hiç kimiň derdine ýaranok. Ir bilen gowy dynjyňy alyp, ýygnaga bararsyň.*

*— Ol hem bolýar... — diýip, ýaňaklarynyň gyzarýanyny duýan Ella tassyklady.*

*Ertir irden Bostona gidip, Aziz bilen guşluk çaýyny edinjekdigi hakynda pikir edende ýüregi çalt-çaltdan urýan halyna, häzirden ýola çykmak oňa, birhili, telbelik bolup göründi. Beýleki bir tarapdan bolsa, ertire garaşyp durman, Aziz bilen bahymrak didarlaşasy gelýärdi. Heniz daň atmagyna wagt gaty uzakdy. Hamala tutuş ömre barabar ýalydy. Häzir ugraberse,* has gowy bolmazmy? *Öýden ulag bilen Bostona iki sagatda barar. Ýöne ol hiç. Aziz baryp, Amsterdamdan gelipdir-ä. Iki sagat ulagyň destinde oturmagyň gürrüňi näme?*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Häzir ugrabersem, sagat ona çenli Bostona bararyn. Ertirem ir bilen neşirýata gidip, Mişel bilen duşuşaryn — diýip, Ella gaýtalady.*

*Dewidiň ýüzi saralyp gitdi. Agzyny açyp oturyşyna, ýeke sözem diýmedi. Gözlerinde aýalynyň başga biri bilen duşuşmagynyň öňüne böwet bolup bilmejegini boýun alan adamyň owarraçyllygy bardy.*

*— Esli wagt bäri öýi syryp-süpüremzogam. Ikibaşdan gördügim bolar — diýip, Ella delillendirdi. Ol bu ahyrky jümläni bilgeşleýin ýanjap aýtdy. Şeýtmek bilen, adamsyna Aziz bilen diňe bir zatlar içip oňjakdygyny, ondan soň öýüne gidip, ýeke özi ýatyp dynjyny aljakdygyny aýtmaga çalyşýardy.*

*Dewid eline şeraply badany alyp ýerinden turdy. Onuň ýüzünde düşünip bolmaýan özüne ynamlylyk bardy.*

*— Gowy pikir, bolýar, ezizim, häzir git — diýdi. Duýduryş berdigimikä? Ýa-da bu bolýan işlere ähmiýet bermeýändigini ýaňzytdygymyka? Ella adamsynyň näme pikir edýänini ýüzünden okap bilmedi.*

*— Eje, ýöne matematikadan öý işime kömekleşjek diýipdiň-ä — diýip, Ewi iňirdedi.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Ella jogap bermäge ýetişmänkä, Orly doganynyň alpetinden aldy:*

*— Wah, ejem ogly! Otur-da, öz öý işiňi özüň et. Ullakan adam bolupsyň!*

*Ella çagalary saçak başynda çekeleşýärkäler, öz aladasy bilen boldy-da, haýdap ýokarky gata çykdy. Ýatyş otagynyň gapysyny ýapan badyna, el telefonyndan Azize jogap ýazdy.*

*«Nähili garaşylmadyk pursat! Haýran galdym. Ýene iki sagatdan «Onuxda» bolaryn».*

*«Ugrat» diýen düwmejigine basdy. Gözlerini bir nokada dikip, göndergi ýazgysynyň gidişine seredip durdy. Onuň edýän zady näme? Bu ýoluň ahyry nirä elterkä? Dogrusy, onuň bu zatlara oýlanyşyp durara wagty ýokdy. Eger şu agşam eden hereketlerine puşman etmeli bolsa, şeýtmeli-de bolsa gerek, munuň üçin has soňrak öküner. Häzir welin, nämäni başyndan geçirmeli bolsa, şony-da eder. Biraz alňasamalydy. Ýigrimi minutyň içinde duşa girip çykdy, ýelüflär bilen saçyny guratdy. Dişlerini arassalady, bir geýip, bir çykaryp, özüne laýyk lybas saýlady. Biri bolmasa, beýlekisini deňäp gördi, o bolmansoň, başga birini saýlady, saçlaryny darady, azkem ýüzüne timar berdi, enesiniň sowgat beren enaýy*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*ýaşma gulakhalkasyny dakyndy, aýnada özüni synlady, synlady-synlady-da halaman, başga bir köýnegini geýdi.*

*Uludan demini alyp, üstüne az-kem hoşboý müşk sepindi, «Eternit-Calvin Klein» atyryny. Ol çüýşe hammamçanyň sandykçasynda ençeme ýylyny geçiripdi. Dewid asla hoşboý yslary halamazdy. «Aýal wanil ýa başga ysy dälde, aýal ysyny bermeli» diýip, ol hemişe gaýtalardy. Ýöne ýewropaly erkek kişi bu babatda başgaça düşünýän bolmagy ahmal. Ýewropada atyr halanýan zat dälmidir?!*

*Näme üçin Aziz geljegini öňünden habar bermedikä? Bilen bolsa, şoňa görä taýýarlanardy. Dellekhana gidip, manikýur etdirip, ýüzüni bejerderdi, hatda, kim bilýär, belki, saçynyň bejergisini üýtgederdi. Ellanyň aňyndan bir topar sowal-jogaplar gelip geçýärdi. Birden Aziz meni halamasa?! Ýa jynymyz jyňkyryşmasa, şondan şuňa — Bostona nireden geläýipdirin diýip, gelenine puşman etse?! Hat alyşmak has mistikidi hem aňsatdy. Duşuşmak bolsa gaty kyn. Näme üçin geldikä? Men çagyrdym... Şol haty ýazmak bilen, bärik gelmegine men sebäp boldum...*

*Ol oý-hyýallaryndan saplandy. Özüni dürsedi. Näme üçin daş görnüşini özgertmäge çalyşýarka? Jynlary alyşsa nähili bolarka, alyşmasa nähili bolar? Bar niýeti bu adam bilen diňe birje bulgur kofe içmekdi. Bolany şol. Ondan aňryk geçmek niýeti ýokdy. Geçibem bilmez. Sebäbi*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Zahara bilen başyndan geçirjek her bir wakasy diňe ýatlama bolup galmaga höküm edilendi, wagtlaýyndy. Onuň maşgalasy bar. Düzgünli güni bar. Geçmişi-de şu ýerde, gelejegi-de. Ol şu ýaşynda bolmajak arzuwlary besleýäni üçin, öz-özüne gahar etdi. Pikir etmezlige, oýlanmazlyga, arzuw etmezlige, hiç bir zada isleg bildirmezlige çalyşdy.*

*Sekize çärýek sagat galanda Ella çagalaryny öpüp, hemmelere «Gijäňiz rahat!» diýdi, öýden çykdy. Dawid iş otagyna geçipdi. Biri-birlerini görmediler.*

*Bostondaky öýleriniň açarlaryny alyp ulagyna tarap barşyna, aňy gurşan ýaly bolup dursa-da, ýüregi gürsüldäp çarp urýardy.*

## ***Bäşinji bölüm Boşluk Bize ýaşaýyşda barlygy bilen däl-de, ýoklugy bilen täsir edýän zatlar Soltan Welet Konýa, 1246-njy ýylyň iýuly***

*Şu hepdäniň anna güni ir bilen kakam meniň bolýan otagyma geldi. Onuň teň halyny görüp, gözüme ynanyp bilmedim. Gözleriniň aşagy halka atyp durdy, seredişi bütinleý özgeripdir, uzakly gije çirim etmän geçirene çalym edýärdi. Ýöne meni hasam beter onuň sakgaly haýran galdyrdy; bir gijäniň içinde duw ak bolaýypdyr! — Welet, oglum, hany, gaýrat et-de, maňa tekge ber. —*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Onuň ynjyly hem zaryn çykan sesini eşidip ýüregim jigläp gitdi.*

*Ylgap baryp goltugyna girdim.*

*— Aýdyber, kaka jan, näme islegiň bolsa aýtsaň bolýar.*

*Esli wagtlap sesini çykarman durdy, ol göýä aýtjak zatlarynyň labyry astynda galan ýalydy.*

*— Şems gidipdir, bizi taşlap gidipdir.*

*Näme diýjegimi bilmedim. Aljyradym, gynandym ýöne, dogrusy, şeýle bolmagy hemmeler üçin has haýyrlydyr diýip oýlanman hem durup bilmedim. Indi ýaşaýyş öňkülerden aňsatlaşmazmy? Kakam soňky döwürde gaty köp duşman gazanypdy, hemmesine-de Şems sebäpkärdi. Öňler ol şu şäheriň iň abraýly adamydy. Häzir bolsa ony halamaýanlar, ýazgarýanlar köpelipdi. Çekinýärdim, hemme zadyň ozalkysy ýaly bolmagyny isleýärdim. Belki, Alaetdiniň aýdýany hakdyr: Şems durmuşymyzy terk etse, öňki rahat günlerimiz gaýdyp geler? Kakam aňymdan geçen pikirleri okan ýaly, çekinjeňlik bilen ýüzüme seretdi:*

*— Onuň meniň gadyrdanymdygyny ýadyňdan çykarma — diýdi. — Şems ikimiz aýry-aýry adamlar däldiris; biz, aslynda, birdiris. Aýyň bir-ä aýdyň tarapy bardyr, birem*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*garaňky tarapy. Şems meniň boýunegmezek tarapymdyr. Ol meniň topalaňçy ýüzümdir. Hiç kim görmese-de, onuň her bir pitnesinde men bardyryn.*

*Başymy atdym, kakamyň ýagdaýyna kejebäm darykdy. Esli wagtlap gürläp bilmedim.*

*— Ýalbarýan, Şemsi tapyp ber, elbetde, özi tapylmak isleýän bolsa. Git-de getir ony, oglum. Onuň ýoklugyna nähili gynanandygymy düşündir — Kakamyň sözleriniň soňy pyşyrda ýazdy. — Oňa ýoklugynyň meni heläk edýändigini aýt.*

*Kakama söz berdim. Nirä gidenem bolsa, Şemsi tapyp getirmekçidim. Kakam elimi tutdy*-da, minnetdarlyk bilen *gysdy. Ondan nazarymy gizledim. Gözlerimdäki howsalany kakamyň görmegini islemeýärdim.* ***

*Tutuş hepdäniň dowamynda Konýanyň köçelerini* dabanma-*daban aýlanyp çykdym. Şemsiň aýak yzlaryny yzarlamaga çalyşdym. Şol wagta çenli şäher ilatynyň ählisi Şemsiň ýitirim bolandygyny eşidipdi. Onuň nirä gidip biljegi barada her kim bir zat diýýärdi. Agzyna gelenini uguralla diýip goýberýärdiler. Bir ýola heýwere keselli gedaýa gabat geldim. Şemsiň janköýeri eken. Aldyda, meni özi ýaly haly harap` sergezdan hem*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*hossarsyz adamlar bilen tanyşdyrdy. Olary birleşdirýän zat geçmişde Şemsiň özlerine hemaýat edendigidi. Haýran galdym. Diýmek, Töwrizli Şemsiň dadyna ýetişen şunça adamy bar eken, ondan habarsyz galypdyryn. Şunça wagtlap diňe ony halamaýanlara gulak gabardyp, Şemsi gowy görýänleriň hem köpdügini bilmändiris.*

*Bir agşam öýe halys ýadaw halda geldim. Kerra maňa dessine bir tabak süýtlaş getirdi. Nahardan süýjiniň, gül suwunyň we tarçynyň ysy gelýärdi. Geçip ýanymda oturdy, nahar iýýärkäm, ene mähri bilen ýylgyryp meni synlady. Onuň ýüzündäki aladany saýgarmazlyk mümkin däldi. Bir ýylyň içinde ol nähili garrapdyr.*

*— Şemsi gözleýämişiň diýýärler, şeýlemi? — diýip, Kerra birazdan dillendi.*

*Başymy atdym.*

*— Onuň nirä gidenini bilýärmiň?*

*— Ýok, çak edýän ýerim hem ýok. Her kim bir zat diýýär. Şama giden bolaýmasa diýýärler. Ýöne Yspyhana, Kaire, hatda dünýä inen şäheri Töwrize giden bolmagy-da ahmal diýýänler hem bar. Ähli ýeri barlap görmeli. Men ertir Şama gitmek üçin ýola düşjek. Şol bir wagtda kakamyň üç şägirdi beýleki üç şähere giderler.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Kerranyň keşbi wajyp görnüşe girdi. Daşyndan pikirlenýän ýaly hüňürdedi.*

*— Kakaň gürlese diňe şygyr okaýan ýaly, samrap gürleýäninden habaryň barmy? — diýip, howsalaly ýylgyrdy. — Uzakly gün dymýar. Gürlese-de diňe goşgy okaýar.*

*Ol gözlerini ýere ýazylan eýran halysynyň seçeklerine dikdi. Kirpikleriniň ujy çala çygjarypdy. Uludan dem alanyndan soň, bir demde şu goşgyny okady. Gördüm gül didarly Hökmürowany Ýüz-gözi jennetiň Güni, mälimdir.*

*Bar barlyga paýlap sansyz dowany,*

*Ruhlara ruh berýän ruhdur Älemde.*

*Nämeleriň bolup geçýäninden habarym bardy. Kerra wyždanynyň penjesinde gysylyp-gowrulýardy. Şemsiň gitmesine iň köp begenen hem, meger, şol bolsa gerek. Bolmanda, göwrümi giňäpdi. Beýleki bir tarapdan bolsa, kakamyň wagtyhoşlugynyň hatyrasyna ähli zada kaýyldy. Onsoň ol bir zady gaty gowy bilýärdi, kakamyň bagtyýarlygy Şemsiň barlygyna baglydy. Şemsiň gaýdyp* gelmegi bolsa, *kakam Kerrany we bizi ýene gözden salar diýildigidi. Şeýlelikde, Kerra bir aýalyň başyndan geçirip biljek iň çoçgarly meselede iki zadyň haýsy*-da bolsa *birini saýlamaly bolupdy: ýanýoldaşy bagtsyz hem bolsa,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*onuň öz ýanynda galmagyny, gözüniň alnynda bolmagyny isleýärmi ýa-da özi betbagt hem bolsa, ýanýoldaşynyň erkin hem garaşsyz bolmagyny?*

*— Şemsi tapyp bilmesem näme? — diýip, Kerra ýüzlendim. Dilimden çykan söz özümi aljyradanam bolsa, eýýäm giçdi.*

*— Onda eliňden näme gelýär. Etjek alajyň ýok. Ol gelmänkä nähili bolsak, ýene şeýle ýaşabereris — diýende Kerranyň gözlerinde umyt uçgunlary ýylpyldady.*

*Nämä kakdyrýanyna düşündim. Şems-i Töwrizini gözlemek üçin ýola çykyp, baryp Şama gitmek hökman däldi. Islesem, ertir Konýadan çykyp, esli wagt ondamunda güýmener ýaly rahat hem arassaja öý taparyn, birnäçe hepdeden soňam geler-de: «Şemsi gözläp, aýagyma garasuw inip gitdi, ýöne, gynansam hem, ony tapyp bilmedim» diýer oňaryn. Kakam aýdanyma ynanar. Şeýdibem, bu mesele öz-özünden ýatar galar. Onsoňam şeýle bolsa, diňe Kerra bilen Alaetdin üçin däl, kakamyň talyplary, müritleri üçin-de, hatda özümede peýdaly bolardy.*

*— Kerra — diýip, ýumşaklyk bilen soradym. — Seniň pikiriňçe, men näme etsem gowy bolar?*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Onsoň köp ýyllar mundan öň dinini üýtgedip musulman bolan, ilkinji adamsyny ýitireninden soň, dul galyp, kakama durmuşa çykan, maňa hem inime ençeme ýyllap diýseň mähirlilik bilen enelik eden, adamsynyň başgalar üçin ýazan şygyrlaryny ýatdan bilmek derejesine çenli ony örän-örän söýen, ömürboýy hemişe elaçyklyk eden, hemişe hemaýatkärlik goluny uzadan bu aýalyň agzyndan ýeke sözem çykmady. Bir pursadyň içinde onda aýdara ýeke söz hem galmandy.*

*Ana, şonda men bir zada göz ýetirdim: bu sowala jogap bermek meniň paýyma düşýärdi.* **Rumy**

***Konýa, 1246-njy ýylyň awgusty***

*Şemsiň ýoklugynda bu dünýä dowzahyň çukury ýaly bir zat. Şol gideli bäri ruhum şor ýerde biten güle döndi, günüme Gün düşenok. Gije gözüme uky gelenok, gündizlerine-de öýde kararym ýetenok. Meniň göwnüm ne duran ýerimde, ne-de başga bir ýerde. Men indi köpçüligiň içindäki ruh — hyýalat ýaly bir zat. Hemmelerden öýkeli, hemmelerden göwnügeçgin, il bilen däl. Nädip hiç zat bolmadyk ýaly ýaşap ýörüp bilýärkäler? Şems-i Töwrizisiz ýaşaýşy ýaşaýyş hasaplap bolarmy?*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Gün batanyndan tä daňdana çenli her gün ýeke başyma kitaphanada oturýan, dymyp geçirýän. Elmydama Şems barada pikir edýärin. Beýle diýmek, özüm üçin Şems ähli zadyň we hemmeleriň jemi bolany sebäpli, aslynda, men tutuş älem hakynda oýlanýaryn diýmek. Onuň maňa aýdan sözleri hiç ýadymdan çykanok: «Günleriň bir güni saňa iň gowy yşky şygyrlary ýazan gündogarly diýerler. Adyň bütin dünýä äşgär bolar».

Ýöne şu günler bar işim dymmak. Öz-özüme: «Hamuş» — Dymma diýýärin. Men hernäçe dymaýaýyn, sözler meniň garşylygyma bakman, synamy daraw-daraw edip, bedenimden daşyna çogup çykýarlar. Şemsiň ilkibaşdan isleýäni şol dälmidi? Menden şahyr döretmekdi! Ýöne şol maksada ýetmek üçin onuň özümi taşlap gitjegi oýumaküýüme gelmändir.

Ýaşaýyş diýilýän elmydama aýlanyp duran çarh. Hala äpet uly möçberlerde bolsun, hala-da bir dirhem agyrlygynda, başymyzdan geçiren her bir kynçylygymyzyň, çeken her bir ejirimiziň ykbalymyzda öz orny, öz berjaý edýän wezipesi bolýar. Göreşmek — adam bolmak üçin zerurlyk. Hak Alla öz kitabynda: «Biziň ugrumyzda jihat edenler bardyr-a, Biz olary hökman öz ýollarymyza salarys» diýmeýärmi? Sen nebsiňden üstün çykmak, hemmeleri deň we bir bitewi görmek, Ýaradan

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*üçin ýaradylany söýmek babatda kiçijik bir ädim ätseň, hökman gaýtargysyny görersiň. Ylahy nyzamyň bardygyna ynanýan bolsak, bir zady bilmelidiris, onda tötänlige orun ýokdur. Şekerçiniň myhmansaraýynyň ýakynynda biri-birimize gabat gelelimiz bäri, iki ýyl geçdi. Gidişi tötänlik bolar ýaly, Şemsiň meniň ýanyma gelşi hem tötänlik däldi.*

*«Seniň durmuşyňdan ýel ykdyran ýaly, çykyp gidiberere, meni ýel süreкläp getirmedi» diýip, Şems aýdypdy.*

*Soňra bolsa bir hekaýaty gürrüň beripdi:*

*Bir zamanlar bir pir bar eken. Onuň keramaty diýseň zormuş, ol Isa pygambere bagyş edilen nepesiň eýesi eken. Bu sopynyň ýeke-täk şägirdi bolupdyr. Pir öz gününden hoşal eken. Onda şägirdim, müridim köp bolsun diýen isleg bolmandyr. Ýöne onuň ýeke-täk şägirdi welin, başgaça pikirde eken. Ol öz halypasynyň mertebesiniň we güýjüniň öňünde hemmeleriň aňk bolmagyny isläpdir. Şonuň üçinem ýalbaryp-ýakaryp, pirinden tarykat gurmagyny we örän köp mürit edinmegini isläpdir.*

*— Bolýar — diýip, ahyry pir boýun bolupdyr.— Eger beýle özelenýän bolsaň, hany, gurup göreli.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Şol gün olar bazara gidipdirler. Tekjeleriň birinde guş şekilinde doňdurylan şeker satylyp duran eken. Pir demi bilen üfläpdir welin, ýel öwsen ýaly bolupdyr-da şekerden ýasalan guşlaryň hemmesine jan girip, ganatlanyp uçup gidiberipdirler. Şäher halky aňk bolup, şobada piriň daşyny gurşap alypdyr. Hemmeler oňa mürit bolmak üçin nobata durupdyr. Wagtyň geçmegi bilen öte köp muşdak ýygnanyp, köne şägirt halypasyny idili görüp hem bilmändir.*

*— Tagsyr — diýip, şägirdi bir gün pirine ýüzlenipdir. — Gaty köpelip gitdik. Töweregiňiz hümer boldy. Ozallar ähli zat ugrunady. Bir alajyny ediň. Baryny yzyna ugradyň, gaýrat ediň.*

*— Bolýar-da — diýipdir pir. — Eger beýle özelenip duran bolsaň, hany, şeýdibem bir göreli.*

*Ertesi güni pir wagyz berip durka, artbujagyndan seslendirip ýel çykarypdyr. Talyplary muny gaty geň görüpdirler. Dessine-de ondan uzaklaşma bilen bolupdyrlar. Onuň ýanynda diňe köne şägirdi galypdyr.*

*Halypasy şonda:*

*— Oglum, sen näme üçin beýlekiler bilen gitmediň? — diýip ondan sorapdyr.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Müridi:*

*— Tagsyr, soňky ýel bilen gider ýaly, men ilki ýel bilen gelenlerden däl ahyry — diýipdir.* ***

*Şems şu wagta çenli näme eden bolsa, meni kämilleşdirmek üçin etdi. Adamlaryň düşünip bilmedik zady-da, ynha, şu. Ol göre-bile myş-myşlaryň oduny körükläp, kejirligine tutup, basmasyz perdä basdy. Göräýmäge gulaga küpür söz bolup eşidilýän sözleri ulandy; özüni eý görýän adamlaryň-da garaýşyny bulaşdyrdy, lapyny keç etdi. Meniň akyl mantygy bilen ýeten we hazyna saýýan bilim dürdänelerimiň baryny bir gyra aýryp taşlarym ýaly, ol ähli kitaplarymy suwa oklady. Hemmeler oňa alymlary halamaýandyr öýdýär, ýöne sanaýmalyja adamdan başga hiç kim onuň özüniňem ajaýyp tefsir ukybynyň bardygyny bilmeýär. Şems alhimiýada, ýyldyz ylmynda, synçylykda, ylahyýetde, pelsepede we mantykda çuňňur bilimlere eýedir, ýöne kör gözlerden gabanyp ylmyny gizleýär. Özi-de din* kanunlaryny biliji *— fakyh, şonuň üçin hem özüni örän pespäl alyp barýar.*

*Şems tobakäre öwrülen bozuk zenana gapymyzy açdy. Çöregimizi onuň bilen deň paýlaşmaga bizi mejbur etdi. Myş-myşlara gulak asmazlygy, ýaman söze ýaman söz bilen gaýtargy bermezligi öwretdi. Meni meýhana iberip,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*serhoşlar bilen hemsöhbet etdi. Bir gezek wagyz berýän metjidimiň öňünde gedaýçylyk etmegimi isledi. Ömrümde ilkinji gezek özümi heýwere keselli adamyň ornunda goýup gördüm. Onsoň şu geldi-geçer dünýä şonuň gözi bilen garadym. Gedaýyň seredýän ornundan özümiň nähili görünýändigime düşündim. Şems meni muşdaklarymdan we özüm bilmezden daşymy gurşap alan ýalynjaňlardan, hatda meni goldaýan hökmürowan synpdan aýra saldy; jemgyýetiň iň aşaky gatlaklary bilen duşurdy. Şonuň arkasyndan başgaça usulda tanap bilmejek adamlarym bilen tanyşdym. Ol bendesi bilen Rebbiň arasynda buta öwrülen zatlaryň baryny, goý, ol şan-şöhrat, goý, pul-baýlyk, goý, dereje-makam bolsun, hatda aşa dindarlyk, daşa dönen, yşkdan uzaklaşan näme bar bolsa, ähلisini goparyp taşlamaly diýip pikir ederdi. Aňlardaky çäklilikleri, ýüreklerdäki öňýazgaryşlary — öňden bar bolan ters pikirleri, jemgyýetdäki galyp bolan kadalary, mezhepleriň we dünýägaraýyşlaryň arasyndaky tapawutlylyklary sarsdyrmagyň tarapdarydy. Ol hemmämiziň ýeketäkdigimize, bir bitewüdigimize we deňdigimize düşünmek üçin şeýdýärdi. Goý, soňa diňe Ylahy yşk galsyn. YŞK!*

*Hut şonuň hatyrasyna ençeme synaglardan geçdim, belentliklerden peslige indim, bir haldan beýleki bir hala*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*düşdüm. Iň wepadar müritlerimiň öňünde hem abraýyna gara sürtülen adama, alasamsyga öwrüldim. Şonuň kömegi bilen ýalňyzlygyň, çäresizligiň, ýalňyş düşünilmegiň, çetleşdirilmegiň, kemsidilmegiň we ahyrynda bolsa, aýralyk ajysynyň tagamyny dadyp gördüm.*

*Dünýäniň saňa sypaýyçylyk bilen bakmasy, ýalynjaňlygy tagamly lukmadyr, ýöne sen ondan az iý.*

*Çünki ataşdan lukmadyr ol!*

*...Öwülmek süýjüdir; ýazgarylmak ajy bolany üçin ol erbet görner.*

*(Ýöne) ýazgarylmakdan uluglyk peýda bolýandyr, synada göräý!*

*Alla her gün, her demde: «Sizi bu dünýä ýollamazdan öň eden ähdimizi ýatlaýarmysyňyz? Bilinmeýän hazynadym. Bilnerimi isledim. Bu şertleşikde özüňize düşen paýyň uludygyny, gözeldigini görmeýärmisiňiz?» diýip soraýar.*

*Biz köplenç jogap bermäge taýýar däl.* Bu soraglar bizi *gorkuzýar, birahat edýär. Ýöne Alla sabyrlydyr. Sorar, garaşar, ýene-de gaýtalap sorar, ýene garaşar. Eger şu ýürek ýarasy synagyň bir parçasy bolsa, ýeketäk dilegim şudur: şu gaýgy-gussa ötüginiň ahyrynda hasrat gutarsyn we men Şemse gowuşaýyn. Kitaplarym, wagyzlarym,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*ogullarym, aýalym, tutuş barlygym ýa-da şan-şöhratym... Men ählisini terk etmäge taýýar, birje gezek onuň nur jemalyndan röwşen tapsam bolýar.*

*Düýn Kerra meniň barha şahyra öwrülip barýanymy aýtdy. Haýran galaýmaly! Men ömürboýy şahyrlara bil baglaman ýören adam ahyry. Ýöne şol wagt sesimi çykarmadym. Başga wagt bolanlygynda aýdanlaryna garşy çykardym, ýöne indi bu mümkin däl!*

*Dilimden katra-katra bolup setirler dökülýär, onda-da durary-sägineri ýok, eşidenler maňa şahyr bolupdyr diýmegi ahmal, hawa. Söz Ýurdunyň Soltany! Ýöne aslynda welin, bu şygyrlar maňa degişli däl. Men diňe harplara sebäpkär. Sözleri buýrulyşy ýaly ýazýan syýadan, döwet, galam mysaly bir zat; üflenýän sazy ýaňlandyran naý ýaly; men diňe araçy. Diňe özüme düşýän borjy berjaý edýärin. Men sözleriň soltany däl, diňe göwünjeň, meýletin kätip. Köňlüme näme pyşyrdasalar, şony-da ýazýaryn. Emma pyşyrdaýan men däl...*

*Ýaşaýşymyň şuglasy, ejirlerimiň maksady! Gel!*

*Töwriziň aňk edýän Güni! Sen, eýse, nirede?!*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

***Şems***

***Şam, 1247-nji ýylyň apreli*** Soltan Welet meni tapdy.

*Şama baranyma on aý bolupdy. Dup-dury, göm-gök asmanyň astynda Fransis atly hristian keşişi bilen sadranç oýnap otyrdym. Fransis içki sazlaşygy aňsatańsat bozulmaýan, kaýyllyk arkaly gelýän rahatlygyň nämedigini bilýän, ähli janly barlyga deň göz bilen garamagy başarýan adamdy. Meniň pikirimçe, ol özüne musulmandyryn diýip, yslamyň näme manysynyň bardygyny bilmeýän we bilmelidir hem öýtmeýän onlarça* adamdan has musulmandy.

*Otuz dördünji kada: Hakyň edenine kaýyl bolmaklyk ejizligem, nalajedeýinligem däldir. Gaýta, şeýle kaýyllyk aňrybaş derejede güýçli bolmagy talap edýär. Kaýyl adam çaýkanyp ýatan girdaply suwlarda ýersiz-ýere urunmagy goýar-da, ygtybarly mekanda ýaşar.*

*Sadranç tagtasynda birnäçe çöpümiz galypdy. Fransisiň şasyny kyn ýagdaýa salmak üçin wezirimi göçdüm. Ol hem batyrgaý göçüm bilen ruhuny öňe sürdi. Şol wagt ýüregim: sen bu oýunda utulaýmasaň ýagşydyr diýýän ýalydy. Aňymda şeýle pikir geçip duran pursady başymy* galdyranymda Soltan Welet bilen nazarymyz çaknyşdy.

*— Seni dünýä gözi bilen görmek nähili oňat — diýdim. —*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Diýmek, ahyry meni çynyň bilen gözlemegi ýüregiňe düwüpsiň-dä?!*

*Ýüzünde utanýandygyny görkezýän ýylgyryş peýda boldy, soňra özüni dürsedi. Ol içki dünýäsindäki aýgytsyzlykdan habarlydygyma aljyrapdy. Ýöne namysjaň hem sözüne bil baglap bolýan ýaş adam bolany üçin hakykaty inkär edip durmady.*

*— Hawa, seni gözlemäge derek, esli wagtlap ondamunda gezdim. Kakamy aldatmakçydym, ýöne soň gaýtmyşym etdim, kakama ýalan sözläp biljek däldim. Ahyrsoňy Şama geldim. Barmadyk gapym, barlamadyk öýüm galmady. Näme üçin menden gizlendiň?*

*— Sen dogruçyl, ýüregi ýuka, ahlagy gözel adam, örän gowy perzent, sen wagty gelende kakaňa oňat ýoldaş bolarsyň.*

*Soltan Welet başyny gynanç bilen aşak egdi.*

*— Oňa gerek ýeke-täk ýoldaş özüň, Şems. Ikimiz Konýa gideli. Kakam seni gaty küýseýär.*

*Bu çakylygy eşidip, aňymdan müň bir pikir geçdi. Ençeme wagt bäri içimde uklap ýatan nebis birden aýaga galdy, islenmeýän ýerime gitmeli däldigimi duýdurdy:*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*«Welede asla gulak asma. Seniň ol ýerde işiň ýok, borjuňy bitirdiň. Konýa gaýdyp barmak hökmany şert däl. Baba Zamanyň diýen zatlaryny ýadyňdan çykarma.*

*Ýoluň mundan beýläkki bölegi howply. Gitseň gaýdyp gelip bilmersiň...»*

*Nebis ýaşamak isleýär. Hemişe her bir zadyň has köp bolmagyny isleýär. Meniň nebsim hem dünýä aýlanmagy dowam etmek, täze-täze adamlar bilen tanyşmak, täze şäherleri görmek isleýärdi. Üstesine, Şamy-da haladym, indiki gyşa çenli şu ýerde arkaýyn ýaşap biljekdim. Heniz bir ýere öwrenişip-öwrenişmänkä, täzeden ýola düşmek ynsan ruhunda gorkunç ýalňyzlyk duýgusyny oýarýar.*

*Ýüregimiň Konýada galandygyny gaty gowy bilýärdim. Rumyny şeýlebir göresim gelýärdi welin, ady tutulsa-da içim ot alyberýär. Şol ýanymda bolmasa, haýsy şäherde bolanymda parhy näme?! Ol nirede bolsa, meniň kyblam hem şol tarapdady.*

*Sadranç tagtasyna dolandym, şahymy göçdüm. Fransisiň gözleri pal daşy ýaly tegelendi. Sebäbi göre-bile özümi ýeňlişe itekleýänime ol göz ýetiripdi.*

*Ýaşaýyş hem edil sadranç ýaly. Käbir göçümi utmak üçin göçýärsiň, käbir göçümi bolsa hut oýnuň barşynda zerur*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*bolandygy sebäpli, dogrusynyň şoldugy zerarly göçüp, utulýarsyň.*

*— Haýyş edýän, meniň bilen bile gideli — diýip, Soltan Welet özelendi.— Gep-gürrüň edip, saňa bihormat çemeleşenler hem juda ökünýärler. Söz berýän, bu gezek ähli zat gowy bolar.*

*«Ah, ogul, beýle anyk söz berseň ýalňyşarsyň — diýesim geldi. — Hiç kim beýle borjy boýnuna alyp bilmez!» Ýöne dilimi dişledim. Usullylyk bilen başymy atdym.*

*— Ýene bir gezek Şamda Günüň ýaşyşyny synlaýyn. Ertir daňdanlar ýola düşeris.*

*Soltan Welet jany rahatlanan ýaly ýylgyrdy.*

*— Ynha, munyň bolýar! Sag bol, kakamyň nähili begenjegini bir görsediň.*

*Fransise tarap öwrüldim. Ol hem sabyrlylyk bilen oýna täzeden göz aýlaryma garaşýardy. Ünsümi özüne gönükdirenime göz ýetirensoň, gaşlaryny galdyrdy: — Ägä bol, dostum — diýip, ýeňen adamyň dabarasy bilen seslendi. — Şah mat!*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

***Kimýa Konýa, 1247-nji ýylyň maýy***

*Bütinleý başga adama öwrüläýipdir. Gör, nähili özgeripdir. Saçy ösüp, gözüne düşeýin diýýär, bedeni şam güneşiniň astynda ýanyp, ony has ýaş görkezýär, ol gelşigine gelipdir. Onda başga bir üýtgeşme hem bar; ýöne onuň nämedigini doly saýgaryp bilemok. Gara gözleri hemişeki ýaly ýalp-ýalp edip, kir-kimirsiz ýalpyldaýar, ýöne gözleriniň çuňluklarynda üýtgeşik uçgun görünýär. Onuň gözleri görjegini görüp, ununy eläp, elegini diwardan asan, göreşmekden el göterip, bu dünýäniň ähli höwesinden saplanan adamyň gözleridi...*

*Şems özgeripdir. Ýöne esasy özgerişligi Möwlana başyndan geçiren bolsa gerek. Şems gelensoň ähli dertlerinden, alada-gaýgysyndan saplanar, ýüzi güler öýdüpdim. O diýenim bolmady. Şems gelende Rumy ony şäheriň derwezesiniň öňünde, eli çopantelpek gülli garşylady. Yzysüre-de gaýtadan gaýgy-gussa hem alada çukuryna gapgaryldy. Häzir ol öňkülerden has biynjalyk, hatda has bagtsyz hem garasöýmez bolupdyr. Onuň hem sebäbine düşünýän öýdýän. Şemsi bir gezek elinden giderensoň, ýene ýitirerin öýdüp gorkýar. Aýralyk ajysyny bir gezek dadyp görensoň, indi hemişe biynjalyk. Başga hiç kim duýmasa-da, ony men ýürekden duýýaryn.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Sebäbi edil Rumy ýaly, menem Şemsi elden gidermekden gorkýaryn.*

*Ýeke-täk syrdaşym — Göwher hatyn. Rumynyň merhum aýaly ýygy-ýygydan meni görmäge gelýär. Oňa göze görünme — hyýalat diýip biljek däl. Ol tanaýan beýleki göze görünmelerimden bütinleý üýtgeşik. Düýşde gezýän ýaly bolup, bu älemde aýlanyp ýör. Onda edenli zenanlara mahsus aýgytlylyk bar. Asuda akýan çeşme ýaly, ol etegimde aýlanýar. Onuň bilen ähli zat barada gürrüň edýäris, ýöne soňky döwürlerde bar gürrüňimiz Şems boldy!*

*Şu gün Göwher hatyna:*

*— Tagsyr Möwlana aladaly görünýär, oňa kömegim degse bolmaýarmy — diýdim.*

*K ömegiň deger — diýip, syrly ýylgyrdy. — Möwlana öňden bäri bir zat hakynda oýlanyp ýör, ýöne heniz pikirini hiç kime duýduranok.*

*— O nähili pikir?*

*— Rumynyň pikiriçe, eger Şems öýlenip, öý-işik bolup bilse, Konýanyň halky ony has gowy kabul eder we öz arasyna goşar. Gep-gürrüňler, aýyplamalar azalar. Şemsiň başyny çatyp bilse, aýagynyň hem duşaldygy*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*bolar. Onsoň bu ýerlerden gaýdyp gitmegine zerurlyk* bolmaz.

*Ýüregim tasdanam togtapdy. Şems öýlenmeli-dä! Ýöne* kime?!

*Göwher gözüniň gytagy bilen meni synlady.*

— *Möwlana kakaň bilesi gelýär, Kimýa jan, sen Şems bilen durmuş gurmaga razymyň?*

*Aljyrap özümi ýitirdim. Dogrudan hem, durmuşa çykmak pikiri aňymdan ilkinji gezek geçenokdy. On alty ýaşyma gadam basypdym, durmuş gurmak çagyndadym. Ýöne şu güne çenli durmuşa çykan gyzlaryň çürt-kesik özgerýänini görüpdim. Olaryň gözlerinde başga bir bakyş peýda bolýardy, hereketleri, özlerini alyp barşy, gürleýişleri dagy hem özgerýärdi. Beýleki adamlaryň olara bolan gatnaşygy üýtgeýärdi. Çülpe çagalar hem durmuşa çykan ýaş zenan bilen boý gyzy dessine saýgaryp bilýärdiler.*

*Göwher hatyn köpügören aýala mahsus ýylgyrdy, Elif* elimden tutdy. Ol bir zada — *meni Şemse durmuşa çykmagyň däl-de, maşgala bolmagyň gaýgylandyrýandygyna göz ýetirdi.* ***

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Ertesi gün öýleden soň Rumyny görmäge gitdim. Ol «Tahafut al-Tahafut» atly kitaby okap, pikire çümüp* oturan eken.

*— Kimýa jan, akyllyja gyzym — diýip, ol begençli gepledi. — Menden saňa näme hemaýat gerek?*

*— Ençeme ýyl mundan ozal öz kakam «eti siziňki, süňki biziňki» diýip, meni tabşyryp gideninde siz: «Gyzlar oglanlar ýaly gowy talyp bolup bilmez, sebäbi durmuşa çykyp, çaga öndürip-ösdürmeli bolýar» diýipdiňiz. Ýadyňyza düşýärmi?*

*— Elbetde, ýadyma düşýär — diýip, Möwlana aýtdy. Onuň nurana gözleri bilesigelijilik bilen ýalpyldady.*

*— Ana, şol gün öz-özüme hiç haçan durmuşa çykmaryn diýip söz berdim.* Şeýtmek bilen, hemişe talybyňyz bolup galmakçydym *— diýdim. — Ýöne, belki, hem durmuşa çykyp, hem öýüňizde galyp bilerin. Ýagny, diýmekçi bolýan zadym, şu maşgalanyň bir agzasy bilen durmuş* gursam...

*— Ýa Alaetdine durmuşa çykmak isleýäňmi? — diýip,* Rumy sorady.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Alaetdin diýdiňizmi? — Akylym başymdan uçupdy. Alaetdin bilen durmuş gurmak gürrüňini nire den tapdyka?! Ol meniň doganym saýylýar ahyry.*

*Rumy aljyraňňylygymy duýan* bolarly, *gürrüňi çintgemäge durdy:*

*— Arada bir gün ir bilen Alaetdin ýanyma geldi. Eger göwnese, Kimýa öýlenjek diýdi.*

*Agzymy açyp aňk bolup galypdyryn. Bir ýaş gyzyň şular ýaly meselelerde bisabyrlyk etmegi oňyn garşylanjak zat däldi. Şeýle*-de bolsa, soraman durup bilmedim:

*— Siz näme diýdiňiz, tagsyr?*

*— Ilki Kimýanyň özünden soramaly bolar diýdim.*

— Neme... — *diýenimde sesim gyryljyk çykdy, maňlaýymda monjuk-monjuk der peýda boldy. — Bärik Şems bilen durmuş gurmak isleýändigimi aýtmaga* gelipdim.

*Rumy gulaklaryna ynanmaýan ýaly, geň galyp seretdi. — Gyzym, çynyňmy?*

*— Çynym, onda-da bu nikanyň örän bähbitli bolmagy* ahmal *— diýdim. — Şeýlelikde, Şems maşgalanyň bir*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*agzasyna öwrüler, onsoň gaýdyp bu ýerden gitmeli bolup durmaz.*

*Şol mahal Möwlana ýüzüme tiňkesini dikdi.*

*— Sen maňa kömek etmek üçin Şems bilen durmuş gurmak isleýäňmi? Bärde galsyn diýýäňmi? Şeýlemi?*

*— Ýok, neme, hawa, ýöne diňe onuň üçin däl... — Ýuwdundym. — Göwnüme bolmasa, Şems meniň takdyryma ýazylan ýaly. Ol meniň nesibämdir. Ýa-ha şonuň bilen durmuş guraryn, ýa-da hiç haçan durmuşa çykman. Şems-i Töwrize bolan söýgimi ynha, diňe şeýdip boýun aldym.* ***

*Durmuşa çykmagym bilen bagly habary ilki eşiden Kerra boldy. Dessine ýüwrüp ýanyma geldi. Gussaly ýylgyryş bilen gapdalyma geçip oturyp, ahyret soragy kimin, yzyardy gelmeýän soraga başlady.*

*— Dogrudanam, ýüregiňe berk düwdüňmi, gyzym, hakykatdanam, Şems bilen durmuş gurmak isleýäniň çynyňmy? Oňatja oýlan. Maşgala bolmak başga zatdyr. Heniz ýaşyň gaty kiçi dälmi? Onsoňam Şems ikiňiziň ýaş tapawudyňyzam gaty uly. Ol özi duşdaş birine öýlense, has gowy bolmazmy?*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Yşk ähli aratapawutlary aradan aýyrýandyr diýip, Şemsiň özi aýdýar ahyry — diýdim. — Aramyzdaky ýaş tapawudynyň bärde näme ähmiýeti bar?!*

*Şol gezek Kerra meniň neneňsi söýgä uçrandygyma düşündi öýdýän. Uludan dem aldy. Wagtyndan öň çalaran saçlaryny gyňajynyň içine gysdyrdy.*

*— Gyzym, Şems gaharjaň derwüşdir, pitneçi ýasawly adamdyr. Onuň ýaly erkek kişiler aňsat-aňsat maşgala durmuşyna öwrenişýän däldir. Kesekiligine galar. Şeýle adamlary daşyndan halap oňanyň gowudyr. Beýle adamlar oňat maşgalabaşy bolup bilmeýärler. Soň göwnüň geçer.*

*— Çözülmejek mesele däl-le, Şems kem-kemden özgerer. Ony ýürekden söýüp, bagtyýar ederin welin, ol özgerer. Oňat ýanýoldaş, oňat ata bolmagy öwrener — diýip, ynamly gürledim.*

*Kerra aýdanyma garşy çykyp durmady. Şeýlelik bilen, gürrüňimiz başlanan dessine-de tamamlandy.*

*Şol gije begenip düşegime geçdim. Ýüregim edil telbelän ýaly, gürs-gürs edip urýardy. Şol pursat aýal diýilýän jynsyň ezelden goýberip gelýän iň uly ýalňyşlygyny gaýtalandygymy men şonda nireden bileýin?! Söýýän kişisini öz söýgüsiniň kömegi bilen özgerdip bilerin*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*öýtmek biz zenanlara mahsus iň gadymy ýalňyşlyk bolsa gerek.* ***Kerra***

***Konýa, 1247-nji ýylyň maýy***

*Başga zat soramadym. Ynananym üçin däl-de, Kimýanyň ýürekden aşyk bolanyna göz ýetirenim üçin şeýtdim. Şu durmuşa çykmak meselesinde ideg-sorag etmämi goýdum. Durmuşda haýran galaýmaly ýalňyşlyklar bolýar welin, gözüň alnynda bolup durka-da, ara düşüp ony saklap bilmeýärsiň.*

*Bu ýyl oraza aýy ir geldi. Öýde işimiz başymyzdan agdykdy. Basa oturyp bukja taýýarladyk. Baýram tiz geçdi. Dört günden soňra Kimýa bilen Şemsiň durmuş toýuny tutduk.*

*Toý güni taýýarlyk işleriniň aladasy bilen başagaýkam, geň bir ýagdaýyň şaýady boldum. Ýeke özüm aşhanadadym. Üsti unly agaç gapak, elimde-de oklaw, myhmanlara çapady bişirip otyrdym. Birden näme edýänimi oýlanyp durman, owujymy dolduryp hamyr aldym-da, Merýem enäniň kiçijik, ýumşajyk şekilini ýasamaga durdum. Pyçagyň kömegi bilen hamyry gerek şekiline getirdim. Heýkeljigiň ýüzüne alçak, mähirli keşp berdim. Edip oturan işime gaty berlipdirin welin,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*ýeňsämde biriniň durandygyny hem aňşyrman galypdyryn.*

*— Näme edýäň, Kerra?*

*Ýüregim agzyma geldi, yzyma öwrülenimde Şemsiň gapynyň öňünde durandygyny gördüm. Heýkeli gizläýin diýsem-de, indi giçdi. Şems gapagyň ýanyna geldi, ýasan şekilime seretdi.*

*— Hezreti Merýemiň şekilimi? — diýip sorady. Men jogap bermänimden soň ýylgyrdy. — Gowy ýasapsyň. Merýemi küýsediňmi?*

*— Hiç kimi küýsämok — diýip, göz-görtele ýalan sözledim. — Häzirki dinimi saýlap alanyma köp wagt geçdi. Men indi musulman zenan.*

*Şems aýdýanlarymy eşitmeýän ýaly, sözüni dowam etdi.*

*— Belki, «Näme üçin yslamda Merýem ene ýaly zenan şahsyýet ýokka?» diýip pikir edensiň. Hezreti Äşe bar, elbetde, hökmany suratda, Patma enemiz hem bar, ýöne mümkin, seniň gözüňe olar hezreti Merýem bilen deň däldir.*

*Biynjalyk boldum, näme diýjegimi bilmedim.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Rugsat etseň, saňa bir zady gürrüň bereýin — diýip, Şems seslendi. Onsoň, ynha, şu hekaýaty aýdyp berdi.*

*Öz döwründe biri pars, biri arap, biri türk, biri rumly — dört sany ýoldaş bar eken. Ellerine düşen pula näme ederini bilmändirler. Pars aýdypdyr: «Hany, engur alalyň»; arap: «O diýýäniň näm-aý, geregi ýok, gowusy, ineb alalyň» diýipdir; türk bolsa: «Üzüm, üzüm» diýip, tükezzibana tutduryp otyr diýýär. Ony diýseň, rumly hem ýer depip durmuş: «Goýuň o diýýänleriňizi, ingabilden gowusy bolmaz, şony alalyň» diýýärmiş. Köp wagt geçmänkä, olar gohlaşyp, ýakalaşyp başlapdyrlar. Ahyry olar dördüsiniň hem şol bir zat isleýändiklerine düşünipdirler. Ýöne indi olaryň arasynda täze bir çekeleşik döräpdir. Her kim öz üzümini halaýarmyş. Biri gara, biri ýaşyl, biri sary, biri goňras üzüm salkymyny tutýarmyş. Her kim öz üzümini ýerde-gökde goýmandyr.*

*Hernä şol ýerden köňülleriň dilmajy bir sopy geçip barýar eken. Olaryň gohlaşyp duranyny görüp, dört satyjynyň hersinden bir salkym üzüm alypdyr-*da bir gaba *salyp, üzümleri mynjyradypdyr. Üzümiň suwuny sykyp alypdyrda, gabygyny aýryp taşlapdyr. Sebäbi esasy zat miwäniň gabygy däl-*de, asly-özeni bolmaly.

*Hekaýat tamamlanandan soň, Şems labyzly gürledi.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*—Hristian, ýahudy, musulman... bu üç dine ynanýanlar ýaňky dört ýoldaş ýalydyr. Daşky görnüş babatda düşünişip bilmeseler-de, ýollary mazmun taýdan meňzeşdir, birdir. Sopy daşky gabyk bilen gyzyklanýan däldir. Ol özendäki jöwheriň ugrundadyr.*

*Üns bilen diňledim.*

*— Diýjek bolýan zadym, Merýem enäni küýsemek hökman däl. Sebäbi ondan ýüz öwürmegiň geregi ýok. Eger aýallardan pygamber çykmaly bolsa, gürrüňsiz, ol pygamber bolardy. Seni Alla bilen baglaýan, Oňa çagyrýan Merýem bolsa, Oňa tarap bilýän ýoluň bilen git.*

*Musulman zenan hem Merýem enäni haýyrda, dogada ýatlap biler.*

*— Ýöne bu dogry bolmaz — diýip, sakawlap aýtdym.*

*— Näme üçin bolmaýarmyş? Dinleriň ählisi şol bir deňze tarap akýan derýalardyr. Merýem ene diýmek, seniň pikiriňçe, rehimdarlyk, merhemet, penalanmak, tejribe, hemaýatsöýerlik diýmek bolsa, ony musulman zenan bolup hem söýüp bilersiň. Hatda, isleseň, gyzyňa Merýem adyny hem dakyp bilersiň.*

*— Meniň gyzym ýok ahyry — diýdim.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Enşalla, bolar — diýip, Şems dillendi.*

*— Sen nireden bilýäň? — diýip, haýran galyp soradym.*

*— Bilýän-dä.*

*Biygtyýar ýylgyrdym. Şu öýe geleli bäri ilkinji gezek Töwrizli Şems bilen içgin gürleşip, syrdaş bolup gördüm. Biz gapdallaşyp durup, ikimiz hem şol bir meňzeş garaýyş bilen hamyrdan ýasan Merýem enäme seretdik. Ol hem hemişeki mähirliligi bilen agaç gapakda durşuna ýylgyrdy. Onsoň, ynha, şol wagt ilkinji gezek Şemsiň giň hem ajaýyp ýürekli adamdygyna we adamymyň onuň bilen dostlugyna näme üçin beýle ähmiýet berýänine göz ýetirdim.*

*Goý, ol şu öýde galsyn. Hiç ýere gitmesin. Ýöne şonda-da Şemsiň Kimýa oňat ýanýoldaş boljagyna şübhelenýärdim.* **Ella**

**Boston, 2008-nji ýylyň 15-nji iýuly**

*Ol göýä diýersiň, aňyny ýitiren ýalydy. Myhmanhana baranynda esli wagtlap daşarda ýaýdanyp durdy. Ahyry ýüregini bire baglap, myhmanhananyň eýwanyna gadam basanda, ol ýer adamdan ýaňa hyň berýärdi. Bu ýere ýapon jahankeşdeleriniň uly topary gelen eken; saçlarynyň bejerilişi we egin-eşikleri biri-birine meňzeş*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*topar agzalary ýaşululardan ybaratdy. Ella hiç kim bilen ýüzbe-ýüz bolmazlyk, tanyş birine gabat gelmezlik üçin ähli ünsüni diwardaky bildiriş ýazgylaryna, tekjelerdäki kitapçalara berdi. Ýöne az wagtdan soňra tolgunmasy özünden üstün çykdy. Başyny galdyryp, töweregine garan badyna şonça adamyň içinde häh diýen ýaly, Aziz Zaharany gördi. Ol bir çetde ýylgyryp, özüne seredip* durdy.

*Aziz goňrasrak ýaşyl reňkli köýnekli, küti zygyr süýüminden edilen jalbarlydy. Tolkun-*tolkun *melemtil saçlary ýaşyl reňkli gözlerine düşüp durdy; bu oňa hem garagollyk, hem özüne göwnüýetijilik sypatyny berýärdi. Ol inçemik bolsa-da, çiginlekdi. Ellany dowla düşürip biljek derejede gelşiklidi, görmegeýdi. Onuň daş keşbinde sähel äsgermezlik, pugtalyk we gedemlik bardy.*

*Onuň şu gün irden sakgalyny syrmandygy görnüp durdy, bu ony hasam kakabaş we gözegelüwli görkezýärdi. Ol hemişe ussat biçimçileriň elinden çykan gymmatbaha, taýdaş egin-eşikleri geýip ýören Dewid Rubinşteýnden bütinleý üýtgeşikdi. Ol çyny bilen ýylgyrdy.*

*— Geleniňe örän begendim — diýdi. Onuň şwed labzy bildirip duran gürleýşi özüne çekijidi. Ella: «Bular ýaly adam bilen birje bulgur kofe içäýeniňde-de, hiç kime*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*zyýan gelmez — diýip içini gepletdi. — Bary-ýogy birje bulgur...»*

*Emma bir ýarym sagatdan soň, içilen birnäçe bulgur bir bulgura dönüpdi. Gürrüň diýseň mähirli hem tiz geçensoň, Ellanyň sagada seretmek ýadyna-da düşmedi. Gije sagat on ikiniň ýarydy. Onsoň üç çaganyň ejesi Ella Rubinşteýn bir aýlyk hat alyşmadan, birnäçe gezek telefonda gürleşmeden we ýazan taryhy romanyndan başga ol barada asla hiç bir zat bilmeýän adamy bilen myhmanhananyň eýwanynda ikiçäk otyrdy.*

*— Diýmek, «Smitsonian» žurnaly üçin gelipsiň-dä? — diýip,* Ella dillendi.

*—Aslynda, seni görmäge geldim — diýip, Aziz jogap* berdi. *— Hatyňy okanymdan soň, seniň bilen ýüzbe-ýüz gürleşesim geldi.*

*Ella täze dünýäniň alkymynda durdy. Şu pursada çenli hemme zat uzakdan näzirgeşmeden ybarat ýaly hereket etmek mümkindi, ýöne häzir ol bu serhetden geçmegiň öňüsyrasyndady.*

*— Ella, meniň bilen bolýan otagyma gidermiň? — diýip,* Aziz sorady.

*Ella näme diýjegini bilmän dymdy. Bu şeýlebir soragdy welin, ol aralaryndaky bolan-goýan zatlary «sanly*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*dünýädäki oýun» bolmakdan çykaryp, aňry ýany bilen hakykata öwrüpdi. Işleriň bujurygy artypdy. Häzir göýä örtügi syrylyp aýrylan hakykat bilen, onda-da ilkibaşdan bäri örtügiň aşagynda öz nobatyna garaşyp ýatan ýalaňaç hakykat bilen ýüzleşmäge mejbur bolan ýalydy. Ella aşgazanynyň jigläp gidenini duýsa-da, Aziziň raýyny ýykyp bilmedi. Ömründe gelen iň gyssanmaç, iň telbe, iň samsyklaç aýgydy bolmagy mümkin hem bolsa, muňa bireýýäm taýyndy.*

*Özüni-de, ýüregini-de akymyň ugruna oklady. «Giderin» diýdi.* ***

*608 belgili otag, gögümtik-çal görnüşde, örän kaşaň edilip bezelipdir. Bu ýer erkanady, giňişlikdi. Ella iň soňky gezek myhmanhanada haçan bolup görendigi barada oýlandy. Adamsydyr çagalary bilen ençeme ýyl* mundan ozal Montreala gidenlerinde bolsa gerek.
*Şondan soň dynç alyşlarynyň ählisini Roud adasyndaky ýazlag öýlerinde geçirendikleri üçin, örtgüleri her gün täzelenýän, arassaçylyk işleri başgalar tarapyndan ýerine ýetirilýän ýerde bolmanyna köp wagt geçendir. Ella özüni başga ýurda baran ýaly duýdy.*
*Ýöne otaga gadam basan badyna ony alada gaplap aldy. Otag isleýşi ýaly göze ýakymly, bezegi isleýşi ýaly göwnemakul bolsa-da, ol otagyň ortarasyndaky ýatyş*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*diwanyndan biynjalyklyk duýdy. Ol bu ýere söýüşmek üçin gelmändi. Onda näme üçin gelipdi? Keseki erkek kişiniň myhmanhanadaky otagyndan ol näme gözleýärdi?! Eger Aziz oňa el gatjak bolaýsa, nädip garşylyk görkezerkä?! Eger onuň bilen bile bolmaly bolsa, nädip adamsynyň, çagalarynyň gözüne seredip bilsin?! Dogry, Dewidiň şunça ýyllap başga aýallar bilen gatnaşyk saklap, Ellanyň ýüzüne hiç hili müýnürgemän bakyp bilşi başga mesele. Duýdansyz ýerden onuň serine başga ünjüler-de geldi. Birden Aziz ony halamasa näme?! Ella özüni syratly hasap edenokdy. Ol hiç haçanam öz syratynyň gelşikliliginden göwnühoş bolmandy. Onuň pikirleri ýene çagalaryna gaýdyp bardy. Ukladylarmyka ýa-da henizem*
*«şeýtan gapyrjaga» aňalyşyp otyrlarmyka? Ejeleriniň şu mahal nirededigini bilseler, ony bagyşlarlarmyka?!*

*Aziz Ellanyň birahat bolýanyny duýan ýaly, onuň elinden tutup, böwürdäki kürsüde, diwandan uzakda oturtdy.*

*— Çüş, çüş!.. — diýip pyşyrdady. — Aňyň bulam-bujar. Ala-goh bolup dur ýöne...*

*Ella başyny öňüne egdi.*
*— Käşgä, seni has öň tanan bolsadym — diýdi. — Bar zat başgaça bolmagy ahmal eken.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Her zat öz wagtynda bolýar — diýip, Aziz dillendi.*

*— Şeýledigine çynyň bilen ynanýaňmy?*

*Aziz gülüp duran gözleri bilen seretdi; maňlaýyna dökülen saçlaryny arkan serpdi. Soňra ýol torbasyny açdy, Gwatemaladan alan kilimini çykardy. Ýanynda-da kiçijik bukja bardy. Ony açan mahaly Ellanyň gymmatbaha zynjyra gözi düşdi. Ortasynda-da kümüşden ýasalan semagzen asylgydy.*

*Aziz zynjyry boýnundan asýan wagty Ellanyň ýüregi gürsüldäp gursagyny ýaraýjak boldy. Bu adamda düşünip bolmaýan jady bardy.*

*— Meni söýmegi başararmyň? — diýip, Ella sorady. — Seni onsuzam söýýän ahyry — Aziz ýylgyryp jogap berdi.*

*— Ýöne heniz meni tanaňogam-a...*

*— Tanaýan. —* Aziz ynamly sesi bilen tekrarlady.

*— Men barada bilmeýän zatlaryň gaty köpdür...*

— Seni tanamagym üçin köp zat bilmek hökman däl. Seniň *kalbyň düýp-teýkaryny görüp durun — diýip, Aziz aýtdy.*

*Onsoň Ella bu jümlä bir ýerde gabat gelenini ýatlady. Göýä diýersiň, «Geň göreniň alnyna» diýen ýaly, birçak dilinden sypan sözler garaşmaýan halaty yzyna gaýdyp*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*gelýän ýalydy. Ýaşaýyş çarh kimin bir zatdy. Näme berseň, şony-da yzyna gaýtarýardy. Bu telbelikdi, barypýatan hyýalbentlikdi. Näme diýjegini bilmedi. Aziz ellerini uzadyp, Ellanyň başynda toplan saçyny saklap duran iňňebagjygy sogurdy-da, soňam ony ýumşak diwana çümdürdi. Şeýdip, arkan süýnüp ýatmaga mümkinçilik döretdi. Ella duýdansyz «Yşk şerigatyny» ýatlady. Ýöne bir zatlar diýmäge mümkinçilik bolmady, Aziz elleri bilen Ellanyň bedeninde gitdigiçe giňeýän halka çyzyp başlady. Aşakdan ýokaryk, injiklerinden ýüregine tarap barha ulalýan halkalar... Barmaklarynyň ujy gyzgynjakdy. Eli degen ýere täsin güýç ýaýrap gidýärdi. Barmaklary şem ýaly ýanýan adam...*

*Şol wagt Aziziň gözleri ýumukdy, dodaklary çalaja gymyldaýardy. Onuň çala mydyrdaýan sözleri başda Ella syrly bir dil bolup eşidildi. Emma soňra haýran galyp, bir zada düşündi, Aziz doga okaýardy. Näme diýýänine düşünmese-de, özi üçin doga okaýanyna göz ýetirdi. Şol demde Ellanyň owuçlary, tirsekleri, eginleri we tutuş bedeni galyň energiýa bulutlaryna gaplanyp başlady. Göýä, ýylyjak howuzda suwuň ýüzünde gymyldysyz durşuna, bedeniniň agramyny göterip bilmeýän ýalydy. Serhetler aradan aýrylypdy, «Meniň» nireden başlap, nirede tamamlanýandygyny anyklap bilmeýärdi. Yşk derýasynda ýüzüp ýören ýalydy. Bu ömründe başyndan*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*geçiren iň ruhana pursadydy. Haýran galaýmaly görnüşde onuň içinde jynsy isleg bir görseň, bar ýalydy, bir görseňem, ýokdy.*

*Aziziň barmaklary garnyndan ýokaryk süýşende Ella göwüsleriniň has janly, has dik däldigine jany ýandy. Üç çagadan we şunça ýyldan soň göwüsleri terligini ýitiripdi. Ýa-da onuň özüne şeýle görünýärdi. Ýöne şol gaýgysy gelşi ýaly-da geçip gitdi. Gözlerini ýumup, hiç bir zada päsgel berjek bolman, özüni Aziziň ygtyýaryna goýdy. Häzir ol joşgunly derýanyň goýnundady, şaglapşaglap akýardy. Suwuň bir ujy şaglawuga* barmagy-da *ahmaldy welin, şonda-da aýak çekesi gelmeýärdi. Onsoň şol pursat bir zada göz ýetirdi, onuň şu adamy söýüp bilmegi ahmaldy. Onda-da nähili söýmek...*

*Şol duýgy bilen gollaryny Aziziň boýnuna* salyp, ony *özüne tarap çekdi. Ýöne Aziz howsalaly ýagdaýda giden ýerinden yzyna gaýtmakda kynçylyk çekýän ýaly, gözlerini gyrpyldatdy. Soňra Ellanyň burnunyň ujundan öpdi-de yza çekildi.*

*— Meni halaňokmy? — diýip soranda Ellanyň sesi juda göwni galanyňky ýaly çykdy.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Seni betbagtlyga eltjek işi etmek islämok. Aňyň gaty bulaşyk. Bäş minutyň içinde kyrk sany aýry-aýry oýpikiri seriňden geçirýäň. Meni hem ýoldaş, hem söýgüliň hökmünde göresiň gelýär. Häzir ätjek bir ädimiň ertir irden ökünç bilen oýanmagyňa sebäp bolmagy ahmal. Muňa ýol bermek islämok.*

*Ella, bir tarapdan, bu düşündirişe gahar etdi, bozuldy. Zenanlyk mertebesine agyr ýara düşdi, ynjady. Ýöne beýleki bir tarapdan, ynjaldy, ýeňledi, göwni giňedi. Aziziň yşky gurşap alýan, birleşdirýän, basyp alýan, hasap soraýan, gabanýan söýgi däldi. Bu gatnaşyk demir gapy ýaly üstüňe ýapylmaýardy. Tersine, öňden bäri gulply duran gapylary açýardy. «Uç — diýýärdi. — Islän tarapyňa, islediginçe uç...»*

*Aziziň yşky hem özi ýalydy. Bendilik barada däl-de, erkanalyk barada söz açýardy!* ***

*Gijäniň ýarynda Ella Rubinşteýn Bostondaky öýleriniň gapysyny açdy. Gaýyş kürsä geçip süýndi; diwanda ýatasy gelmedi. Adamsynyň ol ýerde başga aýallar bilen ýatyp-turany üçin däl-de, öz öýünde özüni keseki ýaly duýýandygy üçin, kürsüde ýatanyny kem görmedi. Bu ýerde ol özüni hamala myhman ýaly duýdy. Dogrusy,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*onuň asyl «menligi» oňa başga bir ýerde sabyrlylyk bilen garaşýardy.*

***Şems Konýa, 1247-nji ýylyň maý aýy***

*Şu gije meniň toý gijäm. Howluda oturyp, öýden göterilýän sesleri diňledim. Gülki, saz, gep-gürrüňler. Öýüň aýallara degişli haremlik bölegindäki zenan sazandalar. Näme üçindigini bilemok, nika gijesi aýallar hasratly, maňzyňa batýan aýdymlary aýdýarlar. Biz sopular ölümi toýa meňzedýäris. Aýallar bolsa toýy ölüme meňzedýärler. Söýüp, isläp durmuşa çyksalar-da, durmuş ýoluna öten-geçene aglaýan ýaly aglap girýärler...*

*Ahyry myhmanlar dagaşansoň öýe bardym, bir künjekde ümsüm oturyp, oý-hyýallara çümdüm. Soňra Kimýanyň maňa garaşýan hylwat otagyna geçdim. Ol düşekde* otyrdy; egninde ap-ak lybasy bardy, bilinde bolsa gyzyl *guşak, täze gelinlere daňylýan başdaňy sarym-sarym daňlypdyr, saçynyň her örümine hünji, monjuk dakylypdyr. Zerli galyň nikabyň aňyrsyndan ýüzüni görmek mümkin däldi. Perwazda duran şemden başga ýagty saçýan zat ýokdy. Diwardaky aýnalaryň ýüzi goýy mahmal matalar bilen örtülipdir. Toý gijesinde täze gelniň aýnada keşbini görmegi bişowluk hasaplanýandygy sebäpli, onuň alajyny edipdirler.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Düşegiň gyrasynda bir pyçak bilen nar durdy. Är-aýal bu nary bile iýmelidi, çünki nar däneleri ýaly çagalary köp bolsun diýlip yrym edilýär.*

*Kerra şu töweregiň adatlaryny maňa öňünden öwredipdi, gelniň ýüzüni görmek üçin oňa altyn pul bermelidigimi-de düşündiripdi. Ömür boýy altynym bolmady! Şonuň üçinem Kimýanyň nikabyny göterip, maňlaýyndan bir posa aldym. Ýylgyrdy.*

*— Nähili owadan bolupsyň! — diýdim.*

*Gyzardy. Ýöne dessine eginlerini dikleşdirip, ýaşyndan uly görünmäge çalyşdy.*

*— Indi men seniň aýalyň — diýdi.*

*Ony ýene bir gezek öpdüm, ýöne bu gezek dodak laryndan öpdüm. Demininiň ýylysy bedenimde, birhili, isleg tolkunyny döretdi. Saçlary ýasemin ysyndan burk urýardy. Gapdalynda ýatdym, hoşboý ysyndan sordum; ellerimden tutdy. Ýeke-täk islegim onuň içine girip ýitip gitmekdi. Ol şine açan gül ýaly, özüni maňa bagyşlady.*

*Yza çekildim.*

*— Bagyşla, Kimýa, muny beýdip bilmen. Ol arzuwlary puja çykanyň bakyşy bilen maňa seretdi.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Gyz göýä näziklikden ýasalan heýkel ýalydy, üfleseň dagarly görünýärdi. Ýüzüne ikinji gaýta seredip bilmedim. Aýak üstüne galdym.* — Men gitmeli.

— *Bolmaz! Gidip bilmersiň!* — *Gürleýän hamala Kimýa däl ýalydy, başga biridi. Ondan has batyrgaý hem dogumly,* berdaşly *hem hökümli biridi.* — Alaga-da *otagdan çyksaň, goňşy-golam näme diýer? Nika gijesi* hylwatda bolmandygymyzy *bilerler. Sebäbini hem menden görerler.*

— *Näme diýmekçi bolýaň? — diýdim. Ýöne nämäniň gürrüňini edýänine düşünýärdim.*

— *El degmedik gyz däl ekenim diýerler — diýip, gorky bilen pyşyrdady. — Il içinde ryswa bolaryn.*

*Bu näme boldugy?! Jemgyýetiň bolgusyz urp*-adatlary *ganymy gaýnadýar. Şular ýaly, wagty geçen ýörelgeleriň, adamy adama basgyladýan däpleriň Allanyň ýaradan kämil eseri bilen baglanyşygy ýokdy. — Beýlede bir zat* bolarmy? *Öz işleri bilen bolsunlar*-da — *diýip garşy çykdym. Ýöne Kimýanyň mamladygyny bilýärdim. Naryň ýanynda duran pyçagy garbap aldym. Kimýanyň gözlerinde ünjüli garaýyş ýalpyldap gitse*-de, dessine *ýagdaýa düşünip, oňa kaýyl boldy.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Pyçak bilen çep aýamy kesdim. Aýamda, hasapda bolmadyk takdyr çyzygy ýaly, gyzyl çyzyk peýda boldy. Örtgä ganymy damdyrdym. Onsoň oňa uzatdym.*

*— Al şuny. Gep-gürrüňe meýillileriň agzyny ýumdurmaga ýeter. Özüňem ynjalarsyň, abraýyňa tegmil düşmez.*

*Kimýa özelendi.*

*— Haýyş edýän, aýak çek, gitme — diýdi. Dessine aýak üstüne galan hem bolsa, näme etjegini bilmän, ýene şol bir jümläni gaýtalady:*

*— Indi men seniň aýalyň ahyry!*

*Şol pursat onuň bilen durmuş gurup, uly ýalňyş iş edendigime göz ýetirdim. Men ýaly adam näme üçin öýlensin? Ýaradan meni maşgalabaşy bolmagym üçin ýaratmandy. Ony häzir açyk-aýdyň görýärdim. Emma muny bilýänligim meni oda salýardy..*

*Hemme zatdan, onda-da ähli zatdan başymy alyp gaçyp gidesim geldi. Şu öýden, öýlenmekden, şu şäherden, hatda göterip ýören şu pany bedenimdenem gaçyp gidesim geldi. Ýöne Rumy meni hut ertesi görmese, göni heläk boljagy ýadyma düşüp ýerimden butnap bilmedim. Ol meniň ýoldaşymdy, ruhdaşymdy, ol meniň iň ýokary*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*bahalymdy. Ony indi ýene bir gezek taşlap gidip biljek däldim.*

*Maşgala durmuşynyň men pisint adam üçin duzakdan parhynyň ýokdugyna düşündim. Indi duzaga düşüpdim.* **Alaetdin**

***Konýa, 1247-nji ýylyň 4-nji iýuny***

*Ömrümde şeýle güzaply hem ýiti hasrat çekip gören däldirin. Kimýa bilen Şemsiň durmuş gurjak güni öýde durup bilmedim. Döş kapasamda lokga bir zat duran ýaly, beýnimde uwwuldy bar ýaly duýdum; özümem, birhili, bogulýan ýalydym. Her näme etsem-de, özüme nebsim agyrýardy. Aglamazlyk, çaga ýaly izlemezlik üçin özözümi ýumrukladym. Onsoňam: «Indi sen ataň ogly dälsiň. Indi sen ataň ogly dälsiň» diýip, yzly-yzyna ýanjadym.*

*Ejem ýok, kakam hem ýok. Indi-hä Kimýa-da ýok. Bir öýde şunça adamyň içinde ýapa-ýalňyz, ýeke başyma. Kakama bolan ahyrky hormatym hem eräp gutardy. Kimýany onuň gyzy hasap edýärdiler. Ony gowy görýändir öýdýärdim. Ýöne bar küýi-köçesi Şemsiň bähbidi eken. Bolmasa, Kimýa ýaly gyzy nädip şol tetelli adama berip bilýär?! Şemsden maşgalabaşy bolmajagyna düşünmek üçin akyldar bolmak hökman däl.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Hawa, diňe Şemsiň üstüne kökenek bolmak üçin kakam Kimýanyň bagtyny hiç saýyp, oňa boran ýagdyrdy. Elbetde, Kimýa bilen birlikde menide betbagt etdi.*

*Uzakly gün bir çete çekilip, öýdäki gaýda-gaýmalaşygy synladym. Bile durmuş gurmaga göwün ýüwürden gyzymyň toý taýýarlyklaryna tomaşa etdim. Täze çatynjalaryň ýatjak otagyny boýdan-başa bezediler. Arwah-jyny kowmak üçin her dürli otlary tüsseletdiler. Olaryň şasy bärde! Şemsden uly jyn barmy?!*

*Agşama ýakyn seredip çydap durup bilmedim. Beýle zuluma mundan artyk kanagat edip biljegem däldim. Gapa ýöneldim.*

*Ýeňsämden agamyň sesi eşidildi:*

*— Alaetdin, aýak çek! Nirä barýaň?*

*— Şu gije Yrşatlarda boljak — diýip, onuň ýüzüne seretmän seslendim.*

*— Däliredińmi? Toý gijesi näme üçin öýde ýok diýip goňşy-golam taň etmezmi?! Onsoňam kakam eşitse gaty görer.*

*— Onda kakamyň göwnüne degenleri näme etmeli?*

*— Sen näme diýmekçi bolýaň?*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Düşünmediňmi? Kakam Şemsiň göwnünden turmak üçin, ol gaýdyp öýden gitmesin diýip, şu toýy guraýar. Kimýany kümüş mejimede şol gadyrbilmez hepbesize hödürledi.*

*Agam dodaklaryny dişledi.*

*—Ýalňyşýaň. Sen Kimýa zor bilen durmuşa çykarylýandyr öýdýäň. Ýöne Şems bilen durmuş gurmaga, aslynda, Kimýanyň özi isleg bildiripdir.*

*— Hamala, elinde başga çykalgasy bar ýaly — diýip, kinaýa bilen aýtdym.*

*Agam ellerini ýokary göterdi.*

*— Hawa, bardy, Allanyň haky üçin, düşüneňokmy? Kimýa Şemse göwün berdi. Şoňa aşyk.*

*— Ýalan sözleýäň! Gaýdyp meniň ýanymda şeýle gürrüň edäýmegin, düşnüklimi? — diýdim. Üstündäki ýüki göterip bilmeýän buz bölegi ýaly, sesim şat-şat edýärdi.*

*— Duýgularyň seniň gözleriňi gapypdyr. Sen gabanýaň. Ýöne gabanjaňlyk ýaly hebes duýgyny-da bähbit iş üçin peýdalanylyp bolar — diýip, Soltan Welet aýtdy. Otuz bäşinji kada: bu dünýäde diňe gapma-garşylyklary ýeňip geçmek arkaly öňe gitmek mümkindir. Mömin kişi*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*içindäki münkür bilen, Taňra ynanmaýan adam bolsa içindäki ynanýan bilen tanyşmalydyr. Kämil ynsan bolmak mertebesine ýetýänçä, adam kem-*

*kemden ilerleýändir. Ol diňe gapma-garşylygy kabul edip bilşiniň derejesinde kämilleşip biler.*

*Süýtdeş agam öňüme geçip, duşmanym hasap edýän adamym barada dür saçýardy. Ol sabyr käsämi* dolduran ahyrky damja boldy.

*— Bäriňi gara, şu sopy sypaýyçylygy kekirdegimden. Onsoňam näme üçin seni diňläýin?! Bu zatlaryň bary seniň ýalňyşlygyň. Şemsi Şamda taşlap gaýtjakdyň. Näme üçin yzyna getirdiň? Işler bulaşaýsa, gürrüňsiz, bulaşjagam görnüp dur, webaly seniň boýnuňadyr!*

*Agamyň reňki agardy. Şol pursat ömrümde ilkinji gezek onuň menden hem-de edip biljek etmişlerimden gorkandygyny gördüm. Bir adamyň öz agasyny gorkuzmagy geň ýagdaý hem bolsa, bu meniň buýsanjymy goşalandyrdy.*

*Yrşatlara barýarkam, hiç kim meni beýle ýagdaýda görmesin diýip, porsusy aňkap duran egrem-bugram köçelerden ýöredim. Hernäçe kowjak bolsam-da, göz öňümden bir şekil hiç aýrylmaýardy: Şems bilen Kimýa bir düşekde ýatyr. Şemsiň Kimýanyň gelinlik lybasyny*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*şol äpet elleri bilen aýryp, süýt ýaly ak tenini elleýşi we oňa eýe çykyşy barada näçe oýlandygymça, gözýaşlaryma erk edip bilmedim.*

*Onuň meni düşüräýen ýagdaýyny gör! Bu adam öňräkden bäri öte geçýär. Men hökman gyssagly alajyny görmelidim.*

***Kimýa Konýa, 1247-nji ýylyň noýabr aýy***

*Durmuş guranymyza alty aýdyr, heniz ol bir gezegem golaýyma geleýin diýenok. Töweregimdäki adamlardan ýagdaýy gizläp saklamak üçin elimden gelenini edýän hem welin, aňsat düşenok. Şübhelenýärler. Belki, utanjymy ýüzümden okaýandyrlar. Maňlaýymda tegmil ýaly bolup durandyr. Maňa sereden mahallary ilki bilen gözlerine ilýän zat şol. Köçede tanyş-biliş bilen gürleşýän çagym, ekin üstünde, bakjamyzda işleýän mahalym, dükandan odur-budur alýarkam, öýde myhman garşylanymda, ýüzbe-ýüz bolýan adamlaryň ählisiniň mende ilki bilen görýän zady, meger, şol bolsa gerek. Durmuşa çykan hem bolsam, henizem boý gyzdygymy hemmeler bilýär.*

*Şems asla otagyma girenok diýip bolmaz. Gelýär. Ol heran-haçan ýanyma gelermen bolsa, ilki hökman habar*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*ugradyp, päsgel berýän däldirin-dä diýýär. Her gezegem eşidýäni şol bir jogap:*

*— Ýok-la — diýýän. — Men seniň nikaly aýalyň ahyry. Onuň geljek agşamy bikarar garaşmakdan ýaňa ýüregim ezilip gidýär, meni küýsäwersin-dä diýip doga-dileg edýärin. Ýöne agşam düşüp, gapyny kakyp gelende, bar bileni-biteni meniň bilen oturyp söhbet etmek. Bile kitap okaly diýýär. Leýli bilen Mejnun, Perhat bilen Şirin, Ýusup bilen Züleýha, Gül bilen Bilbil... her hili kynçylyga döz gelip, biri-birini söýmekden ýüz öwürmedik aşyklaryň hekaýatlary... Bulary okadygyça içim gysýar. Belki-de, tüýs ýüregimden şolaryňky ýaly yşgyň tagamyny dadyp görmejekdigim üçin şeýledir...*

*Käte bolsa arkan düşüp ýatyp, maňa sopuçylyk ýoluna düşen köňli giň we ruhy sergezdan kişileriň kyrk kadasy barada gürrüň berýär. Bir gije kadalaryň biri barada aýdyp berip otyrka, sesi kesildi-de, gözleri ýumuldy. Görsem, uklap galypdyr. Başyny dyzlarymyň üstünde goýdum. Soňky wagtlarda ösüp, ep-esli uzan saçlaryny sypaladym. Tä daň atýança, gözümi gyrpman, ony synlap oturdym. Bir ýola ukudaka samrady. Soňra garaşman durkam, meni özüne tarap çekdi, ýeňiljek öpdi. Uzak wagt bäri asla şular ýaly tolgunyp, özümi bagtly duýan ýerim bolmandy. Gün agarýança, ýanaşyp ýatdyk. Ýöne bar*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*bolany şol. Meniň bedenim şu wagta çenli açylmadyk yklym.*

*Geçen alty aýyň içinde men hem wagtal-wagtal onuň otagyna bardym. Ýöne onuň özi menden nähili rugsat soraýan bolsa, menem hökman öňünden habar ýollaýardym. Bolmasa, näme diýjegi belli däldi. Şemsiň bir güni beýlekisine, hatda bir pursady beýleki birine meňzeş däldi. Onuň ruhy ahwalyny bilmek tapmaça çözenden aňsat däldi. Käte şeýle ýakymly, käte içiňebagryňa girip gelýän, käte bolsa ýüzüni turşardyp, ýakynlaşar ýaly däldi. Bir gezek dagy gapyny göni ýüzümiň öňünde ýapyp, «meni günüme goý» diýip gygyrdy. Indi göwün edip duramok. Indi ynjamazlygada, elbetde, ony birahat edip durmazlyga-da öwrenişdim.*

*Ençeme aýlap, ähli zady gül ýaly edip görkezmäge çalyşdym. Başgalary däl-de, öz göwnümi aldamak üçin şeýtdim. Şemsiň ärim hökmünde hiç zat etmeýäni*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*üçin, oňa dürli-dürli keşpleri taýýarladym. Ol meniň ýoldaşymdy, ruhdaşymdy, hemramdy, käte bolsa agam, käteler oglumdy. Gününe görä, keýpine görä, ol ýa biri, ýa beýlekisi bolýardy. Aňymda bir keşpden beýleki birine geçýärdi. Ol meniň ähli zadym bolup gördi, ýöne diňe* adamym bolup bilmedi.

*Esli wagt şeýdip oňňut etdim. Artykmaç zada garaşman, derdinişýän pursatlarymyz onuň gürrüňleriniň «häsini» ýetirýärdim. Şems meniň pikirlerimi ýokary tutýardy, menem begenýärdim. Meni hasam döredijilikli pikirlenmäge höweslendirýärdi. Ondan köp zat öwrendim; oňa özümiň hem ençeme zat öwredendigime ynanýaryn. Bolmanda, ol maşgala bagty ýa-da ýyly öýojak diýen zady bilmeýärdi. Meniň kömegim bilen azkem hem bolsa, ol bu zatlaryň gyrasyny gördi.* Onsoňam ony hiç kim meniň ýaly güldürip bilen däldir.

*Ýöne, her näme-de bolsa, Şemsiň meni söýmeýändigi baradaky pikiri aňymdan öçürip bilmeýärdim. Meni gowy görýänine, söýýänine şübhe edemok, ýöne munuň yşk bilen baglanyşygy ýok. Ýüregim paralanýar. Şeýdip, töweregimdäki adamlaryň hemmesinden, ähli joralarymdan we goňşy-golamlarymdan uzaklaşdym. Indi otagymda oturyp merhumlar bilen gürleşenimi gowy*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*görýärin. Dirilerden tapawutlylykda, merhumlaryň ýaman niýeti ýok.*

*Merhumlardan başga ýeke-täk joram Çöl Güli.*

*Ikimiz hem köpçülikden özümize mahsus sebäpler zerarly çetde durmak isleýändigimiz üçin wagtyň geçmegi bilen ýakyn jora öwrüldik. Indi ol sopudy. Bozukhanany bütinleý taşlap gaýdypdy. Bir gezek oňa batyrgaýlygyna, tutanýerliligine we hut ýaşaýşa bütinleý täzeden başlamaga bolan ýürekliligine haýran galýandygymy aýtdym. Başyny iki ýana yralap:*

*— Ýöne men durmuşa başdan başlamok ahyry. Bir eden işim ölmezden öň ölmek! — diýdi. ****

*Şu gün öýlän Çöl Gülüni görmäge gitdim. Içimdäki aladadagaýgymy oňa äşgär etmek niýetim ýokdy, ýöne ýüzüme sereden badyna bir zadyň ugruna däldigini aňdy.*

*— Kimýa jan, ýagdaýlar niçik? Ýüzüň salyk görünýärle? — diýdi.*

*Başdansowma jogap berjek bolsam-da, ýanjap sorady durdy. Onsoň dilimiň doňy çalt cözüldi. — Gowy däl. Gaýrat et-de maňa kömek et.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Baş üstüne — diýip, Çöl Güli aýtdy. — Näme etmeli bolsa, aýdyber.*

*— Mesele Şemsde... asla ýanyma gelenok, ýagny gelýärde neme gelmeýär. Meni söýerini isleýän. Doganym ýaly, dostum ýaly däl... adamym ýaly söýmegini isleýän. Gaýrat et, maňa öwret.*

*— Näme öwredeýin?*

*— Düşünýäň ahyry... Adamymy öz duzagyma salmaly.*

*— Ah, Kimýa jan, men lebiz etdim — diýip, Çöl Güli* mydyrdady. *— Ten meselesinden uzak durmagy äht etdim. Bir zenan erkek kişä ýa-da erkek kişi bir zenana nädip atygsaýany hakynda pikir etmegem islämok.*

*— Sen ähtiňden dänmeli däl ahyry. Diňe maňa kömek* etseň *bolýar — diýip ýalbardym. — Başga alajym ýok. Hiç kime derdimi aýdyp bilemok. Utanýan. Şemsi nädip bagtyýar edip biljegimi bilemok.*

*— Ýöne Şems derwüş adam— diýip, Çöl Güli aýtdy.*

*— Oňa beýle çemeleşmek dogry däl.*

*— Derwüş hem adamdyr ahyry?!* Galyberse-de, ol hem *erkek kişi! Adam atanyň perzentleriniň ählisi etdir*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*süňkden bina bolupdyr. Her kime bir beden bagyş edilipdir. Şemsiň hem bedeni bar ahyry, şeýle dälmi?*

*— Ol-a şeýle-le welin... — Çöl Güli sözüni tamamlap bilmedi. Yzyna öwrüldi.*

*Ýalbardym.*

*— Derdimi diňe saňa diýip biljek. Alty aý boldy. Her gün säher hasratdan ýaňa ýüregim üzülere gelýär. Her gije aglaý-aglaý uklap galýaryn. Beýdip uzaga gidip bilmerin. Adamymy özüme ýakynlaşdyrmaly bolaryn.*

*Çöl Güli maňa nebsagyryjylyk bilen seretse-de, hiç zat diýmedi. Örtgimi açyp, saçlarymy çöşledim.*

*— Aýt — diýdim. — Çekinme-de aýt, haýyş edýän, men beýle betnyşanmy?*

*— Asla beýle däl, Kimýa jan. Sen Aýyň bölegi ýaly owadan ahyry.*

*— Onda maňa kömek et. Erkegiň kalbyna barýan ýoly salgy ber!*

*— O diýýäniň seniň göz öňüne getirişiň ýaly bigünä ýol däl — diýip, Çöl Güli birden gaharlanyp aýtdy. — Ägä bol, erkek kişiniň kalbyna barýan ýol aýaly özünden uzaklaşdyrýan ýola öwrüläýmesin. Ony özüme*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*ýakynlaşdyraýyn diýip, özüň-özüňe kesekileşäýme. Näme diýenine düşünmedim, düşünjegem bolmadym.*

*— Meniň üçin parhy ýok — diýdim. — Indi näme bolsa bolup geçsin. Men ähli zada kaýyl.* ***Çöl Güli Konýa, 1247-nji ýylyň noýabry***

*Nädip bu samsyk işe baş goşdumkam? Göre-bile nädäýdim?! Ony asla diňlemeli däl ekenim. Ahyrky netijäniň beýle boljagyny näme üçin akylyma getirmändirin?! Beýtmäge Kimýa ýol bermeli däldim. Ony şol niýetinden alyp galyp bilmänim üçin özümi hiç haçan bagyşlamaryn.*

*Ýöne kömek sorap aglap oturansoň ýüregim awady. «Näme zyýany bar?» diýip oýlandym. Özüne bendi edesi gelýän adamy hem keseki biri däl-de, nikaly äridi. Üstesine, ýeke-täk sebäbi-de yşkdy. Küýünde zer re ýalyjak-da ýamanlyk ýok. Ne hilesi bar, ne-de aly. Bir aýalyň öz adamsynyň söýmegini islemegini haram iş saýyp bolarmy? Ençeme günläp oýlanyp gezdim.*

*Içimdäki sopuçyl pikirler: «Zorluk bilen söýgi bolmaz, bu işe goşulma» diýip ýanjady. Içimdäki zenan bolsa: «Aşyk gyza kömek et» diýip dileg etdi. Ahyrynda ikinji ses rüstem geldi.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Onsoň men, şeýdip, özüni gözel görkezmek babatda bar bilýäni aýasyna hyna sürmek bolan bu sada obaly gyzjagaza erkek kişini nädip özüňe bendi etmelidiginiň ýoluny salgy berdim. Ol öwrenmäge höweslidi, bilmäge teşnedi. Oňa müşki-anbar goşulan suwa ýuwunmagy, ýumşadyjy ýaglary tenine gaýmak ýalyjak edip çalmagy, ýüzüni bally çalgylar bilen juwanlaşdyrmagy we erkek kişi bilen gürleşýän mahaly haýsy sözleri nähili ulanmalydygyny öwretdim. Hemişe hoşboý ys ýaýradyp dursun diýip, saçlaryny ýasemin pudajyklary bilen ördük. Atyr, çopantelpek, biberiýe, maýdagül, merjenköşk, zeýtunýagy... Bularyň her biriniň nirede ulanylýandygyny, haýsy maksat bilen nähili tütüniň ýakylýandygyny ýekän-ýekän düşündirdim. Soňra dişleri* agartmagy, *dyrnaklara boýag çalmagy, gözdür gaşa sürme çekmegi, dodaklara ýalpyldap duran öwüşgin çaýmagy, ýaňaklaryňa nädip al reňk çalmalydygyny we göwüsleriňi gaba görkezmelidigini birin-birin beýan etdim. Ikimiz bile bazara gitdik. Ol ýerden oňa ýüpek lybaslar, içki geýimleri aldyk. Gyz utanjyndan çym-gyzyl boldy.* Şonda-da hemmesini aldy.

*Soňra Kimýa tans etmegi öwretdim. Towlanjyramagy, çaýkanmagy, şelaýyn bakmagy hem-de bedeniňi howada pyrlanyp duran duman ýaly ulanmagy görkezdim. Biline*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*seçekli guşak baglap, içine-de şyňňyr-şyňňyr seslenýän çemçeli bulgurlary ýerleşdirip, bir hepdeläp durman göbek tansyny etdik. Okuw geçdik.*

*Ahyry şol gün öýleden soňra gurbanlyk guzusyny oba getiren çopan ýaly, Kimýany Şems-i Töwrizi üçin taýyn etdim. Ilki hammamda mylaýym suwa ýuwundy. Süpürgi bilen ýagşy süpürindi, saçlaryny ýaglady. Hammamdan çykanyndan soňra oňa bir zenan maşgalanyň ömründe diňe sanlyja gezek geýip biljek derejesinde ýukajyk ýüpekden her hili lybaslar geýdirdim. Lybaslaryň arasyndan sümbüller bilen bezelen bägül reňklisini saýlap aldym. Muny şol lybaslaryň içinde bedeniniň belendiniň belent, pesiniň pes bolup, bykynlarynyň hereketiniň aýyl-saýyl görnüp durmagy üçin şeýtdim. Ahyrynda ýüzüne gysganman boýag çaldym. Görki hasam artsyn diýip, maňlaýyna hünji tokajygyny hem ýerleşdirdim. Işim tamamlananda Kimýa şeýlebir owadan boldy welin, ondan gözümi aýryp bilmedim.*

*Indi ol gögele boý gyz däldi-de, söýgüdir hyjuwdan ýaňa ýanyp duran maşgalaly aýaldy. Söýýän erkek kişisi üçin janyny orta atmaga, zerur halatynda nämä duryanam bolsa, öwezini tölemäge taýýar aýaldy. Ony synlap durkam, Gurhan-y Kerimiň Ýusup bilen Züleýha hakyndaky aýatlary ýadyma düşdi.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Züleýha özüne ýüz bermeýän bir erkek kişiniň ugrunda yşk odunda alawlap ýanýardy. Şäher aýallary ol barada erbet gürrüň edensoň, ählisini öýüne — saçagyna çagyryp, Ýusuba hem gel diýen wagty otaga girmegi tabşyrypdyr. «Her birine bir pyçak berdi we «Öňlerine geç!» diýdi. Aýallar ony — Ýusuby görenlerinde öz ellerini kesdiler we «Alladan ant içýän, bu ynsan däl-de, hakyt perişde bolsa gerek!» diýişdiler».*

*Bir perişdä aşyk bolupdyr diýip, kim Züleýhany günäkärläp biler?!* ***

*Ilkagşam çagy ýüzüne nikap çekip köçä çykmazdan ozal, Kimýa umyt gatyşykly alada bilen maňa garap:*

— *Nähili görünýän, jora?* — *diýip* sorady.

— *Periler patyşasynyň gyzy ýaly — diýdim. — Adamyň diňe şu gije daňa çenli seniň ýanyňda bolmak bilen oňmaz. Ertir hem gapyňy kakjagyny bilýän.*

*Gulaklaryna çenli dym gyzyl boldy, ýaňaklary gyzardy.* Güldüm-de, ony gujakladym. Esli wagtlap dymdy, soňam *ha-ha-haýlap gülüp goýberdi. Onuň gülküsi Günüň şuglasy ýaly bolup, kalbymy ýylydyp gitdi.*

*Öz aýdan zadyma özüm ynanýardym. Arylaryň gülleriň şiresine üýşüşi ýaly, Şems hem oňa barar öýdýärdim. Şeýle-de bolsa, gyzjagazy ugradan mahalym ýüregim bir*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*erbetligi duýan ýaly, bir bolmasyz işiň boljagyny syzýan ýaly boldy. Göýä bir jyn gulagyma ýakymsyz sözi pyşyrdan ýalydy. Ýöne şonda-da Kimýany saklap bilmedim. Başarmadym.*

*Bu etmişim üçin özümi ömürboýy bagyşlamaryn...*

***Kimýa Konýa, 1247-nji ýylyň dekabry***

*Töwrizli Şems hiç kimiň bilmeýän zatlaryny-da bilýär. Garyp-gasarlaryň çekýän hupbatlaryny-da, bilgiçleriň öňünden görýän zatlaryny-da, welileriň keramatlaryny hem, şu älemiň her dürli syrlylyklaryny-da, ählisini bilýär. Ýöne ol bir zat hakynda welin hiç zat bilenok. Ol —jogapsyz söýgi! Ynha, Şems şuny welin bilenok. Söýgiň jogapsyz galmagynyň ynsanyň janyny neneňsi ynjydýandygyny bilenok!*

*Çöl Gülüniň meni geýindirip-guşandyryp goýberen agşamy şeýlebir tolgunýardym welin, bir ýerde durup bilmeýärdim. Ozal hiç haçan duýup görmedik ahwalymy başdan geçirýärdim. Dogum-gaýratlylykmy ýa gorkyürküsizlikmikä? Tenime galtaşýan ýüpek lybasyň şybyrdysy sepinen atyrlarymyň ysy, dilimdäki gül ýapraklarynyň tagamy... Hiç haçan şular ýaly bezenipbeslenen, özümi şular ýaly, zenan hasap eden ýerim bolmandy. Dogrusy, bedenim isleýşim ýaly*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*ýylmanak hem dolmuş däldi, ýöne şonda-da özümi owadan hasap etdim. Öýdäkileriň ählisi uklaýança garaşdym. Soňra uzyn ýapynja çolanyp,* daraklygyma *basyp, Şemsiň otagyna geçdim.*

*Gapyny açan badyma:*

*— Kimýa, saňa garaşamokdym — diýip, Şems dillendi. — Bagyşla, ýöne seni görmegim gerek — diýip, giriber diýlerine garaşyp durman, otaga sümüldim. —* Gapyny *örtsene, haýyş edýän.*

*Şems aljyran ýaly görünse-de, diýleni etdi.*

*Otagda ikiçäk galanymyzdan özüneçekiji görnüşde ýylgyryp, golaýjygyna bardym. Arkama öwrüldim, uludan demimi aldym. Soňra bir demde ýapynjamy, jüpbämi sypyryp aýryp, çuw-ýalaňaç galdym. Adamymyň aljyraňňy nazarynyň bilimden aşagyna gezýändigini duýdum, ýygryldym. Onuň nazary degen ýerini ýakyp barýardy. Şeýlebir tolgundym welin, gursagym körük ýaly* inip-çykyp *durdy. Ahyry bar gaýratymy jemläp, oňa tarap öwrüldim. Onsoň, şeýdip, Şemsiň öňünde jennetdäki hüýrler ýaly,* owsun atyp durdum.

*— Sen näme edýändirin öýdýäň? — diýip, Şems sowuklaç äheňde sorady.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Zordan dilim aýlandy.*

*— Şu gije bärik seniňki bolmaga geldim...*

*Şems-i Töwrizi töweregimde tegelek çyzyk çekýän ýaly, bir gaýta daşymdan aýlandy-da, öňüme geçip durdy hemde meni göni gözlerine garamaga mejbur etdi. Dyzlarymyň ysgyny giden ýaly bolsa-da, özümi sakladym. Ýeňiljek-ýeňiljek hereket edip, tenimi oňa sürtmäge başladym. Çöl Gülüniň öwreden ähli zatlaryny şol ýerde birin-birin berjaý edip görkezjekdim. Ýöne Şems ýanyp duran ojaga galtaşan ýaly, dessine yza çekildi.*

*— Sen özüňe meni küýseýändirin öýdýäň. Emma seniň ýeke-täk islegiň ynjan nebsiň raýyna gitmek — diýip, Şems aýtdy.*

*Men üns berip durmadym. Gollarymy boýnuna doladym. Dodaklarynda gara tudananyň tagamy bardy, hem süýjüdi, hem turşujady. Onuň dem-nepesiniň girdabynda gark bolmak islegindekäm, Şems meni saklady-da itip goýberdi.*

*— Meni gynandyrýaň, Kimýa jan — diýip, Şems dillendi. — Beýle ýagdaý saňa gelşenok. Häzir, haýyş edýän, otagymdan çyk hemem özüm seni çagyrýançam, şu ýere gelme, bolýarmy?*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Ömrümde beýle peseldilip görmändim. Eglip ýapynjamy almakçy bolanymda, ellerim sandyr*-sandyr edip durany *üçin, wagtynda ýylmanak hem näzijek matany tutup bilmedim. Şems içki geýimlerimidir ýapynjamy aldy*-da, *çalak-çulak eginlerimi örtdi. Onsoň men gijäniň bir wagty ýarym-ýalaňaç halda hynçgyryp-hynçgyryp aglap, adamymyň otagyndan çykdym. Özümem şeýle uly günädigini bilmeýän bolsamdym, janyma dözerdim diýip oýlanýardym.* ***

*Gaýdyp Şemsi görmedim, şol günden soň, bir gezegem otagymdan daşaryk çykmadym. Bar wagtymy düşegimde ýatyp, depäme garap geçirdim. Ähli güýç*-kuwwatym, *ýaşaýşa bolan höwesim gaçdy. Bir hepde şeýdip geçdi, soňra ýene bir hepde, onsoň günleriň geçişini sanamagy* bes etdim.

*Ençeme wagtdan soň otagyma meniň üçin nätanyş bolan bir ys ýaýrady. Ýiti ýakymly ysdy; ol ys zenjefil çaýy ýada owlan arça tikenleri ýaly ýakyp barýan ajy bolsa*-da, *hiçneneň däldi. Diýmek, ölümiň ysy şeýle eken. Gyzgynym galýardy. Tutgaýym tutup, samramaga başladym. Meni görmek üçin hekimler getirildi. Goňşygolamlar, joralarym meni soramaga geldiler. Kerra başujumda başymy alyp oturdy. Gözleri aglamakdan ýaňa çişdi, ýüzüniň reňki kül sepilen ýalydy. Göwher hatyn hem*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*beýleki tarapymda oturyp, şol çukurjykly ýylgyryşy bilen maňa aýdym aýdyp berdi.*
*Bir arada ukudan oýandym. Goňşy aýal Safiýäniň hüňürdisini eşitdim.*

*— Alla şol hepbesiz haramzadanyň jezasyny berewersin. Görgüli gyzjagazyň söýgüsine söýgi bilen jogap berilmedi-dä, bi şonuň pidasy boldy. Baryna şol hepbesiz günäkär.*

*Dodagymy gymyldadyp, bir zat diýmekçi bolsamam, sözler gursagymda ilişip galdy. Hernä Kerra kömege ýetişäýdi.*

*— Nädip beýle diýip bilýäň, Safiýe, nädip Şemsi günäkärläp bilýäň? Muny şol etdimi näme? Bu Allanyň takdyrydyr.*

*Ýöne Kerrany diňlemediler. Meniň bolsa hiç kimi ynandyrara ýagdaýym ýokdy. Bahym, barybir, netijäniň üýtgemejekdigine düşündim. Şemsi halamaýanlar meniň näsaglygymy bahana edip, ony has hem ýigrenjekdiler. Ýöne men isläýenimde-de, ony söýmän biljek däldim. Bahym meniň ysgyn-mydarym galmady. Ähli reňkler duw ak boldy. Sesler bolsa birsydyrgyn wyzzylda öwrüldi. Indi adamlaryň ýüzlerini saýgaryp bilemokdym; aýdylýan sözleriň hiç birini eşitmeýärdim.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Şems meni görmäge geldimikä? Belki, gelendir, belki, gelenem däldir. Belki, daşymy gallap duran aýallar ony içerik goýberen däldirler. Ýa-da gaýta-gaýta gelip, ýanymda oturyp, ellerimi eline alyp, meniň üçin doga edendir.*

*Hawa, hut şeýledir. Meniň muňa ynanasym gelýär. Herhal, eýle bolanda-da, beýle bolanda-da indi ähmiýeti ýok. Gaharym hem gelenok, göwün hem edip duramok. Soňsuzlyga tarap akyp gidip barýarkam, kime, nähili käýineýin? Alla geçirimlidir, merhemetlidir, rahmandyr we rahymdyr. Her bir zadyň aňyrsynda hökman bir sebäp bardyr. Kämil yşk nyzamy! Şemsiň otagyny ýüpekparça çolanyp, tirme guşak guşanyp baranymdan on alty gün soň, Möwlananyň perzentligi bolan men — Kimýa şaglap akýan hiçlik derýasyna goşuldym. Ol ýerde göwün isleýşimçe ýüzdüm. Ýüzdüm ýördüm, ýüzdüm ýördüm.*

*Ana, şonda bir zada düşündim. Gurhanyň dördünji okalyşy şeýle bolmaly: soňsuzlyk, çäksizlik, gurşap alyjylyk we açyklyk... hiç bolmak arkaly hemme zada öwrülmek... ýeňlemek arkaly çuňlaşmak...*

*Ine şeýle, dirilikden ölme geçişim, şeýdip, akar suwlar bilen amala aşdy.* **Ella**

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

***Boston, 2008-nji ýylyň 19-njy iýuly***

*Aziz Bostonda dört gün boldy. Dört günüň dowamynda her gün irden Ella ony görmek üçin Nortzamptondan Bostona çenli ulagyň destiniň başynda geçirdi. Bilelikde şäheri dabanma-daban gezdiler. Kiçijik italiýan mähellesinde lezzetli, ýöne diýseň ýönekeý naharlar iýdiler. Nepis Sungatlar muzeýine baryp gördüler. Kommon seýilgähine we Ryhtyma aýlandylar, Suw seýilgähinde delfin balyklaryň oýunlaryna tomaşa etdiler. Harward meýdanynda adamdan hyryn-dykyn kafelerde kofe içdiler. Olar şu zatlar bilen birlikde durman gürleşdiler. Dürli ýurtlaryň aşhanalary, oýhyýalyňy jemlemegiň — meditasiýanyň tehniki taraplary, aborjin sungaty, gotik romanlar, bag-bakja ideg etmek, organik pomidor ýetişdirmegiň usullary, düýş ýorgutlary ýaly akyla-hyýala gelmeýän umumy mowzuklaryň birindenbeýlekisine geçip, biri-biriniň sözüniň üstüni ýetirip gürrüň etdiler. Haçandyr bir wagt şular ýaly köp gürläni Ellanyň ýadyna düşmedi. Köçede biri-birine galtaşmazlyk üçin örän dykgatly bolmaga çalyşsalar hem, bu ýagdaýy saklamak barha kynlaşdy. Sähel galtaşmalar, duýdansyz elleriň biri-birine degmegi, goltuklaşyp ýöremeler... «Haçan elimden tutarka?» diýip, Ella garaşdy. Görse, Aziziň ilkinji ädim ätme hyýaly ýok. Ilki*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

bolup onuň özi Aziziň elinden tutdy, başda çekinibräk, ýaýdanmaç, soňra batyrgaýrak we her hili dowla düşmelere üns bermän. Onuň bolşy tanyş biriniň göräýmeginden ätiýaç etmäge derek, hamala, biri bizi görmezmikä diýýän ýalydy. Şonda-da hemişe aralygy sakladylar. Biri-birine ruhlary ýakyn hem bolsa, bedenleri uzakda galdy. Birnäçe gezek bile Aziziň bolýan myhmanhanasyna barsalar hem, aralarynda yşk-söýgi bolmady. Aziz islemedi.

Aziziň Amsterdama uçjak güni ýene ir bilen myhmanhananyň otagyndadylar. Biri bir kürsüde otyrdy, beýleki ýene birinde. Aralarynda-da el goşlary. Ella usullyk bilen:

— Saňa bir aýtmaly zadym bar — diýdi. — Uzak wagtlap şu meseleden nädip gürrüň açjagymy bilmän ýördüm — diýdi.

Aziz Ellanyň sesindäki duýdansyz üýtgemäni şobada aňdy, gyzyklanma bilen gaşlaryny galdyrdy.

— Bilýäňmi, bu gaty gyzykly zat. Meniňem saňa aýtmaly zatlarym bar — diýdi.

— Bolýar, ilki sen aýt — diýip, Ella oýun oýnaýan ýaly dillendi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Ýok, ilki sen başladyňmy, özüňem ilki aýdarsyň.*

*Ella ýylgyryşyny bozman, başyny egdi. Nämäni nähili aýtjagyny ýagşy oýlandy. Soňra söze başlady:*

*— Sen Bostona gelmeziňden ozal, bir agşam Dewid bilen gezelenje çykyp, uzak wagtdan bäri ilkinji gezek, biribirimize hiç hili sapalak atmazdan, gönümel gürleşdik. Menden sen barada sorady. Ýaşyryn hat alyşmalarymyzy okapdyr. Elbetde, şeýle bolanyna gynandym, ýöne hakykaty inkär edip durmadym. Ýagny ikimiziň aramyzda bolan zatlar barada aýdýan.*

*Ella sözüni dowam etmezden öň ýeňiljek üsgürdi. Häzir aýtjak zadyna Aziziň nähili gaýtargy berjegini bilmeýärdi. — Adamyma başga bir erkek kişini söýýändigimi aýtdym.*

*Penjireden aňyrda şäher durmuşy güwwüldäp ses edýärdi. Köçeden yz-yza üç ýangyn söndüriji ulag geçip gitdi. Esli wagtlap duýduryjy sesler töweregi gurşap aldy. Ellanyň ünsi bölünen ýaly görünse-de, sözüni jemlemegi başardy.*

*— Bu saňa ýeňilkellelilik etmek ýaly bolup görünmegi ahmal hem bolsa, men seniň bilen Amsterdama gitmek isleýärin.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Aziz penjirä tarap ýöredi; aşakdaky gohy üns bilen synlady. Aňyrrakda bir binadan tüsse göterilýärdi, galyň hem gap-gara bulut howada toplanýardy. Ol şol ýerde ýaşaýan adamlar üçin ýagşy dileg etdi. Ol Ella tarap öwrülmän gürläp başlany üçin, göýä tutuş şähere ýüzlenýän ýaly bolup göründi. — Meniň bilen Amsterdama gitmegiňi men hem isleýän... onda-da näler... ýöne men saňa ol ýerde üýtgeşik gelejegi wada berip biljek däl.*

*— Näme diýmekçi bolýaň? — diýip, Ella dillendi. Ol göwnügalgyn görrünýärdi. Erkekler näme üçin beýlekä?! Hemmesem örklenip galmakdan gorkýar. Şunça wagtlap bile gez-aýlan, syr alyp, syr beriş, söhbet et, aýratyn pursatlary başyňdan geçir, arzuw-hyýallara çüm! Iň soňunda-da, edil jadydan açylan ýaly, bar zat puç bolaýmalymyş! Saňa üýtgeşik gelejegi wada berip bilmen diýdigi nämekä?! Bu nähili alasarmyk gürrüň.*

*Diňe erkek kişi şular ýaly ruhsuz jümläni agzyndan gaçyryp biler.*

*Aziz Ellanyň aňyndan geçen pikirlere düşünýän ýaly, ajy ýylgyryş bilen ýanyna geçip oturyp, elini öpdi:*

*— Çak edişiň ýaly däl.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Onda nähili?

— Bir gün asla tanamaýan bir zenanymdan garaşmaýan hatymy aldym — diýip, Aziz dillendi. — Romanymy okap görendigini ýazypdyr. Ol: «Kitabyň ömrümiň täsin döwrüne gabat geldi. Ýoluň çatrygynda durun» diýipdir. — Aziz uludan ýylgyrdy. — Aslynda,seniň hatyňy alan döwrüm meniň ömrümiň hem täsin döwri bolandygyny bilýärmiň?

— Ýagny... başga birem barmy? — diýip, Ella sorady.

— Ýok, ezizim, beýle zat ýok — Aziz birden ümsümleşdi. — Saňa şu güne çenli ömrümiň üç sahypasyny beýan edip ýazdym. Sopy sözüniň üç harpy bilen tanyşlygymy beýan etdim. Sen menden dördünji harp barada soramadyň. Belki-de arada ýitip gidendir. Meniňem düşündirmäge gaýratym çatmady. Ýöne «y» harpy bilen hem tanyşlygymyň öz hekaýaty bar, diňläsiň gelýärmi?

Ella nämedir bir zadyň şu pursadyň jadysyny bozaryndan elheder edýän-de bolsa, diýenedijilik bilen başyny atdy.

— Hawa — diýdi. — Hawa, gürrüň bersene. ***

Şol iýul güni, myhmanhananyň otagynda, Amsterdama uçmagyna birnäçe sagat galanda Aziz Zahara Ella Rubinşteýne 1976-njy ýylda sopy bolup adyny

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*üýtgedeninden soňra başyndan geçiren durmuşyny gürrüň berdi. Şol seneden başlap, ol, göräýmäge, daş görnüşi fotosuratçy, içi derwüş bolup dünýä syýahat edipdir. Alty yklymda dosty-ýar edinipdir. Maşgala diýen düşünjäni gan bilen baglanyşykda däl-de, ruhy taýdan baglanyşykda diýip hasap edipdir. Rumyniýada iki sany çagany perzentlige alyp hossarsyz ösdürip-ulaldypdyr, okadypdyr. Gaýdyp öýlenmändir, birnäçe gezek söýginiň gyrasyndan gaýdypdyr. Onsoň ol şunça wagtyň dowamynda Marokkodaky derwüşhanada gulagyna dakan kümüş halkany gulagyndan, Gün şekilindäki tokany-da boýnundan aýyrmandyr. Geçmişinde onuň durmuşyndaky baş ugur tasawwuf bolupdyr; ömrüni yşk ynanjyna we beýleki adamlara peýdaly bolmaga bagyşlapdyr, baran ýerleriniň ählisinde sereden aýnalarynyň her birinde Taňrynyň alamatlaryny agtarypdyr.*

*Onsoň mundan iki ýyl ozal onuň saglygy ýan berip ugrapdyr. Duýdansyz ýerden bedeni ysgynsyzlyk tapynyp başlapdyr. Goltuklarynda peýda bolan çiş ähli zady şol demde üýtgedipdir. Haýp ýeri, ony giç bilipdir. Şol kiçijik düwün deri düwnüginiň bir görnüşi eken. Lukmanlar uzak wagtlap bellibir anyklama bildirmändirler, keseliniň derejesini anyklamak üçin barlag üstüne barlag*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

geçiripdirler. Ahyry, gelen netijeleri barada maglumat berenlerinde bolsa, habarlar gaty gowy däldi. Kesel bedeniň içki agzalaryna aralaşypdyr, bagry gurşap alypdyr.

Şol wagt Aziz elli iki ýaşyndady.

— Elli bäşiňe ýetmezligiň ahmal — diýipdirler. — Şoňa göräräk taýýarlykly boluber.

Şeýlelikde, onuň ömründe täze we käbir babatda has önjeýli tapgyr başlanypdyr. Onuň häzirem görmek isleýän ýerleri bardy; jahankeşdeçilik etmesini goýbolsun etmegä beýlede dursun, öňkülerden has köp ýerlere syýahat edýärdi. Dünýäniň çar künjündäki gatnaşyklaryny peýdalanyp, Amsterdamda sopuçylyk gaznasyny döredipdir. Indoneziýada, Pakistanda, Müsürde sopy sazandalar bilen ýörite konsertler beripdir; hatda Ispaniýada Kardowada bir topar ýahudy we musulman mistikler bilen bilelikde bir albom çykarypdyrlar. Marokka gaýdyp baryp, ömründe ilkinji gezek sopular bilen tanşan derwüşhanasyna zyýarat edipdir. Baba Samediň mazarynyň başynda doga okapdyr, oý-hyýallary boýlapdyr, durmuşyň özi üçin çeken ýodalaryny şükranalyk bilen ýatlapdyr.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Soňra hemişe ýazasym gelip, soňa goýup ýören romanymy ýazmaga girişdim — diýip, Aziz gözüni* gyrpdy. *— Ol uzak wagt bäri amala aşyrasym gelip ýören arzuwymdy. Romana «Yşk şerigaty» diýen at goýdum. Golýazmamy bukja salyp, Amerikadaky belli neşirýatlaryň birine ýolladym. Artykmaç hantama zadym ýokdy, ýöne her hili jogaba taýýardym. Bir hepdeden soň, Bostonda görmegeý zenandan imrindiriji* elektron hat aldym.

*Ella ýylgyrman durup bilmedi.*

*— Şol pursatdan başlap, ähli zat büs-bütin özgerdi — diýip, Aziz dilendi.*

*Ol ölümine garaşyp ýören adam bolanlygyndan, garaşylmadyk pursatda yşk diýip ölüp-öçüp ýatan adama öwrüldi. Ähli bölejiklerini ýerbe-ýer goýandyryn hasap edýän düzmeçöpüň düzülişini gaýtadan gözden geçirmek zerurlygy döräpdir. Ynanç, yşk, arzuw, ölümiň ysy, baky ýaşamak islegi, maşgala, öý-ojak, hasrat, bagtyýarlyk... şu düşünjeleriň ählisi barada täzeden oýlanmaly* bolupdyr. *Ol häzir özüni ölüme taýýar hasap edýän-de bolsa, heniz ölesi gelenokdy.*

*Ol ömrüniň şu soňky tapgyryna sopy sözüniň «y» harpy bilen tanyşlyk möwsümi diýýärdi. Belki, bu iň kyn*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*bölegidir, sebäbi içki hasaplaşmalaryň aglabasyny tamamlap, ruhy taýdan kämilleşen hasap edýän döwri bolan ömrüniň häzirki tapgyrynda ilkinji gezek yraň atýardy.*

*— Sopuçylykdan ölmezden ozal ölmegi öwrendim. Makamlardan ädimme-ädim geçdim. Bu ýoly öz düşünip biliş derejäme görä ýaşamaga çalyşdym. Hut ähli zady çözdüm diýen mahalym, asmandan inen ýaly bolup, sen peýda bolduň. Şol ilkinji elektron ýazgyňdan soň, hemme zat gaty çalt özgerdi. Her gün demimi alman, eýsem, Ella hat ýolladymyka diýip garaşdym. Şol wagt tutuş ömrüm saňa gürrüň berlerine garaşýan hekaýata öwrüldi. Onsoň seni has giňräk tanasymyň gelýänini duýdum. Seniň bilen birneme köpräk wagt geçiresim gelýärdi. Birdenem, maňa aýdylan möhlet gözüme gaty ujypsyz bolup göründi, ýetjek däldi. Düýrmegim bilen berlen Allahyma baş göterer derejä golaýladym.*

*— Keseliňi... bile ýeňip geçip bilerdik... — diýip, Ella gorky bilen pyşyrdady.*

*— Ýene on alty aý galdy — diýip Aziz belledi. — Lukmanlar şeý diýýär. Nädogry aýdan bolmaklary*-da *ahmal. Bilmedim. Görşüň ýaly, saňa berip biljek ýeketäk* zadym *— häzirki başdan geçirip* duran *pursadymyz.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Elbetde, aslynda, hiç kim hiç kime şondan artygyny wada berip hem bilmez. Ýöne onuň şeýledigini hemişe unudýarys. Gelejekde ädiljek ädimler barada bilesimiz gelýär.*

*Ella ýüzüni ýere saldy, nazary aýaklaryna dikildi.* Agramyny bir ýanyna berdi, hamala, bir tarapy *ýykylarlyda, beýleki tarapy hem ony saklajak bolýan ýalydy. Aglap başlady.*

*— Beýtme, haýyş edýärin. Meniň iň esasy islegim —* seni *özüm bilen Amsterdama äkitmek. Saňa şäherimizi görkezerin. Bileje dünýä syýahat ederis. Başaryp* bilen *ýerlerimize aýlanarys.* Seniň bilen bilelikde täze adamlar bilen tanşasym hem-de *Taňrynyň ýaradan ajaýyp* eserini — dünýäni bilelikde synlasym *gelýär.*

*Ella öňünde ýalpyldawuk oýnawaç goýlan igli çaga ýaly, aglamasyny bes edip, burnuny çekdi: «Menem...* menem *şony isleýän...».*

*— Saňa şu zatlary düşündirmäge çekindim — diýip, Aziz* janygdy. — Ol-a öpüşmek eken, saňa çala galtaşmak hem *maňa agyr düşdi. Sen durmuşyňy elmydama gelejek hakdaky pikiriň üstünde gurupsyň. Meýilnamalar,* maksatnamalar... *Seniň ýaly adama «hany, bar zadyňy taşla-da, meniň bilen ýör, ýöne ertir men seniň ýanyňda*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*bolmazlygym ahmaldyr» diýmek mümkin däl bolup göründi.*

*Ella bu sözleri eşidip, bir hakykatyň üstünden ýaňy baran ýaly dowla düşdi.*

*— Şeýlemişem diýeli, ýöne näme üçin seniň özüňe üns bermeýşiňe düşünemok. Düwnük keseline garşy göreşip bilersiň-ä. Muny meniň üçin edersiň. Biziň üçin...*

*— Has sagdyn hem uzak ýaşamak üçin elimden geleni ederin. Ýöne keselimiň garşysyna göreşjek däl — diýip,* Aziz dillendi.

*— Düşünemok. Ýaşasyň gelýärmi? — diýip, Ella hüňürdedi.*

*— Hawa, gelýär. Ýöne başgaça — diýip, Aziz aýtdy. — Biz ähli zat bilen uruş ýagdaýynda ýalydyrys. Terrorçylyga garşy göreş, garyplyga garşy göreş, puluň hümmetsizlenmegine garşy göreş, AIDS-e garşy göreş, düwnüge garşy göreş, parahorçylyga garşy hem şeýle, hatda, semizlige garşy hem göreş... Göreşmekden başgarak çemeleşip bolmaýarmyka? Ella sabyrsyzlyk* bilen bellik etdi:

*— Men sen ýaly sopy däl!*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Şol pursat onuň aňyndan onlarça oý-hyýal geçdi: kakasynyň özüni heläklemegini kalbyna sygdyryp bilmeýşi, weýran bolan çagalygy, wyždan azaby, günäkärlik duýgusy, müýnlülik, bagtyýar maşgala gurmak pikiri we ençeme ýyllap içinde saklap ýören göwnügalmalar bir pursadyň içinde öňünde ör-boýuna* galdy.

*Aziz ýylgyryp:*

*— Sopy däldigiňi bilýän — diýdi. —* Bolmak hem gerek *däldir, belki. Sen diňe Rumy bol, şol ýeterlik.*

*— Näme diýmekçi bolýaň? — diýip, Ella gözlerini* gyrpgyrp etdi.

*— Bir ýola menden sen Şems bolaýma diýip sorapdyň. Ol soragyň gulaga hoş ýaksa-da, men Şems bolup bilmerin, oňa hetdim ýok. Ýöne sen Rumy bolup bilersiň. Yşk sözi gaýtalana-gaýtalana içi boş, paňkyldawuk söze döndi. Ýöne sen öz barlygyň bilen yşky belende göterip bilersiň.*

*— Men şahyr däl — diýip, Ella gyryljyk seslendi.*

*— Rumy hem şahyr däldi, ýöne boldy ahyry.*

*— Düşüneňokmy, Aziz? Men maşgalaly-zatly aýal, üç çaganyň enesi! Meni öz ýanyňdan gaty ulaltma. — Özüň*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*babatda adalatsyzlyk edýärsiň — diýip, Aziz sesini gataltdy. — Biziň her birimiz näme bolsak şoldurys. Esasy zat biziň özümizi özgertmäge, dönüpdaşmaga gaýratymyz çatjakmy, ana, şonda. Eger öz yşkymyza ýeterlik ynanýan bolsak, syýahatymyzyň galan bölegini bile geçeris. Soňrada bile Konýa gideris. Men özümiň şol ýerde topraga dulanmagymy isleýän.*

*— Beý diýmesene — diýip, Ella dillendi.*

*Aziz başyny sallady. Häzir onuň keşbinde üýtgeşik bir alamat bardy. Ol sözlerine agram berip gürrüňini tamamlady:*

*— Häzir bärden çykyp gidip, eden teklibimi unudyp goýberibem ýa-da öý-ojagyňa, çagalaryň arasyna barybam bilersiň. Ýöne şonda-da men seni söýmegimi dowam ederin.*

***Süleýman serhoş Konýa, 1247-nji ýylyň dekabry***

*Kellämi oturan sapama diräp uklap galypdyryn. Garabasma gaýra dur diýýän eýmenç düýş görüpdirin. Düýşümde äpet hyrsyz öküz meni köçede kowalaýarmyş. Şol melgun haýwanyň gaharyny getirer ýaly özümiň näme edenimi bilmesemem, aýagaldygyna gaçýarmyşym. Satygçylaryň tekjelerini agdar-düňder edip, her dürli*

*miweleri, gök otlary basgylaşdyryp, mynjyradyp, ahyry bir darajyk köçä düşýän. Ol köçäniň aýagujy petik bolarly. Şol ýerde äpet bir ýumurtganyň üstünden barýarmyşym. Şol wagt onuň gabyklary çatlap jaýryldyda, içinden betnyşan guş jüýjesi çykdy. Ol ýerden daşlaşarman bolup durkam, birden asmanda ene guş peýda boldy; ol şu etenäniň betnyşanlygyna sen günäkär diýýän ýaly, içiňden geçip barýan nazaryny maňa dikdi. Hanjar ýaly penjelerini açyp topuljak bolup durka-da, gara der bolup oýanypdyryn.*

*Görsem, meýhanada, penjiräniň golaýyndaky sapada uklap galypdyryn. Agzymyň içi öt ýaly ajapdyr, suwsuzlykdan ýaňa bokurdagym gurap durdy. Ýerimden turmakçy bolsam hem, elimi gymyldadyp bilmedim. Kelläm gum dykylan ýalydy. Onsoň gymyldaman ýatyşyma, meýhananyň tanyş gohuna diň saldym. Ynha, şol wagt gapdaldaky sapadan eşidilýän pyşyrdylar gulagyma ildi. Ol ýerde otlukly gürrüň edilýäni görnüp durdy. Ine, birdenem «Jenaýat!» diýen eýmenç sözi eşitdim.*

*Başda serhoşlaryň samramasydyr-da diýip ähmiýet bermedim. Bu ýerde her kim degşip-gülüşjek, göwnündäki dilinde. Ýöne ol adamlaryň gep urşy başgaçady. Olaryň çynlakaý bir zadyň gürrüňini*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

edýändigini aňdym. Saçlarym syh-syh boldy. Ýöne, esasanam, kimi öldürmek isleýändiklerini eşidenimde, zähräm ýaryldy. Kast edilmekçi bolunýan adam Töwrizli Şemsdi!

Tä ýaňky adamlar turup gidýänçäler, sapamda uklan bolup ýatdym. Olaryň gidendiklerine doly göz ýetirenimden soň, dessine dikeldim.

— Hristos, bärik gel. Tizräk! — diýip gygyrdym. —

Ýene näme boldy, Süleýman? — diýip, Hristos ýüwrüp

geldi. — Bir zat boldumy?

Ýöne sözler bokurdagyma tegek boldy, ýeke sözem gürläp bilmedim. Birdenem hemmelerden şübhelenmäge başladym. Eýse, Şemse gurlan duzaga başga birleri-de degişli bolaýsa?! Bu güpbasdynyň içinde başga-da kimdir biriniň bolmagy ahmal ahyry. Dilimi dişimiň aňyrsynda pugta saklap, ägä bolmak gerekdi.

— Hiç-laý, gaty ajykdym — diýdim. — Ýeri, maňa bir ýyljajyk çorba getirip bersene. Sarymsagy kem bolmasyn. Çaltrak özüme bir geleýin.

Hristos geň galyp, siňe-siňe seretse-de, gaçgalaklama häsiýetine belet bolansoň, hiç zat sorap durmady. Birnäçe minutdan soň, öňümde bir käse bugaryp duran

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*çorba goýdy. Menem agzymy-dilimi bişirip, gyssanmaç içdim. Özümi dürsänimden soň, eşiden zatlarymy Şemse duýdurmak üçin dessine şonuň gözlegine çykdym.*

*Ilki Rumynyň öýüne gitdim. Ol ýerde Şems ýok eken. Soňra metjide, medresä, çaýhana, çörekhanalara, hammama aýlandym. Senetçileriň mähellesindäki dükanlaryň, ammarlaryň we saraýlaryň ählisini birinbirin barlap çykdym. Hatda harabalykda ýaşaýan ýüz elli ýaşyndaky sygan är-aýalyň ýanyna hem gitdim. Belki, Şems dem saldyrasy ýa-da täleýine garadasy gelendir diýdim. Ähli ýeri aýlanyp çykdym. Adam görsem soradym. Ýüregime gorky aralaşdy. Ýa gijä galan bolaýsam?.. Birden ony öldüren bolaýsalar?*

*Ençeme sagatdan soň, haly harap ýagdaýda ýene meýhananyň ýoluna düşdüm. Onsoň, ýaňy birinji köçeden aýlananym hem şoldy welin, birden Şems bilen pete-pet geläýsek nädersiň?!*

— O-h-oo, men kimi görýän? Ýagdaýlar niçik, Süleýman? Aladaly görünýäň-le? Nirä alňasap barýaň?

— *diýip, Şems argyn ýylgyrdy.*

— *Hudaýa şükür! Seni ahyry tapdym! Allaha şükür, diri ekeniň! — diýip, özümi saklap bilmän, ony gujakladym.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Şems gollarymdan sypyp, uludan güldi. Ol keýpiçag görünýärdi.*

*— Hawa, diri! Näme, daşyndan seretseň, ruha meňzeş ýerimem barmy?*

*Zordan ýylgyrdym.*

*Şemsiň gözlerine ynamsyzlyk çaýyldy.*

*— Dostum, näme boldy? Ýa bolmasyz bir iş boldumy? Ýuwdundym. Birden aýdanyma ynanmasa?! Ýa meýiň humary serine urandyr-da, bir zatlar gözüne görünýändir diýip pikir etse?! Belki, şeýledirem. Eşiden zatlarymyň dogrudygyna özümem ynanyp bilemokdym. Şeýle-de bolsa, aýtmagy ýüregime düwdüm.*

*— Seni öldürjek bolýarlar! — diýdim. — Kimdiklerini bilemok. Ýüzlerini görmedim. Uklap ýatyrdym. Düýş görüpdirin. Ýöne düýşüň onuň bilen baglanyşygy ýok. Serhoş hem däldim. Neme, birküç bulgur götersem-de...*

*Şems elini egnime goýdy.*

*— Köşeş, Süleýman, men saňa düşündim. Gaýgy etme.*

*— Dogrudanam, düşündiňmi? — diýip, geň galyp soradym. Men öz-özüme düşünmeýärkäm, ol nädip maňa düşünip bilýärkä?!*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Hawa, häzir sen meýhanaňa git, meni alada etme.*

*— Ýok, ýok, hiç ýere gitjek däl, senem gitmersiň. — diýip, aýak diredim. — Gulak as, ol adamlaryň gaty çyny. Özüňden ägä bol. Rumynyň öýüne barma. Ilki bilen barlajak ýerleri şol ýeri bolar.*

*Şems dymdy.*

*— Meniň öýüme gideli. Horaşajadyr, akan-dökänräkdir welin, özüň üçin kiçilik bilmeseň, ýör, näçe isleseň bizde boluber.*

*— Gaty görme, meni utandyrýaň — diýip, Şems dillendi. — Ýöne ähli zat Allanyň merhemeti bilendir. Bu hem kadalaryň biridir.*

*Otuz altynjy kada: Hileden, mekirlikden ätiýaç etme. Eger bir kişi saňa duzak gurup, zyýan ýetirmekçi bolýan bolsa, Taňry hem oňa duzak gurýandyr. Çukura ony gazanlaryň özi düşýär. Bu ulgam gaýtargylar ýörelgesine görä işleýändir. Birje damja haýyr hem, zerre ýalyjak şer hem gaýtargysyz galmaz.*

*Ondan biidin çöp başy gymyldap bilmez. Sen diňe şuňa ynan!*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Şems şeýle diýeninden soň, gözüni gyrpdy-da, meni gujaklady. Ol göýä hoşlaşýan ýalydy; gidip barýan hem bolsa, ony saklap bilmedim.*

*Ol yzyna öwrüldi-de, Rumynyň öýüne barýan batgalyk köçä düşdi. Esli wagtlap yzyndan seredip durdum.*

*Süňňüme, birhili, gorky aralaşdy. Onsoň men — konýaly serhoş Süleýman, ençeme günläp agzyma ýeke damja şerap damdyrmasam hem, özümi ýitiren ýaly, süňňümi saklap bilmän, sandyr-sandyr edip, gagşadyp başladym...* **Ganhor**

***Konýa, 1247-nji ýylyň 8-nji dekabry*** *Olara meniň bilen gitmeli däldiklerini duýdurdym. «Müşderiler işime goşulsa, gaharym gelýär» diýdim. Ýöne olar öz diýenlerini tutdular durdular.*

*— Bu derwüş seniň çak edişiň ýaly däldir. Ol adatdan daşary ukybyň eýesi. Ölenini gözümiz bilen görmesek bolmaz. Bolmasa, bu iş puja çykar — diýdiler.*

*Ylalaşmaly boldum.*

*— Ýagşy — diýdim. — Ýöne men işimi bitirýänçäm, garaňyz görnäýmesin.*

*Baş atdylar. Olar üç adamdy. Ikisi ilkinji duşuşygymyzdan ýadymda galdy. Üçünjisi bolsa,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*sesinden çak edişim ýaly, bolmanda, beýlekiler ýaly ýaşdy hem gaharlydy. Ählisi-de ýüzlerine gara nikap çekipdir. Hamala, olaryň kimdiklerini bilesim gelip ölüp barýan ýaly!*

*Gije ýarymdan agansoň, Rumynyň öýüne bardym. Kerpiç haýatdan aşyp, howla girdim, gyrymsy agaçlaryň arasynda gizlendim. Müşderilerim öňünden berk sargapdylar; Şemsiň bir endigi bar eken, her gije täret almazdan ozal, hökman howla çykyp, şu ýerde oý-hyýala çümüp durýar eken. Meniň ýeke-täk etmeli işim garaşmakdy.*

*Bir telbe şemal öwüsdi. Haýran galmaly! Ýylyň şu çagty beýle sowuk bolmaýardy. Elimde tutup duran gylyjym barha agralýan ýalydy. Onuň sapyndaky merjen bezegleri sop-sowukdy. Her hili ýagdaý bolmagy mümikin diýip, gynynda irkilip ýatan alaw ýaly hanjaryda bilime gysdyrypdym.*

*Asmandaky Aý agyllap, daşyny solgun halka gurşap alypdyr. Uzakdan gijegezer haýwanlaryň uwlaýan sesi eşidildi. Ol iniňi düýrükdirýän syrly sesdi, keýpimi gaçyrdy. Dem salymlyk täsin duýga berildim. Belki, häziriň özünde bar zady taşlaga-da, şu bolgusyz ýerden uzaklaşanym ýagşydyr?!*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Ýöne başarmadym. Esli wagt geçdi. Gabaklarym agralyp ugrady. Yzly-yzyna biygtyýar gerindim. Şemal güýçlendigiçe, biri-birinden erbet pikirler aňymda topar tutup ugrady. Janyna kast eden adamlarymyň keşpleri maslygyň üstünde çekeleşýän dazzarkeller ýaly bolup, depämde aýlanyp başlady. Özüme nämeleriň bolýanyna düşünip bilmedim. Men sowukganlylygy bilen tanalýan adamdym; aňsat-aňsat dowla düşmäm bolmazdy. Üstesine, geçmişini ýatlap düýrügip ýörenlerdenem däldim. Keýpim birneme göterilsin diýip, çalaja hiňlenen boldum, ýöne onuň hem nepi degmänsoň, gözlerimi öýüň ýeňseki gapysyna dikip pyşyrdadym:*

*— Ýeri, bakaly, Şems, meni köp garaşdyrdyň-la. Çyk ahyryn indi howla! Haýyşymy eşiden ýaly, şol wagt ýagyş ýagyp başlady. Onda-da nähili ýagyş! Edil asmanyň bujagy çözülen ýaly! Şeýlebir ýagdy welin, göz açypýumasy salymyň içinde köçeler derýa deý dolup-daşdy.*

*Dyzyma çenli palçygyň içinde galdym. Süllümbaý ezildim.*

*— Nälet siňmiş! — diýdim. — Nälet siňmiş!*

*Halys wagt geçenokdy. Çabga diňerli däldi. Onsoň goýbolsun edeýin diýip durkam, birden çybşyldy eşidildi. Howluda biri bardy. Haýatyň düýbünde gizlenip,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*töweregimi gözden geçirdim. Şoldy. Elinde şem göterip gelýärdi. Ol maňa tarap göni gelşine birnäçe ädim galanda saklandy.*

*— Nähili gowy gije — diýip, Şems dillendi.*

*Bu adam öz-özi bilen gürleşdimi ýa ýanynda başga-da adam barmyka? Aljyradym. Ýa meniň bilen gürleşýärmikä? Bärde meniň durandygymy bilýärmikä? Şol wagt özümi aňk eden bir zady bilip galdym. Şeýle güýçli şemally, çabga ýagyşly howada elindäki şem, nädip sönmän saklanyp bilýärkä? Tutuş göwräm gurşup giden ýaly boldy.*

*Şems bilen bagly aýdylýan gürrüňleri ýatladym. Onuň jadygöýlikde hem gözbagçylykda belli adamdygy baradaky gürrüňler agyzdan-agza geçýärdi. Dogrusy, beýle boş gürrüňlere ynanyp ýörenlerden däldim.*

*Häzirem hä diýip biljek däl, ýöne Şemsiň şeýle ýagyşly howada eli ýagty saçýan şemli durşuny görüp, dyzlarymyň ysgyny giden ýaly boldy.*

*— Ençeme ýyl mundan ozal, Töwrizde Ebabekir atly bir ussadym bardy — diýip, Şems dillendi. — Diýseň mertebeli adamdy. Ol maňa her zadyň öz wagtynyň bardygyny öwretdi. Bu hem soňky kadalaryň biri.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Nämäniň kadasy barada gürrüň edýärkä? Ýa düşnüksiz gep-gürrüň bilen meni gorkuzjak bolýarmyka? Bellibir netijä gelmegim gerekdi. Ýa-ha häziriň özünde atylyp çykyp, üstüne topulmalydym, ýa-da amatly pursada garaşmalydym. Ýöne Şems hiç aňyrsyna öwrülmeýärdi. Beýleki bir tarapdanam, eger ol meniň bärdedigimi bilýän bolsa, näme üçin gizlenmelimişim?*

*Men heniz bellibir netijä gelmänkäm, bagyň haýatynyň düýbünde gara sudurlar görnüp gitdi. Sanadym, alty kişidi. Ýaş ýigitler näme üçin häzirem derwüşi öldürmeýändigimi alada eden bolsalar gerek. Olar gidip goşmaça adam getiren bolmalydylar. Şol pursat Şems bar zatdan bihabar ýaly, gürrüňini dowam etdi.*

*— Otuz ýedinji kada: gyly kyrk bölýän Taňry usully sagat ussasy ýalydyr. Ol şeýlebir takykdyr welin, Onuň saýasynda ähli zat tüýs aýny wagtynda bolup geçýändir. Hiç bir zat sähelçe salymlyk ir hem bolmaz, sähelçe pursatlyk giç hem. Her bir ynsan üçin bir-ä aşyk bolmak pursady bardyr, bir hem ölüm pursady.*

*Ynha, şol pursat derwüşiň ilkibaşdan bäri özüm bilen gürleşip durandygyna göz ýetirdim. Ol meniň şu ýerdedigimi bilýärdi. Onda-da howla çykmazdan öň bilýärdi. Ýüregim gürs-gürs edip urup ugrady. Mundan*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*artyk gizlenmegiň hajaty ýokdy. Göwrämi dikläp, öňe çykdym. Ýüzbe-ýüz bolduk. Ganhor hem pida. Ýagdaýyň elhençliginiň tersine, howada düşnüksiz asudalyk peýda boldy. Ýagyş başlaýşy ýaly, birden diňip, ähli zat ümsümlige gark bolupdy.*

*Gylyjymy syrdym, bar güýjüm bilen aýlap saldym. Derwüş bu urgymdan iňňän çalasynlyk bilen sowlup ýetişende birbada aljyradym. Ýene birnäçe gezek gylyç saldym, ýöne her gezek şol bir sahna gaýtalandy. Duýdansyz ýerden garaňkylykda ýüwür-hä-ýüwürlik boldy; men heniz nämäniň-nämedigini aňlap ýetişmänkäm, haýatyň düýbünden alty sany* adam elleri *taýakly, naýzaly çykdyda tutluşyga goşuldy. Tüýs bir* garma-*garjaşyklyk boldy, kim-kime ýapyşýar, kim-kimi urýar, düşüner ýaly bolmady. Taýaklar howada galgaýardy.*

*Bir gyrada aňalyp galdym. Henize çenli amala aşyrmaly jenaýatymda tomaşaçynyň ornuna düşüp görmändim. Ýaş ýigitlere gaty gaharym geldi, tasdanam Şemsi taşlap,* olara *topulypdym.*

*Ýöne birazdan ýigitleriň biri seslendi:*

*— Dat! Şagalkelle kömege ýetişeweri! Barymyzy öldürjek bi!*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Şol pursat ilki derwüşiň bellisini edip, soňra ýaş ýigitleriň hasabyny bitirmegi ýüregime düwdüm. Öňe topuldym. Menden ruhlanan ýaş ýigitler ekezlenip gaýtadan hüjüme geçdiler. Alty adam bolup birleşip, Şemsi ýere ýykdyk. Onsoň gynyndan çykardym-da hanjarymy bir urguda

Şemsiň ýüregine boýladym. Agzyndan diňe ýeke-täk ses çykdy, ol ses iňňän ýiti hem wagşyýanady. Onuň perýady şäheriň ähli ýerinde hemmelere eşidilip giden ýaly boldy. Dodaklary ahyrky gezek müňňüldedi-de, soňra hereketden galdy.

Onuň jesedini hemmämiz üýşüp göterdik. Haýran galaýmaly tarapy, ol öte ýeňildi! Ol gury şaha ýaly, suwy giden miwe ýaly ýeňiljekdi. Soňra ony guýa taşladyk.

Dessine-de yza tesip, onuň suwa düşýän sesine garaşdyk.

Ýöne garaşan sesimiz çykmady.

— Nämeler bolýar-aý? — diýip, ýaş ýigitleriň biri dillendi. — Ýa ol haramzada suwa düşmedimi?

— Beýle-de zat bolarm-aý — diýip, beýlekisi seslendi. — Nädip suwa düşmesin?

Biri-birimizden nazarymyzy gizledik. Hemmeleriň keýpi gaçdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Guýyň diwarynda gaňyrçak bolup, şoňa ilişip galan bolaýmasyn? — diýip, biri çak urdy.*

*Iň makul düşündiriş şol boldy. Şeýledir diýen bolduk. Ýöne bu ümsümligi olar ýaly gaňyrçak-paňyrçak bilen düşündirip bolmajakdygyna ählimizem örän gowy akyl ýetirýärdik. Sesimizi-üýnümizi çykarman, şol ýerde näçeräk duranymyzy bilemok. Asman çyzmyk-çyzmyk bolup agaryp ugrady. Birazdan soň bolsa, duýdansyz ýerden, öýüň ýeňseki gapysy açyldy. Bir adam daşaryk çykdy. Gören badyma tanadym, ol Möwlanady.*

*— Sen nirede, janym? — diýip, ol gaýgyly seslendi. — Şems, garaşdym, sen o taýdamy?*

*Ýaş ýigitler dowla düşüp, ökje göterdiler. Olaryň ählisi bagyň haýatyndan aşyp, onuň aňyrsyna geçdiler. Ol ýerde sähelçe-de eglenmeli däldigimi bilýärdim. Ýöne şonda-da aýak çekip, yzyma garaman oňup bilmedim.*

*Ynha, şol wagt Möwlananyň göni guýa tarap ýönelenini gördüm. Ol gelşine eglip guýynyň içine seredip durdy; gözi alagaraňka öwrenişen bolsa gerek. Şol wagt şol ýerde onuň näme görenini bilemok, ýöne yza çekilip çöküne düşüp oturdy-da, perýat etmäge başlady:*

*— Öldürdiler! Şemsiň janyna kast etdiler!*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Haýatdan aşdym. Derwüşiň gany çyrşalan hanjary alyp bilmän, bar güýjüm bilen ylgap başladym. Şonda ençeme ýyllardan soň hem hemişe şol gijäniň ýatlamasyndan gaçyp ýörüşime, togtap bilmejek, hatda saklabam bolmajak ýagdaýda gaçyp gezmäge mejbur boljagymy men nireden bileýin?!* **Ella**

***Boston, 2008-nji ýylyň 3-nji awgusty***

*Birsydyrgyn geçip duran adaty günleriň biridi. Ine-de, awgust aýynyň yssysy sowlaňkyrlan günleriniň bir säheri. Ella bu gün ir turdy; ertirlik saçagyny taýýarlady. Ertirlikden soň adamsyny işe, çagalaryny mekdebe ugratdy. Aşhana dolanyp baryp, tagamlar kitabyny açdy; şol gün taýýarlamaly tagamlaryny saýlady.*

*Kremli kömelek çorbasy*

*Ajyhuruşly deňiz otlaryndan edilen işdäçar*

Rezeneli kakadylan pomidorly okun

*Badyýanly bürünç graten Tort.*

*Nahar bişirmek onuň ep-esli wagtyny aldy. Işini tamamlap gadyrly myhmanlar üçin ýygşyryp goýan nepis düzümli farfor gap-gaçlary çykardy. Saçagy oňat bezedi, kagyz elsüpürgiçleri enaýyja epleşdirdi, gülleri ýerbeýer*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*goýuşdyrdy. Howurpejiň sagadyny kyrk bäş minuta sazlap goýdy, bişiren naharyny sagat ýediden öň zerur derejede ýylap durar ýaly etdi. Kakan çörekleri gyzartdy, işdäçaryň goýurtmagyny taýýarlady, etiniň talap edişi ýaly, kremini bolrak çaldy. Şemleri ýakaýyn diýdi-de, soňam goýbolsun etdi. Iň gowusy, saçagy şeýleligine galdyrsa oňat boljakdy. Ol kem-köstsüz surata meňzeýärdi. El degmedikdi, doňup durdy.*

*Ol taýyn eden saçagyna ahyrky gezek göz aýlady. Onsoň gije taýýarlap goýan iki çemedanyny eline aldy. Şeýtdide, Ella Rubinşteýn öýüni taşlap gitdi.*

*Otuz sekizinji kada: «Ýaşap ýören durmuşymy özgertmäge, özümi üýtgetmäge taýýarmykam beri?» diýip soramak hiç haçan giç däldir. Näçe ýaşymyzda bolsagam, başymyzdan her niçik wakany geçiren-de bolsak, büsbütintäzelenmek mümkindir.*

*Ýaşan günleriň islendik biri özünden öňki güne meňzeş bolsa, şol günüň haýp geçdigidir. Her demde, her pursatda täzelenmek gerek. Täze durmuşda dünýä inmek üçin ölmezden ozal ölmeli.*

***Alaetdin  Konýa, 1247-nji ýylyň dekabry***

*Uzak wagtlap kakam bilen gürleşmäge ýürek edip bilmedim. Bir otaga baglandym-da, syçan ýaly, ogrular*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*kimin hepdeläp gizlenip ýaşadym. Ahyry bir gün ýüregimi bire baglap, kakamyň ýanyna bardym. Kitaphanada ýeke özi, şemiň ýagtysynda oturan eken.*

*— Gürleşmäge rugsat edermisiňiz? — diýdim.*

*Başyny agraslyk bilen galdyryp, hyýallar deňzinden kenara ýüzüp gelýän ýaly bolup, maňa seretdi, ýöne sesini çykarmady.*

*— Şemsiň ýitirim bolmagynda meniňem elim bardyr öýdýäniňi bilýän, ýöne arkaýyn bolaý...*

*Kakam barmagyny galdyryp sözümi böldi.*

*— Bes et, ogul! Seniň bir zat diýeriňe hantama däl. Saňa diýere sözüm hem ýok. Mundan beýlä aramyzdaky söz bagy gurady.*

*— Ýöne, kaka jan, meniň hakymy iýýäň. Rugsat etseňiz, düşündireýin — diýip, sesimi sandyradyp dillendim. — Gurhany getiriň, elimi goýaýyn. Çynymy aýdýan, men edemok. Şol etmişi edenleri tanaýan, ýöne ynanaýyň, men bigünä...*

*— Oglum — diýip, dillenende, göýä bu söz dilini ýakan ýaly ýüzüni bürüşdirdi. — Özüň-ä men edemok diýýäň, donuň gyralarynda bolsa onuň gany bar.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Tisginip gitdim, derrew donumy barlaşdyrdym. Dogrudanam, şeýlemikä? Eýse, üstümde şol gijeden galan tegmil dagy barmyka? Matany üns bilen barlaşdyrdym. Arassady. Gaýtadan ýüzümi galdyranymda kakam bilen nazarymyz çaknyşdy we diňe şonda onuň maňa guran kiçijik duzagyna düşendigimi bilip galdym. Özümden biygtyýar üstümde gan tegmili galaýdymyka diýip iňkise giden wagtym, bar syrym paş* bolupdy. ***

*Dogry. Şol agşam jenaýatyň nädip amala aşyrylmalydygyny maslahatlaşanlarynda menem* bardym. *Ähli zatdan habarlydym. Hatda Şagalkellä Şemsiň gijelerine howla çykýanyny ýaňzydan hem özümdim. Şol jenaýatyň amala aşyrylan gijesi bagyň haýatynyň aňyrsyndan ganhor bilen onuň pidasynyň gürrüňlerini diňlän bäş-alty adamyň biri-de mendim. Şagalkelläniň işi haýal-ýagallyga salýanyny görüp, hüjüme geçmegi ýüregimize düwenimizde howla barýan ýodajygy beýlekilere görkezenem özümdim. Ýöne bar edenim şular.* Goha goşulmadym. Şemsiň üstüne topulanlaryň *arasynda men ýokdum. Ony Baýbars amala aşyrypdy.* Yrşat bilen *beýlekiler bolsa kömek etdiler. Kim bilýär,* belki-de, *başarmazlyklary*-da *ahmaldy, iş puja çykjakdy. Ýöne olaryň ýarpy-ýalta taşlan işini Şagalkelle bitirdi.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Käte ol düýşüme girýär. Her gezegem üýtgeşik bir görnüşde. Bir gezek göze görünme —* ruh *bolup aýlanyp ýörenini gördüm, bir gezegem gaýtadan dünýä inenini. Başga bir gören düýşümde bolsa, ol guýudan çykýardy. Her gezegem ýüregim agzyma gelip basyrganyp oýanýardym.*

*Indi onuň özi ýogam bolsa, yzlary ähli ýerde bar. Semag, şygyr, saz, ýiti paýhaslylyk, degişme, yşk we özüne çekijilik... Ol durmuşymyzdan giden badyna ýok bolar öýdýän bir topar zadym, edil gazyk gögeren ýaly bolup, biz bilen bile galdy. Kakam sereden tarapynda şony görýär. Şems hak aýdypdyr. Çüýşe gaplaryň biri döwlensoň, beýlekisi-de onuň bilen birlikde kül-uşak* boldy.

*Kakam öňdenem ýuka ýürekli adamdy. Her dürli dindäki, ynançdaky adamlary gujak açyp garşylardy. Şems durmuşyna aralaşanyndan soň, onuň söýgi-mähir halkasy şeýlebir giňedi welin, jemgyýetiň iň düýbüne düşenleri-de — öýsüz-öwzarsyzlary, akyly gelipgitmelileri, heýwere kesellileri, serhoşlary, bozuk zenanlary, gedaýlary, jübükeserleri... gurşap aldy. Kakam indi olaryň ählisini mähir bilen gurşap alyp, düşünmek bilen garşylap bilýär. Hatda kakam Şemsiň* ganhorlaryny *hem bagyşlap biler. Onuň halamaýan ýeke-*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*täk adamy bar. Ol hem — men. Kakamyň söýgi-mähir halkasyna diňe hut öz ogly bolan men girip bilmedim...*
**Soltan Welet,**

***Konýa, 1248-nji ýylyň fewraly***

*Şol gorkunç gijeden soň, kakam gaýdyp öňküleri ýaly bolup bilmedi. Uzak wagtlap şeýlebir haly harap ýagdaýa düşdi welin, hasrat onuň akylyna zeper ýetirendir öýtdüm. Häzirem baryny-ýoguny dilegçi gedaýlara, ýetim-ýesire, ýagdaýy peslere dagadyp ýör. Edýäniň näme diýýänlere bolsa «Imrü'l Kaýs» diýýär, başga hiç zat diýenok.*

*Imrü'l Kaýs diýseň baý, güýç-kuwwatly hem haýbatly, bir eli ýagda, bir eli balda bolan arap emiri eken. Üstesine, raýatlary hem ony örän gowy görýän ekenler. Emma bir gün ol garaşylman durka, köşgi-eýwanyny, tagtyny taşlapdyr. Malyny-mülküni ile-güne paýlap beripdir.*

*Egninde derwüş hyrkasy, elinde hasa, diýardiýar gezip ýören bolupdyr.*

*— Meniň içimdäki hökümdar gitdi, yzynda diňe derwüş galdy — diýip kakam aýdýar. — Eger Şems bolmajak bolsa, menem ýokduryn. Mundan beýlä men hatybam, alym hem, fakyh hem däl.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Ýakynda galplygy ýüzüne çykyp duran gyzyl saçly bezirgen-söwdagär gapymyzy kakdy. Bagdatdan gelendigini aýtdy.*

*— Şems ýitirim bolupdyr diýip eşitdim. Men ony öňden bäri tanaýaryn. Men onuň sag goludym, iň ýakynlarynyň biridim — diýdi. Soňam bir syrly zat aýdýan ýaly bolup, kakamyň gulagyna pyşyrdady. Ol Şemsiň sag-salamatdygyny, häzir Hindistanda gizlenip ýörendigini, ýene gaýdyp gelmek üçin amatly pursada garaşýandygyny mälim etdi.*

*Şol ýaş ýigidiň ýalan sözleýändigi mesaňa görnüp durdy. Ýöne kakam:*

*— Şular ýaly gowy habaryň üçin menden islän zadyňy diläp bilersiň — diýse nädersiň! Bezirgen örän köpügören adam eken, ol birwagtlar derwüş bolmaga hem synanyşypdyr, ýöne durmuş ony başga ugurlara gönükdiripdir, ol Rumy ýaly meşhur alymyň donuna eýe bolsa, örän begenjekdigini aýtdy. Kakam muny eşiden badyna zer jähekli mahmal donuny çykaryp, şol adama berdi.*

*Bezirgen gidensoň, durup bilmän kakamdan soradym:*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Kaka jan, ýaňky ýaş ýigit hiç gözüme gelmedi. Näme üçin donuňy oňa berdiň? Aýdyp durka, ýalan sözleýäni görnüp dur ahyry — diýdim.*

*Kakam argyn ýylgyrdy:*

*— Ol Şemsiň diridigini buşlady ahyry. Onuň ýalanam bolsa şeýle hoş habary üçin donumy berdim. Näme, köp gördüňmi? Özüň oýlanyp gör, onuň aýdýanlary dogry bolup çykan bolsa, hakykatdanam, Şems diri bolaýsa,* onda donumy-ha *däl, janymy bererdim oňa!* **Rumy**

***Konýa, 1260-njy ýylyň 30-njy noýabry***

*Şu gün Şems bilen Şekerçiniň myhmansaraýynyň öňünde duşuşanymyza on alty ýyl dolýar. Her ýyl jemaziýelewwel aýynyň şol günleri gelende ýeke özüm bir hüjrä çekilýärin. Wagt agralyp, boýnumdan asylan degirmendaşyna dönýär. Kyrk günläp çile tutup — ýalňyz özüm hüjrämden çykman Şemsiň kadalary hakynda* oýlanýaryn. *Olaryň her birini ýekänme-ýekän ýatlaýan we serimden geçirýärin. Ruhumyň Gün düşmeýän pynhan köşesinde Şems-i Töwrizi yşyk saçýar, onuň ýylgyryşy şamçyragy ýatladýar...*

*Oňat görýän adamlaryň birini ýitiren mahalyň şonuň bilen birlikde seniň dünýäň bir bölegi-de ýitirim bolýar.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Göçülip, taşlanyp gidilen ýurt ýaly, öýkeli ýalňyzlygyň bendisine öwrülip, ýarymgöwün bolup galýarsyň. Açylmasyz syr kimin, özüňi terk edip giden eziz görýän ynsanyň hijran ajysyny kalbyňda göterýäň ýörýäň. Ol hijran ýarasy şeýle ýara ki, üstünden hernäçe wagt geçsede, barybir, ýene janyňa batar durar. Oňat ýagşylaşandada ganjaryp yza berer. Gaýdyp hiç haçan ýylgyryp bilerin, agyr oý-pikirlerden ýeňlärin öýtmersiň. Ýaşaýyşda edil tümlükde ýoluňy saýgaryp bilmän,* sermenekläp *ýöreýän ýalysyň. Öňüňi hem görýän dälsiň, ýörär ugruňy hem bilýän dälsiň, diňe şu pursatdan aman sypmak üçin... Köňlüň çyragy sönüp, tüm garaňky gijede galansyň. Ýöne, ynha, diňe şeýle ýagdaýlarda, iki gözüň hem birden tümlük içre galanynda, ynsanda üçünji bir göz açylýar. Ýumulmaýan göz... Onsoň diňe şonda bu dertelemiň soňsuzlyga, tükeniksizlige çenli dowam etmejekdigine düşünersiň. Hazan möwsüminden soňra başga möwsümler, bu çölden geçensoň, birgiden gülzarlyklar, jülgeler peýda bolar; şu aýralykdan soň* bolsa ebedi wysal.

*Ruhy göz bilen seretseň, täze elden aldyran kişiňi ähli ýerde görersiň. Deňze düşen damjada, dolan Aýyň täsirinden herekete gelen joşgundyr gaýtgynda, her*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
*öwsen öwüsginde oňa duşarsyň. Çägä çyzylan pal çyzyklarynda, Günüň ýagtysyna görünýän zerrejiklerde. Täze dünýä inen bäbejigiň ýylgyryşynda, bilegiňde tyrsyldaýan damaryň gan urşunda ony synlap bilersiň. Ähli ýerde, hemme zatda ony görüp durkam, nädip, Şems gitdi diýip bilerin?!*

*Iň kyn günlerimde maňa iki adam kömek etdi. Uly* oglum hem-de Selahatdin Zerkuby *atly* bir weli. Selahatdin *demir ýenjip durka, onuň dükanyndan çykan sazlaşykly urgyny ilkinji gezek eşidenimde, älemiň ýürek ugrusyny eşidendirin öýtdüm. Onsoň hut şol ýerde semag raksyna durup, Şemsiň başladan raksyny ahyrky görnüşine getirdim. Wagty gelende uly oglum Selahatdiniň gyzy Patma öýlendi. Şol diýseň işeňňir hem akylly gyz maňa gözelleriň gözeli Kimýany ýatladýar. Wagtyň geçmegi bilen Patma «sag gözüm» boldy, gyz jigisi Hediýe bolsa «çep gözüm». Heran-haçan jemagat içinde bir iş etmeli bolsam, şol gözler maňa ýolbelet bolýar. Gyzlar erkek oglanlar ýaly, gowy talyp bolup bilmez diýip kim aýdypdyr?! Mähriban Kimýam gyzlaryň nämä ukyplydygyny görkezdi ahyry. Men hem şonuň ruhunyň hormatyna diňe oglanlar üçin däl, zenanlar üçin hem semag dabaralaryny guraýaryn we sopy aýal doganlaryň bu adaty dowam etdirmelidiklerini maslahat berýärin.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Hergiz, hergiz bir zenana erkek kişiden pesdir ýa-da kem gaýdýandyr öýtmesinler! Alagöz bilen seredip, ynsany ynsandan ýokary tutmak Allaha däl-de, biz gullara, bendelere mahsusdyr.*

*Dört ýyl öň «Mesnewini» ýazyp başladym. Has dogrusy, «Mesnewi» öz-özüni ýazyp başlady. Ilkinji beýdiň gelşini unutmak mümkin däl. Bir säher çagydy. Gün şuglasy tümlügi böwsen çagty biygtyýar, meniň erkime bakmaýan ýaly bolup, sözler dilimden döküliberdi. Näme diýýänimi, näme üçin diýýänimi bilmez*

*den, şol säher şygyr bilen dem aldym. Onsoň şol pursatdan başlap, goşgy setirleri dürli arakesmeler bilen gelmegini dowam etdi. Şygyrlar düşlemek üçin çeşmeçaý agtarýan guş sürüleri kimin, duýdansyz gelýär-de, depämde aýlanyp, bary birden saýrap, soňra gelşi ýaly, uçup gidýärdi. Şol setirleriň arasynda şeýlebir setirler bar welin, «ýene bir ýola gaýtala» diýseler başarmazdym. Selahatdin bolmadyk bolsa, olaryň köpüsiniň ýatdan çykyp, ýitip gitmegi-de ahmaldy. Ýöne ol uly sabyr hem pidagärlik bilen şygyrlaryň her birini ýekän-ýekän kagyza geçirdi. Selahatdin ýazdy, Soltan Welet göçürtdi. Şeýlelikde, «Mesnewi» sahypamasahypa ulaldy bardy. Ol indi öz okyjysyna garaşýar.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Bir şygry ýazmaga başlan mahalym onuň yzynyň niçiksi gutarjagyny bilemok. Onuň neneňsi uzyn ýa-da çuňňur* boljagyny-da *kesgitläp bilemok. Şygyr gutaransoň, ýene oýa çümýärin. Ümsüm ýaşaýaryn. Iki tahallus ulanýaryn, biri Hamuş — Dymma, beýlekisi Şems-i Töwrizi. Ýitiren ruhdaşymyň adyndan ýazýaryn.*

*Şol bir wagtda dünýä, etden, süňkden, maddadan, düýşlerden we puç bolan arzuwlardan ybarat dünýä öz bady bilen aýlanyp dur. Hemmeleriň synmaz gala hasap* eden Bagdady 1258-*nji ýylda mongollaryň eline geçdi.*

*Abadanlygy, kaşaňlygy dillerden düşmeýän, dünýäniň merkezi diýip nygtalan şäher bir günde syndy. Şol ýyl* Selahatdin *Zerkuby hem aradan çykdy. Derwüşlerim bilen bilelikde ýas üýşmeleňinde ajaýyp baýram etdik; küdum, tabur, naý seslerinden ýaňa köçeler iňledi. Çünki bir weli kişi ahyrky ýoluna aglap däl-de, gülüp* ugradylmalydyr.

*Sene* 1260-*njy ýyl boldy, bu gezek ýeňilmek nobaty mongollara geldi. Garşydaşynyň ady memluklardy. Düýnki aman bermedik birehimler bu gün aman dileýänlere öwrüldi. Takdyr diýilýän kart dessesi gaýtadan garyldy hem-de kesildi. Häkimiýet basgançaklary bilen tiz ýokary galanlar dikbaşaşak gaýtdylar. Üstünlige öwrenişen adam ýeňijiligime*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

ebedilik galaryn, döwletim deprenmezdir öýder. Asgyn gelen kişi bolsa, bilini dikeldip bilmän, müdimilik büküler ýörerin öýder. Ýöne olaryň ikisi-de ýalňyşýandyr. Bu pany dünýäde şemal öz ugruny tiz üýtgedýändir. Begenji-de, gynanjy-da, ýeňşi hem, ýeňlişi hem, hiç bir zady mydamalyk saýma. Bir görseň, üstün çykan ysgyndan düşüp, ejiz ekezlenendir. Allanyň göze görünmeýän keşbinden daşgary, ähli zat her pursatda özgermäge tabyn edilendir.

Soňky döwürde meni iň begendiren adamlaryň biri-de medresäni taşlap, tekgämize gelen talyp Hüsam boldy. Ol diýseň çalt kämilleşip, ruhy taýdan iňňän tiz bişişdi, häzir hemmeler oňa hormat bilen garaýar we Hüsam Çelebi diýip ýüzlenýär. Selahatdin aradan çykanyndan soň, şygyr ýazmagyma şol kömek edýär. «Mesnewini» kagyza geçiren kätip şoldur. Pälipeslik, gözel ahlak we nurly kalbyň eýesi bolan Hüsam Çelebä biri çykyp: «Kim bolarsyň, nähili adamsyň?» diýip sorasa, o elmydama şol bir jogaby berýär:

— Men Şems-i Töwriziniň yzy bilen barýan pakyr bendedirin. Bar bolşum-boljagym şeýledir. Men ne müridiň, ne mürşidiň soragynda. Niýetim ajaýyp bir ynsanyň mirasynyň ýatdan çykmazlygy üçin hyzmat etmekdir.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*Ynha, şeýdip, ýyllar geçdi, geçibem dur. Kem-kemden garraýandygyňy özüňden öň synaň syzýar.*

*Basgançaklardan ätleý-ätleý kyrkyňa gadam basdyň; soňra elli, elli bäş, haý diýmänem altmyşa ýetýärsiň... Her on ýyldan bir säginip, yzyma garaýan. Ýöremäge, ýolumy dowam etdirmäge mejburdygyma gözüm ýetýär. Özüm üçin harplardan köşk galdyrdym. Dälizleri yşkdan, diwarlary yşkdan, tagt otagy yşkdan... Dünýä sopy däl adama gaty garjaşyk görner. Köp ýüzli, çekişmeli, dartyşmaly... Ýöne şonça baş-başdaklyk ýekeje sözde gizlenendir, söz bolsa harpda gizlenen. Harp hem* nokatda gizlin. *«Bi»-niň aşagyndaky nokatda... Şu düşünje bilen biz gije-gündiz semag edýäris. Biz uruşlaryň, doganlaryň arasyndaky oňşuksyzlyklaryň, ýalňyş düşünmeleriň, göwne degmeleriň, açlygyň we sergezdançylygyň, adalatsyzlygyň we nähak çemeleşmekligiň içinde ähli zady öz içine alyp, gujaklap, ýöne hiç bir zada degmezden ebedilik aýlanyp durus. Tutuş dünýä şatyr-şatyr ýansa, ýer-*u-asman gyzyl oda *bürense, köşgi-eýwanlary siller alsa, bir patyşa gidip, başga biri gelse, biziň üçin bildirýän däldir. Gaýgyhasratda we şatlykda, umytda hem lapykeçlikde, hem ýeke özümizdiris, hem-de ählimiz bile, hem assaýuwaşdyrys, hem tükeniksiz tizlikde, suw akýan ýaly*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*bolup, semag raksynda pyrlanar durarys. Dyzymyza çenli öz ganymyza çümsegem, Yşka tarap bakmakdan ýüz öwürmeris.*

*Älemde kämil sazlaşyk, diýseň näzik, inçe nyzam bar. Parçalar we nokatlar häli-şindi üýtgär durar. Atlar hem derejeler täzelener. Her aýdan gepi, her ýetiren zyýany ynsanyň özüne gaýdyp geler. Ýöne adam muny bilmez; ol özüni kynçylyga salmaga ökdedir. Başyna bir iş düşse, hemişe özgelerden görer. Sebäpler, aýratynlyklar bozulyp, üýtgäp, bütinleý täzeden çyzylyp dursa-da, aýlanmak kanuny — halka şonlugyna galar.*
*Otuz dokuzynjy kada: Bitewiligi emele getirýän nokatlar yzygiderli üýtgäp dursa-da, bitewiligiň özi üýtgewsizdir. Bu dünýäden öten her bir ogrynyň ornuna ýene biri dünýä geler. Aradan çykan her bir dürs ynsanyň ýerini ýene bir dogruçyl ynsan eýelär. Onsoň bütewilik hiç haçan bozulmaz, ähli zat öňküligine galar... Onsoňam üstünden gün aşan hiç bir zat öňküligine galyp bilmez. Aradan çykan her bir sopy üçin başga bir sopy dünýä iner.*

*Biziň dinimiz — yşk dini. Ýolumyz yşk şerigaty. Biz uçgyraksyz kalp zynjyrynda diňe ýekeje halkadyrys. Eger zynjyr ýerinden gopjak bolsa, şol pursat baş ga bir halka goşular. Giden her bir Şems-i Töwrizi üçin başga bir*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*asyrda, başga bir mekanda, bilinmeýän bir at bilen ýene bir Şems dünýä geler.*

*Kim Şems bolup dünýä geler.*

*Kim Şems bolup dünýäden öter.* **Ella**

***Konýa, 2009-njy ýylyň 1-nji sentýabry*** *Bişnew!*

*Diňle!*

*Azanyň sesini ilkinji gezek eşidýän adamdan onuň nämä meňzeýänini sorap görüň. Meger ol: «Bu ses diýseň owazly, adatdan daşary üýtgeşik hem-de, birhili, jadylaýjy» diýse gerek. Ýöne ol şol bir wagtda iňňän täsin, akyl ýetmejek derejededir, hatda ol iniňi hem tikenekledýär. Edil yşk ýaly!*

*Gijäniň tümlüginde Ella Rubinşteýni oýadan ses şoldy. Ol derrew aýak üstüne galdy. Açyk penjireden içerik dolan erkek adamyň ýakymly sesiniň nämedigini anyklaýança, töweregine aljyraňňy garandy. Häzir oňa özüniň Amerikada, Massaçutestde däldigini aňynda aýlamak üçin birnäçe sekundyň geçmegi gerekdi. Duran ýeri adamsy hem üç perzendi bilen bile ýaşaýan giň hem aňrybaş oňaýly öýi däldi. Olaryň ählisi başga bir wagta degişlidi. Ol wagt şeýlebir uzakda galdy ki, hamala, ol*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*günler öz geçmişi däl-de, periler bilen bagly haýsydyr bir ertekä çalym edýärdi.*

*Ýok, häzir ol Massaçutestde däldi. Dünýäniň bütinleý başga künjegindedi. Konýada, dermanyň hem arassaçylyk serişdeleriniň ysy aňkap duran çaklaňja* hassahanadady. *Onsoň şu pursat dem alyp-berşini eşidýän adamy ýigrimi ýyl ýaşaşan adamsy däl, geçen tomus güneşli bir öýleden soň, şonuň hatyrasy üçin ärini taşlap gaýdan adamydy.*

*Ol stol çyrasyny ýakdy, uklap geçiren iki sagadynyň dowamynda otagyň içinde üýtgän zat boldumyka diýip gyzyklanýan ýaly, töweregine ýumşaksy ýagtylyk saçýan ýantar reňkli çyranyň ýagtysyna saga*-sola garandy. Ol *häzir ömründe duş gelen iň kiçijik hassahana* otagyndady.

*Dogrusy, hassahana diýilýän ýer Ellanyň känbir bolup gören ýeri däldi. Otagyň ortarasynda näsagyň ýatýan orny bardy. Ondan başga ähli zat — könelişen tekjejikler, agaç şkaf, oturgyç, çopantelpek güli goýlan güldan, üsti derman gerdejiklerinden doly ýörite derman tekjesi hassanyň ýatýan ýerine görä ýerleşdirilipdir. Bir* gyrada *Aziziň okan «Men hem Rumy» atly kitaby durdy.*

*Konýa gelenine dört gün bolupdy. Şäherde bolan ilkinji pursatlaryny jahankeşdelere mahsus gyzyklanmalar bilen*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

geçiripdi: ýadygärliklere, muzeýlere aýlanypdy, köçeleri, binalary surata düşüripdi; ýerli naharlardan dadyp görüpdi, sähelçe üýtgeşik zat görse-de, aýratyn üns bilen synlapdy. Düýne çenli ähli zat ugrunady. Ýöne düýn Aziz günortanlyk nahary mahaly özüni erbet duýup başlansoň, gyssagly suratda iň ýakyndaky hassahana ýerleşdirildi. Şol pursatdan başlap, Ella näme umyt etjegini doly bilmedi. Onsoň, bir tarapdan, Taňry bilen jedele girdi. «Şeýle giç beren yşkyňy elimden, şeýdip, gaty ir alaýjakmy? Bu edýäniň adalatly-ha däl. Ýa-ha asla bermeli däl ekeniň, berdiňmi, birneme ýaşar ýaly günümize goýmalydyň...» Näsagyň düşeginde ýatan adama söýgi bilen garady. «Ezizim, uklap ýatyrmyň?» diýip sorady. Aslynda, ony oýadasy gelmeýärdi. Ýöne şu pursat onuň sesini eşidesi gelip, ýüregi ezilip barýardy. Saklanyp bilmedi. Ýene bir gezek gaýtalady: — Aziz! Näsagyň dem alşynyň birsydyrgynlygy çala üýtgäp gitdi, sazda bir notanyň üstünden böküp geçen ýaly boldy, ýöne ondan başga gaýtargy bolmady.

— Uklap ýatyrmyň? — diýip, Ella sesini biraz gataldyp ýene gaýtalady.

— Uklapdyryn — diýip, Aziz mejalsyz pyşyrdady — Näme boldy, mähribanym, ukyň tutanokmy?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Ertir azanynyň sesine tisginip oýanypdyryn — diýip, Ella jogap berdi-de dymdy. Göýä bu oýnam söz ähli zady düşündirýän ýalydy: Aziziň saglygynyň ýabygorlydygynam, ony elden aldyrmak gorkusynam, yşk diýilýän telbeligi-de, mahlasy, başlaryndan geçen ähli zady gysgaça beýan edýän ýalydy.*

*Bitap Aziz özüne zor salyp düşeginden dikeldi, goýy ýaşyl gözlerinde ysgynsyzja agyry bardy. Çyranyň ýagtysyna, ap-ak örtgüleriň arasynda görmegeý keşbi solgun görünýärdi. Ýöne şonda-da ol özüni parahat alyp barýardy.*

*— Ertir azanyny hemişe üýtgeşik gowy görýärdim — diýip, Aziz pyşyrdady. — Bu sese öwrenişikli adamlar ony sen ýaly duýup bilmez. Olar öte öwrenişendikleri üçin, onuň jadysyny saýgaryp bilmeýärler. Ýöne gaýry ýurtly biri bu sesi eşiden mahaly birbada tisginip gider. Ertir namazy bäş wagt namazyň arasynda iň gymmatlysy diýýändirler, ýöne şol bir wagtda ol iň kynydyr.*

*— Näme üçin?*

*— Bizi süýji ukudan oýadýany üçin bolaýmasa. Ol düýşlerimiziň arasyny kesip, bizi başga bir hakykata çagyrýar ahyry, bu aňsat iş däl. Şonuň üçinem ertir*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*namazynyň azanynda beýleki azanlarda bolmadyk bir setir bardyr. Onda «namaz ukudan haýyrlydyr» diýilýär.*

*«Ýöne, belki, biziň ikimiz üçin uky has haýyrlydyr — diýip, Ella içini gepletdi. — Käşgä, bile uklasadyk». Şeýle çuňňur hem rahat, top atylsa duýmajak görnüşde çuň uka çümsediler... «Ukudaky gözeliňki» ýaly, jadyly uka gidip, ýüz ýyllabam oýanmasalar...*

Biraz *wagtdan soň azan hem tamamlandy. Beýleki metjitlerden eşidilýän sesler hem ahyrlady. Daşarda azanyň sesi kesileninden soňra, töweregi syrly ümsümlik gurşap aldy. Ol ümsümlikde Ella Aziziň gaýtadan uka gidişini synlady. Bir ýyllap bile ýaşaşdylar. Tutuş bir ýyl. Soňky iki hepdä çenli Aziz lukmanlaryny haýrana goýup, sagdynlygyny saklap gezipdi. Her gezek syýahata gidenlerinde şähdi açykdy we durşuna gujur bolup durdy. Olar bir güni beýleki güne meňzemeýän, ýaşaýşyň öz-özüni gaýtalamaýan durmuşda ýaşapdylar. Ella öňki birsydyrgyn durmuşynyň özgerendiginden hoşaldy. Bir adamy yşk bilen, aň-düşünjelilik bilen söýmek nähili ajaýyp eken!*

*Ella öňler adamlaryň biri-birini doly tanamagy üçin köp wagt gerek diýen düşünjä eýererdi. Ýöne häzir ol wagt diýilýän düşünjäniň dürli-dürli görnüşiniň bardygy*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*barada oýlanýardy. Aslynda, ýeke bir söz bilen birden köp zat düşündirmäge çalyşýardy. «Wagt—1» kütelen endikleriň, şylhasy çykan aladalaryň, biderek hysyrdylaryň içinde ähli zat oňat hasap edilip, başagaýlygyň birsydyrgyn we mehanik prosesidi. «Wagt— 2» garaşylmadyk ýagdaýlardan, we jadyly ahwallardan doly, iniş-çykyşy ýeterlik, okgunly, başyňy aýlaýjy akymdy. «Wagt—3» Taňryny mutlak wagtydy.*

*«Wagt—1» bilen «Wagt—2» meňzeş tizlikde geçýärdi. «Wagt—3» ähli zady öz içine almak bilen, beýleki wagtlary özüne ýuwudýardy we olary döredýärdi.*

*Ella egildi-de, Azizi emaýlyk bilen öpdi; ilki maňlaýyndan, soňra bolsa kepän dodaklaryndan. Soňky bir ýylyň içinde telbe bolup söýen, öpüşen, özüne dartan we gujagyna gysan bu bedeni onuň üçin adaty bir erkek kişiniň göwresinden has başga zatdy, ybadathana ýaly bir zatdy. Şonuň üçin bolsa gerek, Aziziň gün-günden gözüniň alnynda eräp barşy Ellada ne-hä ondan çetleşmek duýgusyny, ne-de gynanç döredipdi. Aziz içdigiçe teşneligi artýan, durulygyndan ganyp bilmedik gözbaşydy, çeşmesidi. Diýmek, bir zenan bir erkek kişiniň ruhuna aşyk bolandan soň, onuň näsag bedenini hem şeýle ezizläp, söýüp biljek ekeni. Muny birine*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*düşündireýin diýende oňa jan gulagy bilen düşünjek tapylarmydyka?!*

*Tekjäniň arka tarapynda uýan gan çüýşesi dymp-dymp edip damyp durdy; näsagyň ysgynsyz bedenine damjadamja ýaşaýyş goýberýärdi. Ýöne Ella Aziziň Konýa ölmäge gelenini bilýärdi. Hiç bir uýan gan çüýşesi, hiç bir kislorodly enjam ony üýtgedip biljek däldi. Ellanyň owasyna ýaş aýlandy. Ýöne ol öz-özüne aglamajakdygy hakynda söz beripdi.*

*Ella ol ýerde artyk eglenmän, daşaryk çykdy. Ak reňk çalnan hem bolsa, ynsan ruhuny garaldýan dälizlerden geçdi; deňinden geçen açyk gapylaryndan beýleki näsaglar gözüne ildi. Ýaş-u-garry, aýal-u-erkek, kimsi semiz, kimsi duluklary çöken; kimsi ýylgyrýan, kimsi gaşyny çytyp oturan şunça adam... Käbiri öwrülip, gapydan bilesigelijilik bilen garan bu amerikaly zenana gyzyklanma bilen seretdi. Käbiri bolsa, ähmiýetem berip durmady, derdi agyr bolarly.*

*Bäş minutdan soň Ella hassahananyň kiçijigem bolsa, gelşiklije bagyndaky howzuň başyna bardy. Howzuň ortarasynda mermerden ýonulyp ýasalan, perişdäni alamatlandyryan şekil bardy. Onuň eteginde kim bilýär, gör, näçe adamyň iň ýaşyryn arzuwlaryndan habarly şaýypullar ýalpyldaşyp ýatyrdy. Ella ownuk şaýygözläp,*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*jübülerini sermeleşdirse-de, netije çykmady. Çyzymçyzym eden ýazgylarydyr köke owuntyklaryndan başga hiç zat tapmady.*

*Hol beýleräkde ýatan çagyl daşlary onuň ünsüni çekdi. Ýylmanak, ýalpyldaýan sarymtyk çagyl daşlary. Olaryň birini aldy, gözlerini ýumdy, amala aşmajagyny bilýän bir dilegini içinden gaýtalap ony suwa oklady. Ýöne daş suwa düşmäge derek, howzuň gyrasyna degip zyňyldyda, göni heýkeliň gujagyna düşdi.*

*«Aziz bärde bolan bolsa, muny hökman bir alamat hasap ederdi» diýip, öz ýanyndan oýlandy.*

*Ýarym sagatdan soň, otaga gaýdyp gelende murtlak lukman hem başatgyçly şepagatçy gyz bilen ýüzbe-ýüz boldy. Olar düşekdäki örtgi bilen näsagyň ýüzüni ýapyp duran ekenler.*

*Aziz Zekeriýa Zahara bu dünýäden ses-sedasyz ara açypdy.* ***

*Ol edil eý görýän ynsany bolan Rumy ýaly, Konýada depin edilmegini wesýet edipdi. Ähli taýýarlyk işlerini Ella berjaý etdi. Hemişeki meýilleşdirmek başarnygy bu gezek onuň derdine ýarady. Ol ýeke özi syýahata çykan jahankeşde zenan bolansoň, emeldarçylyk işlerinden hiç hili başynyň çykmazlygy käte päsgelçilik döretse, käte*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*kömek etdi. Üstünden ýüz ýyl geçen bir musulman gonamçylygynda nepis bir magnoliýa agajynyň aşagynda Azizi depin etmek üçin ýer tapdy. Gönüburçly dörtburçluk şekilindäki ýer bölegi... şol günüň agşamy Aziziň dünýäniň çar künjegindäki tanyş-bilişlerine elektron hat iberip, olaryň ählisini ýas üýşmeleňine çagyrdy. Şol arada ýakymly gabat gelme sebäpli, möwlewi naý sazandalary, küdumzenler we semagzenler bilen tanyşdy; olary jaýlanyş üýşmeleňine çagyrdy. Oslamaýan adamlaryndan garaşmaýan hemaýatyny gördi. Aziz diri bolan bolsa, muňa diňe ýylgyryp oňardy. «Tötänlik diýen zat barmy, Ella?» diýerdi.*

*Merhumyň ýerlenen güni Ellanyň çak edenindenem has köp adam ýygnandy. Baryp Keýptaundan, Sankt-Peterburgdan, Mürşidabatdan, San-Paulodan gelen mistikler hem boldy. Olar bilen birlikde fotosuratçylar, alymlar, galamgärler, ýazyjylar, tansçylar, heýkeltaraşlar, bank işgärleri, işewürler, daýhanlar, şahyrlar, suratkeşler, ýoga boýunça mugallymlar hem geldiler. Onsoňam Aziziň perzentlige alan iki ýaş ýigidi, olar hem şol ýerdedi.*

*Şeýlelikde, biri-birinden bütinleý üýtgeşik dillerde gürleşýän, dürli-dürli ynançdaky adamlardan ybarat ýas üýşmeleňi Azizi ahyrky ýoluna ugratdy. Myhmanlaryň*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*käbiriniň ýanynda dürli ýaşdaky çagalary hem bardy. Olar töwerekdäki köçe çagalary bilen birlikde hiç zat diýmedi. Meksikaly bir şahyr pande muertos — «merhumlar çöregini» paýlady. Aziziň köne dostlarynyň biri bolan şwesiýaly adam köpçüligiň üstünden süýjiköke seçen ýaly, gül ýapraklaryny seçeledi. Naýçylar naý çaldylar, semagzenler semag raksyny ýerine ýetirdiler. Olar Aziziň aradan çykmagyny mübäreklediler, sebäbi onuň özi şeýle edilmegini islärdi. Ýas deregine şatlyk... Toý dabarasyna dönen ýas... Ömrüni ownuk jerçilik edip geçiren, diş-dyrnakdan galan konýaly bir garry bu görnüşi agzyny açyp synlap durşuna:*

*— Konýa Konýa bolaly bäri, beýle täsin ýas üýşmeleňini gören däldir — diýdi we soňra-da sözüniň üstüni ýetirdi.*

*— Elbetde, ençeme asyr mundan ozal tagsyr*

*Möwlananyň toý gijesini hasaba almasaň.* ***

*Ýas üýşmeleňinden üç gün soň, myhmanlaryň ählisi öýliöýüne gaýdyşansoň, ýeke özi galan Ella ahyrky gezek şähere aýlanmaga çykdy. Ýanyndan bäbek arabajyklaryny itekläp geçip gidýän ortaça gurply maşgalalary, ýüpekdir mahmal dükanlaryny, oňa janygyp bir zatlar satyn aldyrjak bolýan köçe jerçilerini hamala filmiň lentalaryna tomaşa edýän ýaly synlady. Olar hem*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*öz aralarynda geçip barýan uzyn boýly, aglamakdan ýaňa gabaklary ýellenip giden bu amerikaly zenana gyzyklanma bilen seredişdiler. Ella bu ýer üçin kesekidi, ýöne häzirki pursatda onuň ruhy şeýlebir ýagdaýa düşüpdi welin, indi ol ähli ýerde kesekidi. Myhmanhana baryp, goş-golamlaryny ýygnaşdyrdy. Sarymtyl gyzyl kaşmir ýüpeginden tikilen keltekçesini geýdi. Onsoň ol bu keltekçesi barada «Hemişeki bolşundan güýçli görünmäge çalyşýan zenan üçin aşa owadan hem ýumşak görünýär» diýip öz ýanyndan oýlandy. Ýöne ol muňa ähmiýet berip durmady. Indi ol bar zada kaýyldy. Goý, nähili bolsa, şeýle bolsun!*

*Soňra Amerika, uly gyzyna jaň etdi. Üç perzendinden diňe Janet häzirem onuň bilen gürleşýärdi. Orly bilen Ewi indi bir ýyl bäri ejelerinden öýkelidi.*

*— Eje, ýagdaýlar niçik? — diýip, Janet tolgunyp sorady.*

*Ella keýpsiz hem çekinjeňlik bilen ýylgyrdy. Bir wagtlar söýgüsini äsgermän gatyrganan, söýýän ýigidi bilen durmuş gurmagyna garşy çykan gyzy bu gün oňa goldaw berýän ýeke-täk ynsandy. Ella çalaja pyşyrdap:*

*— Aziz aradan çykdy — diýdi.*

*Telefonda birhili hyşyrdy boldy. Janetiň sesi üzlemsaplam eşidildi.*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*— Wah, eje, gaty gynandym. Yzy ýarasyn.*

*Esli wagtlap näme gürrüň etjeklerini bilmän durdular. Dymyşlygy Janet bozdy.*

*— Indi öýümize dolanyp gelermiň?*

*Dogrusy, Ella häzir näme işlärkä? Adamsyndan aýrylyşmagy işleri çykgynsyz ýagdaýa ýetiripdi. Dewid aýrylyşmak işini kynlaşdyrmak üçin zatdan gaýtjaga meňzänokdy. Uzyndan gaharly hat ýazyp, «seni gara şaý hantama bolmaz ýaly ederin» diýipdi. Adamsy ondan öçli, ekizleri bolsa öýkelidi. Yzyna dolanyp barsa, ähli zat has aňsat bolmazmydy?*

*Üstesine, ne puly bardy, ne-de güýmenere işi. Dogry, islän ýerinden iňlis dilinden sapak berere iş tapyp biljekdi. Žurnallarda çykyş etmegem elinden gelýärdi ýada kim bilýär, günlerde bir gün neşirýatlaryň birinde redaktoryň ornuny tapmagy hem ahmal, belki, özi roman ýazmagy mümkin. Gözlerini ýumdy. Munda öň beýle ýalňyz galyp gören gezegi bolmandy. Ýöne haýran galaýmaly, ol özüni ýeke-ýalňyz duýmaýardy.*

*— Janet, ezizim, seni örän göresim gelýär — diýdi. — Orly bilen Ewini hem. Meniň başymy alyp gaýtmagymyň*

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

*siz bilen hiç hili baglanyşygy ýokdy. Size bolan söýgim hiç haçan egsilen däldir...*

*— Bilýän — diýip, Janet tolgunyp gürledi.*

*— Meni görmäge gelermiň?*

*— Hawa, bararyn,.. bararys, eje... sen ekizlere üns berme, köşeşerler... esasy zat seniň saglygyň. Indi näme işlejek? Yzyňa gelesiň gelmeýäni çynyňmy?*

*— Amsterdama gidäýmesem — diýip, Ella dillendi. — Şol ýerde kiçijik, enaýyja jaýlar bar. Birini kireýine almaga gurbum çatar. Dogrusy, tigir sürmäge ökdelemeli bolaryn... — Güldi. — Hiç hili etsempessemim ýok heniz, Janet. Ertir, birigün, bäş ýyldan soň näme boljagyny bilemok. Bir bilýän zadym — ýaşaýşa täzeden başlandygym. Galyberse-de, bu hem kadalaryň biri ahyry, şeýle dälmi?!*

*— Nämäniň kadasy, eje? Näme hakda gürrüň edýäň? — diýip, Janet sorady.*

*Ella penjirä ýakyn bardy, gözýetimi gurşap alan göksowult giňişlige göz aýlady. Asmanda perde kibi ak hem ýukajyk bulutlar, edil semag raksyny edýän semagzenler ýaly, pessaýja pyrlanýardylar-da, ýokluga garylyp eräp gidýärdiler...*

*Kyrkynjy kada — diýip, Ella nygtap-nygtap aýtdy. — Yşksyz geçen ömrüň bihuda ýaşaldygydyr. Eýse, ylahy yşkyň ugrunda ýüwürmelimi ýa howaýy, göçme manydaky yşkyň; dünýewisöýginiň ugrunda selpemelimi ýa asmany, ýa-da beden söýgüsiniň diýip sorama! Dürlülik dürlüligi doguryandyr. YŞK hiç hili tarypa-da, üstüniň ýetirilmegine-de mätäç däldir. Özboluşly dünýädir yşk.*

*Sen onuň ýa-ha hut jümmüşinde — merkezindesiň, ýa-da daşynda — hasratynda...*

***Türk dilinden terjime eden***

***Meretmämmet HANMÄMMEDOW.***

Elif Şafagyň-Yşk romany,
line-daky @kitaphana akkaundy tarapyndan taýýarlanyldy
LINE:
https://www.line.me/R/ti/p/%40kitaphana